TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

**TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY**

«TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASATY WE DIPLOMATIÝASY: PARAHATÇYLYGYŇ, HOWPSUZLYGYŇ WE DURNUKLY ÖSÜŞIŇ HATYRASYNA HYZMATDAŞLYK»

atly halkara ylmy-amaly maslahatyň makalalar ýygyndysy

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna bagyşlanýar

Aşgabat
«Ylym» neşirýaty
2025

UOK 001:327(575.4)
T 90

T 90 **«Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk»** atly halkara ylmy-amaly maslahatyň makalalar ýygyndysy. – A.: Ylym, 2025. – 540 sah.

TDKP №261, 2025 KBK 72 + 66.4(2Tü)

© Türkmenistanyň Bilim ministrligi, 2025
© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty, 2025
© «Ylym» neşirýaty, 2025

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

GIRIŞ

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna, parahatçylyksöýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, özara hormat goýmak, deňhukukly hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasaty üstünlikli durmuşa geçirýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň esaslandyran we öňe süren «Dialog – parahatçylygyň kepili» filosofiýasy häzirki zamanyň halkara gatnaşyklary ulgamyndaky dowam edýän çylşyrymly meseleleri çözmekde netijeli çemeleşmeleri işläp düzmek üçin giň mümkinçilikleri açýar. Bu filosofik binýat sebit we dünýä syýasatynyň esasy meseleleri bolan parahatçylygy hem-de howpsuzlygy berkitmek, durnukly ösüşi üpjün etmek bilen bagly umumadamzat maksatlaryna gönükdirilen bilelikdäki tagallalaryň netijeli bolmagy üçin wajypdyr.

«Dialog – parahatçylygyň kepili» filosofiýasynyň binýatlyk ýörelgeleri Gahryman Arkadagymyzyň ylmy eserlerinde esaslandyrylmak bilen bilelikde, strategik ähmiýetli resminamalar arkaly, şeýle-de daşary syýasy çärelerde, halkara forumlarynda, şeýle-de BMG-niň we beýleki abraýly guramalaryň belent münberinden edilen çykyşlarda sebit we dünýä jemgyýetçiliginiň dykgatyna ýetirildi.

Bitarap Türkmenistan sebit we halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge jogapkärli çemeleşmek bilen, häzirki döwrüň wajyp meselelerini netijeli çözmek boýunça halkara bileleşigiň tagallalarynyň utgaşdyrylmagyna uly goşant goşýar. Şunda Birleşen Milletler Guramasy bilen köpugurly gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berilýär. Bu abraýly gurama bilen yzygiderli ösdürilýän strategik hyzmatdaşlygyň çäklerinde döwletimiziň öňe sürýän başlangyçlary dünýä bileleşiginiň giň goldawyna eýe bolýar. Türkmenistanyň başlangyjy esasynda, BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilen 2025-nji ýylyň martynda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy degişli Kararnama bilen üçünji gezek ykrar edildi. 29-njy martda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 4 ýyllygy mynasybetli Arkadag şäherinde geçirilen «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň hatyrasyna halkara işiniň ösüşi» atly halkara maslahatyň Jemleýji resminamasy

BMG-niň resmi dillerine terjime edilip, Baş Assambleýanyň 79-njy sessiýasynyň gün tertibiniň resminamasy hökmünde ýaýradyldy.

Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygyny dabaralandyrmagyň çäklerinde ýurdumyzda we daşary döwletlerde dürli çäreler geçirilip, olarda daşary syýasatymyzda uly ähmiýete eýe bolan Bitaraplyk ýörelgeleri giňişleýin öwrenilýär. 2025-nji ýylyň 13–14-nji maýynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň guramagynda geçirilen «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk» atly halkara ylmy-amaly maslahat şeýle tutumly çäreleriň biri boldy.

Utgaşykly görnüşde geçirilen forumyň işine Türkmenistanyň, ABŞ-nyň, Belgiýanyň, Germaniýanyň, Kataryň, Hytaýyň, Eýranyň, Türkiýäniň, Belarusuň, Ermenistanyň, Täjigistanyň, Özbegistanyň, Gyrgyzystanyň, Russiýanyň, Pakistanyň birnäçe ýokary okuw mekdepleriniň, ylmy-barlag merkezleriniň alymlary, professor-mugallymlary we ýaşlar gatnaşdylar.

Hormatly okyjy, siziň eliňizdäki bu kitap ýokarda agzalan halkara foruma gatnaşyjylaryň çap etmek üçin hödürlän makalalarynyň ýygyndysy bolup durýar.

Bu makalalar ýygyndysynyň mazmun taýdan düzüminiň logikasy «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk» atly halkara ylmy-amaly maslahatda edilen çykyşlaryň özboluşly beýanyny açyp görkezýär. Halkara forumynyň gün tertibinde ara alnyp maslahatlaşylan meseleleriň çägi giň bolup, olar parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş, Bitaraplyk institutynyň parahatçylygy döredigi ähmiýetiniň artmagy we öňüni alyş diplomatiýasy ýaly derwaýys ugurlary öz içine alýar.

Makalalar ýygyndysy halkara gatmaşyklary, daşary syýasat we diplomatiýa bilen gyzyklanýan okyjylar üçin, ilkinji nobatda, halkaraçy bilermenler, degişli ugurlarda ylmy işleri alyp barýan alymlar, aspirantlar we magistrantlar üçin niýetlenendir.

Begenç KARAÝEW,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary
we diplomatiýa kafedrasynyň uly mugallymy, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty

I BAP
BITARAPLYK SYÝASATYNYŇ PARAHATÇYLYGY DÖREDIJI ÝÖRELGELERI: TÜRKMENISTANYŇ MILLI TEJRIBESI

Gülşat Ýusupowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory

TÜRKMENISTANYŇ BITARAPLYK SYÝASATY: PARAHATÇYLYGYŇ WE HALKARA HYZMATDAŞLYGYŇ FILOSOFIÝASY

Dünýäniň syýasy ýagdaýynyň çalt üýtgeýän döwründe Türkmenistan hemişelik bitaraplyk ýörelgesine esaslanýan daşary syýasat doktrinasyna pugta eýerýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Kararnamalary bilen tassyklanan we halkara jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilen bu hukuk ýagdaýy ýurduň halkara gapma-garşylyklary kadalaşdyrmakda, sebit durnuklylygyny berkitmekde we parahatçylyk, ynanyşmak ideýalaryny öňe sürmekde öz goşandyny goşýar.

Bu makalada Türkmenistanyň parahatçylyk döredijilik syýasatynyň esasy ugurlary, ýagny öňüni alyş diplomatiýasy, ynsanperwerlik başlangyçlary hem-de ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça alyp barýan işleri seljerilýär. Şeýle hem Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň ýurduň diplomatik strategiýalaryny durmuşa geçirmek üçin hünärmenleri taýýarlamak boýunça alyp barýan işlerine hem aýratyn üns berilýär.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesi resmi taýdan 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda yglan edildi. Şol gün BMG-niň Baş Assambleýasy 50/80 belgili «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamany kabul etdi we Türkmenistan Bitaraplyk derejesini BMG-niň ýörite resminamasy bilen ilkinji bolup ykrar eden döwlet boldy.

BMG-niň Baş Assambleýasy ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda 69/285 belgili Kararnamasy bilen gaýtadan tassyklap, onuň halkara durnuklylygyny we ynanyşmagy saklamakdaky ähmiýetini ýene-de bir gezek nygtady. 2025-nji ýylyň 21-nji martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji umumy mejlisinde «Parahatçylygy gurmak we parahatçylygy goramak» gün tertibiniň 61-nji bendi bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama üçünji gezek biragyzdan kabul edildi. Bu Kararnamalaryň kabul edilmegi Türkmenistanyň halkara parahatçylygy

we hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen daşary syýasat ugrunyň durnuklylygyny hem-de yzygiderliligini görkezýär.

Türkmenistanyň daşary syýasat doktrinasynyň esasy ugurlarynyň biri öňüni alyş diplomatiýasydyr. Bu ugurda Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2007-nji ýylda Aşgabatda döredilen BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi hereket edýär.

Türkmenistan parahatçylykly gepleşikler üçin öz çägini teklip edip, araçylyk missiýalaryna işjeň gatnaşýar. Mysal üçin, Türkmenistan 1995–1996-njy ýyllarda täjik taraplaryň arasynda geçirilen gepleşiklerde möhüm orun eýeläp, gepleşikleriň geçirilmegine amatly şert döretdi. Şeýle hem BMG tarapyndan 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi bilen baglylykda, Türkmenistan diplomatik çäreleriň birnäçesini, ýagny ylmy-amaly maslahatlary, diplomatik forumlary we bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmek babatda işleriň başyny tutdy.

Öňüni alyş diplomatiýasy bilen bir hatarda, Türkmenistanyň daşary syýasatynda ynsanperwerlik missiýasy hem möhüm orun eýeleýändir. Ýurduň sebitdäki tebigy betbagtçylyklarda we krizis ýagdaýlarynda kömek bermäge işjeň gatnaşmagy BMG-niň ynsanperwerlik syýasatynyň ýörelgelerine doly laýyk gelýär. Bu çäreler ejir çekenlere goldaw bermäge, döwletleriň arasynda ynanyşmagy pugtalandyrmaga hyzmat edýär.

Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatynyň ykdysady ugry hem halkara gatnaşyklarynda aýratyn ähmiýete eýedir. Energetika we ulag infrastrukturasynyň ösdürilmegi, energiýa serişdeleriniň durnukly akymy, ynamdar söwda geçelgeleriniň döredilmegi – bularyň hemmesi Merkezi Aziýada durnukly ösüşi we howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilendir.

Türkmenistan hemişelik Bitaraplygyň döwletiň passiw ýagdaýy däldigini, eýsem dünýäde parahatçylygy we halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga gönükdirilen işjeň strategiýadygyny subut etdi. Öňüni alyş diplomatiýasynyň, ynsanperwerlik başlangyçlarynyň we ykdysady hyzmatdaşlygyň durmuşa geçirilmegi bu çemeleşmäniň üstünlikli bolýandygyna şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň bitaraplyk syýasaty onuň halkara gatnaşyklaryndaky işjeň başlangyçlarynyň binýady bolup çykyş edýär. Şundan ugur alyp, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji mejlisinde biziň ýurdumyz «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamasyny öňe sürdi we ol resminama 86 döwletiň dörediji bolup çykyş etmeginde biragyzdan kabul edildi. Bu başlangyç Türkmenistanyň dialoga we ähli taraplaryň deňhukukly gatnaşyklara esaslanýan halkara gatnaşyklarynyň täze tapgyryny döretmek islegini görkezýär.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesine diňe bir diplomatik ýörelge hökmünde däl, eýsem durnukly ykdysady ösüşiň binýady hökmünde hem garalýar. 2025-nji ýylda kabul edilen BMG-niň «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy»

atly Kararnamasynda sebitleýin durnukly baglanyşyklylygy ösdürmekde ykdysady hyzmatdaşlygyň ähmiýeti aýratyn nygtalýar.

Bu Kararnamada berlen esasy ugurlara mysal edip şulary görkezmek bolar:

– energetika howpsuzlygyny üpjün etmek we energiýa serişdeleriniň durnukly akymyny ýola goýmak;

– ykdysady hyzmatdaşlyga ýardam berýän halkara ulag geçelgelerini ösdürmek;

– adatdan daşary ýagdaýlarda döwletlere kömek etmäge gönükdirilen ynsanperwerlik başlangyçlar we ş.m.

Mundan başga-da Türkmenistan halkara dawalaryň çözülmegi üçin täze platforma hökmünde BMG-niň çäklerinde Araçylyk palatasyny döretmek başlangyjyny öňe sürýär.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty öňdebaryjy ylmyň we bilimiň merkezi hökmünde ýurduň diplomatik ýörelgelerini halkara derejesinde amala aşyrmaga ukyply hünärmenleri taýýarlamakda möhüm orny eýeleýär. Halkara başlangyçlary durmuşa geçirmekde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň alyp barýan işi aýratyn bellärliklidir. Bu ýokary okuw mekdebi bitaraplyk syýasatynyň çäklerinde halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge ukyply diplomatlary taýýarlamak boýunça möhüm wezipäni ýerine ýetirýär.

Institut halkara ylmy-amaly maslahatlara işjeň gatnaşýar, BMG-niň, ÝHHG-niň we dünýäniň dürli ýurtlarynyň ýokary okuw mekdepleriniň hem-de başga degişli edaralarynyň wekilleri bilen duşuşyklary, okuw sapaklary guraýar, özara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen bilim taslamalarynyň başynda durýar. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda ýurdumyzyň diplomatik başlangyçlaryny we bitaraplyk syýasatyny öňe sürmekde möhüm gural hökmünde hyzmat edýän bilimli, giň gözýetimli we dünýägaraýyşly hünärmenleriň ýetişdirilmegi üçin halkara tejribeler hem işjeň ulanylýar.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesi dünýä ýurtlary bilen medeni we akademiki gatnaşyklary ösdürmäge giň mümkinçilik döredýär. Bu gatnaşyklar halklaryň arasynda özara düşünişmegi berkitmäge gönükdirilendir. Bu ugurda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty möhüm orun eýeleýär. Institut daşary ýurt ÝOM-lary we diplomatik merkezleri bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär, has takygy 32 döwlet bilen 42 sany gol çekilen özara düşünişmek hakyndaky Ähtnamalary mysal getirmek bolar.

Medeni gatnaşyklaryň üstünlikli mysallarynyň biri hökmünde türkmen–ýapon hyzmatdaşlygyny görkezmek bolar. Nippon gaznasynyň başlangyjy bilen türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebinde Ýaponiýa barada iňlis dilindäki tanyşdyryş kitaplarynyň dabaraly gowşurylyşy geçirildi. Bu çäre ýapon diliniň okadylyşyna ýardam bermäge gönükdirilendir. Bu çäre türkmen talyplarynyň ýapon medeniýetine

bolan gyzyklanmasynyň artýandygyny görkezdi hem-de iki ýurduň arasyndaky ynsanperwer gatnaşyklary pugtalandyrdy.

Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky gatnaşyklar akademiki alyş-çalyşlar, halkara okuw sapaklary hem-de talyplaryň ylmy taslamalara gatnaşmagy arkaly hem ösdürilýär. 2023-nji ýylyň aprelinde we 2024-nji ýylyň ýanwarynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň wekiliýeti Ýaponiýanyň Tokio we Tsukuba şäherlerinde iş saparynda boldular. Ol ýerde Ýaponiýanyň Halkara gatnaşyklary institutynyň, Halkara hyzmatdaşlyk agentliginiň we Soka uniwersitetiniň wekilleri bilen duşuşyklar geçirildi.

Türkmenistanyň we Ýaponiýanyň öňdebaryjy ýokary okuw mekdepleriniň arasynda özara düşünişmek hakyndaky Ähtnamalaryň baglaşylmagy uzakmöhletleýin akademiki hyzmatdaşlygyň esasyny düzýär.

Bu başlangyçlar medeni diplomatiýanyň parahatçylykly gatnaşyklaryň ösdürilmegine hyzmat edýändigini we onuň syýasy-ykdysady gatnaşyklaryň üstüni ýetirýändigini görkezýär.

Bilim halkara gatnaşyklaryň ösüşinde esasy orun eýeleýän ugurlaryň biridir. Ol dünýäniň dürli ýurtlarynyň arasynda özara düşünişmäge ukyply hünärmenleriň täze neslini ýetişdirmäge ýardam edýär. Soňky ýyllarda Türkmenistan daşary ýurt ýokary okuw mekdepleri bilen hyzmatdaşlygyny giňeldip, akademiki alyş-çalşygy güýçlendirýär we döwrebap okuw usullaryny ornaşdyrýar.

Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygynyň möhüm mysallary hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

– akademiki tejribe alyşmak maksady bilen, daşary ýurt ýokary okuw mekdepleriniň wekiliýetleriniň Türkmenistana saparlary;

– dialog esasly gatnaşyklaryň we parahatçylyk döredijilik başlangyçlarynyň pugtalandyrylmagyna bagyşlanan bilelikdäki konferensiýalar;

– talyplaryň we mugallymlaryň hünär derejesiniň ýokarlandyrylmagyna ýardam berýän akademiki alyş-çalyş maksatnamalary.

Bu çäreler Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatyny durmuşa geçirmeginde bilim diplomatiýasyny işjeň ulanýandygyny görkezýär.

Türkmenistanyň bitaraplyk we parahatçylyk döredijilik syýasatynyň esasy ugurlary boýunça geçirilen seljermesini jemläp, onuň halkara derejesindäki ornuny tassyklaýan birnäçe möhüm tarapy belläp bileris:

1. Ykrar edilen bitaraplyk: Türkmenistanyň bitaraplyk derejesi BMG tarapyndan üç gezek tassyklanyldy (1995-nji, 2015-nji we 2025-nji ýyl), bu bolsa ony halkara ulgamynda özboluşly bir döwlete öwürýär.

2. Öňüni alyş diplomatiýasy: BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň işi bilen bir hatarda konfliktleriň öňüni alyş gurallaryny ösdürmek.

3. Ynsanperwerlik missiýasy: tebigy betbagtçylyklar we ynsanperwer krizisler ýüze çykan halatynda berilýän kömek Türkmenistanyň öz işine jogapkärçilikli çemeleşýän döwletdigini tassyklaýar.

4. Ykdysady hyzmatdaşlyk: durnukly ulag geçelgelerini emele getirmek, energiýa durnuklylygyny goldamak, söwda gatnaşyklaryny ösdürmek.

5. Medeni diplomatiýa: dünýäniň öňdebaryjy ÝOM-lary, ylmy guramalar bilen akademiki we bilim gatnaşyklaryny güýçlendirmek.

Türkmenistan diňe bir bitaraplyk syýasy pelsepesini däl, eýsem halkara diplomatiýasynyň möhüm gatnaşyjysyna öwrülip, halkara hyzmatdaşlygyň anyk mehanizmlerini hem hödürleýär. Araçylyk palatasyny döretmek ýaly başlangyçlar halkara derejesindäki ynanyşmagy güýçlendirmek we konflikti çözmek üçin täze çemeleşmeleri ösdürmegi maksat edinýär.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň alyp barýan işleri, bu başlangyçlaryň durmuşa geçirilmeginde wajyp orny eýeleýär we ýurduň parahatçylygy goraýyş syýasatyny dowam etdirmek üçin hünärmenleri taýýarlaýar.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – abadançylygyň we rowaçlygyň ýurdy. – A.: TDNG, 2015.

2. *Karaýew B.* Halkara gatnaşyklarynda bitaraplyk syýasaty. – A.: TDNG, 2019.

3. *Rahmanow A.* Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy. – A.: TDNG, 2014.

ПОЛИТИКА НЕЙТРАЛИТЕТА ТУРКМЕНИСТАНА: ФИЛОСОФИЯ МИРА И МЕЖДУНАРОДНОГО СОТРУДНИЧЕСТВА

Статья посвящена миротворческим принципам политики постоянного нейтралитета Туркменистана и их реализации. Анализируются ключевые аспекты внешнеполитической доктрины страны: превентивная дипломатия, гуманитарная миссия, экономическое сотрудничество и культурная дипломатия. Подчёркивается роль Института международных отношений МИД Туркменистана в подготовке кадров и продвижении этих принципов.

Ключевые слова: нейтралитет, миротворчество, превентивная дипломатия, международное сотрудничество, ООН, Центральная Азия.

NEUTRAL POLICY OF TURKMENISTAN: PHILOSOPHY OF PEACE AND INTERNATIONAL COOPERATION

The article is devoted to the peacekeeping principles of Turkmenistan's Permanent Neutrality policy and their implementation. The key aspects of the country's foreign policy doctrine are analyzed: preventive diplomacy, humanitarian mission, economic cooperation and cultural diplomacy. The role of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan in training personnel and promoting these principles is emphasized.

Keywords: Neutrality, peacekeeping, preventive diplomacy, international cooperation, UN, Central Asia.

Mohamed AL-KHOR,
Director of the Diplomatic Institute of the Ministry of Foreign Affairs of the State of Qatar.

FOREIGN POLICY AND DIPLOMACY OF TURKMENISTAN: COOPERATION FOR PEACE, SECURITY AND SUSTAINABLE DEVELOPMENT

It is great honor to join you here in Ashgabat for this esteemed international conference. I wish to express my sincere appreciation to the Government of Turkmenistan and the organizers for their gracious hospitality and commitment to fostering meaningful dialogue on diplomacy and peace .

As we gather under the theme of «Foring Policy and Diplomacy in Turkmenistan: Cooperation for Peace, Security, and Sustainable Development», we are reminded that diplomacy remains our most powerful tool in shaping a future built upon stability and mutual respect.

In today's complex geopolitical landscape, diplomatic institutions must not only respond to crises, but also anticipate future challenges – environmental, economic, and societal. This is why institutions like our own – the Diplomatic Institute of the State of Qatar – are investing in the next generation of diplomats through education, scenario-based training, and strategic foresight. Diplomacy today is not just about negotiation tables – it is about building trust across borders, bridging cultures, and inspiring new forms of multilateral cooperation.

Qatar has long believed in the transmormative power of dialogue. From mediation efforts in Darfur and Lebanon to our support for cultural diplomacy and humanitarian outreach, our approach has always been to engage with integrity, and to facilitate peace rooted in respect and sustainability.

As we reflect on Turkmenistan's own experienc and its model of Neutrality, we find shared values that unite our efforts – non-interference, peaceful resolution of disputes, and the promotion of global harmony. I believe this forum is not just a space for academic exchange but a testament to the enduring relevance of diplomacy in achieving sustainable peace.

Let us leave here today with renewed commitment – to collaboration, to empathy, and to the diplomatic mission that binds us all.

ВНЕШНЯЯ ПОЛИТИКА И ДИПЛОМАТИЯ ТУРКМЕНИСТАНА: СОТРУДНИЧЕСТВО ВО ИМЯ МИРА, БЕЗОПАСНОСТИ И УСТОЙЧИВОГО РАЗВИТИЯ

Данный речь, озаглавленная «Внешняя политика и дипломатия в Туркменистане: Сотрудничество во имя мира, безопасности и устойчивого развития», подчеркивает роль дипломатии как важнейшего инструмента для глобальной стабильности и взаимного уважения.

Ключевые темы и моменты, выделенные в речи, включают:

– Необходимость для дипломатических институтов активно реагировать на будущие вызовы, включая экологические, экономические и социальные проблемы.

– Инвестиции таких учреждений как Дипломатический институт Государства Катар в образование и подготовку будущих дипломатов посредством обучения на основе сценариев и стратегического прогнозирования.

– Более широкое определение современной дипломатии, которое выходит за рамки переговоров и включает в себя построение доверия между странами, налаживание культурных связей и поощрение новых форм многостороннего сотрудничества.

– Последовательная вера Катара в преобразующую силу диалога, продемонстрированная его посредническими усилиями в конфликтах, таких как Дарфур и Ливан, а также его поддержка культурной дипломатии и гуманитарной деятельности.

– Общие ценности между Катаром и Туркменистаном, в частности модель нейтралитета Туркменистана, которая согласуется с принципами невмешательства, мирного разрешения споров и содействия глобальной гармонии.

– Роль форума как платформы для академического обмена и свидетельство непреходящей актуальности дипломатии в достижении устойчивого мира.

– Призыв к возобновлению приверженности сотрудничеству, сочувствию и объединяющий все дипломатические миссии.

Ключевые слова: дипломатия, внешная политика, международное сотрудничество, мирное развитие, добрососедство и дружба.

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASATY WE DIPLOMATIÝASY: PARAHATÇYLYK, HOWPSUZLYK WE DURNUKLY ÖSÜŞ UGRUNDA HYZMATDAŞLYK

«Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy: parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş üçin hyzmatdaşlyk» atly hödürlenilýän işde diplomatiýa global durnuklylyk we birek-birege hormat goýmak üçin möhüm gural hökmünde nygtalyp geçilýär. Awtor esasy şu aşakdakylar boýunça belläp geçýär:

– diplomatik guramalaryň daşky gurşaw, ykdysady we durmuş meselelerini goşmak bilen geljekdäki kynçylyklara işjeň jogap bermeginiň zerurlygy;

– Katar Döwlet Diplomatik Instituty ýaly edaralar tarapyndan geljekki diplomatlary ssenariýa esasly okuw we strategik öňdengörüjilik arkaly bilim bermek we taýýarlamak üçin maýa goýumlary;

– ýurtlaryň arasynda ynam döretmek, medeni gatnaşyklary ösdürmek we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerini höweslendirmek ýaly gepleşiklerden daşary häzirki zaman diplomatiýasynyň has giňişleýin kesgitlemesine düşünmek;

– Kataryň Darfur we Liwan ýaly dartgynly ýagdaýlarda araçylyk tagallalary, medeni diplomatiýa we ynsanperwerlik işine goldaw berýän gepleşikleriň özgeriş güýjüne yzygiderli ynamy;

– Katar bilen Türkmenistanyň arasyndaky umumy gymmatlyklar, hususanda, goşulmazlyk, jedelleri parahatçylykly çözmek we global sazlaşygy ösdürmek ýörelgelerine laýyk gelýän bitaraplyk nusgasy;

– forumyň akademiki alyş-çalyş platformasy we durnukly parahatçylygy gazanmakda diplomatiýanyň dowamly ähmiýetiniň subutnamasy;

– hyzmatdaşlyga, rehimdarlyga we öz içine alyjy diplomatiýa täzeden ygrarlylyga çagyryş.

Açar sözler: hyzmatdaşlyk, halkara gatnaşyklary, daşary syýasat, diplomatiýa, gepleşik, parahatçylyk.

Amangeldi Rahmanow,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň müdiri, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty, taryh ylymlarynyň doktory, professor; Türkmenistanyň Adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi; Türkmenistanyň ussat diplomaty

TÜRKMENISTANYŇ BITARAPLYK SYÝASATY – PARAHATÇYLYGY, HOWPSUZLYGY WE ÖZARA YNAMY PUGTALANDYRMAGYŇ SYÝASATYDYR

Taryhyň şaýatlyk edişi ýaly, dürli döwürlerde türkmenleriň ata-babalary daşky dünýä bilen özleriniň gatnaşyklarynda beýleki ýurtlaryň halklary bilen parahatçylykda we ylalaşykda ýaşaşmak, olar bilen hoşniýetli goňşuçylyk, deňhukukly, özara peýdaly gatnaşyklary ösdürmek ýaly düşünjelere hem-de ýörelgelere hemişe wepaly bolupdyrlar. Hut şonuň üçin hem özleriniň parahatçylyk söýüji syýasaty, özüne bitaraplygyň we öňüni alyş diplomatiýasynyň ýörelgelerini utgaşdyran diplomatiýa arkaly biziň öňki ata-babalarymyz geçmişde kuwwatly döwlet birleşmelerini, şol sanda beýik Seljuk we Parfiýa ýaly imperiýalary döredip, ýüzýyllyklaryň dowamynda olaryň gülläp ösmegini üpjün edip bilipdirler. Şol döwlet birleşmeleri Gündogaryň syýasy, ykdysady we medeni durmuşynyň häsiýetini kesgitläpdirler. SSSR-iň düzüminde Türkmenistan halkara gatnaşyklaryna gatnaşmaga mümkinçilik aldy, daşary çäkde öz kuwwatyny durmuşa geçirmek bilen, şol bir wagtyň özünde hem ol syýasatynyň funksional we sebitleýin ugurlarynyň baýlaşmagyna, dünýäde parahatçylygy SSSR-iň daşary howpsuzlygy saklamak we pugtalandyrmak boýunça ýurdumyzyň ägirt uly tagallalaryna özüniň saldamly goşandyny goşdy. Başga sözler bilen aýdylanda, onda Türkmenistan döwletler bilen hoşniýetli, dostlukly gatnaşyklary we özara peýdaly giň hyzmatdaşlygy ösdürmegiň tarapdary bolup çykyş etdi. Şunlukda, onuň öňki Sowet döwletiniň halkara işine goşan hem hemişe köptaraply we oňaýly boldy. Bitaraplyk türkmen halkynyň gadymdan gelýän parahatçylyk söýüji däp-dessurlarynyň iň ýokary ýüze çykmasydyr, şeýle hem ol ähli taraplar bilen bähbitleriň umumy nokatlaryny tapyp bilmek başarnygydyr. Hut şonuň üçin hem 1991-nji ýylyň güýzünde Türkmenistanyň öz mukaddes garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen, türkmen halky bitaraplyk ýörelgesini özüniň içeri we daşary syýasatynyň esasynda goýdy. Netijede, parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmek, özara ynamy pugtalandyrmak biziň döwletimiziň daşary syýasy işiniň esasy ugurlary hökmünde hil taýdan düýbünden täze esasa eýe boldy, sebäbi bitaraplygyň özi şol esasy düşünjeleri aňlatdy. «Bitaraplyk biziň parahatçylygy we hyzmatdaşlygy ündeýän, halklary dost-doganlyga, agzybirlige çagyrýan ynsanperwerligi wagyz edýän işlerimizi dünýä ýaýýan taglymatdyr»

diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow 2024-nji ýylyň 12-nji martynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde eden çykyşynda aýtdy. Bu taglymat eziz Watanymyzyň beýik geljeginiň şanyna döredýän hem gurýan merdana halkymyza täze üstünlikleri gazanmaga güýç-kuwwat berýär [2].

Türkmenistanyň bitaraplyk syýasaty turuwbaşdan ýurdumyzyň daşary syýasy we diplomatik işine güýçli itergi berdi. Häzirki wagta çenli Türkmenistan dünýäniň 150-ä golaý döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy we ösdürýär, 50-ä golaý halkara hökümetara guramanyň agzasy boldy, şeýle hem ol 150-den gowrak halkara konwensiýalaryna we köptaraplaýyn resminamalaryna gatnaşýar

Türkmenistanyň daşary syýasaty belli döwre niýetlenip taýýarlanylýan Döwlet daşary syýasatynyň Konsepsiýasynyň esasynda amala aşyrylýar. Bu Konsepsiýa dünýäde bolup geçýän ýagdaýlary nazara alyp, ylmy taýdan ýörite işlenip düzülen, seljerilen, çaklanylan hem-de tassyklanan resminamadyr. Häzirki döwürde Türkmenistanyň diplomatik gullugy Döwlet daşary syýasatynyň 2022–2028-nji ýyllara niýetlenen daşary syýasatynyň Konsepsiýasyny durmuşa geçirýär. Bu Konsepsiýa laýyklykda Türkmenistan Aziýa we Ýuwaş umman sebitiniň döwletleri, Orta we Ýakyn Gündogaryň, Ýewropanyň we Amerikanyň ýurtlary, Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy we beýleki abraýly halkara hem-de sebitleýin guramalar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly üns berýär.

Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynda syýasy, söwda-ykdysady, medeniýnsanperwer, ýaragsyzlanmak meseleleri uly orun tutýar. Mysal üçin, biziň ýurdumyz deňhukukly hyzmatdaşlyk we özara peýda esasynda halkara ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmäge, Ýer ýüzüniň döwletleriniň we sebitleriniň arasynda özara hereketi ýola goýmaklygyň, parahatçylygy we durnuklylygy goldamagyň iň möhüm gurallaryndan biri hökmünde seredýär hem-de bu çäkde dünýäniň onlarça ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy ösdürýär. 2020-nji ýylyň 22-nji iýulynda Türkmenistan Bütindünýä söwda guramasynda synçy boldy. Bu ýagdaý ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň ösmegine, daşary söwda gatnaşyklarda biziň pozisiýalarymyzyň pugtalanmagyna, köptaraplaýyn hyzmatdaşlygymyzyň ösmegine, ýurdumyzyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlarynyň has giňişleýin çekilmegine ýardam edýär.

Beýleki ýurtlar bilen ykdysady hyzmatdaşlyk üçin Türkmenistanyň energetika sektory has möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Häzirki wagtda Türkmenistanda tebigy gazyň gorlary 50 trillion m^3 barabardyr we tebigy gazyň gorlary boýunça biziň ýurdumyz dünýäde 4-nji orny eýeleýär. Şonuň üçin hem Türkmenistan öz energiýa baýlyklaryny dünýä bazarlaryna çykarmak üçin onuň ýollaryny giňeldýär. Şu jähetden, ozaly bilen 2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda “XXI asyryň proýekti” adyny alan Türkmenistan – Hytaý gaz geçirijisi ulanylmaga berlendigini belläp geçeliň. Şol döwürden bäri bu gaz geçirijisi boýunça Türkmenistan Hytaýa her ýylda 30 milliard m^3 gazy eksport etdi .

«Mir-24» teleýaýlymynyň 2024-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda beren maglumatlaryna laýyklykda, 2029-njy ýyla çenli Türkmenistan tebigy gazyň çykarylyşyny 116 milliard m^3 çenli artdyrar we Eýrana eksport edýän tebigy gazynyň göwrümini 40 milliard m^3 çenli köpelder.

Şu ýerde 2015-nji ýylda dünýäniň döwletleriniň energiýa bolan talaplarynyň 19,5 göteriminiň energiýanyň üsti doldurylýan çeşmeleriniň (EÜDÇ) hasabyna kanagatlandyrylandygyny hem belläp geçeliň.

Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň söwda-ykdysady ugry barada gürrüň etmek bilen, bu meselä "Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2022–2052-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasynda" hem uly ähmiýet berlendigini, onda daşary ykdysady gatnaşyklary ösdürmekligiň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň 5 sany strategik ugrunyň biri bolup durýandygynyň nygtalandygyny hem belläp geçeliň. Daşary ykdysady gatnaşyklary okgunly giňeltmek we «diwersifikasiýalaşdyrmak» diýlip atlandyrylan şol strategik ugruň adyndan hem mälim bolşy ýaly, bu geljekki onýyllyklaryň içinde Türkmenistanyň dünýäniň ykdysady, senagat, maýa goýum, ylmy-tehniki we tehnologik giňişligine ysnyşykly aralaşmagyny göz öňünde tutýandygyndan; gaýtadan işleýän senagatyň eksporta niýetlenen önümleriň sanyny düýpli, has takygy, onlarça esse artdyrmagy meýilleşdirýändiginden; maýa goýumlary çekmegiň hasabyna az uglerodly energiýa hem-de wodorod ýangyjyna geçmekligi göz öňünde tutulýanlygyndan; üsti doldurylýan energiýa çeşmelerinden doly peýdalanmak üçin halkara hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny güýçlendirjekdiginden; şeýle hem ýurdumyzyň maliýe we söwda ulgamlarynda halkara hyzmatdaşlygyna doly derejede goşulmaga tarap strategik ugur alýandygyndan, munuň üçin onuň dünýäniň ýöriteleşdirilen iri düzümleri bolan Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Bütindünýä söwda guramasy, sebit maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdirjekdiginden anyk habar berdi.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk syýasatynyň parahatçylyk dörediji güýji bardyr. Türkmen diplomatiýasynyň parahatçylyk dörediji ýörelgeleri özleriniň gözbaşyny uzak asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýarlar we olar türkmen halkynyň baý mirasyna, milli däp-dessurlaryna esaslanýarlar. Häzirki ýönekeý bolmadyk halkara şertlerinde, parahatçylyk dörediji ýörelgeler aýratyn hem uly ähmiýete eýe bolýarlar. Türkmenistan özüniň çägini parahatçylyk, howpsuzlyk, hyzmatdaşlyk we ösüş meseleleri boýunça halkara gepleşikleri geçirmek üçin berýär, ýurdumyzyň merkezi Aşgabat bolsa sebitleýin we ählumumy meseleleri çözmekde, dartgynlylygyň çeşmelerini ýüze çykarmakda we aradan aýyrmakda, parahatçylyga we howpsuzlyga abanýan wehimlere we howplara garşy durýan, şeýle hem sebitiň durnukly ösüşine goldaw berýän parahatçylyk dörediji merkez bolup hyzmat edýär.

Şu ýerde Garaşsyz Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasyny özüniň ilkinji esasy hyzmatdaşy hökmünde saýlap alandygyny we dünýäde iň iri we abraýly halkara hökümetara Guramasy bilen gatnaşyklary ýola goýandygyny hem

aýratyn nygtap geçeliň. Munuň esasy sebäbi BMG-niň ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň esasy guraly bolup durýandygy, şeýle hem Türkmenistanyň we BMG-niň uzak möhletli maksatlarynyň turuwbaşdan biri-birine laýyk gelmegi boldy.

1992-nji ýylyň 2-nji martynda Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 46-njy mejlisinde bu Guramanyň agzalygyna kabul edildi. Seýle hem biziň ýurdumyz BMG-niň ýanynda özüniň Hemişelik wekilhanasyny açdy we şol wekilhana döwletimiziň daşary ýurtlarda açan ilkinji diplomatik wekilhanasy boldy.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk syýasatyny saýlap almagy we bu syýasaty üstünlikli durmuşa geçirip başlamagy bilen döwletimiziň bu ugurda eden nobatdaky ädimi ýurdumyzyň bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň tutuş halkara bileleşigi tarapyndan ykrar edilmegini gazanmak boldy. Bu maksada ýetmek üçin döwlet derejesinde uly syýasy we diplomatik işler amala aşyryldy. Geliň, käbir mysallara ýüzleneliň.

1992-nji ýylyň 10-njy iýulynda Türkmenistan Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlarynyň Helsinkide (Finlýandiýa) bolan maslahatyna gatnaşdy we onda ilkinji gezek syýasatda oňyn bitaraplygy hem-de ykdysadyýetde açyklygy öz syýasatynyň esasy ýörelgesi hökmünde yglan etdi. Sammitde ÝHHG-na agza döwletler Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatyny goldadylar.

1995-nji ýylyň 15-nji martynda Pakistanyň paýtagty Yslamabatda bolan Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza döwletleriň Baştutanlarynyň 3-nji duşuşygynda Türkmenistan döwletiniň hemişelik bitarap döwletiň borçnamalaryny kanuny taýdan öz üstüne alýandygy barada beýannama bilen çykyş etdi we bu karary goldamaklygy duşuşyga gatnaşyjylardan haýyş etdi. Duşuşygyň netijeleri boýunça kabul edilen Yslamabat Jarnamasynda agza döwletler Türkmenistanyň beýannamasyny makulladylar we Türkmenistanyň bitaraplyk halkara-hukuk ýagdaýyny goldadylar.

Türkmenistan dünýäde has adalatly tertibiň döredilmegi ugrunda çykyş edýär, halkara işlerinde güýç ulanmak usullaryny ret edýär. Goşulyşmazlyk hereketiniň asylly maksatlaryny hem-de adamkärçilikli ýörelgelerini doly goldaýar. 1995-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda Türkmenistan Kolumbiýanyň Kartahena şäherinde bolup geçen Goşulyşmazlyk hereketine gatnaşyjy ýurtlaryň döwlet we hökümet ýolbaşçylarynyň XI maslahatyna gatnaşdy hem-de bu syýasy birleşigiň 114-nji agzasy boldy. Maslahata gatnaşyjy döwletler Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatyny biragyzdan goldadylar.

Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatynyň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilmegini gazanmak ugrunda işjeň, netijeli diplomatik iş döwletimiziň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň derejesinde hem alnyp baryldy. Mysal üçin, Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky ilçihanasy özüniň döredileninden

soň, 1995-nji ýylyň dowamynda ýurdumyzyň bitarap syýasatynyň dünýä bileleşigi, şol sanda hytaý ýolbaşçylygy tarapyndan resmi taýdan ykrar edilmegi üçin özüniň esasy tagallalaryny şol syýasaty öň sürmeklige, durmuşa geçirmeklige gönükdirdi hem-de oňaýly netijeler gazandy.

Şunlukda, dünýä bileleşiginiň köp döwletleriniň Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyny goldamagy biziň döwletimize Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakyndaky meseläni BMG-niň derejesine çykarmaga mümkinçilik berdi.

1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Türkmenistanyň teklibi boýunça BMG-niň BA-sy özüniň 50-nji mejlisinde Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy atly rezolýusiýany kabul etdi. Bu taryhy resminamanyň kabul edilmegi dünýä bileleşiginiň Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatynyň Merkezi Aziýada parahatçylygy pugtalandyrmaga ýardam etjekdigine bolan berk ynamyny, onuň biziň ýurdumyzy bitarap döwlet hökmünde ykrar edendigini aňlatdy [4].

Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň tutuş halkara bileleşigi tarapyndan ykrar edilmegi ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň öňünde ýurdumyzyň bitaraplyk hukuk ýagdaýyny berkitmek, ony yzygiderli durmuşa geçirmegiň ugurlaryny işläp taýýarlamak ýaly wezipeleri goýdy. Şu jähetden, Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky ilçihanasy BMG-niň BA-nyň Türkmenistanyň täze syýasaty baradaky rezolýusiýasy babatda hytaý jemgyýetçiliginiň garaýyşlaryny öwrenmek bilen hem meşgul boldy.

Mysal üçin, 1995-nji ýylyň dekabrynda Türkmenistanyň Hytaý jemgyýetçiliginiň wekilleri bilen geçiren köpsanly duşuşyklarynyň we söhbetleriniň Türkmenistan barada kabul edilen rezolýusiýanyň Hytaýyň resmi, işewür we ynsanperwer toparlarynda giň seslenme döredendigini görkezdi. Hytaý jemgyýetçiligi BMG-niň BA-nyň bu rezolýusiýasyny özüniň doly goldaýandygyny, şeýle hem Türkmenistanyň bitarap hukuk ýagdaýynyň diňe bir Aziýada däl, eýsem, tutuş dünýäde syýasy ýagdaýyň has-da gowulaşmagyna ýardam etjekdigi barada özüniň ynamyny mälim etdi. Geliň, HHR-iň jemgyýetçiliginiň käbir wekilleriniň şol duşuşyklarda mälim eden oý-pikirleri bilen tanşalyň.

Hytaýyň ylmy jemgyýetçiliginiň adyndan gepläp, HHR-iň halkara gatnaşyklary institutynyň Alymlar geňeşiniň başlygy Sun Imiň şeýle diýdi: «BMG tarapyndan resmi taýdan ykrar edilen Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk ýagdaýy Aziýada parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnuklylygyň pugtalanmagyna ýardam eder. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgeleri bolan syýasatda oňaýly bitaraplyk we ykdysadyýetde açyklyk HHR-iň garaýyşlary bilen örän kybapdaş we olar halkara giňişliginde ähli döwletleriň öz hususy garaýyşlaryny we ösüş ugruny saýlap almak babatda deň hukuklarynyň bolmalydygy barada çykyş edýän resmi Pekin tarapyndan makullanýar» [5].

Kämilleşmek ýoluna düşen Aziýa yklymynyň ýurtlaryna, şol sanda Hytaýa hem durnukly we parahatçylykly ýaşaýyş gerek diýip, Hytaýyň «Çaýna Fiçers» býulleteniniň bas redaktory Çen Gentao aýtdy. Şunlukda, Aşgabadyň ilkinji parahatçylyk dörediji tagallalary onuň sebitleýin parahatçylyk dörediji merkeziň roluny öz üstine almak isleginiň doly esaslandyrylandygynyň subutnamasy bolup hyzmat edýär [6].

Türkmenistanda we Hytaýda geçmişde-de, häzir hem umumy zatlar köpdür. Gadymda biziň döwletlerimiziň gülläp ösmegine Ýüpek ýoly ýardam edipdir. XXI asyryň bosagasynda Ýuwaş we Atlantik ummanlarynyň basseýnleriniň arasyndaky köpri hökmünde Ýüpek ýoluny täzeden dikeltmek wezipesi ýüze çykdy. Şonuň üçin Çžan Peýiň pikiriçe, BMG tarapyndan resmi taýdan ykrar edilen Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk ýagdaýy Hytaýyň diňe Ýüpek ýoluny täzeden dikeltmek wezipesi ýüze çykdy. Şonuň üçin Çžan Peýiň pikiriçe, BMG tarapyndan resmi taýdan ykrar edilen Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk ýagdaýy Hytaýyň diňe bir syýasy däl-de, eýsem, ykdysady bähbitlerine hem laýyk gelýär we şonuň üçin ol onuň goldawyna mynasyp bolýar [7].

«Amyderýadan Tigre we Ýewfrata çenli uzalyp giden Parfiýa patyşalygy diňe bir Ýewropanyň we Aziýanyň taryhy çatrygy bolman, eýsem, ol Gündogaryň we Günbataryň antik siwilizasiýalarynyň iň gowy däplerini özüne siňdirendir» diýip, belli hytaý ýazyjysy Gao Man aýtdy. Parfiýanyň aýratyn sarpa goýulýan taryhy zatlary biziň halklarymyzyň geljekki gülläp ösüşiniň kepilnamasy boljak Ýüpek ýoluny dikeltmegiň ruhlandyryjy mysalydyr. Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk ýagdaýy bolsa bu ýolda möhüm ädimdir we sebitleýin durnuklylygyň serişdesi bolmak bilen, şeýle hem medeni özara hereketi işjeňleşdirmäge mümkinçilik berer [8].

Şeýle hem Türkmenistanyň turuwbaşdan parahatçylygy, howpsuzlygy durnukly ösüşi pugtalandyrmaga gönükdirilen möhüm daşary syýasy başlangyçlary yzygiderli öňe sürüp başlandygyny belläp geçeliň. Şol rezolýusiýalar, başlangyçlar dünýä bileleşiginde giň goldawa mynasyp boldular we adamzadyň öňünde duran sebitleýin hem-de ählumumy meseleleriň çözgüdine barha saldamly goşant goşdular.

Mysal üçin, dialogyň urşuň we gapma-garşylyklaryň öňüni almakda iň täsirli usul, serişde bolup durýandygy bellidir. Hut şonuň üçin hem ynançly dialogyň filosofiýasyny öňe sürmek bilen, Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji mejlisinde dünýä bileleşigine «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly rezolýusiýanyň taslamasyny teklip etdi we şol resminama dünýäniň 68 ýurdunyň awtordaşlygynda biragyzdan kabul edildi. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda bolsa Türkmenistanyň başlangyjy bilen “2025-nji ýyl – halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” atly rezolýusiýa biragyzdan kabul edildi. Bu rezolýusiýanyň kabul edilmegi Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygy üpjün etmek, döwletleriň arasynda ynanyşmagy berkitmek ugrunda edýän taýsyz tagallalarynyň bütin dünýäde ykrar edilýändiginiň aýdyň subutnamasy boldy.

2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmagyň ýyly» diýlip yglan edilmegi baradaky rezolýusiýanyň amaly taýdan durmuşa geçirilmeginiň howpsuzlyk çäginde BMG-niň gün tertibiniň iň möhüm ugurlaryndan biri bolandygyny belläp geçeliň. Bu Rezolýusiýany öňe süren döwlet hökmünde, Türkmenistanyň bu resminama boýunça 2025-nji ýylda degişli çäreleri geçirjekdigi düşnüklidir. Şol bir wagtyň özünde hem "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň" dünýä bileleşiginiň akgöwünli erkiniň, onuň parahatçylyga we ylalaşyga, agzalalyklary, gapma-garşylyklary ýeňip geçmeklige bolar ymtylmasynyň ýüze çykmasy hökmünde Türkmenistanyň bu uly syýasy çäräni geçirmekde BMG-niň ähli agza döwletleriniň, onuň Sekretariatynyň we ýolbaşçylygynyň goldawyna bil baglaýandygy hem düşnüklidir.

Türkmenistanyň daşary syýasy başlangyçlary barada gürrüň etmek bilen, onuň «Howpsuzlygyň bitewüligi we bölünmezligi» hakyndaky Konsepsiýasynyň binýatlyk häsiýete eýe bolup durýandygy, bu Konsepsiýanyň ýörelgeleriniň biziň ýurdumyzyň «Ykdysady diplomatiýa», «Energetika diplomatiýasy», «Ekologiýa diplomatiýasy», «Suw diplomatiýasy», «Ulag diplomatiýasy» ýaly daşary syýasy başlangyçlarynyň esasyny düzýändigi hem bellidir. Özüniň daşary syýasatynyň çäklerinde Türkmenistan öňüni alys diplomatiýa hem (ÖAD) uly üns berýär. Öňüni alys diplomatiýasyna biz taraplaryň arasynda agzalalyklaryň ýüze çykmagynyň, agzalalyklaryň gapma-garşylyklara öwrülmeginiň öňüni almaklyga, seýle hem eýýäm dörän gapma-garşylyklaryň ýaýramagyny çäklendirmäge gönükdirilen diplomatik hereket hökmünde düşünýäris.

BMG-niň ulgamynda öňüni alyş diplomatiýasynyň nazaryýetini ylmy taýdan işlemek we onuň amalyýetini baýlaşdyrmak boýunça işjeň iş ilkinji gezek 90-njy ýyllaryň başynda, Butros Galiniň BMG-niň Baş sekretary wezipesine bellenilmegi bilen başlandy. Şonuň üçin ÖAD-nyň meseleleri boýunça hem Türkmenistan özüniň BMG bilen hyzmatdaşlygyny bu Guramanyň işine gatnaşmagynyň ilkinji ýyllarynda ýola goýdy.

BMG-niň Baş sekretary ýaňy-ýakynda BMG-niň agzasy bolan ýaş garaşsyz döwletlerde sebitleýin parahatçylygyň we durnuklylygynyň pugtalanmagyna aýratyn üns berdi. Şol bir wagtyň özünde hem ony Merkezi Aziýanyň käbir etraplarynda döreýän oňaýsyz ýagdaýlar örän birahatlandyrdy. Şu jähetden, Butros Gali durnuklylygyň adalary hökmünde çykyş eden sebitiň aýry-aýry döwletleriniň, şol sanda Türkmenistanyň tejribesine uly gyzyklanma bilen seretdi.

BMG-niň Sekretariatynyň syýasy meseleler boýunça departamentiniň teklibi boýunça bu departamentiň we Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň arasynda işçi aragatnaşyklaryň ýola goýulmagy hem munuň subutnamasy boldy. Şol gatnaşyklaryň gidişinde Merkezi Aziýa sebitindäki ýagdaý barada pikir alyşmalar bolup geçdi.

Türkmenistanyň we BMG-niň arasynda ÖAD-nyň meseleleri boýunça hyzmatdaşlyk 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda BMG-niň kararynyň esasynda Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça, ştab-jaýy Aşgabatda bolan BMG-niň Sebit merkeziniň açylmagy bilen esli işjeňleşdi. Häzirki wagtda bu Sebit merkezi BMG-niň we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň (Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Türkmenistan, Özbegistan) arasynda ysnyşykly gatnaşyklary ýola goýmak we ösdürmek üçin möhüm ähmiýete eýe bolup durýan gepleşikleri geçirmegiň ýerine öwrüldi.

Türkmenistan BMG-niň Sebit merkezi bilen diňe bir täsirli hyzmatdaşlygy amala aşyrman, eýsem, Merkeze onuň işinde zerur bolan ýardamy hem berýär. Türkmenistany BMG-niň Sebit merkezi bilen ysnyşykly hyzmatdaşlygy oňa özüniň daşary syýasatyny we diplomatiýasyny öňüni alyş diplomatiýanyň usullary bilen yzygiderli baýlaşdyrmaga hem mümkinçilik berýär. Bu barada "Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda" şeýle diýilýär: «Geljekde Türkmenistan öňüni alyş diplomatiýasynyň we agzalalyklaryň öňüni almaklygyň, ählumumy parahatçylygy üpjün etmekligiň ulgamynda we ähli halkara işlerinde dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň biri bolar» [9].

Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatynyň ähmiýeti hem gyşarnyksyz ýokarlanýar. 2017-nji ýylyň fewralynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň BA-nyň 71-nji sessiýasynda 12-nji dekabry «Bitaraplygyň halkara güni» hökmünde jar etmek baradaky rezolýusiýanyň kabul edilmegi sebitde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi pugtalandyrmak işinde Türkmenistanyň bitarap daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň saldamly goşandynyň, bitaraplygyň türkmen nusgasynyň häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň ulgamynyň ösmegi üçin halkara tejribesiniň ähmiýetiniň barha ýokarlanmagynyň subutnamasy, onuň halkara bileleşigi tarapyndan nobatdaky ykrar edilmegi boldy [10].

«Bitaraplygyň halkara gününi» bellemek baradaky rezolýusiýa şeýle hem sebitleýin we halkara derejelerde özüne uly ünsi çekdi. BMG-den başlap, köp guramalar bu günüň möhümdigini belledilerler. Mysal üçin, ozal türki dilli döwletleriň hyzmatdaşlygynyň Geňeşi (Turkic Council) ady bilen mälim bolan Türk döwletleriniň Guramasy (TDG) özüniň ýaýradan beýannamasynda Türkmenistanyň bu başlangyjyna ýokary baha berdi we özüniň bu mesele boýunça Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy ösdürjekdigini aýratyn nygtady.

Meniň ýokarda agzan rezolýusiýa bilen baglylykda BMG-niň agza döwletler her ýyl 12-nji dekabry Bitaraplygyň halkara güni hökmünde belläp geçýärler. Elbetde, biziň Watanymyz we halkymyz üçin bu meşhur waka aýratyn uly syýasy ähmiýete eýe bolup durýar. Şonuň üçin hem Türkmenistanda, şol sanda ýurdumyzyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda halkara ähmiýetli çäreleriň uly toplumy geçirilýär.

Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatynyň täsirliliginiň mundan beýläk ýokarlanmagyny üpjün etmek üçin ýurdumyzyň diplomatik gullugyň işgärleriniň öz tagallalaryny ýurdumyzyň milli bähbitlerini goramakda we üpjün etmekde has köp jemlemekleri, dünýäniň dürli döwletleri bilen özara peýdaly hyzmatdaşlygy ösdürmekleri we pugtalandyrmaklary örän möhüm bolup durýar. Bu ileri tutulýan wezipeler geljekki ýas diplomatlary taýýarlaýan Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty üçin hem aýratyn ähmiýete eýe bolup durýar. Türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň mugallymlary bolan biz özümiziň esasy wezipämizi geljekki diplomatlarymyzy dünýäniň täze geosyýasy ýagdaýy we onda Türkmenistanyň orny barada gowy habarly bolarlary ýaly taýýarlamakda, şeýle hem biziň döwrümiziň esasy meseleleri barada olaryň bilimlerini ösdürmekde we ekspertleriň derejesinde olara seslenmek üçin olaryň zerur bolan möhüm endikleri edinmeklerinde görýäris. Geljekki hünärmenler diplomatik işiň özboluşly usullaryny we tehnikasyny ele almalydyrlar, islendik möhüm meseläniň ykdysady tarapyny görmäge ukyply bolmalydyrlar, häzirki zaman habar tehnologiýalaryndan başarnykly peýdalanyp, zerur bolan ähli meseleleri ýurdumyzyň milli bähbitleriniň nukdaýnazaryndan seljerip bilmelidirler.

Tejribäniň görkezişi ýaly, Türkmenistanyň oňaýly bitaraplygy peýdaly netijeler diňe bir biziň ýurdumyza däl, eýsem, sebitleýin we ählumumy derejelere hem getirýär. Bu haýyr-sahawatly ýagdaýyň esli derejede güýjemegine geljekki 30 ýylyň içinde Türkmenistanyň daşary syýasatynyň 5 sany strategik ugurlarynyň, ozaly bilen bolsa, Dünýä giňişliginde Türkmenistanyň bitaraplygynyň ösmegi we öňe gitmegi atly ugrunyň amaly taýdan durmuşa geçirilmegi ýardam eder. “Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda” bellenip geçişi ýaly, özüniň mazmuny boýunça bitaraplyk parahatçylygy, howpsuzlygy, özara peýdaly hyzmatdaşlygy we özara hormaty aňladýar. Şonuň üçin hem halkara giňişliginde Türkmenistanyň alyp barýan maksada okgunly syýasaty ösüşiň we netijeli hyzmatdaşlygyň mysaly hökmünde bitaraplygy işjeň ösdürmekde öz beýanyny tapýar [11].

Şu jähetden, BMG-niň BA-nyň 79-njy mejlisinde ählumumy howpsuzlygyň meselelerinde Türkmenistanyň BMG-niň çäklerinde bitaraplygyň nusgasyny öňe sürmekligi aýratyn nygtandygyny hem belläp geçeliň. Sebäbi BMG bar bolan we bolup biljek dawalary, gapma-garşylyklary çözmek hem-de olaryň öňüni almak üçin dünýä bileleşigine amaly gurallary bermäge ukyplydyr.

2025-nji ýylda Türkmenistan özüniň bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň halkara ykrar edilmegi hakynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň rezolýusiýasynyň kabul edilmeginiň 30 ýyllygyny hem halkara derejesinde giňden belläp geçer. Şol bir wagtyň özünde hem geçen ýyllarda bitaraplygyň türkmen nusgasy özüniň BMG-niň ýörelgelerine we maksatlaryna esaslanýan ýokary maksatlara, şeýle hem türkmen halkynyň milli bähbitlerine doly laýyk gelendigini aýdyň görkezdi.

Of course, the CIS played a significant role in the structural reorganization of the post-Soviet space and allowed the newly Independent states to clarify their relationships, while developing multilateral cooperation in the economic, political, and military spheres. However, despite this, a number of uncertainties continued to persist in the post-Soviet space. In particular, conflicts, closed borders in some cases, and difficult economic reforms became influential factors for the CIS participating states in developing their foreign policy. In this context, the policy of Permanent Neutrality chosen by Turkmenistan in 1995 ensured stable foreign policy behavior for the country in the international relations of the post-Soviet space. Being in a region where religious, nationalist, extremist, and separatist sentiments were significant, Turkmenistan managed to make Permanent Neutrality one of the cornerstones of its security. The policy of neutrality allowed Turkmenistan to avoid the profound negative consequences of a number of events that took place both in the Central Asian region and in the post-Soviet mega-region.

At the 2005 Kazan CIS summit, Turkmenistan announced that it would participate in the Commonwealth as an associated member.

Within the framework of its associated membership in the CIS, neutral Turkmenistan continues to active cooperation with the CIS in various fields, striving to make a constructive contribution to multilateral cooperation.

The policy of permanent neutrality has enabled Turkmenistan to build balanced relations with the CIS member states also at the bilateral level in the energy, transport, and humanitarian spheres.

BIBLIOGRAPHY

1. Алма-Атинская Декларация, https://cis.minsk.by/reestrv2/doc/4#text (дата обращения 19.04.2025).

2. *Ионова Е.* Приоритеты внешней политики Ашхабада. Россия и новые государства Евразии, 2023, № I (LVIII), сс. 68-80. https://doi.org/10.20542/2073-4786-2023-1-68-80.

3. *Кондратьев В. В.,* 2021. Азербайджано–туркменское соглашение по месторождению «Дружба» и его влияние на геоэкономику Каспийского региона. – Геоэкономика энергетики. № 2 (14). С. 96–110. DOI: 10.48137/2687-07.03.2021.

4. Протокол к Соглашению о создании Содружества Независимых Государств, подписанному 8 декабря 1991 года в г. Минске Республикой Беларусь, Российской Федерацией (РСФСР), Украиной, https://cis.minsk.by/reestrv2/doc/6#text (дата обращения 20.04.2025).

5. О Содружестве Независимых Государств, https://eccis.org/page/174/o-sodruzestve-nezavisimyh-gosudarstv (дата обращения 22.04.2025).

6. Решение об Основных принципах участия нейтрального Туркменистана в Содружестве Независимых Государств, https://www.cis.minsk.by/reestrv2/doc/1813#text (дата обращения 21.04.2025).

7. Решение Экономического суда Содружества Независимых Государств 31 марта 1994 г. № 01/94, https://cis.minsk.by/reestrv2/doc/313#text (дата обращения 21.04.2025).

8. Решение Экономического суда Содружества Независимых Государств 31 марта 1994 г. № 02/94, https://cis.minsk.by/reestrv2/doc/314#text (дата обращения 22.04.2025).

9. *Троицкий Е.Ф.* Внешняя политика Туркменистана в 1992-2006 гг.: от нейтралитета к самоизоляции // Вестник Томского государственного университета. История. 2014. № 4(30). С. 65–68.

10. Устав Содружества Независимых Государств, https://cis.minsk.by/reestrv2/doc/187#text (дата обращения 22.04.2025).

11. *Шарафиева О. Х.* Межтаджикские переговоры как пример урегулирования внутреннего конфликта // Вестник Томского государственного университета. 2013. № 367. С.84-91. URL: vital.lib.tsu

12. Ministry of Foreign Affairs of the Republic of Armenia, historical and diplomatic department, list 1, file 160, paper 10.

13. Presidency of Turkmenistan in the Commonwealth of Independent States, https://www.mfa.gov.tm/en/news/1651 (дата обращения 19.04.2025).

ОТНОШЕНИЯ ТУРКМЕНИСТАНА С ГОСУДАРСТВАМИ-УЧАСТНИКАМИ СНГ

Туркменистан стал одним из основателей Содружества Независимых Государств (СНГ) в 1991 году, признав свою роль в реорганизации постсоветского пространства и развитии многостороннего сотрудничества. Несмотря на первоначальную неопределенность и региональные конфликты, принятие Туркменистаном постоянного нейтралитета в 1995 году обеспечило стабильное внешнеполитическое поведение и стало краеугольным камнем его безопасности, что позволило избежать негативных последствий региональных событий. В 2005 году Туркменистан перешел на статус ассоциированного члена в рамках СНГ, статус, который он сохраняет, активно сотрудничая в различных областях. Такая политика нейтралитета позволила Туркменистану выстроить сбалансированные двусторонние отношения с государствами-членами СНГ, особенно в энергетическом, транспортном и гуманитарном секторах.

Ключевые слова: основатели, сотрудничество, статус, региональные события, государства-члены, секторы.

GDA AGZA ÝURTLAR BILEN TÜRKMENISTANYŇ GATNAŞYKLARY

Türkmenistan 1991-nji ýylda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyny (GDA) esaslandyryjylaryň birine öwrüldi we post-Sowet giňişligini üýtgedip gurmakdaky we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmekdäki ornuny ykrar etdi. Ilkinji näbelliliklere we sebitdäki dartgynly ýagdaýlara garamazdan, Türkmenistanyň 1995-nji ýylda hemişelik Bitaraplygy kabul etmegi daşary syýasatyň durnukly hereketini üpjün etdi we howpsuzlygyň esasyna öwrüldi, şeýlelik bilen, sebitleýin ösüşleriň ýaramaz netijelerinden gaça durdy. 2005-nji ýylda Türkmenistan GDA-nyň çäginde assosiasiýa agzasy statusyna geçdi we bu ugurda dürli ugurlarda işjeň hyzmatdaşlyk edýär. Bu bitaraplyk syýasaty Türkmenistana GDA agza ýurtlar bilen, esasanam, energiýa, ulag we gumanitar pudaklarda deňagramly ikitaraplaýyn gatnaşyklary gurmaga mümkinçilik berdi.

Açar sözler: esaslandyryjylar, hyzmatdaşlyk, status, sebitleýin ösüş, agza ýurtlar, pudaklar.

Михаил Топчиев,
Кандидат политических наук, ведущий научный сотрудник Центра изучения проблем комплексной безопасности Каспийского макрорегиона и противодействия терроризму и экстремизму, доцент кафедры философии, культурологии и социологии Астраханский государственный университет им. В. Н. Татищева

СОХРАНЕНИЕ СОЦИЕТАЛЬНОЙ (КОМПЛЕКСНОЙ) БЕЗОПАСНОСТИ КАСПИЙСКОГО МАКРОРЕГИОНА: ТУРКМЕНИСТАНСКИЙ ВЗГЛЯД

В последнее время исследователи все чаще говорят не просто об отдельных видах безопасности – экономической, геополитической, экологической, культурной, конфессиональной и т.д., а о комплексной безопасности, под которой понимается вся совокупность взаимосвязанных видов безопасности, имеющих непосредственное отношение к определенной территории, региону и т.д. [1, 2].

При более пристальном рассмотрении становится понятно, что в основе комплексной безопасности лежит так называемый социетальный подход, когда безопасность не только привязывается к конкретной территории или социально-политическому пространству, но и основывается на сохранении культурной идентичности прежде всего титульной нации. Она связана с «обеспечением существования больших групп, разделяющих общую идентичность», поэтому ее можно определить, как «безопасность идентичности» [3, с.120].

Концепция социетальной безопасности применяется на данном этапе не только к пространству Балтики, Африки, Северной Америки, но и к макрорегиону Большого Каспия. Большой Каспий представляет собой важный макрорегион, объединяющий «пять акторов первой линии». Он обладает большими углеводородными запасами и представляет собой логистический интерес для многих стран. Как социокультурное пространство, Каспийский макрорегион обладает своей спецификой: сложной историей взаимодействия между всеми Прикаспийскими государствами, что формирует определенные политические кливажи, многообразие этносов и культур, отсутствие единого языка общения, даже на части территории Прикаспия, сложной поликонфессиональной ситуацией, с периодически возникающими конфессиональными конфликтами. Большой Каспий представляет собой площадку для столкновения нескольких геополитических проектов - Великого Турана, «Русского мира», Китайского «Один пояс – один путь» и т.д., а также столкновения интересов Европы и США. *Данная специфика Каспийского макрорегиона содержит масштабные уязвимости и социокультурные угрозы его социетальной безопасности.*

Туркменистан занимает важное место в системе социетальной (комплексной) безопасности Каспийского макрорегиона. Это связано со многими факторами. Прежде всего экономическая безопасность является важным аспектом комплексной безопасности Туркменистана [4]. Он «занимает четвертое место в мире по доказанным запасам природного газа (9,5% общемировых объемов), десятое – по текущей добыче «голубого топлива» (4,5% общемировых объемов)» [4]. Туркменистан активно сотрудничает с Прикаспийскими державами, тем самым поддерживая общеэкономические интересы и способствуя обеспечению экономической безопасности как страны, так и региона в целом. Еще одним значимым фактором является экологическая безопасность, нарушения которой в одном сегменте региона отражаются на экологическом благополучии всего Каспия.

Важным фактором в обеспечении комплексной безопасности является особая модель безопасности – статус постоянного нейтралитета, которая стала одной из основополагающих социально-политических концепций, отличающей Туркменистан от всех других государств макрорегиона [5].

Но, пожалуй, наиболее значимым фактором обеспечения безопасности является социокультурная инфраструктура и межкультурные контакты Туркменистана прежде всего с Прикаспийскими государствами, в том числе и с Россией. Реализация социально-экономического компонента национальной идентичности России в отношениях с Туркменистаном и обеспечении социетальной безопасности проявляется в поиске баланса между продвижением суверенных экономических интересов одной стороны и учете законных интересов другой. Сотрудничество России и Туркменистана в области отстаивания национальных суверенитетов и интересов национальных экономик продолжалось на протяжении всей постсоветской истории. На современном этапе страны активно взаимодействуют в рамках формата «Каспийского сотрудничества» [6]. Руководство Туркменистана часто подчеркивает значимость отношений с Россией. Свой первый зарубежный визит президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов совершил именно в нашу страну: «По итогам официального визита Сердара Бердымухамедова был подписан солидный пакет из 15 документов … по вопросам взаимодействия в торгово-экономической, транспортной, строительной, научно-образовательной, спортивной и других областях» [7].

Однако для понимания уровня безопасности важен не только анализ действенности государственной системы обеспечения различных сфер безопасности, но и оценка населением всех ее сегментов. В 2023–2024 гг. при финансировании Российского научного фонда нами были проведены комплексные социологические исследования, в том числе включавшие и оценку уровня безопасности преимущественно молодежью четырех Прикаспийских

стран (Российская Федерация, Республика Казахстан, Туркменистан и Азербайджанская Республика).

Таблица 1

Безопасность 1		Оценка уровня безопасности в регионе проживания					Сред. Знач.
		2	3	4	5		
1.	Геополитическая (состояние защищенности от внешнеполитических угроз в Каспийском регионе)	35,6	11,0	13,9	9,7	29,8	2,87
2.	Государственная (уровень защищённости государства от внутренних угроз)	27,2	12,9	14,2	9,4	36,2	3,15
3.	Экономическая (финансовая безопасность населения)	24,6	13,6	17,8	13,3	30,7	3,12
4.	Культурная (защита культурного наследия)	24,9	9,7	12,9	13,3	39,2	3,32
5.	Информационная (защищенность цифровых данных населения)	21,7	10,7	16,2	16,5	35,0	3,32
6.	Конфессиональная (религиозная)	25,9	12,0	15,9	12,9	33,3	3,16
7.	Правовая (уровень правовой защиты населения)	25,2	6,5	15,9	16,5	35,9	3,31
8.	Социальная (уровень социальной защищенности и обеспечения)	20,7	13,3	17,8	14,9	33,3	3,27
9.	Экологическая (уровень экологической обстановки в регионе)	24,6	11,3	18,4	12,6	33,0	3,18
10.	Безопасность городского пространства (уровень развития доступной, безопасной безбарьерной среды городского пространства)	23,9	12,9	14,6	12,3	36,2	3,24

Уровень безопасности был оценен туркменскими студентами, обучающимися в России (Астрахань, Краснодар, Майкоп, N-300) следующим образом (см. таб. 1). Наиболее безопасной молодые респонденты считают гуманитарную сферу – обеспечение правовой, культурной и информационной безопасности. Уровень обеспечения этих видов безопасности выше 3,31 балла. В частности, в фокус-групповых интервью они отмечали повышенный уровень внимания к памятникам культурного наследия. Несколько ниже, но незначительно (от 3,27 до 3,18) ими оценивается состояние социальной и экологической безопасности. Респонденты отмечали также высокий уровень безопасности городского пространства, прежде всего в силу его гармоничности. Самое большое напряжение ощущают респонденты от политической сферы. Уровень геополитической безопасности самый низкий – 2,87.

Оцените каждый из представленных ниже направлений безопасности в Вашем регионе проживания *(где: 1 – минимальный уровень безопасности, 5 – максимальный уровень безопасности).*

Несмотря на некоторую тревожность относительно геополитической безопасности, туркменские респонденты показали позитивное отношению к соседям по Каспию. Они расценивают их в целом как достаточно миролюбивых и доброжелательных. Анализ результатов анкетирования туркменских студентов, обучающихся в России, показал, что почти две трети респондентов позитивно оценивают как общее прошлое, так и добрососедские и дружеские отношения между нашими странами. Негативно настроены только около 30% опрошенных (см. таб. 2). Анализ результатов фокус-групповых интервью показал, что практически все страны бывшего постсоветского пространства входят в сферу экономических и торговых интересов Туркменистана и в сферу безопасного существования.

Таким образом мы видим, что политика нейтралитета, которой придерживается Туркменистан, в области безопасности, несомненно, дает свои плоды. Особенно это заметно в социокультурной сфере, которая непосредственно связана с формированием национальной идентичности, трансформации которой непосредственно отражаются на культурной, конфессиональной, а опосредованно и геополитической ситуации.

ЛИТЕРАТУРА

1. *Модестов С.А.* Аксиологическая концепция системы комплексной безопасности Каспийского региона // Caspium Securitatis: журнал каспийской безопасности. – 2023. – Т. 3. – № 3. – С. 13-22.

2. *Романова Д.А., Черничкин Д.А.* (ред.). Проблемы комплексной безопасности Каспийского макрорегиона. Материалы Международной научно-практической конференции. – Астрахань: ИД «Астраханский университет», 2023. – 230 с.

3. *Buzan B., Waver O., de Wilde J.* (1998) Security: A New Framework for Analysis. – Boulder: Lynne Publisher Publishers. – 239 p.

4. *Шахмухаммедов Ш., Сапаров Б., Сапаргулыев Р., Мухамметныязова О.* Экономическая безопасность Туркменистана в условиях глобализации мировой экономики // Матрица научного познания. – 2024. – №3-1. – С. 205-206.

5. Ресурсы Каспийского региона: Туркменистан, Казахстан, Иран и Россия. –URL: https://russiancouncil.ru/analytics-and-comments/analytics/resursy-kaspiys kogo-regiona-turkmenistan-kazakhstan-iran-i-rossiya/?ysclid=llifmkh8ny128858 990

6. *Кепбанов Ё.А.* Нейтральный Туркменистан: подходы к региональной безопасности // Московский журнал международного права. – 2009. – №1. – С. 104-118. – DOI: 10.24833/0869-0049-2009-1-104-118.

7. Мацуй Е.А. Актуальные вопросы об экономическом и энергетическом сотрудничестве стран Прикаспия // Вестник современной науки. Серия: Общественные науки. – 2021. – №1. – С. 5-16.

8. Туркменистан сделал стратегический выбор в пользу укрепления и развития сотрудничества с Россией. – URL: https://caspian.institute/product/ehkspertnyj-doklad-sektor-turmenistanakisi/turkmenistan-strategicheskij-vybor-v-polzu-ukrep leniya-i-razvitiya-sotrudnichestva-s-rossiej-38046.shtml?ysclid=lvzq1h7yqf2202 65838

PRESERVING SOCIETAL (COMPLEX) SECURITY OF THE CASPIAN MACROREGION: A TURKMENIAN PERSPECTIVE

The article analyzes Turkmenistan's contribution to maintaining the complex (societal) security of the Caspian macro region, its economic, socio-political and environmental components. Based on the author's quantitative and qualitative sociological research in 2022–2024, the view of Turkmen youth on the state of security is shown.

Key words: complex security, cultural identity, Neutrality, intercultural communications, societal security.

HAZAR MAKROSEBITINDE JEMGYÝETÇILIK HOWPSUZLYGYNYŇ GORAGY: TÜRKMENISTANYŇ GOŞANDY

Makalada Hazar makrosebitiniň jemgyýetçilik howpsuzlygynyň saklanmagynda Türkmenistanyň goşandy, onuň ykdysady, jemgyýetçilik-syýasy we ekologik ugurlary seljerilýär. Awtoryň 2023–2024-nji ýyllarda geçiren sany we hil taýdan geçirilen sosiologik barlaglaryna esaslanyp, türkmen ýaşlarynyň howpsuzlygyň ýagdaýy we onuň geljegi baradaky garaýşy görkezilýär.

Açar sözler: toplumlaýyn howpsuzlyk, medeniýet aýratynlygy, bitaraplyk, medeniýetara aragatnaşyklar, jemgyýetçilik howpsuzlygy.

Begenç Mätliýew,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň ylmy işler boýunça prorektory, taryh ylymlarynyň kandidaty.

BITARAP TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI AZIÝADA SEBIT HOWPSUZLYGYNY BERKITMEKDÄKI BAŞLANGYÇLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda üstünlikli alnyp barylýan daşary syýasatyň hem-de giň halkara hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan wezipeleriniň çäklerinde hoşniýetli goňşuçylyk hyzmatdaşlygyny alyp barmak we parahatçylykly geosyýasy strategiýany amala aşyrmak meseleleri möhüm orun eýeleýär. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy hem-de 2025-nji ýylyň BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli Türkmenistanda we halkara giňişliginde geçirilýän çäreler bolsa dünýäni buýsandyrýar.

Türkmenistanyň sebitde we dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy, hyzmatdaşlygy berkitmek boýunça utgaşykly syýasy-diplomatik tagallalarynyň mazmuny we ugry döwletiň strategik maksatlarynyň dünýäniň ösüşiniň wezipeleri, obýektiw talaplary bilen gabat gelmegi bilen şertlendirilendir. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň diplomatiýasynyň sebitde parahatçylygyň we durnukly ösüşiň üpjün edilmegi Owganystandaky ýagdaýlaryň kadalaşdyrylmagyna ýardam etmek, Gündogar–Günbatar we Demirgazyk–Günorta ugurlary boýunça ulag-üstaşyr infrastrukturasynyň we iri transkontinental geçelgeleriň döredilmegi, suw-energetika meselelerinin sazlaşykly çözülmegi, ekologiýa howpsuzlygynyň üpjün edilmegi ýaly möhüm ugurlarda öz mümkinçiliklerini durmuşa geçirýändigi ýöne ýerden däldir.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahatdaky çykyşynda: «Biziň Aziýadaky umumy maksatlarymyz diňe bir anyk taslamalary amala aşyrmak bilen çäklenmeýär. Ol maksatlar has giň gerimlidir. Dünýäniň bu böleginde durnukly parahatçylyk we howpsuzlyk binýadyny döretmek, giň hyzmatdaşlyk üçin ynanyşmak hem-de amatly ýagdaýy emele getirmek zerurdyr. Munuň üçin bar bolan mümkinçilikleri peýdalanmaly, dünýä derejeli energetika, ulag we kommunikasiýa hyzmatdaşlygynyň geljegi uly merkezleriniň birini döretmeli» diýip belledi [1]. Munuň özi Türkmen halkynyň Milli Lideriniň esaslandyran howpsuzlygyň bitewüligi we bölünmezligi konsepsiýasynyň mazmun taýdan täze häsiýete eýe bolýandygyny aňlatmak bilen, bu ugurdaky bilelikdäki tagallalaryň iş ýüzünde amala aşyrylyşynda geosyýasy we geoykdysady meseleleriň hem özara berk arabaglanyşygyna şaýatlyk edýär.

Türkmenistan tarapyndan parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň üpjün edilmegine gönükdirilen iri halkara başlangyçlarynyň yzygiderli öňe sürülmegi we üstünlikli durmuşa geçirilmegi dünýä ýurtlarynyň ählisi hem-de halkara guramalary bilen deňhukukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösdürilmegi hem-de mazmun taýdan baýlaşdyrylmagy bilen pugtalandyrylýandyr. Şunlukda, Türkmenistan mizemez parahatçylyga we ýurtlaryň hem-de halklaryň durmuş-ykdysady taýdan gülläp ösmeginiň ýolunda sebitleýin we giň gerimli halkara jemgyýetçiliginiň tagallalaryny utgaşdyrmaga gönükdirilen iri göwrümli taslamalary öňe sürýär. Milli ösüşiň ägirt uly gazananlary we daşary syýasat strategiýasynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi durnukly ösüşiň üpjün edilmegi boýunça maksatnamalaýyn wezipeleri durmuşa geçirmegiň çarçuwasyna sazlaşykly utgaşýandyr. Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasy halkara hukugynyň we diplomatiýasynyň esaslyk ýörelgelerini, şeýle hem parahatçylyk döredijilik gatnaşyklarynyň we halkara hyzmatdaşlygynyň berkidilmegine gönükdirilen giň gerimli başlangyçlaryň öňe sürülmeginiň we durmuşa ornaşdyrylmagynyň esasynda öňüni alyş çäreleriniň durmuşa geçirilmeginiň konstruktiw tejribelerini özünde sazlaşykly jemleýändir.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Türkmenistanyň daşary syýasatynyň strategik ugrunyň sebit parahatçylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek bilen baglydygyny, munuň özüniň hem durnukly ösüş maksatlaryna laýyk gelýändigini hemmetaraplaýyn esaslandyrdy. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň 2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçirilen «Bitaraplyk syýasaty: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň ugrunda halkara hyzmatdaşlygy» atly halkara maslahatynda eden çykyşynda: «Türkmenistanyň strategik maksatlary ählumumy ösüşiň wezipelerine we möhüm talaplaryna doly laýyk gelýär. Bu bolsa Merkezi Aziýada parahatçylygy, howpsuzlygy we hyzmatdaşlygy berkitmek boýunça bilelikdäki halkara tagallalaryň häsiýetini we ugruny kesgitleýär. Siziň bilşiňiz ýaly, geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň ortalarynda Bitarap Türkmenistanyň paýtagtynda Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda Täjigistanyň we Owganystanyň içerki dawalaryny syýasy ýollar bilen çözmek boýunça gepleşikler geçirildi» diýip nygtap geçdi [2; sah.72].

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Ýewropa bilen Aziýanyň wajyp çatrygynda ýerleşýän ýurtdugyny nygtamak bilen, bu geografik şertlerden oňaýly peýdalanmagyň möhümdigine ünsi çekýär. Türkmenistanyň Prezidenti 2025-nji ýylyň 4-nji aprelinde «Merkezi Aziýa–Ýewropa Bileleşigi» birinji sammitindäki eden çykyşynda şeýle nygtady: «Türkmenistan bilelikdäki işiň örän möhüm wezipeleriniň arasynda sebit parahatçylygyny, howpsuzlygyny hem-de durnuklylygyny gazanmaga we saklamaga aýratyn ähmiýet berýär. Biz häzirki şertlerde Merkezi Aziýa ýurtlary bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky syýasy-diplomatik hyzmatdaşlyk sebitdäki we goňşy ýurtlardaky umumy ýagdaýlara

netijeli täsir etmäge ukyply diýip pikir edýäris. Bu ugurda dünýä bileleşiginiň, ozaly bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň tagallalaryna ýardam bermeli diýip hasaplaýarys» [3].

Şu nukdaýnazardan hem, Türkmenistanyň bitaraplyk halkara-hukuk derejesiniň we oňa esaslanan parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatynyň sebitde we has giň möçberlerde durmuşa geçirilişiniň baş ugurlary kesgitlenilip, anyk wezipeler öňde goýulýar. Türkmenistanyň sebitde howpsuzlygyny berkitmek, durnukly ösüşi üpjün etmek babatyndaky esasy wezipeleri «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda» anyk kesgitlenildi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» atly eserinde çuňňur paýhasa ýugrulan garaýyşlaryndan mälim bolşy ýaly, halkymyzyň parahatçylyk, oňşuklylyk, ylalaşyk, ynsanperwerlik ýörelgeleri häzirki döwürde ýurduň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi we onuň pugtalanmagy bilen öz mazmunyny baýlaşdyrýar. Hususan-da, türkmen halkynyň Milli Lideri şeýle nygtaýar: «Garaşsyz Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy parahatçylykly döwri gazanmak, ony öňe alyp gitmek, döwrüň ösüşlerine itergi bermek ugrundaky tagallalaryň netijesinde kemala gelen milli-hukuk derejesi bolup öňe çykdy. Biz Garaşsyz Watanymyzyň halkara başlangyçlaryny üçünji müňýyllykda adamzady howpsuzlyk we parahatçylyk, ösüş ugrundaky maksatlary durmuşa geçirmegiň bähbidine birleşmäge çagyryş hökmünde häsiýetlendirýäris» [4, sah. 265].

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow 2023-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda eden çykyşynda Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp düzmegiň we amala aşyrmagyň özara arabaglanyşykly birnäçe wajyp ugruny teklip etdi:

– gapma-garşylyklaryň öňüni almagyň, olary ýok etmegiň guraly hökmünde öňüni alyş diplomatiýasyny;

– jedelleri we dawalary parahatçylykly, syýasy-diplomatik taýdan düzgünleşdirmek üçin bitaraplygyň mümkinçiliklerini peýdalanmagy;

– Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2021-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» hem-de 2023-nji ýyly «Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly» diýip yglan etmek hakynda Kararnamalary esasynda ynanyşmak dialogynyň medeniýetini girizmegi zerur hasap edýäris. Wagt häzirki pursatda bu Kararnamalaryň zerurdygyny tassyklady [5].

Türkmenistanyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dowamyndaky işleriniň we ileri tutýan ugurlarynyň Konsepsiýasynda hem sebitde parahatçylygy saklamak we howpsuzlygy üpjün etmekde bitaraplyk institutynyň aýgytlaýjy ornuny mundan beýläk-de giňeltmek göz öňünde tutulýar. Konsepsiýada bellenilişi ýaly, Türkmenistan 2025-nji ýylda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny

geçirmek baradaky çözgüde ählumumy derejedäki waka, halkara gatnaşyklaryň hil taýdan täze tapgyryna geçmek üçin hakyky mümkinçilik hökmünde garaýar. Aslynda, Türkmenistan bu başlangyjy ähli döwletleri dünýä ulgamynyň esasy ýörelgesi hökmünde parahatçylyk we ynanyşmak baradaky baş pikiri durmuşa geçirmegiň syýasy, ideologik, amaly taraplaryny öz içine alýan bilelikdäki işe başlamaga çagyryşdyr. Bu wezipäniň ulgamlaýyn esasda çözülmelidigi, şunda hukuk we institusional gurallara esaslanylmalydygy äşgärdir. Şundan ugur alyp, Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow 2023-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň münberinden Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp düzmek baradaky başlangyjy öňe sürdi. Munuň özi bolsa XXI asyrda döwletara we halkara gatnaşyklaryň gurluşynyň garaýyşlar we ýörelgeler ulgamy hökmünde giň goldaw tapdy. Bu strategiýa howpsuzlygyň ähli ugurlarynyň, ýagny harby-syýasy, ykdysady, energiýa, daşky gurşaw, biologik, tehnogen, maglumat howpsuzlygynyň özara baglanyşygyna esaslanýan dünýä meselelerini çözmekde toplumlaýyn çemeleşmäni göz öňünde tutýar. Şeýle çemeleşmäniň esasynda hem Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň işläp düzen we öňe süren howpsuzlygyň bölünmezligi we bitewüligi, onuň dürli ugurlarynyň biri-birinden aýrylmazlygy ýörelgesi goýlandyr. Bu babatda harby we syýasy howpsuzlyk meseleleri ykdysady, ekologik, tehnogen, energetika, ulag, azyk, biologik, maglumat howpsuzlygy ýaly ugurlar bilen aýrylmaz utgaşyklykda seredilýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-niň howandarlygynda Merkezi Aziýada we onuň bilen ýanaşyk zolaklarda Howpsuzlyk boýunça maslahaty döretmek başlangyjy bilen çykyş etdi. Maslahatyň maksady Merkezi Aziýa ýurtlaryny we dünýä bileleşigini, halkara guramalary, maliýe we ykdysady institutlary ýakynlaşdyrmaga, bu sebiti durnukly, gapma-garşylyksyz ösdürmegi üpjün etmek işinde olaryň tagallalaryny utgaşdyrmaga gönükdirilen çemeleşmeleri we çözgütleri işläp taýýarlamakdan ybaratdyr.

Türkmenistanyň Prezidenti Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň altynjy konsultatiw duşuşygyndaky çykyşynda hem sebit howpsuzlygynyň derwaýys meseleleri boýunça wajyp teklipleri öňe sürdi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidenti: «Häzirki döwürde dünýädäki çylşyrymly ýagdaýlar bilen baglylykda, parahatçylygy, ylalaşygy, durnuklylygy gorap saklamak Merkezi Aziýa döwletleri üçin esasy ileri tutulýan ugur bolmagynda galmalydyr. Biz özboluşlylygymyzy, özbaşdaklygymyzy hem-de içerki we daşarky ösüş nusgalarymyzy saýlamak hukugymyzy gorap saklamak bilen, sebitimizi gülläp ösýän, häzirki zaman ählumumy gatnaşyklaryna çuňňur goşulyşan sebite öwürmegi maksat edinýäris. Diňe şeýle şertlerde döwletlerimiziň we halklarymyzyň özlerine mynasyp geljegi üpjün etjekdiklerine berk ynanýaryn» diýip nygtap geçdi [6].

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň, şol sanda ileri tutulýan geosyýasy ugurlarynyň hem üstünlikli durmuşa geçirilmegi üçin diplomatiýa ulgamynda işleýän hünärmenlere hem ýokary talaplar bildirilýär. Şu mynasybetli, halkara gatnaşyklary we diplomatiýa ugry boýunça geljekki hünärmenleri taýýarlamak, olaryň çuňňur bilim almaklaryny we hünär başarnygyny kämilleşdirýän tejribäni özleşdirmeklerini üpjün etmek möhüm mesele bolup durýar. Bu babatda daşary syýasatyň esasy ugry bolan geosyýasat baradaky ylmy-amaly, taryhy we häzirki zaman bilimleri talyplara bermek derwaýys häsiýete eýedir. Ýokary talaplary ýerine ýetirmekde Merkezi Aziýanyň geosyýasatyny ylmy taýdan öwrenmek üçin öňde goýulýan wezipeler örän wajyp we derwaýys bolup durýar. Bu wajyp işiň çäklerinde geosyýasat babatyndaky ylmy çeşmelere, daşary-syýasy resminamalara esaslanmak bilen, umumy ylmy we amaly düşünjeleri, seljeriş we çaklaýyş usullary, daşary-syýasy strategiýa barada giňişleýin düşünjeleri düýpli seljermek arkaly, iş ýüzünde ulanmak boýunça teklipleri hödürlemek hem möhümdir. Şu mynasybetli hem geosyýasatyň dürli taryhy döwürlerde we şertlerde ösüşini hem-de mazmun taýdan baýlaşmagyny öwrenip, häzirki zaman ýagdaýlary babatynda amaly-tejribe usullaryny işläp düzmeklik hem göz öňünde tutulýar.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahatdaky çykyşy. 19.03.2025.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* «Türkmenistanyň bitaraplygy: parahatçylygyň we ösüşiň syýasaty» atly resmi çykyşlaryň we ýüzlenmeleriň ýygyndysy. – A.: TDNG, 2019. – 352 s.

3. *Serdar Berdimuhamedow*. «Merkezi Aziýa – Ýewropa Bileleşigi» birinji sammitindäki çykyşy.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany. – A.: TDNG, 2020. – 447 s.

5. *Serdar Berdimuhamedow*. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasyndaky çykyşy. 19.09.2023.

6. *Serdar Berdimuhamedow.* Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň altynjy konsultatiw duşuşygyndaky çykyşy. 06.08.2024.

ИНИЦИАТИВЫ НЕЙТРАЛЬНОГО ТУРКМЕНИСТАНА ПО УКРЕПЛЕНИЮ РЕГИОНАЛЬНОЙ БЕЗОПАСНОСТИ В ЦЕНТРАЛЬНОЙ АЗИИ

Статья посвящена актуальным вопросам укрепления региональной безопасности в Центральной Азии и вкладу Туркменистана в налаживание эффективного взаимодествия всех заинтересованных сторон, в том числе и крупных международных организаций как ООН. Проанализированы основные тезисы инициатив, выдвинутых Национальным Лидером Туркменистана Героем-Аркадагом, а также Президентом Туркменистана по актуальным направления исследуемой проблематики. Рассмотрены концептуальная взаимосвязаность целостности и неделимости безопасности и ее различных направлений. Показаны общие основы геополитических и геоэкономических задач укрепления региональной безопасности в Центральной Азии.

Ключевые слова: Институт нейтралитета, Центральная Азия, региональная безопасность, целостность и неделимость безопасности, геополитические и геоэкономические аспекты безопасности.

INITIATIVES OF NEUTRAL TURKMENISTAN TO STRENGTHEN REGIONAL SECURITY IN CENTRAL ASIA

The article is devoted to the current issues of strengthening regional security in Central Asia and the contribution of Turkmenistan to the establishment of effective interaction of all interested parties, including major international organizations such as the UN. The main theses of the initiatives put forward by the National Leader of Turkmenistan Hero-Arkadag, as well as the President of Turkmenistan on the current directions of the studied problems are analyzed. The conceptual interconnectedness of the integrity and indivisibility of security and its various directions are considered. The general foundations of the geopolitical and geo-economic tasks of strengthening regional security in Central Asia are shown.

Keywords: Institute of Neutrality, Central Asia, regional security, integrity and indivisibility of security, geopolitical and geo-economic aspects of security.

Berdiniýaz Mätiýew,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň «Diplomatik protokol» atly ýöriteleşdirilen okuw merkeziniň direktory

DIPLOMATIK PROTOKOLYŇ DAŞARY-SYÝASY MAZMUNY WE DÖWLETIŇ MILLI BÄHBITLERINI ÜPJÜN ETMEKDE ONUŇ ÄHMIÝETLI ORNY

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň binýatlyk eserlerinde halkara gatnaşyklary ulgamynda we dünýä syýasatynda döwletiň doly hukukly subýekt bolmagynyň, onuň garaşsyzlygynyň we özygtyýarlylygynyň hemmetaraplaýyn ykrar edilmeginiň ägirt uly ähmiýeti barada ençeme gezek nygtap geçýär. Gahryman Arkadagymyz, hususan-da, «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» atly eserinde şeýle ýazýar: «Ikinji müňýyllygyň ahyrynda dünýäde Garaşsyz türkmen döwleti peýda boldy. Şeýlelikde, biziň ýurdumyzda parahatçylyk we dostluk taglymatlary barha rowaçlandy we ol taglymatlar giň dünýä ýaýyldy. Garaşsyz Türkmenistanyň Döwlet Baýdagy bu gadymy toprakda döwletiň berkararlygynyň, halkyň jebisliginiň, şunuň bilen birlikde, dostlugyň, parahatçylygyň, ösüşiň dabaralanmasy bolup, al-asmanda parlaýar» [1, sah.8].

Gahryman Arkadagymyz «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» kitabynda «Gadym döwürlerde hem öňüni alyş çärelerini ulanmak, şol sanda «ýumşaklyk bilen» harby kuwwatyňy görkezmek parahatçylygy gorap saklamakda gowy netije berýän, durnuklylygy üpjün etmäge ýardam berýän çäre bolup hyzmat edipdir» diýip nygtap geçýär [2, sah. 33]. Milli Liderimiziň üns berşi ýaly, Ýer ýüzünde daşary syýasatda ulanylan serişdeleriň arasynda harby kuwwaty görkezmek diýen ýaly usullar hem bar. Olar hem gadym zamanlarda döräpdir. Türkmen halkynyň «Oguznama» eposynda franklaryň ilçileriniň gelýändigini eşidip, Oguz hanyň ilçileriň öňünden goşun iberendigi hakynda habar berilýär. Atly-ýaragly türkmen ýigitleri ilçilere dabaraly ýagdaýda goşulyp, barjak ýerlerine çenli olaryň ýanynda bolupdyrlar. Franklaryň ilçileri Oguz hanyň goşunynyň beýikligi we ägirt uly güýjüniň bardygy barada ýurtlaryna gaýdyp baran badyna öz hökümdaryna aýdýarlar. Bu dessanda beýan edilişine görä, franklaryň hökümdary «tabynlyk guşagyny guşanmaly» bolýar. Oguz han şeýle oýnuny wizantiýalylaryň wekilleriniň öňünde hem gaýtalaýar. Bu bolsa olaryň ýüregine gorky salýar hem-de olarda uruşmak meýli bolmaýar.

Türkmen halkyna gadymyýetden mahsus bolan myhmansöýerlik häsiýeti Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet guşy» romanynda gürrüň berilýän wakalarda hem öz beýanyny tapýar. Romanda myhmançylyga, myhman kabul etmäge we myhman bolmaga halkymyzyň uly ähmiýet berýändigi barada: «Türkmenler

myhmana uly hormat goýupdyr. Hatda duşmany öýüne myhman bolup gaçyp gelse, onuň hununy geçipdir. Ýa-da myhman bir etmişli bolup gaçyp gelse, öý eýesi ony yzyndan öç almaga gelenleriň eline bermändir. Ata-babalarymyz myhman garşylamagy häsiýetine siňdiripdir. Her gün nahar bişirende «myhman paýyny» goşup bişiripdir» diýlip, edim-gylymlaryň birnäçesiniň mysalynda beýan edilýär.

Ajaýyp mysallary halk döredijiliginiň, şeýle hem nusgawy edebiýatyň eserlerinden hem isledigiňçe tapmak mümkin. Meselem, «Gorkut ata» eposynda suratlandyrylýan wakalaryň içinden türkmen halkynyň gadymdan gelýän meseleleri maslahat, geňeş edip çözmek, myhmansöýerlik ýaly däp-dessurlary eriş-argaç bolup geçýär. Eposda hereket edýän oguz begleri Gorkut atanyň «Myhman gelmeýän öýüň ýykylany ýeg» diýen dana sözünden netije çykaryp, myhmanparazlygyň ajaýyp nusgasyny görkezipdirler. Nusgawy edebiýatymyzda bolsa akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy bu barada:

Gelen aş diýip gelmez, turşutmagyl ýüz,
Nana mätäç däldir, söze myhmandyr –

diýmek bilen, pähim-paýhasa eýlenen dürdäne setirlerini hemmämize unudylmajak öwüt-nesihat hökmünde miras goýupdyr. Merdana ata-babalarymyzdan, ene-mamalarymyzdan miras galyp, asyrdan-asyra aşyp, bize miras galan nusgalyk häsiýetler sanardan kän. Bu gün Ýer ýüzünde «Türkmen Bitaraplygy» diýlen belent ada eýe bolan hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýymyz hem hut şol nusgalyk häsiýetlerden kemal tapandyr.

Hytaýda biziň eýýamymyzdan öňki II–I asyrlarda hökümdarlyk eden U-di atly imperatoryň ilçileri türkmen topragyna tarap ýöräp gelýärkäler, Parfiýanyň hökümdarynyň buýrugyna laýyklykda, serhetde olary 20 müň atlydan ybarat goşun garşylapdyr. Haýbatly atly goşun, bir tarapdan, diplomatlary goramak maksady bilen, beýleki tarapdan bolsa, olara parfiýalylaryň goşunynyň güýç-kuwwatyny görkezmek maksady bilen, uzak ýoluň dowamynda hytaýly ilçileriň ýanyndan aýrylmandyr.

Orta asyr geografy Ýakut, Ibn-al-Fakihiň beren maglumatyna salgylanyp, Omeýadlar halyflygynyň ilçisiniň Suluk hany tabyn bolmaga boýun etjek bolşy hakynda habar berýär. Bu bolsa erkiňi eliňden almaga gönükdirilen synanyşykdy. Şol wagta çenli Demirgazyk Afrikany, Pireneý ýarymadasynyň köp ýerlerini we beýleki ýerleri basyp alan Arap ýarymadasyndan bolan esgerleriň söweşjeň ruhunyň belentdigini bilse-de, türkmen hany, öz goşunynyň güýjüni görkezip, olaryň howuny ýatyrmagy ýüregine düwdi. Baýdak göterijileriň onusyny ýanyna alyp, ol ilçini daş-töweregi gür tokaýlyk bolan baýra çagyrýar. Ilkinji esgere baýdagy doly açmagy buýurýar. Şol wagtyň özünde hem tokaýdan uçup gelen ýaly bolup, on müň atlydan ybarat goşun peýda bolýar.

Soňky bolup geçen hereketler, Ýakudyň ýazmagyna görä, çet döwletiň ilçisini has-da haýrana galdyrypdyr: «Baýdak göterijiler yzly-yzyna baýdaklaryny doly

açýardylar. Her gezek hem baýryň eteginde on müň atly nyzama durýardy. On müň baýdagyň ählisi açylanda baýryň eteginde birkemsiz ýaraglanan ýüz müň atly durdy». Harby güýjüň şeýle mylakatly usulda, daşary syýasatyň guraly hökmünde ulanylmagy örän netijeli öňüni alyş çäresi bolupdyr. Şu ýerde Mübärek şanyň (Deli soltanlygynyň türkmen hökümdary Şamsuddin Iltutmuşyň geňeşçisiniň) diňe harby güýjüne daýanýan adamlara duýduryş bolup ýaňlanyp duran sözlerini ýatladasym gelýär: «Siziň goşunyňyzyň adam sany garşydaşyň goşunynyň adam sanyndan näçe köp bolsa-da, urşy gözlemäň... Ýerlikli parahatçylyk ýerliksiz uruşdan ýagşyrakdyr. Sebäbi urşuň näme bilen tamamlanjagyny öňünden bilmersiň. Şeýle parahatçylyk ýeňişden ýagşyrakdyr». Şeýle mysala taryhçy Menandryň Istemi hanyň Wizantiýanyň imperatory Ýustinian II ilçisi Zemarhuny kabul edişi baradaky ýazgysynda hem duş gelip bolýar. Bu ýazgyda kabul edişligiň baýlyga beslenendiginden başga-da sungatlaryň we senetleriň ösüşi barada hem bellenilýär. Özi hem dürli halklaryň sungat eserlerine we ruhy mirasyna bolan şeýle gyzyklanma bildirip, hoşniýetli seredilmegine hemişe özara düşünişme giň köprülerini gurmak we dostlukly gatnaşyklary berkitmek üçin edilýän möhüm ädim hökmünde ýokary baha beripdirler» [2; sah. 32–35].

Gadymy Rim imperiýasynyň protokoly hem döwletiň kuwwatyny görkezmeklige uly üns beripdir. Kiçeňräk ýurtlardan ýa-da ülkelerden ilçi goýberiljek bolsa, ilki bilen, imperatoryň ol sebitlerdäki gözegçilik üçin goýlan dikmesinden rugsat almaly bolupdyr. Rime ýakynlanlarynda ol ilçiler şähere girmän, gyrak-bujakdaky duralgalaryň birinde saklanyp senatyň rugsadyna garaşypdyrlar. Eger ilçi duşmançylykly ýurtdan bolsa we parahatçylyk gepleşikleri üçin gelen bolsa, onda ol Bellona buthanasyna ybadat etmeli bolupdyr. Beýleki ilçiler grek howlusynda kabul edilipdir [3; sah. 47].

Munuň özi bolsa her bir milletiň döwletlilik nyşanlarynyň mukaddesligi, mizemezligi bilen bir hatarda, onuň halkara bileleşigindäki ornunyň kesgitlenilmegini we eldegrilmesizligini aňladýar.

Ýokarda getirilen mysallara salgylanylsa, onda häzirki zaman türkmen döwletiniň daşary syýasy ýörelgeleriniň, ilki bilen, ýokary myhmansöýerlik kadalarynyň hem-de däpleriniň örän gadymyýetden gözbaş alýan çeşmeleriniň bardygyny subut edýär.

Türkmenistan häzirki wagtda dünýäniň 155 döwleti bilen diplomatik aragatnaşyklary alyp barýar, halkara guramalaryň 55-sine agza bolup durýar. Şeýle hem Türkmenistanyň 40-dan gowrak döwletde ilçihanalary we konsullyk edaralary bar we biziň ýurdumyzda hem 50-ä golaý daşary ýurt diplomatik wekilhanalary we halkara guramalarynyň agentlikleri bar [4]. Olar bilen gatnaşyklary alyp barmak hem, ilkinji nobatda, diplomatik protokolyň we etiketiň kadalaryna görä amala aşyrylýar.

Her ýylda Türkmenistana onlarça daşary ýurt wekiliýetleri resmi we iş saparlary bilen gelýärler, gepleşikleri geçirýärler we degişli ylalaşyklary baglaşýarlar.

Türkmenistanyň hem köpsanly wekiliýetleri daşary ýurtlara resmi we iş saparlary bilen gidýärler.

Ýokarda agzalan gatnaşyklaryň ählisiniň, ilkinji nobatda, daşary syýasy ähmiýeti bar diýip aýdyp bolar. Sebäbi daşary ýurtlar bilen dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň giňelmegi biziň döwletimiziň halkara abraýynyň barha berkeýänligine şaýatlyk etmek bilen bilelikde, milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde, medeni-ynsanperwer çäklerdäki gazananlarymyzy dünýä görkezmekde we beýleki ugurlarda hem täze tapgyrlara ýetmekde uly ähmiýete eýedir. Diplomatik protokol döwletiň daşary syýasatyny amala aşyrmakda esasy syýasy-guramaçylyk guraly bolup durýar we onuň kadalarynyň ýerine ýetirilmegi arkaly beýleki pudaklaryň halkara gatnaşyklaryny hem talabalaýyk alyp barmak üpjün edilýär. Şol bir wagtda-da protokolyň diplomatik gullukdaky orny, umuman, döwletiň daşary syýasatyndaky baş wezipesi barada aýdylanda dürli pikir-garaýyşlar ýöredilýär.

Ilkinji nobatda, ençeme alymlar, hatda tejribeli diplomatlar tarapyndan hem, protokol kadalarynyň daşary syýasy ähmiýeti ýa-da mazmuny gaýra süýşürilýär. Protokol kadalaryna gepleşikleri, kabul edilişikleri we beýleki diplomatiki çäreleri üpjün ediji dessurlaryň toplumy hökmünde baha berilýär. Hakykat ýüzünde protokol – munuň özi diňe kadalardyr däplerden ybarat bolman, eýsem adam gatnaşyklaryny we hoşniýetli häsiýetleri hem öz içine alýan ulgamdyr. Mysal üçin, protokol kadalary, ilkinji nobatda, «halkara mylakatlylyk» düşünjesinden ugur alýar we taraplaryň özara sylaşykly bolmagyny şert edip goýýar.

Mysal üçin, A. Ksenofontowyň nygtamagyna görä: «Diplomatik protokol – bu hökümetleriň, daşary syýasy edaralaryň, diplomatiki wekilhanalaryň, beýleki resmi şahslaryň halkara gatnaşyklarynda we gepleşiklerinde berjaý edýän kadalarynyň, däpleriniň we yşaratlarynyň jemi bolup durýar» [5; sah. 83]. Şol bir wagtda-da, diolomatik protokolyň düzüm bölegi hökmünde diplomatik serenjam we etiket (edähet) hem hasap edilýär.

Diplomatik protokol, ilki bilen, «halkara mylakatlylygyň» ýörelgelerine esaslanýar. Munuň özi bolsa döwlete we onuň mertebesine hormat goýmaga degişli bolup duran ähli kadalaryň berjaý edilmegini we talaplary ýerine ýetirmegiň hökmanylygyny aňladýar. Şu nukdaýnazardan, diplomatik protokol özüniň syýasy mazmunyna eýe bolýar.

Protokolyň hem syýasy hem-de guramaçylyk-kadalaşdyryjy wezipeleriň tapawutlandyrylmagynyň birnäçe sebäpleri bar hem-de ol döwletleriň döreýiş we birek-bireklerini ykrar ediş däpleriniň taryhy kökleri bilen baglydyr.

Şu sebäpli hem, protokol barada aýdylanda, ilki bilen, onuň döwletiň we onuň häkimiýetiniň hut özüne mahsus häsiýetleri, halkara gatnaşyklarynyň we syýasatynyň subýekti hökmündäki nyşanlarynyň, serenjam we dabara dessurlarynyň, başga-da ençeme kadalaryň we däpleriň ulgamy bolup durýar. Protokol kadalary barada aýdylanda, hakykat ýüzünde «toplum» sözüniň deregine «ulgam» sözi

ulanylsa has-da ýerlikli bolar diýip hasaplaýarys. Sebäbi «toplum» sözi köpsanly awtorlaryň işlerinde gabat gelýär we munuň özi protokol kadalarynyň hem-de däpleriniň düzüm bölekleriniň özara baglanyşygyny häsiýetlendirip bilmeýär.

Şu sebäpli hem protokol we etiket kadalaryny berk bilmek hem-de berjaý etmek halkara gatnaşyklarynda, daşary syýasatda we diplomatiýada netijeli hereket etmegiň kepili bolup durýar. Mysal üçin, P.Lýadow diplomatik protokolyň diplomatik işiň bir bölegi bolup durýanlygyny nygtamak bilen, onuň «döwlet edaralary tarapyndan daşary-syýasy işiniň ýokary hünär derejesinde amala aşyrylmagynyň kepili» hökmünde häsiýetlendirýär [6; sah. 125].

Şunuň bilen baglylykda, döwletimiziň diplomatik gatnaşyklarynda we halkara hyzmatdaşlygynda protokol kadalarynyň aýratyn uly syýasy ähmiýetli ornunyň bardygyny nygtap bolar. Şu agzalan jähetden baha berlende, W. Ýegorowyň pikirine görä, diplomatik protokol bu syýasy gural bolup durýar [7; sah. 17].

Jon Wud we Žan Serre tarapyndan ýazylan we dünýäniň ençeme dillerine terjime edilen «Diplomatik serenjam we protokol» atly kitapda hem esasy üns protokol serenjamyna we dessurlaryna berilýär. Olar «serenjam» düşünjesini iňlisçe «ceremony» sözüniň üsti bilen aňladýarlar. Bu söz rus dilinde hem «церемониал» görnüşinde ulanylýar. Serenjam däp-dessurlary, ilki bilen, gadymdan gelýän köşk dabaralary bilen baglanyşdyrylýar. Serenjam kadalary monarhlaryň tagta göterilmegi we olara täç geýdirilmegi, daşary ýurt ýolbaşçylaryny we ilçilerini kabul etmek, dürli milli derejedäki hem-de mukaddes çäreleri geçirmek ýaly resmi dessurlaryny berjaý etmekligi aňladýar [8; sah. 13].

Jon Wud we Žan Serre protokoly serenjamyň özeni hasaplaýarlar we ony «hökümetleriň we olaryň wekilleriniň resmi we resmi däl ýagdaýlardaky duşuşyklarynda özlerini alyp barmagyň kadalarynyň toplumy» hökmünde häsiýetlendirýärler. Diplomatik protokol boýunça birnäçe işleriň, kitaplaryň we monografiýalaryň awtorlary bolan L. Wud we Ž. Serre hem protokolyň milli däpler bilen baglanyşygyna ünsi çekip, ABŞ nukdaýnazaryndan protokol we gadymyýetden gelýän däpler zerurlyk, peýdalylyk we tejribede tassyklanmak nukdaýnazaryndan seredilmelidigini nygtaýarlar [8; sah. 133].

Protokolyň düýp mazmunyny açyp görkezmegi bu awtorlar adamlaryň we haýwanlaryň, hatda mör-möjekleriň hem jemgyýetçilik gatnaşyklaryndaky özüni alyp baryş kadalaryndan alyp gaýdýarlar. Bu ýerde esasy kadalaşdyryş binýady hökmünde «iýerarhiýa» düşünjesi öňe sürülýär. Eger-de bu sözi türkmen dilinde teswirlemeli bolsa, onda «tutýan orny» diýip bolar. Sebäbi etimologiýa boýunça «*iýerarhiýa*» iki bölekden durýar: «iýer» we «arh». Gadymy grek dilinden ugur alynsa, onda ol «*ἱεραρχία*» – «baş ruhanynyň hökmürowanlygy» diýlenini aňladýar. Sebäbi bu ýerde «ἱερός» – mukaddeslik we «*ἀρχή*» – hökmürowanlyk diýen manylary berýär.

Türkmen halkynyň däp-dessurlarynda we nakyllarynda hem belli bir derejede iýerarhiýa manyly ýörelgelere duş gelip bolýar. Halkymyzyň «Uly sorar, kiçi salam berer» diýen salamlaşmak edähedini, «Ula – hormat, kiçä – sylag» nakyly we başga-da ençeme mysallaryny aýdyp bolar.

Halkara gatnaşyklarynda we daşary-syýasy işlerde protokolyň ýa-da däbiň, edähediň, dessuryň bozulmagy, berjaý edilmezligi örän çylşyrymly, hatda dawaly ýagdaýlara hem eltip biler. Bu taryhdan hem, şu günki durmuşdan hem dürli mysallar arkaly tassyklanýar. Bu ýagdaýlar, aýratyn hem, döwletiň, milletiň ýa-da şahsyýetiň mertebesine hormat goýmak, sylaşyklyk etmek, taraplaryň özara ünsli bolmagy bilen bagly talaplaryň berjaý edilmeginde aýdyň görünýär. Mylakatly bolmak gowşak ýa-da güýçsüz bolmagy aňlatmaýar, hatda uruş yglan edilende hem mertebä hormat goýmak kadalary berjaý edilýär. Şu sebäpli hatda özara duşmançylykly taraplar hem özara duşuşan ýagdaýlarynda protokol kadalaryny berjaý etmäge borçly bolup durýarlar.

Diplomatik protokolyň syýasy mazmuny, ilki bilen, döwletara we hökümetara gatnaşyklarynyň ýola goýulmagynda we özara saparlaryň amala aşyrylmagynda, gepleşikleriň geçirilmeginde, degişli resminamalara gol çekilmeginde ýüze çykýar. Sebäbi ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirmezden, daşary syýasaty amala aşyrmak mümkin däl. Hatda resmi saparlaryň dowamyndaky kabul edişlik serenjamy hem syýasy mazmunly bolup durýar. Sebäbi resmi çykyşlaryň dowamynda daşary syýasy garaýyşlar beýan edilýär we ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ýagdaýyna baha berilýär.

Käbir awtorlar, hususan-da, A.Borunkow diplomatik protokoly halkara däpleriniň bir görnüşi hasaplaýarlar we beýle diýildigi onuň syýasy-diplomatik mazmuny gümürtik edip goýýar [9; sah. 24].

Ylmy barlagçylaryň az bolmadyk bölegi diplomatik protokoly mazmun we tejribe taýdan hukuk çäklerinde beýan edýärler we onuň döwletara gatnaşyklardaky ornuny halkara hukuk talaplaryna görä kesgitleýärler. Mysal üçin, F.Larina «diplomatik protokolyň emele geliş şertlerini daşary syýasy gatnaşyklary hukugynyň içindäki hukuk däpleriniň kämilleşmegi» hökmünde häsiýetlendirýär [10; sah. 4]. Bu çemeleşmäniň sebäbi hökmünde ol diplomatik protokolyň düzüminiň aglaba böleginiň halkara hukuk däpleriniň kadalary bolup durýanlygyna salgylanýar. Bu babatda, ilki bilen, resmi adamlaryň garşylanyşy, ilçileriň öz wezipesine girişmegi bilen bagly dabaraly serenjamy, ýörite missiýalaryň işleri, diplomatlaryň özara gatnaşyklarynyň kadalary, diplomatik kabul edilişikleriň guralmagy, resmi we mylakatlylyk saparlarynyň amala aşyrylyşy, dürli diplomatik hatlaryň we resminamalaryň taýýarlanylyşy ýaly mysallar getirilýär.

Diplomatik protokolyň diňe hukuk kadalary bilen çäklenmeýänliginiň hem subutnamalaryny görkezip bolar. Mysal üçin, diplomatik protokolyň, edähediň we serenjamyň talaplary, köplenç halatda, hökmany däl-de, maksadalaýyk kadalar we däpler görnüşinde häsiýetlendirilýär. Sebäbi diplomatik gatnaşyjylarda, çylşyrymly

meseleleriň çözülýän gepleşiklerinde we duşuşyklarda köp dürli hereketler hukuk talabyna görä däl-de, eýsem öz ýerine ulanylmaly hereket bilen baglydyr.

Hukuk çäkleriniň çürt-kesik bolup durmazlygy, diplomatik protokolyň syýasy mazmunyny aýratyn häsiýet hökmünde ileri çykarýar. Mysal üçin, käbir protokol kadalarynyň bozulmagy ýa-da äsgermezlik edilmegi hukuk çärelerine eltmese-de, syýasy taýdan çynlakaý kabul edilip, gatnaşyklaryň çylşyrymlaşmagyna getirip biler. Bu bolsa kähalatlarda diplomatik protokolyň syýasy mazmunynyň we talaplarynyň hukuk derejesinden ýa-da talaplaryndan has ýokary bolup durýanlygyna şaýatlyk edýär.

Bu ýöne ýerden däl, sebäbi protokolyň syýasy mazmunynyň taryhy asyrlaryň jümmüşine çenli uzak gidýär we gadymy eýýamlaryň döwlet gurluşlarynda, dini däp-dessurlaryň, hökümdarlaryň tagt we köşk serenjamlarynda täsirli orun tutanlygyndan gelip çykýar. Bu babatda gadymy Müsür faraonlarynyň hudaýlaşdyrylmagy, hatda has gijräkki döwürlerde – Gomeriň eserlerinde hem grek hudaýlarynyň syýasy işlere gatyşmagynda görmek bolýar. Rim papasynyň Ýewropadaky diplomatik we syýasy gatnaşyklarda örän uly täsirli ornunyň şu wagt hem dowam edýänligini ýatlasak, onda protokol kadalarynyň we däp-dessurlarynyň dini-syýasy äheňiniň hem saklanyp galýanlygyny görmek bolýar.

Diplomatik protokolyň hukuk esaslarynyň emele gelmegi we ylmy taýdan öwrenilmegi bolsa soňky birnäçe asyryň dowamynda bolup geçdi diýip bolar. Şunuň bilen baglylykda, protokol taryhynda milli we dini däp-dessurlaryň, diplomatik serenjamlaryň hukuk kadalary bilen özara baglanyşykly bolup ösenligine hem ünsi çekip bolar. Mysal üçin, M. Tirskih diplomatik protokolyň ýönekeý däp-dessur däldigini ýa-da diňe hukuk talaplaryny özünde jemlemeýänligini nygtaýar. Ol protokol kadalaryny we serenjam dessurlarynyň hut döwlet häkimiýetiniň berkidilmegi we diplomatik gatnaşyklarynyň tejribe taýdan barha baý mazmuna eýe bolmagynyň netijesi hasaplaýar. Ol diplomatik protokolyň syýasy mazmunyny we ähmiýetini onuň parahatçylygy berjaý ediji kuwwatynda görýär.

Dürli resmi kadalary berjaý etmek, köşk dabaralaryny we serenjamlaryny guramak bilen, döwletiň milli bähbitleri hem göz öňünde tutulypdyr. Käbir alymlaryň işlerinde köşk dabarasynyň serenjam dessurynyň bozulmagynyň hukuk netijesinden ötri, örän çynlakaý syýasy ýagdaýlara getirenligi bellenilip geçilýär. Munuň esasy sebäpleriniň biri hem köşk serenjamynyň düzüminde, ilki bilen, milli mertebäniň dabaraly dessurlarda öz beýanyny tapýanlygy bilen şertlendirilýär. Şol sebäpli hem, köşk serenjamynyň berjaý edilmegi döwletara gatnaşyklarynda iň ýokary syýasy talaplaryň hatarynda durýar [11; sah. 122].

Ýokarda beýan edilenleri jemläp netijä gelinse, protokolyň syýasy gural hökmündäki häsiýetnamasy babatda ylmy taýdan esaslandyrylan garaýyşlar häzirki wagtda seýrek bolup durýar, duşmaýar diýen ýaly. Şu sebäpden hem, protokolyň daşary syýasy mazmunyny öwrenmek hem-de onuň iş ýüzünde amal edilişini subut etmek halkara gatnaşyklarynyň we syýasatyň örän wajyp meselesi bolup durýanlygyny görýäris.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany. – Aşgabat: TDNG, 2020. – 447 s.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – Aşgabat: TDNG, 2016. – 280 s.

3. *Никольсон Г.* Дипломатия. – Москва, 1962. 476 s.

4. Diplomatik protokol / Türkmenistan bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýan döwletler. – URL: https://www.mfa.gov.tm/articles/55

5. *Ксенофонтов А.В.* Дипломатический протокол и особенности его реализации в международном праве // Вестник РУДН. Сер. Юридические науки, 2006, №3 (21) – сс.83-91 с.83.

6. *Лядов П.* Дипломатический протокол и протокольная служба // Дипломатическая служба. №2 (23)/2012, сс. 125-126.

7. *Егоров В. П.* Дипломатический протокол и этикет. – М.: Юридический институт МИИТа, 2013. – 200 с.

8. *Вуд Дж., Серре Ж.* Дипломатический церемониал и протокол. – М.: 2011. – 416 с.

9. *Борунков А. Ф.* Дипломатический протокол в России. Изд. 3-е, доп. – М.: 2007. – с. 245.

10. *Ларина Ф. Ш.* Дипломатический протокол в праве внешних сношений: автореф. дис. канд. юрид. наук. – Казань, 2008. – 25 s.

11. *Тирских М. Г.* Международно-правовые особенности дипломатического церемониала // Сибирский юридический вестник №4 (63). –2013, 122–128.

ВНЕШНЕПОЛИТИЧЕСКОЕ СОДЕРЖАНИЕ ДИПЛОМАТИЧЕСКОГО ПРОТОКОЛА И ЕГО ЗНАЧИМАЯ РОЛЬ В ОБЕСПЕЧЕНИИ НАЦИОНАЛЬНЫХ ИНТЕРЕСОВ ГОСУДАРСТВА

Статья посвящена исследовании смысла и содержания дипломатического протокола как политического инструмента внешней политики. В статье анализируются основные признаки и характеристики протокола, указывающие его место и роль в реализации внешней политики. Также осуществлен сравнительный анализ источников и исторических корней протокола для различения и обособления политических, правовых и традиционных элементов в его содержании. В итоге сделан вывод о преобладающем внешнеполитическом характере протокола и системной взаимосвязи в его содержании элементов права и традиций.

Ключевые слова: протокол, дипломатический протокол, внешняя политика, национальные интересы, международное право, традиции.

THE FOREIGN POLICY CONTENT OF DIPLOMATIC PROTOCOL AND ITS SIGNIFICANT ROLE IN ENSURING THE NATIONAL INTERESTS OF THE STATE

The article «Foreign Policy Content of Diplomatic Protocol and Its Significant Role in Ensuring National Interests of the State» is devoted to the study of the meaning and content of diplomatic protocol as a political instrument of foreign policy. The article analyzes the main features and characteristics of the protocol, indicating its place and role in the implementation of foreign policy. A comparative analysis of the sources and historical roots of the protocol is also carried out to distinguish and isolate political, legal and traditional elements in its content. As a result, a conclusion is made about the predominant foreign policy nature of the protocol and the systemic relationship in its content of elements of law and tradition.

Keywords: Protocol, diplomatic protocol, foreign policy, national interests, international law, traditions.

Begenç Karaýew,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň
Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň
uly mugallymy, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty

TÜRKMENISTANYŇ KIBERHOWPSUZLYK STRATEGIÝASY WE SANLY DIPLOMATIÝANYŇ ÝOKARY TEHNOLOGIK ÜPJÜNÇILIGI

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýurdumyzda sanly ulgamy ösdürmek boýunça maksatnamalaýyn işler konseptual we meýilnamalaýyn esasda giňden alnyp barylýar. Olaryň ileri tutulýan ugurlary ýurdumyzy sanly maglumat tehnologiýalary babatynda ösdürmek, kiberhowpsuzlygy berk üpjün etmek, ykdysady ulgamy sanlylaşdyrmak we dünýäde iň soňky gazanylan innowasiýalary ornaşdyrmak bilen baglydyr. Uly geljege gönükdirilen işleriň netijesinde täze tehnologiýalar, elektron hyzmatlary gündelik durmuşymyzyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Jemgyýetiň günsaýyn maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalaryna garaşly bolýandygyny göz öňünde tutup, bu tehnologiýalary goramak milli bähbitler üçin möhüm meselä öwrülýär.

Häzirki döwürde maglumat jemgyýetiniň ösmegi üçin zerur şert kiberhowpsuzlyk bolup durýar. Kiberhowpsuzlyk meselesi aýratyn kompýuter tehnologiýalaryndaky maglumat goragy derejesinden, her döwletiň maglumatlarynyň we milli howpsuzlygynyň aýrylmaz bölegi hökmünde bitewi kiberhowpsuzlyk ulgamyny döretmek derejesine geçýär.

Kiberhowpsuzlyk maksatlary, ilkinji nobatda, kompýuterleri, serwerleri, ykjam enjamlary, elektron ulgamlary, torlary we maglumatlary zyýanly hüjümlerden goramaklyga gönükdirilendir. Kiberhowpsuzlyk dürli çygyrlarda, işewürlikden başlap, ykjam tehnologiýalara çenli ugurlarda ulanylýar. Umuman, maglumat howpsuzlygy maglumatlaryň goraglylygyny, kiberhowpsuzlyk bolsa şol maglumatlaryň ýerleşen sanly ulgamynyň goraglylygyny aňladýar. Şol sebäpli hem olar biri-biri bilen utgaşykly üpjün edilýär.

Bu ugurda kiberhowpsuzlygyň esasy görnüşlerini tapawutlandyryp bolar:

1. Torlaryň howpsuzlygy – kompýuter torlaryny maksatnamalaýyn hüjümler ýa-da zyýanly programma üpjünçiligi ýaly dürli howplardan goramak üçin edilýän hereketlerdir.

2. Programma howpsuzlygy – enjamlary jenaýatçylaryň programmalarda gizläp biljek howplaryndan goramakdyr.

3. Goşundylaryň howpsuzlygy – jenaýatçylaryň goşundylarda gizläp saklamagy mümkin bolan elektron gurluşlaryny howplardan goramakdyr.

4. Maglumatlaryň howpsuzlygy – saklanylanda amala aşyrylyşy ýaly, iberilende-de maglumatlaryň bitewüligini we ýaşyrynlygyny üpjün etmek bolup durýar.

5. Operatiw howpsuzlygy (dessin howpsuzlyk) – maglumat işjeňligini dolandyrmak we goramakdyr. Kiberhowpsuzlygyň bu görnüşi, mysal üçin, maglumatlaryň nirede saklanylýandygyny we olaryň nähili ýol bilen geçirilip bilinjekdigini kesgitleýän torlara giriş rugsatlaryny ýa-da düzgünlerini dolandyrmagy öz içine alýar.

Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek, howplaryň esasan, üç görnüşine garşy göreşi amala aşyrýar. Olar:

1. Kiberjenaýatçylyk – bir ýa-da birnäçe betniýetli şahslar tarapyndan ulgamyň işini bozmak ýa-da maliýe bähbitlerini almak üçin hüjüm etmek maksady bilen guralan hereketlerdir.

2. Kiberhüjüm – esasan, syýasy häsiýetli maglumatlary toplamaga gönükdirilen hereketlerdir.

3. Kiberterrorçylyk – gorkuzmak ýa-da howsala döretmek üçin elektron ulgamlary durnuksyzlaşdyrmaga gönükdirilen hereketlerdir.

Kiber-diplomatiýa bolsa dünýäniň beýleki ýurtlary bilen umumy howplara garşy köpçülikleýin hereketi we hyzmatdaşlygy ösdürmek, möhüm syýasat meselelerinde pikirdeş bileleşikleri ýygnamak, maglumatlary we milli başlangyçlary paýlaşmak hem-de betniýetli, päliýaman gatnaşyjylara garşy göreşmek ýaly usullar arkaly strategik hyzmatdaşlygy ýola goýýar.

Her bir ýurduň milli infrastruktura pudaklaryny goramakdaky üstünligi, esasan, dünýä jemgyýetçiliginiň ygtybarly global maglumat giňişligini döretmek tagallalaryna bagly bolýar. Diňe tehnologiýalar we içerki syýasat kiberjenaýatçylykdan we kiberterrorçylykdan netijeli goragy üpjün edip bilmez.

Bu ýagdaý halkara maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek meselelerini çözmekde giň halkara gatnaşyklarynyň we hyzmatdaşlygynyň zerurdygyny görkezýär. Şolar ýaly-da, dünýädäki her bir adam tarapyndan görülýän howpsuzlyk çärelerine garamazdan, kiberterrorçylygynyň howpunyň bardygyny we käbir maglumatlaryň ösen ýurtlarda yzygiderli güýçlenýändigini bellemek gerek.

Häzirki döwürde dünýä tejribesi jemgyýetiň bu howp bilen doly derejede göreşmäge taýýar däldigini we islendik döwletleriň goraglylygynda gowşak taraplarynyň bardygyny görkezýär. Bu gönüden-göni kiberterrorçylygyň transmilli hadysadygy bilen baglanyşyklydyr we oňa gatnaşyjylar dünýäniň islendik ýerinden maglumat ulgamyna haýbat atmaga hem-de howp salmaga mümkinçilik alýarlar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanan «Kiberhowpsuzlyk boýunça döwlet topary hakynda» Düzgünnama laýyklykda bellenen işler yzygiderli durmuşa geçirilýär. Döwlet Baştutanymyz «Türkmentel – 2024» atly XVII halkara sergisine hem-de ylmy maslahata gatnaşyjylara iberen Gutlagynda sanly tehnologiýalaryň ähmiýeti barada şeýle nygtady: «Biz dünýäniň ösen innowasion tehnologiýalaryna daýanyp, milli ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrýarys, ýurdumyzy hemmetaraplaýyn özgertmekde uly üstünlikleri gazanýarys. Sanly tehnologiýalaryň gurluşyny, maddy-tehniki, hukuk binýadyny döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirip, düýpli ylmy-tehniki özgertmeleri we iri taslamalary durmuşa geçirýäris. Häzirki döwürde milli telekommunikasiýa ulgamynda halkara ölçeglere laýyk gelýän täze innowasion sanly tehnologiýalary we maglumat aragatnaşyk enjamlaryny ornaşdyrmak işleri üstünlikli amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, aragatnaşyk edara-kärhanalaryny döretmek we döwrebaplaşdyrmak üçin düýpli maýa goýumlar gönükdirilýär. Bäsdeşlige ukyply häzirki zaman aragatnaşyk hyzmatlarynyň hil taýdan täze derejesini döretmek we ilata hödürlemek boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar. Bu ugurda ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamaga hem uly üns berilýär» [1].

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow “2021–2025-nji ýyllar üçin Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça Döwlet maksatnamasyny” hem-de ony amala aşyrmak boýunça çäreleriň Meýilnamasyny işläp taýýarlamaga baştutanlyk etdi we olary tassyklady. Meýilnamanyň esasy maksady «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda» göz öňünde tutulan wezipeleri üpjün etmek, sanly ulgamlary milli ykdysadyýetiň pudaklaryna giňden ornaşdyrmak ýoly bilen, ýokary tehnologiýaly we bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti ösdürmek bolup durýar.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça pudagara toparyny döretmek hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna gol çekilmegi bu ugurdaky möhüm ädimleriň biri boldy. Pudagara toparynyň esasy işi öňde goýlan wezipeleri hakyky iş ýüzünde amala aşyrmagy çözmek bolup durýar. Gahryman Arkadagymyz bu ugurda ygtyýarlandyrylan

degişli edara hökmünde «Türkmenaragatnaşyk» agentligini kesgitledi. Agentlik şertnamalaýyn esasda kibernetiki howplardan goramagy üpjün edýär we milli domenler bilen döredilýän web-saýtlary hasaba alýar. «Türkmenaragatnaşyk» agentligi «Elektron hökümet» ulgamyny ulanyjylary identifisirlemegiň ýeke-täk maglumat ulgamy hakynda Düzgünnamanyň, «Elektron hökümet» ulgamynyň fiziki we ýuridik şahslaryň maglumatlar binýadyny (ID) döretmegiň we alyp barmagyň tertibi hakynda Düzgünnamanyň, Elektron özara hereketiň pudagara ulgamy hakynda Düzgünnamanyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlamak boýunça degişli işleri alyp barýar. Bulardan başga-da Aşgabatda we welaýatlaryň administratiw merkezlerinde häzirki zaman hyzmat ediş we başga tehnologik enjamlar bilen üpjün ediljek IT-meýdançalary döredilýär.

Sanly ulgamy ösdürmegiň Konsepsiýasynda ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, Aşgabat şäheriniň hem-de welaýatlaryň häkimlikleriniň, eýeçiliginiň görnüşlerine garamazdan, edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň, şeýle hem hususy telekeçileriň sanly ykdysadyýete geçirilmegi tapgyrlaýyn esasda bellenilýär. Bu resminama kabul edilmezinden has ozal Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmek üçin infrastruktaralary we şertleri döretmek boýunça işleriň geçirilendigini bellemek gerek. Mysal üçin, eýýäm 2010-njy ýylda döwletimiziň hökümet aragatnaşygynda sanly ulgam ornaşdyryldy, wideoselektor aragatnaşygy we elektron resminamalar dolanyşygy ýola goýuldy. Hökümet agzalarynyň, Aşgabat şäheriniň hem-de welaýatlaryň, etraplaryň häkimleriniň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylarynyň arasynda onlaýn görnüşinde wideoşekilli ýygnaklary geçirmäge mümkinçilik berýän ulgam oturdyldy.

Şeýle şertlerde BMG-niň Durnukly ösüş maksatlaryny ýerine ýetirmek üçin ähli döwlet maksatnamalaryna we iri ykdysady taslamalara integrirlenen sanly tehnologiýalaryň artykmaçlyklary aýdyňdyr. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan durnukly ösüşi üpjün etmek we munuň üçin zerur şetleri döretmek boýunça tagallalary birleşdirmekde, ilki bilen, BMG-niň çäklerindäki hyzmatdaşlygyny güýçlendirýär. Bu babatda Türkmenistanyň ussat diplomaty, professor A.Rahmanow anyk subutnamalary getirýär [2; sah. 18].

Türkmenistanda sanly tehnologiýalary ösdürmegiň uzak möhlete gönükdirilen milli maksatnamalaryň üstünlikli amala aşyrylmagy dürli pudaklarda öz netijesini berýär. Mysal üçin, ýurdumyzyň bilim ulgamynyň ösüşi dünýäniň öňdebaryjy tejribesiniň esasynda sanly bilim ulgamyna doly geçilmegi, okatmagyň innowasion usullary bilen utgaşdyrylyp, maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň giňden ornaşdyrylmagy bilen pugta baglanyşykly alnyp barylýar. Bilim edaralarynyň arasynda özara ýeke-täk bilim toruny döretmek, ýaşlara berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmak, hilini ýokarlandyrmak, okuw işinde uzak aralykdan berilýän bilimiň täze tehnologiýalaryny ulanmak ileri tutulýan esasy wezipeler bolup durýar [3; sah.75].

Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgüdi bilen ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda ýurdumyzyň maglumat-kommunikasiýalar ulgamynyň häzirki döwürdäki ýagdaýy, olary ösdürmegiň maksatlary, wezipeleri, ýollary we gurallary, şeýle hem garaşylýan netijeler beýan edilýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň ulag diplomatiýasynyň esasy ugurlarynyň biri bolan halkara ulag-aragatnaşyk we söwda-ykdysady geçelgelerini döretmekde hem sanly tehnologiýalaryň ähmiýeti uludyr. Bu babatda üstüşyr geçelgeleriň infrastruktura taýdan netijeli işlemegini gazanmak babatda sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak barha derwaýys häsiýete eýe bolýar. Geçirilen ylmy-barlaglaryň görkezişi ýaly, bu babatda «Arc GIS», «QGIS», «Global GIS» we «Map Info» ýaly maglumat ulgamlarynyň has netijeli ulanylýanlygy barada aýdyp bolar [4; s.59].

Sanly maglumat tehnologiýalaryndan netijeli peýdalanmak arkaly hemişelik bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugruny we halkara başlangyçlaryny dünýä jemgyýetçiligine ýetirmek täze düzüm birliginiň wezipeleriniň biri hökmünde kesgitlenildi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň sanly ulgam arkaly 2024-nji ýylyň 15-nji noýabrynda geçiren Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde agzalan wezipeleri üstünlikli çözmek maksady bilen, degişli teklipleriň taýýarlanylandygy barada aýdyldy. Hususan-da, 2024-nji ýylyň 1-nji awgustyndan Daşary işler ministrliginiň düzüminde Daşary syýasy habarlar we sanly diplomatiýa Departamentiniň esasy wezipesi ýurdumyzyň daşary syýasatyny amala aşyrmakda halkara maglumat giňişliginden has netijeli peýdalanmakdan, döwrebap habar beriş usullary, jemgyýetçilik diplomatiýasy, täze maglumat-kommunikasiýa tilsimatlary arkaly Türkmenistan barada dünýä jemgyýetçiliginiň habarlylygyny artdyrmakdan ybaratdyr. Hökümet mejlisinde bellenilip geçilişi ýaly, häzirki wagtda Türkmenistanyň halkara guramalar, ilkinji nobatda, BMG bilen hyzmatdaşlygy möhüm ugurlar boýunça işjeňleşdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, BMG-niň Bütindünýä aragatnaşyklar departamenti bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmak baradaky teklip beýan edildi. Şeýle hem «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» ylmy-tejribe žurnaly bilen daşary ýurtlarda çap edilýän ugurdaş neşirleriň gatnaşyklaryny ýola goýmak maksady bilen, hyzmatdaşlyk etmek hakynda ikitaraplaýyn ylalaşyklary baglaşmak hem-de žurnalyň habarçylaryny daşary ýurtlarda akkreditasiýa etmek teklip edildi.

Türkmenistanyň halkara guramalar, ilkinji nobatda, BMG bilen hyzmatdaşlygy möhüm ugurlar boýunça işjeňleşýänligini hasaba almak bilen, BMG-niň Bütindünýä aragatnaşyklar departamenti bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmak baradaky teklip hem beýan edildi.

Döwletimiziň halkara gatnaşyklar ulgamynda häzirki zaman maglumat tehnologiýalarynyň öňdebaryjy sanly görnüşlerini ulanmak boýunça alnyp barylýan degişli işleriň gerimini mundan beýläk-de giňeltmek maksady bilen, şeýle hem ýurdumyzda sanly ulgam boýunça zähmet çekýän ukyply ýaşlaryň bardygyny

nazara alyp, Türkmenistanda sanly ulgam bilen bagly ähli işleri we oýlap tapyşlary merkezleşdirmek üçin halkara tejribeleriň esasynda «Sanly birleşme» atly ýörite bir zolagy döretmek teklip edildi.

Umuman, häzirki döwürde diplomatiýada sanly meýdança ymykly ornaşdy diýip aýdylsa ýerlikli bolar. Şol bir wagtda-da, maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň häzirki zaman ösüşiniň serhetüsti tebigatynyň barlygyny hem ýatlamak zerur. Şol sebäpli türkmen tarapy maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça milli çäreleriň ikitaraplaýyn, köptaraplaýyn, sebit we global derejelerde jemlenen goşmaça hereketler bilen doldurylmalydygyna berk ynanýar. Türkmenistanda bu ugur boýunça raýat, döwlet we jemgyýet institutlarynyň konstitusion hukuklaryny ygtybarly üpjün etmegi hasaba almak bilen, berk kanunçylyk we halkara hukuk esaslary döredilendir. Hususan-da, maglumatyň ähli derejelerini göz öňünde tutýan, maglumat we ony goramak hakynda degişli kanunlar kabul edildi.

«Kibernetika» adalgasynyň köp dürli kesgitlemeleri bardyr. Ýöne maglumat ulgamynda olaryň köpüsi kibernetikanyň çylşyrymly dolandyryş ulgamlarynda maglumaty almagyň, saklamagyň, özgertmegiň we geçirmegiň, şeýle hem olarda gözegçilik proseslerinin akymynyň umumy kanunalaýyklyklary hakyndaky ylymdygyna göz ýetirmäge mümkinçilik berýär.

1948-nji ýylda ABŞ-nyň Massaçusets Tehnologiýalar institutynyň professory Norbert Wineriň (1894–1964) «Cybernetics, or Control and Communication in Animals and Machines» atly kitabyny çap etmegi bilen, kibernetika aýratyn ylmy ugur hökmünde ýüze çykyp başlaýar [6]. N. Winer bu kitabynda tebigatyň dürli dolandyryş ulgamlaryny – biologiki, tehniki we jemgyýet bilen baglanyşykly yzygiderliligi jemleýär. Sosial ulgamlarda gözegçilik meselesine 1954-nji ýylda neşir edilen «Kibernetika we jemgyýet» diýen kitabynda has jikme-jik seredilipdi.

Mälim bolşy ýaly, kibernetika – «кибернетес» diýen gadymy grek sözünden gelip çykyp, ilkibaşda «dolandyryjy», «baştutan» diýmegi aňladypdyr, ýöne soňra «adamlaryň üstünden hökümdar» manysyny berip başlaýar. Şeýlelik bilen, gadymy grek filosofy Platon öz ýazgylarynda kibernetikany gämini ýa-da arabany dolandyrmagyň sungatyna deňeýär we dolandyryjy adamlaryň sungaty diýip hasap edýär. Ol soňlugy bilen kem-kemden «dolandyryş sungaty» diýen mana öwrülýär.

Türkmenistanyň Kiberhowpsuzlyk hakynda Kanunynyň 1-nji maddasynyň 7-nji bendinde şeýle diýilýär: «kiberhowpsuzlyk – kiber giňişliginiň düzümine degişli ähli böleklerinin iň ýokary derejede ýaramaz netijelere getirip biljek howplardan we täsirlerden goralmagyny üpjün etmek şertleriniň jemi».

Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek çäklerinde kompýuterleri, serwerleri, ykjam enjamlary, elektron ulgamlary, torlary we maglumatlary zyýanly hüjümlerden goramak üçin ýörite usullar we kompýuter programmalary ulanylýar. Şu mesele bilen baglylykda, kibergiňişlik düşünjesi hem bar we ol tehnologik enjamlaryň

we tor baglanyşyklaryň üsti bilen adamlaryň, programma üpjünçilikleriň, internet hyzmatlaryň özara täsiri netijesinde ýüze çykýan hiç hili fiziki şekilde bar bolmadyk çylşyrymly gurşawy bolup durýar.

Kibernetiki usullaryň ulanylmagy aýratyn meseleleriň çözülmegi üçin nusgawy matematikanyň usullaryny diňe çäkli ölçeglerde ulanyp boljak ylymlarda has möhümdir. Bu ylymlar, esasan, ykdysadyýet, biologiýa, lukmançylyk we iri ulgamlar bilen iş salyşýan tehnologiýa ugurlaryny öz içine alýar. Kibernetiki usullaryň bu ylymlarda köp ulanylmagy netijesinde özbaşdak ylmy ugurlar, ýagny kibernetik ykdysadyýet, kibernetik biologiýa we ş.m. ýüze çykdy. Şeýle-de bolsa birnäçe sebäplere görä, olaryň emele gelmegi, usullarynyň we netijeleriniň ulanylmagy bilen, degişli ylymlaryň çäginde däl-de, öwrenilýän zatlaryň ýöriteleşdirilmegi sebäpli kibernetikanyň çäginde bolup geçdi. Şonuň üçin bu ugurlar ykdysady kibernetika, biologiki kibernetika, tehniki kibernetika we lukmançylyk kibernetikasy diýlip atlandyryldy.

2021-nji ýylyň 23-nji fewralynda alym Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Sanly ulgam merkezine baryp, bu ýerde alnyp barylýan işleriň barşy bilen tanyşmagy hem häzirki döwürde bu ugurda öňde goýlan wezipeleri çözmekligiň ileri tutulýan möhüm meseleleriň hataryndа durýanlygyna aýdyň şaýatlyk edýär.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda sanly ulgamy ornaşdyrmak we elektron hyzmatlaryny ulanmagyň gerimini giňeltmek boýunça uly işler alnyp barylýar. Bütin dünýäde bolşy ýaly, güneşli Diýarymyzda hem döwrebap tilsimatlardan we tehnologiýalardan ýerlikli peýdalanmak, şeýle hem onuň mümkinçiliklerini ykdysady kuwwatymyzy artdyrmaga gönükdirmek gaýragoýulmasyz meselelerdir. Şeýlelikde, ýurdumyzda halk hojalygynyň ähli ugurlaryny sanly ulgama geçirmek, önümçilige ylmy işleri ornaşdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar.

Häzirki döwürde ýurdumyzda sanly ulgama geçmek, şol sanda bu ulgamy kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen üpjün etmek boýunça maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Şeýlelikde, «Aragatnaşyk hakynda», «Türkmenistanda internet torunyň ösüşini we internet-hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda», «Maglumat we ony goramak hakynda», «Kiberhowpsuzlyk hakynda», «Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary we beýleki möhüm resminamalar kabul edildi.

Ýokarda beýan edilenleri jemlemek bilen, şu günki günde sanly ulgamy döretmekde we onuň goraglylygyny üpjün etmekde Türkmenistanyň oňyn tejribe toplandygyny we jemgyýetiň ösüşiniň häzirki zaman tapgyrynda ýurdumyzyň barha baýlaşýandygyny ynamly aýdyp bolar.

EDEBIÝAT

1. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow. Telearagatnaşyk, telemetriýa, habar beriş tilsimatlarynyň we teleradioýaýradyş enjamlarynyň «Türkmentel – 2024» atly XVII halkara sergisine hem-de ylmy maslahata gatnaşyjylara //www.turkmenmetbugat.gov.tm /tk/newspapers/2/articles/170950

2. *Rahmanow A*. Türkmenistan we Birleşen Milletler Guramasy: strategik hyzmatdaşlygyň ösüş ýoly. // Syýasat we jemgyýet. 2023. 10-njy goýberiliş. – s. 17–27.

3. *Nuryýew B*. Ylym we bilim ulgamlarynda sanlylaşdyrmagyň sepgitleri //

4. Türkmenistanda ylym we tehnika №5 2024. – s.75.

5. *Hydyrow R.* Üstaşyr ulgamlaryň guramaçylyk amallaryna sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylyşy // Türkmenistanda ylym we tehnika №4 2023. s. 59.

6. Norbert Wiener. Cybernetics: Or Control and Communication in the Animal and the Machine. – Paris, 1948. 365 p.

СТРАТЕГИЯ КИБЕРБЕЗОПАСНОСТИ ТУРКМЕНИСТАНА И ВЫСОКОТЕХНОЛОГИЧНОЕ ОБЕСПЕЧЕНИЕ ЦИФРОВОЙ ДИПЛОМАТИИ

В данной статье рассматриваются вопросы обеспечения кибербезопасности в контексте совершенствования высокотехнологичного сопровождения цифровой дипломатии. В рамках темы проанализированы меры государственной политики и национально-законодательной поддержки процессов цифровизации в Туркменистане. Приведены примеры категоризации понятий в законодательной сфере, а также перспективы дальнейшего совершенствования цифровизации благодаря принятию долгосрочных национальных программ развития. Показано совершенствование структуры внешнеполитического ведомства страны путем создания соответствующих структур, призванных обеспечивать дипломатическую деятельность в современном цифровом пространстве.

Ключевые слова: стратегия, кибарбезопасность, цифровая дипломатия, программное обеспечение, законодательство, международно-правовое обепечение.

CYBERSECURITY STRATEGY OF TURKMENISTAN AND HIGH-TECH SUPPORT FOR DIGITAL DIPLOMACY

This article examines the issues of ensuring cybersecurity in the context of improving high-tech support for digital diplomacy. Within the framework of the topic of the article, measures of state policy and national-legislative support for digitalization processes in Turkmenistan are analyzed. Examples of categorization of concepts in the legislative sphere, as well as prospects for further improvement of digitalization due to the adoption of long-term national development programs are given. The improvement of the structure of the country's foreign policy agency is shown by creating appropriate structures called upon to ensure diplomatic activity in the modern digital space.

Keywords: Strategy, cybersecurity, digital diplomacy, software, legislation, international legal support.

Öwezdurdy Muhammetberdiýew,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň professory, sosiologiýa ylymlarynyň doktory.

HALKARA GEPLEŞIKLERIŇ DOWAMYNDA WERBAL DÄL USULLARYŇ ÝERLIKLI ULANYLMAGYNYŇ TARAPLARYŇ ÖZARA YNANYŞMAGYNA TÄSIRI

Gepleşikler diýlip (şol sanda halkara gepleşikler), esasan, hyzmatdaşlyk bilen göreşiň aralygynda bolan söhbetdeşliklere düşünilýär. Gatnaşýan taraplaryň sanyna görä, gepleşikler ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşlere bölünýär. Gepleşikler, köplenç, taraplaryň biri-birleri bilen ýüzbe-ýüzleýin, ýagny olaryň göni gepleşikleri görnüşinde geçirilýär. Emma kähalatlarda gepleşikler özara gatnaşyklary dartgynly taraplaryň arasynda üçünji tarapyň araçy (mediasiýa ýa-da fasilitasiýa görnüşlerde) bolup gatnaşmagynda hem geçirilýär.

Gepleşikler häzirki zaman halkara gatnaşyklarynda iň giňden ulanylýan usullaryň biri bolup, olaryň geçirilişiniň ylmy esaslaryny öwrenmek we işläp düzmek soňky ýyllarda iňňän wajyp ylmy meseleleriň hataryna girdi. Dünýäniň dürli künjeklerinde gepleşikler sungatynyň mekdepleri hem döräp başlady. Olaryň arasynda bu günki gün iň abraýly orunlaryň birini ABŞ-nyň Garward uniwersitetiniň «Gepleşikleriň Garward mekdebi» ady bilen meşhurlyk gazanan mekdebi eýeleýär [1, 2022].

Gepleşikler, esasan, biri-birleri bilen ol ýa-da beýleki bir meseleler babatynda hyzmatdaşlyga girişmek ýa-da özleriniň arasynda haýsydyr bir mesele bilen

baglanyşykly ýüze çykan düşünişmezligiň ýa-da gapma-garşylygyň amatly çözgüdini tapmak maksady bilen geçirilýär. Halkara şertnamalardyr ylalaşyklaryň baglaşylmagyna hem degişli taraplaryň arasynda geçirilen gepleşikleriň netijesinde gelinýär.

Gepleşikleriň üstünlikli geçirilmegi we taraplary doly kanagatlandyrýan netijeler bilen tamamlanmagy gepleşiklere gatnaşýanlardan ýokary medeniýetligi we ussatlygy talap edýär.

Gepleşikleriň netijeliligi köp babatda oňa gatnaşýanlaryň birek-birege bolan ynamynyň ýokary derejede bolmagy bilen baglanyşyklydyr. Şeýle ynamyň gazanylmagynda bolsa gepleşikleriň dowamynda werbal usullar bilen (ýagny diliň kömegi bilen ýa-da ýazgy görnüşde beýan edilen) bir hatarda werbal däl usullaryň (žestleriň, mimikanyň, intonasiýanyň we ş.m.) ýerlikli ulanylmagy örän wajyp hasaplanylýar.

Werbal däl usullaryň özara gatnaşyklarda, şol sanda gepleşikler geçirilende uly ähmiýetiniň bolup biljekligine psiholog alymlarynyň gelen netijeleri hem aýdyň şaýatlyk edýär. Olaryň pikirine görä, özara kommunikasiýada garşydaş tarapa ýetirilmeli maglumatlaryň diňe 7% dil üsti bilen, ýagny sözler arkaly, galan 83% bolsa werbal däl usullaryň kömegi bilen ýetirilýär. Bu maglumat werbal däl usullaryň gepleşikler geçirilende ulanylmagynyň diýseň wajyplygyna güwä geçýär.

Werbal däl usullara, esasan, intonasiýa (sesiň äheňi, tonallygy, tempi), ýüzde emele gelýän mimika (agzyňy açmak, gözüňi süzmek, gaşyňy çytmak), žestler (el bilen, barmaklar bilen, göwräň bilen ol ýa-da beýleki hereketleri etmek), stoluň başynda oturylan mahalyndaky saklanylýan poza, gözleriň kömegi bilen kontakta girmek, söhbetdeşleriň arasynda saklanýan distansiýanyň (aralygyň) ýakynlygy ýa-da daşlygy, olaryň nähili egin-eşiklerdeligi, döşlerine dakynan nyşanlary ýaly zatlar degişli edilýär. Şeýle usullar arkaly gepleşige gatnaşýanlar biri-birlerine özleri üçin bähbitli bolan signallary ýetirmeklige çalyşýarlar. Elbetde, şeýle signallaryň söz arkaly beýan edilen tekliplerdir pikirleriň güýjüni ýokarlandyrybam, peseldibem biljekligi düşnüklidir.

Halkara gepleşiklere gatnaşýanlar gepleşigiň dowamynda werbal däl usullardan peýdalananlarynda, ol ýa-da beýleki bir werbal däl hereketiň etniki aýratynlyklarynyň barlygyny hem göz öňünde tutmaly bolýarlar. Sebäbi käbir žestler ýa-da ýüzdäki mimiki hereketler hemme halklarda birmeňzeş manyny aňlatmaýar. Mysal üçin, arap ýurtlarynyň wekilleri bilen geçirilýän gepleşiklerde gepleşige gatnaşýan daşary ýurtly wekil bir aýagyny beýleki aýagynyň üstüne goýup, aýakgabynyň aşak tarapyny görkezse, gepleşigiň şowsuz tamamlanmagyna, birek-birege bolan ynamyň ýok bolmagyna hem getirip bilýär. Ýene bir mysal: gepleşigiň dowamynda garşydaş tarapyň aýdýan zatlary bilen ylalaşylýanlygy köp halklarda baş atmak, ýagny kelläni aşak-ýokary etmek arkaly aňladylýar. Emma bolgar halkynyň wekilleri bolsa seniň bilen ylalaşýanlygyny kellesini iki ýana ýaýkamak arkaly aňladýar.

Umuman, halkara gepleşikleriň netijeli we üstünlikli tamamlanmagy, gepleşiklere gatnaşýanlaryň birek-birege bolan ynamynyň derejesiniň ýokary bolmagy diňe söz arkaly beýan edilýän pikirleriň mazmuny bilen baglanyşykly bolman, eýsem taraplaryň öz sözlerini garşydaşyna haýsy sesde, haýsy žestleri ulanyp, ýüzünde nähili mimikany döredip ýetirýänligine hem baglydyr.

Gepleşiklere gatnaşýanlaryň arasynda birek-birege ynanyşmagyň gazanylmagynda iň esasy orunlaryň birini ýylgyryş (söhbetdeşleriň biri-birlerine ýylgyryp garamaklary) eýeleýär. Şonuň üçin biz bu ýerde werbal däl usullaryň iň esasylarynyň biri hasaplanylýan ýylgyryş usulynyň halkara gepleşiklerde nä derejede ähmiýetlidigi barada aýratyn durup geçmek isleýäris.

Kommunikasiýada, ýagny özara söhbetdeşliklerde, umuman, birek-birek bilen gatnaşyklarda ýylgyryşyň köp tarapdan bähbitliligi barada amerikan alymy Deýl Karnegi özüniň dünýäniň dürli dillerinde neşir edilen kitaplarynda aýratyn nygtap geçýär [2, 1989].

Ýylgyryşyň diplomatik söhbetdeşliklerde wajyp orun eýeleýänligi belli sowet-rus diplomaty W.W.Samoýlenko hem özüniň birnäçe gezek neşir edilen «Профессиональные секреты дипломата» diýen kitabynda oňa ýörite bölümçe bagyşlaýar [3, 2020].

Ýylgyryşyň diplomatiýada, umuman, halkara gatnaşyklarda ulanylmagynyň wajyplygy baradaky meselä geçmezden öňürti ýylgyryş bilen baglanyşykly käbir ylmy maglumatlary agzap geçmek isleýäris. Amerikan alymlarynyň pikirine görä, ýylgyrmak adamyň intellektiniň (akyl derejesiniň) ýokarlanmagyna oňyn täsir edýär. Adamyň ýüzündäki myşsalaryň ýygyrmak esasynda hereketlenmegi beýnä barýan gan damarlarynyň işjeňligini artdyryp, beýniniň iş mümkinçiliklerini artdyrýar. Ýylgyrmak adamyň döredijilik başarnyklarynyň ýokarlanmagyna hem öz oňyn täsirini ýetirýär. Ýylgyrmak adamda endofrin gormonynyň (bagtyýarlyk gormonynyň) döremegine getirip, onuň ruhunyň ýokarlanmagyna ýardam edýär, onuň döredijilik ylhamynyň joşa gelmegine täsir edýär.

Ýylgyrmak adamyň ýüzünde mähirlilik, mylaýymlyk, hoşniýetlilik ýaly alamatlaryň döremegine getirýär. Myhmanlary ýylgyryp garşy almak türkmen halkymyzyň myhmanyň güler ýüz bilen garşylanylmalydygy baradaky garaýyşlarynda öz aýdyň beýanyny tapypdyr.

Ýylgyrmak adamlary özüne çekiji keşbe salýar. Munuň hakykatdan-da şeýleligi ylmy eksperimentler esasynda hem subut edilipdir. Eksperimentleriň birinde oňa gatnaşýan adamlar toparyna şol bir adamyň iki sany suratyny görkezip, olaryň haýsysyndaky adama ynanmaklygyň mümkinligi barada sowal berlipdir. Suratlaryň şol bir adamyňkylygyna garamazdan, eksperimente gatnaşýanlar onuň ýylgyryp düşen suratyndaky keşbini ynanmak mümkin adam hökmünde, gaşlaryny çytyp, gaharjaňrak görnüşde düşen suratyndaky keşbini bolsa, tersine, ynama mynasyp däl adam hökmünde kabul edipdirler. Ýene bir ylmy eksperimentde

ýaşajyk maýmyny iki sany adamyň arasynda ýerleşdirip, olaryň birinden maýmyn çagasyny gaharly ýüz bilen sypalamaklygy, beýlekisinden bolsa, bu maýmyn çagasyny ýüzüne diňe ýylgyryp garap sypalamaklygy sorapdyrlar. Az wagt geçenden soň maýmynjyk özüne ýylgyryp garan adamyň gujagynda galmaklygy saýlap alypdyr. Bu eksperimentiň netijesinde ýylgyryşa «sosial ýelim» diýlip at berlipdir [4, 2020]. Angliýaly professor Rut Kempbelliň pikirine görä, adamyň beýnisinde «aýna[1] neýrony» bolup, islendik adam başga bir adama ýylgyryp baksa, ýylgyrylyp bakylan adamyň şol neýrony «oýanyp», ol hem garşydaşyna biygtyýar ýylgyryp bakýar. [5, 2023]. Alymlaryň pikiriçe, kiçi ýaşly çagalar bir gije-gündiziň dowamynda 400 gezek ýylgyrýan bolsalar, uly ýaşlylar günüň dowamynda diňe 15 gezek ýylgyrýarlar.

Ýylgyryşyň diplomatiýada ulanylmagynyň nä derejede möhümligini düşündirmek kyn däl. Eýýäm ilkinji duşuşyklarynda gepleşik geçirmek maksady bilen bir ýere jemlenen diplomatlar biri-birleriniň ýüzlerine ýylgyryp garap, salamlaşsalar we elleşip görüşseler, iň bolmanda olaryň gepleşikleriniň başlangyjynyň şowly boljaklygy gümansyzdyr. Sebäbi ýylgyryş açyklygyň alamaty hökmünde diplomatlaryň arasynda hoşniýetli söhbetdeşligiň bolmagyna özboluşly badalga berýär. Hatda gepleşigiň dowamynda ýüze çykyp biljek düşünişmezlikleriňdir dartgynlyklaryň-da öňüni ýylgyryş usulynyň ýerlikli ulanylmaklygy arkaly almak mümkin.

Ýylgyrmak usulynyň halkara gatnaşyklarynda we gepleşiklerinde ulanylmagynda adamyň ýüzüne ýylgyryp garamaklygyň 20-ä golaý görnüşiniň barlygy, dürli medeniýetlerde ýylgyryşyň öz aýratynlyklary bilen tapawutlanýanlygy göz öňünde tutulmaly. Mysal üçin, gepleşik geçirýänleriň biriniň beýleki tarapyň ol ýa-da beýleki bir pikirini kanagatlylyk bilen kabul eden ýagdaýyndaky ýylgyryşy onuň pikiri bilen ylalaşmadyk ýagdaýyndakydan düýpgöter tapawutly bolup biler. Garşydaş tarapyň pikiri gönünе ýakan adamyň ýüzünde begençli duýguny aňladýan ýylgyryş emele gelýär. Emma garşydaş tarapyň öňe sürýän teklibi gönünden turmadyk ýagdaýynda, adam düýbinden başgaça ýylgyrýar, onuň ýüzünde gönni ýetmezçilikli ýa-da ýaňsylaýjy ýyrşarma şekilli ýylgyryş emele gelýär.

Ýylgyryşyň dürli medeniýetlerde özboluşly tapawutlylyklarynyň barlygy hem halkara gepleşikleriň dowamynda ýokary ähmiýet berilmeli meseleleriň biridir. Eger amerikalylar kimdir birine ýüzlenenlerinde, tanyşlyk açanlarynda, gepleşikler geçirenlerinde ýylgyrmaklygy özara gatnaşygyň ýakynlaşmagynyň esasy guraly hökmünde kabul edip ulanýan bolsalar, ýewropalylar (iňlisler, nemesler, skandinawlylar) tersine, nätanyş adamyň özüne ýylgyryp garamaklygyny şübhe bilen kabul edýärler. Ýaponlar we hytaýlylar ýylgyryşy özleriniň hakyky duýgularyny aýan etmezlik maksady bilen ulanýarlar. Ýeri gelende aýtsak,

1 ***Bellik***: bu ýerde «aýna» sözi ýüz görülýäny aňladýar, ýagny biziň öz daşky keşbimizi synlamak üçin ulanýan aýnamyz manysynda ulanylýar (Ö.M.).

biziň türkmen halkymyzyň ýylgyryşy belli bir derejede başga halklaryňkydan tapawutlanýar. Mysal üçin, türkmen zenanlary amerikaly zenanlaryňky ýaly, agyzlaryny giňden açyp, ähli dişlerini görkezip ýylgyrman, agyzlaryny çalarak ýumýan şekilde ýylgyrýarlar. Türkmen erkekleriniň ýylgyryşy hem günbatarly halklaryň erkekleriniň ýylgyryşyndan birneme tapawutlanýar [6, 2019].

Umuman, halkara gepleşiklerde ýylgyryş usulynyň we beýleki werbal däl usullaryň ýerlikli ulanylmagynyň gepleşikleriň has netijeli bolmagynyň, esasan-da, şeýle usullaryň gepleşiklere gatnaşýanlaryň arasynda birek-birege bolan ynamyň gazanylmagy üçin örän möhümligini ýene bir gezek nygtap, aşakdaky pikirlerimiz bilen paýlaşmak isleýäris:

1. Gepleşiklerde werbal däl usullar diňe sözleriň üstüni ýetirýän gurallar bolman, eýsem olar gepleşiklere gatnaşýanlaryň arasynda özara ynanyşmaklygy döredýän we berkidýän gurallardyr. Bu bolsa halkara gepleşiklere gatnaşýanlaryň werbal däl usullardan ýerlikli peýdalanmak başarnyklarynyň bolmaklygyny talap edýär.

2. Häzirki zaman halkara gatnaşyklary üçin dünýäniň dürli künjeklerinde ol ýa-da beýleki bir ýurtlaryň arasynda ýüze çykýan uruşdyr dawalaryň, düşünişmezlikleriň, gapma-garşylyklaryň, konfliktleriň köpelmegi häsiýetli bolup, şeýle ýagdaýlaryň özara bähbitli ylalaşyklara gelmek arkaly çözülmekligi özara ynanyşmaklyga esaslanan gepleşikler (dialoglar) esasynda amala aşyrylýar. Munuň hut şeýledigine Türkmenistanyň öňe süren «Dialog – parahatçylygyň kepili», 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi baradaky tekliplerinin BMG derejesinde bütin dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan gyzgyn goldaw tapanlygy hem doly güwä geçýär.

3. Geljekki diplomatlaryň taýýarlyk okuwlarynda halkara gepleşikleriň geçiriliş usullary bilen baglanyşykly okuw derslerinin çäginde gepleşiklerde werbal däl usullardan sowatly peýdalanmaklyga degişli sapaklara aýratyn üns berilmeli, hatda, biziň pikirimizçe, werbal däl usullaryň halkara gepleşiklerde ulanylyşyny giňişleýin açyp görkezýän ýörite okuw derslerinin okuw meýilnamalaryna girizilmekligi maksadalaýyk bolardy.

EDEBIÝAT

1. *Роджер Фишер, Уильям Юри и Брюс Паттон*. Гарвардский метод переговоров. Как всегда добиваться своего. Пер. с англ. Татьяны Новиковой.– М.: Манн, Иванов и Фербер, 2022.

2. *Дейл Карнеги*. Как приобретать друзей и оказывать влияние на людей. – М.: Прогресс, 1989.

3. *Самойленко В.В*. Профессиональные секреты дипломата: Учеб.пособие для студентов вузов. – М.: Издательство «Аспект Пресс», 2020.

4. *Изард К*. Эмоции человека / К. Изард. – М.: ФАИР-ПРЕСС, 1980.

5. *Экман П*. Психология лжи / П. Экман. – СПб: изд-во Эксмо, 1999.

6. *Мухамметбердыев О*. Давайте улыбаться! – Orient tm. 2019.

ВЛИЯНИЕ ПРАВИЛЬНОГО ИСПОЛЬЗОВАНИЯ НЕВЕРБАЛЬНЫХ ПРИЁМОВ В ХОДЕ МЕЖДУНАРОДНЫХ ПЕРЕГОВОРОВ НА ВЗАИМНОЕ ДОВЕРИЕ МЕЖДУ СТОРОНАМИ

В статье речь идет о значении грамотного использования невербальных средств коммуникации в процессе международных переговоров (в том числе и в дипломатических) для достижения взаимного доверия между сторонами.

Автор, ссылаясь на авторитетные научные издания и на результаты научных экспериментов, подчеркивает насколько может быть полезным в достижении взаимного доверия между вступающими в переговоры сторонами такое невербальное средство как, например, улыбка.

В статье подчеркивается, что грамотное использование невербальных средств коммуникации – это не просто дополнение к словам, а важный инструмент построения доверия между участниками международных переговоров. Овладение искусством невербального общения становится сегодня, по мнению автора, важным условием успешной коммуникации в современных международных отношениях.

Ключевые слова: международные отношения, дипломатические отношения, международные переговоры, доверие, вербальные методы, невербальные методы, жесты, мимика, интонация, дистанция, научные эксперименты.

THE IMPACT OF CORRECT USE OF NON-WERBAL TECHNIQUES IN INTERNATIONAL NEGOTIATIONS ON MUTUAL TRUST BETWEEN PARTIES

The article explores the importance of nonverbal communication tools in fostering mutual trust during international negotiations. It examines how facial expressions, gestures, eve contact, and tone of voice contribute to building credibility and understanding among participants from different cultural backgrounds.

The paper also addresses how nonverbal signals can either enhance or hinder diplomatic interactions, emphasizing the need for cultural sensitivity.

Key words: international relations, diplomatic relations, international negotiations, trust, werbal techniques, non-werbal techniques, intonations, gestures, facial expressions, distance, scientific experiments.

Nurberdi Amanmyradow,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň uly mugallymy, Türkmenistanyň Adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi

TÜRKMENISTANYŇ BITARAPLYK HALKARA HUKUK ÝAGDAÝYNYŇ AÝRATYNLYKLARY

Häzirki döwrüň möhüm meselelerini çözmäge bilelikde we işjeň gatnaşmak, ählumumy parahatçylygy we durnuklylygy pugtalandyrmak, sebit we ählumumy derejede netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen, oňyn halkara dialogyna hemmetaraplaýyn ýardam bermek Türkmenistanyň daşary syýasaty işiniň we diplomatiýasynyň strategik taýdan möhüm ugry bolup durýar.

Garaşsyz Türkmenistanyň Bitaraplyk ýörelgesiniň esasynda alyp barýan daşary syýasaty ýurdumyzyň milli bähbitlerini, ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilendir. Türkmenistanyň häzirki zamanyň iň möhüm meselelériniň çözgüdini tapmaga gönükdirilen we yzygiderli öňe sürýän syýasy, ykdysady, ekologik başlangyçlary giň halkara ykrarnamasyna mynasyp boldy. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri beýleki döwletler, ozaly bilen bolsa goňşy döwletler bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek bolup durýar. Sebäbi bu ugur boýunça hyzmatdaşlyk ýüze çykýan halkara meseleleri çözmegiň ygtybarly esasy bolup çykyş edýär. Türkmenistanyň sebitde alyp barýan syýasatynyň maksady Merkezi Aziýada giň möçberli halkara hyzmatdaşlygy ýola goýmak we ösüşiň möhüm meselelerini çözmek üçin amatly geosyýasy we geoykdysady şertleri döretmäge gönükdirilendir [1].

XXI asyryň global giňişliginde halkara ulgamlaryň ewolýusiýasy diplomatiýanyň görnüşlerine, usullaryna we wezipelerine ep-esli derejede täsir edýär. Häzirki zaman dünýäsinde diplomatiýanyň roly we gurallarynyň netijeliligi halkara gatnaşyklarynyň täsiri netijesinde yzygiderli üýtgeýär hem-de özgerýär.

Bitaraplyk, gelip çykyşy, emele gelşi we ewolýusiýasy boýunça uzak taryhy bolan syýasy, diplomatik we halkara hukuk guramasydyr. Gadymy döwürlerden bäri döwletler halkara gatnaşyklarynda bitaraplyk pozisiýany gönüden-göni goňşularyna degişlilikde alyp barýan işleriniň ýörelgesi hökmünde ulanyp gelipdirler [2].

Irki Täze döwürde (XVI–XVIII asyrlar) bitaraplyk aýratyn institusional we hukuk görnüşlerine eýe boldy, döwletleriň syýasy we diplomatik işlerinde kesgitleýji faktorlaryň birine öwrüldi we netijede, aýry-aýry döwletleriň pozisiýalarynda kem-kemden halkara şertnamalar ulgamy emele gelip başlady.

Daşary gatnaşyklar pudagynda diplomatiýa daşary syýasaty durmuşa geçirmegiň serişdesidir [3]. Döwrümizde dünýäniň daşary syýasat hyzmatlary üçin

esasy wezipe häzirki zaman dünýäsiniň institusional koordinatlarynda durnukly ykdysady ösüşi we döwletleriň içerki syýasy durnuklylygyny üpjün etmekden ybarat.

Häzirki zaman diplomatiýasy dünýä giňişliginde köp asyrlaryň dowamynda gazanylan taryhy tejribäni, ýagny diplomatiýanyň usullary, görnüşleri we gurallary, şeýle hem bitaraplyk institutynyň ýörelgeleri ýaly daşary syýasat ýörelgeleri hem-de başgalary işjeň ulanýar.

Ýurtlar milli mentalitet we däp-dessurlara esaslanýan ählumumy halkara hukugynyň kadalaryna esaslanyp, geosyýasy kartadaky ornunyň meselesini öz isleglerine görä çözýärler. Statistika häzirki wagtda dünýäde haýsydyr bir harby bloga degişli bolmadyk statusy (mundan beýläk: statusy – N.A.) bolan jemi 114 ýurduň bardygyny görkezýär. Bu ýurtlar hemişelik bitaraplygy goldaýan ýurtlar bilen bilelikde BMG-niň Baş Assambleýasynda köplük bolup durýarlar.

Häzirki zaman döwletleriniň diplomatiýasy ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda XXI asyryň täze wehimlerine we kynçylyklaryna garşy halkara hyzmatdaşlygyna işjeň gatnaşýar.

Daşary syýasat we diplomatiýa pudagynda daşary syýasat işjeňliginiň kriterilerine – bitarap döwletlere we olar üçin esasy bolan ýörelgeleriň meňzeşligine görä, aýratyn bir döwlet görnüşini tapawutlandyrmak zerurdyr. Bu ýurtlar resmi taýdan bitarap döwletler hökmünde ykrar edilýär, olar haýsydyr bir halkara harby ýa-da harby-syýasy bileleşigiň agzalary däldirler we parahatçylyk dörediji hem-de her hili dawaly ýagdaýlary diplomatik ýollar arkaly çözmek üçin baglanyşykly status mümkinçiliklerinden işjeň peýdalanýarlar.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 46-njy sessiýasy (1991–1992 ý.ý.) özüniň 1992-nji ýylyň 2-nji martynda geçiren 82-nji mejlisinde ählumumy dostluk we hoşniýetlilik ýagdaýynda Türkmenistany BMG-niň agzalygyna kabul etdi. Netijede, şol gün Garaşsyz Türkmenistan döwletimiz halkara hukugynyň doly hukukly subýekti boldy.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň № 50/80A karary esasynda, 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda bolsa BMG-ä agza 185 ýurduň wekilleriniň hemmesiniň biragyzdan ses bermegi bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» [4] atly ýörite Kararnama kabul edilýär. 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda 193 döwletiň goldawy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» Kararnamasy ikinji gezek kabul edildi. 2025-nji ýylyň 21-nji martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» Kararnamasy üçünji gezek biragyzdan kabul edilýär. Netijede, Türkmenistan döwletimiz dünýäde BMG tarapyndan hemişelik bitaraplyk statusyna üç gezek mynasyp bolan ýeke-täk ýurtdur. Bu resminama özboluşly we Milletler Bileleşiginiň taryhynda henizem ýeke-täk resminamadyr. Ozal bu ýa-da beýleki döwlet birnäçe döwletiň arasynda baglaşylan şertnama arkaly şeýle statusa eýe bolan bolsa, Türkmenistanyň bitarap statusy garaşsyz saýlawyň we

döwletiň isleginiň meýletin beýan edilmeginiň netijesidir. Bu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň bitaraplygynyň dünýäde meňzeşligi ýokdur.

Karar BMG-niň «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk statusynyň sebitdäki parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmäge kömek etjekdigine umyt bildirýändigini, Türkmenistan tarapyndan yglan edilen hemişelik bitaraplygyň statusyny ykrar edýändigini we goldaýandygyny» nygtaýar. Has dogrusy, bu karar Garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen, halkara hukugynyň garaşsyz we doly hukukly agzasy hökmünde ýurdumyzyň daşary syýasatynda we diplomatik işlerinde täze döwrüň başlanýandygyny aňladýardy.

Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň konseptual düzgünleri şu aşakdaky ugurlardyr:

– Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygyny saklamak we berkitmek, halkara gatnaşyklar ulgamynda roluny we ähmiýetini ýokarlandyrmak;

– döwletiň içerki ösüşini üpjün etmek üçin iň amatly daşary syýasat şertlerini döretmek;

– halkara tejribesinde ýola goýlan diplomatik gatnaşyklaryň ähli görnüşleri arkaly, Türkmenistanyň milli bähbitlerini goldamak we durmuşa geçirmek;

– syýasy we diplomatik ýollar bilen howpsuzlygy üpjün etmek;

– deňlik we birek-birege hormat goýmak esasynda ähli daşary ýurt hyzmatdaşlary bilen konstruktiw özara peýdaly hyzmatdaşlygy ösdürmek;

– daşary syýasat hereketleriniň halkara hukugyna we BMG Tertipnamasyna doly laýyk gelmegini üpjün etmek.

Halkara borçnamalaryny berk ýerine ýetirmek bilen, Türkmenistan halkara durmuşyna işjeň gatnaşýar we parahatçylygy we howpsuzlygy goramaga, berkitmäge, halkara arenasynda ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge öz mynasyp goşandyny goşýar. Türkmenistan geçen ýyllaryň dowamynda BMG-niň ýokary maksatlaryny we ýörelgelerini öňe sürýän we saýlap alan bitaraplyk syýasatyna ygrarly, parahatçylygy söýýän döwlet hökmünde dünýä jemgyýetçiliginiň arasynda uly abraý gazanmagy başardy.

Bu ýerde şeýle özboluşly resminamanyň tutuş halkara jemgyýetçiliginiň işinde ilkinji gezek kabul edilendigini aýratyn bellemek gerek. Bitaraplyk halkara hukugynyň ýerine ýetirilmegine gözegçilik etmegiň iň möhüm görnüşlerinden biridir. Türkmenistanyň bitarap döwlet hökmünde alyp barýan daşary syýasaty düşünjesi ýurdumyzyň Konstitusiýasynyň esasy düzgünlerine esaslanýandyr.

Ösüşiniň dürli taryhy döwürlerinde, halkara hukuk kategoriýasy hökmünde bitaraplyk institutynyň aýratynlyklary, diplomatik mazmuny we manysy boýunça aýratyn tapawutlyklary bardy. Mysal üçin, Türkmenistanyň Bitaraplygy eýe bolmak usuly we şertleri boýunça beýleki şuňa meňzeş syýasaty alyp barýan döwletleriňkiden tapawutlanýar. Hakykatdanam, bitaraplyk instituty ýaragly çaknyşyklarda (has takygy «söweş kanuny») ynsanperwerlik hukugynda ýüze

çykypdyr we uzak wagtlap bir ýurduň ýaragly çaknyşyklara gatnaşmazlygy üçin saýlanyp alnan başga bir ýol hökmünde kabul edilipdir. Bu çemeleşmäniň beýany Şweýsariýanyň bitarap statusynda jemlenendir. Şertnama ýörelgeleri Awstriýa Respublikasynyň 1955-nji ýyldaky bitaraplyk baradaky Federal Konstitusiýa Kanunynda hem kesgitlenilipdir.

Diplomatik gural hökmünde bitaraplygyň ýöne yglan edilmegi, iş ýüzünde beýle statusy getirmeýär. Elbetde, haýsydyr bir döwletiň bitaraplyk statusy halkara jemgyýetçiligi, ilkinji nobatda bolsa, beýik güýçler we goňşy döwletler tarapyndan ykrar edilmelidir.

Bitaraplyk statusy bu ýurtlara halkara we diplomatik abraýyny berkitmäge, işjeň ykdysady, institusional, söwda we dünýä jemgyýetçiliginiň beýleki agzalary bilen köptaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmäge mümkinçilikleri döredýär.

Bitarap Türkmenistan halkara hukugynyň deň derejeli agzasy bolmak bilen, döwletara we diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak we ösdürmek işine işjeň gatnaşyp gelýär [5].

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň aýratynlygy barada aýdanymyzda, onda Türkmenistan özüniň Bitaraplygy BMG tarapyndan ykrar edilen ilkinji döwletdir. Şeýle hem halkara hukugynda bar bolan tapawutlandyrmalara laýyklykda, Türkmenistanyň Bitaraplygynyň seýrek sypatlary şulardyr: ozaly bilen, Bitaraplyk ýurdumyzyň taryhyny, onuň häzirki içerki hakykatyny, geografik we geosyýasy ýagdaýyny, türkmen halkynyň asylly däplerini şöhlelendirýär. Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň ikinji sypaty, ol hem onuň gelip çykyşy boýunça ykrar edilenligidir: muny Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Rezolýusiýasy hem doly tassyklaýar. Türkmenistanyň Bitaraplygy özüniň görnüşi boýunça hemişelikdir, başgaça aýdanymyzda, ol wagt boýunça çäklendirilen däldir we harby ýagdaýda-da, parahatçylykly döwürde hem hereket edýändir. Galyberse-de, özüniň mazmuny boýunça biziň bitaraplygymyz oňyndyr ýa-da konstruktiwdir. Munuň özi parahatçylygy we durnuklylygy saklamak, döwletleriň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek meselelerinde döwletimiziň işjeň hereketini aňladýar [6].

Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy halkara hukuk esaslaryna eýedir. Bitaraplyk statusyň esasy kepilligi, BMG-niň ähli agzalarynyň Türkmenistana bolan borçlaryny ýerine ýetirmek, bitaraplyk statusyny gorap saklamak we berkitmek hereketleriniň bitewiligidir. Türkmenistanyň bitaraplyk statusyny BMG-niň ähli agzalarynyň razylygy bolmazdan birtaraplaýyn üýtgedip ýa-da ýatyryp bolmazlygydyr.

Häzirki zaman şertlerinde bitaraplyk instituty milli bähbitleri durmuşa geçirmek üçin iň amatly model bolup, döwletimiziň taryhy, geosyýasy we etniki medeni hakykatlaryna dolulygyna laýyk gelýär.

Hemişelik Bitaraplyk statusyna eýe bolmak bilen, Türkmenistan garaşsyz döwlet hökmünde özüni tanatmak we içerki ykdysady we diplomatik potensialyny durmuşa geçirmek üçin goşmaça mümkinçilikleri gazandy. Has dogrusy, Türkmenistanyň Bitaraplyk statusy, ýurdumyzyň daşary syýasatyny amala aşyrmak üçin täsirli diplomatik guraldyr.

Türkmenistanyň Prezidentiniň dünýä jemgyýetçiligi, iri halkara guramalary tarapyndan giňden ykrar edilen we goldaw alan, sebitleýin we global howpsuzlygyň dürli taraplaryny berkitmäge gönükdirilen daşary syýasaty we diplomatik başlangyçlary, häzirki döwürde bize täze mazmun, syýasy, ykdysady we institusional hyzmatdaşlygyň, dürli döwletleriň bähbitlerine laýyk gelýän diplomatik gepleşikleriň bilelikdäki ösüşiniň geljegi barada söhbet etmäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistan taryhy jähetden diýseň gysga wagtyň içinde halkara gatnaşyklar ulgamynda öz mynasyp ornuny tapmagy başardy. Häzirki zaman Türkmenistanyň syýasaty, daşary syýasatda bitaraplyk statusyny berkitmäge, sebitde parahatçylyk döredigi rol oýnamaga we içerki syýasatda, raýatlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmäge, ykdysady ösüşiň we sosial goragyň dünýä standartlaryny girizmäge gönükdirilendir. Şunda Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynda 30-dan gowrak Kararnamalarynyň kabul edilendigini buýsanç bilen bellemek bolar. Bu, hakykatdan-da, häzirki zaman halkara gatnaşyklarynda Bitarap Türkmenistanyň alyp barýan işjeň pozisiýasyny, gazanan üstünliklerini iş ýüzünde subut edýän tassyklamadyr.

Bitaraplyk statusy Türkmenistana sebitdäki parahatçylygy goraýjy merkeziniň roluny oýnamaga mümkinçilik berýär. Bitaraplyk doktrinasynyň köp wektorly syýasy we ykdysady gatnaşyklary diwersifikasiýa etmek ýörelgeleri bilen birleşdirilmegi bolsa, Türkmenistana, esasy ykdysady maksatlaryny dowam etdirmekde we durmuşa geçirmekde üstünlik gazanmaga mümkinçilikler berdi. BMG-niň Baş Assambleýasynyň kararyna laýyklykda, goňşy döwletleriň we Howpsuzlyk Geňeşiniň agzalarynyň goldawy bilen Aşgabatda döredilen BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýa boýunça sebit merkezi (UNRCCA) bilen ýakyn hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berilýär. Sebit merkezi bu meseleleri çözmekde we Merkezi Aziýada parahatçylygy gorap saklamak we ösüşi güýçlendirmek üçin Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň we Özbegistanyň hökümetleri bilen işleşmäge borçlanýar. Bu wajyp halkara merkezini döretmek başlangyjy sebitleýin we dünýä derejesinde parahatçylygy goramak we howpsuzlygy üpjün etmek üçin konseptual pikirleri yzygiderli öňe sürýän Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza degişlidir. Netijeli sebitleýin gepleşikleriň we Milletler Bileleşiginiň derejesinde peýdaly özara gatnaşyklaryň netijesinde UNRCCA-nyň Aşgabatdaky baş edarasy 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Milli Liderimiziň hut özüniň gatnaşmagynda açylypdy.

UNRCCA döredilen ýyllarynda häzirki döwrüň möhüm meselelerine we kynçylyklaryna çözgüt tapmakda Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamyny Merkezi Aziýa ýurtlary bilen birleşdirýän täsirli platforma hökmünde özüni tanatdy, şeýlelik bilen, Bitarap Türkmenistan sebitde we dünýäde konstruktiw syýasy-diplomatik gepleşikleri ösdürmek, özara düşünişmek we birek-birege ynam bildirmek arkaly halkara parahatçylygy berkitmek işine möhüm goşant goşýar. Bilşimiz ýaly, Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkezi BMG-niň parahatçylygy goraýyş işlerinde özboluşly syýasy gurluşdyr. Merkez BMG-niň taryhdaky ilkinji syýasy gurluşy bolup, mandaty häzirki şertlerde wajyp gatnaşyklaryň ugurlaryny göz öňünde tutup, öňüni alyş diplomatiýasyny öz içine alýar.

Bitarap Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň wise-başlyklygyna 8 gezek saýlanmagy, şeýle hem dürli ýyllarda jemi 11 sany komitetlerine saýlanmagy ýurdumyzyň daşary we içeri syýasatyny üstünlikli amala aşyrýandygynyň, bitaraplyk statusyndan gelip çykýan borçnamalaryna ygrarlylykda işjeň halkara gatnaşyklaryny alyp barýandygynyň kepilnamasydyr. 2023-nji ýylda biziň ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar Gaznasynyň (UNISEF) Ýerine ýetiriji geňeşiniň we ÝUNESKO-nyň Bedenterbiýe we sport boýunça hökümetara komitetiniň agzalygyna saýlandy. 2023-nji ýylda biziň ýurdumyz 2024–2028-nji ýyllar üçin BMG-niň Ilat we ösüş komissiýasynyň agzalygyna biragyzdan saýlandy.

Türkmenistanyň BMG we onuň gurluşlary bilen ýakyn gatnaşygy sebitde howpsuzlygy we durnuklylygy gorap saklamaga, durnukly ösüş maksatnamasynyň tagallaryny durmuşa geçirmäge gönükdirilen täze täsirli çemeleşmeleriň işlenip düzülmeginde beýan edilýär. BMG-niň biziň döwrümiziň derwaýys meselelerini çözmäge işjeň, deňagramly çemeleşýän Türkmenistany ygtybarly we jogapkär hyzmatdaş hökmünde görmegi, elbetde, Türkmenistanyň belent halkara abraýynyň ykrar edilmegidir we biziň hemmämiz üçin buýsandyryjy wakadyr.

Türkmenistan halkara derejesinde, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň çäginde bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan syýasatlaryny döredýän ýurtlaryň parahatçylygy goraýyş mümkinçiliklerini iş ýüzünde ulanmak barada yzygiderli gepleşikleri ösdürmek üçin Bitaraplygyň dostlary toparyny döretdi we häzirki wagtda dünýäniň 20-den gowrak döwleti bu toparyň agzalarydyr. Topar bitaraplygyň möhümdigine göz ýetirip, döwletara gepleşikleri ýola goýmaga, ýurtlaryň arasynda ynamy we hyzmatdaşlygy berkitmäge çalyşýar. Dostlar toparynyň yzygiderli ýygnaklary halkara gatnaşyklarynda bitaraplyk ýörelgelerini wagyz etmek üçin durnukly syýasy we diplomatik platforma üçin esas döretdi.

Häzirki wagtda Bitarap Türkmenistan halkara gatnaşyklarynyň nazaryýetiniň we tejribesiniň ösmegine möhüm goşant goşmak bilen, halkara gatnaşyklaryndaky işjeň häsiýete mahsus pozisiýasyny ygtybarly dowam etdirýär. Jemgyýetde, içerki durmuşda parahatçylyk, ylalaşyk, çydamlylyk we ynsanperwerlik ýörelgelerini wagyz etmek we durmuşa geçirmek bilen, türkmen döwleti bu düşünjeleri

daşarky dünýä bilen gatnaşyklaryna gönükdirýär. Indi üç gezek (1995-nji, 2015-nji, 2025-nji ýyllarda) BMG-niň Baş Assambleýasynda biragyzdan ykrar edilen Bitaraplygymyz logiki dowamy we türkmen halkynyň iň gowy aýratynlyklaryny görkezmek bilen, içerki döwlet gurluşynyň milli ahlak esaslaryna esaslanýar. Şonuň üçin Bitaraplyk indi diňe halkara hukuk statusy we ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy bolman, eýsem Bitaraplyk Türkmenistanyň erkinliginiň we garaşsyzlygynyň dabaralanmagydyr, türkmen halkynyň mertebesi, abraýy we milli buýsanjydyr, ähli ýurtlaryň halklary bilen parahatçylykda, dostlukda we sazlaşykda ýaşamak islegidir.

2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde 12-nji dekabryň Halkara Bitaraplyk güni diýip yglan edilmegi, BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamasy bilen 2021-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly», 2023-nji ýylyň «Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly», 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi, parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary toparynyň döredilmegi türkmen Bitaraplygynyň halkara abraýyny iş ýüzünde görkezýärdi.

Bulardan başga-da 2022-nji ýylda kabul edilen «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» atly Kararnamanyň, şeýle-de bu Kararnamanyň 2024-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda BMG-niň BA-nyň 79-njy sessiýasynň 25-nji plenar mejlisinde ikinji gezek kabul edilmegi, üçünji müňýyllykda parahatçylyk taglymatynyň çuňlaşmagyna oňyn täsir etdi. Onuň esasy ýörelgeleri Birleşen Milletler Guramasynyň halklaryň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň ösüşini üpjün etmek hem-de gapma-garşylyklary diňe parahatçylykly ýollar arkaly çözmek we geljek nesilleri uruş howpundan azat etmek ýaly maksatlary bilen gabat gelýär. Görşümiz ýaly, bu şöhratly wakalar hormatly Prezidentimiziň: «Türkmenistanyň «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly ählumumy başlangyjyna yzygiderli eýermeli we ony tutanýerli öňe sürmeli. Wagt munuň dogrudygyny we esaslydygyny görkezdi» diýen parasatly sözleriniň iş ýüzünde amala aşyrylýandygynyň, şol sanda milli diplomatiýamyzyň baş maksatlarynyň halkara derejede ykrar edilýändiginiň hem aýdyň beýanydyr.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň sebitde syýasy durnuklylygy saklamak we goldamak işinde Birleşen Milletler Guramasynyň ygtybarly, netijeli hyzmatdaşy hasaplanýandygyny bellemek biziň üçin has-da guwandyryjydyr. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dowamyndaky işleriň we ileri tutýan ugurlarynyň Konsepsiýasy işlenip taýýarlanyldy. Hormatly Prezidentimiziň Permany bilen döredilen guramaçylyk döwlet topary tarapyndan degişli maksatnamalardyr iş meýilnamalary tassyklanyp, şolaryň hatarynda Türkmenistanda we onuň çäklerinden daşarda geçiriljek halkara çäreleriň meýilnamasy ýanwar we fewral aýlarynda durmuşa geçirilmäge başlandy. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Türkmenistanyň işleri we ileri tutulýan

ugurlary düşünjesinde howpsuzlyk we ýakyn arabaglanyşykda durnukly ösüş meseleleri möhüm orny eýeleýär.

Bu babatda, aýratyn-da, 2025-nji ýylyň 19-njy martynda paýtagtymyz Aşgabatda geçirilen «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny», 29-njy martda Arkadag şäherinde «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: halkara ynsanperwer işiniň ösüşi» barada halkara maslahatlaryň geçirilendigini bellemek ýerliklidir.

Şolaryň birinjisi durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam bermek maksady bilen guralan bolsa, ikinjisi Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň dört ýyllygyna bagyşlanandyr. Türkmenistan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny halkara gatnaşyklaryny ynsanperwerleşdirmegiň iň möhüm döwri hasaplaýar we bu ugurda ileri tutulýan ugurlar eneligi we çagalygy goldamak, çagalaryň we ýaşlaryň ösmegi üçin zerur şertleri döretmek we adamlara ynsanperwerlik kömegi bermekdir. Milli Liderimiziň başlangyjy bilen döredilen ynsanperwerlik, sahawatlylyk, mätäji goldamak ýaly asylly ýörelgeleri ugur edinýän bu gaznanyň alyp barýan işleri diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem halkara derejede hem ykrar edilendir.

Aşgabatda «Merkezi Aziýa – Ýewropa Bileleşigi» ministrler ýygnagynda «Merkezi Aziýa – ÝB» ilkinji sammitiniň öňüsyrasynda türkmen halkynyň Milli Lideriniň «Euronews» teleýaýlymyna Türkmenistanyň dünýä syýasatynyň möhüm meseleleri baradaky pozisiýasyny öňe sürmek üçin beren interwýusynyň ähmiýeti uludyr. Şu ýylyň awgust aýynda bolsa BMG-niň Baş Assambleýasynyň Nýu-Ýorkda işleýän köpsanly işgärleri Awazada jemlener we ol ýerde BMG-niň deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlar boýunça üçünji halkara maslahaty geçiriler. Mälim bolşy ýaly, 2014-nji ýylda Wenada 2014–2024-nji ýyllar üçin deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň hereket Maksatnamasy kabul edilipdi we häzirki wagtda onuň möhleti tamamlanýandygy sebäpli, Hazaryň türkmen kenarynda geçiriljek bu maslahatda geljek 10 ýyl üçin täze Hazar Maksatnamasynyň kabul edilmegine garaşylýar.

Umuman, häzirki döwürde Bitarap Türkmenistan döwletimiz halkara gatnaşyklarynda dünýäniň wajyp meselelériniň ara alnyp maslahatlaşylýan we oňyn çözgütleriň döredilýän, hoşniýetli gatnaşyklaryň dabaralanýan we barha pajarlap ösüşlere badalga berilýän merkeze öwrülendigini bellemek zerurdyr.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň nygtaýşy ýaly, Türkmenistan hoşniýetli goňşuçylyga, özara hormat goýmaga, deňhukuklylyga we dünýäniň ähli döwletleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyga esaslanýan Bitaraplyk syýasatyny dowam eder. Döwletimiziň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan esasy ýörelgeler, ýagny ählumumy parahatçylygyň we howpsuzlygyň pugtalandyrylmagy, hoşmeýilli erk-islege esaslanýan dost-doganlyk gatnaşyklarynyň

giňeldilmegi, dünýäde durnukly ösüşiň üpjün edilmegi mundan beýläk-de Garaşsyz türkmen döwletiniň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bolar.

Hut şu nukdaýnazardan hem, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe bolmak we iş ýüzünde durmuşa geçirmek babatyndaky oňyn halkara tejribesi dünýäniň alymlarydyr gözlegçilerini bu temany hemmetaraplaýyn we çuňňur öwrenmäge we ýakyn geljekde bu mowzuga bagyşlanan täze eserleri, kitaplary hem-de alymlyk derejesi üçin degişli ylmy işleri ýazmaga ruhlandyrar.

EDEBIÝAT

1. Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy. Ylmy-amaly žurnal. / Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi. – 2011. №4. – 2013. №1-3.

2. *Циватый В.Г.* Институционализация дипломатической службы европейских государств на рубеже Средневековья и раннего Нового времени / Вячеслав Циватый // «Codrul Cosminului XVIII, 2012, № 2, p. 287–294.

3. *Pigman Geoffrey Allen.* Contemporary diplomacy / A.G.Pigman. – Washington, 2010. 288 p.

4. Резолюция Генеральной Ассамблеи ООН от 12 декабря 1995 г. «Постоянный нейтралитет Туркменистана» // Туркменская искра. – 1995, 14 дек.

5. *Бахтиев Р.А.* Политика нейтрального Туркменистану в контексті трансформаційних процесів посряданського періоду. Автореф. дис…канд. політ. наук: 23.00.02. – політічні інститути та процеси /Руслан Абдулхаевич Бахтиев. – Київ, 2011. 18 с.

6. *Rahmanow A.* Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň taryhy. – Aşgabat: TDNG, 2019. – 189 s.

ОССОБЕННОСТИ НЕЙТРАЛЬНОГО МЕЖДУНАРОДНО-ПРАВОВОГО СТАТУСА ТУРКМЕНИСТАНА

Данная статья посвящена анализу дипломатических и институциональных аспектов постоянного нейтралитета Туркменистана в международных отношениях. Рассматриваются правовые, политические и исторические основания нейтралитета как ключевого элемента внешней политики и международной идентичности страны. Автор подчеркивает активную дипломатическую деятельность Туркменистана в области укрепления мира, безопасности и многостороннего сотрудничества в рамках ООН и других международных организаций. Особое внимание уделяется уникальности туркменской модели нейтралитета, трижды официально признанной резолюциями Генеральной Ассамблеи ООН, как примеру конструктивного нейтралитета. Работа также освещает вклад Туркменистана в международную стабильность и развитие через дипломатические инициативы и гуманитарные программы.

Ключевые слова: Туркменистан, постоянный нейтралитет, внешняя политика, международное право, дипломатия, Организация Объединённых Наций, региональная стабильность, международное сотрудничество, конструктивный нейтралитет, дипломатическая стратегия.

PECULARITIES OF THE NEUTRAL INTERNATIONAL LEGAL STATUS OF TURKMENISTAN

This article explores the diplomatic and institutional dimensions of Turkmenistan's Permanent Neutrality status in international relations. Emphasizing its legal, political, and historical context, the paper outlines how Neutrality has become a foundational element of Turkmenistan's foreign policy and international identity. It analyzes the country's proactive diplomatic efforts to promote peace, security, and multilateral cooperation within the framework of the United Nations and other global platforms. The uniqueness of Turkmen Neutrality–formally recognized three times by UN resolutions–is underscored as a model of constructive neutrality. The study further highlights the role of Neutrality in enhancing Turkmenistan's global standing and its contributions to regional and international stability through diplomatic dialogue and humanitarian initiatives.

Key words: Turkmenistan, Permanent Neutrality, Foreign Policy, International Law, Diplomacy, United Nations, Regional Stability, International Cooperation, Constructive Neutrality, Diplomatic Strategy.

Meretguly Öwlýägulyýew,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň professory, taryh ylymlarynyň kandidaty,

Güýçmyrat Soltanmyradow,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy.

TÜRKMEN BITARAPLYGY PARAHATÇYLYGYŇ WE YNANYŞMAGYŇ ÝOLUDYR

Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, sabyrlylyk, dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine wepalylyk türkmen halkyna gadymdan bäri mahsusdyr. Şonuň üçin hem Bitaraplyk derejämiz bizi daşky dünýä üçin has aýdyň we açyp görkezýär. Diňe şunuň özüni-de beýik gymmatlyk hasaplamak bolar [1; 25 s.].

Türkmenistan özbaşdaklygyna eýe bolandan soňra, ilkinji nobatda, ata-babalarymyzyň gadymdan gelýän bitaraplyk taglymatyny öňe sürüp başlady. Şunda biziň ýurdumyz hiç hili bileleşiklere gatnaşmaýan derejesini berkitmek bilen bilelikde daşary dünýä bilen gatnaşyklarynda ileri tutýan binýatlyk gymmatlyklaryny, bu babatdaky pikirlerini, dünýägaraýşyny dünýä aýan edýär we iş ýüzünde durmuşa geçirip başlaýar. Netijede bolsa, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» Rezolýusiýasyny biragyzdan kabul edýär. Şu ýyl türkmen halky halkara jemgyýetçiligi bilen bilelikde bu senäniň 30 ýyllygyny belleýär.

Dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilen we kanunda berkidilen Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesi parahatçylyk we ynsanperwerlik ýörelgelerine esaslanyp, dünýäniň ähli döwletleri bilen özara peýdaly ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklary saklaýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 2-nji maddasynda: «Türkmenistan dünýä bileleşi tarapyndan ykrar edilen we kanun esasynda berkidilen hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýedir. Birleşen Milletler Guramasy özüniň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky hem-de 2015-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» Rezolýusiýasynda Türkmenistanyň yglan eden hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar edýär we goldaýar; Türkmenistanyň bu hukuk ýagdaýyna hormat goýmaga we ony goldamaga, şeýle hem onuň garaşsyzlygyna, özygtyýarlygyna we çäk bitewiligine hormat goýmaga Birleşen Milletler Guramasynyň agzalary bolan döwletleri çagyrýar. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy onuň içeri we daşary syýasatynyň esasy bolup durýar» [4; 12–13 s.] diýlip bellenilýär.

Türkmenleriň taryhyna göz aýlasak, onda olaryň ata-babalarynda bitaraplyk syýasatynyň häsiýetli alamatlary baryp gadymy döwürlerden gözbaşyny alyp gaýdýandygyna göz ýetirmek bolýar. Munuň şeýledigini türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň: «Türkmen Bitaraplygymyz gadymy geçmişden gözbaş

almak bilen birlikde, geljege ýol salýan ýörelgedir» ýa-da «Hoşniýetli Bitaraplyk ata-babalarymyzyň ädimme-ädim sünnäläp gelen iňňän ynsanperwer ýol-ýörelgelerimiziň biridir» 2; 15 s.] diýip bellemegi hem doly tassyklaýar.

Hakykatdan hem, biziň ata-babalarymyz bolan oguzlar, hunlar, parfiýalylar, massagetler, dahlar, seljuk türkmenleri we beýlekiler taryhy sahna çykyp, onlarça döwletleri, imperiýalary döreden we dolandyran wagtlarynda hem ähli gadymy we orta asyr dünýäsindäki halklar olaryň jemgyýetçilik gurluşynyň adalatlydygyny beýan edipdirler hem-de olar bilen agzybir maşgala hökmünde ýaşaşmak isläpdirler. Bu barada Gahryman Arkadagymyz özüniň «Bitarap Türkmenistan» atly eserinde: «Türkmenleriň beýleki halklar bilen gatnaşyk edenlerinde mydama özara düşünişmek we ynanyşmak ýörelgelerinden ugur alandyklaryna taryh şaýatlyk edýär. Türkmen halky hemişe-de islendik jedelli meseläni çözmegiň, ilki bilen, parahatçylykly ýoluny öňe sürüpdir. Şu ýagdaýlara salgylanyp, taryhymyzyň özi şonda bize çylşyrymly ýagdaýdan çykmagyň dogry ugruny görkezdi. Türkmen Bitaraplygy – bu parahatçylygyň ýoludyr, biziň planetamyzyň ähli halklarynyň dostluk we doganlyk ýoludyr» diýip bellemek bilen, munuň şeýle bolandygyna ýene-de bir gezek güwä geçýär [1; 20 s.].

Muny b.e.ö. III asyrdan b.e. III asyry aralygynda ýaşap geçen türkmenleriň Beýik Parfiýa döwletiniň taryhynyň mysalynda hem görmek bolýar. Bu döwlet b.e.ö. III asyryň ortalarynda Türkmenistanyň çäginde döremek bilen, Beýik Ýüpek ýolunyň ösmegine getiren Hytaý imperiýasy bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýupdyr. Taryhy maglumatlara görä, ol döwürde Hytaýdan bu döwlete bir ýylyň dowamynda 10-a golaý missiýalar gelipdir. Bu gatnaşyklar parahatçylygyň we hoşniýetliligiň döremegine getirip, diňe bir söwda maksatlary üçin peýdalanylman, eýsem ikitaraplaýyn ylymlaryň, dünýä dinleriniň ýaýramagynyň özboluşly bir kadaly gatnaşyklarynyň özenine öwrülipdir. Galyberse-de, Parfiýa özünden başga-da antiki eýýamyň ýene-de iki sany uly imperiýasy bolan Rim bilen Hytaýyň arasyndaky köpri bolup hyzmat edipdir. Bu barada görnükli Gündogary öwreniji alym W. W. Bartold: «Parfiýa şasy Mitridat II dünýä taryhynda ilkinji bolup, Gündogar bilen Günbataryň arasyndaky parahatçylygy ýola goýan hökümdar» diýip nygtan bolsa [5; 62 s.], Gahryman Arkadagymyz bu barada: «Beýik Parfiýa döwleti Gündogarda Hytaý, Günbatarda Rim döwleti bilen ýakyn syýasy-diplomatik aragatnaşygy alyp baran ilkinji döwlet hökmünde taryhdan bellidir. Anyk taryhy maglumatlarda beýan edilmegine görä, baryp biziň eýýamymyzdan öňki I asyrda Parfiýa bilen Rimiň arasynda Bitaraplyk baradaky şertnama baglaşylypdyr. Bitaraplyk ýörite şertnamalarda baglaşylypdyr» diýip belleýär [8; 18–19 s.].

Galyberse-de, orta asyrlarda Beýik Seljuk türkmen döwletiniň döremegi, soňra bolsa dünýäniň meşhur jahan döwletine (imperiýa) öwrülmegi bilen diňe bir Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň däl-de, eýsem dünýä ykdysadyýetiniň gülläp ösmegine hem özüniň mynasyp goşandyny goşupdyr. Bu döwletiň döremegi bilen, onuň tabynlygyndaky ýerlerde özara ýykgynçylykly

uruşlaryň soňuna çykylýar. Bu bolsa, öz gezeginde, Beýik Ýüpek ýolunyň täzeden galkynmagyna getiripdir. Çünki Beýik Seljuk türkmen döwleti bu ýoluň howpsuzlygyny hem üpjün edipdir [5; 132 s.]. Netijede bolsa, döwletleriň özara ykdysady, söwda, medeni, diplomatik gatnaşyklary has janlanyp başlapdyr. Öz gezeginde, Gündogar we Günbatar sebit döwletleriniň arasyndaky ykdysady, söwda gatnaşyklary hem kadalaşdyrylypdyr. Netijede, imperiýanyň ähli söwda-kerwen ýollarynyň halkara söwda ýollaryna öwrülmegine getiripdir. Şoňa görä-de, bu döwür Beýik Seljuk türkmen döwletiniň düzümine giren halklaryň durmuşynda hojalygyň ähli pudaklarynyň gülläp ösen döwri hasaplanylypdyr [6; 232 s.]. Bulardan başga-da bu jahan döwletiniň ähli welaýatlaryny, şäherlerini bir-birleri bilen birleşdirýän, oňat abzallaşdyrylan söwda-kerwen ýollary bilen bir hatarda kerwensaraýlar, köpsanly dini we dünýewi mekdepler, kitaphanalar, hassahanalar, metjitler hem gurlupdyr. Beýik Seljuklar döwründe halk hojalygynyň ähli ugurlarynda – oba hojalygynda, hünärmentçilikde, binagärlikde, ruhy medeniýetde belent sepgitlere ýetilýär. Sözüň doly manysynda, durmuşyň ähli ugurlaryny öz içine alan ýokary derejede ösen şäher medeniýeti döreýär we ösýär. Şäherler diňe bir syýasy dolandyryş merkezi bolmak bilen çäklenmän, eýsem önümçilik, söwda, medeniýet, ylym we ruhy baýlyklaryň merkezine öwrülýär. Ykdysadyýetde bazar gatnaşyklarynyň giňden ornaşdyrylmagy bolsa, öz gezeginde, haryt önümçiligini öňde görlüp-eşidilmedik derejede ýokary galmagyna getiripdir.

Türkmenistan Bitaraplygyna eýe bolan gününden başlap, ata-babalarymyzyň gadymdan gelýän ýol-ýörelgelerine eýermek bilen, dünýä syýasatyna doly hukukly gatnaşyjy döwlet hökmünde sebit we dünýä derejesinde durnuklylygyň hem-de howpsuzlygyň üpjün edilmegine özüniň saldamly goşandyny goşup başlaýar. Biziň ýurdumyz ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça, terrorçylyga, neşe söwdasyna, häzirki döwrüň beýleki wehimlerine we howplaryna garşy göreşde BMG we dünýä döwletleri bilen yzygiderli hyzmatdaşlygy ýola goýýar. Bu bolsa, öz gezeginde, 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» Rezolýusiýasynyň dünýäniň 193 döwleti tarapyndan ikinji gezek biragyzdan kabul edilmegine getirýär [1; 514 s.]. Munuň özi bolsa türkmen Bitaraplygyna halkara derejesinde berlen ýene-de bir ýokary ynam bolýar. 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda bolsa BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde biziň Bitaraplyk günümiziň «Halkara Bitarplyk güni» hökmünde baýram edip bellemek baradaky Rezolýusiýanyň kabul edilmegi [3; 20 s.], öz gezeginde, BMG-niň türkmeniň Bitaraplygyna dünýä giňişliginde beren yokary ynamy diýsek bolar.

Şu günki günde biziň ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Goşulyşmazlyk Hereketi, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly abraýly halkara guramalary, Aziýa we Ýuwaş ummany sebitleriniň

döwletleri, Orta we Ýakyn Gündogar, Ýewropa hem-de Amerika ýurtlary bilen dürli ugurlardaky gatnaşyklarymyzy ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýär. Munuň şeýledigine Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň: «Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň 156 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary saklaýar, daşary ýurtlarda biziň 41 sany diplomatik wekilhanalarymyz we konsullyk edaralarymyz işleýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Nýu-Ýorkdaky, Ženewadaky we Wenadaky edaralarynyň ýanynda Türkmenistanyň hemişelik wekilhanalary hereket edýär. Ýurdumyz 54 sany halkara guramanyň agzasy bolup durýar, dürli ugurlar boýunça 187 sany halkara konwensiýalara we şertnamalara gatnaşýar. Türkmenistanda bolsa daşary ýurtlaryň 41 sany diplomatik we konsullyk edaralary, şol sanda 15 sany halkara guramanyň wekilhanasy işleýär. Häzirki wagtda Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki halkara guramalaryň 11 sany geňeşiniň we komissiýalarynyň saýlanan agzasy bolup durýar» [7; 58 s.] diýip aýtmagy hem ýene-de bir gezek doly güwä geçýär.

Hemmämiziň bilşimiz ýaly, 2025-nji ýylyň 21-nji martynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň üçünji gezek biragyzdan kabul edilmegi bolsa, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda türkmen diplomatiýasynyň öňdengörüjilikli syýasatynyň nobatdaky gezek ýeňşi bolup durýar. Munuň şeýledigini Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň: «Hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygynyň hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmeginiň 80 ýyllygynyň halkara ähmiýetini dabaralandyrýan bu hoş habar biziň müňýyllyklardan gözbaş alýan Bitaraplyk taglymatymyza, döwletimiziň Ýer ýüzünde ählumumy parahatçylygy we ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen ynsanperwer syýasatyna, parahatçylyk, ynanyşmak däplerini rowaçlandyrmak ugrundaky başlangyçlaryna berlen ýokary bahadyr. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň dünýä döwletleri tarapyndan goldanylýandygyny nobatdaky gezek tassyklaýan bu Kararnama Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen diplomatiýasynyň gazanan ägirt uly üstünligidir. Garaşsyz Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamalaryna laýyklykda indi üçünji gezek ykrar edilmegi demokratik, hukuk, dünýewi döwletimiziň, döredijiji, gurujy we parahatçylyk söýüji halkymyzyň halkara abraýyny has belent derejä göterýär» [9; 1 s.] diýip bellemegi hem tassyklaýar.

Sözümizi jemläp aýdanymyzda, Bitaraplyk we parahatçylyk özara aýrylmaz baglanyşykly düşünjelerdir. Bitaraplyk biziň ýurdumyzyň raýatlarynyň aňyna içerki durnuklylygyň, jemgyýet agzybirliginiň we ösüşiniň sinonimi hökmünde ornaşandyr. Iş ýüzünde alnyp barylýan halkara gatnaşyklarynda bolsa biziň

Bitaraplygymyz birek-birege hormat goýmak we deňhukukly esasdaky döwletara hyzmatdaşlygy hem-de özara bähbitli arkalaşygy aňladýar diýip aýtmak bolar.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bitarap Türkmenistan. – Aşgabat: TDNG, 2015.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan. – Aşgabat: TDNG, 2014.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – Aşgabat: TDNG, 2018.
4. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat: TDNG, 2023.
5. Beýik Ýüpek ýolunyň ugrundaky diplomatiýa: taryhdan geljege. Halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany. – Aşgabat: Ylym, 2014.
6. *Hojanyýazow T., Hojamedowa E.* Beýik Seljuk türkmen döwletiniň medeniýeti we ykdysadyýeti. – Aşgabat: Ylym, 2014.
7. *Serdar Berdimuhamedow*. Magtymguly – dünýäniň akyldary. – Aşgabat: TDNG, 2024.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany. – Aşgabat: TDNG, 2020.
9. «Türkmenistan» gazeti. – 2025, 25-nji mart.

НЕЙТРАЛИТЕТ ТУРКМЕНИСТАНА – ПУТЬ К МИРУ И ДОВЕРИЮ

После обретения Независимости Туркменистан в первую очередь начал продвигать доктрину нейтралитета, унаследованную от предков. Укрепляя статус страны как неприсоединившегося к каким-либо союзам государства, Туркменистан одновременно открыто заявляет миру о своих базовых ценностях, приоритетах во внешней политике, взглядах, мировоззрении, претворяя их в жизнь на практике.

Ключевые слова: нейтралитет, терпение, дружба, доброжелательность, добрососедство, верность, мир.

TURKMENISTAN'S NEUTRALITY – A PATH TO PEACE AND TRUST

After gaining Independence, Turkmenistan first and foremost began to promote the doctrine of Neutrality inherited from its ancestors. By strengthening its status as a country not affiliated with any alliances, Turkmenistan has simultaneously declared to the world its core values, foreign policy priorities, views, and worldview – and has started to implement them in practice.

Keywords: Neutrality, patience, friendship, goodwill, good neighborliness, loyalty, peace.

Ogulbagt Tölewowa,
Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy

TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI ÝÖRELGELERI: PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK

BMG-niň 2024-nji ýylyň 21-nji martyndaky 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip atlandyrmak bilen baglanyşykly 78/266 belgili Kararyna laýyklykda, Türkmenistan şu ýylyň dowamynda amala aşyrylmaly birnäçe işleriň we ileri tutulýan ugurlaryň Konsepsiýasyny kabul etdi [1]. Bu Konsepsiýa BMG-niň birnäçe ugurlaryny goşmak bilen, hususan-da, öňüni alyş diplomatiýasy, bitaraplygyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak, ynanyşykly dialog medeniýetini dikeltmek meselelerini sazlaşykly alyp barmagy meýilleşdirýär.

Türkmenistan BMG-niň ygtybarly, wezipelerini doly ýerine ýetirýän agzasy bolýandygy üçin, onuň öňe sürýän teklipleri biragyzdan agza ýurtlar tarapyndan goldanylýar. Sebäbi Türkmenistanyň öňe sürýän teklipleri diňe türkmen döwleti ýa-da sebit bilen baglanyşykly meseleleriň çözülişi bilen bagly bolman, tutuş adamzat bähbitli meseleleri öz içine alýar. Şol sebäpli, türkmen tarapynyň teklipleri agza döwletleriň ählisi tarapyndan goldaw tapýar. 2024-nji ýylda Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň nobatdaky 79-njy mejlisiniň wise-başlyklygyna saýlanylmagy ýurduň daşary syýasatynyň tutuş adamzat bähbitlidigini ýene bir ýola ykrar etdi. Türkmenistanyň BMG-niň münberinden eden teklipleriň üçüsiniň, ýagny 12-nji dekabr – Halkara Bitaraplyk gününiň, 3-nji iýun – Bütindünýä welosiped gününiň, 26-njy noýabr – Bütindünýä durnukly ulag gününiň halkara derejesinde bellenilmegi daşary syýasatyň dünýä halklary üçin bähbitlidigini subut edýär. Aslynda türkmeniň özgeler barada-da özi ýaly alada edýändigi onuň taryhy häsiýeti bolmaly. Çünki gadymy we orta asyr gaýry ýurtly taryhçylaryň ýazyp galdyran ýazgylarynda türkmeniň zorluk ulanmak däl-de, hormat-sylag, düşünişmek ýoly arkaly ýaşandygyna göz ýetirmek bolýar. Ermeni ýazyjylarynyň biri Seljuk soltany Mälikşanyň «Älemi uruş we zorluk bilen däl-de, eýsem söýgi we parahatçylyk bilen basyp alandygy» baradaky ýazgylaryny pars ýyl ýazyjysy Sadr ed-din al Nusaýni hem tassyklap, Soltan Alp Arslanyň «...adalat ganatlaryny öz raýatlaryna gerendigi we rehimdarlyk hem-de jomartlyk edendigi» [3] barada ýatlamalar galdyrypdyrlar.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda kabul edilen 50/80 belgili «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamasyna laýyklykda, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň ykrar edilmeginiň 30 ýyllygyna gabat gelýär. Geçen 30 ýylyň dowamynda Türkmenistan BMG-niň bitarap döwletlere ýükleýän borçlaryny doly we dogry jogapkärçilikli amala aşyrýan ýurtdugyny subut etdi.

Aslynda, öz üstüne borç edinip alan wezipesini nähili ýagdaý ýüze çykan bolsa-da, amala aşyrmak türkmeniň ganynda bar häsiýet bolmaly. Taryhy çeşmelerde bu barada saklanyp galan maglumatlaryň birinde parahatçylygy goramakda döwletleriň arasyndaky şertnamalar barada aýdylýar. Dünýä siwilizasiýasynyň merkezleriniň biri hökmünde ykrar edilen gadymy Marguşda dörän ilkinji dünýä dini bolan zoroastrizmiň mukaddes kitabynda «şertnamada wepaly bolmaklyga» çagyrýan gürrüňler bar. Şeýle-de türkmenleriň nesilleri hasaplanylýan hunlaryň Asman imperiýasynyň hökümdary bilen baglaşylan «Kasam şertnamasy» barada maglumatlar saklanyp galypdyr. Bu şertnama iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän resminama bolup, Han dinastiýasy bilen hunlaryň «bir maşgalany emele getirýändigini we mundan beýläk birek-biregi aldatmaly ýa-da hüjüm etmeli däldigini, ogullarymyzyň we agtyklarymyzyň nesilden-nesle şu kasama laýyklykda hereket etmelidigini» ýazylypdyr [4; sah. 29]. Türkmenleriň taryhy halklaryň arasynda parahatçylygy üpjün etmegi wada beren şeýle şertnamalaryň köpüsini bilýär. Bu häsiýet häzirki zaman türkmen döwletiniň häsiýetine öwrüldi. Şol sebäpli Baş Assambleýanyň 2015-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky 69/285 belgili Kararnamasy bilen Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýy gaýtadan tassyklandy.

Meşhur rus gündogarşynas akademigi W. W. Bartold taryhda seljuklaryň inçe syýasaty ýöredip, dünýäde meşhurlyk gazanandyklary barada belläp, orta asyrlarda musulman dünýäsindäki beýleki türk döwletleriniň hiç birisiniň başarmadyk wezipesini Seljuk imperiýasynyň başarandygyny ýazypdyr. Bu ýerde elbetde gürrüň seljuklaryň öz garamagyndaky ýerlerde alyp baran adalatly syýasaty barada aýdylýar. Dünýä jemgyýetçiliginiň döwletler üçin wajypdygy, adamzadyň parahatçylygynyň gymmatlylygy Türkmenistanyň başlangyjy bilen Baş Assambleýa tarapyndan 12-nji dekabr – Halkara Bitaraplyk güni hökmünde ykrar edilmegi bilen tassyklandy. Bu dereje türkmen halky üçin gymmatly hasaplanylýar. Sebäbi türkmenler ýüzlerçe ýyllap taryhyň ýollarynda aýlanyp, ajaýyp ýeňişleriň we ajy ýeňlişleriň yzlaryny galdyryp, bu ýoldaky döredilen başarnyklaryň hemmesini, parahatçylykly ýaşaýşa ýetmek üçin esas edinip häzirki taryhy döwre geldi. Yzygiderli taryhy wakalaryň içinde eýlenen türkmen parahatçylyga, hoşniýetli goňşuçylyk däplerine aýratyn hormat goýup, sarpalap, özboluşly medeniýeti döretdi.

Taryhyň ýyl ýazgylaryna göz aýlasak, türkmenleriň parahatçylygy söýmegini olaryň milli häsiýetiniň kesgitleýji aýratynlygy hökmünde düşünmek bilen çäklenmän, häzirki halkara arenasynda Türkmenistanyň özüni alyp barşynyň aýratynlyklaryna-da düşünip bileris. Türkmen bitaraplygynyň onuň taryhy häsiýetinden gözbaş alýandygyny gadymy gaýry ýurtly taryhçylaryň ýazgylaryndan hem göz ýetirip bileris. Bu barada rim taryhçysy Pompeý Trog şeýle ýazýar: «Adalatlylyk hakynda olaryň öz düşünjesi bar. Olarda iň agyr jenaýat ogurlyk... Beýleki halklarda-da kesekiniň zadyna şeýle garaýyş bolan bolsady, onda beýle uruşlar ýer ýüzünde asyrlaryň dowamynda bolmazdy» [2; sah. 6]. Türkmen döwleti

häzirki zaman dünýäsinde ýurtlaryň arasynda ylalaşmak, birek-birege hormat goýmak, milli medeni mirasy goramak meselelerinden ugur alyp ýaşaýandygy üçin asyrlaryň jümmüşinden geçip, milli häsiýetlerine esaslanýan Garaşsyz döwletini döretdi.

Taryhda Anadoly Seljuk türkmen döwletiniň soltany Gylyç Arslan II (1156–1192-nji ýyllar) dolandyran döwründe gaýry diniň buthanalaryny salgytlardan boşadandygy barada maglumatlar bar [2; sah.7]. Döwletiň jemgyýetçilik gurluşynda ýaşaýan gaýry ynançly halklaryň wekillerine seljuk soltanlary hemişe eglişikler edipdirler, olary kemsitmelere sezewar etmändirler. Türkmenleriň şeýle parahatçylyk söýüjilikli, ynsanperwer häsiýetleri barada taryhy çeşmeler gaty kän.

Umuman, türkmen bitaraplygynyň garaşsyz türkmen jemgyýeti üçin täzelik däl-de, öň ata-baba ganynda-aňynda bar bolan düşünjedigini taryh subut edýär. Türkmen bitaraplygynyň häzirki zaman häsiýetini türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň 62-nji sessiýasyndaky çykyşynda häsiýetlendirip, Türkmenistanyň ähli ugurlar boýunça özara hyzmatdaşlyga açykdygyny, Milletler Guramasy, dünýä döwletleri bilen parahatçylyk, özara düşünişmek, ikitaraplaýyn adamzat bähbitli gatnaşyklary amala aşyrmaga Türkmenistanyň taýýardygyny belledi.

EDEBIÝAT

1. Türkmenistan. 2025-nji ýylyň 15-nji ýanwary, №13 (31282).
2. *Gündogdyýew Ö.* Türkmen diplomatiýasynyň taryhyndan. – A., 2003.
3. *Гундогдыев О.* Лучезарный Мелик шах. – А., 1998.
4. *Кычанов Е*. Кочевые государства от гуннов до маньчжуров. – М., 1997.

НАЦИОНАЛЬНЫЕ ПРИНЦИПЫ ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА: МИР И ДОВЕРИЕ

На протяжении всей истории туркменский народ умел строить отношения с другими странами и народами мира только в интересах прогресса и мира и создавал свои национальные ценности, исходя из этих стремлений. Национальные принципы, в которые верят и которым следуют туркмены, пережившие различные жизненные и исторические события, берут свое начало в уважении и доверии. В туркменской философии жизни понятия доверия, мира и спокойствия взаимно усиливают друг друга, если рассматривать их осмысленно. Главными чертами, отличающими туркмен от других народов, зафиксированных в исторических источниках, являются доверие, миролюбие и выдержа и достоинства. Исторические источники, подтверждающие эти качества, можно найти в трудах иностранных историков и путешественников.

Ключевые слова: туркменский народ, отношения, народы мира, прогресс, национальные ценности, история, философия, доверие, миролюбие.

NATIONAL PRINCIPLES OF THE TURKMEN PEOPLE: PEACE AND TRUST

Throughout history, the Turkmen people have been able to build relationships with other countries and peoples of the world only in the interests of progress and peace and have created their national values based on these aspirations. The national principles that the Turkmen, who have experienced various life and historical events, believe in and follow, originate in respect and trust. In the Turkmen philosophy of life, the concepts of trust, peace and tranquility mutually reinforce each other if considered meaningfully. The main features that distinguish the Turkmen from other peoples in historical sources are trust, peacefulness and tranquility. Historical sources confirming these qualities can be found in the works of foreign historians and travelers. National principles of the Turkmen people: trust, peace and tranquility.

Key words: Turkmen people, relations, world nations, progress, national values, history, philosophy, trust, peace loving.

Ýazgeldi Saryýew,
S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy

TÜRKMENISTANYŇ PARAHATÇYLYK WE DURNUKLY ÖSÜŞ BABATYNDAKY ÖŇE SÜRÝÄN MÖHÜM BAŞLANGYÇLARY

Gahryman Arkadagymyzyň pähim-paýhasly başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen ýurdumyzda ähli ugurlar boýunça uly ösüşler gazanylýar, eziz Watanymyzyň dünýädäki abraýy barha artýar. Hemişelik Bitarap döwletimiziň öňe sürýän başlangyjy esasynda 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi dünýä ýüzünde ählumumy parahatçylygy, durnukly ösüşi berkitmek ugrundaky tagallalarymyzyň rowaçlanýandygyny tassyklaýar. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly hem-de özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam etmek ýaly ýörelgelere eýerýär. Ata-babalarymyz asyrlarboýy parahatçylyga uly hormat goýup, ony iň möhüm gymmatlyklaryň biri hökmünde kabul edipdirler.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän özgertmeler Türkmenistan döwletimiziň dünýä döwletleriniň arasynda barha belende galýan halkara abraýynyň ýokarlanmagyna uly itergi berýär. Hemişelik Bitarap Türkmenistan bu gün dünýäde parahatçylygyň mekany hökmünde tanalýar. Hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän içeri we daşary syýasatynyň özeni

parahatçylyk, ynanyşmak ýörelgelerinden ugur alýar. Umumadamzat taryhyndan belli bolşy ýaly, ähli üstünlikler parahatçylyk ýoly bilen amala aşyrylýar. Howpsuzlygyň, ählumumy parahatçylygyň, durnukly ösüşiň bähbidi ugrunda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk ýurdumyzyň daşary syýasy strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Ýurdumyz 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň doly ygtyýarly agzasy bolan ilkinji gününden başlap, bu iri halkara guramanyň çäklerinde netijeli köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy durmuşa geçirýär. Häzirki wagtda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy sebitde durnuklylygy üpjün etmekde, geosyýasy we milli bähbitlere salgylanmak we oňa eýermek esasynda ýurtlaryň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürýän ýurt hökmünde çykyş edýär. Hormatly Prezidentimiziň öňe sürýän halkara başlangyçlary halkara gatnaşyklaryny täze çemeleşmeler bilen baýlaşdyrýar. Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýäde parahatçylygy, durnuklylygy, deňhukukly hyzmatdaşlygy üpjün etmäge gönükdirilen daşary syýasaty alyp barýar. Ýurdumyzyň häzirki döwürde amala aşyrýan hoşniýetli, ynsanperwer daşary syýasaty anyk ýörelgelere esaslanýar.

Bitarap Türkmenistanyň hoşniýetli syýasatynyň giň mümkinçiliklerinden peýdalanmak, döwletimiziň halkara bileleşigindäki abraýly ornuny mundan beýläk-de pugtalandyrmak, sebitde syýasy durnuklylygy saklamak, ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmek, dostlukly we özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek, umumadamzat bähbitli gatnaşyklary wagyz etmek işinde ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk derejesiniň ähmiýeti örän uludyr.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň Bitaraplygy sebitde dünýä döwletleriniň tagallalaryny parahatçylyk döredijilik ugruna gönükdirmekde görnükli orun eýeleýär. Türkmen döwleti sebitde syýasy durnuklylygy saklamakda we goldamakda, hoşniýetli goňşuçylygy, dostlugy we hyzmatdaşlygy ösdürmekde BMG-niň netijeli hyzmatdaşy we tarapdary hökmünde çykyş edýär. Şu nukdaýnazardan, BMG Türkmenistanyň parahatçylygy we asudalygy berkitmekde, Merkezi Aziýa sebitinde syýasy durnuklylygy gazanmakda bitiren hem bitirip biljek hyzmatlaryny nazara alyp, 2007-nji ýylda Aşgabatda Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezini açmak barada taryhy netijä geldi. Şoňa görä-de, häzirki wagtda Türkmenistanyň bu abraýly guramanyň sebitde parahatçylyk merkezine öwrülendigini bütin dünýä ykrar edýär.

Häzirki wagtda hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine eýe bolan Türkmenistan döwletimiz BMG bilen özara gatnaşyklary has-da ösdürýär we halkara giňişliginde ählumumy ykrar edilen hukuk kadalaryna yzygiderli eýerýär. Munuň aýdyň subutnamasy hökmünde ýurdumyzy Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan Bitaraplyk derejesi üç gezek ykrar edilen ýeke-täk döwlet hökmünde görkezmek bolar. 2025-nji ýylyň 21-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş

Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama kabul edildi. Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen ilkinji Bitarap döwlet bolmak bilen, Türkmenistan şu geçen döwrüň içinde halkara derejesinde uly ähmiýeti bolan başlangyçlary öz içine alýan giň möçberli oňyn tejribeleri toplady. Ýurdumyz hoşniýetli Bitaraplyk ýörelgesine wepaly bolup, dünýä döwletleri, iri halkara we sebit guramalary bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrýar. Häzirki wagtda Bitarap döwletimiz dünýäniň köp döwletleri bilen özara bähbitli, deňhukukly hyzmatdaşlygy ýola goýup, dost-doganlyk gatnaşyklaryny alyp barýar. Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Goşulyşmazlyk Hereketi, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy we beýleki iri halkara guramalary bilen özara bähbitli gatnaşyklar yzygiderli ösdürilýär.

Hormatly Prezidentimiz 2025-nji ýylyň 3-4-nji aprelinde Özbegistan Respublikasyna iş saparyny amala aşyryp, «Merkezi Aziýa – Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki birinji sammite we Samarkant halkara klimat forumyna gatnaşdy. Bu geçirilen sammitde Arkadagly Gahryman Serdarymyz: «Türkmenistan bilelikdäki işiň örän möhüm wezipeleriniň arasynda sebit parahatçylygyny, howpsuzlygyny hem-de durnuklylygyny gazanmaga we saklamaga aýratyn ähmiýet berýär» diýip, parasatly belläp geçdi. Çünki Merkezi Aziýa parahat, ykdysady taýdan özüne çekiji, geosyýasy dawalara we gapma-garşylyklara goşulmaýan durnukly sebit bolup, hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, Türkmenistan öz Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna we halkara borçnamalaryna laýyklykda, şu maksatlara ýetmek üçin iş alyp barmaga taýýardyr. Türkmenistan Bitarap döwlet hökmünde dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylyk we dostlukly gatnaşyklary ösdürmäge, özara peýdaly hyzmatdaşlygy berkitmäge gönükdirilen syýasaty alyp barýar. Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň 19-njy martynda paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarsynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahat geçirildi. Bu forumda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz öz çuňňur manyly çykyşynda: «Biziň ýurdumyz Bitaraplyk syýasatyny, «Açyk gapylar» ykdysady strategiýasyny durmuşa geçirmek bilen, netijeli hyzmatdaşlyk etmäge taýýardyr» diýip belläp geçdi. Ýurdumyz şeýle işleri Birleşen Milletler Guramasy bilen işjeň hyzmatdaşlykda durmuşa geçirýär. Türkmenistan BMG tarapyndan işlenilip düzülen halkara konwensiýalaryň, ylalaşyklaryň we jarnamalaryň onlarçasyna goşulyp, olarda kabul edilen düzgünnamalary gyşarnyksyz ýagdaýda yzygiderli berjaý edýär.

Hormatly Prezidentimiziň dost-doganlyga, ynanyşmaga, ynsanperwerlige, birek-birege bähbitli, uzakmöhletleýin gatnaşyklara ýol açýan «Açyk gapylar» syýasaty, diňe bir Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde däl,

eýsem dünýä ýüzünde dabaralanýar. Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» atly kitabynda: «Türkmen Bitaraplygynyň ozal bar bolan nusgalardan hil taýdan tapawutlanýan nusgasynyň döredilmegi bilen dünýä diplomatiýasynda täze başlangyçlara badalga berildi» diýip belleýär [3]. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň gazanýan üstünlikleri bütin dünýäde uly gyzyklanma döredýär. Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda gatnaşyklar has işjeň häsiýete eýe bolýar, hödürlenýän teklipler sebitde we dünýäde parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbitlerine laýyk gelýär, onuň strategik ugry bolup durýar.

Ýurdumyzyň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk derejesi esasy Kanunymyz bilen berkidildi. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň 9-njy maddasynda: «Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly subýekti bolup, daşary syýasatda hemişelik bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmakdan we harby bileleşiklere hem birleşmelere gatnaşmakdan ýüz döndermek, sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam etmek ýörelgelerine eýerýär. Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň ileri tutulmagyny ykrar edýär» diýip görkezilýär [4].

Ata Watanymyz Türkmenistan hormatly Prezidentimiziň parasatly, öňdengörüjilikli baştutanlygynda taryh üçin örän gysga döwrüň içinde dünýäniň okgunly ösýän döwletleriniň hataryna goşuldy. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň alyp barýan parahatçylyk söýüjilikli we ynsanperwer syýasaty netijesinde ýurdumyz bedew bady bilen ynamly öňe barýar we halkara derejesindäki abraý-mertebesi has-da belende galýar.

Gahryman Arkadagymyz: «Bitarap Türkmen döwleti häzirki döwürde dünýäniň ösen ýurtlarynyň arasynda mynasyp orny eýeleýär. Türkmenistanyň yzygiderli amala aşyrýan içeri we daşary syýasaty Ýer ýüzüniň döwletleri we halklary bilen dostluk hem-de hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgeleri esasynda ýakyn aragatnaşyk saklamak babatda asyrlaryň dowamynda emele gelen milli däplerimize doly laýyk gelýär» diýip belläp geçýär [1]. Ýurdumyzyň alyp barýan «Açyk gapylar» syýasaty netijesinde sebit we dünýä döwletleri bilen hoşniýetli dost-doganlyk gatnaşyklary, özara bähbitli, deň hukukly hyzmatdaşlyklar barha ösdürilýär. Türkmen halkynyň şöhratly ata-babalarynyň ýolundan ugur alyp, parahatçylyk ýörelgelerine eýermek bilen, Gahryman Arkadagymyz «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly ajaýyp eserinde hut şu çagyryş bilen dünýä bileleşigine ýüzlenýär [2]. Gahryman Arkadagymyz bu eserini örän wajyp meselä – dünýäde parahatçylygy gorap saklamak meselesine bagyşlaýar. Bitaraplyk derejesi dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen ýurt hökmünde Türkmenistan netijeli hyzmatdaşlykda toplanan oňyn tejribäniň berkidilmegini özüniň baş maksady hasaplaýar. Berkarar Watanymyzyň dünýäniň ähli ýurtlary bilen özara bähbitli we netijeli gatnaşyklary ýola goýmak

hem-de halkara guramalary bilen oňyn hyzmatdaşlyk etmek meseleleri döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şu nukdaýnazardan, ýurdumyz sebit we dünýä döwletleri bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary we medeni-ynsanperwer ugurlarda hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Türkmenistan döwletimiz hemişelik oňyn bitaraplyk syýasatyny saýlap almak bilen, BMG bilen köpugurly hyzmatdaşlygyň yzygiderli ösdürilmegine uly ähmiýet berýär.

Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň parahatçylyk söýüjilik daşary syýasaty diňe bir öz halkymyzyň däl, eýsem bütin dünýäniň döwletleriniň we halkara guramalarynyň uly goldawyna eýe boldy. Bitarap Watanymyzyň daşary syýasat ugrunyň esasyny ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmaga, ähli döwletler hem-de halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy giňeltmäge gönükdirilen başlangyçlar, hyzmatdaş ýurtlar bilen özara bähbitli we deňhukukly gatnaşyklar düzýär. BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» hakyndaky Kararnamanyň üçünji gezek kabul etmegi Garaşsyz Watanymyzyň dünýä giňişligindäki belent abraýynyň, hormatly Prezidentimiziň sebitde we dünýäde parahatçylygyň, abadançylygyň, gülläp ösüşiň üpjün edilmegine gönükdirilen döredijilikli başlangyçlarynyň giň goldawa eýe bolýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bitarap Türkmenistan. – Aşgabat: TDNG, 2016.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – Aşgabat: TDNG, 2016.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany. Aşgabat: TDNG, 2020.

4. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat: TDNG, 2023.

ВАЖНЫЕ ИНИЦИАТИВЫ ПО ОБЕСПЕЧЕНИЮ БЕЗОПАСНОСТИ И УСТОЙЧИВОГО РОСТА ТУРКМЕНИСТАНА

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства позиции страны в системе международных отношений возрастают. Под мудрым руководством уважаемого Президента наша страна все больше развивает и укрепляет равноправные, взаимовыгодные, дружественные и братские отношения со странами региона и мира. Постоянное развитие правового статуса Туркменистана дало прекрасную возможность не только укрепить безопасность и мир во всем мире, но и создать новый инструмент решения

геополитических проблем в глобальном масштабе. В результате избранной политики Туркменистан повысил международное политическое доверие к поддержанию политической стабильности в регионе, укреплению отношений добрососедства и сотрудничества.

Ключевые слова: международные отношения, братские отношения, укрепление мира и стабильности, экономические вопросы, сохранение политической целостности, добрососедство, отношения сотрудничества, мировые державы.

KEY INITIATIVES FORWARDING SECURITY AND SUSTAINABLE GROWTH OF TURKMENISTAN

During the Revival of the New Era of Powerful State, the country's position in the international relations system is increasing. Under the wise leadership of the Honorable President, our dear Motherland is increasingly developing and strengthening equal rights, mutually advantageous, friendly and brotherly relations with regional and world countries. The continuous development of the legal status of Turkmenistan has given a great opportunity not only to strengthen security and peace in the world, but also to create a new tool for solving geopolitical problems in the world. As a result of its chosen policy, Turkmenistan has increased its international political trust in maintaining political stability in the region, strengthening good neighborly and cooperative relations. Our country implements such activities in active cooperation with the United Nations. Turkmenistan joins dozens of international conventions, agreements and declarations developed by the United Nations, and consistently adheres to the regulations adopted in them. During the Revival of the New Era of Powerful State, the humanitarian foreign policy of Neutral states to strengthen peace and develop international cooperation is focused on success.

Key words: international relations, brotherly relations, strengthening peace and stability, economic issues, maintaining political integrity, good neighborliness, cooperative relations, countries of the world.

Töfe Hoşanowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnalynyň redaksiýasynyň redaktory

TÜRKMENISTANYŇ HEMIŞELIK BITARAPLYGYNYŇ HALKARA PARAHATÇYLYGY WE YNANYŞMAGY ÜPJÜN ETMEKDE DERWAÝYSLYGY

Häzirki wagtda halkara gatnaşyklarynyň kämilleşmegi integrasion we global proseslerin, ykdysady hyzmatdaşlygyň ösmegi we parahatçylyk söýüji güýçleriň işjeňleşmegi bilen häsiýetlendirilýär. Halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmegiň, berkitmegiň we gorap saklamagyň serişdeleriniň biri bolup bitaraplyk hyzmat edýär. Şonuň üçin bitaraplyk instituty halkara hukugynda uly orun eýeleýär we onuň kämilleşmegini seljermek örän wajyp bolup durýar.

Bitaraplyk döwletiň aýratyn ýagdaýy hökmünde syýasy häkimiýetiň we döwlete meňzeş emele gelmeleriň döremegi bilen bir wagtda peýda bolupdyr. Bitaraplyk instituty aýry-aýry ýurtlaryň daşary syýasy strategiýasyny alyp barmagyň iň gadymy görnüşlerinden biri bolup durýar.

Gadymy döwürde bitaraplyk düşünjesi kän ulanylmandyr. Orta asyrlarda döwletleriň arasynda söwda bähbitleriniň ösdürilmegine, şeýle hem milli we dini aýratynlyklara esaslanýan gatnaşyklar ýola goýulsa-da, bitarap döwletleriň hukuklary hormatlanmandyr (esasan hem, deňiz urşunda). Diňe XVI asyrda bitaraplyk babatdaky garaýyşlar durnukly häsiýete eýe bolýar we ol uruşýan taraplaryň ýaragly jedeline goşulmazlyk hökmünde kesgitlenilýär.

Bitaraplyk instituty hukuk adalgasyny ilkinji gezek XVI asyrda ulanylýar. Bu termin D.Boteriniň «Della Ragione di Stato» (Milano, 1546) işinde bellenilýär [6].

Gadymy döwürlerde bitaraplyk instituty durnukly häsiýete eýe däldi. Şunuň bilen baglanyşykly O. I. Tiunow «Gadymy döwürde bitarap döwletiň çäkleri köp halatda duşmançylykly hereketleri alyp barmagyň ýerine öwrülýärdi» ýa-da «Uruşýan taraplar bitarap çäkleriň eldegirmesizligini hormatlamaga borçly däl» diýip belleýär [5; sah. 5].

Uzak wagtyň dowamynda halkara howpsuzlygyny we parahatçylygy üpjün etmegiň we gorap saklamagyň diplomatik serişdeleriniň biri bolup bitaraplyk çykyş edýär. Bitaraplyk halkara hukugynyň instituty hökmünde özüniň taryhy ösüşinde birnäçe tapgyrlary geçdi we olaryň dowamynda bitaraplygyň hukuk we syýasy taraplarynyň berk arabaglanyşygyny görkezdi. Häzirki zaman bitaraplyk hukuk ýagdaýy düşünjesi XIX asyrda ýüze çykdy.

Fransuz alymy Despansýe bitarap döwlet hökmünde beýleki döwletleriň arasynda ýüze çykýan duşmançylykly hereketlere göni we gytaklaýyn goşulmaýan döwleti kesgitläpdir [7; sah. 796].

Bitaraplyk düşünjesini iki çygyrda – syýasy we halkara hukugy çygrynda göz öňünde tutup bolýar. Halkara hukugy çygrynda bitaraplyk instituty özygtyýarly döwletiň belli bir hukuklaryny we borçlaryny göz öňünde tutýan halkara hukuk ýagdaýyny kabul etmegi we bu hukuk ýagdaýynyň azyndan bir döwlet tarapyndan ykrar edilmegini, şuňa laýyklykda bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolan döwlet uruşýan taraplaryň duşmançylykly hereketlerine göni we gytaklaýyn gatnaşmazlygyny, uruşýan taraplara göni ýa-da gytaklaýyn kömek bermezligi aňladýar [9; sah. 126].

A. Kamarowskiý hemişelik bitarap döwlet düşünjesini halkara ylalaşygynyň baglaşylmagynyň netijesinde hemişelik esasda bitaraplaşdyrylan döwlet hökmünde kesgitleýär [8; sah. 206].

B. W. Ganýuşkin özüniň «Bitaraplyk we goşulmazlyk» diýen işinde bitaraplyga doly we takyk kesgitleme bermäge synanyşypdyr. Onuň pikirine görä, döwletiň harby bileleşiklere hem-de toparlanyşyklara gatnaşmazlygyny, onuň territoriýasynyň harby bazalary gurmak üçin berilmezligini we özara ylalaşyk esasynda bu döwletiň beýleki döwletler bilen dostlukly gatnaşyklary amala aşyrmagyny göz öňünde tutýan bitaraplyk syýasatyny parahatçylyk söýüji döwlet amala aşyrmalydyr [4; sah.23].

Bitaraplyk bilen baglanyşykly meseleleri seljerýän halkara hukukçylaryň ýene biri Býunkerşokdyr. Ol bitaraplygy hiç bir ýagdaýda uruşýanlaryň işjeňligi bilen baglanyşykly meselelere goşulyşmazlyk hökmünde kesgitleýär [6].

Hemişelik bitaraplyk düşünjesi syýasy babatda, ilkinji nobatda, hemişelik bitarap döwletiň öz milli bähbitlerine laýyklykda halkara giňişliginde alyp barýan daşary-syýasy strategiýasyny aňladýar we onuň düýp mazmuny uruş hereketlerine gatnaşmazlyk, harby birleşmelere goşulmazlyk, öz çäklerinde daşary ýurt harby bazalaryny we goşunlary ýerleşdirmezlik ýaly ýörelgeleri iş ýüzünde amala aşyrmak bilen baglydyr [3, 51 s.].

Türkmenistan hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny dünýä ýüzünde ykrar edilmegini gazanmak ugrundaky tagallasyny döwlet Garaşsyzlygyny gazanandan soňra durmuşa geçirmäge mümkinçilik aldy. 1991-nji ýylda Türkmenistanyň Konstitusiýasynda ýurduň Garaşsyzlygynyň we döwlet gurluşynyň binýatlaýyn hukuk esaslarynyň goýulmagy bu ugurdaky ilkinji ädim boldy.

Türkmenistan halkara, sebit hem-de döwletara hyzmatdaşlyk mehanizmlerine işjeň gatnaşmak bilen, halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmekde işjeň daşary syýasaty durmuşa geçirýär. Ählumumy howpsuzlyk meselelerinde Türkmenistan bar bolan we bolup biljek jedelleri hem-de gapma-garşylyklary çözmek, öňüni almak üçin halkara jemgyýetçiligini amaly serişdeler bilen üpjün etmäge ukyply bolan BMG-niň çäginde bitaraplyk nusgasyny öňe sürmäge aýratyn ähmiýet berýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky hem-de 2015-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» Kararnamalarynda Türkmenistanyň

yglan eden hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar edýär we goldaýar. Şeýle-de Türkmenistanyň bu hukuk ýagdaýyna hormat goýmaga, ony goldamaga, onuň garaşsyzlygyna, özygtyýarlygyna we çäk bitewüligine hormat goýmaga Birleşen Milletler Guramasynyň agzalary bolan döwletleri çagyrýar. Täze taryhy döwürde Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy sebitde hem-de dünýäde hyzmatdaşlygyň, goňşuçylyk gatnaşyklarynyň ösdürilmegine, giňeldilmegine itergi berýär.

Türkmenistanyň halkara giňişliginde Durnukly ösüş maksatlary, öňüni alyş diplomatiýasy, derwaýys sebit meseleleri boýunça öňe sürýän daşary syýasy başlangyçlary BMG we beýleki halkara düzümler tarapyndan yzygiderli goldanylýar.

Hemişelik Bitaraplygy ykrar etmegiň iň ýokary halkara-hukuk derejesi Türkmenistanyň mysalynda halkara gatnaşyklarynyň we diplomatiýanyň taryhynda ilkinji gezek bolup geçdi. Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň Konstitusiýada beýan edilmegi dürli görnüşlerde ýüze çykýar.

Agzalan mesele bilen baglylykda, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 2-nji maddasynda şeýle bellenilýär: «Türkmenistan dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen we kanun esasynda berkidilen hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýedir. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Bitaraplyk hukuk statusyny alan Türkmenistan oňyn Bitaraplygyň esasy ýörelgelerinden ugur alyp, sebitiň we dünýäniň halklarynyň bähbidine gönükdirilen işjeň daşary syýasaty amala aşyrýar. Halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna, deňhukuklylyk, birek-birege hormat goýmak, hoşniýetli goňşuçylyk hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine eýermek bilen, halkara giňişliginde mynasyp orny eýeleýär.

1999-njy ýylyň Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Konstitusiýasynyň tekstine laýyklykda, «bitaraplyk adalgasy» bilen baglanyşykly kada 173-nji maddanyň 1-nji bendinde «Federal Ýygnak... Şweýsariýanyň Bitaraplygyny goramak maksady bilen... zerur çäreleri amala aşyrýar» we 182-nji maddanyň 1-nji bendine «Federal Geňeş... Şweýsariýanyň Bitaraplygyny saklamak maksady bilen... zerur çäreleri alyp barýar» diýip bellenilýär [10].

Şeýlelikde, bitaraplyk we bitarap döwletleriň işjeňligi häzirki döwürde halkara jedelleri parahatçylykly ýollar bilen çözmek hem-de täze howplara garşy adalatly we täsirli mehanizmi döretmäge mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk ýagdaýy ählumumy strategik deňeçerligiň möhüm guraly hökmünde sebit howpsuzlygyny üpjün etmegiň esaslarynyň biri bolup çykyş edýär.

Häzirki wagtda Bitarap Türkmenistanyň çägi sebitleýin gün tertibiniň birnäçe çylşyrymly meseleleri boýunça gepleşikleri geçirmek üçin kabul ederlikli ýer hökmünde birnäçe gezek saýlandy. Umuman, bitaraplyk ýörelgeleri, onuň parahatçylyk dörediji mümkinçilikleri, gapma-garşylyklary kadalaşdyrmak, olaryň öňüni almak hem-de aradan aýyrmak, ony gepleşikler arkaly çözmek meselesinde özüniň netijeliligini görkezýär hem-de halkara diplomatik gatnaşyklarynda möhüm orun eýeleýär we ýokary derejede ykrar edilýär.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – abadançylygyň we rowaçlygyň ýurdy. – A.: TDNG, 2015.
2. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A., 2023.
3. *Karaýew B*. Halkara gatnaşyklarynda Bitaraplyk syýasaty. – A.: TDNG, 2019.
4. *Ганюшкин Б.В*. Нейтралитет и неприсоединение. – М., 1965.
5. *Тиунов О.И.* Нейтралитет и международном праве. – Пермь: Издание ПГУ, 1968.
6. *Троекуров Э.Р*. Нейтралитет как институт международного права. – Право и политика, 2008, №1.
7. *Despagnet F.* Course de droit international public. – Paris, 1910.
8. *Комаровский Л.А., Уляницкий В.А*. Международное право. – М., 1908.
9. *Нольде Б.Е*. Постоянно нейтральное государство. – СПб., 1905.
10. Союзная конституция Швейцарской Конфедерации от 18 апреля 1990 года. – 12.11.2024.

ПОСТОЯННЫЙ НЕЙТРАЛИТЕТ ТУРКМЕНИСТАНА: ЗНАЧИМОСТЬ В ПОСТРОЕНИИ МЕЖДУНАРОДНОГО МИРА И ДОВЕРИЯ

В настоящее время активные усилия нейтральных государств дают возможность для создания справедливого и действенного механизма по предотвращению вооруженных конфликтов и решению международных споров мирным путем. Туркменистан, придерживаясь принципов Нейтралитета, проводит активную внешнюю политику в интересах народов региона и всего мира.

Ключевые слова: нейтралитет, мир, международная безопасность, доверие, внешнеполитический курс.

PERMANENT NEUTRALITY OF TURKMENISTAN: IMPORTANCE IN BUILDING INTERNATIONAL PEACE AND TRUST

Currently, the active efforts of Neutral states provide an opportunity to create a fair and effective mechanism to prevent armed conflicts and resolve international disputes peacefully. Turkmenistan, adhering to the principles of Neutrality, pursues an active foreign policy in the interests of the peoples of the region and the entire world.

Key words: Neutrality, peace, international security, trust, foreign policy.

Baýrammuhammet Atanepesow,
Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy

HEMIŞELIK BITARAPLYK SYÝASATY: ÝETILEN SEPGITLER WE TARYHY TEJRIBE

Geçen döwrüň dowamynda toplanan tejribe Türkmenistanyň daşary syýasatynyň, öňi bilen, hemişelik Bitaraplygyň milli we halkara ynamy doly ödändigini subut etdi. Ýurduň daşary syýasat ugrunyň binýady bolup durýan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy halkara hukugynyň we diplomatiýasynyň üýtgewsiz ýörelgelerini, şeýle hem parahatçylyk dörediji gatnaşyklaryň oňyn tejribesini özünde jemleýär. Häzirki döwürde türkmen Bitaraplygyna sebitde we halkara derejesinde durnuklylygy üpjün etmegiň aýrylmaz bölegi we möhüm şerti hökmünde garalýar. Ýurduň bu hukuk ýagdaýyna Merkezi Aziýada we onuň çäklerinden daşarda döwletara gatnaşyklaryny ýola goýmagyň wajyp guraly, özara düşünişmegiň we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny ösdürmegiň netijeli usuly hökmünde ýokary baha berilýär. Wagtyň görkezişi ýaly, hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy kabul etmek hakynda Türkmenistanyň başlangyjy Milletler Bileleşiginiň doly goldawyna eýe bolup, geljege gönükdirilen dogry we öňdengörüjilikli çözgüt boldy. Geçen ýyllaryň içinde Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasy ugry diňe milli bähbitlere däl-de, eýsem dünýä bileleşiginiň uzakmöhletleýin maksatlaryna, ählumumy durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirildi. Munda döwletara gatnaşyklarynyň binýatlyk esasy hökmünde BMG-niň Tertipnamasynyň ýörelgeleriniň ileri tutulmagy ýurduň daşary syýasatynyň halkara giňişliginde iň ýokary derejede ykrar edilmegini gazandyrdy.

Geçen ýyllaryň dowamynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň, döwletleriň we halklaryň arasynda hakyky dostlukly hem-de hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmagyň täsirli guraly hökmünde özüni görkezdi. Muňa mysal hökmünde geçen asyryň 90-njy ýyllarynda Owganystandaky ýagdaýy kadalaşdyrmak, parahatçylykly ýol arkaly çözmek boýunça Aşgabatda birnäçe tapgyrdan ybarat bolan gepleşikleriň geçirilendigini belläp geçmelidiris. Bularyň ählisi Türkmenistanyň parahatçylygy döretmek babatda uly mümkinçiliklere eýedigini görkezýär. Türkmen döwleti 30 ýylda halkara bileleşigine oýlanyşykly, çynlakaý, işjeň we jogapkärli goşulýandygyny äşgär etdi. Şeýle-de ýurtda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň degişli Rezolýusiýalary bilen üç gezek ykrar edilen hem-de Konstitusiýada berkidilen oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine berk eýerip, dünýä bileleşiginiň bähbitlerine, ählumumy parahatçylygyň, howpsuzlygyň we abadançylygyň maksatlaryna doly laýyk gelýän hoşniýetlilik, dostluk we giň halkara hyzmatdaşlyk syýasatyň gyşarnyksyz alnyp barylýandygyny görkezdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Bitarap Türkmenistan» atly kitaby türkmen bitaraplygynyň taryhy kökleri, türkmen halkynyň toplan baý tejribesi, bitaraplygyň türkmen nusgasynyň sebit we halkara ähmiýeti, häzirki zaman hakykaty hökmünde, türkmen bitaraplygynyň artykmaçlyklary we üstünlikleri babatda çuň manyly garaýyşlary özünde jemleýän eserdir. Ýeri gelende bellesek, bu kitap türkmen halkynyň Milli Lideriniň Türkmenistanyň Bitaraplygynyň esaslary we düýp mazmuny bilen bagly pikirlerini hem öz içine alýar. Ýurduň saýlap alan daşary syýasat ugry şu ajaýyp jümlede öz beýanyny tapýar: «Bitarap Türkmenistan özüniň daşary syýasat ugruny saýlap alyp, öňe tarap ynamly gadamlary urýar. Biziň ýöredýän daşary syýasatymyzyň maksady ýurdumyzyň durnukly ösüşini üpjün etmek üçin amatly şertleri döretmekden, döwletiň garaşsyzlygyny we howpsuzlygyny berkitmekden, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini hil taýdan ýokary götermekden, planetamyzyň ähli halklarynyň hatyrasyna köptaraplaýyn ylalaşdyryjylyk işlerini alyp barmakdan ybaratdyr» [1, sah. 10].

2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 20 ýyllygy mynasybetli Aşgabatda «Bitaraplyk syýasaty: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň ugrunda halkara hyzmatdaşlyk» atly ýokary derejeli halkara maslahat geçirilip, onuň netijeleri boýunça Aşgabat Jemleýji resminamasy kabul edildi. Onda Birleşen Milletler Guramasynyň agza döwletleri tarapyndan yglan edilen hem-de durmuşa geçirilýän Bitaraplyk syýasatynyň dünýä ýurtlarynyň arasyndaky parahatçylykly, dostlukly hem-de özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmekde wajyp ähmiýete eýedigi, şeýle-de sebit we ählumumy derejede halkara parahatçylygy, howpsuzlygy pugtalandyrmaga ýardam edýändigi bellenilýär. Foruma gatnaşyjylar 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek hakyndaky teklibe seretmek başlangyjy bilen çykyş etdiler. Bu başlangyç BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda kabul eden Kararnamasynda öz beýanyny tapdy. Şeýle hem degişli resminama BMG-niň Tertipnamasynyň 2-nji maddasynda beýan edilýän düzgün bilen berkidildi. Onda: «Birleşen Milletler Guramasynyň agzalary halkara parahatçylyga, howpsuzlyga we adalata howp salmazlyk maksady bilen, öz halkara jedellerini parahatçylykly ýollar arkaly çözýärler» diýlip nygtalýar.

Türkmenistanyň Bitarap daşary syýasatynyň tutuş dünýä boýunça kabul edilen durnukly ösüşiň esasy maksatlaryny we wezipelerini üstünlikli durmuşa geçirmäge oňyn goşandygynyň bardygy bellärliklidir. Bu babatda türkmen halkynyň Milli Lideriniň: «Häzirki günde biziň ýurdumyzyň Bitaraplyk derejesi sebit we dünýä möçberinde ýagdaýlary durnuklaşdyrmaga, syýasy, ykdysady, ynsanperwer, ekologiýa taýdan wajyp meseleler çözülen halatynda döwletleriň we halkara guramalaryň netijeli hyzmatdaşlygyna oňyn täsirini ýetirmegiň faktory hökmünde özüni has hem aýdyň ýüze çykarýar» [2, sah.20–27] diýip bellemegi oýlanyşykly

alnyp barylýan daşary syýasatyň halkara maksatlary bilen utgaşmagynda umumy tagallalary birleşdirmek bilen bagly täze netijeli guralyň döreýändigine şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň goňşy ýurtlar we sebitden daşardaky döwletler bilen sazlaşykly gatnaşyklaryna ygrarly bolmagy, ýurduň utgaşdyryjy diplomatiýasynyň üstünlikli amala aşyrylmagy onuň bitaraplyk syýasatynda we halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygynda öz beýanyny tapdy. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» diýip yglan etmek hakyndaky Kararyň kabul edilmegi ýurduň daşary syýasat strategiýasynyň özenini düzýän oňyn bitaraplyk ýörelgesiniň dünýä derejesindäki abraýyny has-da pugtalandyrmakda aýratyn ähmiýete eýedir.

2025-nji – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurduň daşary syýasat we diplomatiýa işiniň esasy wezipeleri Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň başlangyjy boýunça kabul edilen Kararnamalary durmuşa geçirmekden we BMG-ä agza ýurtlardan başga-da guramanyň Sekretariaty bilen hem ýakyndan hyzmatdaşlygy alyp barmakdan ybarat bolup durýar. Bu babatda Türkmenistanyň Prezidenti Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisindäki çykyşynda: «Häzirki wagtda Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy bilen bilelikdäki maksatnamalary durmuşa geçirmek boýunça degişli işleri amala aşyrýar. Şolaryň hatarynda «Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda durnukly ösüş ugrunda 2026–2030-njy ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly maksatnamasy», «Ýaşlar, parahatçylyk we howpsuzlyk» atly Birleşen Milletler Guramasynyň agentlikleriniň bilelikdäki maksatnamasy bar» [3] diýip bellemegi şu ajaýyp ýylda Türkmenistanyň ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn derejede öz hyzmatdaşlygyny berkitmegi dowam etdirýändigini tassyklaýar.

Bitaraplyga daýanýan Türkmenistanyň daşary syýasaty howpsuzlyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli gatnaşyk, ikitaraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlyk ýaly strategiýalara daýanýar. Türkmenistan şu ugur bilen halkara derejede uly abraý-mertebä eýe boldy. Bu gün Türkmenistanyň bitaraplyk ýoluna dünýäniň ösüş bähbitlerini araýan, halkara howpsuzlygyny üpjün edýän we goraýan syýasat hökmünde baha berýärler. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň parahatçylygy pugtalandyrmak, ählumumy abadançylygy üpjün etmek we hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmek ugrunda tagallalary dünýäde giň goldaw tapýar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistan – Owganystan – Päkistan – Hindistan gaz geçirijisini gurmak baradaky başlangyçlaryna diňe bir sebitde däl, eýsem dünýä derejesinde ýokary baha berilýär. Onuň geçýän ugrunda täze infrastruktura desgalarynyň ýüzlerçesi gurulýar, olarda ýüzlerçe iş orunlary dörär. Elbetde, bu syýasat Türkmenistanyň goňşy ýurtlaryň raýatlarynyň parahatçylykly durmuşynyň berkarar edilmegine goşýan taryhy goşandydyr.

Taryha göz aýlasak, geçmişde türkmen topragy Beýik Ýüpek ýolunyň ýüreginde ýerleşip, dünýäniň medeni merkezleriniň biri bolupdyr. Ata-babalarymyzyň beýleki halklaryň dünýägaraýşyna, pelsepelerine hormat bilen garamagynyň asylly däbi ata-babalarymyz barada dünýäde dostlukly, parahatçylyk söýüjilikli, ynsanperwer we rehimdar halk diýen pikiriň kemala gelmegine ýardam edendigini bellemek gerek. Şeýle hem taryhdan görnüşi ýaly, ykbal şahsy, ruhy, ahlak-etiki aýratynlyklaryna eýe bolan aýry-aýry, paýhasly we zehinli şahsyýetlere döwletiň taryhynyň jogapkärli döwründe halka baştutanlyk etmek mümkinçiligini beryär. Görnükli türkmen hökümdarlary, serkerdeleri Oguz han Türkmeniň, Soltan Sanjaryň, Alp Arslanyň we beýlekileriň durmuş ýoly, taryhy beýik işleri munuň aýdyň subutnamasy bolup durýar. Geçmişiň görnükli şahsyýetleriniň asylly işleri we durmuş edermenligi halkyň taryhy-medeni mirasy bolup durýar.

Türkmen halkynyň ata-babalary bolan gadymy Aziýa hunlarynyň hökümdary Mete han b.e.öňki 200-nji ýylda Baýdyn jülgesinde Han imperiýasynyň awangard goşunyny imperator bilen bilelikde gabawa almagyna garamazdan, imperatory we onuň goşunyny ýok etmän, parahatçylyk şertnamasyny baglaşypdyr. «Parahatçylyk we doganlyk» ylalaşygy hökmünde taryha giren bu şertnama türkmen halkynyň parahatçylyk söýüjilik pelsepesiniň alamaty.

Ine, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň ýöredýän çuňňur oýlanyşykly, ylmy taýdan esaslandyrylan içeri we daşary syýasatynyň özüne çekijiligini ähli aýdyňlygy bilen açyp görkezdi. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň dünýäde parahatçylygy saklamak babatda dünýä bileleşiginiň ykrar eden möhüm başlangyçlary gadymy türkmen topragynda döwrebap ösen döwletiň kemala gelmeginde onuň taryhy ornuny görkezdi. Jemgyýetiň ykdysady we ruhy durmuşynyň ähli ugurlarynda ýaýbaňlandyrylan beýik özgertmeler türkmen halky tarapyndan uly goldaw bilen kabul edildi.

Türkmenistanyň halkara başlangyçlarynyň dünýä derejesindäki goldawy, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň kabul edýän çözgütlerinde öz beýanyny tapýar. Bu babatda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy», 2017-nji ýylyň 17-nji noýabrynda «Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny» we Howpsuzlyk Geňeşiniň 2018-nji ýylyň 8-nji martynda «Owganystanda halkara tagallalaryny goldamak barada» kabul eden Rezolýusiýalarynda Türkmenistanyň amala aşyrýan halkara ähmiýetli taslamalarynyň sebitde parahatçylygy, durnuklylygy, howpsuzlygy we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny üpjün etmekdäki ornunyň öz beýanyny tapmagy ýurdumyzyň barha berkeýän halkara abraýynyň ýene bir belent sepgidini aňlatdy.

Hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary hem ileri tutulýan ugurlaryň biridir. Bitaraplyk syýasatyna eýerip, «Açyk gapylar» syýasatyna esaslanyp, goňşy we

beýleki döwletler bilen özara bähbitlilik, deňhukuklylyk, parahatçylyk söýüjilik, özygtyýarlylyga hormat goýmak, taraplara ähmiýetli gatnaşyklar esasynda netijeli ykdysady hyzmatdaşlyk – bularyň ählisi döwletimiziň daşary syýasatynyň esasy özeni.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bitarap Türkmenistan. – A.: TDNG, 2015.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – A.: TDNG, 2018.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisindäki çykyşy. 09.12.2024.

ПОЛИТИКА ПОСТОЯННОГО НЕЙТРАЛИТЕТА: ДОСТИЖЕНИЯ И ИСТОРИЧЕСКИЙ ОПЫТ

В статье описаны достижения и накопленный богатый опыт Туркменистана со дня обретения им статуса постоянного Нейтралитета. Также говорится о дружелюбных политических и экономических отношениях с ООН, крупнейшей мировой организацией и странами мира. Информация, представленная в статье, подтверждает приверженность Туркменистана своему нейтральному статусу.

Ключевые слова: постоянный нейтралитет, дружественные отношения, Генеральная Ассамблея ООН, развитие, мир.

POLICY OF PERMANENT NEUTRALITY: ACHIEVEMENTS AND HISTORICAL EXPERIENCE

The article describes the achievements, accomplishments and accumulated rich experience of Turkmenistan since it acquired the status of Permanent Neutrality. It also talks about good political and economic relations with the UN, the largest world organization, and the countries of the world. The information presented in the article confirms Turkmenistan's commitment to its Neutral status.

Key words: Permanent Neutrality, friendly relations, UN General Assembly, development, peace.

.

Aýgözel Öwezowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy

BITARAP TÜRKMENISTANYŇ PARAHATÇYLYGY DÖREDIJI LUKMANÇYLYK DIPLOMATIÝASY

2024-nji ýylyň sentýabr aýynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde türkmen halkynyň Milli Lideri: «Ýurdumyz halkara bileleşigiň jogapkärli agzasy hökmünde Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna daýanyp, geljekde-de «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly filosofiýa esasynda halkara gatnaşyklaryň ösüşine mynasyp goşant goşar» diýip belledi. Şoňa görä-de, hoşniýetli gepleşikler, özara bähbitli işler arkaly daşary döwletler bilen gatnaşyklar has-da pugtalandyrylýar we täze derejä çykarylýar.

Döwlet berkararlygynyň berk binýady bolan Garaşsyzlykdan soň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň ykrar edilmegi ata-babalaryň hoşniýetli ýörelgeleriniň bütin dünýä aýan edilmeginiň dabaralanmagy boldy. Bu taryhy waka içeri we daşary syýasatyň ynsanperwerlige daýanyp, abraýly halkara guramalar bilen maksadalaýyk hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny äleme äşgär etdi. Döwletiň diplomatiýa sungatyny ösüşlere nazarlamagyna giň ýol açan türkmen Bitaraplygy häzirki zamanyň ählumumy howpsuzlygyny üpjün etmek, ýurtlaryň deňhukukly we özara peýdaly hyzmatdaşlygyny ilerletmek, durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmek ugrundaky tagallalary birleşdiriji gurala öwrüldi.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy (BMG) tarapyndan resmi taýdan ykrar edilen ilkinji we ýeke-täk hemişelik Bitarap döwletdir. Ilkinji gezek Türkmenistan 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Nýu-Ýorkda dünýäniň iň abraýly halkara guramasy bolan BMG-niň Baş Assambleýasyna şol wagt agza bolup durýan 185 döwlet gelip çykyşy boýunça «ykrar edilen», görnüşi boýunça «baky», manysy boýunça «oňyn» häsiýete eýe bolan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly 50/80 belgili Rezolýusiýany biragyzdan goldady. Bu taryhy halkara-hukuk resminamasyna 25 döwlet awtordaş boldy. Şunlukda, 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Rezolýusiýanyň 193 döwletiň goldamagynda ikinji gezek kabul edilmegi türkmen Bitaraplygynyň, parahatçylyk söýüjilikli diplomatiýanyň dünýä jemgyýetçiligindäki ýokary ykrarynyň nobatdaky güwäsidir [1, sah. 16]. Bu resminamanyň Milletler Bileleşiginde 2025-nji ýylyň 21-nji martynda üçünji gezek biragyzdan kabul edilmegi bolsa Türkmenistanyň halkara abraýyny, şol sanda Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň ähmiýetini ýene bir gezek beýgeltdi.

Taryhdan mälim bolşy ýaly, zandynda dünýä halklary bilen ylalaşykly ýaşamak, özgelere hoşniýetli garamak ýaly häsiýetler jemlenen türkmen halky birek-birege ynanyşmak, gapma-garşylyklary parahatçylykly ýollar, ýagny gepleşikler arkaly çözmek ýörelgesine ygrarly bolmagynda galýar. Şonuň üçin-de ata-babalarymyz parahatçylygy gazanmak medeniýetiniň mazmunyny kämilleşdirip, türkmen Bitaraplygynyň berk binýadyny emele getiripdirler. Bu asylly ýörelgeler täze taryhy döwürde mynasyp dowam etdirilýär.

BMG-niň öňki Baş sekretary Kofi Annanyň belleýşi ýaly, Türkmenistan 1992-nji ýylyň mart aýynda BMG-ä agza bolan gününden bäri, bu gurama ykjam goldaw berýär [2, sah.14]. Diýmek, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan ynsanperwer, ösüş hem parahatçylyk maksatlaryny goldaýan, dünýä syýasatynyň dabaralanýan ýurdy hökmünde dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekdi. Türkmen Bitaraplygynyň ozal bar bolan nusgalardan hil taýdan tapawutlanýan nusgasynyň döredilmegi bilen dünýä diplomatiýasynda täze başlangyçlara badalga berildi [2, sah.104].

Türkmenistanyň Prezidentiniň baştutanlygynda milli saglygy goraýyş ulgamyny toplumlaýyn ösdürmek hem-de kämilleşdirmek boýunça halkara hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berilýär we bu ugurda netijeli işler durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň lukmançylyk tejribeleri halkara derejede ykrar edilýär. Bu bolsa gatnaşyklaryň täze ugry – lukmançylyk diplomatiýasynda halkara hyzmatdaşlygy ilerletmek zerurlygyny ýüze çykarýar. Häzirki döwürde bolup geçýän tebigy hadysalar, ýüze çykýan ekologiýa meseleler we howa şertleriniň üýtgemegi hem-de adam saglygyna howp salýan pandemiýa dünýä bileleşigi tarapyndan gaýragoýulmasyz çözgütleriň kabul edilmeginiň zerurlygyny şertlendirýär. Şeýle şertlerde, ilkinji nobatda, lukmançylyk diplomatiýasy adam saglygynyň howpsuzlygyny üpjün etmegiň ygtybarly guraly bolup çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurtda halkyň saglygy we abadançylygy ähli zatdan ileri tutulyp, her bir raýatyň saglygynyň goraglylygyny güýçlendirmek, ömür dowamlylygyny uzaltmak, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini pugtalandyrmak babatda giň gerimli işler ýaýbaňlandyrylýar. Ýurduň saglyk ulgamyndaky halkara hyzmatdaşlyk, şol sanda lukmançylyk diplomatiýasy döwletiň täzeçil saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmegiň esasy ugurlarynyň biridir.

Keselleriň öňüni almak, raýatlaryň saglygynyň ygtybarly goralmagyny üpjün etmek ýurtda üstünlikli amala aşyrylýan «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň özenini düzýär [3, sah.14]. Saglygy goraýyş ulgamynda ýurduň esasy resminamasy bolup durýan bu maksatnamanyň çäklerinde saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmek, pudagyň düzümlerini döwrebaplaşdyrmak boýunça toplumlaýyn çäreler durmuşa geçirilýär. Şunlukda, ilatyň ömrüniň ortaça dowamlylygy we durmuş derejesi yzygiderli ýokarlanýar. Ýurduň dürli künjeklerinde Merkezi Aziýa sebitinde deňi-taýy bolmadyk we ylmyň täze gazananlary esasynda enjamlaşdyrylan saglyk öýleri

we derman senagatyna degişli desgalar gurulýar. Olarda ýerli çig mallaryň esasynda uly islegden peýdalanýan dermanlyk serişdeleriň önümçiligi hem ýola goýuldy. Şeýlelikde, türkmen halkynyň Milli Lideriniň belleýşi ýaly, hassahanalaryň, sagaldyş-dikeldiş merkezleriniň, şypahanalaryň täze desgalarynyň döwrüň talabyna laýyk gelýän maddy-enjamlar bilen gurlup, halkyň hyzmatyna ýetirilmegi türkmen sagaldyş syýahatçylygyny öňdäki orunlara çykarmaga mümkinçilik berýär.

Raýatlaryň saglygyny berkitmek, keselleriň öňüni almak, ynsan ömrüniň dowamlylygyny uzaltmak, elýeterli, ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlaryny üpjün etmek ugrunda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde dünýä bileleşigi, aýratyn-da, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy tarapyndan ykrar edilen nusgalyk işler amala aşyryldy. Netijede, ilatyň saglyk ýagdaýy gowulandy, adam ömrüniň ortaça dowamlylygy artdy. 2021–2025-nji ýyllar üçin «Sagdyn ene – sagdyn çaga – sagdyn geljek» atly Milli strategiýa, Türkmenistanda ilatyň kesellere garşy göreşmek ukybyny ýokarlandyrmak boýunça Milli maksatnama, ýokanç däl keselleriň öňüni almak we garşysyna göreşmek boýunça Milli strategiýa, Türkmenistany temmäkiden azat ýurda öwürmek boýunça 2022–2025-nji ýyllar üçin Milli maksatnama kabul edilip, saglygy goraýyş ulgamynyň işi has-da kämilleşdirildi [4].

Türkmenistan yzygiderli esasda dünýäniň ýurtlary bilen tejribe alyşýar, saglygy goraýyş bilen bagly halkara çärelere gatnaşýar. Bu gün adamlaryň saglygyny goramak işi öz içine birnäçe kesgitleýji şertleri jemleýän giň gerimli ulgamdan ybaratdyr. Bu şertler döwrebap, dünýäniň esasy önüm öndürijileriniň ýokary tehnologiýaly enjamlary ornaşdyrylan saglyk merkezlerinden we şypahanalardan, köpçülikleýin sport hereketini, işjeň dynç alyş düzümlerini ösdürmekden, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini berkarar etmekden ybaratdyr. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary bilen «Türkmenistanda fiziologiýa ylmyny ösdürmegiň 2024–2028-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasy», «Türkmenistanda lukmançylyk sagaldyş-dikeldiş çäreleriniň 2024–2028-nji ýyllar üçin Milli strategiýasy», «Türkmenistanyň immuno-öňüni alyş boýunça 2024–2028-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasy» tassyklanyldy.

Ýokary hünär derejeli lukmanlaryň taýýarlanylmagy, şeýle-de dünýäniň belli önüm öndürijileriniň döwrebap enjamlarynyň ornaşdyrylmagy bilen, türkmenistanlylara ýokary halkara ölçeglere laýyk gelýän lukmançylyk hyzmatlary edilýär. Hususan-da, Türkmenistan döwletinde Germaniýada, Fransiýada, Italiýada, Ýaponiýada, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda, Niderlandlar Patyşalygynda, Çehiýada, Daniýada, Finlýandiýada, Şweýsariýada, Koreýa Respublikasynda, Beýik Britaniýada we Hytaý Halk Respublikasynda öndürilen iň kämil, öňdebaryjy innowasion lukmançylyk enjamlary ornaşdyryldy.

Türkmenistanda milli saglygy goraýyş ulgamynyň düzümlerini döwrebaplaşdyrmak, saglygy goraýyş işgärleriniň hünär taýýarlygyny kämilleşdirmek boýunça çäreler giň gerimde guralýar. Şunuň bilen baglylykda,

Türkmenistanyň Prezidentiniň tagallasy bilen sanly lukmançylygy ornaşdyrmak hem-de ösdürmek boýunça ähli mümkinçilikler döredilip, bu babatda netijeli işler alnyp barylýar. Çünki innowasion tehnologiýalaryň çalt depginde ösýän döwrüň talabyna laýyklykda ynsan saglygyny goramakda we berkitmekde sanly lukmançylygyň ähmiýeti günsaýyn artýar [3, sah. 30].

Şeýlelikde, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň lukmançylyk diplomatiýasyny ösdürmek babatda alyp barýan milli we halkara derejesindäki toplumlaýyn çäreleri ýurduň we dünýä jemgyýetçiliginiň saglygy goraýyş we derman senagaty pudagyny ösdürmekde uly ähmiýete eýedir.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany. – Aşgabat: TDNG, 2020.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bitarap Türkmenistan. – Aşgabat: TDNG, 2020.
3. Türkmenistanyň «Saglyk» Döwlet maksatnamasy. 2021.
4. «Türkmenistan» gazeti. №19-20 (30625), 22.01.2023.

МЕДИЦИНСКАЯ ДИПЛОМАТИЯ НЕЙТРАЛЬНОГО ТУРКМЕНИСТАНА: ВКЛАД В МИР

Статья подчеркивает актуальность дипломатических отношений, основанных на нейтралитете Туркменистана, с особым акцентом на международное сотрудничество в области здравоохранения. В условиях, когда все более острыми становятся природные катастрофы, экологические катаклизмы и пандемии, статья акцентирует внимание на необходимости развития глобальной медицинской дипломатии. Туркменистан развивает цифровую систему здравоохранения, предоставляет высококачественные услуги с использованием современных медицинских технологий, которые получили международное признание.

Ключевые слова: дипломатия в области глобального здравоохранения, нейтралитет Туркменистана, цифровизация здравоохранения, технология, международные отношения.

HEALTH DIPLOMACY OF NEUTRAL TURKMENISTAN: A CONTRIBUTOR TO PEACE

The article highlights the importance of continuing diplomatic relations based on Neutrality of Turkmenistan, with a particular focus on international cooperation in the healthcare system. In the current period, driven by natural disasters, ecological issues and pandemics, the article emphasizes the need to advance global health diplomacy. Turkmenistan is developing a digital healthcare system and providing high-quality services with advanced medical technologies, which have gained international recognition.

Key words: global health diplomacy, Neutrality of Turkmenistan, healthcare system digital, technology, international relations.

Täzegül Aýazowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallym-öwrenijisi

PARAHATÇYLYK TAGLYMATY: BITEWÜLEŞEN YKBALLAR, BIRLEŞEN ÝOLLAR

Barha dabaralanýan Bitaraplyk syýasatymyz halkyň ýoluna – pederlerimiziň milli ýörelgelerine esaslanýar. Binýady pähim-parasatdan tutulan türkmen diplomatiýasy ynsanperwerligi, agzybirligi, halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny goramakda dünýä nusgalyk taglymat bolup äleme dolýar. Dünýäde parahatçylyk hakyndaky taglymatlaryň barha kämilleşmegini baş ýörelge edinýän türkmen Lideri parahatçylygy döretmek sungatyny dünýä ýaýýar. Kökleri ata-babalarymyzyň hoşniýetlilik, parahatsöýüjilik ýörelgelerinden gözbaş alýan, dünýä ösüşiniň çarhyna bat beren türkmen Bitaraplyk daragtynyň köki has berkäp, äpet Parahatçylyk daragtyna öwrülýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bilelişigi, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Goşulyşmazlyk Hereketi, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly abraýly halkara guramalary bilen syýasy, ykdysady we medeni ugurlarda gatnaşyklary yzygiderli ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Türkmenistan BMG bilen durnukly ulag, energetika howpsuzlygy, terrorçylyga garşy göreşmek, Durnukly ösüş maksatnamalaryny ýerine ýetirmek ýaly strategik ugurlarda uzakmöhletleýin hyzmatdaşlygy alyp barýar. BMG-niň Türkmenistanda BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň, Halkara Çagalar gaznasynyň, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň, Ilat gaznasynyň we ýene-de birnäçe ýöriteleşdirilen guramalary hemişelik esasda işleýär.

Türkmenistanyň Bitaraplygy – bu türkmen halkynyň öňden gelýän milli däplerinin düýp mazmunynyň häzirki zaman aňlatmasyndaky ýüze çykmasy bolup durýar. Bu syýasy dereje «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda» Konstitusion kanunda: «Türkmenistan beýleki döwletler bilen öz gatnaşyklaryny olaryň medeniýetine, däplerine we dessurlaryna sarpa goýmak esasynda gurýar we ynsanperwerlik gatnaşyklaryna halklary ysnyşdyrmagyň, olaryň arasynda özara düşünişmegi çuňlaşdyrmagyň, dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmegiň örän möhüm serişdesi hökmünde garaýar. Türkmenistan milletleriň we halkyýetleriň arasynda ruhy gymmatlyklaryň alşylmagyna, medeniýetleriň özara aralaşmagynyň we özara baýlaşmagynyň hadysalaryna ýardam edýär» diýlip berkidilendir. Munuň özi türkmen Bitaraplygynyň pugta milli we halkara hukuk binýadynyň bardygyny tassyklaýar. Şeýlelikde, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy halkymyzyň buýsanjy, bagtyýarlygyň, döwletliligiň aýdyň nyşany bolup, ösüşlere we ruhy joşguna esas bolýar.

Halkara hukuk kadalary Bitaraplygyň özbaşdak institut hökmündäki hem-de döwletara gatnaşyklaryndaky ähmiýetini, özboluşly taryhy ýoluny öz mazmunynda jemleýär. Bitaraplyk ýa-da goşulyşmazlyk düşünjeleri irki döwürlerde döwletleriň we aýry-aýry şahslaryň, toparlaryň belli bir harby çaknyşyklara goşulyşmazlygyny hem aňladypdyr. Ine, häzirki zaman halkara hukugynyň özbaşdak institutlary hökmünde hereket edýän bitaraplygyň 3 görnüşi bolup, olar: uruş döwründäki bitaraplyk, hemişelik bitaraplyk we oňyn bitaraplyk statuslarydyr.

Uruş döwründäki Bitaraplyk düşünjesi beýlekilerden has irki döwürlerde ulanylyp başlap, ol ylalaşyk esasynda, şeýle hem dilden resmileşdirilipdir. Orta asyrlardan başlap, Bitaraplygyň döwletara gatnaşyklarynda ulanylýan formalary has giňäpdir we ol uruş döwri hususy eýeçiligiň eldegrilmesizligi, bitarap söwdanyň hukuk taýdan berkidilmegi ýaly ugurlaryna gaýtadan seretmeklik zerurlygyny ýüze çykarypdyr. Bu aýdylanlara XVIII–XIX asyrlarda Ýewropa ýurtlarynda döwletleriň dürli ulgamlarda Bitaraplyk yglan etmekligi şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyk syýasatyny ýöretmek bilen, Merkezi Aziýada ylalaşdyryjy merkez hökmünde çykyş edýändigi göz öňünde tutulyp, 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda ýurdumyzyň paýtagtynda Birleşen Milletler Guramasynyň öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy bilen sebitde döreýän dawalary parahatçylykly ýollar bilen çözmek we goňşy döwletlere ynsanperwer kömegini bermek daşary syýasatymyzyň bir ugruna öwrüldi. 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde Türkmenistanyň Bitaraplyk gününiň, ýagny her ýylyň 12-nji dekabryny «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek hakynda Kararnamanyň kabul edilmegi, Türkmenistan döwletiniň hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe bolmagy bilen sebitde parahatçylygy üpjün etmekde, dawalary ylalaşykly ýollar bilen çözmekde, dostluk-doganlyk gatnaşyklary işjeňleşdirmekde, goňşy döwletlere

ynsanperwerlik kömegini bermekde halkara derejesinde gazanan abraýynyň we alyp barýan oňyn bitaraplyk syýasatynyň dünýä jemgyýetçiligine ýaýylmasydyr.

Türkmenistanyň halkara giňişliginde abraýynyň barha artýandygyny onuň BMG-niň dürli gurluşlaryna saýlanylmagynda hem görmek bolýar. Muňa mysal hökmünde 2012-nji ýylyň noýabrynda BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşine (EKOSOS) 2013–2015-nji ýyllara Aziýadan agzalyga, 2013-nji ýylyň aprelinde BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň başlygynyň orunbasarlygyna, 2013-nji ýylyň noýabrynda ÝUNESKO-nyň 2013–2017-nji ýyllar üçin ýerine ýetiriji agzalygyna, 2014-nji ýylyň aprelinde BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşine (EKOSOS) 2014–2016-njy ýyllarda BMG-niň ösüş maksady bilen ylym we tehnika baradaky toparyna, 2017-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň (EKOSOS) mejlisinde Türkmenistan 2018–2020-nji ýyllar üçin BMG-niň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Ýerine ýetiriji geňeşine hem-de 2018–2022-nji ýyllar üçin Zenanlaryň statusy boýunça topara saýlanmagyny görkezmek bolar. Ýurdumyzyň Bitaraplyk syýasatyna ygrarly bolup, parahatçylyk söýüjilikli we hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyny alyp barýar hem-de umumadamzat bähbitli öňe sürýän başlangyçlaryna esaslanýar.

BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2024-nji ýylyň dowamynda Türkmenistanyň başlangyçlary esasynda «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly», «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy», «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary», «Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakyndaky Şertnama» atly Kararnamalaryň kabul edilendigini bellemek gerek. Halklaryň arasynda dostlugyň, hyzmatdaşlygyň, raýdaşlygyň pugtalandyrylmagyna, sebit we ählumumy derejede parahatçylygy goldamaga gönükdirilen bu Kararnamalaryň kabul edilmegi ýurdumyzyň daşary syýasat strategiýasynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigine şaýatlyk edýär.

Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan iki gezek ykrar edilen Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi halkymyzyň beýik gymmatlygy bolup, tutuş dünýäde asuda durmuşy, halklaryň dost-doganlygyny, ynsanperwerligi, özara bähbitli hyzmatdaşlygy hem-de ösüşi dabaralandyrýan taglymatdyr. Şundan ugur alyp, ýurdumyz dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen we Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilen hemişelik Bitaraplygyň binýatlaýyn ýörelgeleri esasynda ähli döwletler, abraýly halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýär. BMG-niň ýöriteleşdirilen düzümleri – Ösüş maksatnamasy, Ilat gaznasy, Çagalar gaznasy, Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO), Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy bilen hyzmatdaşlygyň hil taýdan täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylmagy muňa aýdyň şaýatlyk edýär.

Türkmenistan Durnukly ösüş maksatlaryny ýerine ýetirmek babatda-da zerur tagallalary edýär. Şunuň bilen birlikde, energiýa howpsuzlygy, durnukly ulag ulgamy, howanyň üýtgemegi ýaly beýleki ugurlar boýunça hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet

berilýär. Ýurdumyzyň bu ugurlarda öňe sürýän başlangyçlary halkara jemgyýetçilik tarapyndan giňden goldanylýar. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Halkara Bitaraplyk gününiň öňüsyrasynda paýtagtymyzda «Halkara parahatçylygy we durnukly ösüşi berkitmekde bilelikdäki tagallalar» atly halkara maslahat geçirildi. Onuň dowamynda hyzmatdaşlygy ilerletmekde, ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy pugtalandyrmagyň gurallaryny işjeň ulanmakda ýurdumyzyň eýeleýän ornuna oňyn baha berildi. Bu çäräniň ýokary wekilçilikli düzümi, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygyna, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň ykrar edilmeginiň 30 ýyllygyna, Baş Assambleýa tarapyndan 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi ýaly möhüm senelere beslenjek geljek ýylyň öňüsyrasynda geçirilmegi onuň ähmiýetini has-da artdyrdy. Türkmenistan halkara giňişlikde möhüm başlangyçlary öňe sürmek bilen, olaryň dünýä jemgyýetçiliginiň bähbitlerine laýyk gelmegini ileri tutýar. Tagallalary birleşdirmek, yzygiderli bilelikdäki işe daýanmak Türkmenistanyň daşary syýasatynyň kesgitleýji şerti, filosofiýasy bolup durýar.

Ýurdumyz döwletara gatnaşyklarda we diplomatiýada «Dialog – parahatçylygyň kepili» ýörelgesini ilerledýär. Çünki dialog medeniýeti, özara hormat goýmak, deňhukuklylyk ýörelgeleri esasyndaky gatnaşyklara ukyply we taýýar bolmak häzirki günde parahatçylygy, durnukly ösüşi üpjün etmegiň esasy şertleriniň biri bolup durýar. Döwlet Baştutanymyz: «Biz bütin dünýäde parahatçylyga esaslanýan, dostlukly we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ösmegine ýardam bermek bilen birlikde, halkymyzyň abadan, bagtyýar durmuşda ýaşamagy ugrunda giň gerimli özgertmeleri üstünlikli dowam etdirýäris. Eziz Diýarymyzda täze obalary, şäherleri, şäherçeleri we döwrebap senagat toplumlaryny gurýarys. Ähli ugurlarda alyp barýan tutumly işlerimiz beýik maksada – ata Watanymyzyň durnukly ösüşini, halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilendir» diýip nygtaýar.

«Hakyda göwheri» atly kitabynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz döwletara gatnaşyklary parahatçylykly ýol bilen berkitmegiň halkymyzyň nesilbaşymyz Oguz han zamanyndan bäri ygrarly ýörelgesidigini nygtaýar [1; sah. 299]. Bu kitapda döwletimiziň parahatçylyk söýüjilikli taglymatlarynyň, şol sanda dostluk, goňşuçylyk däpdessurlarynyň kökleri hemde döwrebap ösdürilişi hakynda pikir ýöredilýär.

2024-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Guşgy derýasynyň üstünden geçýän 177 metrlik demir ýol köprüsiniň açylmagy, Maryda «Şatlyk-1» gaz gysyjy desgasynyň düýbüniň tutulmagy, TOPH transmilli gaz geçirijisiniň taslamasynyň wajyp bölegi bolan Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat – Hyrat gaz geçirijisiniň, optiki-süýümli aragatnaşyk geçirijisiniň, «Turgundy» demir ýol bekediniň «gury portunda» ammarlar toplumynyň, Turgundy – Hyrat demir ýolunyň birinji

tapgyrynyň Turgundy – Sanabar böleginiň gurluşygyna badalga berilmegi, şeýle hem Türkmenistan – Owganystan – Pakistan elektrik geçirijisiniň taslamasyny amal etmegiň çäginde goňşy ýurduň Hyrat welaýatynda ýerleşýän «Nur-el-Jahad» elektrik bekediniň ulanyşa girizilmegi Bitaraplyk syýasatymyzyň goňşy halklaryň arasynda barha ýaýbaňlandyrylýandygyny aňladýar. Biz munuň çeper ýüze çykmasyny Milli Liderimiziň şygrynda bütin aýdyňlygy bilen duýup bilýäris:

Hoşniýetli dost ili – biziň eziz ilimiz,
Bitaraplyk, doganlyk – saýlan aýdyň ýolumyz!
Bitewüdir asman-Ýer, bitewi ykbalymyz... [3].

Türkmenistanyň öz Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap Birleşen Milletler Guramasyny özüniň strategik hyzmatdaşy hökmünde saýlap almagynyň esasynda, ozaly bilen, Türkmenistanyň we BMG-niň uzak möhletli maksatlarynyň biri-birine laýyk gelmeginiň ýatandygyny nygtap geçeliň [4; sah. 125].

Hawa, türkmen halkynyň taryhynda dünýä ýüzünde parahatçylygyň höküm sürmegi, asuda, abadan durmuşyň hatyrasyna edilen işler, ädilen ädimler sanardan köp. Hemişelik Bitarap Türkmenistanyň alyp barýan hoşniýetli, dost-doganlykly daşary syýasaty hem ata-babalarymyzyň ýüzýyllyklaryň dowamynda gazanan tejribesinden ugur alýar. BMG-niň öňki Baş sekretary Pan Gi Mun Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 15 ýyllygy mynasybetli Aşgabat maslahatyna gatnaşyjylara iberen Gutlagynda Türkmenistanyň Bitaraplygyny «taryhy ädim» diýip atlandyrdy. Gahryman Arkadagymyzyň «Bitarap Türkmenistan» atly kitabynda şeýle diýilýär: «Biz, elbetde, daşky dünýä täsir etmegiň esasy görnüşi hökmünde Bitaraplyk derejesini saýlap alan ilkinji döwlet däldiris. Ýöne, meger, hiç bir döwletde Bitaraplyk Türkmenistandaky ýaly öndümli güýji emele getirmeýär» [2; sah. 49].

Häzirki zaman halkara gatnaşyklarynda bitaraplyk syýasatynyň ähmiýeti we zerurlygy barha artýar. Munuň özi, ilkinji nobatda, halkara dartgynlylygyny gowşatmakda, dawalaryň çylşyrymlaşmagyna we olaryň urşa öwrülmegine ýol bermezlikde, uruşly we duşmançylykly taraplary ýaraşdyrmakda, parahatçylykly gepleşikleri geçirmekde, durnukly ösüş boýunça tagallalary utgaşdyrmakda we başga-da ençeme wajyp ugurlarda bitarap döwletleriň, şol sanda Türkmenistanyň hem täsirli ornunyň berkemegi bilen düşündirilýär [5; sah. 57].

Maglumat hökmünde belläp geçsek, häzirki wagtda Türkmenistan 156 döwlet bilen diplomatik gatnaşyklary saklaýar, daşary ýurtlarda 41 sany diplomatik wekilhanalarymyz işleýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Nýu-Ýorkdaky, Ženewadaky we Wenadaky edaralarynyň ýanynda Türkmenistanyň hemişelik wekilhanalary hereket edýär. Ýurdumyz 54 sany halkara guramanyň agzasy bolup durýar, dürli ugurlar boýunça 187 sany halkara konwensiýalara we şertnamalara gatnaşýar. Türkmenistanda bolsa daşary ýurtlaryň 41 sany diplomatik we konsullyk edaralary, şol sanda 15 sany halkara guramanyň wekilhanasy işleýär. Türkmenistan

Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki halkara guramalaryň 11 sany geňeşiniň we komissiýalarynyň saýlanan agzasy bolup durýar [6].

Görnüşi ýaly, Bitaraplygyň türkmen nusgasy – halkara gatnaşyklaryny ilerletmegiň täze we özboluşly guraly. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öňdengörüjilikli başlangyçlary esasynda türkmen Bitaraplygy täze üstünlikler bilen rowaçlanýar.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Hakyda göwheri. – Aşgabat: TDNG, 2024.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bitarap Türkmenistan. – Aşgabat: TDNG, 2015.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany. // Türkmenistan. 27.09.2024.
4. *Rahmanow A*. Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – Aşgabat: TDNG, 2014.
5. *Karaýew B*. Halkara gatnaşyklarynda bitaraplyk syýasaty. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – Aşgabat: TDNG, 2019.
6. *Bekgiýew M.* Älemiň goşa ganaty. // Türkmenistan. 13.01.2025.

УЧЕНИЕ О МИРЕ: СПЛЕТЕННЫЕ СУДЬБЫ, ЕДИНЫЙ ПУТЬ

Статья представляет собой оригинальное исследование, посвященное изучению эволюции миролюбивой внешней политики постоянно нейтрального Туркменистана. Данная работа вносит вклад в научную дискуссию, анализируя, как адаптация к меняющейся международной обстановке влияет на практическую реализацию принципов нейтралитета на примере Резолюций, принятых на Генеральной Ассамблее ООН по инициативе Туркменистана, и какие новые вызовы возникают в связи с этим.

Ключевые слова: миролюбивая внешняя политика, постоянный нейтралитет, международная обстановка, принципы нейтралитета, практическая реализация, Генеральная Ассамблея ООН, резолюции, инициативы Туркменистана.

THEORY OF PEACE: ONE DESTINY, ONE ROAD

The article is an original study devoted to the research of the evolution of the peace-loving foreign policy of Permanently Neutral Turkmenistan. This work makes contribution to the scientific discussion by analyzing how adaptation to the changing international situation affects the practical implementation of the principles of

Neutrality using the example of Resolutions adopted at the UN General Assembly on the initiative of Turkmenistan, and what new challenges arise in this regard.

Key words: peaceful foreign policy, Permanent Neutrality, international environment, principles of Neutrality, practical implementation, United Nations General Assembly, resolutions, initiatives of Turkmenistan.

Muhammet Süleýmanow,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallym-öwrenijisi

TÜRKMENISTANYŇ HEMIŞELIK BITARAPLYGYNYŇ TARYHY WE RUHY KÖKLERI

Mälim bolşy ýaly, 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Türkmenistan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwletleriniň arasynda ilkinjileriň biri bolup, öz parahatçylyk söýüjilik ýörelgeleriniň esasynda dünýäniň iň iri we abraýly halkara guramasynyň – Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna kabul edildi. Şol ýylyň iýul aýynda Helsinkide Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň maslahaty geçirildi. Şol maslahata Türkmenistanyň wekiliýeti hem gatnaşyp, onda ýurdumyza halkara bileleşiginde Bitaraplyk derejesini bermek babatda ilkinji ädimler ädildi. Şunda Türkmenistanyň dünýä bileleşiginiň öňünde durýan belent maksatlarynyň hatyrasyna ähli döwletler bilen päk ýürekden, açyk hyzmatdaşlyk etjekdigi we daşary syýasatda beýleki döwletleriň içerki işine gatyşmazlygy, oňyn Bitaraplygy özüniň ýörelgesi hökmünde saýlap alýandygy ilkinji gezek yglan edildi.

Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» eserinde belleýşi ýaly: «1995-nji ýylyň 15-nji martynda Pakistanyň paýtagty Yslamabat şäherinde Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň agzalary bolan döwletleriň Baştutanlarynyň üçünji duşuşygy geçirildi. Türkmenistanyň hemişelik oňyn Bitaraplygynyň halkara hukuk nukdaýnazaryndan ykrar edilmeginde bu duşuşygyň jemleri boýunça kabul edilen Yslamabat Jarnamasy sebit we dünýä derejesindäki ygtybarly daýanç bolup hyzmat etdi» [1; sah. 15].

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň ykrar edilmeginde Goşulyşmazlyk Hereketiniň hem uly orny bardyr. 1995-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda Kolumbiýanyň Kartahena şäherinde Goşulyşmazlyk Hereketine gatnaşyjy ýurtlaryň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň II Konferensiýasy geçirildi. Onuň Jemleýji resminamasynda bu guramanyň agzalary tarapyndan Türkmenistanyň saýlap alan hemişelik Bitaraplyk ugruny ýöretmegi biragyzdan goldanyldy. Şol ýylyň 5-nji sentýabrynda Aşgabatda geçirilen «Bitarap Türkmenistan we Aziýa halkara gatnaşyklary» atly halkara maslahatda Türkmenistanyň Bitaraplygy, bu syýasatyň

ýurduň ösüşlerine, sebite ýetirjek täsirleri hakynda meseleler giňden ara alnyp maslahatlaşyldy.

Şeýlelikde, yzygiderli we maksada okgunlylyk bilen işler alnyp baryldy. Şol syýasy-diplomatik işleriň netijesinde, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky ýörite Kararnamasy, şeýle hem bu gurama şol wagtky 185 sany agza ýurduň biragyzdan goldamagy bilen, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk halkara hukuk ýagdaýy ykrar edildi [1; sah.15]. Garaşsyz Türkmenistanyň bitaraplyk statusyna eýe bolmagy gojaman we şöhratly taryha eýe bolan, adamzat siwilizasiýasyna we medeniýetine saldamly goşant goşan türkmen halkynyň ykbalyna altyn harplar bilen ýazylan taryhy waka boldy.

Türkmenistanyň Bitaraplygynyň iň esasy aýratynlyklarynyň biri – bu onuň gelip çykyşy boýunça ykrar edilendigindedir. Ol YHG, Goşulyşmazlyk Hereketi ýaly guramalar tarapyndan goldanylan, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasy bilen iki gezek tassyklanandyr. Türkmenistanyň Bitaraplygy *görnüşi* boýunça hemişelikdir, ýagny wagt bilen çäklendirilen däldir, *manysy* boýunça oňyndyr, konstruktiwdir. Türkmenistan Bitaraplyk statusyna parahatçylyk zamanasynda, özi hem hiç hili uruşlar bilen baglanyşyksyzlykda gazanandyr.

1996-njy ýylyň 27-nji sentýabrynda Bitaraplyk derejämiz döwlet senamyzda hemişelik orun aldy. Şeýle hem 1997-nji ýylyň 30-njy ýanwarynda Döwlet baýdagymyza Bitaraplygymyzyň nyşany hökmünde zeýtun baldajyklary ýerleşdirildi. Taryhdan belli bolşy ýaly, zeýtun baldajygy parahatçylygyň, asudalygyň nyşany hasaplanýar. Bu barada Gahryman Arkadagymyz «Bitarap Türkmenistan» atly eserinde şeýle belleýär: «Häzir Bitaraplygyň alamatlary biziň gündelik durmuşymyzyň köp tarapynda öz beýanyny tapdy. 12-nji dekabr – türkmen halkynyň mukaddes baýramlarynyň biri – Bitaraplyk günüdir. Biz Bitaraplyk derejämiz hakyndaky jümleleri Türkmenistanyň Konstitusiýasyna girizdik, döwlet nyşanlarymyzda – Türkmenistanyň Döwlet baýdagynda, Türkmenistanyň Döwlet senasynda şöhlelendirdik. Ýurduň Bitaraplyk derejesiniň alamaty – zeýtun baldajyklary şekillendirilen Döwlet tugumyz asuda asmanymyzda buýsançly pasyrdaýar» [2; sah. 11].

Gahryman Arkadagymyzyň «Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr» atly kitabynda şeýle jümleler bar: «Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden Türkmenistan hemişelik Bitaraplygy döwlet-syýasy ülňüsi hökmünde seçip aldy. Bütin dünýäde ilkinji gezek Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilmek hormatyna mynasyp bolan türkmen Bitaraplygy hakykatdan hem gudratdyr» [3; sah.58].

2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Garaşsyz Türkmenistanyň taryhyna ýene bir ajaýyp waka boldy. Şol gün Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi açyldy. Sebit merkeziniň

Aşgabatda açylmagy kanuny we adalatlydyr. Bitaraplygymyzyň abraýly, jogapkärli netijesidir, özboluşly miwesidir.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary netijesinde 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde Türkmenistanyň Bitaraplygy ikinji gezek biragyzdan ykrar edildi [1; sah. 16]. Biziň ýurdumyzda 2015-nji ýyl «Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly» diýip yglan edilmegi tötänleýin däldir.

2017-nji ýylyň 7-nji fewralynda Türkmenistanyň başlangyçlary bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy 12-nji dekabry Halkara Bitaraplyk güni diýip yglan etdi [1; sah. 16]. Bu Kararnamanyň ykrar edilmegi Türkmenistanyň dünýä arenasyndaky Bitaraplyk syýasatyny has-da şöhratlandyrdy.

Türkmenistanyň gazanan Bitaraplyk derejesiniň taryhy ähmiýeti barada köp zat aýdyp bolar. Bitaraplyk döwletimize asudalykda, agzybirlikde, erkana ýaşamaga, mukaddes Garaşsyzlygymyzy berkitmäge, batly gadamlar bilen öňe gitmäge giň mümkinçilik açdy. Bitaraplyk biziň dünýädäki dostlarymyzyň, birgiden durmuş ulgamlary boýunça hyzmatdaşlyk edýän döwletlerimiziň sanynyň köpelmegine, halkara işjeňligimiziň we abraýymyzyň artmagyna getirdi.

Türkmenistanyň Bitaraplygy Merkezi Aziýa sebitinde dartgynlylygyň peselmegine, howpsuzlygyň berkemegine, döwletara gatnaşyklaryň ýygjamlaşmagyna, hyzmatdaşlygyň pugtalanmagyna we ösmegine ýardam etdi. Bitarap we ylalaşdyryjy merkez hökmünde Türkmenistanyň bitiren hyzmatlary onuň abraýyna-abraý goşdy.

Türkmenistan bu gün dünýäniň 155-den gowrak döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary, 100-den gowrak döwlet bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary alyp barýar, 50-den gowrak halkara guramalaryň işjeň agzasydyr. Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň wise-başlyklygyna ençeme gezek saýlandy (62, 64, 68, 71, 75, 77, 79-njy sessiýalary). Türkmenistanyň başlangyçlary bilen BMG-niň Baş Assambleýasy dünýä ähmiýetli 30-dan gowrak taryhy Kararnamalary kabul etdi, birnäçe halkara seneleri döredildi. 2024-nji ýylyň 23-nji martynda BMG-niň BA-nyň 76-njy sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde Türkmenistanyň teklibi bilen 2025-nji ýyl «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip ykrar edildi.

Türkmenistanyň Bitaraplyk derejä eýe bolmagy, Aziýada ylalaşdyryjy merkeze öwrülmegi, Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy tötänleýin zatlar däldir. Döwletimiziň hoşniýetli, hoşmeýilli, oňyn bitaraplyk taglymaty we syýasaty, türkmen halkynyň milli häsiýetine kybap gelýän, kökleri türkmen halkynyň taryhyndan we ruhyýetinden gözbaş alýandyr.

Bitaraplyk sabyr-takydy hiç haçan elden bermedik türkmenleriň päk kalbynyň, ynsanperwer aň-düşünjesiniň miwesidir. Milli aýratynlyklaryň döreýşini, gelip

çykyşyny we gözbaşlaryny seljerseň, ene toprak bilen berk baglanyşyk we agzybirlige, jebislige hormat goýmak ýaly esasy taraplaryny bellemek bolýar. Biziň ata-babalarymyz, ýowuz howa şertlerinde ýaşamak, bilelikde ekin ekmek, şäherleri gurmak, özlerini, medeniýetimizi, dilimizi goramak üçin birleşmeli we jebisleşmeli bolupdyrlar. Şunuň bilen birlikde, olar beýleki halklar bilen parahat hyzmatdaşlyk etmegiň usullaryny yzygiderli agtarypdyrlar. Bu aýdylanlary tassyklaýan mysallar milli taryhymyzda az däl.

«Kyýamat güni – goňşudan», «Öý alma – goňşy al», «Gülme goňşyňa – geler başyňa» ýaly pähimlere gulluk edip gelen türkmen aga «yşk mülküniň şasy» Mollanepes aýtmyşlaýyn: «Iki adam uruşsa, öter ýol berme, birisine gep berip, ol birine al berme» diýen paýhasy hem goldan bermändir. «Ýagşylyga-ýagşylyk her kişiniň işidir. Ýamanlyga-ýagşylyk är kişiniň işidir», «Daş bilen urany – aş bilen ur», «Uruş, söwüş ýaraşmaga ýer goýgul», «Hoşamaý söz-süňk döwer», «Ýagşy söz ýylany hininden çykar, ýaman söz gylyjy gynyndan» ýaly pähim-paýhaslar ruhunda parahatsöýüjilik, ynsanperwerlik, ylalaşdyryjylyk, geçirimlilik, asudalyk bar bolan halka, millete mahsusdyr diýsek, hakykatdan daş düşmeris.

Halkymyzyň milli aň-düşünjesine milletparazlygyň ýatlygyny, açyk göwünliligiň, parahatsöýüjiligiň, goňşuçylygyň, başga milletleriň diline, dinine, medeniýetine sylaşygyň mahsusdygyny, hut şonuň üçin hem pelsepesiniň köklerinin halkymyzyň aňyýetine, kalbyna, taryhyna we medeniýetine siňýänligini, olaryň jümmüşinden öz başlangyjyny alýandygyny aýratyn belläsimiz gelýär.

Belli bolşy ýaly, türkmeniň «töwellaçylyk« diýilýän bir üýtgeşik ynsanperwer düzgüni, urp-adaty, däbi bolupdyr we bardyr. Ata-babalarymyz adamlaryň agzybir gatnaşykda bolmagy üçin köp tagallalar edipdirler. Eger saý-sebäp bilen ara tow düşäýse, onda obanyň sylanýan ýaşulular töwella edip, ol meseläni wagtynda we parahatçylykly çözmegi başarypdyrlar.

Mälim bolşy ýaly, türkmeniň «Görogly», «Gorkut ata» şadessanlary milletimiziň döreden gymmatlyklarydyr, dünýä edebiýatyna goşan ajaýyp goşantlarydyr. Ruhyýetimizde ägirt uly orun eýelän şol eserlere ýüz ursak parahatsöýüjiligiň, goňşuçylygyň, mümkingadar uruş-galmagalyň öňüni almaga, urşany ýaraşdyrmaga, ýüze çykan meseläni töwellaçylyk bilen çözmäge ymtylmaklygyň wagyz-nesihat edilýändigini ençeme mysallar bilen delillendirip bolar. Bu eserleriň gahrymanlary hiç haçan degmedige degmeýär. Üstüne sürülip gelen duşmana garşy hem ilki hoş söz bilen çykýar, başarsalar duşmandan dost edinýärler.

Şükür bagşynyň urşa, gandöküşiklige ýol bermezlik üçin Eýrana dutaryny eltmekligi türkmen töwellaçylygynyň we parahat söýüjiliginiň aýdyň we ajaýyp mysalydyr. Şükür bagşy öz agasyny zyndandan ok-ýaragyň, gylyjyň güýji bilen däl-de, göwün beren sungatynyň güýji bilen halas edendigi halkymyzyň özboluşly ruhy dünýäsiniň aýdyň görkezijisidir.

Gahryman Arkadagymyzyň «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly eserinde «Şükür bagşy» powesti barada düşürilen kinofilminiň täsiri şeýle jümleler bilen beýan edilýär: «...Çagalykda bu filmi ilkinji gezek görenim ýadymda. Men o wagt oglanjykdym. Bu film maňa örän uly täsir etdi. Gandöküşikli jeňe ýol bermän, garşydaşy sungatyň kömegi bilen ýeňip bolýan eken diýen açyşymy şondan bäri kalbymda saklaýaryn» [4; sah.18].

Türkmenler diňe özara däl, eýsem halkara gatnaşyklarynda hem mümkingadar gepleşikler arkaly, töwellaçylyk arkaly ýagyny gaýtarmaga, ýüze çykan kynçylygy çözmäge synanyşan halk bolupdyr.

Oguz han atamyzyň käbir pentlerine üns bereliň: «Keçäni satsaň, goňşyňa sat, baraňda ýene özüň oturarsyň». «Söz mülküniň şasy» hezreti Magtymgulynyň ajaýyp sargytlary we öwüt-ündewlerini hakydamyza getireliň: «Ýagşy gylyk duşmanyňy dost eder, gylygyň bet bolsa, işiň jeň bolar». «Peşe diýip agyrtmagyl, jesetde jany bardyr». «Duşmanyň hem düşer bolsa goluňa-owal başda bir mürrewet gerekdir». «Görogly Reýhana niçik ýalbardy-amandyr diýene diýanat ýagşy».

Türkmeniň gojaman we şöhratly taryhyndan, nusgawy edebiýatyndan, halk dürler hazynasyndan mysallaryň ýene ýüzlerçesini getirse bolardy. Emma bir zat aýdyňdyr: ylalaşdyryjylyk, hoşniýetli goňşuçylyk, parahatsöýüjilik we bitaraplyk biziň ruhyýetimizden, milliligimizden gözbaş alýan özboluşly milli fenomendir.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany. – A.: TDNG, 2020.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bitarap Türkmenistan. – A.: TDNG, 2015.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – A.: TDNG, 2010.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016.

ОБ ИСТОРИЧЕСКИХ И ДУХОВНЫХ КОРНЯХ ПОСТОЯННОГО НЕЙТРАЛИТЕТА ТУРКМЕНИСТАНА

Нейтралитет Туркменистана по своему происхождению является общепризнанным; по форме – постоянным, то есть не ограниченным во времени; по сущности – позитивным, конструктивным. Туркменистан добился нейтрального статуса в мирное время. Туркменистан – единственная страна в мире, нейтралитет которой закреплен резолюциями Генеральной Ассамблеи Организации Объединенных Наций. Многое можно сказать об историческом значении нейтрального статуса Туркменистана. Нейтралитет открыл перед нашей страной широкие возможности жить в мире, добрососедстве и

единстве, укреплять нашу священную независимость и идти вперед на пути к достижению новых успехов.

Ключевые слова: Туркменистан, Нейтралитет, Организация Объединенных Наций, признание, мир, духовный, особенности.

ON THE HISTORICAL AND SPIRITUAL ROOTS OF TURKMENISTAN'S PERMANENT NEUTRALITY

The Neutrality of Turkmenistan is recognized in its origin, is Permanent in its form, that is, it is not limited by time, and it is positive and constructive in its meaning. Turkmenistan gained Neutrality status during peacetime. Turkmenistan is the only country in the world recognized by two resolutions of the United Nations General Assembly. Much can be said about the historical significance of the level of Neutrality achieved by Turkmenistan. Neutrality has opened wide opportunities for our country to live in peace, unity and freedom, to strengthen our sacred Independence and move forward with successful steps.

Key words: Turkmenistan, Neutrality, United Nations, recognition, peace, spiritual, features.

Maral Orazgylyjowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallym-öwrenijisi

BITARAPLYK SYÝASATYNYŇ MILLI KANUNÇYLYK WE HALKARA HUKUK ÇEŞMELERI

Halkara gatnaşyklarynda bitaraplyk syýasaty aýratyn ylmy düşünje hökmünde öwrenilýär. Munuň düýp manysy bitaraplyk halkara hukuk derejesiniň, degişli borçnamalaryň we ýörelgeleriň iş ýüzünde amala aşyrylmagydyr. Bitaraplyk syýasaty – bu parahatsöýüjilikli döwletiň halkara gatnaşyklarynda amala aşyrýan daşary syýasy ugry bolup durýar. Bitaraplyk syýasatynyň esasynda, ilki bilen, degişli döwletiň milli bähbitleriniň üpjün edilmegi, onuň özygtyýarly erk-isleginiň berjaý edilmegi ýaly ýörelgeler goýulýar.

Türkmenistan 2025-nji ýylda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny geçirmek baradaky çözgüde ählumumy derejedäki waka, halkara gatnaşyklarynyň hil taýdan täze tapgyryna geçmek üçin hakyky mümkinçilik hökmünde garaýar. Türkmenistanyň başlangyjy ähli döwletleri dünýä ulgamynyň esasy ýörelgesi hökmünde parahatçylyk we ynanyşmak baradaky baş pikiri durmuşa geçirmegiň syýasy, ideologik we amaly taraplaryny öz içine alýan bilelikdäki işe başlamaga çagyryşdyr.

«Bitaraplyk» (nemesçe: neutralitat) sözi latynça «neýter» sözünden gelip çykýar, rus diline terjime edilen «ne biri, ne-de beýlekisi», ýagny halkara gatnaşyklaryna degişlilikde hiç kimiň tarapyny tutmaýar diýen düşünjäni berýär. Bitaraplyk düşünjesi gadymy döwürlerde ýüze çykyp başlady, şonuň üçin bitaraplyga taryhy ösüş prizmasy arkaly seretmeli. «Bitaraplyk» düşünjesiniň emele gelmegi bu düşünjäni kesgitlemäge we onuň möhüm aýratynlyklaryny kemala getirmäge köp çemeleşmäni kesgitlän syýasy, soň bolsa hukuk we kanuny hadysa hökmünde taryhy we hukuk düşünişinden soň ýüze çykdy. Şol bir wagtyň özünde bitaraplyk düşünjesini halkara hukugynyň instituty we daşary syýasat guraly hökmünde anyk tapawutlandyrmaly. B. W. Ganýuşkin bitaraplygyň üç esasy görnüşiniň bardygyny belläp geçdi: uruş döwründe bitaraplyk, bitaraplyk syýasaty we hemişelik bitaraplyk, bularyň hersine mahsus bolan bitaraplyk halkara hukuk institutynyň çäginde öz aralarynda tapawut goýmaga mümkinçilik berýän özboluşly aýratynlyklary we möhüm aýratynlyklary bar [3; sah. 13].

XX asyryň ahyrynda bolup geçen global özgerişler dünýäniň syýasy keşbine hem öz täsirini ýetirdi. Halkara ýagdaýy barha çylşyrymly häsiýete eýe boldy we adamzada abanýan täze global we wehimlerdir howplar ýüze çykdy. Şeýle bolsa-da, häzirki zaman şertlerinde bitaraplygyň ähmiýeti has derwaýys derejä çykdy we halkara gatnaşyklarynda aýgytlaýjy orun tutýan gurallaryň birine öwrüldi. Bu günki gün, ilkinji nobatda, Türkmenistanyň mysalynda bitaraplyk – parahatçylyk dörediji mümkinçiliklere eýe bolan halkara hukuk derejesi we syýasaty hökmünde hasaplanylýar. Bu ýagdaý ýöne ýerden däldir, sebäbi Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy halkara gatnaşyklarynyň we diplomatiýanyň taryhynda ilkinji gezek Birleşen Milletler Guramasy derejesinde ykrar edilendir we şeýle bolmagynda hem galýar. BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» atly taryhy Kararnamasynyň kabul edilen senesi, ýagny 1995-nji ýylyň 12-nji dekabry milli we bütin dünýä baýramçylyk senesine öwrüldi.

Türkmenistanyň özygtyýarly we meýletin saýlap alan daşary syýasy ugruna BMG derejesinde ykrar etmek bilen berlen şeýle ýokary baha bitaraplygyň dürli dawalaryň we ýaragly çaknyşmalaryň öňüni almakda, olary kadalaşdyrmakda we aradan aýyrmakda, uruşýan taraplaryň arasynda gepleşikleri geçirmekde netijeli gural görnüşinde kabul edilýär. Soňky birnäçe onýyllygyň tejribesi esasynda, bitarap döwletleriň käbir halkara sanksiýalaryna gatnaşmagy, terrorçylyga, neşeleriň bikanun dolanyşygyna we halkara guramaçylykly jenaýata garşy göreşde, ýaragsyzlanmak hereketinde ýardam beriş tagallalaryny amala aşyrmagy hem parahatçylyk maksatlaryna ýetmekde ýerlikli diýlip hasap edilýär. Munuň özi bolsa bitaraplygyň hil taýdan täze derejä galmak bilen many-mazmun taýdan hem çuňlaşýanlygyny aňladýar.

Bitaraplyk daşary syýasat babatynda käbir döwletleriň dürli döwürlerde kabul eden milli kanunçylyk resminamalaryna syn bermek hem zerurdyr. Milli derejede

yglan edilýän bitaraplyk barada aýdylanda, köp döwletleriň, şol sanda bitarap ýurtlaryň hem tejribesinde urşa gatnaşmazlyk baradaky syýasy hukuk resminama bolan Jarnama bilen çykyş etmek ýörelgeleriniň halkara tejribesinde giňden duş gelýändigini belläp bolar. Bitaraplyk baradaky Jarnama ony yglan edýän döwletiň haýsy-da bolsa bir urşa gatnaşmajakdygyny kesgitli aýan edýär. Hatda hemişelik bitaraplyk barada milli kanuny bar bolan döwletler hem zerur bolan halatda Bitaraplyk baradaky Jarnama bilen çykyş edip bilýärler. Halkara gatnaşyklaryň taryhynda ol ýa-da beýleki döwletiň başga bir döwlet, ýa-da birnäçe döwletler bilen bitaraplyk barada ikitaraplaýyn ýa-da köptaraplaýyn ylalaşyga gelmekleriniň mysallaryna köp duşmak bolýar. Şunuň ýaly ýagdaýlarda, adatça, halkara hukuk güýji bolan şertnama baglaşylýan bolsa-da, köplenç halatda, syýasy-hukuk häsiýetli jarnama ýa-da beýannama hem kabul edilýär. Anyk halkara meseleleri babatynda özara bitaraplyk ýa-da birek-biregiň üstüne çozmazlyk barada hem ikitaraplaýyn şertnamalar baglaşylýar.

Käbir halatlarda oňyn bitaraplygyň ýörelgeleri dürli döwletleriň özara geçirýän maslahatlarynda kabul edilýän bilelikdäki resminamalarda ýa-da köptaraplaýyn şertnamalarda öz beýanyny tapýar. Bu babatda 29 sany Aziýa we Afrika döwletleriniň Bandung maslahatyny (1955 ý.), Aziýa we Afrika halklarynyň raýdaşlyk maslahatlaryny (1958 ý., 1960 ý., 1963 ý.), Afrikanyň bitaraplyk ýörelgelerine eýerýän döwletleriniň Akkra (1958 ý.), Addis-Abeba (1960 ý.) we Kasablanka (1961 ý.) maslahatlaryny, Goşulyşmazlyk Hereketiniň dürli ýyllarda geçirilen maslahatlaryny we beýlekileri görkezip bolar. Bitaraplyk barada syýasy-hukuk häsiýetli resminama bolan jarnamalar hem kabul edilýär. Bitaraplygyň şeýle aýan edilmeginiň mysallary hökmünde 1853-nji ýylyň 15-nji dekabryndaky Şwesiýanyň, 1870-nji ýylyň 19-njy iýulyndaky Angliýanyň, 1870-nji ýylyň 23-nji iýulyndaky Russiýanyň, 1870-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky we 8-nji oktýabryndaky ABŞ-nyň we beýleki käbir döwletleriň yglan eden jarnamalaryny görkezmek bolar.

Bitaraplyk baradaky jarnamalar möçberi boýunça gysga ýa-da jikme-jik beýan edilen görnüşde bolup biler. Mysal üçin, Italiýanyň 1914-nji ýylyň 3-nji awgustyndaky kabul eden jarnamasy gysga görnüşlidir we Braziliýanyň 1933-nji ýylyň 23-nji maýyndaky jarnamasy giňişleýin mazmunly bolup durýar.

Bitaraplygy yglan ediji jarnama ýa-da beýleki daşary syýasy resminamalar öz gurluşy boýunça birmeňzeş görnüşde bolup bilerler. Şeýlelik bilen, bitaraplyk baradaky jarnama birnäçe şertli bölümden durýar. Birinji bölümde giriş häsiýetli maglumatlar ýerleşdirilýär we onda bitaraplygyň yglan edilmeginiň sebäpleri görkezilýär. Haýsydyr bir döwletiň oňyn bitaraplygy alyp barjakdygy baradaky jarnamasy ýa-da beýannamasy beýleki döwletler üçin ýuridik güýje eýe bolmaýar. Emma bitaraplygy yglan etmek bilen, degişli döwlet öz üstüne birnäçe borçnamalary alýar we bu halkara hukuk derejesine beýleki döwletleriň hormat goýmagy hökmanydyr. Bu hormat uruş wagty hem, parahatçylyk döwründe-de deň güýje eýe bolmalydyr.

Hemişelik bitaraplyk ykrar edilen ýa-da kepillendirilen häsiýetli bolup bilýär. Mysal üçin, Awstriýanyň hemişelik bitaraplygy 1955-nji ýylda baglaşylan döwlet şertnamasy esasynda ykrar edildi. Şweýsariýanyň hemişelik bitaraplygy bolsa 1815-nji ýylda yglan edilen Wena Kongresiniň Jarnamasy esasynda kepillendirilendir. Hemişelik bitaraplygy ykrar etmegiň iň ýokary halkara hukuk derejesi Türkmenistanyň mysalynda halkara gatnaşyklarynyň we diplomatiýanyň taryhynda ilkinji gezek bolup geçdi. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy barada üç gezek, ýagny 1995-nji, 2015-nji we 2025-nji ýyllarda ýörite Kararnamalary kabul etmegi bu parahatsöýüjilikli syýasatyň barha derwaýys häsiýete eýe bolýanlygyna şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň milli kanunçylyk we halkara hukuk binýadynda kanunçylyk, hukuk we daşary syýasy resminamalarynyň uly toplumynyň döredilenligini ýatlap geçmek maksadalaýykdyr. Olaryň arasynda şu esasy resminamalary görkezmek bolar:

1. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda kabul eden 50/80 «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» Kararnamasy.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda kabul eden 69/285 «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» Kararnamasy.

3. Goşulyşmazlyk Hereketiniň 11-nji konferensiýasynyň Jemleýji namasy. 1995-nji ýylyň 14–20-nji oktýabry, Kartahena, Kolumbiýa.

4. 1992-nji ýylyň 18-nji maýynda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasy.

5. 1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda kabul edilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion Kanuny.

6. 1995-nji ýylyň 25-nji dekabrynda kabul edilen Bitarap Türkmenistanyň adamyň hukuklary babatdaky halkara borçnamalary hakyndaky Jarnama.

7. 1995-nji ýylyň 25-nji dekabrynda kabul edilen Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň daşary syýasatynyň Baş ýörelgesi.

8. A/70/652 S/2016/20 belgi bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň resminamasy hökmünde kabul edilen «Bitaraplyk syýasaty: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň hatyrasyna halkara hyzmatdaşlygy» ýokary derejeli halkara maslahatynyň Jemleýji resminamasy (Aşgabat Jemleýji resminamasy).

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň milli derejedäki syýasy-hukuk esaslary, ilkinji nobatda, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion Kanunynda we 1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda kabul edilen Türkmenistanyň daşary syýasatynyň Konsepsiýasynda öz beýanyny tapýar [1; sah.60].

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda görkezilişi ýaly: «Türkmenistan demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwleti dolandyrmak prezident

respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar. Türkmenistan öz çäginde hökmürowandyr we bütin häkimiýete eýedir, ol içeri we daşary syýasaty özbaşdak amala aşyrýar. Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy we çägi bitewidir hem bölünmezdir. Döwlet Türkmenistanyň garaşsyzlygyny, çäk bitewüligini, konstitusion gurluşyny goraýar, kanunylygyň berjaý edilmegini hem hukuk tertibini üpjün edýär [2]. Türkmenistan kanun esasynda hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýedir. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» Kararnamasynda: «1. Türkmenistanyň yglan eden hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar edýär we goldaýar; 2. Türkmenistanyň bu hukuk ýagdaýyna hormat goýmaga hem-de ony goldamaga, şeýle hem onuň garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna we çäkleriniň bitewüligine hormat goýmaga Birleşen Milletler Guramasynyň agzalary bolan döwletleri çagyrýar» diýlip bellenilendir.

Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň şu hili beýan ediliş usuly dünýäniň hiç ýerinde ýokdur, sebäbi ol BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda kabul eden Kararnamasynyň mazmunyny özünde saklaýar.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň baş ugruny durmuşa geçirmek wezipesi çuňňur oýlanyşykly we ylmy taýdan hemmetaraplaýyn esaslandyrylan hukuk güýjündäki resminamalarda berkidilendir. Hususan-da, olar ýokarda ýatlanan 1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda kabul edilen Türkmenistanyň bitarap döwlet hökmündäki daşary syýasatynyň Konsepsiýasynda, şeýle hem soňraky döwürler üçin işlenilip düzülen we tassyklanan 2008–2012-nji, 2013–2017-nji hem-de 2017–2023-nji, 2022–2028-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň Konsepsiýalarynda öz beýanyny tapýar. Bu resminamalar ýurdumyzyň daşary syýasy ugruny syýasy-diplomatik taýdan üpjün etmekde maksatlaýyn çäreleriň geçirilmegini, şeýle hem halkara ykdysady hyzmaşdaşlygyny ýola goýmak we ösdürmek bilen Türkmenistanyň geosyýasy strategiýasynyň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýar.

Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk halkara hukuk derejesine eýe bolmagy bilen, dünýä diplomatiýasynda täze sahypa açyldy diýilse, hakykata laýyk bolar. Sebäbi Türkmenistan bitaraplyk syýasatyny diňe yglan etmek bilen çäklenmän, eýsem ençeme halkara başlangyçlaryny öňe sürdi, parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek boýunça aýgytlaýjy häsiýete eýe bolan ädimleri ätmek bilen, bitaraplygyň täze mazmunyny we hilini döretdi. Türkmenistanyň mysalynda bitarapyk diňe yglan edilen syýasy ýörelge bolmak bilen çäklenmän, eýsem ol parahatçylygy dörediji we ylalaşdyryjy gural hökmünde hem ykrar edildi. Olary ylmy-teoretik taýdan beýan etmeklik we düşündirmek hem halkara gatnaşyklary teoriýasynyň wezipesine giriýär.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy halkara hukuk we daşary syýasy taýdan kuwwatly we mizemez binýada daýanmak bilen bir hatarda, häzirki zamanyň derwaýys meselelerini çözmekde ygtybarly we işjeň gural bolup hyzmat edýär. Onuň subutnamasy hökmünde ýurdumyzyň köptaraplaýyn diplomatiýasynyň çäklerinde amala aşyrylýan işler hem mysal bolup biler. Bu babatda Türkmenistan özüniň daşary syýasatdaky baş ugrunyň esasy ýörelgeleriniň biri hökmünde Birleşen Milletler Guramasy bilen oňyn we hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem dowam etjekdigini yglan edýär. Bu gün biziň döwletimiz Birleşen Milletler Guramasynyň birnäçe düzümleriniň hataryna saýlandy. Olara gatnaşmak bilen, Türkmenistan BMG-niň işiniň kämilleşdirilmegine, bilelikdäki tagallalaryň netijeli bolmagyna, şol sanda parahatçylygyň we howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmakda we çözgütleri kabul etmekde öz mynasyp goşandyny goşýar.

Howpsuzlygyň bitewüligi we bölünmezligi ýörelgesinden ugur almak bilen, Türkmenistanyň bitaraplyk strategiýasy sebitde we bütin dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça tagallalara işjeň gatnaşýar, derwaýys halkara başlangyçlary bilen çykyş edýär.

Dünýä jemgyýetçiligi, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy we beýleki iri halkara guramalary Türkmenistanyň möhüm başlangyçlaryny, sebit we giň möçberdäki hyzmatdaşlyk boýunça tagallalaryny hem-de daşary syýasatda anyk ädimlerini goldaýarlar. Onuň aýdyň netijeleri biziň ýurdumyzyň teklibi bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilýän möhüm çözgütlerde we halkara hukuk resminamalarynda aýdyň görünýär.

Dünýä we sebit syýasatynyň derwaýys meseleleri ara alnyp maslahatlaşylanda we olaryň oňyn çözgütleri gözlenende, Türkmenistanyň garaýyşlaryna uly ähmiýet berilýär we hormat goýulýar. Şol bir wagtda ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat dürli halkara maslahatlarynyň, netijeli duşuşyklaryň we giňişleýin pikir alyşmalaryň geçirilýän merkezine öwrüldi. Şunuň bilen birlikde Türkmenistan halkara hyzmatdaşlygynyň hem-de häzirki zamanyň möhüm meselelerini çözmäge syýasy-diplomatik çemeleşmäniň dünýä derejesinde nusga alarlyk tejribesine eýedir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň wajyp halkara başlangyçlary, ilkinji nobatda, parahatçylygy berkitmek we howpsuzlygy üpjün etmek, aýratyn hem Merkezi Aziýa we Hazar sebitlerinde hoşniýetli goňşuçylyk hem-de hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny yzygiderli ösdürmek, gapma-garşylyklaryň öňüni almak we olaryň syýasy-diplomatik ýollar bilen çözülmegine işjeň gatnaşmak, goňşy we doganlyk Owganystandaky ýagdaýy parahatçylykly we syýasy ýollar bilen kadalaşdyrmak, bu ýurdy durmuş-ykdysady taýdan dikeltmäge ýardam bermek, sebitiň energetika, ulag-aragatnaşyk, ekologiýa meseleleri babatynda eden teklipleri we başlangyçlary barha giň goldawa eýe bolýar.

EDEBIÝAT

1. *Karaýew B*. Halkara gatnaşyklarynda bitaraplyk syýasaty. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – Aşgabat: TDNG, 2019.

2. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat: TDNG, 2023.

3. *Ганюшкин Б.В.* Нейтралитет и неприсоединение. – М.:. 1965. Ганюшкин Б.В: Современный нейтралитет. – М.: Изд-во ИМО, 1958. Глебов Н. Международное право, 2010.

НАЦИОНАЛЬНЫЕ ЗАКОНОДАТЕЛЬНЫЕ И МЕЖДУНАРОДНО-ПРАВОВЫЕ ИСТОЧНИКИ ПОЛИТИКИ НЕЙТРАЛИТЕТА

Политика нейтралитета в международных отношениях изучается также как отдельное научное понятие. По сути, это означает практическую реализацию международно-правового статуса нейтралитета, связанных с ним обязательств и принципов. Политика нейтралитета – направление внешней политики, проводимое миролюбивым государством в международных отношениях. Политика нейтралитета основана на таких принципах как обеспечение национальных интересов государства и реализация его суверенной воли.

Ключевые слова: нейтралитет, международные отношения, Организация Объединенных Наций, правовой статус, мир, безопасность.

NATIONAL LEGISLATION AND INTERNATIONAL LEGAL SOURCES OF NEUTRALITY POLICY

In international relations, the policy of Neutrality is also studied as a separate scientific concept. Its essence is the practical implementation of the international legal status of Neutrality, relevant obligations and principles. The policy of Neutrality is a foreign policy direction pursued by a peace-loving state in international relations. The policy of Neutrality is based on such principles as, first of all, ensuring the national interests of the state concerned and fulfilling its sovereign will.

Key words: Neutrality, international relations, United Nations Organization, legal status, peace, security.

Aýgözel Baýramowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallym-öwrenijisi

BITARAP TÜRKMENISTANYŇ ZENANLARYŇ HUKUKLARYNY ÜPJÜN ETMEKDE BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY BILEN HYZMATDAŞLYGY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen şygar bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň alyp barýan içeri we daşary syýasaty halkyň parahat, asuda ýaşamagyna gönükdirilendir. Şunda Türkmenistan zenanlaryň hukuklaryny goramak we gender deňliginiň gazanylmagy boýunça çäreleri sazlaşykly durmuşa geçirýär. Ýurduň milli kanunçylygy erkekleriň we zenanlaryň häkimiýet edaralaryna deňagramly gatnaşygynyň gazanylmagy üçin hukuk gurallaryny we kepilliklerini, zenanlaryň ykdysady garaşsyzlygy üçin deň mümkinçilikleriň üpjün edilmegi, öz işiniň kämilleşdirilmegi we wezipe ösüşi, maşgaladaky hukuklaryň we jogapkärçilikleriň deň durmuşa geçirilmegi üçin şertleriň döredilmegini göz öňünde tutýar. Çünki zenanlara hormat goýmak türkmen halkynyň gadymdan gelýän asylly ýörelgeleriniň biridir [1; sah. 127].

Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň 40-njy maddasynda «Maşgala, enelik, atalyk we çagalyk döwletiň goragynda durýarlar» diýlen kada bar [2; sah.9]. Şeýle-de Türkmenistanyň Konstitusiýasy döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda gender deňliginiň üpjün edilmegini kepillendirýär. «Aýallaryň we erkekleriň deň hukuklarynyň we deň mümkinçilikleriniň üpjün edilmeginiň döwlet kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Türkmenistanyň BMG-niň Gender deňligi hem-de aýal-gyzlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek meseleleri boýunça edarasynyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň düzümine birnäçe gezek saýlanmagy bu ugurda halkara derejesinde edilýän işleriň geriminiň giňdigini görkezýär. «Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2021–2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli meýilnamasynyň» tassyklanmagy, Türkmenistanyň Maşgala kodeksi, Ilaty durmuş taýdan goramak kodeksi, Zähmet kodeksi, «Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakynda», «Ene süýdi bilen iýmitlendirmegi wagyz etmek hem-de goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary bu işleriň hukuk esaslaryny düzýär. Türkmenistanda her ýylyň 1–7-nji sentýabry aralygynda Milli ene süýdi bilen iýmitlendirmek hepdeliginiň geçirilmegi bolsa sagdyn nesliň kemala gelmegi babatda döwlet derejesinde giňden alada edilýändiginiň ýene-de bir subutnamasydyr [1; sah. 140].

1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň döredilendigini dünýä döwletleri tarapyndan ykrar edilmegi özbaşdak ösüş ýolunda

gazanylan ilkinji üstünlikdi. Ýaş türkmen döwletiniň çözmeli wajyp meseleleriniň biri-de halkara gatnaşyklaryndaky ornuny tapmak we dünýäniň beýleki döwletleridir halklary bilen deňhukukly gatnaşyklary ýola goýmakdy. Türkmen diplomatiýasy garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap halkara gatnaşygynda işlenilip düzülen beýleki döwletleriň içerki işlerine gatyşmazlyk, dawaly meseleleri güýç ulanmazdan, gepleşikler arkaly çözmek, taraplaryň deňhukuklylygy, birek-biregiň territorial bitewiligini hormatlamak ýaly ýörelgelerden ugur aldy. Garaşsyz Türkmenistan uzak wagt geçmänkä, has dogrusy, 1992-nji ýylyň başlarynda birnäçe halkara guramalaryň agzalygyna kabul edildi. 1992-nji ýylyň 5-nji fewralynda Türkmenistan Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasyna, 16-synda Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyna (EKO) agza boldy. Şol ýylyň dowamynda Halkara Pul Gaznasyna, Halkara ösüş we dikeldiş bankynyň, Halkara maliýe korporasiýasynyň, Halkara ösüş birleşiginiň agzalygyna-da kabul edildi. 1992-nji ýylyň 2-nji martyndan başlap Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly agzasydyr. 1992-nji ýylyň 15-nji aprelinde ol BMG-niň Aziýa – Ýuwaş ummany sebiti baradaky Ykdysadyýet we durmuş toparynyň agzalygyna kabul edildi [3; sah. 97].

Türkmen döwletiniň halkara gatnaşyklarynda gazanan iň uly üstünlikleriniň biri onuň hemişelik Bitaraplyk derejesini almagydyr. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy dünýäniň 185 döwletiniň wekilleriniň gatnaşmagynda biragyzdan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» hakyndaky Kararnamany kabul etdi. Şeýdip, dünýäde BMG tarapyndan resmileşdirilen ilkinji Bitarap döwlet peýda boldy.

Mälim bolşy ýaly, aýallaryň deňhukuklylygy baradaky meseleler BMG döredileni bäri, onuň işiniň üns merkezinde bolup gelýär. Gurama aýallar babatda adam hukuklaryny ösdürmek we goramak ugrundaky global göreşde, şeýle hem jemgyýetçilik durmuşynda, ykdysady we durmuş ösüşiniň ähli çäklerinde aýallara deň-derejeli mümkinçilikleri üpjün etmek boýunça tagallalarda esasy roly oýnady we oýnaýar. Şu ýerde diňe bir Baş Assambleýanyň 48-nji mejlisiniň aýallar meselesi boýunça, üstesine-de, sese goýmazdan, 8 rezolýusiýa kabul edendigini nygtap geçmek ýeterlikdir. Şolardan biri «Aýallar babatda zorlugy ýok etmek baradaky Jarnama» boldy. Bu resminamanyň kabul edilmeginiň aýallaryň hukuklarynyň berjaý edilmegi üçin örän möhüm ähmiýeti boldy. Hususan-da, Jarnamanyň 4-nji maddasynda döwletler aýallar babatdaky zorlugy ýazgarmalydyrlar we zorlugy ýok etmek babatda özleriniň borçnamalaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmak üçin hiç hili däp-dessurlara, adatlara we dini sebäplere salgylanmaly däldirler – diýlip aýdyldy [3; sah.179].

Garaşsyz Türkmenistanyň ösüşi BMG we onuň edaralary, şol sanda Ilat Gaznasy (UNFPA) bilen ysnyşykly hyzmatdaşlykda amala aşyryldy. 1996-njy ýylda Türkmenistan Aýallara gatnaşykda hukuk kemsitmeleriň ähli görnüşleriniň

aradan aýrylmagy baradaky Konwensiýa (CEDAW), 2009-njy ýylda bolsa onuň Goşmaça teswirnamasyna goşuldy. Öz işiniň çäklerinde BMG-niň Ilat Gaznasy (UNFPA) Türkmenistana bilermenlik we tehniki goldawy arkaly gender deňliginiň ilerledilmegine, şol sanda seminarlaryň, iş mejlisleriniň guralmagy bilen ýardam berýär, şeýle-de milli kanunçylygyň kämilleşdirilmegi boýunça bu ulgamdaky halkara tejribesiniň öwrenilmegi boýunça tanyşdyryjy saparlary hem guraýar.

Zenanlaryň hukuklarynyň goraglylygy bütin dünýäde howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmegiň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Şoňa görä-de, bu günki gün Türkmenistanda zenanlaryň hukuklarynyň deňligini kepillendirmekde uly işler alnyp barylýar.

Türkmenistan gumanitar çäklerdäki wajyp ugurlar bolan adam hukuklaryny we erkinliklerini üpjün etmek, şahsyýetiň ömrüni we mertebesini goramak, adamlaryň, aýratyn hem, aýallaryň we çagalaryň saglygyny goramak baradaky halkara konwensiýalaryň giň toplumyna işjeň gatnaşyjy bolup durýar. Olaryň arasynda Aýallaryň syýasy hukuklary baradaky Konwensiýa (Nýu-Ýork ş., 1952-nji ýylyň 20-nji dekabry) hem bar [4; sah. 214].

Häzirki wagtda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň Milli maksatnamalary BMG-niň müňýyllygyň Jarnamasy bilen berk baglanyşyklydyr, onda bolsa gender deňligi aýallaryň we çagalaryň saglygynyň goragy boýunça wezipeler, bilim, jynslaryň arasyndaky deňligiň ýaýbaňlandyrylmagy, aýallaryň hukuklarynyň we mümkinçiliklerniň giňeldilmegi bilen bagly bolan esasy maksatlaryň biri hökmünde kesgitlenilendir. Çünki ýurdumyzda alnyp barylýan ägirt uly işlerde aýallaryň hem uly goşandy bardyr. Türkmenistan aýallara, enelere bagtyýar durmuşyň, olaryň hukuklarynyň ygtybarly goraglylygynyň üpjün edilmegini özüniň esasy maksatlarynyň hatarynda kesgitleýär. Türkmenistanda gender çemeleşmesiniň strategiýalara we milli maksatnamalara girizilmegi bilen aýallaryň mümkinçiliklerniň ösüşi üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu babatda «Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2021–2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli meýilnamasy» ykdysady ösüşiň durnuklylygyny üpjün etmäge gönükdirilen gender syýasatyny, onuň maksatlaryny, wezipelerini we ýörelgelerini, döwlet strategiýasynyň çygryndaky ähmiýetini hem-de ugruny kesgitleýän möhüm resminama bolup durýar. Onuň esasy maksady jemgyýetiň ýaşaýşynyň dürli ugurlarynda gender boýunça döwlet syýasatyny işläp taýýarlamagyň ýagdaýyna, ony durmuşa geçirmäge geljekki ösüş gurallaryny ornaşdyrmakdan ybaratdyr.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1952-nji ýylda kabul eden Aýallaryň syýasy hukuklary hakynda, 1979-njy ýyldaky Aýallar barada kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda Konwensiýalary bu ugurda esasy halkara resminamalar bolup, olarda zenanlaryň hukuklary hemmetaraplaýyn kesgitlenilýär we gender meselelerini çözmekde esasy halkara gurallar hasaplanylýar. Türkmenistanyň 2022–2024-nji ýyllar döwri üçin BMG-niň Gender deňligi hem-de

zenanlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek meseleleri boýunça düzüminiň («BMG – Zenanlar») Ýerine ýetiriji geňeşiniň agzalygyna saýlanmagy hem bu ugurda ýurtda amala aşyrylýan işleriň netijeli häsiýete eýediginiň aýdyň subutnamasydyr. Indi birnäçe ýyldan bäri ýurduň köp çagaly enelerine «Ene mähri» adynyň dakylmagy we köp çagaly maşgalalara ýokary amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlarynyň berilmegi zenanlaryň türkmen halkynyň häzirki ajaýyp zamanasynyň kemala gelmegine goşýan uly goşandyna, ata-babalaryň belent ýörelgelerine mynasyp nesli terbiýeläp ýetişdirýändiklerine bildirilýän sarpanyň aýdyň nyşanydyr.

«BMG – Zenanlar» BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýardam beriji edarasy bolup, ol BMG-niň ulgamynyň gender deňligi we aýallaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek meseleleri bilen meşgullanýan edaralarynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen 2010-njy ýylda döredildi. Bu düzüm gender deňligini üpjün etmegiň meseleleri boýunça BMG-niň ulgamynyň işini utgaşdyryjy esasy edara hökmünde çykyş edýär. Onuň ýerine ýetiriji geňeşi esasy ýolbaşçylyk wezipeleri alyp barýar. Bu düzüm 51 agzadan ybarat bolup, olar BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşi tarapyndan 3 ýyl möhlet bilen saýlanylýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, Merkezi Aziýa ýurtlary bilen netijeli gatnaşyklar Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Soňky birnäçe ýylyň dowamynda iki we köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk hil taýdan täze derejä çykaryldy. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogynyň çäklerindäki hyzmatdaşlyk şeýle mysallaryň biridir. Türkmenistan zenanlaryň dialogyny geçirmekde oňyn tejribe toplady, sebit derejesinde şeýle dialog 2021-nji ýylyň awgust aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň çäklerinde geçirildi. 2022-nji ýylyň maý aýynda türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyjy boýunça Aşgabatda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Russiýa Federasiýasynyň «Jemgyýetçilik-syýasy we durmuş-ykdysady ösüşlerde zenanlaryň orny» ady bilen zenanlaryň dialogy üstünlikli geçirildi [5].

Türkmenistan halkara syýasy, ykdysady, medeni we hukuk giňişligine sazlaşykly goşulmak bilen, bu ugurda alyp barýan işlerini aýdyň işjeňleşdirdi. Häzirki wagtda Milletler Bileleşigi bilen däbe öwrülen hyzmatdaşlygyň gerimi toplanan baý tejribä hem-de uly mümkinçiliklere esaslanyp, şol sanda BMG-niň esasy agentlikleriniň hem-de iri ýöriteleşdirilen guramalarynyň ugry boýunça yzygiderli giňeldilýär. Munuň özi, ozaly bilen, Türkmenistanyň halkara gatnaşyklardaky başlangyçlary we onuň sebit hem-de dünýä möçberindäki möhüm meseleleri çözmekdäki ähmiýeti bilen baglanyşyklydyr.

Bu ugur, umuman alanyňda, Türkmenistanyň döwlet Baştutanynyň döredijilikli daşary syýasaty ýaly, BMG-niň goldawyna eýe bolýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň başlygynyň orunbasary hormatly wezipä sekizinji gezek saýlanandygyny, BMG-niň

Baş Assambleýasynyň 58-nji, 62-nji, 64-nji, 68-nji hem-de 71-nji, 78-nji we 79-njy mejlisleriniň işine hem wise-başlyk hökmünde gatnaşandygyny bellemek gerek.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň abraýly düzümleriniň we ykdysady edaralarynyň düzümine eýýäm birnäçe gezek saýlanyldy. Şolaryň hatarynda BMG-niň esasy edaralarynyň biri bolan EKOSOS, Ilat we ösüş boýunça komissiýa, Bütindünýä azyk maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji geňeşi, ÝUNESKO-nyň Ýerine ýetiriji geňeşi, BMG-niň Merkezi Aziýanyň ykdysadyýetleri üçin Ýörite maksatnamasy (SPEKA), BMG-niň Neşe serişdeleri boýunça komissiýasy, BMG-niň Bosgunlaryň işleri boýunça Ýokary komissarynyň maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji komiteti we beýlekiler bar.

Şunuň bilen baglylykda, geçen ýyllaryň içinde Türkmenistan eýýäm BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň hem-de BMG-niň ÝYK-nyň durnukly energetika boýunça komitetiniň býurosynyň başlygynyň orunbasarlygyna we BMG-niň Gender deňligi hem-de zenanlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek meseleleri boýunça düzüminiň Ýerine ýetiriji geňeşiniň («BMG – Zenanlar») agzalygyna saýlanandygyny bellemek gerek.

BMG-niň ÝYK-nyň işiniň esasy ugurlaryna ykdysady hyzmatdaşlyk hem-de goşulyşmak, söwda, ulag, energetika, ekologiýa we daşky gurşaw, DÖM-ni durmuşa geçirmek hem-de beýlekiler degişlidir. Türkmenistan bu ugurlarda özara gatnaşyklar meselelerinde esasy orny eýelemek bilen, olaryň sazlaşykly çözgütlerini işläp düzmäge anyk goşandyny goşýar.

Birleşen Milletler Guramasy bilen Türkmenistan özara gatnaşyklarynyň okgunly, strategik häsiýeti türkmen tarapynyň teklibi boýunça kabul edilen Kararnamalarda hem öz beýanyny tapýar. «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilen 2025-nji ýylda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň biragyzdan üçünji gezek ykrar edilmegi Bitaraplyga ygrarly Türkmenistanyň dünýä giňişliginde parahatçylyk döredijilik syýasaty yzygiderli durmuşa geçirýändigini tassyklaýar.

EDEBIÝAT

1. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – A.: TDNG, 2023.

2. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: TDNG, 2023.

3. *Rahmanow A*. Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2014

4. *Karaýew B*. Halkara gatnaşyklarynda bitaraplyk syýasaty. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A: TDNG, 2019.

5. Parlament diplomatiýasynyň döwrebap gadamlary. – Türkmenistan. 03.10.2024.

СОТРУДНИЧЕСТВО НЕЙТРАЛЬНОГО ТУРКМЕНИСТАНА С ОРГАНИЗАЦИЕЙ ОБЪЕДИНЕННЫХ НАЦИЙ В ОБЛАСТИ ПРОДВИЖЕНИЯ ПРАВ ЖЕНЩИН

Внешняя и внутренняя политика Туркменистана, ведомые уважаемым Президентом направлены на мирную и спокойную жизнь народа. Одним из величайших достижений Туркменского государства на международной арене является его статус постоянного нейтралитета. Статус нейтралитета Туркменистана неразрывно связан с правами человека. В стране неуклонно проводятся мероприятия для совершенствования положения женщин и достижения гендерного равенства.

Ключевые слова: нейтралитет, международные отношения, права человека, гендерное равенство, международная организация, права женщин.

COOPERATION OF NEUTRAL TURKMENISTAN WITH THE UNITED NATIONS IN PROMOTING WOMEN'S RIGHTS

The domestic and foreign policy of Turkmenistan led by the Esteemed President is aimed at ensuring the peaceful and calm life of the people. One of the greatest achievements of the Turkmen state in international relations is its status of Permanent Neutrality. The Neutral policy of Turkmenistan is inseparably connected with the promotion of human rights. That is why the country is implementing measures to improve the status of women and achieve gender equality.

Keywords: Neutrality, international relations, human rights, gender equality, international organization, women's rights.

Dürli Ballyýewa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy

ADAM HUKUKLARYNY GORAMAK BOÝUNÇA MILLI EDARALARYŇ ORNY WE TEJRIBESI

Häzirki wagtda adam hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek hem-de goramak – bu döwletiň döwrebap ösüş derejesiniň alamaty. Adam hukuklary diýlende, şahsyýetiň dogulmagy bilen elinden alyp bolmaýan hukuga düşünilýär. Adam hukuklary umumadamzat gymmatlygy hökmünde häzirki döwürde halkara derejesinde ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda durýar.

Türkmenistan döwleti Garaşsyzlygyny alan ilkinji günlerinden başlap halkara resminamalarynda bellenilen esasy demokratik hukuklary we azatlyklary ykrar edýändigini yglan etdi. Munuň özi, adamyň bähbitlerini, hukuklaryny we azatlyklaryny goramak hem-de kanunçylykda adam hukuklary boýunça halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ornaşdyrmak ýurtda ýöredilýän syýasatyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini tassyklaýar. Türkmenistan adamyň esasy hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek we goramak boýunça ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk derejesinden gelip çykýan jogapkärçilige doly düşünýär we halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen kadalaryna esaslanýar. Umumadamzat gymmatlyklary we ählumumy ykrar edilen halkara ýörelgeleri biziň milli kanunçylykda ileri tutulýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasy milli kanunçylygyň kämilleşmegine esas döredýär. Kabul edilýän kanunlar konstitusion kadalary aýdyňlaşdyrmaga demokratik ýörelgeleri giňeltmäge, kepillendirilen hukuklary amala aşyrmak üçin şertleri döretmegiň hukuk kadalaryny berkidýär [1].

Bitarap Türkmenistan halkara gatnaşyklarynyň deňhukukly subýekti bolup, dünýäniň döwletleri bilen jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlary boýunça giňişleýin hyzmatdaşlygy ýola goýýar. Türkmenistan adamyň we raýatyň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitleriniň goralmagyny ileri tutmak, halkara hukuk kadalaryna ygrarly bolmak, ynsanperwerlik, adalatlylyk ýörelgelerine eýerýär. Türkmenistan ynsanperwer ulgamda halkara kadalaryny ýokary derejede ýerine ýetirmek bilen, Adam hukuklarynyň Ählumumy Jarnamasynda, şeýle hem adam hukuklary babatda ýurdumyzyň tassyklan halkara konwensiýalarynda ýazylan adam hukuklaryny we azatlyklaryny netijeli amala aşyrmak üçin syýasy, ykdysady, durmuş we beýleki kepillikleri döredýär. Döwlet syýasatynyň esasy ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem her bir adamyň syýasy, ykdysady, durmuş we beýleki raýatlyk hukuklaryny we azatlyklaryny durmuşa geçirmek, döwletiň we jemgyýetiň demokratik ýörelgelerini we hukuk esaslaryny berkitmekden ybarat bolup durýar. Milli ykdysadyýet güýçli depginler bilen ösýär, ylym, bilim, saglygy goraýyş, medeniýet we durmuş infrastrukturasyna goýulýan maýa goýumlar artdyrylýar [2].

Türkmenistanda adam hukuklarynyň berjaý edilmeginiň köpdürliligini nazara alsak, ilki bilen, adam hukuklary babatyndaky hereket edýän ýagdaýy seljermek we bu ugurda Milli meýilnamalarda goýlan wezipeleriň ýerine ýetirilmegine gönükdirilen ählumumy hem-de döredijilikli çäreleriň maksatnamasyny kesgitlemek möhümdir.

Adam hukuklary bilen bagly meseleleriň netijeli çözülmegi çäreleriň toplumyny, aýratyn-da, kanunçylyk we institusional özgertmeleriň amala aşyrylmagyny talap edýär. Adam hukuklary babatda halkara ölçegleriniň ykrar edilmeginiň özi, olaryň berjaý edilmegini kepillendirmeýär, munuň üçin hukuk goraýjy ülňülerine laýyk gelýän has kämil kanunçylyk zerur bolup durýar. Adam hukuklarynyň doly amala

aşyrylmagy ýörite hukuk goraýjy edaralary öz içine alýan bir bitewi hukuk goraýjy düzümiň bolan ýagdaýynda üpjün edilip bilner.

1946-njy ýylda BMG-niň Ykdysady we durmuş geňeşi adam hukuklaryna ünsi ýokarlandyrmak baradaky çözgüdinde her bir ýurduň öz ýurtlarynyň çäklerinde adam hukuklary boýunça maglumat beriji toparlary ýa-da ýerli komitetleri döretmekligiň gerekdigini talap etdi. 1960-njy ýylda adam hukuklaryny goramakda we höweslendirmekde milli edaralaryň ähmiýetini ykrar etdi. 1991-nji ýylyň oktýabrynda Parižde adam hukuklaryny höweslendirmek we goramak bilen meşgullanýan milli edaralaryň derejesini kesgitleýän we işini düzgünleşdirýän ýörelgeler (Pariž ýörelgeleri) kabul edildi. Pariž ýörelgeleri 1993-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan tassyklanyldy.

1993-nji ýylyň iýunynda Adam hukuklary baradaky Halkara konferensiýasy Wena jarnamasyny we Hereketleriň maksatnamasyny kabul etdi. Olar adam hukuklaryny üpjün etmekde we goramakda milli institutlaryň, hususan-da, olaryň degişli edaralara maslahat kömegini bermekde möhümdigini we netijeli ornuny, adam hukuklarynyň bozulmalaryny aradan aýyrmakda we adam hukuklary barada habarlary ýaýratmakda, adam hukuklary boýunça bilim bermekde ähmiýetini tassyklady, şeýle-de «adam hukuklaryna dahylly bolan institutlary döretmekde we berkitmekde ýardam etmek boýunça hereketlere ýörite üns berilmelidir» diýilýär [3].

Adam hukuklary boýunça milli edaralar baradaky pikiriň özi diňe adam hukuklarynyň goralmagyna we höweslendirilmegine gönükdirilen ýörite edarany döretmek zerurlygy bilen bagly bolup durýar. Milli institutlaryň esasy aýratynlyklary olaryň, adatça, administratiw häsiýetli bolup (kazyýet ýa-da kanunçykaryjy edara däldir), maslahat beriji ygtyýarlyklara hem-de köp babatda garaşsyz edaralara eýe bolup durýanlygyndadyr.

Ilkibaşda Demirgazyk Ýewropa ýurtlarynda dörän ombudsmeniň instituty 60–80-nji ýyllarda giňden ýaýrady we dürli atlar bilen dünýäniň köp ýurtlarynda esaslandyryldy. Ombudsmeniň instituty taryhy gözbaşyny Şwesiýadan alyp gaýdýar, bu ýerde 1809-njy ýyldaky Dolandyrmak hakynda namanyň 6-njy maddasynyň esasynda Karl XII Riksdaga (Parlamente) «Riksdagyň kesgitlän düzgünleriniň esasynda jemgyýetçilik administrasiýasynyň kanunlaryň we beýleki kanunçylyk namalarynyň ulanylyşyna gözegçilik maksatlary üçin bir we şondan köp Ombudsmeni saýlamak» hukugyny berdi.

Şwesiýanyň mysalyna 1919-njy ýylda Finlýandiýa eýerdi. Emma institut Ikinji Jahan urşundan soň tutuş dünýäde giňden ýaýrady. 1954-nji ýylda Daniýada konstitusion özgertmeleriň çäklerinde şwed nusgasyndan düýpli tapawutlanýan ombudsmeniň instituty döredildi. Ol binýatlyk nusga öwrülip, onuň esasynda dünýäniň köp ýurtlarynda şeýle institutlar döredilip başlandy.

Ýokarda aýdylanlary beýan etmek bilen, şeýle institutlary döretmegiň zerurlygynyň taryhy barada durup geçmegi, şunda adalatçylaryň belli bir döwlete

degişliligine baglylykda olaryň hukuk derejeleriniň tapawutly aýratynlyklaryna garamazdan, onuň köpugurlylygy bellenilip, bu institutyň dürli dolandyrylyşy dürli döwletlerde öz ornuny tapandygyna we dürli hukuk ulgamlaryna goşulmaga ukyplylygyna üns çekmegi makul bilindi. Şeýle hem Türkmenistanda Adalatçynyň instituty döredilende Pariž ýörelgelerinde düzgünleşdirilen halkara ülňüleriň talaplaryna laýyk gelýän nusganyň saýlanyp alynmagynyň tassyklanmasy bolýar. Ýagny wezipä bellemegiň konstitusion kadalaşdyryjy düzgünleri bolup, «Adalatçy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda edaranyň garaşsyzlygy, maliýe özbaşdaklygy, işgärleriniň garaşsyzlygy kepillendirilýär [4].

Şeýle edaralaryň atlary düýpli tapawutlanýar, emma ygtyýarlyklarynyň mazmuny meňzeş bolup, olar ýeke-täk «Ombudsmen» («Ombudsman») adalgasy bilen birleşýärler. Adalganyň esasynda «umbud» (güýç, gorag) we «man» şwed sözleri bolup durýar. GDA ýurtlarynda «Adam hukuklary boýunça ygtyýarly wekil» Ombudsmen adalgasyny çalyşýar. Şeýle at Ombudsmeniň adam hukuklaryny goramakdan we dikeltmekden ybarat bolan esasy wezipesini aýdyň beýan edýär.

Ygtyýarly wekiliň instituty, ozaly bilen, kazyýetler, prokuratura ýa-da beýleki döwlet edaralary bilen bäsleşmezden, hukuklary goramagyň goşmaça serişdesi hökmünde çykyş edýär. Bu institutyň düýp mazmuny, jemgyýetiň we onuň raýatlarynyň bähbitlerini beýan ediji bolup çykyş etmek bilen, döwletiň häkimiýet edaralarynyň işine gözegçilik etmeginde jemlenýär. Köp ýurtlarda parlament tarapyndan döredilýän Ombudsmen instituty gapma-garşylyklar ulgamynyň goşmaça guralyna öwrülýär hem-de ähli döwletlerde diýen ýaly raýatlaryň we döwletiň arasyndaky «üçünji nukdaýnazar» hökmünde baha berilýär.

Hukukçylaryň Halkara Assosiasiýasynyň kesgitlemesi boýunça «Ombudsmen» Konstitusiýa ýa-da kanun çykaryjy häkimiýetiň namasy bilen göz öňünde tutulan gulluk bolup, oňa garaşsyz, ýokary wezipeli jemgyýetçilik wekili ýolbaşçylyk edýär, ol kanun çykaryjy häkimiýetiň öňünde maglumat berýär, döwlet edaralary, wezipeli adamlar we iş berijiler tarapyndan hukuklary bozulan adamlardan arzalary kabul edýär ýa-da öz garaýşyna görä hereket edýär we barlag geçirmäge, teklip bermäge, maglumat bermäge ygtyýarlydyr. Adalatçynyň institutynyň döredilmegi administratiw hyýanatçylyklaryň öňüni almagyň, şeýle hem hukuklaryň we azatlyklaryň kemsidilmegine getiren administratiw ýalňyşlyklary düzetmegiň institusional kepilliklerini berkitmek boýunça özgertmeleriň netijesidir.

Ombudsmeniň institutynyň dürli milli nusgalarynda wezipeler düýpli üýtgeýär, emma adam hukuklary boýunça ygtyýarly wekilleriň köpüsine mahsus bolan esasy wezipeler bolýar. Ol wezipeler adam hukuklaryny goramakdan we höweslendirmekden ybaratdyr. Eger olaryň birinjisi şahsy şikaýatlara seretmek we çözmek, adam hukuklarynyň köpçülikleýin bozulan ýagdaýlarynda möhüm ýüz tutmalary (rezolýusiýalary, maslahatlary) kabul etmek, çagalar we beýleki edaralara gözegçilik etmek ýaly belli bir işden ybarat bolsa, olaryň ikinjisine bolsa, bilim

işi, adam hukuklaryny goramak babatda kanunçylygy özgertmäge ýardam etmek, halkara hyzmatdaşlygy, adam hukuklary bilen meşgullanýan meseleleri babatda möhüm çözgütleri we maslahatlary işläp taýýarlamak maksady bilen forumlary, maslahatlary, beýleki çäreleri guramakdan ybaratdyr. Şeýle milli edaralaryň üç sany esasy toparlary bardyr, olar: Adam hukuklary boýunça komissiýalar, Ombudsmenler hem-de «Ýöriteleşdirilen» milli edaralar bolup durýar.

Pariž ýörelgelerinden gelip çykyşy ýaly, adam hukuklaryny goraýan milli edaralaryň işiniň esasy ýörelgesi hukuk we operatiw özbaşdaklyk bilen üpjün edilýän institutyň garaşsyzlygy bolup durýar, ýagny hukuk derejesi Konstitusiýada ýa-da Parlamentiň kabul edýän kanunlarynda berkidilen, maliýe özbaşdaklygy, işgärleriň garaşsyzlygy, edaranyň düzümi, şeýle hem wezipä bellemegiň we wezipeden boşatmagyň aýratyn (aýdyň we garaşsyz) düzgünleri bilen berkidilýär.

Pariž ýörelgeleriniň esasyny düzýän ikinji wajyp binýady, ol Ygtyýarly wekiliň ygtyýarlygyna degişli talaplaryň üçüsinden, ýagny ygtyýarlyklaryň doly möçberi, konstitusion ýa-da başga kanunçylyk bilen berkidilmegi, anyk düzgünleşdirilmeginden durýar. Şunuň bilen baglylykda, milli edara ýerine ýetirýän wezipeleri babatda giň ygtyýarlyklara eýe bolýar. Olar ygtyýarlygynyň çäklerinde islendik meselelere erkin seretmek, islendik adamy diňlemek we islendik maglumaty almak, jemgyýete ýüzlenmek, işçi toparlary döretmek, maslahatlary geçirmek, döwlete degişli däl edaralar bilen hyzmatdaşlyk etmek babatda erkinligiň aňrybaş derejesine eýe bolmalydyr. Elýeterlilik, beýleki edaralar bilen hyzmatdaşlyk, dessinlik babatda talaplar hem zerur bolup durýar. Institutyň garaşsyzlygy hasabatlylygyň aýratyn ulgamy arkaly sazlanmalydyr: milli edara jemgyýetiň we döwletiň öňünde öz işi üçin jogap berýär, munuň özi, her ýyl parlamente ýa-da hökümete maglumatyň taýýarlanylmagyny, şeýle hem öz işi barada habarlaryň yzygiderli ýaýradylmagyny göz öňünde tutýar [5].

Soňky wagtlara çenli döwlet bilen onuň raýatlarynyň arasyndaky gatnaşyk döwletiň içerki meselesi hasaplanýardy we diňe adam hukuklaryny goramagyň içerki mehanizmi barada aýdyp bolar. BMG-niň Tertipnamasy kabul edilenden soňky ilkinji ýyllarda-da bu gatnaşyklar döwletiň içerki ygtyýarlyklarynyň çäginde bolupdy. Adam hukuklaryny goramagyň halkara mehanizminiň döredilmegi adam hukuklaryny goramak üçin içerki ulgam bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyny görkezdi.

Häzirki wagtda Türkmenistanda «Türkmenistanyň adam hukuklary boýunça 2021–2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň Milli meýilnamasy», «Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2021–2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň Milli meýilnamasy», şeýle hem «Türkmenistanda çaganyň irki ösüşini we mekdebe taýýarlygyny ösdürmek babatda 2020–2025-nji ýyllarda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işini kämilleşdirmegiň Maksatnamasy», «Türkmenistanda çaganyň irki ösüşi boýunça 2020–2025-nji ýyllar üçin Milli strategiýasy» üstünlikli amala aşyrylýar [6]. Bu resminamalar adam hukuklaryny we azatlyklaryny mundan beýläk hem

üpjün etmäge, ýurduň jemgyýetçilik-syýasy, durmuş-ykdysady hem-de medeni ulgamlarynda adam hukuklaryny goramak babatdaky işleri ilerletmäge, halkara resminamalary esasynda öz üstüne alan borçnamalaryna ygrarlydygyny beýan etmäge gönükdirilendir.

EDEBIÝAT

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A., 2023.
2. *Serdar Berdimuhamedow*. Mejlisiň ýedinji çagyrylyşynyň deputatlarynyň birinji maslahatyndaky sözlän sözi. – «Türkmenistan» gazeti. 07.04.2023.
3. ombudsman.gov.tm
4. un.org
5. Türkmenistanda adam hukuklary boýunça 2021–2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli Meýilnamasy. – A.: TDNG, 2021.

ПОЗИЦИЯ И ОПЫТ НАЦИОНАЛЬНЫХ УЧРЕЖДЕНИЙ ПО ПРАВАМ ЧЕЛОВЕКА

Права человека являются основополагающим принципом любой страны, строящей гражданское общество. Защита прав и свобод каждого человека и одновременно создание реальной системы обеспечения прав и свобод каждого человека в обществе является главным условием установления верховенства права. Сегодня обеспечение и защита прав и свобод человека является признаком современного уровня развития государства. Права человека – это права, которые не могут быть отняты по рождению. Права человека как универсальная ценность на международном уровне сегодня входят в число приоритетов.

Ключевые слова: Права человека, защита, государства, международный, свобода.

POSITION AND EXPERIENCE OF NATIONAL HUMAN RIGHTS INSTITUTIONS

Human rights are the fundamental principle of any country building a civil society. Protecting the rights and freedoms of every person and at the same time creating a real system for ensuring the rights and freedoms of every person in society is the main condition for establishing the rule of law. Today, ensuring and protecting human rights and freedoms is a sign of the modern level of development of the state. Human rights are rights that cannot be taken away at birth. Human rights as a universal value are among the priorities at the international level today.

Key words: Human rights, protection, states, international, freedom.

Jennet Halmuradowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesine dalaşgäri

SEBITIŇ ÖSÜŞINDE ÖŇEGIDIŞLIK: MERKEZI AZIÝA TÄZE GÖRNÜŞ

Häzirki wagtda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan dünýä giňişliginde mynasyp orun eýeleýär. Biziň ýurdumyz hyzmatdaşlygyň halkara, sebit we döwletara düzümleriniň işjeň agzasy bolmak bilen, deňhukukly, özara bähbitli gatnaşyklary durmuşa geçirýär hem-de parahatçylyk medeniýetiniň we ynanyşmak derejesiniň pugtalandyrylmagyna uly goşant goşýar.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýä döwletleri, abraýly halkara guramalar bilen dostlukly, birek-birege ynanyşmak, deňhukukly hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan gatnaşyklary ýola goýmagyň gymmatly tejribesini toplady, taryhy taýdan gysga döwrüň içinde toplanan bu gymmatly tejribeleriň düýp binýadynda dünýäde parahatçylygy, ählumumy howpsuzlygy pugtalandyrmak durnukly ösüşiň hatyrasyna dostlukly, ynsanperwer hyzmatdaşlygy, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny yzygiderli giňeltmek ýaly maksatlar durýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitabynda: «Döwletara gatnaşyklary parahatçylykly ýoly bilen berkitmek halkymyzyň oguz zamanyndan bäri ygrarly ýörelgesidir. Şol ýörelge häzirki günde döwrebap mazmunynda Garaşsyz türkmen döwletiniň halkara gatnaşyklaryndaky üstünliklerinde wajyp orny eýeleýär. Türkmenistan halkara gatnaşyklarynda taraplaryň bähbitlerini hiç bir babatda ünsden düşürmeýän ygtybarly hyzmatdaşdyr. Munuň özi döwletimiziň parahatçylyk söýüjilikli taglymatlarynyň aýdyň dabaralanmasydyr» diýip belleýär [1; sah. 302].

Türkmenistan sebitde, ilkinji nobatda, goňşy döwletler bilen özara gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagyna aýratyn üns berýär hem-de dostluk, ynanyşmak, hoşniýetli goňşuçylyk we özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýagdaýyny döretmäge tagalla edýär. Türkmen halkynyň taryhyna ser salnanda, onuň hemişe parahatçylygyň, dostluk-doganlygyň, asuda durmuşyň tarapdary bolan zähmetsöýer halkdygyna göz ýetirmek kyn däl. Garaşsyz Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynyň we daşary syýasatynyň taryhy tejribesinde Merkezi Aziýa – goňşy döwletleri bilen hyzmatdaşlygynyň ösüşi wajyp orun tutýar. Hususan-da, Türkmenistan bilen Merkezi Aziýa döwletleriniň gadymdan gelýän goňşuçylyk gatnaşyklarynyň ýurdumyzyň Garaşsyzlykdan soňky döwründäki halkara hyzmatdaşlygy birek-biregiň eýerýän ýörelgesini bilmäge we oňat düşünmäge mümkinçilik berýär, sebitdäki hyzmatdaşlygyň barşy we ugurlary barada bitewi garaýşyň kemala gelmegine ýardam edýär. Merkezi Aziýada bolup

geçýän ýagdaýlara öz wagtynda hem-de çeýe täsir etmäge mümkinçilik döredýär, hyzmatdaşlaryň bähbidini nazarda tutup, milli ileri tutulýan ugurlary ýola goýmaga kömek edýär. Merkezi Aziýa döwletleri Garaşsyzlyk ýyllarynda öz döwletliligini gorap saklamagy we berkitmegi, onuň kemala gelşiniň başlangyç tapgyrlaryndaky kynçylyklary ýeňip geçip, bu günki gün olar dünýäde bolup geçýän çylşyrymly ýagdaýlara garamazdan, ykdysady ösüşiň durnukly görkezijilerini gazanyp, binýatlyk durmuş maksatnamalaryny ýerine ýetirýärler. Bu sebitdäki ýurtlaryň jogapkärli, parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty olara halkara giňişliginde mynasyp orun eýelemäge mümkinçilik berýär.

Energetika ulgamynda hyzmatdaşlygyň Merkezi Aziýa döwletleriniň ählisiniň işjeň we doly görnüşde gatnaşmagy arkaly amala aşyrylmagynyň zerurdygy hem-de bu hyzmatdaşlygyň, sebitiň içinde bolşy ýaly, onuň daşarky çäkleri boýunça hem kuwwatly energetika düzümini döretmäge gönükdirilmegi bähbitligidir. Türkmenistany senagat taýdan ösdürmek, ýurdumyzyň tebigy baýlyklaryny daşarky bazarlara çykarmak, halkara ulag geçelgelerini döretmek boýunça ägirt uly taslamalaryň durmuşa geçirilmegi Türkmenistanyň Merkezi Aziýa döwletleri bilen ulag-logistika babatdaky hyzmatdaşlygyna aýratyn ähmiýet berilýän ugurlaryň biridir. Energiýa serişdelerine baý bolmagy, amatly geosyýasy, geoykdysady artykmaçlyklary Merkezi Aziýa sebitiniň halkara gatnaşyklaryndaky ähmiýetini artdyrýar.

Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň Konsultatiw duşuşyklary, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogy, Merkezi Aziýa döwletleriniň ykdysady forumlary, Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy Milli Liderimiziň başlangyjy bilen Türkmenistanyň Prezidenti Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň mynasyp dowam etdirýän halkara başlangyçlarynyň sebitde we dünýäde uly goldawa eýe bolýandygynyň hem-de Merkezi Aziýanyň dünýä geosyýasatynda möhüm sebitdiginiň subutnamasydyr. Türkmenistan ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn syýasy geňeşmeleriň we gepleşikleriň geçirilýän ýeridir. Bu babatda Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ähmiýeti uludyr. Aşgabatda ýerleşýän bu merkeziň alyp barýan işi Merkezi Aziýada howpsuzlygy üpjün etmäge uly ýardam berýär [2; sah. 246].

Bu hakykaty nazara almak bilen, Türkmenistan Merkezi Aziýa ýurtlarynyň, goňşy sebitleriň arasyndaky ykdysady we söwda ulgamlaryndaky hyzmatdaşlygyny hil taýdan täze derejä çykarmaga we uzak möhletleýin sebitara gatnaşyklaryna güýçli itergi bermäge ýardam berjek häzirki zaman, utgaşdyrylan ulag-üstaşyr infrastrukturasyny döretmek baradaky pikirleri we başlangyçlary öňe sürýär. Muňa soňky 20 ýyla golaý döwürde «Merkezi Aziýa+» adalgasynyň syýasy dolanyşyga has giňden ornandygy hem şaýatlyk edýär. Bu format döwletara hyzmatdaşlygynda türkmen halkynyň Milli Lideriniň «Dialog – parahatçylygyň

kepili» atly başlangyjyny tejribä ornaşdyrmakda amatly geosyýasy guraldyr. Bütin Ýer şarynda howpsuzlygy üpjün etmek baradaky Türkmenistanyň başlangyçlary bu günki gün onuň halkara gatnaşyklarynda alyp barýan bitaraplyk ýörelgesiniň doly goldanylmagydyr.

Ýaňy-ýakynda Merkezi Aziýanyň häzirki zaman ýurtlarynyň territoriýasy global syýasy proseslerin periferiýasy bolup durýardy. Häzirki wagtda bolsa ykdysady-geografik, klimat we syýasy resurs taýdan baý bolan bu aýra durýan sebit ýene-de dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň gyzyklanma merkezine öwrülýär. Şol bir wagtyň özünde, onuň düzümindäki ýurtlar, dürli tapawutlara garamazdan, barha köp polýar we çalt üýtgeýän dünýäde köpçülikleýin howpsuzlyk mehanizmleri bilen doly goralýan umumy ykdysady we syýasy gyzyklanmalary bar.

Merkezi Aziýa indi Ýewraziýa giňişliginde uly ykdysady oýunçylar bilen deňeşdirilende periferiýa sebiti bolmakdan çykýar. Şeýle-de bolsa, sebitiň häzirki özgerişiniň esasan içerki tagallalara, hususy maýa goýumlaryna we iri köptaraplaýyn maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine baglydygyny ýatdan çykarmaly däldir. Bu meseleleri çözmek bilen, sebit içerki we daşarky sarp edijiler üçin bäsdeşlik harytlaryny we hyzmatlaryny öndürýän milli kärhanalaryň önümçilik zynjyrlaryna işjeň gatnaşmak bilen, Uly Ýewraziýa giňişliginde maliýe taýdan durnukly we dinamiki taýdan ösýän sebit bolup biler.

Sebitiň döwletleri soňky 30 ýylyň dowamynda ep-esli öňegidişlik gazandy we çynlakaý ösüş perspektiwalaryna eýe bolup durýar. Ortaça hasap bilen, sebitiň jemi içerki önümi her ýyl durnukly ösüş tendensiýasyny görkezdi. Merkezi Aziýanyň ilaty takmynan 80 million adam bolup, artmagyny dowam etdirýär. Geografik taýdan juda amatly ýerleşendigi Türkmenistany birwagt dünýäniň syýasy-ykdysady arenasyna çykardy. Bu hakykata şaýatlyk edýän maglumatlar, gadymy ýazgylar, juda wajyp ýatlamalar taryh gatynda näçe diýseň bar. Aziýa bilen Ýewropany birleşdirýän möhüm çatrykda ýerleşenligi üçin bu yklymlarda dürli döwürlerde, dürli ýagdaýlar sebäpli dörän dartgynly hem-de syýasy wakalar, ykdysady-söwda hyzmatdaşlygy, medeni-ynsanperwer, ylmy-pelsepe gatnaşyklary Türkmenistandan hiç wagt üzňe bolmandyr.

Taryhdan mälim bolşy ýaly, diňe bir türkmen halkynyň taryhynda däl, eýsem dünýä taryhynda möhüm orny eýelän, öz başlangyjyny Hytaýdan alyp gaýdan Beýik Ýüpek ýoly Merkezi Aziýanyň üsti bilen Ortaýer deňziniň gündogar kenarynyň ugrundaky ýurtlaryň arasynda söwda-haryt gatnaşyklarynyň ösmegine, aýratyn hem, dürli siwilizasiýalaryň özara baýlaşmagyna, medeniýetleriň ajaýyp nusgalarynyň we däpleriniň dünýä ýaýramagyna örän uly täsirini ýetiripdir. Bu ýol türkmen topragynyň üstünden hem geçipdir. Antik eýýamda dünýä meşhur bazarlar Hytaýda, Nusaýda we Mesopatamiýada guralypdyr. Orta asyrlarda türkmen şäherleri bolan Merw, Nusaý, Sarahs, Köneürgenç, Amul, Abywert, Dehistan bu ýoluň ýakasynda

ýerleşip, halklary we medeniýetleri birleşdirýän öz döwrüniň söwda-ykdysady we medeni merkezleri bolup hyzmat edipdir.

Aziýanyň, Ýakyn Gündogaryň we Ýewropanyň arasyndaky söwda ýollarynyň çatrygyndaky sebitiň geostrategik ýagdaýy goşmaça artykmaçlyklara eýedir. Soňky üçmüňýyllygyň dowamynda Beýik Ýüpek ýoly Uly Ýewraziýanyň bäş uly ykdysady merkezini – Hytaý, Hindistan, Pars, Ýakyn Gündogar we Ýewropany birleşdirişi ýaly, häzirki zaman ulag ugurlary diňe bir üstaşyr rol oýnamak bilen çäklenmän, sebitdäki ýurtlaryň senagatynyň, söwda we ykdysady gatnaşyklarynyň ösmegine hem mümkinçilik berýär.

Merkezi Aziýanyň resminamalar bilen esaslandyrylan taryhy 3000 ýyl dowam edýär – ilkinji şäher ilatly ýerleri miladydan öňki ikinji müňýyllykda döräpdir, emma sebitiň geçmişi ýene-de birnäçe müň ýyl has çuňlaşýar. Şeýle hem gadymy döwletleriň we Margiana, Baktriýa, Sogdiana, Fergana we Horezm ýaly gadymy döwletleriň we beýik medeni we taryhy sebitleriň gülläp ösendigini göz öňünde tutmalydyrys. Müň ýyl ozal sebitiň ösüş derejesi, ykdysady we medeni işleri şeýle bir giň gerime eýe bolupdy welin, bu döwre hakykatdan hem «Merkezi Aziýanyň altyn asyry» diýilýärdi. Şol döwürde Merkezi Aziýanyň ýaşaýjylary tutuş Hytaýda, Hindistanda we Ýakyn Gündogarda öz söwda öýlerini açyp, öňdebaryjy orunlary eýeleýärdi. Kontinentiň masştabynda giň syýasy we söwda gatnaşyklary üçin amatly iş şertlerini döretmek Beýik Ýüpek ýolunyň esasy ugurlary boýunça işewürligiň esasy maksatlaryndan biri bolupdy.

Daşary syýasatda ileri tutulýan ugur «parahatçylykly we ykdysady taýdan gülläp ösýän Merkezi Aziýa» bolup durýar. Mundan başga-da bu başlangyçlar ekologiýa meselelerini çözmäge, suw çeşmelerini integrirlenen dolandyryş tehnologiýalaryny öňe sürmäge, tejribe we tehnologiýa alyş-çalşygy arkaly «ýaşyl» energiýany ornaşdyrmaga we ösdürmäge gönükdirilendir. Şeýle hem bu başlangyçlar ähli sebitde mümkinçilikleriň giňelmegine ýardam bermek üçin söwda pudagynda netijeli hyzmatdaşlyga gönükdirilendir. Uly ýurtlar we abraýly halkara guramalary tarapyndan başlanyp öňe sürlen daşarky maksatnamalaryň Merkezi Aziýanyň aýratyn ornuny nygtaýandygyny we sebitiň maýa goýumlaryny we eksport potensialyny açmak üçin möhüm strategik görkezmeleri kesgitleýändigini ýatdan çykarmaly däldir. Bu nukdaýnazardan, uly ýurtlaryň ösen maliýe araçylygynyň döredilmegi diňe bir sebitiň içinde däl-de, eýsem goňşy ýurtlar bilen söwda we ykdysady gatnaşyklaryň ösmegine itergi bolar. Önümçilik potensialynyň giňemegi täze iş orunlarynyň sanynyň köpelmegi bilen hem ýeňilleşdiriler. Merkezi Aziýa döwletleriniň hem öz arasynda, hem-de esasy söwda hyzmatdaşlary bilen gowy goňşuçylyk gatnaşyklaryny gurmak sebitleýin we halkara hyzmatdaşlygyň hiline we tizligine täsir edýär we sebitiň uzak möhletleýin ösüşi üçin esasy şert bolup durýar.

Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysady syýasatynyň esasy wezipesi, çig-mal harytlarynyň we zähmet resurslarynyň eksportyna esaslanýan ösüş strategiýasyndan

durnukly ösüş maksady bilen ykdysadyýetiň gurluş özgertmelerine geçmek bolup durýar. Söwdanyň sanlylaşdyrylmagy hem geljekde möhüm orna eýe bolar. Söwdany ýeňilleşdirmek boýunça çäreler sebitdäki ähli ýurtlara möhüm peýdalary getirip biler. Häzirki wagtda Merkezi Aziýa döwletleriniň sebitleýin hyzmatdaşlygyň özboluşly nusgasy we sebitde ýaşaýan ähli halklaryň peýdasyna gowy goňşuçylyk gatnaşyklaryny nädip gurmalydygy barada dünýäniň beýleki sebitleri üçin taýsyz görelde bolmak üçin ähli mümkinçilikleri bar.

Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ýolbaşçylarynyň dowam edýän dostlukly duşuşyklary, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda özara gatnaşyk formatlarynyň berkidilmegi, hyzmatdaşlyk ulgamyna ünsi artdyrmak sebitimiziň güýçlenýändigini we ösýändigini subut edýär.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Hakyda göwheri. – Aşgabat: TDNG, 2024.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – Aşgabat: TDNG, 2016.
3. turkmenistan.gov.tm

ПРОРЫВ В РАЗВИТИИ РЕГИОНА: НОВЫЙ ВЗГЛЯД НА ЦЕНТРАЛЬНУЮ АЗИЮ

В последнее время многие политологи и эксперты-международники не без оснований склоняются к мысли о том, что первоначально применявшаяся в сфере внешней политики и геополитических отношений «многовекторная» политика стран Центральноазиатского региона в некоторой степени эволюционировала и теперь охватывает самые различные контексты в регионе.

Сегодня в новых геополитических условиях возможности стран региона получают особую значимость. Следование политике открытости, взаимовыгодного сотрудничества и согласованности усилий позволяют государствам Центральной Азии добиваться качественного прорыва в развитии. А путь к снижению уязвимости к внешним факторам во многом наиболее эффективен через укрепление политико-дипломатического и торгово-экономического регионального сотрудничества. На этом основываются практически все согласованные решения последних двух-трёх лет, к которым пришли и лидеры стран региона.

Ключевые слова: Центральная Азия, прорыв, лидеры стран, региональное сотрудничества, «многовекторная» политика, интеграция.

BREAKTHROUGH IN THE DEVELOPMENT OF THE REGION: A NEW LOOK AT CENTRAL ASIA

Recently many political scientists and international experts, not without reason, are inclined to think that the «multi-vector» policy of the Central Asian countries, initially applied in the sphere of foreign policy and geopolitical relations, has evolvto some extent and now covers a wide variety of contexts in the region.

Today, in the new geopolitical conditions, the capabilities of the countries of the region are of particular importance. Following the policy of openness, mutually beneficial cooperation and coordination of efforts allow the states of Central Asia to achieve a qualitative breakthrough in development. Path to reducing vulnerability to external factors is in many ways most effective through strengthening political-diplomatic and trade-economic regional cooperation. Almost all the agreements reached by the leaders of the countries of the region in the last two or three years are based on this.

Key words: Central Asia, «multi-vector» policy, leaders of the countries, regional cooperation, geopolitical relations, integration.

Suraý Akmyradowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy

MERKEZI AZIÝA – PARAHATÇYLYGYŇ, YNANYŞMAGYŇ WE HYZMATDAŞLYGYŇ ZOLAGY

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen «Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakyndaky Şertnama», şeýle hem Baş Assambleýanyň 79-njy sessiýasynyň 25-nji plenar mejlisinde «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» atly Kararnamalaryň biragyzdan kabul edilmegi daşary syýasy ýeňiş hökmünde ata Watanymyzyň halkara abraýyny has-da belende göterýär. Sebit parahatçylygynyň aýdyň güwäsine öwrülen bu resminamalar hem halkara derejede, hem sebit derejesinde hyzmatdaşlygy ösdürmekde möhüm çemeleşmedir. Bu möhüm wakalar XXI asyryň halkara gatnaşyklarynda bu sebitiň dünýä döwletlerinde uly gyzyklanma döredýändigini ýene bir ýola tassyklady.

XX asyryň 90-njy ýyllarynda garaşsyzlygyny gazanan Merkezi Aziýa döwletleri: Türkmenistan, Özbegistan, Gazagystan, Gyrgyzystan we Täjigistan otuz ýyllyk garaşsyz ösüşiň netijesinde ykdysady, senagat, söwda, maýa goýum, innowasiýa, ulag we beýleki ulgamlarda uly ösüşleri gazanmagy başardylar. Energiýa

serişdelerine baý bolmagy, amatly geosyýasy, geoykdysady artykmaçlyklary Merkezi Aziýa sebitiniň halkara gatnaşyklaryndaky ähmiýetini artdyrýar [3; sah. 582]. Şeýle-de bu sebitde ýerleşýän bäş döwletiň taryhynyň, medeniýetiniň, dininiň, diliniň, däp-dessurlarynyň meňzeşligi we asyrlaryň dowamynda olaryň taryhy ykballarynyň bütewiligi garaşsyzlygyny gazanandan soň hem olara tiz wagtda sebitara integrasiýany kemala getirmäge mümkinçilik berdi.

Geografiýa ylmyndan bilşimiz ýaly, Ýewraziýanyň fiziki-geografik bölünişiginde Merkezi Aziýa subkontinenti 5 sany fiziki-geografik ýurda bölünýär: Turan pesligi, Gazak ownuk depeligi, Týan-Şan daglary, Tarim (Kaşgar) çöketligi, Günorta Mongoliýanyň we Demirgazyk Hytaýyň platolary hem-de tekiz daglyklary. Maglumat hökmünde belläp geçsek, Demirgazykdan günorta 4,2 müň kilometr, günbatardan gündogara çenli 5,6 müň kilometr giňişlige uzap gidýän Merkezi Aziýanyň ilaty häzirki wagtda 75 milliondan geçýär. Demirgazykda Altaý, Saýan daglaryndan başlap, günortada Gimalaý daglaryna çenli aralykda ýerleşen şeýle ägirt uly giňişligiň tebigy şertleriniň özboluşlylygy baryp-ha XIX asyryň ortalarynda nemes geografy Aleksandr fon Gumboldtyň ünsüni çekipdir. Şeýdibem, ol alym tarapyndan ummanlardan uzakdaky beýik daglar bilen gurşalan hem-de çöl landşaftlarynyň agdyklyk etmegi bilen häsiýetlendirilýän giňişlik geografiýa ylmyna «Merkezi Aziýa» diýen düşünje görnüşinde girizilipdir.

Merkezi Aziýa sebiti, aýdylyşy ýaly, dünýäniň aýrylmaz bir bölegidir. Dünýä wakalarynyň sebite täsir edişi ýaly, bu sebitde bolup geçýän wakalar hem bütin dünýä täsirini ýetirýär. Ylaýta-da, milli ykdysadyýetleriň goşulyşýan häzirki döwründe bu täsir has duýarlykly derejede ýüze çykýar. Daşarky maýa goýumlar, ylmyň-bilimiň gazananlary, täze tehnologiýalar, oňyn tejribeler... – olaryň öňünde hemişe «ýaşyl yşyk» ýanýar. Munuň şeýledigine biz öz ýaşaýan Merkezi Aziýa sebitimiziň ýurtlarynyň tejribesinde, şol sanda öz ýurdumyzyň durmuşynda-da göz ýetirip bilýäris. Tebigy gazdan awtomobil we dizel ýangyjyny, himiki dökünleri, polimerleri, elektrik energiýasyny öndürmegiň tehnologiýalary we beýlekiler, galapyn, daşary ýurt tehnologiýalary bolsalar-da, türkmen ykdysadyýetinde ornaşyp, örňäp giden tehnologiýalardyr.

Merkezi Aziýa sebitinde ägirt uly öndüriji güýçler (adam kapitaly we önümçilik kuwwatlyklary), sarp ediş bazary, ylym-bilim, täze tehnologiýalar, halkara ulag-logistika infrastrukturalary, gazylyp alynýan baýlyklaryň uly gorlary, energiýa çeşmeleri we ýene-de köp zatlar, ýagny adamyň doly bahaly durmuşda ýaşamagy we zähmet çekmegi üçin gerek bolan ähli şertler hem-de mümkinçilikler jemlenendir. Iň esasy-da, bu sebitiň zähmete ukyply we höwesli, bilimli-sowatly, gujurly ýaşlary tapgyr-tapgyr ýetişip gelýär.

Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly: «Merkezi Aziýa häzirki wagtda diňe bir howpsuzlygyň üpjün edilmeginde däl, eýsem ösüşler babatdaky taryhy wezipesini alanyňda hem öz mümkinçiliklerini giňeldýär. Sebitde häzirki zamanyň

ulagaragatnaşyk, senagat, medeniýet we beýleki jemgyýetçilik düzümleriniň kuwwatly merkeziniň kemala gelýändiginiň nazara alynmagy hem derwaýysdyr» [2; sah. 99].

Merkezi Aziýa döwletleri sebitde parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy kemala getirmek üçin, XX asyryň ahyrynda tagallalaryny birikdirdiler. Sebäbi SSSR dargap, sebitde täze döwletler döränden soň, serhet, syýasy, etniki meseleleriň birnäçesi ýüze çykdy [5; sah. 48–49]. Dünýä taryhyny özüne sapak edinen bu döwletler häzirki zaman şertlerinde ýekebara bu meseleleriň hötdesinden gelip bolmajagyna düşündiler.

Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly: «Her bir döwlet, ol nähili kuwwatly we baý bolsa-da, bütin dünýäni alada goýýan meselelerden we howplardan özüni aýry tutup bilmez. Ösen we ösüp barýan döwletleriň arasyndaky üzňeligi aradan aýyrmak, bütin ýurtlary we sebitleri azyk bilen üpjün etmek, energiýa çeşmelerine deňhukukly ygtyýar bermek, ekologik we tehnogen häsiýetli töwekgelçilikleriň öňüni almak, terrorçylyga, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna we transmilli guramaçylykly jenaýatçylyga garşy netijeli hereket etmek bilen baglanyşykly köpsanly durmuş-ykdysady meseleleri çözmezden, umumy howpsuzlygy, durnukly we gapma-garşylyksyz global ösüşi gazanyp bolmaz» [1; sah. 387–388].

Şeýlelikde, olar dörän syýasy, ykdysady, sosial kynçylyklary BMG, GDA, YHG, ÝHHG, ŞHG, ÝB, NATO ýaly guramalaryň ýardamy bilen çözmegi başardylar [6; sah 273].

Adamzat siwilizasiýasynyň ösüşiniň taryhy döwletlerde durnuklylygyň bolan halatynda olaryň ýokary derejede ösendigini görkezýär. Merkezi Aziýa döwletleri hem bu taryhy tejribeden ugur alyp, dörän kynçylyklara seretmezden, XXI asyrda içeri we daşary syýasatda durnuklylygy gazandylar.

Sebitde howpsuzlygy, parahatçylygy üpjün etmekde Türkmenistan Bitarap döwlet hökmünde aýratyn tapawutlanandygyny bellemek zerur. Ýurdumyz oňyn Bitaraplyk, parahatsöýüjilikli daşary syýasatyna daýanyp, ylalaşdyryjy merkez hökmünde garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda özüni ykrar etdirdi. Türkmenistanda täjigara, owganara gepleşikleri geçirildi. Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen, Aşgabatda 2007-nji ýylyň dekabrynda BMG-niň öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi açyldy. Bu sebit merkeziniň açylmagynyň BMG üçin uly üstünlikdigine ünsi çeken BMG-niň Baş sekretary Pan Gi Mun: «Düşünişmezlikler ýüze çykmanka öňüni almak, biziň iň oýlanyşykly maýa goýumymyzdyr» diýip belledi [4; sah.138].

Gahryman Arkadagymyz Merkezi Aziýany BMG-niň parahatçylyk daýanjyna öwürmek başlangyjy bilen çykyş etdi. Bu babatda türkmen halkynyň Milli Lideri Merkezi Aziýa döwletleriniň arasyndaky syýasy dialogyň täze formatyny – Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň Konsultatiw geňeşini döretmek teklibini öňe

sürdi. Netijede, gönüden-göni Konsultatiw duşuşyklar görnüşindäki dialog 2018-nji ýyldan başlap, guralyp başlandy [3; sah.597].

2018-nji ýylyň iýun aýynda BMG tarapyndan «Merkezi Aziýa sebitinde parahatçylygy, durnuklylygy we durnukly ösüşi üpjün etmek maksatlarynda sebitleýin we halkara hyzmatdaşlygy berkitmek» atly Rezolýusiýasynyň hem kabul edilmegi ýurdumyzda hereket edýän sebit merkeziniň we Merkezi Aziýa döwletleriniň bilelikdäki dialogynyň gazanan üstünligidir [2; sah. 109].

Merkezi Aziýa döwletleri taryh üçin örän gysga döwür bolan 30 ýylyň içinde sebiti parahatçylygyň, ynanyşmagyň we hyzmatdaşlygyň zolagyna öwürmegi başardylar. Olar gol-gola berip, sebitde we dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy, durnuklylygy mizemez saklamak üçin ähli tagallary edýärler. Şunda Merkezi Aziýa döwletleri sebiti senagat taýdan ösdürmek babatda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň syýasatynyň ileri tutulýan maksatlaryna we wezipelerine laýyk gelýän häzirki zaman önümçilik üpjünçilik ulgamlaryny döretmek boýunça bilelikdäki çäreleri görmäge taýýardyr. Deňiz portlaryna we täze daşarky bazarlara örän gysga çykalgany üpjün edýän özara bagly sebit ulag ulgamynyň döredilmegi Günorta Aziýany, Hytaýy we Ýewropany birleşdirýän ählumumy ulag geçelgesi hökmünde Merkezi Aziýa sebitiniň ornuny dikeltmek işini güýçlendirer.

Sebitde ulag ulgamyny ösdürmek boýunça başlangyçlary we taslamalary iş ýüzünde amala aşyrmagy çaltlandyrmaga sebitiň ýurtlary uly gyzyklanma bildirýärler. Munuň özi halkara söwdasynyň depginli ösmegine we möçberlerine, üstaşyr ýük akymlarynyň artmagyna, çig maly, enjamlary hem-de taýýar önümleri daşamagyň bahasyna oňyn täsir eder.

Ýeri gelende bellesek, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan ençeme Kararnamalar kabul edildi. Şolaryň aglabasynyň Türkmenistanyň başlangyjy bilen amala aşyrylandygyny bellemelidiris. Munuň özi diňe bir sebitde däl, eýsem halkara giňişlikde-de biziň abraýymyzyň barha artýandygyna, sebitimize uly gyzyklanma bildirilýändigine şaýatlyk edýär.

Hormatly Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow 2007-nji ýylda döwlet Baştutany wezipesine girişmek bilen, halkara gatnaşyklarda BMG-niň parahatçylyk döredijilik işlerinde netijeli düzüm boljak Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezini döretmek başlangyjyny öňe sürdi.

2021-nji ýylyň 11-nji dekabrynda Aşgabatda «Parahatçylyk we ynanyşmak syýasaty – halkara howpsuzlygyň, durnuklylygyň we ösüşiň esasy» atly halkara maslahat geçirildi. Onda Türkmenistan döwletimiz Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen «Dialog – parahatçylygyň kepili» diýlip atlandyrylan halkara gatnaşyklaryň täze filosofiýasyny öňe sürdi. Bu filosofiýa türkmen Bitaraplygynyň öňe sürýän pikir-garaýyşlarynyň özboluşly jemlenmesidir. Bu başlangyçlar türkmen

halkynyň döreden milli ýörelgeleriniň, Gahryman Arkadagymyzyň hoşniýetli diplomatiýasynyň ajaýyp beýanydyr. Şu nukdaýnazardan, Milli Liderimiziň Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň Hormat nyşany bilen sylaglanylmagy aýratyn mazmuna eýedir.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň bäşinji konsultatiw duşuşygyndaky çykyşynda: «Türkmenistan halklarymyzyň bähbitlerine dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk ýagdaýyny saklamagyň we netijeli sebit hyzmatdaşlygynyň kepili boljak döwletara gural hökmünde Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň formatyna örän möhüm ähmiýet berýär» diýmek bilen, bu babatda oňyn başlangyçlary öňe sürdi [7].

Biziň sebitimiziň, asyl, tutuş Ýewraziýanyň parahatçylygyna howp salýan wehimlere özara ynanyşmak ýagdaýyndaky, bähbitleri deň tutýan gepleşikleriň esasynda tagallalary birleşdirmek arkaly garşy durup bolar. Şu nukdaýnazardan ugur alsak, Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklarynda Türkmenistan tarapyndan öňe sürülýän tekliplerdir üns çekilýän meseleler bilelikde, jebislikde, birlikde sebitiň durnuklylygyna, asudalygyna täsir edýän ýagdaýlaryň öňüni almagy, netijede, Merkezi Aziýanyň bitewi geoykdysady giňişlik hökmündäki ägirt uly mümkinçiliklerini netijeli ulanmagy, parahatçylygy we asudalygy goramak bilen baglanyşykly gymmatly pikirleri halkara giňişlikde işjeň ilerletmegi nazarlaýar.

Dünýä bileleşiginiň işlerine örän işjeň gatnaşýan hem-de ählumumy bähbitlere laýyk gelýän giň halkara hyzmatdaşlygy öňe sürýän Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary boýunça işlenip taýýarlanylan oňyn daşary syýasat strategiýasy tutuş dünýäde uly goldawa eýe bolýar. Ol geosyýasy deňagramlylygyň, tutuş sebitde we dünýäde howpsuzlygyň hem-de durnuklylygyň möhüm şerti hökmünde çykyş edýär.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 4-nji tom. – A.: 2011.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany. – A.: TDNG, 2020.

3. *Gurbangeldiýew J*. Aziýa we Afrika ýurtlarynyň daşary syýasaty. – A.: TDNG, 2024.

4. *Karaýew B., Gurbanow N., Joraýew G*. Türkmenistanyň daşary syýasaty. – A.: TDNG, 2017.

5. Haktan Birsel. Eski dünyanın karanlık yüzü. Orta Asya jeopolitiği. – Istanbul: IQ Kültür Sanat Yayıncılık, 2006.

6. *Рахимов С.А*. Исследование международных отношений и факторов стабильности в Центральной Азии. // Новейшая история Центральной Азии. Сб. статей. – М.: Институт востоковедения РАН, 2018.

7. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň bäşinji konsultatiw duşuşygyndaky çykyşy. // Türkmenistan, № 235-236. 15.09.2023.

ЦЕНТРАЛЬНАЯ АЗИЯ – ЗОНА МИРА, ДОВЕРИЯ И СОТРУДНИЧЕСТВА

Единогласное принятие на 79-й сессии Генеральной Ассамблеи ООН Резолюций «Договор о зоне, свободной от ядерного оружия в Центральной Азии» и «Центральная Азия – зона мира, доверия и сотрудничества» инициированные Туркменистаном, еще больше повышает международный авторитет нашего Отечества. Эти документы, ставшие ярким свидетельством регионального миротворчества, являются важным шагом на пути развития сотрудничества как на международном, так и на региональном уровнях. Эти важные события еще раз подтвердили, что этот регион представляет огромный интерес для мира в международных отношениях XXI века.

Важно отметить, что Туркменистан проявил себя как нейтральное государство в обеспечении региональной безопасности и мира. Данные резолюции стали международным признанием большой роли Туркменистана в превращении Центральной Азии в зону мира, доверия и сотрудничества, политической воли стран региона по обеспечению безопасности и мира в ЦА и в мире целом.

Ключевые слова: Центральная Азия, история, дипломатия, сотрудничество, отношения.

CENTRAL ASIA IS A ZONE OF PEACE, TRUST AND COOPERATION

The unanimous adoption of the «Treaty on a Nuclear-Weapon-Free Zone in Central Asia» initiated by Turkmenistan at the 79th session of the United Nations General Assembly, as well as the Resolutions «Central Asia – A Zone of Peace, Trust and Cooperation» at the 25th plenary meeting of the 79th session of the United Nations General Assembly, further enhance the international authority of our Motherland as a foreign policy victory. These documents, which have become a clear testimony to regional peace, are an important approach to enhancing cooperation at both the international and regional levels. These important events have once again confirmed that this region is of great interest to the world's states in international relations of the 21st century.

It is important to note that Turkmenistan has distinguished itself as a Neutral state in ensuring security and peace in the region. In the first years of its Independence, our country established itself as a center of reconciliation, relying on its positive Neutrality and peaceful foreign policy.

Key words: Central Asia, history, diplomacy, cooperation, relations.

Mähriban Gelenowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy

TÜRKMEN-HYTAÝ MEDENI GATNAŞYKLARYNYŇ ÖSÜŞ ÝOLY

Häzirki wagtda syýasy diplomatiýa bilen bir hatarda, medeni diplomatiýany ösdürmek möhüm talap bolup durýar. Çünki medeni hyzmatdaşlygyň halkara gatnaşyklarynda uly orny bar. Üçünji müňýyllykda Türkmenistan beýleki ýurtlar bilen gatnaşyklary has-da ýygjamlaşdyryp, täze Beýik Ýüpek ýolunyň dikeldilmeginde uly öňe gidişlikleri gazanýar. Şeýle döwletara gatnaşyklaryň mysalynda Hytaý Halk Respublikasy ilkinjileriň hatarynda durýar. Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň taryhy kökleri geçmişe uzap gidýär. Bu gatnaşyklar ençeme asyrlaryň dowamynda ösdürilipdir. Mysal üçin, taryhy çeşmeleriň ençemesinde türkmen kerwenleriniň Hytaýa gidişleri hakyndaky maglumatlara, şeýle-de beýik türkmen akyldary Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde Hytaýa ýa-da Çyn-Maçyna bagyşlanyp ýazylan setirleriň ençemesine duş gelmek bolýar.

Özüniň döwlet Garaşsyzlygyny alandan soňra Türkmenistan beýleki döwletler bilen gönüden-göni aragatnaşyk saklamak we ony ösdürmek mümkinçiligini aldy. Ilkinji döwletleriň hatarynda Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny ykrar eden Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda iňňän jebis dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklary ýola goýuldy. Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda diplomatik gatnaşyklar ýola goýlandan soňky geçen döwür türkmen-hytaý gatnaşyklary üçin örän möhümdir. Sebäbi hut şol döwürde türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň düýbi berkden tutuldy. Bu günki gün iki ýurduň arasyndaky dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklary ygtybarlylygyň we birek-birege düşünişmegiň mysaly bolup hyzmat edýär.

Hytaý Hökümeti tarapyndan Türkmenistan Hökümetiniň ykrar edilmegi (1991-nji ýylyň 27-nji dekabry), iki döwletiň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagy (1992-nji ýylyň 6-njy ýanwary), Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçileriň alşylmagy, ilkinji döwlet we hökümet saparlary, duşuşyklar, döwletara, hökümetara resminamalaryň kabul edilmegi we ençeme başga möhüm wakalar iki döwletiň ösüş taryhynda aýratyn ähmiýete eýedir. Sebäbi bu wajyp wakalaryň

ählisi ilkinji gezek bolup geçdi we olar türkmen-hytaý gatnaşyklaryny hil taýdan täze derejä çykardy.

Şeýle önjeýli işjeňligiň netijesinde bu ýurduň taryhy, medeniýeti, edebiýaty bilen gyzyklanyp, olary doly öwrenmäge ähli şertler döredildi. Bu işleriň netijesinde, iki halky umumylaşdyrýan medeni baglanyşyklar içgin öwrenildi. Mysal üçin, hytaýlylaryň däp-dessurlarynyň, toýlarynyň geçirilişiniň, milli geýimleriniň, el işleriniň türkmen halkyna ýakyn gelýän ýa-da meňzeş taraplaryny açyp, olara seljeriş bermek iki halkyň aýratynlyklaryny ýüze çykarmaga ýardam etdi. Çünki, şeýle medeniýetleriň umumy meňzeşliklerine taryhy nukdaýnazardan seretsek, bu günki günüň ylmy ösüşinde özüniň täze sahypasyny açdy.

Döwletler diňe bir pudak aragatnaşyklary saklaman, eýsem welaýatlar boýunça hem gatnaşyklary saklaýar. Hytaýyň medeniýetiniň ösen mekany Şandun we Şensi welaýatlary bilen Türkmenistanyň Lebap we Ahal welaýatlarynyň arasynda, şeýle hem Sian we Mary şäherleriniň arasynda doganlyk gatnaşyklary soňky onýyllykda ösdi. 2015-nji ýylyň oktýabrynda Mary welaýatynyň dolandyryş merkezinde Hytaýyň Sian şäheriniň Medeniýet hepdeligi geçirildi. Onda Gündogaryň medeniýetleri duşuşyp, alymlaryň, arheologlaryň, edebiýatçylaryň dürli garaýyşly pikirleri diňlendi. Görnüşi ýaly, türkmen-hytaý medeni gatnaşyklarynyň soňky ýyllarynyň käbir mysallarynda medeni diplomatiýanyň ösüşini duýmak bolýar. Olary syýasy taýdan delillendirmek has-da dogry bolar. Mysal üçin, 2016-njy ýylda Hytaýda «Türkmenistan» medeni maglumat merkezi açyldy. Şol ýylyň 17-nji martynda Hytaýyň Demirgazyk Günbatarynda ýerleşýän Gansu welaýatynda, Lançžou ulag uniwersitetinde bu merkez işe başlady.

Has ýakyn döwre gaýdyp gelsek, 2023-nji ýylyň 15–18-nji sentýabry aralygynda Türkmenistanyň wekiliýeti Demirgazyk Hytaýyň Hebeý welaýatynyň Lanfan şäheriniň «Ýüpek ýoly» halkara sungat merkezinde geçirilen «Bir guşak, bir ýol – Beýik diwar» atly ikinji halkara halk sungaty festiwalyna gatnaşdy. Hytaýyň Medeniýet we syýahatçylyk ministrligi hem-de Hebeý welaýatynyň Hökümetiniň «Ýüpek ýoly» halkara sungat merkezi bilen bilelikde guran bu festiwaly Beýik diwaryň medeniýetini wagyz etmek we festiwala gatnaşýan ýurtlar bilen medeni alyş-çalşy ösdürmegi maksat edindi.

Festiwalyň guramaçylary «Ýüpek ýoly» halkara sungat merkezine türkmen suratkeşlerini garşylamaga taýýardyklaryny mälim edip, Hytaý bilen Türkmenistanyň arasyndaky dostlugy çuňlaşdyrar diýip hasaplady. Hytaýda geçirilen bu festiwalda Türkmen döwlet medeniýet institutynyň aýdym-saz topary çykyş etdi. Şol günler Hytaýda ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna goşulan «Küştdepdi» gadymy türkmen aýdym-saz sungaty we türkmen toýy, beýleki halk däp-dessurlary görkezildi. Ýewropanyň, Günorta Amerikanyň, Ýakyn Gündogaryň, Günorta we Gündogar Aziýanyň we Afrikanyň 20-den gowrak ýurtlarynyň wekilleri bilen bilelikde, ýaş türkmen artistleri

2023-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda festiwalyň açylyş dabarasyna bagyşlanan uly konsertine gatnaşyp, çykyş etdiler. Şeýle-de 2023-nji ýylyň 5–6-njy ýanwarynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Hytaý Halk Respublikasyna amala aşyran döwlet sapary köpugurly hyzmatdaşlygyň taryhynda möhüm sahypany alamatlandyryp, täze tapgyryň başyny başlady. Pekinde geçirilen ýokary derejeli türkmen-hytaý gepleşikler iki ýurduň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 31 ýyllyk senesine gabat gelendigini aýratyn bellemeli. Şol günler hytaý metbugaty döwlet Baştutanymyzyň bu saparyna, dostlukly ýurda nähili uly ähmiýet berilýändigini görkezip, tutuş ýurdy tanyşdyrdy. Gazetleriň birinde Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň suratly terjimehalydyr türkmen-hytaý hyzmatdaşlygy hakynda makala ýerleşdirilse, ýene birinde Hytaýda okaýan türkmenistanly ýaşlaryň durmuşyndan söhbet açýan ýörite sahypa berildi. Habarlarda bolsa ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň strategik derejä çykarylandygyna aýratyn üns çekildi.

Aslynda, bu saparyň öňüsyrasynda ýurduň iň abraýly neşirleriniň biri «Ženmin Žibao» gazetiniň redaksiýasy Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň olar üçin makala bilen çykyş etmegini haýyş edip ýüz tutmagy, bu döwlet saparynyň ähmiýetini has-da artdyrdy. Ady agzalan gazetiň 6-njy ýanwardaky sanynda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Strategik hyzmatdaşlygyň ygtybarly binýady» atly çuňňur manyly makalasy millionlarça okyjylara ýetirildi.

Medeniýeti, taryhy öwrenmekde, ilki bilen, dilleriň köprüsini gurmak dostlugy has-da berkidýär. Häzirki wagtda türkmen, rus, iňlis dillerini öwrenmek bilen bir hatarda, ýaş nesil hytaý, ýapon, koreý dillerini hem öwrenýärler. Bu dilleriň öwrenilmegi geljekde Hytaý, Ýaponiýa, Koreýa, şol sanda gündogar halklary bilen hemmetaraplaýyn giňişleýin tanyşmaga mümkinçilik berdi. Bu türkmen-hytaý medeni gatnaşyklarynda täzeçillik bolup, ýurtlaryň ikitaraplaýyn dillerini öwrenmek gatnaşyklara has-da uly täsirini ýetirdi. Gysga döwrüň içinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri», «Türkmenistan – melhemler mekany», «Ganatly bedewler», «Döwlet guşy», «Atda wepa-da bar, sapa-da», «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» ýaly birnäçe kitaplary hytaý diline terjime edildi.

Türkmenistan Garaşsyzlygyny alanyndan soň, türkmen dili halkara dil hökmünde orta çykyp başlady. Türkmen dilini öwretmek 10-a golaý döwletde ýola goýuldy. Şolaryň ilkinjileriň hatarynda hytaýy agzamak bolar. Ol ýerde eýýäm 20 ýyla golaý wagt bäri türkmen dili öwredilýär. Dil baradaky bu syýasat edebiýatyň hem dostlukly köprüsini gurdy. 2014-nji ýylda Magtymgulynyň 290 ýyllyk ýubileýine taýýarlyk görülýän döwründe şahyryň goşgularynyň üçünji neşiri çap edildi. Hytaý dilindäki bu neşirde ýerleşdirilen 400-e golaý Pyragynyň goşgusyny terjime etmekde we çapa taýýarlamakda hytaý we türkmen dillerini

ýokary derejede bilýän HHR-iň Urumçy şäheriniň Sindiaň uniwersitetiniň rektory, professor Tahipuloti Teýibaýniniň we pekinli edebiýatşynas alym, Minewwer Habibullanyň hyzmaty uly boldy. 2014-nji ýylda Hytaýyň «LOKWE» žurnalynyň tutuş bir sany nusgawy türkmen şahyry Magtymgulynyň 290 ýyllygy mynasybetli onuň döredijiligine bagyşlandy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň: «Beýik Ýüpek ýoly Gündogaryň hem Günbataryň halklarynyň taryhynda wajyp orun eýeledi. Onuň bilen bagly taryhy ýazgylar, arhelogik tapyndylar, etnografik we edebi gymmatlyklar, halk hakydasynda saklanyp galan ruhy miras gitdigiçe gyzyklanmany artdyrýar» diýip bellemegi ýöne ýerden däldir [1; sah. 5]. Görnüşi ýaly, türkmen-hytaý gatnaşyklary medeniýet ýoly bilen biri-birine ýakyn we juda golaýdyr. Medeniýetleriň umumy meňzeşliklerine bolsa taryhy nukdaýnazardan seretmek bu günki günüň ylmy ösüşinde özüniň täze sahypasyny açdy.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – A.: TDNG, 2017.
2. *Rahmanow A*. Türkmenistan – Hytaý: taryh we häzirki döwür. – A.: TDNG, 2017.
3. Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005.
4. Turkmen needlework. Mügül and peter andrews. – London, 1976.
5. chinanews.com

НОВЫЙ ЭТАП ТУРКМЕНО-КИТАЙСКИХ КУЛЬТУРНЫХ СВЯЗЕЙ

Как известно, культурное сотрудничество играет важную роль в международных отношениях. Примером могут служить туркмено-китайские отношения. Например, особое место в сотрудничестве в последнее время занимает действующий в Китае культурно-информационный центр «Туркменистан». В ходе своего государственного визита в Китай в начале 2023 года Президент Туркменистана предложил инициативу об открытии Китайского культурного центра в Туркменистане. И проведении очередных Годов культуры Туркменистана в Китае и Китая в Туркменистане в 2023–2024 годах. Второй международный фестиваль искусства в Китае в 2023 году также укрепил дружбу между Китаем и Туркменистаном. В целом фестиваль открыл новые грани культурных связей между двумя странами и обогатил нынешние культурные взаимоотношения между народами.

Ключевые слова: культура, сотрудничество, отношения, центр, год.

NEW STAGE OF TURKMEN-CHINESE CULTURAL RELATIONS

As it is known, cultural cooperation plays an important role in international relations. An example is the Turkmen-Chinese relations. The cultural and information center «Turkmenistan» operating in China has recently occupied a special place in cooperation. During the state visit of the President of Turkmenistan to China in 2023, Arkadagly Hero Serdar initiated to open the Chinese Cultural Center in Turkmenistan. His another offer to hold the next Years of Culture of Turkmenistan in China and China in Turkmenistan in 2023–2024 was implemented. The second Chinese International Art Festival in 2023 has also strengthened the friendship between China and Turkmenistan. In general, the festival opened up new facets of cultural ties between the two countries and enriched the current cultural relations between people.

Key words: Cultural, cooperation, relations, international, center, year.

Agakuwwat Allaberdiýew,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklar institutynyň mugallym-öwrenijisi

BERKARAR DÖWLETDE GÜMRÜK AMALLARYNYŇ DÖWREBAPLAŞDYRYLMAGY WE HALKARA HYZMATDAŞLYK

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň parasatly ýörelgelerine eýerip, gümrük amallaryny ýeňilleşdirmek, sanlylaşdyrmak we halkara guramalary bilen bu ugurda netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek ugrunda netijeli işler alnyp barylýar. Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy gümrük ulgamynyň işini düzgünleşdirmek babatdaky döwlet syýasatynyň durmuşa geçirilmegini, gümrük meseleleri boýunça halkara borçnamalarynyň berjaý edilmegini üpjün edýän, şeýle hem işleri bilen baglanyşykly kontrabanda we beýleki jenaýatlara, dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalaryna garşy göreşi amala aşyrýan döwlet dolandyryş edarasy bolup durýar. 1991-nji ýylyň 4-nji noýabrynda döredilen Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy häzirki wagtda milli tejribelere esaslanyp, halkara hukugynda umumy ykrar edilen ýörelgelerinden we binýatlyk düzgünlerden ugur alyp gümrük kanunçylyklaryny döwrebaplaşdyrýar hem-de iň kämil derejelerde gümrük edaralarynyň desgalaryny täzelemek, olaryň maddy-

enjamlaýyn binýadyny güýçlendirmek, döwrebap hemra aragatnaşyk ulgamynyň üsti bilen onlaýn görnüşinde elektron gümrük işini amala aşyrmak ýaly işleri alyp barýar.

Halkara gümrük hukugy – halkara söwdany we ykdysadyýetleri ýokarlandyrmak üçin kabul edilen we döwletleriň arasyndaky gümrük gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk ulgamy. Bu hukuk ulgamy gümrük amallarynyň we düzgünleriniň global standartlara laýyklygyny üpjün etmek, şeýle hem harytlaryň we hyzmatlaryň halkara bazarlarda azat hereketini we daşary ýurtlara çykmagyna rugsat bermek maksady bilen işlenip düzülen ýörelgelere esaslanýar. Halkara gümrük hukugynyň esasy ýörelgeleriniň biri gümrük geçişleriniň ýeňilleşdirilmegi we özara ylalaşyklara esaslanýan düzgünleriň döredilmesidir. Bu mesele boýunça Bütindünýä Gümrük Guramasy (BGG) atly guramany döretdi. Bütindünýä Gümrük Guramasy gümrük maksatlary üçin degişli protokollar we ýörelgeler boýunça döredilen ulgamlary ösdürýär.

Halkara gümrük hukugy köpsanly halkara guramalar, şol sanda Bütindünýä Gümrük Guramasy, Bütindünýä Söwda Guramasy (BSG) tarapyndan kesgitlenen düzgünlere we protokollara esaslanýar.

Bütindünýä Gümrük Guramasy 1952-nji ýylda döredilip, dünýäde gümrük düzgünleriniň birmeňzeşleşdirilmegini we gümrük işleri üçin global standartlaryň we ylalaşyklaryň kemala gelmegini üpjün etmäge ýardam beryär. BGG gümrük seljermesi we harytlaryň çylşyrymlylygyny ýeňilleşdirmek üçin birnäçe çäreleri işläp düzýär. Bu gurama gümrük seljermesini gowulandyrmak, gümrük resminamalaryny optimizirlemek üçin sanly ulgamlaryň işlenip düzülişi boýunça dünýäniň iň uly platformasydyr. Gurama 2021-nji ýylda «HS 2022» atly täze haryt sanlylaşdyrma ulgamyny (Harmonized System) durmuşa geçirip, söwda işleri we gümrük amallary üçin esasy düzgünleriň täze görnüşlerini kabul etdi. Bu ulgam gümrük ýurtlarynyň dürli harytlar barada dogry maglumatlara eýe bolmagy üçin degişli usullary we düzgünleri öz içine alýar [7].

Bütindünýä Söwda Guramasy gümrük ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagy we halkara söwdanyň düzgünleşdirilmegi üçin möhüm orun eýeleýär. BSG gümrük tariflerini we döwletleriň arasyndaky eksport-import düzgünlerini hyzmatdaşlyk bilen iş ýüzüne geçirmäge we halkara söwdanyň erkinleşdirilmegine hyzmat edýär. BSG-niň 1994-nji ýylda kabul edilen Urugwaý krugunyň ylalaşygy halkara söwdanyň açyklygyny ýokarlandyrylmagyna, gümrük amallarynyň azatlaşdyrylmagyna we adalatly haryt alyş-berşi üçin käbir gümrük çäreleriniň ýeňilleşdirilmegine we döwrebaplaşdyrylmagyna ýol açdy.

Halkara gümrük hukugynyň esasy maksatlarynyň biri gümrük amallarynyň standardlaşdyrylmagy, ýagny ýurtlaryň arasyndaky eksport-import harytlarynyň geçirilmeginiň ýeňilleşdirilmegi we çaltlaşdyrylmagydyr. Gümrük amallary we resminamalar ýurtlaryň arasyndaky howpsuz we ygtybarly gümrük geçişlerini üpjün etmek üçin möhümdir. Bu wezipeleri ýerine ýetirmek üçin dürli guramalar,

halkara ylalaşyklar we protokollar döredilýär. Meselem, 1969-njy ýylda döredilen Kýoto Konwensiýasy gümrük amallarynyň çäklendirilmesi üçin kabul edilen halkara ylalaşykdyr. Bu konwensiýa gümrük işlerini standartlaşdyrmak we düzgünleşdirmek üçin gümrük resminamalarynyň ykjam we birmeňzeş görnüşde işlenip düzülmegine aýratyn ähmiýet berýär [3].

Mundan başga-da gümrük amallaryny ösdürmek üçin sanly ulgama geçmek we awtomatlaşdyrma möhüm rol oýnaýar. Gümrük geçirmek üçin halkara tizligi we mümkinçilikleri has ýokarlandyrmak üçin Bütindünýä Gümrük Guramasy, Bütindünýä Söwda Guramasy tarapyndan hereket edýän sanly ulgamlaryň orny ulalýar. 2020-nji ýyldan başlap, BGG gümrük işleriniň döwrebaplaşdyrylmagy üçin «Data Model» we «Single Window» platformalaryny işläp düzüp, bu ulgamyň ulanylyşyny gümrükler üçin giňeldýär. Bu platformalar gümrük resminamalarynyň doly elektronlaşdyrylmagy we sanly maglumatlaryň tiz, ygtybarly ýagdaýda dolanyşygyny üpjün edýär [6].

Halkara gümrük hukugynyň öňki döwri ýurduň özbaşdak gümrük syýasatynyň esaslanmagyny we öňdebaryjy gümrük işleri bilen aragatnaşyk guramalaryna uly derejede seredilmeýärdi. Häzirki döwürde BGG ýaly guramalar tarapyndan ýerine ýetirilen oňyn düzüm we tejribe alyp baryldy we halkara gümrük hukugy, dünýä ykdysadyýetiň ösmegini üpjün etmek üçin köptaraplaýyn we sanly ulgama geçmekligini dowam edýär.

Halkara gümrük hukugy häzirki zaman ykdysadyýetiniň we dünýä söwdasynyň ilkinji şertlerinden biridir. Dünýäniň ykdysady we tehnologik täzelikleri halkara söwdanyň çylşyrymlylygyny we ösüşini güýçlendirýär. Bu şertlerde ýurtlaryň gümrük çäreleri we söwda bilen baglanyşykly düzgünler döwletleriň ykdysadyýeti üçin möhüm orun tutýar [1].

Gümrük hukugynyň ýagdaýy, ilkinji nobatda, ýurtlaryň milli hukuklaryna we ykdysady gatnaşyklaryna däl-de, eýsem dünýä hyzmatdaşlygyna, sebitara düzgünlere esaslanýar. Gümrük işleri we maglumat alyş-berşi soňky ýyllarda has çaltlaşdy, döwrebap tehnologiýalar, sanly ulgamlaryň orny ulaldy. Bu, öz gezeginde, gümrük hukugynyň iň soňky tendensiyalaryny we şol bir wagtyň özünde, onuň ösüşi boýunça öňki düzgünler bilen täzelenen we täze çemeleşmeler bilen baglanyşykly strategik ugurlary açýar.

Gümrük işiniň ýokarlanmagy, ykdysady infrastrukturanyň, söwda gatnaşyklarynyň ösdürilmegi ähli ýurtlar üçin umumy kynçylyklary we mümkinçilikleri döredýär. Şoňa görä-de, gümrük hukugy diňe bir milli çäklerde däl, eýsem halkara hukuklaryny we halkara gatnaşyklaryny ýeňilleşdirýän we esasy şert bolan düzüm hökmünde işleýär. Gümrük resminamalarynyň optimizirlenmegi we gümrük amallarynyň ýönekeýleşdirilmegi halkara söwdanyň ösmegini çaltlaşdyrmakda möhüm ýagdaýlaryň biri. Harytlar degişli resminamalary we sertifikatlary dogry we wagtynda almak bilen çalt hereket edip bilýär. Halkara

gümrük hukugy söwda gatnaşyklarynyň global çemeleşmeleriniň degişli döwletler üçin geljekde has ýeňil we çalt hereket etmegine mümkinçilik berýär [4].

Netijede, halkara gümrük hukugy global söwdany we ykdysadyýetiň ösmegini üpjün etmek üçin möhüm bir ulgam bolup durýar. Bütinleşen, sanlylaşan we halkara düzgünlere esaslanýan gümrük amallary harytlar we hyzmatlar üçin netijeli gümrük geçelgelerine ýol açýar. Doly we ygtybarly maglumatlaryň alnyp-berlişi, howpsuz gümrük seljermesi, standartlaşdyrylan gümrük resminamalary we gümrük amallary arkaly bu hukuk ulgamy dünýäniň ähli ýurtlarynda ykdysadyýetiň işjeň we netijeli işini üpjün edýär. Halkara gümrük hukugynda köpsanly düzgünleri we ylalaşyklary öz içine alýar. Bu düzgünler gümrük döwletleriniň arasynda harytlar we hyzmatlar boýunça awtomatiki proseslerin we üpjünçilik zynjyrlarynyň işlerini ýeňilleşdirýär.

Gümrük hukugynyň düzgünleri aşakdakylardan ybarat:

1. Gümrük deklarasiýasy: gümrük prosesleri üçin ähli gümrük deklarasiýalary we suratlary buýruklara laýyklykda dolandyrýar.

2. Harytlaryň hiline görä bölünişigi: harytlar belli bir kategoriyalara ýa-da sebitlere görä aýratyn bellige alynýar we onuň ýeňil gümrük amallary arkaly geçirilmegine rugsat berilýär.

3. Gümrük gözegçilik amallary: barlag ulgamynda gümrük seljermesiniň eksport-import talaplarynyň we gümrükde geçirilen harytlaryň, sertifikatlaryň, degişli resminamalaryň doly we dogry bolmagy göz öňünde tutulýar [2].

Soňky ýyllarda sanly gümrük hyzmatlary we elektron gümrük protokollary bu ugurda iň möhüm ädime öwrüldi. BGG-niň we BSG-niň arasynda geçirilen halkara ylalaşyklar we maslahatlar, gümrük amallarynyň has çalt we netijeli amala aşyrylmagyny üpjün edýän täze tehnologiýalaryň işlenip düzülenini görkezdi [5].

EDEBIÝAT

1. World Customs Organization. Revised Kyoto Convention: Customs Procedures and Technology Integration. 2021.

2. World Customs Organization. Kyoto Convention on Customs Procedures. Brussels. 1974.

3. World Customs Organization. Harmonized System (HS) Codes for Global Trade. 2017.

4. WTO & WCO. Global Trade and Customs: The Future of Trade Agreements. Geneva: World Trade Organization. 2022.

5. WCO. Digital Transformation in Customs Procedures. Brussels. 2020.

6. Anderson, R.L. International Customs Law: Principles and Practices. 2nd ed. Oxford University Press. 2010.

7. Choi, J., & Wang, S. Trade Facilitation and Customs Compliance: Modernization and Legal Challenges. Springer. 2015.

МОДЕРНИЗАЦИЯ ТАМОЖЕННЫХ ОПЕРАЦИЙ И МЕЖДУНАРОДНОЕ СОТРУДНИЧЕСТВО В МОГУЩЕСТВЕННОМ ГОСУДАРСТВЕ

Международное таможенное право регулирует трансграничную торговлю, упрощая процедуры и обеспечивая соблюдение международных норм. Ключевую роль играют Всемирная торговая организация (ВТО) и Всемирная таможенная организация (ВТО), разрабатывая стандарты, такие как Гармонизированная система и система Единого окна. Снижение торговых барьеров и эффективное перемещение товаров способствуют глобальной экономической интеграции и устойчивому развитию. Цифровая трансформация, развитие потенциала и многостороннее сотрудничество укрепляют партнерство и устойчивость цепочек поставок.

Ключевые слова: таможенное право, процедуры, механизм, международный, торговля, организация, экономический.

MODERNIZATION OF CUSTOMS OPERATIONS AND INTERNATIONAL COOPERATION IN A PROSPEROUS STATE

International customs law is a crucial aspect of international trade, providing the legal foundation for the regulation and facilitation of cross-border commerce. It encompasses a set of principles, rules, and standards designed to simplify customs procedures, promote transparency, and ensure compliance with international trade norms. Organizations such as the World Customs Organization (WCO) and the World Trade Organization (WTO) play a pivotal role in developing and promoting these standards, including the Harmonized System for classifying goods and the Single Window system for streamlining trade documentation.

Key words: customs law, procedures, mechanism, international, trade, organization, economic.

Abdylla Gökleňow,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy

BITARAP TÜRKMENISTANYŇ PARAHATÇYLYGY DÖREDIJI DAŞARY SYÝASATY

Türkmenistan döwletiniň hemişelik bitaraplyk derejesi 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan kabul edilen kararnama bilen resmi taýdan ykrar edildi we bu taryhy waka diňe bir Türkmenistanyň halkara syýasatyndaky ornuny kesgitlemek bilen çäklenmän, onuň dünýä parahatçylygyna goşýan goşandynyň aýratynlyklaryny-da açyp görkezdi. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň özenini bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň ösdürilmegi düzýär. Bu ýörelgeler, ilkinji nobatda, türkmen halkynyň taryhy tejribesine we medeni mirasyna esaslanýan parahatçylyk we durnuklylyk ideýalary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Türkmen halkynyň milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» atly kitabynda nygtalyşy ýaly, bitaraplyk syýasaty halkara gatnaşyklaryň täzeçe görnüşini döredip, döwletleriň arasyndaky ynanyşmagyň, deňhukuklylygyň we özara peýdaly hyzmatdaşlygyň berkidilmegine gönükdirilendir [1].

Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesi onuň sebit we global derejedäki tagallalarynyň netijesinde dünýäniň dürli ýurtlarynyň, halkara guramalaryň we toparlaryň arasynda ynanyşmagy we hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen diplomatik başlangyçlaryny öňe sürmekde aýratyn orna eýe bolup durýar. Döwlet Baştutanynyň baştutanlygynda Türkmenistan energiýa howpsuzlygy, ulag diplomatiýasy, suw serişdeleriniň ulanylyşy, ekologiýa we azyk howpsuzlygy ýaly ugurlarda dünýä möçberinde ähmiýetli başlangyçlary öňe sürüp, halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge uly goşant goşýar. Bu başlangyçlar halkara jemgyýetçiligi tarapyndan giňden goldanylýar we Türkmenistanyň parahatçylyk döredijiniň ornuny has-da pugtalandyrýar.

Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýy diňe bir oňa halkara syýasy gatnaşyklarda aýdyňlyklary döretmek bilen çäklenmän, eýsem sebitleýin durnuklylygyň üpjün edilmegine hem ähmiýetli goşant goşdy. Türkmenistanyň başlangyjy bilen sebitde howpsuzlygyň pugtalandyrylmagy, goňşy döwletler bilen gatnaşyklarynyň ösdürilmegi we durnukly ösüşiň üpjün edilmegi boýunça giň möçberli taslamalar amala aşyrylýar. Şeýle başlangyçlaryň hatarynda Merkezi Aziýa döwletleriniň arasynda suw serişdeleriniň adalatly paýlanylmagy, Aral deňziniň meseleleriniň halkara derejede çözülmegi we sebit ýurtlarynyň ulag mümkinçilikleriniň artdyrylmagy boýunça meýilnamalar aýratyn orun eýeleýär [2].

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy bilen ysnyşykly hyzmatdaşlyk edip, sebit we dünýä derejesindäki parahatçylygy üpjün etmekde möhüm taslamalara ýolbaşçylyk edýär. Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatynyň esasyny düzýän parahatçylyk söýüjilikli başlangyçlar we diplomatik tagallalar dünýäniň dürli künjeklerinde halkara jemgyýetçiliginiň goldawyna mynasyp bolýar. Türkmenistan, özüniň bitaraplyk derejesine esaslanmak bilen, dürli halkara forumlaryna we maslahatlardaky çykyşlarynda dünýä parahatçylygynyň we howpsuzlygynyň berkidilmegine gönükdirilen täze diplomatik usullary we gatnaşyklaryň görnüşlerini teklip edýär.

Türkmenistanyň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgeleri döwletleriň özygtyýarlylygyny we territorial bitewüligini hormatlamak, olaryň içerki işlerine goşulyşmazlyk we jedelleri diňe gepleşikler arkaly çözmek ýörelgelerine esaslanýar. Türkmen halkynyň gadymy döwürlerden bäri dowam edip gelýän parahatçylyk söýüjilik däpleri, bitaraplyk ýörelgesiniň esaslaryny kesgitläp, ýurduň halkara gatnaşyklarynda öňdebaryjy orun eýelemegine mümkinçilik berýär [3].

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk syýasaty diňe bir döwletimiziň milli bähbitlerine laýyk gelmek bilen çäklenmän, eýsem dünýäniň howpsuzlygynyň üpjün edilmegine gönükdirilen maksatlary hem öz içine alýar. Türkmenistanyň başlangyjy bilen kabul edilen halkara resminamalaryň we şertnamalaryň birnäçesi dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan uly goldaw tapdy. Türkmenistan özüniň «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» ýörelgesine esaslanyp, dünýäniň dürli ýurtlary bilen ysnyşykly hyzmatdaşlygy ýola goýmak bilen, sebitleýin we global durnuklylygy üpjün etmek boýunça işjeň tagallalary amala aşyrýar. Mysal üçin, energiýa howpsuzlygy boýunça Türkmenistan birnäçe halkara forumlaryna gatnaşyp, energiýa çeşmeleriniň howpsuz we durnukly akymyny üpjün etmek üçin täze hyzmatdaşlyk mehanizmlerini döretmegi teklip etdi. Bu ugurda Türkmenistanyň başlangyçlary diňe bir ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak bilen çäklenmän, eýsem dünýäniň energiýa bazarlarynyň durnuklylygyny hem üpjün edýär.

Mälim bolşy ýaly, 2024-nji ýylyň 21-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde «2025-nji ýyl Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi we onuň awtordaşlary bolup 86 döwlet çykyş etdi. Munuň özi ýurdumyzyň halkara gatnaşyklary ulgamynda özüniň anyk ýörelgelerine we aýdyň maksatlaryna esaslanýan köptaraplaýyn we toplumlaýyn häsiýetdäki daşary-syýasy strategiýasyny üstünlikli amala aşyrýanlygynyň nobatdaky subutnamasyna öwrüldi.

Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynyň netijeli we yzygiderli bolmagy, ilkinji nobatda, hormatly Prezidentimiziň çuňňur oýlanyşykly we maksada okgunly daşary-syýasy işi bilen şertlendirilendir. Şu mynasybetli, milli ösüş

maksatnamalarynyň üstünlikli amala aşyrylmagy, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ähli ugurlary boýunça netijeli gatnaşyklaryň giňelmegi üçin oňaýly daşary şertler döredilýär. Olar Türkmenistanyň Baştutanynyň öňe sürýän häzirki zamanyň derwaýys meseleleriniň çözülmeginiň, Ýer ýüzünde özara düşünişmegiň we ynanmagyň emele gelmeginiň we goldanylmagynyň, ählumumy ösüşi üpjün etmegiň hatyrasyna alnyp barylýan özara hereketleriň giňelmegini nazarlaýan halkara başlangyçlarynyň durmuşa geçirilmegine gönükdirilendir. Bu möhüm başlangyçlaryň iş ýüzünde amala aşyrylmagy Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy maksatlary hökmünde kesgitlenendir.

Türkmenistanyň ylmy-teoretiki bitarap daşary-syýasat ugry häzirki döwrüň möhüm ugurlaryna gönükdirilip, tutuş sebitiň geosyýasy giňişliginde we ondan hem has giň çäklerde täze netijeli hereket etmegiň guraly bolmak bilen, ylmy-teoretik we amaly-tejribe taýdan hem berkidilýär. Munuň hut şeýledigine Gahryman Arkadagymyzyň eserlerinde, çykyşlarynda we kabul edýän belent çözgütlerinde görmek bolýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň göniden-göni baştutanlygynda işlenilip düzülen "Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin strategik ugurlarynyň Konsepsiýasyny" hem ylmyň we tejribäniň utgaşdyrmaklygyň miweleriniň biridir.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda biragyzdan kabul edilen mejlisinde «2025-nji ýyl Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamasy ýurdumyzyň diplomatiýasynyň we halkara gatnaşyklary ulgamynda saldamly orna eýe bolýanlygynyň şöhlelenmesidir. 2021-nji ýylyň dekabrynda Aşgabat şäherinde geçirilen «Parahatçylyk we ynanyşmak syýasaty halkara howpsuzlygyň, durnuklylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara maslahatynda Gahryman Arkadagymyz dünýä syýasatynda ýüze çykýan häzirki ýagdaýlardan, ählumumy gün tertibinde kesgitlenen meseleleri çözmekde köptaraplaýyn gurallarynyň mümkinçiliklerinden peýdalanmaly diýen ýörelgeden ugur alyp, halkara gatnaşyklaryň «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly täze filosofiýasyny dünýä jemgyýetçiligine teklip etdi. Bu çemeleşme adamzadyň ýüzbe-ýüz bolan dürli howplarynyň öňünde ýekelikde durup bolmaýandygy, durnukly geljegi gazanmak üçin tagallalaryň we özara hereketleriň birleşdirilmelidigi babatdaky ynama esaslanýar.

«Dialog – parahatçylygyň kepili» diýen jümläniň aňyrsynda uly many ýatyr. Megerem, şonuň üçin bu jümle şu günki günde dünýäde uly meşhurlyga eýe bolýar. Bu ýönekeý jümlede jemlenýän paýhas Türkmenistanyň daşary syýasatyň düýp mazmunyny açyp görkezýär. Geçen döwürde Türkmenistan oňyn bitaraplygy ýörelge edinip, dünýäniň geosyýasy giňişligine yzygiderli goşulyşmagy göz öňünde tutýan aýdyň ýoly saýlady. Goşulyşmak diýmegiň özi dialogyň möhümligini we

bu wezipäni ýerine ýetirmek üçin diplomatik korpusyň depginli ösdürilmegini alamatlandyrýar. Onuň ahyrky maksady bolsa sebitde hem-de dünýäde pugta parahatçylygy üpjün etmek bilen baglanyşyklydyr.

Parahatçylyk diňe bir ýaragly gapma-garşylyklaryň bolmazlygy däldir. Ol ynanyşmaga, birek-biregi hormatlamaga we düşünişmäge esaslanýan sazlaşykdyr. Haçan-da biz häzirki döwrüň geosyýasy wehimlerini seljerenimizde, şu gymmatlyklaryň bolmazlygynyň özara gatnaşyklaryň bozulmagyna, ynamsyzlygyň döremegine getirýändigine göz ýetirýäris. Parahatçylygy uruş-dawa bilen gazanyp ýa-da pula satyn alyp bolmaýandygy öz-özünden düşnüklidir. Ony dialog hem-de oňyn diplomatiýanyň mümkinçilikleri arkaly kem-kemden gazanmaly. Parahatçylyk ynanyşmagyň «ätiýaçlygyny» döretmegi talap edýär.

Türkmenistan hemişelik Bitaraplyk derejesine esaslanyp, dünýä döwletleri hem-de halkara guramalar bilen ýakyn gatnaşyklaryny yzygiderli berkidýär we Ýer ýüzünde parahatçylygy üpjün etmek boýunça tagallalaryny gaýgyrmaýar. Bu özboluşly hukuk derejesine eýerip, Türkmenistan bitaraplygyň halkara hukugyň, diplomatiýanyň, parahatçylyk dörediji dialogyň hem-de öňüni alyş diplomatiýasynyň durmuşa geçirilmeginiň netijeli guraly bolup biljekdigini iş ýüzünde subut etdi. Türkmenistan soňky birnäçe ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň ähli ölçeglerde durnukly ösüşiň pugtalandyrylmagyna çagyrýan Kararnamalarynyň ençemesiniň öňbaşçysy we awtordaşy bolup çykyş etdi. Bu gazanylan üstünliklerde, elbetde, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Hormatly Arkadagymyzyň daşary syýasatyny we ýurduň daşary syýasat Konsepsiýasyny amala aşyrmaga gönükdirilýän tagallalarynyň hem paýy örän uludyr.

Bu ýerde dürli ýyllarda kabul edilen ähmiýetli çözgütleri ýatlamak hem ýerliklidir. Hususanda, häzirki wagtda Türkmenistanyň howpsuzlygyň bitewiligi we bölünmezligi hakynda konsepsiýanyň işlenilmeginiň möhümligi; ähli halkara meseleler çözülende syýasy-diplomatik serişdeleri ulanmak baradaky Jarnamany işläp taýýarlamak; Merkezi Aziýa sebitinde asudalygy üpjün etmek boýunça hemişelik hereket edýän Parahatçylyk we hyzmatdaşlyk forumyny döretmek; Owganystandaky ýagdaýyň parahatçylykly, syýasy ýollar arkaly durnuklaşdyrylmagyna we bu goňşy ýurduň durmuş-ykdysady taýdan dikeldilmegine ýardam bermek; dünýäde energetika howpsuzlygyny üpjün etmek; döwrebap we howpsuz halkara ulag düzümini döretmek bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak; BMG-niň Çölleşmä garşy göreşmek hakyndaky Konwensiýasyna girýän ýurtlaryň ýokary derejeli duşuşygyny geçirmek; Merkezi Aziýada we Hazar sebitlerinde howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça Sebitleýin merkezi döretmek ýaly sebitleýin we ählumumy ähmiýetli möhüm meseleler boýunça gymmatly başlangyçlaryň ähmiýeti yzygiderli artýar.

Bu we beýleki daşary-syýasy başlangyçlar şu günki gün tutuş adamzadyň öňünde durýan möhüm meseleleriň çözgüdine barha saldamly goşant bolup durýarlar. Hut şonuň üçin hem Türkmenistanyň başlangyçlary we teklipleri dünýä bileleşiginiň ýokary bahasyna we giň goldawyna mynasyp bolýarlar.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň çäklerinde kabul edilen «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamasy ýurdumyzyň uzak ýyllaryň dowamynda bu ugurda gazanan umumadamzat bähbitleri göz öňünde tutýan halkara başlangyçlaryna esaslanýanlygyny nygtaýar. Kararnamanyň taýýarlanylmagynda döredijilikli pikirleriň we teklipleriň göz öňünde tutulmagy onuň ählumumy sebit we dünýä ösüşiniň esasy meýilleriniň göz öňünde tutulmagyna täsir etdi. Bu resminamada BMG-niň Tertipnamasynyň esasy maksatlary we ýörelgeleri, ilkinji nobatda jedelleri parahatçylykly ýollar bilen çözmek borjuny we geljekki nesilleri uruş howpundan halas etmek tutanýerliligini görkezýär. Kararnama öz içine birnäçe meseleleri alýan gepleşikleriň dürli görnüşleriniň agza döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary we hyzmatdaşlygy berkitmekde möhüm orun eýeleýändigini tassyklaýar.

Häzirki wagtda Türkmenistan daşary syýasatyň möhüm ugurlarynyň biri bolan, ulag diplomatiýasy boýunça hem möhüm başlangyçlary öňe sürüp, dünýäniň we sebitleriň arasynda baglanyşygy üpjün etmek üçin täze ulag geçelgelerini döretmek boýunça işleri amala aşyrýar. Bu ugurda Türkmenistanyň başlangyjy bilen «Lapis Lazuli» ulag geçelgesi işlenip düzüldi we ol diňe bir ykdysadyýet üçin peýdaly bolmak bilen çäklenmän, şeýle hem sebitleriň we ýurtlaryň arasynda ynanyşmagy we hyzmatdaşlygy pugtalandyrýar.

Suw serişdelerini adalatly we netijeli dolandyrmak meselesinde Türkmenistanyň bitaraplyk syýasaty möhüm ähmiýete eýe bolýar. Türkmenistanyň başlangyjy bilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň arasynda suw serişdelerini oýlanyşykly ulanmak we bu meselede jedelleri diňe gepleşikler arkaly çözmek boýunça gepleşikler guraldy. Bu gepleşikleriň netijesinde sebitiň ýurtlarynyň arasynda hyzmatdaşlygyň täze görnüşleri döredilip, suw serişdeleriniň durnukly ulanylyşyny üpjün etmek üçin platformalar döredildi.

Türkmenistanyň Bitaraplyk statusynyň ikinji gezek 2015-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilmegi ýurduň halkara jemgyýetçiligindäki abraýynyň has-da ýokarlanmagyna ýardam berdi. Bu ykrar edilme Türkmenistanyň daşary syýasatynyň netijeliliginiň we dünýä parahatçylygynyň üpjün edilmegine goşýan goşandynyň aýdyň subutnamasydyr. Türkmenistanyň halkara gatnaşyklaryndaky bu üstünlikleri ýurdumyzyň syýasy durnuklylygyny, ykdysady ösüşini we ynanyşmaga esaslanýan daşary syýasat ýörelgelerini has-da pugtalandyrdy.

Netijede, Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty diňe bir onuň öz döwlet we halk bähbitlerini goramak bilen çäklenmän, eýsem halkara jemgyýetçiliginiň durnuklylygy we howpsuzlygy üçin nusgalyk görelde bolup hyzmat edýär. Türkmenistan özüniň parahatçylyk söýüjilikli, hoşniýetli we durnukly diplomatik başlangyçlary bilen dünýä parahatçylygynyň we ösüşiniň berkidilmegine işjeň gatnaşýan döwletleriň hatarynda orun aldy. Türkmenistan Bitaraplygyň mekany bolmak bilen, halkara gatnaşyklarynyň durnukly we ynanyşmaga esaslanýan täze görnüşleriniň ösüşine mümkinçilik döredýär.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany. – A.: TDNG, 2021.
2. *Karaýew B*. Halkara gatnaşyklarynda bitaraplyk syýasaty. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2019.
3. türkmenportal.com

МИРОТВОРЧЕСКАЯ ВНЕШНЯЯ ПОЛИТИКА НЕЙТРАЛЬНОГО ТУРКМЕНИСТАНА

Туркменистан, опираясь на статус постоянного нейтралитета, всемерно укрепляет многосторонние связи со странами мира и международными организациями, прилагает усилия, направленные на обеспечение мира во всем мире. Следуя этому особому международно-правовому статусу, Туркменистан на практике доказал, что нейтралитет может быть эффективным инструментом реализации международного права, дипломатии, миротворческого диалога и превентивной дипломатии. В последние годы Туркменистан выступил инициатором и соавтором ряда резолюций Генеральной Ассамблеи ООН, призывающих к укреплению мира и направленных на обеспечение устойчивого развития во всех измерениях. Достигнутые успехи стали возможными во многом благодаря целенаправленным усилиям Президента Туркменистана и Национального Лидера туркменского народа Героя-Аркадага в деле успешной реализации внешней политики и внешнеполитической концепции страны.

Ключевые слова: нейтралитет, международные организации, инструмент, диалог, развитие, внешняя политика.

THE FOREIGN POLICY OF INDEPENDENT TURKMENISTAN

Based on the status of Permanent Neutrality, Turkmenistan is constantly strengthening its close relations with the countries of the world and international organizations and does not neglect its efforts to ensure peace on Earth. By following this unique level of law, Turkmenistan has proven in practice that Neutrality can be an effective tool for the implementation of international law, diplomacy, peace-building dialogue and preventive diplomacy. In recent years, Turkmenistan has been the leader and co-author of a number of resolutions of the UN General Assembly calling for the strengthening of Sustainable Development in all dimensions. Therefore the contribution of the efforts of the President of Turkmenistan and our Hero – Arkadag in the implementation of the foreign policy and the country's foreign policy concept is very important in these achievements.

Key words: Neutrality, international organizations, tool, dialogue, development, foreign policy.

Gülsenem Hommadowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy

INTELLEKTUAL EÝEÇILIGIŇ HALKARA HUKUK ESASLARY

Türkmenistan öz Garaşsyzlygyny gazanan ilkinji günlerinden başlap işjeň daşary syýasaty alyp barýar. Dünýä bileleşigi döwletimiziň bitaraplyk daşary syýasat ugruna ýokary baha berýär. Bitarap döwletimiziň daşary syýasat strategiýasynyň esasy maksady dünýä bileleşigi bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklaryň ösdürilmeginden ybaratdyr.

Häzirki wagtda daşary ýurtlarda Türkmenistanyň 40 sany ilçihanasy, konsullyklary we hemişelik wekilhanalary hereket edýär. Türkmenistanda bolsa hemişelik esasda 36 sany ilçihana, konsullyklar we 15 sany halkara guramalarynyň wekilhanasy işleýär. Türkmenistanyň halkara giňişlikdäki işjeňligi we diplomatik wekilçiligi ýylsaýyn giňeýär. Häzirki wagtda döwletimiz 150-den gowrak ýurt bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy, 47 sany halkara guramanyň agzasy bolup durýar. Şol bir wagtda Türkmenistan 150-den gowrak halkara konwensiýalara, şertnamalara we beýleki köptaraplaýyn resminamalara gatnaşýar.

Halkara guramalar, ilkinji nobatda bolsa, BMG bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegi Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri

bolmagynda galýar. Döwletimiz bu gurama bilen strategik hyzmatdaşlyga ýokary baha berýär. Häzirki wagtda BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary, hususan-da, Intellektual Eýeçiligiň Bütindünýä Guramasy bilen işjeň gatnaşyklar alnyp barylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanyň 2021–2030-njy ýyllar üçin daşary söwda Strategiýasyny tassyklamak hakynda» 2021-nji ýylyň 12-nji fewralyndaky 2141 belgili Kararyna [1] laýyklykda, bu gatnaşyklaryň şertnama-hukuk binýady yzygiderli berkidilýär, köptaraplaýyn gatnaşyklaryň täze görnüşleri döredilýär. Häzirki döwürde intellektual eýeçiligi babatynda 30 sany esasy halkara konwensiýalar, ylalaşyklar, şertnamalar, teswirnamalar we beýleki namalar hereket edýär. Olaryň 26 sanysy Intellektual Eýeçiligiň Bütindünýä Guramasy tarapyndan, 1 sanysy Bütindünýä Söwda Guramasy tarapyndan, 2 sanysy Ýewraziýa Patent Guramasy tarapyndan, galan 1 sanysy bolsa BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) tarapyndan dolandyrylýar.

Intellektual Eýeçiligiň Bütindünýä Guramasy BMG-niň intellektual eýeçiligi ylymda we ykdysadyýetde täzeçil hem-de döredijilikli işläp taýýarlamalary höweslendirmegiň serişdesi hökmünde peýdalanmak meseleleri bilen meşgullanýan ýöriteleşdirilen gurama bolup durýar. Ol 1893-nji ýylda geçirilen diplomatik maslahatda esaslandyryldy. 1967-nji ýylyň 14-nji iýulynda Şwesiýa Patyşalygynyň Stokgolm şäherinde Intellektual Eýeçiligiň Bütindünýä Guramasyny esaslandyrýan halkara Konwensiýa gol çekildi. Guramanyň merkezi edarasy Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Ženewa şäherinde ýerleşýär. Häzirki wagtda 193 ýurt Intellektual Eýeçiligiň Bütindünýä Guramasynyň agzasydyr. Guramanyň resmi dilleri – iňlis, arap, ispan, hytaý, rus we fransuz dilleri bolup durýar. 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri guramanyň baş müdiriniň wezipesini Singapur Respublikasynyň raýaty Daren Tang ýerine ýetirýär.

1998-nji ýyldan başlap, Intellektual Eýeçiligiň Bütindünýä Guramasynyň Bütindünýä akademiýasy intellektual eýeçiligi goramak boýunça işgärleri taýýarlaýar. Akademiýada internet torunyň üsti bilen bilim almaga mümkinçilik berýän okuw merkezi hem bar. 1994-nji ýylda Intellektual Eýeçiligiň Bütindünýä Guramasynyň arbitraž we araçylyk merkezi döredildi. Türkmenistan döwletimiz 1995-nji ýyldan bäri bu guramanyň doly hukukly agzasydyr.

Ýewraziýa Patent Guramasy, Ýewraziýa patent Konwensiýasy tarapyndan döredilen döwletara guramasy bolup durýar. Ol 1994-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda esaslandyrylyp, Ýewraziýa patent ulgamynyň işlemegi we Ýewraziýa patentleriniň berilmegi bilen baglanyşykly dolandyryş meselelerini ýerine ýetirmek maksady bilen döredilen guramadyr. Guramanyň merkezi edarasy Russiýa Federasiýasynyň Moskwa şäherinde ýerleşýär. Guramanyň edaralary Dolandyryjy geňeş we Ýewraziýa patent edarasy bolup durýar. Ýewraziýa patent edarasy guramanyň ýerine ýetiriji edarasy bolup, guramanyň ähli dolandyryş işlerini ýerine ýetirýär. Geňeşiň esasy işi, senagat eýeçiligini goramak boýunça döwletara ulgam döretmek

we bu ugurda milli kanunlary sazlaşdyrmak bolup durýar. Guramanyň esasy maksady Konwensiýa gatnaşýan ähli döwletleriň çäginde hereket edýän ýeke-täk Ýewraziýa patent esasynda oýlap tapyşlary hukuk taýdan goramagyň halkara we sebitleýin ulgamyny döretmekden ybaratdyr.

Häzirki wagtda 8 ýurt Ýewraziýa Patent Guramasynyň agzasydyr. Guramanyň resmi dili – rus dili bolup durýar. 2016-njy ýylyň 11-nji fewralyndan bäri guramanyň baş müdiriniň wezipesini Gazagystan Respublikasynyň raýaty Saule Tlewlesowa ýerine ýetirýär.

Bütindünýä Söwda Guramasy halkara ykdysady guramadyr. Ol 1995-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda agza döwletleriniň arasynda halkara söwdany düzgünleşdirmek we söwda-ykdysady gatnaşyklary sazlamak maksady bilen döredildi. Aslynda, Bütindünýä Söwda Guramasy 1947-nji ýylyň oktýabrynda döredilip, ol 50 ýyla golaý wagt halkara söwdany kadalaşdyrmakda işleri alyp baran Söwda we tarifler baradaky Baş ylalaşygyň ornuny tutan guramadyr. Onuň merkezi edarasy Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Ženewa şäherinde ýerleşýär. 2021-nji ýylyň 15-nji fewralyndan bäri Bütindünýä Söwda Guramasynyň Baş direktorynyň wezipesini hanym Ngozi Okonjo-Iweala ýerine ýetirýär. Guramanyň resmi dilleri iňlis, fransuz we ispan dilleridir. Bütindünýä Söwda Guramasy täze söwda ylalaşyklary işläp taýýarlamaga we agza ýurtlaryň çäklerinde baglaşylan ylalaşyklaryň ýerine ýetirilişine jogap berýär. Bütindünýä Söwda Guramasy öz işlerini 1986–1994-nji ýyllarda baglaşylan Urugwaý Raundy ylalaşyklaryna we ondan öňki Söwda we tarifler baradaky Baş ylalaşygyna laýyklykda alyp barýar.

Guramanyň esasy maksady gümrük päsgelçiliklerini aradan aýyrmak, halkara söwdasynda kemsitmäniň ähli görnüşini ýok etmek, söwda düzgünlerini kämilleşdirmek arkaly harytlaryň we hyzmatlaryň söwdasynyň erkinleşdirilmegine ýardam bermek bolup durýar. Bütindünýä Söwda Guramasyna girýän döwlet üçin ykdysadyýete daşary ýurt maýasyny çekmegiň, goşmaça iş orunlarynyň döredilmeginiň, açyk ykdysadyýeti we ähli pudaklaryň infrastrukturasyny ösdürmegiň täze mümkinçilikleri açylýar.

Türkmenistan 1993-nji ýylyň 17-nji awgustynda Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygynyň London şäherinde degişli resminamany ratifisirlemek arkaly ÝUNESKO-nyň doly hukukly agzasy boldy. ÝUNESKO-nyň esasy maksatlarynyň arasynda bilim, ylym we medeniýet ulgamynda ýurtlaryň we halklaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi arkaly parahatçylygyň we howpsuzlygyň ösdürilmegi esasy orun alýandyr. ÝUNESKO medeni ýadygärlikleriň we tebigy landşaftlaryň gorap saklanylmagy ulgamyndaky halkara hereketlerinde öňdebaryjy ähmiýete eýedir. Türkmenistanda halkara şertnamalaryny baglaşmagynyň, ýerine ýetirmeginiň we güýjüni ýatyrmagynyň tertibi «Türkmenistanyň halkara şertnamalary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny tarapyndan kesgitlenilýär [2].

Intellektual Eýeçiligiň Bütindünýä Guramasyny esaslandyrýan Konwensiýasy ýurdumyz tarapyndan intellektual eýeçiligi babatynda ilkinji goşulan halkara Konwensiýalaryň biri bolup durýar. Konwensiýa 1967-nji ýylyň 14-nji iýulynda Şwesiýa Patyşalygynyň Stokgolm şäherinde gol çekilip, 1970-nji ýylyň 26-njy aprelinde güýje girizildi. 1979-njy ýylyň 2-nji oktýabrynda Konwensiýanyň rejelenen görnüşi kabul edildi. Häzirki wagtda 193 ýurt Konwensiýanyň agzasydyr. Konwensiýa, Intellektual Eýeçiligiň Bütindünýä Guramasyny döredi halkara resminamasydyr. Türkmenistan bu halkara Konwensiýa 1991-nji ýylyň 25-nji dekabryndan bäri gatnaşýar.

Senagat eýeçiligini goramak boýunça Pariž Konwensiýasy – 1883-nji ýylyň 20-nji martynda Fransiýa Respublikasynyň Pariž şäherinde kabul edilen senagat eýeçiligini goramak boýunça ilkinji halkara Konwensiýasy bolup durýar. Oňa 1967-nji ýylyň 14-nji iýulynda gaýtadan garaldy we 1979-njy ýylyň 2-nji oktýabrynda rejelenen görnüşi kabul edildi. Konwensiýa 1884-nji ýylyň 7-nji iýulynda güýje girizildi. Häzirki wagtda 178 ýurt Konwensiýanyň agzasydyr. Konwensiýa agza ýurtlarynda senagat eýeçiligini goramaga mümkinçilik berýär. Türkmenistan bu halkara konwensiýa 1991-nji ýylyň 25-nji dekabryndan bäri gatnaşýar.

Patent kooperasiýasy hakyndaky Şertnamasy – 1970-nji ýylyň 19-njy iýunynda ABŞ-nyň Waşington şäherinde kabul edilip, 1979-njy ýylyň 2-nji oktýabrynda rejelenilip, ol 1984-nji ýylyň 3-nji fewralynda üýtgedildi. Şertnama 1978-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda güýje girizildi. Häzirki wagtda 154 ýurt Şertnamanyň agzasydyr. Şertnama halkara haýyşnamanyň üsti bilen, birnäçe ýurtlarda oýlap tapyşlaryň patent goragyny talap etmäge mümkinçilik berýär. Bu haýyşnama agza döwletleriň raýatlary ýa-da bu ýurtlarda ýaşaýan şahslar tarapyndan milli patent edaralaryň üsti bilen ýa-da göni Intellektual Eýeçiligiň Bütindünýä Guramasy Halkara Býurosyna tabşyrylyp bilner. Türkmenistan bu halkara Şertnama 1991-nji ýylyň 25-nji dekabryndan bäri gatnaşýar. 1995-nji ýylda Türkmenistan ýokarda agzalan halkara resminamalara agzalygyny dowam etmek hakyndaky Jarnama kabul etdi.

Oýlap tapyşlar boýunça Ýewraziýa patent Konwensiýasy – 1994-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda Russiýa Federasiýasynyň Moskwa şäherinde kabul edilip, 1995-nji ýylyň 12-nji awgustynda güýje girizildi. Häzirki wagtda 8 ýurt Konwensiýanyň agzasydyr. Konwensiýa senagat eýeçiligini goramak boýunça Pariž Konwensiýasynyň 19-njy maddasyna laýyklykda ýöriteleşdirilen ylalaşyk bolup durýar hem-de şunuň bilen Ýewraziýa Patent Guramasy we onuň ulgamy döredildi. Türkmenistan bu halkara Konwensiýa 1995-nji ýylyň 12-nji awgustyndan bäri gatnaşýar.

Nyşanlaryň halkara hasaba alnyşy hakyndaky Madrid Ylalaşygyna Teswirnama – 1989-njy ýylyň 27-nji iýunynda Ispaniýa Patyşalygynyň Madrid şäherinde kabul edilip, 1995-nji ýylyň 1-nji dekabrynda güýje girizildi. Häzirki wagtda 109 ýurt

Konwensiýanyň agzasydyr. Türkmenistan bu halkara Teswirnama 1999-njy ýylyň 28-nji sentýabryndan bäri gatnaşýar. Teswirnama agza ýurtlarynda nyşanlary halkara hasaba alnyşynyň üsti bilen goramaga mümkinçilik berýär.

Senagat nusgalarynyň Halkara klassifikasiýasyny esaslandyrmak hakyndaky Lokarno Ylalaşygy – 1968-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Lokarno şäherinde kabul edilip, 1971-nji ýylyň 27-nji aprelinde güýje girizildi. Häzirki wagtda 60 ýurt Ylalaşygyň agzasydyr. Ylalaşyk senagat nusgalaryny hasaba almak üçin Halkara klassifikasiýasyny döredýär. Türkmenistan bu halkara Teswirnama 2006-njy ýylyň 7-nji iýunyndan bäri gatnaşýar.

Nyşanlary hasaba almak üçin harytlaryň we hyzmatlaryň halkara klassifikasiýasy hakyndaky Nissa Ylalaşygy – 1957-nji ýylyň 15-nji iýunynda Fransiýa Respublikasynyň Nissa şäherinde kabul edilip, 1961-nji ýylyň 8-nji aprelinde güýje girizildi. Häzirki wagtda 90 ýurt Ylalaşygyň agzasydyr. Ylalaşyk nyşanlary hasaba almak üçin harytlaryň we hyzmatlaryň halkara klassifikasiýasyny döredýär. Türkmenistan bu halkara Teswirnama 2006-njy ýylyň 7-nji iýunyndan bäri gatnaşýar.

Nyşanlaryň şekillendiriş alamatlarynyň halkara klassifikasiýasyny döretmek hakynda Wena Ylalaşygy – 1973-nji ýylyň 12-nji iýunynda Awstriýa Respublikasynyň Wena şäherinde kabul edilip, 1985-nji ýylyň 9-njy awgustynda güýje girizildi. Häzirki wagtda 35 ýurt Ylalaşygyň agzasydyr. Ylalaşyk nyşanlaryň şekillendiriş alamatlaryny hasaba almak üçin halkara klassifikasiýasyny döredýär. Türkmenistan bu halkara ylalaşyga 2006-njy ýylyň 7-nji iýunyndan bäri gatnaşýar.

Halkara patent klassifikasiýasy hakynda Strasburg Ylalaşygy – 1971-nji ýylyň 24-nji martynda Fransiýa Respublikasynyň Strasburg şäherinde kabul edilip, 1975-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda güýje girizildi. Häzirki wagtda 64 ýurt Ylalaşygyň agzasydyr. Ylalaşyk tehnologiýalaryň ähli ugurlaryny 8 sany toparlara bölýän halkara patent klassifikasiýasyny döredýär. Klassifikasiýa resminamalaryň gözleg işlerini geçirilmäge mümkinçilik döredýär. Patent gözlegleri milli patent edaralary, oýlap tapyjylar, rasionalizatorlar, ýöriteleşdirilen ylmy edaralary we beýleki şahslar tarapyndan amala aşyrylyp bilner. Türkmenistan bu halkara ylalaşyga 2007-nji ýylyň 7-nji martyndan bäri gatnaşýar.

Senagat nusgalaryny halkara bellige almak hakynda Gaaga ylalaşygyň Ženewa Namasy – 1999-njy ýylyň 2-nji iýulynda Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Ženewa şäherinde kabul edildi. Häzirki wagtda 76 ýurt Ylalaşygyň agzasydyr. Türkmenistan bu Ylalaşyga 2016-njy ýylyň 16-njy martyndan bäri gatnaşýar.

Olimpiýa nyşanyny goramak hakynda Naýrobi Şertnamasy – 1981-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda Keniýa Respublikasynyň Naýrobi şäherinde kabul edilip, 1982-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda güýje girizildi. Häzirki wagtda 54 ýurt Şertnamanyň agzasydyr. Şertnama olimpiýa nyşanyny agza ýurtlarynda täjirçilik maksatlary üçin ulanmakdan gorag mehanizmleri döredýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň «1981-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda kabul edilen Olimpiýa nyşanyny

goramak hakynda Naýrobi Şertnamasyna goşulmak hakynda» 2015-nji ýylyň 24-nji oktýabryndaky 297-V belgili karary [3] bilen, Türkmenistan 2016-njy ýylyň 16-njy iýunynda bu halkara şertnama goşuldy.

Edebi we çeper eserleri goramak boýunça Bern Konwensiýasy – 1886-njy ýylyň 9-njy sentýabrynda Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Bern şäherinde kabul edilip, 1887-nji ýylyň 4-nji dekabrynda güýje girizildi. Häzirki wagtda 179 ýurt konwensiýanyň agzasydyr. Konwensiýa, ýazyjylara, sazandalara, şahyrlara, suratkeşlere we beýleki awtorlara eserleriň ulanyş şertlerine gözegçilik etmegini mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň «Edebi we çeper eserleri goramak boýunça Bern konwensiýasyna goşulmak hakynda» 2016-njy ýylyň 12-nji ýanwaryndaky 333-V belgili karary [4] bilen, Türkmenistan 2016-njy ýylyň 29-njy maýynda bu halkara konwensiýa goşuldy.

Körlere we görüş ukyby bozulan ýa-da metbugat maglumatlaryny kabul etmek bilen bagly beýleki mümkinçilikleri çäkli adamlara çap edilen eserleriň elýeterliligini ýeňilleşdirmek hakyndaky Marrakeş Ylalaşygy – 2013-nji ýylyň 27-nji iýunynda Marokko Patyşalygynyň Marrakeş şäherinde kabul edilip, 2016-njy ýylyň 30-njy sentýabrynda güýje girizildi. Häzirki wagtda 83 ýurt ylalaşygyň agzasydyr.

Şeýlelikde, dünýä tejribesinde «ýaşyl» maliýeleşdirmegiň gurallaryna, «ýaşyl» bankinge bolan gyzyklanmalaryň artýandygyny bellemek bolýar. Ykdysadyýeti sanlylaşdyrmak ulgamyndaky işjeň proseslerin şertlerinde maglumat önümleri bilen bilelikde «ýaşyl» bankingiň adaty gurallary utgaşykly ösdürilýär. «Ýaşyl» taslamalary durmuşa geçirmekde banklaryň ornunyň ýokarlandyrylmagy, milli derejede «ýaşyl» banklaryň döredilmegi tebigaty goramak we ýaşaýyş durmuş şertleri gowulandyrmak maksady bilen, ilatyň we telekeçileriň serişdelerini netijeli peýdalanmak arkaly ýurtlaryň durnukly ekologik-ykdysady ösüşini üpjün etmäge, ilatyň maliýe we ekologik sowatlylygyny düýpli ýokarlandyrmaga ýardam berer.

EDEBIÝAT

1. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy. – A., 2022.

2. *Шершнева Е.Г., Кондюкова Е.С., Дубровина С.А., Емельянова Е.В., Земляницына Н.В.* «Зеленые» проекты – сегмент внимания банков. – *Вестник УГНТУ, Наука, образование, экономика. Серия экономика*, 2018, №3 (25).

3. openinvest.com, 17.02.2021.

«ЗЕЛЕНЫЙ» БАНКИНГ: ПЕРСПЕКТИВЫ РАЗВИТИЯ

В статье раскрываются особенности устойчивых финансов с акцентом на анализ зеленого банкинга. Важное значение уделяется изучению инструментов зеленого финансирования, а также международным и национальным инициативам в сфере зеленого банкинга.

Ключевые слова: устойчивые финансы, таксономия, зеленый банкинг, экологический менеджмент в банках, принципы экватора, зеленые облигации, климатические и экологические риски.

«GREEN» BANKING: DEVELOPMENT PROSPECTS

The article reveals the features of sustainable finance with an emphasis on the analysis of green banking. Important importance is given to the study od green financing instruments, as well as international and national initiatives in the field of green banking.

Key words: sustainable finance, taxonomy, green banking, environmental management in banks, equator principles, green bonds, climate and environmental risks.

Maýa Arazgeldiýewa,
Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň mugallymy

Akmyrat Durdyýew,
Türkmenistanyň Serhet institutynyň mugallymy

TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADY DIPLOMATIÝASYNYŇ DURNUKLY ÖSÜŞ UGRUNDAKY HYZMATDAŞLYGY

Häzirki wagtda dünýäde ykdysady gatnaşyklaryň hemmetaraplaýyn ösmegi bilen birlikde döwletleriň daşary syýasatynyň möhüm ugruna öwrülen ykdysady diplomatiýa aýratyn ähmiýete eýe boldy. Dünýä ýurtlary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak, maýa goýumlaryny çekmek, eksport-import amallaryny ösdürmek bilen baglylykda alnyp barylýan ykdysady diplomatiýa strategiýasy döwletleriň ösüş derejesine gönüden-göni täsir edýär. Dünýä ykdysadyýetiniň häzirki döwründe ýurtlaryň ösüş strategiýalarynyň esasy sütüni hökmünde ykdysady diplomatiýa aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda alyp barýan daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri hem ykdysady diplomatiýanyň ösdürilmegi bolup durýar. Bu ugurda alnyp barylýan işleriň esasy maksady ýurduň ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrmak, daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek, täze bazarlara çykmak hem-de durnukly ösüşi üpjün etmekdir [2].

Bu makalada Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasynyň dürli ugurlarda halkara hyzmatdaşlygy arkaly durnukly ösüşe ýetmekdäki orny seljerilýär. Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda ýöredýän daşary syýasaty Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanyp, parahatçylyk, özara hormat we deňhukukly hyzmatdaşlyk ýörelgelerine daýanýar. Şunuň bilen birlikde, ykdysady diplomatiýanyň netijeli ýöredilmegi ýurduň durnukly ösüş strategiýasynyň möhüm sütünleriniň biri hökmünde çykyş edýär. Bu makalada Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasynyň aýratynlyklary, halkara hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri we onuň durnukly ösüşe ýetirýän täsiri ara alnyp maslahatlaşylýar.

Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasy döwlet Baştutanynyň «Açyk gapylar» we oňyn bitaraplyk syýasaty esasynda ösdürilýär [1]. «Açyk gapylar» syýasaty daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen hyzmatdaşlyga giň mümkinçilik döredýär. Sebitara hyzmatdaşlyk Merkezi Aziýa ýurtlary bilen ykdysady gatnaşyklar, ulag-logistika mümkinçilikleri ösdürilýär.

Ykdysady diplomatiýa – bu döwletleriň daşary ykdysady syýasatyny durmuşa geçirmekde, halkara hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmakda we ösdürmekde ulanylýan gurallaryň hem-de çemeleşmeleriň toplumy bolup durýar. Ol ýurtlaryň

ykdysady bähbitlerini goramak, daşary ýurtlardan maýa goýumlaryny çekmek, ykdysady gatnaşyklary giňeltmek maksady bilen alnyp barylýar.

Dünýä tejribesinde ykdysady diplomatiýanyň dürli görnüşleri bar:

1. Söwda diplomatiýasy.
2. Maýa goýum diplomatiýasy.
3. Energiýa diplomatiýasy.
4. Innowasion hyzmatdaşlyk diplomatiýasy.

Türkmenistanda ykdysady diplomatiýanyň möhüm ugurlarynyň biri energetika serişdeleriniň dünýä bazarlaryna çykarylmagy, ulag-logistika mümkinçilikleriniň artdyrylmagy we daşary ýurt maýadarlary üçin amatly şertleriň döredilmegi bilen baglydyr. Ykdysady diplomatiýany alyp barmakda Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Döwlet daşary ykdysady aragatnaşyklar edarasy, Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi, Maliýe we ykdysadyýet ministrligi ýaly döwlet edaralary işjeň çykyş edýärler. Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda alyp baran ykdysady diplomatiýasy döwletiň halkara derejesindäki abraýyny ýokarlandyrmaga hem-de ykdysadyýetiniň durnukly ösüşini üpjün etmäge gönükdirilendir. Ýurduň daşary ykdysady syýasaty sebitleýin we halkara hyzmatdaşlyga giň ýol açýar [3].

Türkmenistan energiýa serişdelerine baý ýurt hökmünde energiýa diplomatiýasyny ykdysady ösüşiň esasy guraly hökmünde ulanýar. Türkmenistan –Hytaý, Türkmenistan – Eýran, Türkmenistan – Russiýa gaz geçirijileri bu ugurda gazanylan möhüm üstünlikleriň hataryndadyr. Şeýle hem TAPI (Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan) gaz geçirijisi ýurduň strategik maksatlarynyň biridigini görkezýär. Energetika ulgamyndaky hyzmatdaşlyk ýurduň girdejilerini artdyrmak bilen bir hatarda, halkara derejesinde durnukly energiýa üpjünçiligi üçin möhüm orny eýeleýär.

Türkmenistanyň geografik taýdan amatly ýerleşmegi, onuň ulag-logistika ulgamyny ösdürmekde möhüm ähmiýete eýe. «Lapis-Lazuli» halkara geçelgesi, Transhazar geçelgesi, Demirgazyk – Günorta we Gündogar – Günbatar ulag geçelgeleri arkaly Türkmenistan sebitleriň arasynda möhüm birleşdiriji köpri hökmünde çykyş edýär.

Ýurduň ykdysady diplomatiýasynyň netijesinde daşary ýurt kompaniýalary bilen hyzmatdaşlyk giňelýär. Bu hyzmatdaşlyk dürli ugurlar boýunça amala aşyrylýar: gurluşyk, energetika, oba hojalygy, dokma senagaty we ş.m. Şu günki gün Türkmenistanyň çäklerinde birnäçe daşary ýurt kompaniýalarynyň bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirilýär [4].

Durnukly ösüş – bu häzirki nesliň zerurlyklaryny üpjün etmek bilen bir wagtda, geljek nesiller üçin hem mümkinçilikleri üpjün edýän ösüş görnüşi. BMG-niň Durnukly ösüş maksatlaryna laýyklykda Türkmenistan öz milli ösüş strategiýalaryny giňeltmekde halkara hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berýär.

Durnukly ösüş maksatlaryna laýyklykda Türkmenistan şu ugurlarda halkara hyzmatdaşlygy ösdürýär:

1. Arassa suw we arassa energetika.
2. Infrastruktura ösüşi.
3. Sebitleýin hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi.

Türkmenistan häzirki wagtda «ýaşyl energetika» boýunça halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygyny giňeldýär. Gün we ýel energiýasy taslamalary boýunça tejribe alyşmalar, tehnologiýa transferi boýunça hyzmatdaşlyk işleri alnyp barylýar [7].

Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynda öňe süren başlangyçlarynyň birnäçesi durnukly ösüş bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Şeýle başlangyçlaryň biri Aral deňziniň halas edilmegi boýunça halkara hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi bilen baglydyr.

Türkmenistanyň gatnaşýan sebit hyzmatdaşlygy guramalarynyň birnäçesi (YHG, GDA, BMG-niň Ösüş maksatnamasy, EBRD we ş.m.) durnukly ösüşe gönükdirilen taslamalaryň durmuşa geçirilmegine mümkinçilik döredýär. Bu hyzmatdaşlyk arkaly ýurt ykdysadyýetiniň sanlylaşdyrylmagy, infrastruktura ösüşi we bilim ulgamy ösdürilýär [8].

Türkmenistan häzirki döwürde ykdysady diplomatiýasynyň giň mümkinçiliklerinden peýdalanyp, halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek arkaly durnukly ösüşiň üpjün edilmegine gönükdirilen syýasaty yzygiderli alyp barýar. Energiýa, ulag-logistika, ekologiýa, innowasiýa ugurlarynda halkara hyzmatdaşlygyň artdyrylmagy ýurduň halkara giňişligindäki abraýyny ýokarlandyrýar.

Teklipler:

– täzelenýän energiýa ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi;

– sanly ykdysady diplomatiýanyň mümkinçiliklerinin giňden ulanylmagy;

– sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlyk guramalary bilen täze strategik meýilnamalaryň işlenip düzülmegi;

– ykdysady diplomatiýada ýaş hünärmenleriň taýýarlanylmagy we daşary ýurt tejribesi bilen tanyşdyrylmagy.

Türkmenistan ykdysady diplomatiýanyň üsti bilen dünýä bilen baglanyşyklylygyny giňeldip, öz ykdysadyýetiniň durnukly ösüşine täze ýol açýar.

EDEBIÝAT

1. *Serdar Berdimuhamedow*. Döwlet maksatnamalary – ösüşleriň ygtybarly binýady. – A.: TDNG, 2023.

2. *Aýdogdyýewa M*. Ýkdysady diplomatiýanyň halkara gatnaşyklaryndaky orny. – A.: Ylym, 2022.

3. BMG-niň Ösüş Maksatnamasy. Durnukly ösüş maksatlary. undp.org

4. Döwlet statistika komiteti. Türkmenistanyň ykdysady görkezijileri. – A., 2023.

5. Döwlet daşary ykdysady gatnaşyklar gullugy. Maýa goýum we hyzmatdaşlyk mümkinçilikleri boýunça maglumatlar, 2024.

6. BAE – Türkmenistan: halkara hyzmatdaşlygyň ösüşi. «Türkmenistanyň ykdysady gatnaşyklary» žurnaly, 2023, №2.
7. World Bank. Turkmenistan Country Overview. worldbank.org
8. Türkmenistanyň Energetika ministrligi. Energiýa diplomatiýasy boýunça halkara gatnaşyklary, 2024.
9. *Gurbanmyradow N*. Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklary we diplomatiýasy. – A.: Ylym we tehnika, 2022.

СОТРУДНИЧЕСТВО ЭКОНОМИЧЕСКОЙ ДИПЛОМАТИИ ТУРКМЕНИСТАНА В НАПРАВЛЕНИИ УСТОЙЧИВОГО РАЗВИТИЯ

В статье всесторонне анализируется роль экономической дипломатии Туркменистана в обеспечении устойчивого развития, а также международное сотрудничество в этой области. Освещаются особенности реализации политики «открытых дверей» и позитивного нейтралитета, развитие экономических связей с другими странами, а также влияние сотрудничества в сферах энергетики, транспорта и инвестиций на достижение целей устойчивого развития. Также рассматривается участие Туркменистана в международных инициативах в соответствии с Целями устойчивого развития ООН. Работа основана на литературных источниках, статистических данных и международных документах.

Ключевые слова: экономическая дипломатия, устойчивое развитие, международное сотрудничество, энергетика, транспортно-логистические связи, инвестиции.

TURKMENISTAN'S ECONOMIC DIPLOMACY COOPERATION TOWARDS SUSTAINABLE DEVELOPMENT

This article provides a comprehensive analysis of Turkmenistan's economic diplomacy and its role in achieving Sustainable Development through international cooperation. It highlights the implementation of the «open door» and positive Neutrality policies, development of economic relations with foreign partners, and the impact of cooperation in energy, transport, and investment sectors on Sustainable Development Goals. The study also examines Turkmenistan's involvement in global initiatives in line with the United Nations Sustainable Development Goals (SDGs). The paper is based on academic sources, statistical data, and international documents.

Key words: economic diplomacy, Sustainable Development, international cooperation, energy, transport and logistics, investments.

Kerim Kertiýew,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy,
ykdysady ylymlarynyň kandidaty

Berdi Myratgeldiýew,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallym-öwrenijisi

PARAHATÇYLYGYŇ WE YNANYŞMAGYŇ ÝOLUNDA: TÜRKMENISTANYŇ HEMIŞELIK BITARAPLYGY – ÝURDUŇ YKDYSADY DURNUKLYLYGYNYŇ KEPILI

XXI asyrda dünýä döwletleriniň öňünde duran esasy meseleleriň biri parahatçylykly we durnukly ösüşi üpjün etmekdir. Munuň üçin döwletleriň arasynda ynanyşmak, deňhukukly gatnaşyklar we hyzmatdaşlyk möhüm şertleriň biri hökmünde öňe çykýar. Hut şu ýerde bitaraplyk ýörelgeleri aýratyn ähmiýete eýedir. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolan hemişelik bitaraplyk derejesi ýurduň halkara gatnaşyklarynda aýratyn ähmiýetli orun eýelemegine şert döredýär. Bu bitaraplyk diňe bir syýasy taýdan däl, eýsem ykdysady taýdan hem giň mümkinçilikleri döredýär.

«Bitaraplyk» adalgasy latyn dilinde «neuter» diýen söz bolup, «ol hem däl, bu hem däl» diýmegi aňladýar. Halkara hukugynda urşa gatnaşmazlygy, parahatçylyk döwründe bolsa harby bileleşiklere we birleşiklere goşulmazlygy aňladýar.

Gadymy döwürde bitaraplyk düşünjesi häzirki manysynda kän ulanylmandyr. Diňe XVI asyrda bitaraplyk babatdaky garaýyşlar durnukly häsiýete eýe bolýar we ol uruşýan taraplaryň ýaragly jedeline goşulmazlyk hökmünde kesgitlenilýär.

Bitaraplyk nusgasynyň esasy häsiýetnamalary: parahatçylyk söýüjilik, sabyr-takatlylyk, başgalaryň garaýyşlaryna we pikirlerine sarpa goýmak, dünýä üçin açyk bolmak türkmen halkynyň milli akyl-paýhasyna we taryhy ösüşiniň aýratynlyklaryna laýyk gelmek.

Türkmenistan öz Garaşsyzlygyny yglan eden ilkinji ýyllaryndan başlap, halkara gatnaşyklary ulgamynda oňyn bitaraplyk ýörelgesine eýerip ugrady. Munuň düýp sebäpleriniň biri bolsa parahatçylykly ösüşi üpjün etmek we dünýä döwletleri bilen hoşniýetli, dostlukly we deňhukukly gatnaşyklary alyp barmak bilen baglydyr.

Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary bilen, bu günki günde Türkmenistan döwletimiz hemişelik Bitaraplyk derejesine ygrarly bolmak bilen, dünýä ýüzünde özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygynyň hil taýdan täze başlangyçlaryny öňe sürýän döwlet hökmünde daşary syýasatdaky üstünliklerini dowam etdirmegi, halkyň asuda-abadan ýaşaýşyny, dünýä ýurtlary bilen hoşniýetli gatnaşyklaryň ösdürilmegini kepillendirýär.

Bitaraplyk syýasatynyň mazmunyna, şol bir wagtyň özünde, halkymyzyň lebzihalallyk, ynsaplyk, dostluk, sahawatlylyk, açykgöwünlilik, myhmansöýerlik, goňşuçylyk ýaly ajap ýörelgeleri siňendir [1].

Bitaraplyk döwletleriň arasynda syýasy, harby we ykdysady taýdan deňhukuklylygy üpjün edýän ýörelgeler toplumydyr. Ol ýörelgelere esasy şular degişli:

– harby birleşiklere goşulmazlyk;
– daşary ýurtlaryň içerki syýasatyna goşulmazlyk;
– öz çäginde harby bazalaryň ýerleşdirilmegine ýol bermezlik;
– parahatçylykly gatnaşyklary ileri tutmak;
– halkara hukuk ýörelgelerine eýermek.

Türkmenistanyň Bitaraplygy halkara hukugynyň bar bolan kadalaryna laýyklykda:

– gelip çykyşy boýunça ykrar edilen – BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» Rezolýusiýasy, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyna girýän ýurtlaryň döwlet we häkimiýet baştutanlarynyň üçünji duşuşygynyň jemleri boýunça Yslamabat Jarnamasy (1995-nji ýyl, 15-nji mart), Goşulmazlyk hereketine gatnaşýan ýurtlaryň döwlet we häkimiýet baştutanlarynyň 11-nji konferensiýasynyň Jemleýiş namasy (1995-nji ýyl, 20-nji oktýabr), 2015-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky we 2025-nji ýylyň 21-nji martyndaky «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly kararnamalar bilen tassyklanyldy;

– görnüşi boýunça hemişelik, ýagny möhleti çäklendirilmeýär we harby döwürde-de, parahatçylykly günlerde-de şol güýjünde galýar;

– mazmuny boýunça oňyn. Muňa bolsa parahatçylygy we durnuklylygy saklamak, döwletleriň arasyndaky dostluk hem-de hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek meselelerinde döwletiň işjeň garaýşy.

Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty halkara dawalaryň öňüni almakda we çözmekde uly ähmiýet berilýändir we bu syýasaty amala aşyrmagyň barşynda netijeli işleri durmuşa geçirýär:

1. Owganystan boýunça syýasy we ynsanperwer hyzmatdaşlyk: Türkmenistan Owganystan döwletindäki ýagdaýlaryň parahatçylykly ýol bilen çözülmegine hemişe ýardam edip gelýär. Dostlukly halka yzygiderli ynsanperwer kömek berýär, sebitde ykdysady hyzmatdaşlygy ýola goýmaklyga ýardam berýär, şol sanda Owganystan döwletine elektrik energiýasy, gaz we beýleki zerur serişdeler bilen ynsanperwer kömek edýär.

2. Sebitleýin gepleşik meýdançalarynyň döredilmegi: Türkmenistan «Ýewraziýa dialogynyň» hem-de «Hazar dialogynyň» guramaçylaryň biri hökmünde çykyş edýär. Bu maslahatlar döwletleriň arasynda ynanyşmagyň artmagyna, pikir alyşmagyň giňelmegine uly şert döredýär.

Türkmenistan özüniň hemişelik bitaraplyk halkara hukuk derejesine laýyklykda özüniň çäginde yzygiderli ylalaşdyryjy işleri amala aşyrýar. Esasan hem, Aşgabatda owganara we täjigara gepleşikleriň birnäçe tapgyrynyň geçirilmeginiň netijesinde Türkmenistan Merkezi Aziýa sebitinde ylalaşdyryjy merkez diýlip ykrar edildi. 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Türkmenistanda BMG-niň öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy ýurduň bitarap döwlet hökmünde borçlaryny pugta ýerine ýetirýändigini subut etdi. Bu merkeziň açylmagy halkara bileleşiginde uly taryhy waka bolup, döwletiň halkara gatnaşyklaryndaky ornuny has hem pugtalandyrdy.

Suw we energiýa meselelerinde deňhukukly hyzmatdaşlyk: Merkezi Aziýada suw serişdeleriniň adalatly paýlanmagy meselesinde Türkmenistan bitaraplygy saklap, gepleşiklere sebäp bolýan ýagdaýlary ýeňilleşdirýän araçy hökmünde çykyş edýär.

Türkmenistan häzirki wagtda suw gorlaryny goramak we olary rejeli peýdalanmak babatda halkara hyzmatdaşlygyna işjeň gatnaşýar. Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynda, Braziliýanyň Rio-de-Žaneýro şäherinde geçirilen «Rio+20» bütindünýä sammitinde, Ýaponiýanyň Sendaý şäherinde geçirilen BMG-niň tebigy betbagtçylygynyň howpuny peseltmek boýunça 3-nji bütindünýä maslahatynda hem-de Koreýa Respublikasynyň Tegu şäherinde geçirilen VII bütindünýä suw forumynda birnäçe başlangyçlar bilen çykyş etdi.

Araly halas etmegiň halkara gaznasy: 1993-nji ýylda Orta Aziýa döwletleriniň bäşisi tarapyndan Aral sebitiniň suw serişdelerini durnukly dolandyrmak meselesi babatynda özara jebis hyzmatdaşlygy ýola goýmak we ösdürmek maksady bilen, suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmak jogapkärçiligini özünde jemleýän ýörite sebitleýin gurama hem-de onuň işini maliýeleşdirmek jogapkärçiligi ýüklenen ýokary derejeli gurama bolan Araly halas etmegiň halkara gaznasy döredildi. Türkmenistan bu halkara gazna 1999-njy ýylda we 2016-njy ýylda ýolbaşçylyk etdi.

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk derejesi ýurduň içerki syýasy durnuklylygyny üpjün edýär. Durnuklylyk bolsa ykdysady ösüş üçin zerur şertdir. Syýasy taýdan bitaraplyk we parahatçylykly ýörelgeler bilen öňe barýan Türkmenistan daşary ýurt maýadarlary üçin ynamly hyzmatdaş hökmünde çykyş edýär.

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk derejesi diňe bir syýasy taýdan däl, eýsem ykdysady taýdan hem uly ähmiýete eýedir. Ol daşary ýurtlar bilen gatnaşyklary giňeltmäge, syýasy we ykdysady durnuklylygy üpjün etmäge we halkara bazarlara çykmaga uly mümkinçilik berýär. Bitaraplyk – ykdysady ösüşiň berk binýady bolup çykyş edýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly kitabynda şeýle ýazýar: «Türkmenistan özüniň ykdysady strategiýasyny düzende oňa howpsuzlygyň ählumumy nusgasyny guramaga bilelikde gatnaşmak meselesini hem degişli edýär. Çünki onda öz

ykdysady özbaşdaklygynyň esaslary hökmünde milli ykdysady howpsuzlygynyň kepilini görýär. Biziň howpsuzlyga bitewüleýin düzgüniň hadysasy hökmünde çeme-leşmämiz hem şundan gelip çykýar. Bu düzgüniň syýasy, energetika, azyk, ekologik howpsuzlygy ýaly düzümleriň hiç biri hem aýratynlyk-da, biri-birini özara şertlendirmezden we geosyýasy baglanyşykda bölünmez ýagdaýda bolmazdan dowam edip bilmez.

Bu meselede biziň öňe sürýän garaýşymyz pugtadyr we üýtgewsizdir, sebäbi ol Türkmenistanyň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanýar. Hut BMG-niň howandarlygy astynda parahatçylygy berkarar etmegiň harby däl, parahatçylykly syýasy-diplomatik ýörelgeleriniň üýtgewsizdigi biziň bähbitlerimiziň sebit we dünýä ýurtlarynyň bähbitleri bilen utgaşan ýerlerinde howpsuzlyk maksatlarymyzy amala aşyrmakda Bitaraplygymyza çeýelik we berklik aýratynlyklaryny berýär» [2; sah. 11].

Türkmenistanyň bitaraplyk derejesi bilen dürli döwletleriň arasynda açyk we deňhukukly gatnaşyklary ýola goýýar. Bu bolsa daşary ýurtlar bilen söwda gatnaşyklarynyň ösmegine, täze bazarlaryň açylmagyna hem-de halkara taslamalara gatnaşmaga giň ýol açýar. Meselem, Türkmenistan transmilli gaz geçirijilerini döretmek bilen, gaz eksportyny birnäçe ugur boýunça giňeltmegi başardy.

Türkmenistan energetika serişdelerini dürli ýurtlara bäsdeşsiz we açyk esasda eksport edýär. Bu bolsa ýurduň ykdysady girdejileriniň artmagyna, täze eksport ugurlarynyň döremegine we içerki infrastrukturanyň ösmegine ýardam berýär. Türkmenistanyň «Energiýa serişdeleri ählumumy bähbitlere hyzmat etmeli» diýen ýörelgesi bitaraplyk syýasatynyň ykdysady netijeliligini görkezýär. Türkmenistan energiýa serişdelerini parahatçylykly we ygtybarly görnüşde halkara bazarlara çykarmaga gönükdirilen strategiýany ýöredýär. Dürli ýurtlar boýunça gaz geçirijiler diňe ykdysady taýdan däl, eýsem sebitleýin durnuklylygyň hem nyşanydyr.

Türkmenistan sebitde halkara ulag geçelgelerinde möhüm orun eýeleýär. Günbatar bilen Gündogary, Demirgazyk bilen Günortany baglanyşdyrýan üstaşyr ýurt hökmünde öz mümkinçiliklerini yzygiderli giňeldýär. «Lapis Lazuli», «Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan (TAPI)» ýaly taslamalar bitaraplygyň ykdysady netijeliliginiň aýdyň mysallarydyr. Türkmenistan ulag ulgamynda iri taslamalary durmuşa geçirýär (Lapis Lazuli koridory, Demirgazyk–Günorta geçelgesi), bu hem ýurtlaryň özara baglylygyny artdyrýar we syýasy dialoga mümkinçilik döredýär.

Türkmenistanyň bitaraplyk ýörelgelerine ygrarlylygy ýurduň halkara abraýyny ýokarlandyrdy, onuň sebitleýin we global meselelerde ynamdar hyzmatdaş hökmünde çykyş etmegine ýol açdy. Bitaraplygyň kömegi bilen Türkmenistan parahatçylykly ösüş ýoluny saýlap, halkara dawalaryň öňüni almagy başardy hem-de durnukly ösüşiň gazanylmagyna işjeň gatnaşdy. Munuň özi dünýä jemgyýetçiligine

bitaraplygyň diňe syýasy ýagdaý däl, eýsem durnukly geljegiň binýady bolup durýandygyny görkezýär.

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk syýasaty halkara gatnaşyklarynda parahatçylykly we durnukly ösüşiň üpjün edilmegine gönükdirilen netijeli gural bolup durýar. Bu syýasat arkaly Türkmenistan dawalaryň öňüni almakda we çözmekde, şeýle hem durnukly ösüşi gazanmakda möhüm orny eýeleýär. Şeýlelikde, Türkmenistanyň bitaraplyk tejribesi beýleki döwletler üçin nusga bolup hyzmat edip biler.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany. – A.: TDNG, 2020.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. – A.: TDNG, 2010.

НА ПУТИ К МИРУ И ДОВЕРИЮ: ПОСТОЯННЫЙ НЕЙТРАЛИТЕТ ТУРКМЕНИСТАНА – ГАРАНТ ЭКОНОМИЧЕСКОЙ СТАБИЛЬНОСТИ СТРАНЫ

Принципам нейтралитета придаётся особое значение в обеспечении мирного развития между государствами и предотвращении конфликтов. В статье отражается значение статуса постоянного нейтралитета Туркменистана, единогласно признанного Организацией Объединённых Наций в 1995, 2015 и 2025 годах, в международной политике, а также в обеспечении стабильного экономического развития региона и страны.

Ключевые слова: нейтралитет, Туркменистан, Организация Объединённых Наций, международное право, экономика.

ON THE PATH OF PEACE AND TRUST: THE PERMANENT NEUTRALITY OF TURKMENISTAN AS A GUARANTEE OF THE ECONOMIC STABILITY

The principles of Neutrality are given special importance in ensuring peaceful development between countries and preventing conflicts. The article highlights the significance of Turkmenistan's status of Permanent Neutrality – unanimously recognized by the United Nations in 1995, 2015, and 2025 – in international politics, as well as in ensuring the stable economic development of the region and the country.

Key words: Neutrality, Turkmenistan, United Nations, international law, economy.

Aýlar Gylyjowa,
Döwletmmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy

Aýlar Ussaýewa,
Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.

DÜNÝÄ HOJALYGYNYŇ INTEGRASIÝALARY HALKARA HYZMATDAŞLYGYŇ NETIJELI GURALYDYR

Dünýä hojalygynyň wajyp subýektleriniň biri hem integrasiýalardyr. Bütindünýä söwda guramasynyň (BSG) maglumatlaryna görä, geçen asyryň ahyrlarynda hereket edýän sebitleýin söwda-ykdysady ylalaşyklaryň 134 sanysy hasaba alnypdyr. Olaryň 90 sanysy 1995-nji ýyldan soň döredilipdir. BSG-niň baha bermegine görä, dünýäniň jemi önümininň (DJÖ) 90 göterimi, dünýä söwdasynyň hem şonça möçberi integrasiýalaryň paýyna düşüpdir. Getirilen sanlardan görnüşi ýaly, dünýä hojalygynda integrasiýalaryň örän uly paýy bardyr.

Birnäçe integrasiýalar sebitleýin we tutuş dünýä boýunça hereket edýärler. Belli bolşy ýaly, olara Ýewropa Birleleşigi (ÝB), Demirgazyk Amerika erkin söwda zolagy (NAFTA), Günorta konus döwletleriniň umumy bazary (MERKOSUR) ýaly integrasiýalar degişlidir. Şol bir wagtyň özünde beýleki goşulyşan birlikleriň dünýä hojalygyndaky paýy ýokarlanýar. Olara Aziýa – Ýuwaş Umman ykdysady hyzmatdaşlygy (AÝUYH) we Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy (GDA) ýaly birleşikler degişlidir.

Integrasiýalaryň ösüş derejesiniň birmeňzeş bolmazlygy milli ykdysadyýetleriň ösüş derejesiniň deň däldiginden gelip çykýar. Integrasiýalar häzirki ýeten derejesiniň tejribesi boýunça alty basgançaga bölünýär [1].

Onuň birinji basgançagy ýeňillikli ýa-da artykmaçlykly (preferensial) söwda ylalaşygydyr. Bu ylalaşykda döwletler biri-birine ýakynlaşmakda ýeňillikli söwdany alyp barmak üçin ilkinji ädimi ädýärler.

Ikinji basgançak erkin söwda zolagynyň döredilmegidir. Erkin söwda zolaklarynda harytlaryň we hyzmatlaryň erkin söwdasynda gümrük tarifleri doly aýrylýar. Üçünji döwletler bilen söwda edilende milli tarifler saklanyp galýar.

Integrasiýanyň üçünji basgançagy gümrük bileleşigidir. Bu ylalaşykda döwletler özara söwda gümrük tariflerini doly ýatyrýar we üçünji ýurtlar üçin ýeketäk gümrük tariflerini we tarif däl sazlaşdyrmany ulanýar.

Integrasiýanyň dördünji basgançagy gümrük bileleşiginiň düzgünleri esasynda umumy bazaryň emele getirilmegidir. Bu etapda harytlaryň, hyzmatlaryň, maýanyň we işçi güýjüniň özara erkin hereketi üpjün edilýär. Oňa başgaça dört erkinlik diýilýär [3].

Umumy bazaryň barha ösmegi integrasiýalaryň bäşinji basgançagy bolan ykdysady we walýuta bileleşigine gelmäge şert döredýär. Bu basgançakda ýeke-täk ykdysady, walýuta, býujet, pul-karz syýasaty alnyp barylýar. Ýeke-täk walýuta geçilýär, milletleriň arasyndaky gatnaşyklary sazlaşdyrýan edaralar döredilýär.

Altynjy basgançaga syýasy bileleşik diýilýär. Dünýä hojalygynda entek şeýle integrasiýa ýok. Ýöne ykdysady we walýuta bileleşigi soňlugy bilen şeýle bileleşige getirip biler. Bu basgançakda agza döwletler ýeke-täk raýatlygy, umumy howpsuzlyk we daşary syýasaty ýöredip bilerler. Syýasy bileleşigiň emele gelmegi bilen agza döwletleriň arasynda bilim medeni, hukuk gatnaşyklary barha çuňlaşýar. Netijede, ähli ugurlarda hyzmatdaşlyk amala aşyrylýar.

Häzirki zaman dünýä hojalygynda garyşyk ykdysadyýetli integrasiýalaryň bolmagy, hususan-da, Ýewropa sebitinde goşulyşmagyň kämil derejesine çykylmagy liberal bazar mekdebiniň wekilleri bilen ylalaşmazlyga getirýär. Şonuň üçin integrasiýa häsiýetnama bermekde garyşyk garaýyş ýüze çykýar.

Keýnsiançylyk ugruň dirižinizm mekdebiniň wekilleri, aýratyn-da, Nobel baýragynyň laureaty gollandiýaly ykdysatçy Ýan Tikbergen integrasiýalary emele getirmekde esasy roly döwletiň oýnaýandygyny nygtaýar [2].

Ol integrasiýalarda hususyýetçiler gatnaşýan hem bolsa integrasiýanyň düzümini emele getirmekde döwlet syýasatynyň we döwlet edaralarynyň (institutlaryň) ähmiýetini birinji orna çykarýar.

Integrasiýalaryň mazmuny barada ilkinji ýüze çykan liberal bazar mekdebidir. Onuň wekilleri integrasiýalary diňe bazar güýçleriniň hereketiniň netijesi diýip hasap edýärler. Olar ykdysadyýet diňe bazar gatnaşyklary esasynda hereket edende integrasiýalar tebigy ýagdaýda hem emele gelip biler diýip pikir edýärler. Şeýle garaýşyň wekilleri bazar ykdysadyýeti şertlerinde milli hojalygy ösdürmek üçin integrasiýalar zerur diýip kesgitleýärler. Ýöne olar integrasiýalary döretmekde döwletiň ähmiýetini tankytlaýarlar. Integrasiýalara döwletiň edaralarynyň gatnaşyp başlamagy bilen, integrasiýalaryň tebigy görnüşi goýlup başlar diýen pikir bu mekdebiň wekilleriniň bu mesele barada esasy garaýşy bolup durýar.

Umuman alanymyzda, integrasiýa häsiýetnama bermekde dürli mekdebiň wekilleriniň garaýşyny tutuşlygyna dogry ýa-da tutuşlygyna ýalňyş diýip aýtmak bolmaz. Köpleriň garaýşy dirižinizm mekdebiniňki bilen gabat gelýär. Sebäbi häzirki zaman integrasiýalaryň taryhyna seredeniňde hem döwletleriň gatnaşmagy esasynda şeýle goşulyşmalar döredildi.

Walýuta integrasiýasy – munuň özi integrasiýa gatnaşýan döwletleriň milli walýuta ulgamlarynyň ösüp, bir bütewi walýuta ulgamyny emele getirmegidir. Walýuta integrasiýasynyň emele gelmegi ykdysady integrasiýalary emele getirmegiň möhüm meselelerinin biridir. Ykdysady integrasiýalar ýaly walýuta integrasiýasy hem döwletleriň syýasatynyň netijesidir. Şol bir wagtyň özünde bütewi walýuta ulgamyna geçmek ykdysady taýdan hem amatlydyr [4].

Döwletleriň özara walýuta bileleşigini döretmekleri soňky iki asyrda ýüze çykan zat däldir. Ol gözbaşyny irki wagtlardan alyp gaýdýar. 1392-nji ýylda döredilen Ganzeý walýuta bileleşigi, 1857-nji ýylda baglaşylan Awstro-german moneta bileleşigi, 1865-nji ýylda ylalaşylan Latyn walýuta bileleşigi ýa-da 1872-nji döredilen Skandinaw walýuta bileleşigi we başgalar muňa mysal bolup biler. Bileleşige azyndan iki döwlet gatnaşýar.

Walýuta hyzmatdaşlygynyň taryhyna seljerme berlende walýuta integrasiýalaryň döredilmegi üçin döwletleriň birnäçe basgançagy geçýändigini görmek bolýar. Ilki bilen, agza döwletleriň köptaraply töleg ulgamy döredilýär. Bu ulgam kliring bahalary we karzlaşdyrma ýaly meseleleri hem öz içine alýar. Soňra agza döwletler milli walýutalaryň durnuklylygyny üpjün edýän kurs mehanizmini işläp düzýärler. Iň soňky basgançak bolsa walýuta bileleleşiginiň döredilmegi, ýagny ýeke-täk walýutanyň girizilmegidir.

Nazaryýete laýyklykda, bellenen walýuta kursy kesgitli döwletleriň arasynda ulanylmagy netijeli bolup biler. Onuň üçin döwletler «amatly kriteriler (baha beriş ölçegleri)» boýunça hereket etmelidir. Ol kriterilere bolsa aşakdakylar degişlidir:

– makroykdysady şoguň (şok) paýynyň ýokary bolmagy – integrasiýa giryän ýurtlaryň käbirinde makroykdysady görkezijileriň oňaýsyzlygynyň ýokary, beýleki döwletlerde makroykdysady görkezijileriň durnukly bolmagy:

– içerki bahalaryň we zähmet haklarynyň çeýeligi – bahalar we zähmet haklary islege we teklibe görä çeýe hereket edip bilýän bolsa, beýleki ykdysadyýetde ýüze çykan oňaýsyzlyklaryň (işsizlik, hümmetsizlenme we ş.m.) täsiri azalýar:

– önümçilik ýagdaýlaryň ýokary mobilligi – bu ýagdaýda esasy üns zähmete we maýa goýuma berilýär. Bu iki ýagdaý herekete getirilen ýagdaýda dürli kynçylyklaryň bolmagyna garamazdan bäsleşige ukyply, eksporta nazarlanan harytlary öndürmeklige ukyply bolýar;

– agza döwletleriň ykdysadyýetiniň özara açyklyk derejesiniň ýokary bolmagyny – ýerli baha bilen beýleki hojalykdaky baha tapawudynyň az bolmagyny göz öňunde tutýar.

Häzirki hereket edýän integrasiýalaryň içinde iň kämili Ýewropa Bileleşigidir. Ol Günbatar, Merkezi, Demirgazyk we Gündogar Ýewropa ýurtlaryny öz içine alýar. Bu döwletler häzirki wagtda integrasiýanyň iň ýokary basgançagy bolan syýasy bileleşiginiň öň ýanyndadyr.

Günbatar Ýewropada başlanan integrasiýanyň ösüşini birnäçe döwürlere bölmek bolar. Ösüşiň döwürlere bölünmeginiň sebäbi bolup agza döwletleriň yzygiderli artmagy, bu döwletlerde hojalyk gatnaşyklarynyň tapawutly bolmagy çykyş edýär.

Birinji döwür geçen asyryň 50-nji ýyllarynyň birinji ýarymyny öz içine alýar. Bu döwür birleşmek meýliniň ýüze çykan we ösüp başlan ýyllarydyr.

Ikinji döwür XX asyryň 50-nji ýyllarynyň ikinji ýarymyndan 70-nji ýyllary aralygy öz içine alýar. Bu aralyk ÝB-niň döredilmeginde möhüm ähmiýete eýe bolan ýyllar hasaplanýar. Rim ylalaşygynyň çäklerinde dört erkinlik, ýagny harytlaryň, hyzmatlaryň, işçi güýjüniň, maýanyň erkin hereketini üpjün etmek göz öňunde tutuldy. Bu işler tapgyrlaýyn amala aşyryldy. Ilki bilen agza döwletleriň arasynda erkin söwda zolagy döredildi. Şondan bir ýarym ýyl geçmänkä-de gümrük bileleşigi döredildi. Senagat harytlarynyň özara çäklendirmesi ýatyrylyp, üçünji döwletler üçin ýeke-täk gümrük tarifi bellenildi [2].

Üçünji döwür XX asyryň 70-nji ýyllarynyň ortalaryna çenli aralygy öz içine alýar. Bu ýyllarda integrasiýanyň iň kynçylykly, gapma-garşylykly ýyllary boldy. Aýratyn-da, hojalyklaryň arasynda walýuta gatnaşyklaryny sazlaşdyrmak esasy meseleleriň biridi. Emma dürli kynçylyklara garamazdan, ÝB düzümini we mehanizmini kämilleşdirmegini dowam etdi.

Dördünji döwür 1970–1990-njy ýyllar aralygy bolup, ÝB-de düýpli özgertmeleriň geçirilen wagtydyr. Rim ylalaşygy, Ýeke-täk Ýewropa akty we başga-da birnäçe ylalaşyklaryň esasynda «serhetsiz içerki giňişlik» döredildi. «Serhetsiz içerki giňişligiň» döredilmeginiň meýilnamasy 1985-nji ýylda çap edilen «Ak kitap» diýlip atlandyrylan neşirde öz beýanyny tapdy. Bu meýilnama 300 töweregi anyk çäräni öz içine aldy. Bu meýilnama 1993-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli doly ýeri ne ýetirildi. Hünärmenleriň bellemegine görä, integrasiýa gatnaşýan döwletleriň hojalyklary yza gaýtmasyz ýagdaýda birleşdi.

Bäşinji döwür 1991-nji ýyldan häzirki wagty öz içine alýar. Bu döwürde ykdysady, syýasy we walýuta bileleşigine gutarnykly geçildi. Şonuň üçin 1993-nji ýylda Ýewropa Ykdysady Bileleşigi Ýewropa Bileleşigi diýlip atlandyrylyp başlandy.

Ýewropa integrasiýasynyň ösüş döwürlerine seredip, birnäçe netije çykarmak mümkin. ÝB häzirki wagtda kanunçylyk, ýerine ýetirijilik we kazyýet edaralarynyň tapawutly bolanlygy üçin dürli kynçylyklara duş gelýär. Bu meseleler bolsa guramaçylyk işlerini kynlaşdyrýar. Bu kynçylyklary aradan aýyrmak üçin birnäçe institutlar döredildi.

– Ýewropa Geňeşi. Ol ÝB ýurtlarynyň döwlet we hökümet baştutanlaryndan ybarat bolup, düýpli meseleler üçin ýygnanyşýarlar.

– Ministrler geňeşi. Gündelik ykdysady meseleler üçin ýygnanyşýarlar.

– Ýewropa komissiýasy. Baş ýerine ýetiriji edara ýa-da ÝB-niň hökümeti. Olar esasan maliýe serişdelerini dolandyryjylardyr.

– Ýewropa parlamenti. Wekilçilikli edara bolup, agza döwletler tarapyndan göni ses bermek arkaly 5 ýyl möhlete saýlanylýar.

– Ýewropa sudy – ÝB-de ýeke-täk kanunçylygy ýöredýär.

– Auditor palatasy – ÝB-niň girdejilerini we çykdajylaryny barlamak maksady bilen döredildi.

– Umumy býujet-gaznalary, banklary, aýratyn-da, Ýewropa Merkezi bankyny emele getirmek üçin döredildi.

NAFTA. Integrasion birleşmeler dünýäniň dürli sebitlerinde hereket edýärler. Şeýle integrasiýalar Amerika yklymynda hem hereket edýär. Bu yklymdaky has täsirli integrasiýa NAFTA-dyr (North Amerikan Free Trade Area). Bu integrasiýa ABŞ-nyň, Meksikanyň, Kanadanyň gatnaşmagynda 1994-nji ýylda döredildi.

NAFTA-nyň integrasion birleşmä liberal garaýşy bar. Şonuň üçin bu integrasion herekete döwletleriň täsiri uly däldir. Bu ýagdaý integrasion ýagdaýlara oňaýsyz täsir edýär. Agza döwletleriň beýleki integrasiýalar bilen daşary söwdasy umumy söwdanyň 56%-ni tutýar.

Bu birleşmede esasy utuş gazanjagyň Meksikadygy bellenilýär. Daşary ýurt maýasynyň akymynyň güýçlenmegi, eksport harytlaryna gümrük tarifiniň peseldilmegi, täze tehnologiýa daýanýan önümçilikler, täze iş orunlary meksikan ykdysadyýetine oňaýly täsir edýär.

EDEBIÝAT

1. *Geldimuhamedowa O., Kazygulyýew A., Bäşimow H., Ýanabaýew P., Çaryýewa O., Möwlamowa M.* Halkara ykdysady gatnaşyklar. – Aşgabat: TDNG, 2017.

2. *Kazygulyýew A., Baýramow H., Allanazarow T., Annamuhammedow J., Geldimuhamedowa O., Çaryýewa O., Öwezowa M.* Dünýä ykdysadyýeti. – Aşgabat: TDNG, 2016.

3. *Ломакин В.К.* Мировая экономика. Учебник для вузов. – М. ЮНИТИ. 2009.

4. Мировая экономика. Учебник. Под ред. Проф. А.С.Булатова. – М. Юрист, 2008.

ГЛОБАЛЬНАЯ ЭКОНОМИЧЕСКАЯ ИНТЕГРАЦИЯ – ЭФФЕКТИВНЫЙ ИНСТРУМЕНТ МЕЖДУНАРОДНОГО СОТРУДНИЧЕСТВА

В статье утверждается, что наличие смешанной экономической интеграции в современной мировой экономике, особенно продвинутый уровень интеграции в европейском регионе, приводит к разногласиям с представителями либерально-рыночной школы. Таким образом, установлено, что существует неоднозначное отношение к характеристике интеграции.

Ключевые слова: смешанная экономическая интеграция, мировая экономика, европейские регионы, характеристики интеграции.

GLOBAL ECONOMIC INTEGRATION IS AN EFFECTIVE INSTRUMENT OF INTERNATIONAL COOPERATION

The article argues that the presence of mixed economic integration in the modern world economy, especially the advanced level of integration in the European region, leads to disagreements with representatives of the liberal market school. Thus, it is established that there is an ambiguous attitude to the characterization of integration.

Key words: mixed economic integration, European region, world economy, characterization of integration.

Ruslan Jumaýew,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy

DÖWLETIŇ YKDYSADY SYÝASATYNY AMALA AŞYRMAKDA KÖPTARAPLAÝYN DIPLOMATIÝANYŇ ORNY

XVIII–XIX asyrlarda dünýäde bolup geçen ykdysady ýagdaýlar jemgyýetde hil taýdan täze ýagdaýy emele getirip, bazar bilen döwlet mehanizmleriniň arasynda durmuş-ykdysady hadysalarynyň täze bir gatnaşygynyň ýüze çykmagyna esas döretdi. Munuň özi hojalyk gatnaşyklar ulgamynyň ösüşiniň belli bir döwründe döwletiň täsiriniň we kadalaşdyryş çäreleriniň güýçlenmegini şertlendirdi.

Netijeli ykdysady syýasaty kemala getirmek meselesi XX asyryň ikinji ýarymynda we XXI asyrda gaýtadan ylmyň obýekti hökmünde giňden öwrenilip başlandy. Döwletiň ykdysady syýasatynyň nazaryýeti ykdysadyýet boýunça Nobel baýragynyň laureatlary Ý. Tinbergeniň (1969 ý.), R. Mandelyň (1999 ý.), R. Lukasyň (1995 ý.) ylmy işlerine esaslanýar. Bu işlerde döwletiň maksatlarynyň we gurallarynyň optimal gatnaşygyny ýüze çykarmak arkaly ýurduň ykdysady syýasatynyň netijeli nusgasyny döretmeklige ilkinji çemeleşmeler beýan edilýär.

Ykdysady syýasat – bu makroykdysady derejede netijeli ykdysady çözgütleri işläp düzmek, kabul etmek hem-de durmuşa geçirmek boýunça hökümetiň amala aşyrýan çäreleriniň we hereketleriniň toplumy. Ykdysady syýasatyň durmuşa geçirilmegi jemgyýetçilik bähbitlerini üpjün edýän möhüm maksatlara ýetmegi göz öňünde tutýar. Ykdysady syýasatyň maksatlary ýurduň häzirki zaman milli ykdysadyýetiniň ýagdaýy bilen kesgitlenilýär. Şonuň üçin hem ykdysady syýasaty amala aşyrmak döwletiň ykdysadyýete täsir edýän mehanizmini emele getirýän çäreleriň, gurallaryň toplumyny ulanmagy göz öňünde tutýar.

Bütin bazar ulgamy üçin kynçylykly döwür 1929–1933-nji ýyllardaky dünýä ykdysady çökgünligi boldy. Bu kynçylyklaryň netijesinde iki durmuş-ykdysady

hadysanyň (bazar we döwlet) arasyndaky gatnaşyklaryň has täsirli görnüşini tapmak üçin döwletiň gatnaşmagynyň ornuny täze hil derejesine çykarmaly diýen netijä geldi. Bazaryň çalt depginde ösmegi nukdaýnazaryndan hökümetiň çäreleri «gijeki gözegçi» mysalynda döwletiň gatyşmazlygynyň çäklerinden geçmeli boldy. Milli ykdysadyýetde toplumlaýyn döwletiň çylşyrymly düzgünleşdiriş çärelerine mätäçligi ýüze çykaryldy. Şeýlelik bilen, dünýäde ykdysady syýasat düşünjesi anyk döwletiň syýasy ugry hökmünde kemala geldi.

Şunda ykdysady syýasaty durmuşa geçirmek üçin ilkinji synanyşyklar anyk bir meseläni düzgünleşdirmäge gönükdirilen «nokatlaýyn täsir» («точечное воздействие», «point impact») strategiýasy bilen baglanyşyklydy. Bu şertlerde gümrük, oba hojalygy, senagat we durmuş syýasatlary özbaşdak ugurlar hökmünde hasaplanýardy. Soňra XX asyryň başynda ykdysadyýetiň aýratynlykda pudaklaýyn üýtgemelerini aňladýan bölekleýin çemeleşmä gaýtadan seredilip, ykdysady syýasaty toplumlaýyn, pudaklaryň özara bagly derejesinde ösdürmek boýunça çemeleşme ýüze çykde hem-de ykdysady syýasat has giňişleýin umumy makro häsiýete eýe boldy. Amerikan ykdysatçylary, professorlar K. R. Makkonnelliň we S. L. Brýunyň (2011 ý.) pikirlerine görä, ykdysady syýasatyň maksatlary birinjiden, milli ykdysadyýetiň ösüşini, ikinjiden, doly iş bilen üpjünçiligi, üçünjiden, ykdysady netijeliligi, dördünjiden, bahalaryň derejesiniň durnuklylygyny, bäşinjiden, ykdysady erkinligi, altynjydan, girdejileriň deňeçer paýlanylmagyny, ýedinjiden, ykdysady howpsuzlygy, sekizinjiden, daşary söwda deňagramlylygy üpjün etmekden ybaratdyr [6, sah. 898].

Dünýäde soňky asyrda bolup geçen çylşyrymly syýasy, durmuş we ykdysady meseleler umumy ykdysady syýasatyň döremegine ep-esli derejede täsir etdi. Sebäbi ählumumy ykdysadyýetde döwletler öz bähbitlerini üpjün etmek üçin mynasyp orunlaryny tapmaga, halkara bäsdeşlige ukyplylyk derejesini ýokarlandyrmaga, halkara integrasiýalary we guramalary döretmäge meýilleri barha ýokarlandy. Şonuň üçin ýurtlaryň ykdysady hadysalara goşulyşmagy diňe bir sebitleýin häsiýetli bolman, eýsem halkara derejesinde ähmiýetli bolup başlady. Munuň özi bolsa döwletleriň ykdysady syýasatynyň ählumumy syýasy durnuklylygyň, durmuş abadançylygynyň, ykdysady ösüşiň bähbidine köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy peýdalanmagyň oňaýly tarapyna göz ýetirmäge mümkinçilik berdi.

Häzirki wagtda her bir döwlet özüniň ykdysady syýasatyny kämilleşdirmekde milli çäklerden çykýan köptaraplaýyn usullary peýdalanýar. Sebäbi geçen asyrda bolup geçen Ikinji Jahan urşy dünýäde bar bolan ykdysady düzgüni düýpli özgertdi. 1944-nji ýylda Bretton-Wuds şäherinde geçirilen Bütindünýä walýuta-maliýe maslahatynda Birleşen Milletler Guramasynyň çäginde täze ykdysady we maliýe institutlaryny döretmek boýunça çözgütler kabul edildi. Hemişelik esasda BMG-niň Söwda we ösüş boýunça konferensiýasy (UNCTAD) hereket edip başlady. Ikitaraplaýyn söwda ylalaşyklary köptaraplaýyn ylalaşyklara öwrüldi.

Halkara institutlaryň işlerine gatnaşmak diplomatiýany oňyn ösdürmeginiň şerti boldy [2, sah. 184]. Mundan başga-da ählumumylaşma ýagdaýynyň netijesinde daşary ykdysady gatnaşyklaryň taraplarynyň sany artyp, dünýäde hojalyk gatnaşyklarynyň görnüşleri özgerdi we häzirki wagtda barha çylşyrymlaşýar. Şunuň bilen baglylykda, halkara bäsdeşliginiň ýitileşýän hem-de döwletleriň özara baglanyşygynyň artýan bazar hojalygy şertlerinde bilelikde çözgütleri gözlemegi talap edýän umumy meseleler ýüze çykýar. Halkara giňişliginde döwletleriň ykdysady syýasatlaryndan ugur alyp, hut diplomatiýanyň gurallarynyň kömegi bilen bähbitleriň deňagramlylygyny gazanmaga gönükdirilen köptaraplaýyn ylalaşygy gazanmak esasy meselä öwrüldi. Şeýlelikde, döwletiň ykdysady syýasatyny durmuşa geçirmekde köptaraplaýyn diplomatik serişdeler hem gurallar peýdalanylyp başlandy.

Häzirki zaman diplomatiýasynyň öňünde parahatçylygy gorap saklamak wezipesi bilen bir hatarda halkara syýasaty, söwda-ykdysady, ylmy-tehniki, medeni-gumanitar we başga çäklerdäki aragatnaşyklaryň ösmegine, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň çuňlaşmagyna, adamlaryň arasyndaky aragatnaşyklaryň giňelmegine ýardam etmek ýaly wezipeler durandyr. Şol bir wagtyň özünde soňky ýyllarda diplomatiýanyň görnüşleriniň sany we gerimi artyp, köptaraplaýyn diplomatiýa peýda boldy. Köptaraplaýyn diplomatiýa birnäçe ýa-da köpsanly döwletler tarapyndan özara kabul ederlikli çözgüt tapmak maksady bilen, umumy gyzyklanma döredýän halkara meselä ýa-da meselelere bilelikde seredilmegi diýlip düşünilse bolar [5, sah. 26].

Häzirki wagtda edebiýatlaryň berýän kesgitlemelerini umumylaşdyryp köptaraplaýyn diplomatiýany şeýle beýan edip bolar. Köptaraplaýyn diplomatiýa – bu halkara gatnaşyklarynda milli bähbitleri üpjün etmek üçin halkara guramalaryň we forumlaryň peýdalanylmagyny göz öňünde tutýan daşary syýasy iş bolup durýar. Munuň özi ýurtlaryň ykdysadyýetiniň ösüşine ýardam berip bilýän syýasy guraldyr. Ykdysady syýasaty ösdürmekde bolsa, köptaraplaýyn diplomatiýa şu aşakdaky görnüşlerde peýdalanylyp bilner:

Söwdany we maýa goýumlaryny giňeltmäge gönükdirilen halkara hukuk binýadyny döretmek. Köptaraplaýyn şertnamalar ykdysady ösüşi ýokarlandyrmaga itergi berjek söwda we maýa goýumlaryndaky päsgelçilikleri azaldyp biler. Mysal üçin, Bütindünýä Söwda Guramasy döredilmegi bilen, döwletleriň arasynda nyrhlary we beýleki söwda päsgelçilikleri azaldyldy hem-de söwda gatnaşyklarynyň ýokarlanmagyna täsir etdi.

Göni daşary ýurt maýa goýumlaryny (GDÝMG) çekmek. GDÝMG täze tehnologiýalar, başarnyklar we iş ýerleri arkaly ykdysady ösüşi ýokarlandyryp biler. Köptaraplaýyn diplomatiýa amatly maýa goýum gurşawyny we daşary ýurt maýadarlarynyň bähbitlerini goraýan şertnamalary döretmek arkaly maýa goýumlary çekmäge kömek edip biler.

Ykdysady syýasaty durmuşa geçirmäge ýardam bermek. Köptaraplaýyn guramalar ýurtlara umumy maksatlaryna laýyk gelýän syýasatlary, strategiýalary işläp düzmäge hem-de ykdysady syýasatlaryny durmuşa geçirmäge ýardam edip biler. Bu ykdysady durnuklylyk we ösüş üçin möhüm bolup durýar. Mysal üçin, Halkara Pul Gaznasy ykdysady kynçylyklary başdan geçirýän ýurtlara karz berýär, Bütindünýä Banky topary bolsa ösüp gelýän ýurtlara ykdysady ösüşi goldaýan taslamalar üçin karz berýär.

Ählumumy meseleleriň çözgüdini tapmak. Köptaraplaýyn diplomatiýa ýurtlara howanyň üýtgemegi, maliýe durnuksyzlygy we garyplyk ýaly ählumumy ykdysady kynçylyklary çözmäge gönükdirilip bilner. Şeýle hem köptaraplaýyn diplomatiýa ýurtlara umumy ykdysady gyzyklanmalaryny kesgitlemäge we ykdysady ösüş üçin umumy maksatlary ýüze çykarmaga ýardam eder.

Ýurduň uzakmöhletleýin strategik wezipeleri amala aşyrylanda hem ykdysady syýasatyň meseleleri ileri tutulýar. Hususan hem, «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň» üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen işjeň ykdysady syýasatyň alnyp barylmagynyň netijesinde, ýurduň jemi içerki önüminiň durnukly ösüş depginiň üpjün ediljekdigi aýratyn bellenilýär [3, sah.277]. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasynda ykdysady syýasaty ösdürmegiň ortamöhletleýin strategik esaslary kesgitlenendir. Maksatnamada bu mesele şeýle bellenilýär: «Häzirki wagtda döwletimiziň ykdysady syýasaty durnukly, deňeçer ykdysady ösüşini üpjün etmäge, ykdysadyýetiň pudaklarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga, ýerli önümçiligiň hasabyna içerki bazaryň zerurlyklaryny ýokary derejede kanagatlandyrmaga we eksport mümkinçiliklerini artdyrmaga gönükdirilendir. Bu maksatlara ýetmek üçin Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan makroykdysady düzgünleşdiriş institutlaryny kämilleşdirmäge, maýa goýum, işewürlik gurşawy gowulandyrmaga, hususy telekeçiligi ösdürmäge, pul-karz we salgyt syýasatynyň höweslendiriji ornuny güýçlendirmäge, maliýe durnuklylygyny üpjün etmäge, gazna bazaryny ösdürmäge hem-de bäsleşikli bazar gurşawyny döretmäge gönükdirilen çäreler toplumy amala aşyrylýar» [4, sah. 27].

Türkmenistanyň ykdysady syýasatyny amala aşyrmagyň diplomatik serişdeleri halkara bileleşiginiň ýörelgelerine laýyklykda Türkmenistanyň milli bähbitlerinden ugur almak bilen, amatly halkara hyzmatdaşlyk şertlerini döretmäge, halkara gatnaşyklaryny ösdürmäge gönükdirilendir. Diplomatiýanyň esasy guraly bolan halkara gepleşikleri we köptaraplaýyn duşuşyklar dostlukly, özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýmaga we ösdürmäge ýardam edýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan ikitaraplaýyn gatnaşyklary ileri tutmak bilen bir hatarda, köptaraplaýyn diplomatiýany işjeň ösdürýär. Şu nukdaýnazardan, milli ykdysady

syýasaty ösdürmekde köptaraplaýyn syýasy-diplomatik usullary peýdalanmagyň ylmy esaslaryny öwrenmek zerurdyr. Çünki halkara gatnaşyklaryň doly hukukly gatnaşyjysy hökmünde Türkmenistan köptaraplaýyn diplomatiýada Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen edaralary, beýleki abraýly halkara guramalary, sebitleýin düzümler bilen hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine ýurdumyz aýratyn ähmiýet berýär. Bu ugurda kesgitlenen wezipeler «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda», «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda» beýan edilendir.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. – A.: TDNG, 2010.

2. *Geldymuhammedowa O.* we başg. Halkara etiketi we diplomatiýa. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2019.

3. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy. – A.: TDNG, 2022.

4. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy. – A.: TDNG, 2022.

5. *Rahmanow A*. Diplomatik gullugyň esaslary (taryh – kadalar – nazaryýet – tejribe). – A.: TDNG, 2012.

6. *Макконнелл К., Брю С., Флинн Ш.* Экономикс: принципы, проблемы и политика: Пер. с 18-го англ. изд. – М.: ИНФРА-М, 2011. с. 1010.

7. *Тимчук Б.* Экономическая политика на пороге новой экономики: Подходы к определению, содержание, дихотомии. Маркетинговое управление предприятием. 2014. Т.5. №2. с. 191 – 210.

РОЛЬ МНОГОСТОРОННЕЙ ДИПЛОМАТИИ В РЕАЛИЗАЦИИ ГОСУДАРСТВЕННОЙ ЭКОНОМИЧЕСКОЙ ПОЛИТИКИ

Современная дипломатия, наряду с задачей поддержания мира, сталкивается с необходимостью содействия расширению и углублению международного сотрудничества во всех сферах деятельности. Исторический опыт демонстрирует положительный эффект использования многосторонней дипломатии в успешной реализации экономической политики государства. Такой подход подчеркивает актуальность и роль дипломатических механизмов в дальнейшем совершенствовании экономической доктрины.

Ключевые слова: дипломатия, мир, международное сотрудничество, многосторонняя дипломатия, экономическая политика, дипломатическия механизмы, экономическая доктрина.

THE ROLE OF MULTILATERAL DIPLOMACY IN THE IMPLEMENTATION OF STATE ECONOMIC POLICY

Modern diplomacy, along with the task of maintaining peace, faces the need to promote the expansion and deepening of international cooperation in all areas of activity. Historical experience demonstrates the positive effect of using multilateral diplomacy in the successful implementation of the state's economic policy. This approach emphasizes the relevance and role of diplomatic mechanisms in the further improvement of economic doctrine.

Key words: diplomacy, peace, international cooperation, multilateral diplomacy, economic policy, economic doctrine.

Perhat Çaryýew,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy

TÜRKMENISTANYŇ ULAG-ÜSTAŞYR MÜMKINÇILIKLERI

Türkmenistanyň Prezidenti XXI asyryň täze taryhy şertlerinde dünýäniň bitewüliginden ugur alýan öňdengörüjilikli syýasaty amala aşyrmak bilen, dünýäniň ýurtlarynyň özara sazlaşykly ösüşine ýardam edýän üstaşyr ulag infrastrukturasyny emele getirmäge gönükdirilen halkara başlangyçlary öňe sürýär hem-de şol başlangyçlaryň gaýragoýulmazdan durmuşa geçirilmegine uly ähmiýet berýär. Häzirki döwürde «Türkmenistanyň Prezidentiniň ulag diplomatiýasyny ösdürmegiň 2022–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasy» ýurdumyzyň milli ulag syýasatynyň esasy ugurlaryny özünde jemleýän bu resminamada ulag ulgamynda giň strategik maksatlary amala aşyrmak esasy wezipeleriniň biridir.

Türkmenistanyň halkara başlangyçlary netijesinde, 2012-nji ýylyň maý aýynda Aşgabatda «Orta Aziýada we Hazar deňziniň sebitinde ulag hem-de üstaşyr gatnawlaryň ösüşiniň geljegi», 2014-nji ýylyň sentýabr aýynda Aşgabatda «Halkara hyzmatdaşlygyny we durnukly ösüşi üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň tutýan orny», 2016-njy ýylyň noýabr aýynda Aşgabatda «Durnukly ulag ulgamy boýunça birinji Ählumumy maslahaty», 2017-nji ýylyň maý aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Ýewraziýa yklymynda üstaşyr-ulag hyzmatdaşlygyny köpugurlaýyn ösdürmek meselesine bagyşlanan Ulag we logistika», 2018-nji

ýylyň maý aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Beýik Ýüpek ýoly – täze ösüşlere tarap», 2018-nji ýylyň noýabr aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Ulag we üstaşyr hyzmatdaşlygy hakynda ylalaşyga (Lapis Lazuli) gatnaşyjy ýurtlaryň ulag ministrleriniň halkara maslahaty», 2022-nji ýylyň awgust aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ulag ministrleriniň derejesindäki», 2023-nji ýylyň noýabr aýynda Aşgabatda «Durnukly ulag: durnukly ösüşe goşant», 2024-nji ýylyň aprel aýynda Aşgabatda «Demir ýollaryň hyzmatdaşlygy guramasynyň (OSJD) agza döwletleriniň demir ýol ulaglary edaralarynyň ýolbaşçylarynyň we jogapkär wekilleriniň maslahatynyň», 2024-nji ýylyň 26-njy noýabrynda «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş – 2024» atly halkara maslahatlaryň we forumlaryň netijeleri boýunça Jemleýji resminamalaryň birnäçesi kabul edildi. Ýeri gelende bellesek, 2025-nji ýylyň awgust aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahat (LLDC 3) geçiriler.

Türkmenistanyň başlangyçlary esasynda BMG-niň Baş Assambleýasynda alty Kararnama kabul edildi. Has dogrusy, 2014-nji ýylyň 19-njy dekabrynda «Durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň orny», 2015-nji ýylyň 22-nji dekabrynda «Durnukly köpugurly ulag-üstaşyr geçelgeleriniň döredilmegine ýardam bermek maksady bilen, ulaglaryň ähli görnüşleriniň arasynda hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygyň üpjün edilmegi ugrunda», 2017-nji ýylyň 20-nji dekabrynda «Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak bilen baglylykda ulaglaryň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek», 2021-nji ýylyň 29-njy iýulynda «Koronawirus ýokanjynyň (COVID-19) pandemiýasy we ondan soňky döwürde durnukly ösüş üçin üznüksiz we ygtybarly halkara ýük daşamalary üpjün etmek maksady bilen, ulagyň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek», 2023-nji ýylyň 19-njy dekabrynda «Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin ulaglaryň ähli görnüşleriniň arasyndaky arabaglanyşyklary berkitmek», 2023-nji ýylyň 16-njy maýynda «Bütindünýä durnukly ulag güni» atly Kararnamalaryň yzygiderli kabul edilmegi Türkmenistanyň ulag diplomatiýasynyň halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmagyň netijeli guralydygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistan iki yklymyň amatly çatrygynda ýerleşýän döwlet bolup, ýurtda ulagyň ähli görnüşlerini ösdürmegiň uly mümkinçilikleri bar. Şolaryň hatarynda 2024-nji ýylyň dekabrynda açylan Gazagystan – Türkmenistan – Eýran häzirki zaman demir ýoly Türkmenistanyň çägi arkaly Ýewropa ýurtlary üçin Baltika deňzindäki portlardan Pars aýlagynyň, Ýakyn we Orta Gündogaryň haryt we çig mal bazarlaryna, Hindi ummanynyň kenaryndaky döwletlere göni çykalgany açdy. Bu demir ýol indi diňe bir taslama gatnaşyjy ýurtlaryň arasynda däl, eýsem Hytaý Halk Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň, Hindistan Respublikasynyň, Türkiýe

Respublikasynyň üsti bilen hem yzygiderli harytlary üstaşyr amala aşyrmaga mümkinçilikleri açdy. Olaryň hatarynda, Hytaý Halk Respublikasy Pars aýlygyna çykarýan ýükleri 2016-njy ýyldan başlap häzirki wagta çenli «Hytaý – Gazagystan – Türkmenistan – Eýran» ugry boýunça dowamly otly ýük gatnawy arkaly amala aşyrylýar. Bu demir ýolunyň umumy uzynlygy 10 müň kilometre golaý bolup, ony geçmek üçin gerek bolan wagt iki hepde (14 gün) boldy. Bu demir ýoluny ortaça alanyňda, deňiz ýolundan iki esse tiz geçmäge mümkinçilik berýär. Mysal üçin, Hytaý Halk Respublikasynyň Şanhaý deňiz portundan Pars aýlagynda ýerleşýän Eýran Yslam Respublikasynyň Bender Abbas portuna çenli ugradylan ýükleri getirmeklik üçin bir aýdan (30 günden) gowrak wagt sarp etmeli bolýar. 2023-nji ýylyň oktýabr aýynda sanly ulgam arkaly geçirilen maslahatyň çäklerinde Eýranyň üsti bilen Hytaýdan Ýewropa uzaýan ulag geçelgesini döretmek hakynda ylalaşygyň taslamasy ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu ulag geçelgesine «Hytaý – Gazagystan – Özbegistan – Türkmenistan – Eýran – Türkiýe – Ýewropa» ugry boýunça halkara ulag geçelgesini döretmek hakynda ylalaşygyna gatnaşyjy döwletleriň wekilleri hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny maslahatlaşdylar.

«Demirgazyk – Günorta» halkara ulag geçelgesi barada ylalaşyga Russiýa, Eýran we Hindistan tarapyndan 1998-nji ýylda gol çekilip, ol 2000-nji ýylda güýje girdi. Soňra bu ylalaşyga Azerbaýjan, Belarus, Bolgariýa, Ermenistan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Oman Soltanlygy, Täjigistan we Türkiýe goşuldy. Bu ulag geçelgesi günbatar-gündogar geçelgeleri boýunça üstaşyr ýükler geçirilýär. Şonuň günbatar şahasy «Russiýa – Azerbaýjan – Eýran – Hindistan» bolup durýar. 2022-nji ýylyň iýul aýyndan başlap häzirki wagta çenli bu geçelgäniň gündogar şahasy arkaly «Russiýa – Gazagystan – Türkmenistan – Eýran – Hindistan» halkara demir ýolunyň üsti bilen soňra deňiz gatnawy arkaly Hindistanyň Mumbaý şäherindäki Nawa Şewa portuna konteýner otlulary daşalyp başlanandygyny bellemek gerek. Bu ýoluň umumy uzaklygy 8 müň kilometrden gowrak bolup durýar. Şol ulag geçelgesi arkaly yzyna ýükler hem 2022-nji ýylyň awgust aýynda «Hindistan – Eýran – Türkmenistan – Gazagystan – Russiýa» ugry boýunça üstaşyr ýükler amala aşyryldy. Ýer gelende bellesek, 2024-nji ýylda «Russiýanyň demir ýollary» (РЖД) Gazagystanyň we Türkmenistanyň üstünden geçýän halkara Demirgazyk – Günorta ulag geçelgesiniň gündogar şahasy boýunça gara metallary daşamakda 50 göterim arzanladyş yglan edipdi. Russiýanyň demir ýol geňeşi rus-gazak serhet stansiýalaryndan, soňra bolsa Türkmenistanyň çägindäki Sarahs ýa-da Akýaýla stansiýalaryndan geçseler, gara metallary wagonlarda daşamak üçin 0,5 koeffisiýentiniň döredilendigini bellemek gerek.

Häzirki wagtda Demirgazyk – Günorta ulag geçelgesiniň üsti bilen Ýewropa üstaşyr ýükleri geçirmäge mümkinçilikler bar. Munuň aýdyň mysaly hökmünde, 2022-nji ýylyň iýun aýynda «Gazagystan – Türkmenistan – Eýran – Türkiýe» ugry boýunça ilkinji synag ýük otlusy üstünlikli amala aşyryldy. Bu halkara otly

gatnawynyň uzynlygy 6336 kilometr bolup, onuň 3185 kilometri Gazagystanyň, 700 kilometri Türkmenistanyň, 1517 kilometri Eýranyň we 934 kilometri Türkiýäniň çäginden geçýär. Şonuň netijesinde, Türkmenistan häzirki wagtda «Demirgazyk – Günorta» halkara ulag ylalaşygyna goşulan döwletleriň ählisine «Gazagystan –Türkmenistan – Eýran» halkara demir ýol ulag geçelgesiniň ägirt uly mümkinçiliklerinden peýdalanmak maksady bilen halkara başlangyçlary öňe sürýär.

Hazar ugry boýunça Türkmenistan Ýewropa bazarlaryna çykmak arkaly Merkezi Aziýa we Hazar ýakasy sebitinde ulag-logistika ugurlaryny döretmek boýunça birnäçe möhüm başlangyçlary öňe sürýär. Hazar kontinental ýollaryň çatrygynda ýerleşýär. Birek-birekden uzakda ýerleşmedik Hazarýaka ýurtlaryň çägi gündogar tarapda Günorta Aziýa we Aziýa – Ýuwaş ummany sebitine, günbatar tarapda Gara we Ortaýer deňizlerine, günorta tarapda Eýranyň üsti bilen Ýakyn we Orta Gündogara, Russiýanyň üsti bilen we soňra demirgazyk ugurda Baltika deňziniň kenarýakasyna göni çykmak ýoluna eýedir. Ýeri gelende bellesek, 2022-nji ýylyň 29-njy iýunynda Aşgabatda geçirilen altynjy Hazar sammitinde Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow «Gündogar – Günbatar» hem-de «Demirgazyk – Günorta» ugurlary boýunça Ýewraziýada üstaşyr ulag akymlarynyň baglanyşdyryjy merkezi hökmünde Hazar deňzini «Mümkinçilikleriň deňzi» diýip atlandyrmagy hakykatdan daşda däl diýip hasaplaýaryn» diýip belläp geçdi. Şu nukdaýnazardan Hazar geçelgesiniň Aziýanyň we Ýewropanyň bazarlarynyň arasynda iň gysga we bäsdeşlige ukyply söwda ýoly bilen baglanyşykly mümkinçilikleri uludyr. Demir ýol ýa-da awtoulag ulgamy bilen deňeşdirilende, deňiz ýoly arkaly ýük daşamagyň arzandygyna garamazdan, Hazarýaka geçelgesiniň üstünden geçýän demir ýol arkaly Ýewropadan Hytaýa we yzyna harytlary daşamagyň deňiz ulgamy bilen deňeşdirilende, has çalt amala aşyrylýandygy bellenilip geçildi. Mysal üçin, «Bloomberg» agentliginiň maglumatlaryna görä, konteýnerli gämini Hytaýdan Ýewropa ýetirmek üçin 40 gün gerek bolsa, konteýnerli Merkezi Aziýa – Hazar deňzi – Günorta Kawkaz ugry boýunça ýetirmek üçin 15 güne golaý wagt gerek bolýar. Häzirki wagtda şol mümkinçilikleri Aziýa – Ýuwaş ummany sebitinden Merkezi Aziýa we Kawkazyň üsti bilen Ýewropa çykýan «Hytaý – Gyrgyzystan – Özbegistan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe – Ýewropa» multimodal ulag geçelgesine gatnaşýan döwletleri üçin ýoluň gysgalmagy bolsa ýük akymlaryny ep-esli tizleşdirmäge we haryt öndürijilerden sarp ediş bazaryna çenli wagt aralygyny gysgaltmaga mümkinçilik berýär. Taslamanyň çäklerinde, 2021-nji ýylyň maý aýynda Türkiýäniň Izmir şäherinden Gyrgyz Respublikasynyň Oş şäherine konteýnerler üstaşyr ýükler geçirildi. Bu taslamanyň çäklerinde 2022-nji ýylyň dekabr aýynda bolsa, «Özbegistan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Bolgariýa» ugry boýunça ýükleriň üstaşyr geçirilendigini bellemek gerek. Ýeri gelende bellesek, 2023-nji ýylyň 14-nji noýabrynda Türkmenistan 1988-nji ýylyň sentýabrynda Baku şäherinde kabul edilen Ýewropa –Kawkaz –

Aziýa halkara ulag geçelgesini ösdürmek hakynda esasy köptaraplaýyn Ylalaşyga goşuldy. Resminamanyň maksady Ýewropa sebitinde, Gara deňzinde, Kawkazda, Hazar deňzinde we Aziýada ykdysady gatnaşyklary, söwda we ulag aragatnaşygyny ösdürmekden, şeýle hem harytlaryň halkara gatnawyny öňe sürmekden we ýeňilleşdirmekden, hereketleriň howpsuzlygyny üpjün etmekden, ulag syýasatyny sazlaşdyrmakdan we ulagyň dürli görnüşleriniň arasynda bäsdeşlik üçin deň şertleri döretmekden ybarat bolup durýar. 2023-nji ýylyň noýabr aýynda bolsa Aşgabatda «Aziýa – Ýuwaş ummany ýurtlary – Hytaý – Gyrgyz – Özbegistan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe – Ýewropa» (CASCA+) halkara multimodal ulag-üstaşyr ugry boýunça agza ýurtlaryň Demir ýol edaralarynyň ýolbaşçylarynyň duşuşygynyň çäklerinde birnäçe resminamalara gol çekildi. Şeýle-de Hazar deňziniň üsti bilen Orta Gündogary Ýewropa bilen baglanyşdyrýan «Owganystan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe», Hazar deňzi – Gara deňiz halkara ulag ugry boýunça «Türkmenistan –Azerbaýjan – Gruziýa – Rumyniýa» halkara multimodal ulag-üstaşyr geçelgeleri Ýewropanyň birnäçe döwletlerine göni çykalgany açýar. Netijede, ýoluň gysgalmagy daşary ýurt sarp edijileri üçin önümleriň bahasynyň arzanlanmagyny şertlendirer. Munuň özi iri söwda kärhanalarynyň sebitde önüm öndürijiler bilen hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirer.

Görşümiz ýaly, Türkmenistanyň dünýäniň ýakyn, ösen ykdysady merkezleriniň aralygynda ýerleşmegi onuň daşary söwda gatnaşyklarynyň ähli görnüşlerini ösdürmäge uly mümkinçilik döredýär. Ýurduň ulag diplomatiýasy Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň yzygiderli tagallalary netijesinde halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmagyň netijeli guralyna öwrülýär.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I–II tom. – A.: TDNG, 2010.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. I–II tom. – A.: TDNG, 2017–2018.

3. «Türkmenistanyň 2021–2030-njy ýyllar üçin daşary söwda Strategiýasy». – A., 2021.

4. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ulag diplomatiýasyny ösdürmegiň 2022–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasy». – A., 2022.

5. «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy». – A., 2022.

ТРАНСПОРТНО-ТРАНЗИТНЫЙ ПОТЕНЦИАЛ ТУРКМЕНИСТАНА

В данной статье обсуждается транспортно-транзитный потенциал Туркменистана, который играет ключевую роль в обеспечении связи между Европой и Азией. Анализируются географические, экономические и политические факторы, способствующие развитию транспортной инфраструктуры страны. Особое внимание уделяется основным транспортным коридорам, включая железнодорожные и автомобильные маршруты, а также морские порты, которые обеспечивают доступ к международным рынкам.

В статье также исследуется влияние транспортной политики Туркменистана на региональную интеграцию и сотрудничество с соседними государствами, а также на привлечение иностранных инвестиций. Результаты статьи могут послужить основой для дальнейших исследований, а также для выработки рекомендаций по эффективному использованию транспортно-транзитного потенциала Туркменистана.

Ключевые слова: транспортно-транзитный потенциал, инфраструктура, логистика, транзитные коридоры, экономическое развитие, международные стандарты, устойчивое развитие, инвестиции, грузоперевозки.

TRANSPORT AND TRANSIT POTENTIAL OF TURKMENISTAN

The transport and transit potential of Turkmenistan, which plays a key role in ensuring connectivity between Europe and Asia, is discussed in this article. The article analyzes the geographical, economic and political factors that contribute to the development of the country's transport infrastructure. Particular attention is paid to the main transport corridors, including rail and road routes, as well as seaports that provide access to international markets.

The article also examines the impact of Turkmenistan's transport policy on regional integration and cooperation with neighboring countries, as well as on attracting foreign investments. The results of this article can serve as a basis for further research, as well as for developing recommendations for the effective use of Turkmenistan's transport and transit potential.

Key words: transport and transit potential, infrastructure, logistics, transit corridors, economic development, international standards, Sustainable Development, investments, cargo transportation.

Ogulgurban Ezimowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty

TÜRKMENISTANYŇ BITARAP DAŞARY SYÝASATYNDA EKOLOGIÝA HYZMATDAŞLYGYNYŇ ORNY

Türkmenistan döwleti özüniň daşary syýasatynda dostlukly, deňhukukly we özara bähbitli ýörelgelerine esaslanýan bitaraplyk ýoluny saýlap alyp, halkara ýagdaýlaryň parahatçylykly ösmegine möhüm goşant goşýar we döwletara gatnaşyklaryň durnuklylygy we howpsuzlygy üçin işjeň tagallalary alyp barýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Bitarap Türkmenistan» atly eserinde şeýle bellenilýär: «Biz, elbetde, daşky dünýä täsir etmegiň esasy görnüşi hökmünde Bitaraplyk derejesini saýlap alan ilkinji döwlet däldiris. Ýöne, meger, hiç bir döwletde Bitaraplyk Türkmenistandaky ýaly işjeň hem öndümli güýji emele getirmeýär. Parahatçylykly gadamlarymyzy amala aşyrmakda Bitaraplyk biziň üçin iň wajyp ähmiýete eýedir. Bitaraplyk biziň üçin durmuşyň ähli ugurlarynda amala aşyrylýan işleriň möhüm esasy bolup hyzmat edýär» [1; sah. 42].

Döwletiň ösüş ýoly türkmeniň taryhy ýörelgesine we milli däp-dessurlaryna gabat gelýän ýol bolan Bitaraplyk derejesiniň kabul edilmegi ählumumy we sebit howpsuzlygyny üpjün etmek bilen goňşy döwletler bilen özara hormat goýujylykly syýasaty alyp barmakdan ybarat. Türkmenistan hemişelik Bitaraplygyň halkara hukuk derejesine eýe bolup, sebitde we dünýäde ýagdaýlary durnuklaşdyrmakda döwletler we halkara guramalar bilen netijeli hyzmatdaşlygy dowam etdirýär. Bu barada Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow şeýle belleýär: «Biziň Bitaraplygymyz dünýä halklaryny belent maksatlara birleşdirýän, parahatçylygy hem-de dost-doganlygy ösdürýän ýörelgämizdir» [2].

Halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmekde, dünýäniň ýurtlary we halklary bilen hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmekde Türkmenistan birnäçe mümkinçiliklere eýedir. Olaryň hatarynda oňaýly geografik ýerleşişi, ägirt uly tebigy baýlyklary, energetika we ykdysady aýratynlyklary bardyr. Bilelikde bu düzümler sebit we halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak üçin Türkmenistan döwletimize giň ýollary açýar. Baý tebigy serişdeleriniň gory hökmünde dünýä bileleşigine özüni tanatmak bilen, Türkmenistan sebit we dünýä ähmiýetli strategik meseleleriň çözülýän merkezleriniň birine öwrüldi. Munuň bilen baglylykda, Aşgabat şäherinde 2007-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi açylyp, Merkezi Aziýa sebitiniň halklarynyň hem-de döwletleriniň howpsuzlygyny, hyzmatdaşlygyny we durnukly ösüşini üpjün etmekde uzak möhletli maksatlara ýetmegiň subutnamasy boldy.

«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» halkara parahatçylygynyň pugtalandyrylmagyna, ählumumy we sebitleýin howpsuzlygyň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilendir. Häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň tapawutly aýratynlygy daşky gurşawyň howpsuzlygyna bolan ünsüň artmagyndan ybaratdyr. Halkara ekologiýa hyzmatdaşlygy – daşky gurşawy goramak babatynda halkara gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak üçin alnyp barylýan işdir [3; sah. 124].

Türkmenistan abraýly halkara guramalaryň möhüm agzasy hökmünde dünýä derejesinde daşky gurşawy goramak bilen bagly Konwensiýalara, beýleki halkara resminamalaryna işjeň gatnaşyp, olary milli kanunçylygyna ornaşdyrmakda uly işler alyp barýar. Türkmenistan halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna, deňhukuklylyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine eýermek bilen, dünýä bileleşiginde mynasyp orun eýeleýär.

Daşky gurşawy goramak babatda milli kanunçylyk ekologiýanyň halkara hukuk kadalary bilen sazlaşdyrylyp, Türkmenistanyň halkara ekologiýa ylalaşyklarynyň we konwensiýalarynyň çäklerinde kabul eden borçnamalarynyň ýerine ýetirilişi üstünlikli amala aşyrylýar. Häzirki wagtda Türkmenistanda ekologiýa we daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça birnäçe täze kanunlar, kadalaşdyryjy namalar, milli strategiýalar, maksatnamalar we meýilnamalar işlenip taýýarlanylýar. Bu ýagdaý ýurduň ekologiýa kanunçylygynyň halkara ýörelgelerine daýanýandygyny we halkara ylalaşyklara we konwensiýalara laýyklykda kadalaşdyryjy-hukuk binýadynyň emele gelýändigini bellemäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistan iri we abraýly halkara guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasynyň ekologiýa howpsuzlygyna degişli birnäçe konwensiýalaryna gatnaşmak bilen, bu mesele babatynda işjeň orny eýeleýändigini görkezýär. Olaryň hatarynda BMG-niň Howanyň üýtgemegi babatdaky çarçuwaly; BMG-niň Gurakçylygyň we/ýa-da çölleşmegiň uly möçberine sezewar bolýan ýurtlarda, aýratyn hem, Afrikada çölleşmä garşy göreş baradaky; Biologik köpdürlülik hakyndaky; Ozon gatlagyny goramak baradaky Wena, Ozon gatlagyny dargadyjy jisimler baradaky Monreal; Serhedüsti suw akymlaryny we halkara kölleri goramak we peýdalanmak boýunça; Zyýanly galyndylaryň serhedüsti daşalmagyna we olaryň ýok edilmegine gözegçilik hakynda (Bazel konwensiýasy); Maglumatlaryň elýeterliligini, daşky gurşawa degişli meselelerde çözgüt kabul etmäge we adalatyň elýeterliligini gazanmaga jemgyýetçiligiň gatnaşygy baradaky (Orhus konwensiýasy); Suwda ýüzýän guşlaryň mekany hökmünde halkara ähmiýetli suwly batgalyk meýdanlar baradaky (Ramsar konwensiýasy); Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak baradaky çarçuwaly (Tähran konwensiýasy); ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni we tebigy mirasy goramak baradaky konwensiýalary bar [4].

Bu resminamalary durmuşa geçirmekde BMG-niň Daşky gurşaw boýunça (UNEP), Ösüş (UNDP), Senagat ösüşi boýunça maksatnamalarynyň (UNIDO), Azyk we oba hojalygy guramasynyň (FAO), Dünýä ekologiýa gaznasynyň (GEF), Ýewropa Bileleşiginiň (EU), Uýgunlaşmak gaznasynyň (AF), Merkezi Aziýanyň sebitleýin ekologiýa merkeziniň (CAREC), Beýik Britaniýanyň guşlary goramak boýunça patyşalyk jemgyýetiniň (RSPB), Germaniýanyň halkara hyzmatdaşlyk boýunça jemgyýetiniň (GIZ), Tebigaty goramak boýunça Mihael Zukkow gaznasynyň (MZF) ýaly abraýly halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk alnyp barylýar [5; sah.9].

Häzirki zaman dünýäde ykdysadyýetiň we senagatyň yzygiderli ösmegi ekologiýa hem-de tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmagyň çäklerinde alnyp barylýan halkara hyzmatdaşlygyny güýçlendirmegiň zerurdygyny şertlendirýär. Türkmenistan dünýäde ekologiýa ýagdaýyny gowulandyrmak, şeýle hem howanyň üýtgemegi bilen bagly ýaramaz netijelere göreşmek meselelerine degişli birnäçe anyk we oňyn başlangyçlary öňe sürýär. Taryhyň gysga döwründe Türkmenistan halkara hyzmatdaşlyk ulgamynda parahatçylykly merkeze öwrülip, onuň daşary syýasaty dünýä jemgyýetçiligi bilen halkara gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga, milli bähbitleri we ynsanperwer däpleri gorap saklamak bilen bir hatarda döwletler we halklar bilen hoşniýetli we dostlukly gatnaşyklar üçin amatly şertleri döretmäge esaslanýar.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bitarap Türkmenistan. – A.: TDNG, 2015.
2. «Türkmenistan» gazeti, 12.12.2023, №315.
3. digitallibrary.un.org
4. worldbank.org
5. *Kepbanow Ý.* Türkmenistanyň ekologiýa boýunça halkara konwensiýalary we şertnamalary (üpjün etmegiň hukuk gurallary we guramaçylyk ýollary). – A., 2021.

РОЛЬ ЭКОЛОГИЧЕСКОГО СОТРУДНИЧЕСТВА В НЕЙТРАЛЬНОЙ ВНЕШНЕЙ ПОЛИТИКЕ ТУРКМЕНИСТАНА

Туркменистан, следуя внешней нейтральной политике, имеет важное значение в укреплении регионального и международного сотрудничества, направленного на достижение глобальных общечеловеческих целей. Здесь особо важна актуальность вопросов, которые нашли свое отражение в «Концепции внешней политики Нейтрального Туркменистана на 2022–2028 годы». Основополагающими целями данной Концепции являются создание благоприятных внешних условий для обеспечения мира и устойчивого

развития, укрепление позиции Туркменистана в международном политическом пространстве, а также постоянное соблюдение национальных интересов государства в системе международных отношений.

Ключевые слова: Туркменистан, концепция, сотрудничество, регион, общечеловеческие интересы.

THE ROLE OF ENVIRONMENTAL COOPERATION IN NEUTRAL FOREIGN POLICY OF TURKMENISTAN

Turkmenistan by conforming Neutral foreign policy has a significant role in maintaining regional and international cooperation, which directed to achievement global common to all humankind goals. The relevance of the issues, which are reflected in the Concept of the foreign policy course of Neutral Turkmenistan for 2022–2028 years. The basic goals of this Concept are creating favorable foreign conditions to guarantee peace and Sustainable Development, strengthening positions of Turkmenistan in international political scene, and continual maintenance of national interests of the state in international relations system.

Key words: Neutral foreign policy, regional, international cooperation, neutral Turkmenistan, Sustainable Development.

Begmyrat Ataýew,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy

SANLY YKDYSADYÝETI YLMY ESASDA ÖWRENMEGIŇ MÖHÜM UGURLARY WE ÄHMIÝETI

Türkmenistan üçin sanly tehnologiýalara daýanýan ykdysadyýeti ösdürmegiň strategik ähmiýeti ykdysady ösüşiň täze hilini gazanmakdan we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Şoňa görä-de, «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly syýasy many-mazmuny özünde jemleýän, beýik şygar bilen atlandyrylan 2025-nji ýylda ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň täze hiline seljerme bermek, aýratyn hem, sanly ykdysadyýeti ylmy esasda öwrenmegiň möhüm ugurlaryna we ähmiýetine üns çekmegi möhüm hasapladyk. Möhüm döwlet syýasaty hökmünde sanlylaşdyrmak işiniň milli ösüşiň meýilnamasyna girizilmegi Türkmenistanda amala aşyrylýan durmuş-ykdysady özgertmeleriň esasy maksadynyň ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmakdan ybarat bolup, adam bähbitlerine gönükdirilen bu özgertmeleriň netijeliligini artdyrmakda sanly ykdysadyýediň birnäçe artykmaçlyklary özünde jemleýändigine aýdyň şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 16-njy maddasynda: «Döwletimiz ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýalaryň ösüşine ýardam edýär, şeýle hem bu ugurlarda halkara hyzmatdaşlygyny goldaýar» diýlip bellenilmegi hem halkyň bähbidine gönükdirilen hukuk çäreleriniň, döwrebap maglumat jemgyýetini gurmakda bolup geçýän ähli amallaryň ýokary depginde alnyp barylýandygynyň aýdyň subutnamasydyr [6].

Häzirki zaman dünýäsinde tehnologiýalar örän tizlik bilen özgerýär, iň kämil nusgalar kemala gelýär. Tehnologiýalaryň özgermegi, kämilleşmegi onuň ylmy esasda öwrenilmegine we döwür bilen aýakdaş gitmäge mümkinçiligi artdyrýar. Şunda elektron senagatynyň pugtalandyrylmagy, hünärmenleriň aň-bilim derejesiniň ýokarlanmagy, maglumat-aragatnaşyk serişdeleriniň iň täze gazananlary aýratyn many-mazmuna eýedir. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň işjeň ornaşdyrylandygy sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegine özüniň oňyn täsirini ýetirýär.

Türkmenistanyň ykdysadyýetini ylmy esasda öwrenmek we wagyz etmek esasy wezipelerimiziň hataryndadyr. Şunda sanly ykdysadyýeti öwrenmek we onuň döwrebap mümkinçiliklerini ýaş nesillere ýetirmek bilim işgärleriniň, mugallymlaryň esasy ugrudyr. Ýurduň durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşiniň hem-de dünýä ykdysadyýetine goşulyşmagynyň möhüm şerti hökmünde döwletimizde maglumat we aragatnaşyk ulgamlarynyň, kompýuter tehnologiýalarynyň ösdürilişine aýratyn ähmiýet berilýär. «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» esasynda milli ykdysadyýeti hem-de onuň ähli pudaklaryny sanly ulgama geçirmek, sanly ulgamyň gerimini giňeltmek we hilini ýokarlandyrmak boýunça maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär [2]. Sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi ýurtda ýokary öndürijiligi üpjün etmäge we uzak möhletleýin ykdysady ösüşi gazanmaga itergi berýär. Bu netijeli ulgamlaryň biri hökmünde jemgyýetçilik hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini özgertmäge ýardam edýär.

Ýurtda täze özgertmeleriň ýaýbaňlandyrylýan häzirki şertlerinde – innowasiýalaryň çalt ösýän we özgerýän «tehnologiýalar eýýamynda» innowasion ykdysadyýeti ösdürmek ileri tutulýan ugurlaryň biridir. Innowasion ykdysadyýeti kemala getirmek, ähli ulgamlary sanlylaşdyrmak, sanly ykdysadyýetiň täze ugurlaryny durmuşa ornaşdyrmak, ykjam kompýuter aragatnaşygyny ýola goýmak babatda maksatnamalaýyn işler üstünlikli amala aşyrylýar. Bu bolsa, milli ykdysadyýeti innowasion ösüş ýoluna geçirmek işini çaltlandyrmaga, önümçilige öňdebaryjy tehnologiýalary, sanly ulgamy, elektron resminamalar dolanyşygyny giňden ornaşdyrmaga ýardam berýär [3].

Türkmenistanda sanly ykdysadyýete geçmek, şol sanda bu ulgamy kadalaşdyryş-hukuk ýagdaýy bilen üpjün etmek boýunça maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Bu ugurda «Aragatnaşyk hakynda», «Türkmenistanda internet

torunyň ösüşini we internet hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda», «Maglumat we ony goramak hakynda», «Şahsy durmuş barada maglumat we ony goramak hakynda», «Kiberhowpsuzlyk hakynda», «Elektron resminama, elektron resminamanyň dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary kabul edildi [5].

Ýeri gelende bellesek, ata Watanymyzda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy» kabul edildi. Milli maksatnamanyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna we ykdysadyýetiň innowasion industrial esasda durnukly ösüşiniň saklanmagyna, şeýle hem ýurduň tehnologik üpjünçiliginiň ýokarlanmagyna uly ýardam berer. Şunda ýurdumyzyň ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdepleriniň öňünde durýan esasy wezipe zähmet bazarynyň ösýän talaplaryna laýyklykda, giň gözýetimli, çuňňur bilimli, başarnykly şahsyýetleri, ylmyň, tehnikanyň we medeniýetiň dürli ugurlaryndan baş çykarýan maglumat tehnologiýalaryny ulanmaga, pikirlenmäge ukyply, kämil hünärmenleri ýetişdirmekden ybarat bolup durýar [4].

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanda dürli görnüşli elektron enjamlaryny öndürýän kärhanalary döretmegiň Döwlet maksatnamasy» hem-de «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» durmuşa ornaşdyrylmagy netijesinde Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürilmeklige gönükdirilen çäreler amala aşyrylýar. «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyny» durmuşa geçirmegiň çäklerinde ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklaryny sanlylaşdyrmak boýunça maksatlar, wezipeler we esasy ugurlar kesgitlenilip, esasan hem, üç tapgyrda (1-nji tapgyr – 2019-njy ýylda, 2-nji tapgyr – 2020–2023-nji ýyllarda, 3-nji tapgyr – 2024–2025-nji ýyllarda) durmuşa geçirmek meýilleşdirildi [1].

Öňdebaryjy tehnologiýalar hyzmatlar ulgamyny hem düýpli özgerdýär. Mälim bolşy ýaly, häkimlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň önümçilik işini awtomatlaşdyrmak, bellige we hasaba almak işini ýeňilleşdirmek maksady bilen hem-de raýatlara amatly bolar ýaly, Türkmenistanyň döwlet hyzmatlarynyň e.gov.tm bitewi portaly döredildi. Bu portal raýatlara we telekeçilere elektron görnüşde döwlet hyzmatlaryny hödürlemek üçin awtomatlaşdyrylan «Bir penjire» maglumat ulgamy görnüşindedir. Häzirki günde resmi hasaba alnan ulanyjylar döwlet hyzmatlarynyň resmi internet portaly arkaly internet, ýerli we ykjam aragatnaşyk, IP-telewideniýe, demir ýol ýa-da awiapetekler, beýleki hyzmatlar üçin öz bank karty arkaly tölegleri töläp bilýärler. Şeýle-de bu ýerde pasportlary, hasaba almalary, iş bilen üpjünçiligi resmileşdirmek, telekeçilik işlerinden başlap, durmuş ugurlaryna çenli ençeme beýleki meseleler boýunça onlaýn tertipde ýüz tutmak bolýar. «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary işjeň ornaşdyrylýar. Olaryň üsti bilen ýurdumyzda bolşy ýaly, onuň çäklerinden daşarda-da nagt däl

hasaplaşyklary amala aşyryp, haryt-pul gatnaşyklaryny ýönekeýleşdirmek bilen, olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek mümkindir.

Maglumat we telekommunikasiýalar ulgamynda işleriň hukuk taýdan kadalaşdyrylyşyny kämilleşdirmek işleri dowam etdirilýär. Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmak hem-de «Elektron hökümet» ulgamyny doly derejede herekete girizmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiz ýokary tehnologiýalary ulanmagyň aýratyn ähmiýetini belläp, döwlet dolandyryş pudagynda işleriň netijeliligini has-da ýokarlandyrmak üçin döredilen häzirki zaman elektron resminama dolanyşygy ulgamyny ýurduň ykdysadyýetiniň ähli ugurlaryna ornaşdyrmagy möhüm wezipe hökmünde kesgitledi. Elektron maglumatlar binýadyny döretmek we resminamalar arkaly dürli amallary amala aşyrmak bilen bir hatarda, bu ulgamyň aýratynlyklarynyň arasynda resminama monitorda gönüden-göni elektron gol çekmek, sesli buýruk bermek ýa-da ony mobil telefondan dessin ibermek mümkinçilikleri-de bar. Şol bir wagtyň özünde, sanly tehnologiýalar ýokary hünärli işgärleriň taýýarlanylmagyny talap edýär. «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy» bu ugurda öňde goýlan wezipeleriň çözgüdine gönükdirildi.

Türkmenistanda sanlylaşdyrmak ugrunda alnyp barylýan işleriň netijesinde, Merkezi Aziýada deňi-taýy bolmadyk «akylly» şäheriň – Arkadag şäheriniň gurulmagy ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny giňden açyp görkezdi. Bu ýerde «akylly» şäher konsepsiýasyna laýyklykda, öňdebaryjy maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň, internetiň sazlaşygyna esaslanyp, şolaryň kömegi bilen şäher düzümleriniň we gulluklarynyň dolandyrylmagyny, telelukmançylyk, okuw mekdeplerinde sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy bilen, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da ýokarlandyrylmagyny üpjün edýän bitewi ulgam emele geldi.

Şeýlelikde, sanly ykdysadyýet wagtyň we harajatlaryň tygşytlanmagyna, girdejileriň täze çeşmelerini ýüze çykarmaga, şeýle hem sanly gurşawda harytlaryň, hyzmatlaryň global bazarlara çalt çykmak we dünýäniň islendik ýerindäki sarp edijilere elýeterli bolmak mümkinçiligini ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Şonuň üçin hem bu ugur ylmy esasda öwrenilmek bilen, ýaş hünärmenler taýýarlanylýar. Sanly ykdysadyýeti ylmy esasda öwrenýän ýaşlar bolsa döwrebap mümkinçiliklere eýe bolup, bu ugry netijeli özleşdirýärler.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. – Aşgabat: TDNG, 2018.

2. Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy. – Aşgabat: TDNG, 2018.

3. Türkmenistanda ylym ulgamyny ösdürmegiň 2024–2052-nji ýyllar üçin strategiýasy. – Aşgabat: TDNG, 2024.

4. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy. – Aşgabat: TDNG, 2022.

5. *Patiýewa T.* Sanly ykdysadyýetiň konsepsiýasynyň aýratynlyklary. – Aşgabat: TDNG, 2021.
6. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat: TDNG, 2023.

ОСНОВНЫЕ НАПРАВЛЕНИЯ И ЗНАЧИМОСТЬ ИЗУЧЕНИЯ ЦИФРОВОЙ ЭКОНОМИКИ

Очевидным фактом является то, что цифровизация сегодня служит основой для решения приоритетных направлений устойчивого развития. Цифровой рынок – одна из самых быстрорастущих и наиболее распространенных систем занятости в мире, особенно для молодежи. Передовые технологии прочно вошли в нашу повседневную жизнь, меняя способы организации труда, образования и отдыха. Изучая и внедряя передовой мировой опыт, Туркменистан поставил главной целью разработку национальной модели перехода к цифровой системе, то есть не только импортируя готовые решения и ноу-хау, но и разрабатывая модель на основе собственный научно-технологический и интеллектуальный потенциал. Соответственно, в данной статье мы даем анализ приоритетных направлений изучения цифровой экономики на научной основе, а также значимость деятельности, связанной с развитием цифровой системы в Туркменистане.

Ключевые слова: цифровизация, устойчивое развитие, технология, интеллектуальный потенциал, цифровая экономика.

MAIN DIRECTIONS AND IMPORTANCE OF STUDYING THE DIGITAL ECONOMY

It is an obvious fact that digitalization today serves as the basis for solving priority areas of Sustainable Development. The digital market is one of the fastest growing and most widespread employment systems in the world, especially for young people. Advanced technologies have become an integral part of our daily lives, changing the way we organize work, education and leisure. Studying and implementing advanced world experience, Turkmenistan has set the main goal of developing a national model for the transition to a digital system, that is, not only importing ready-made solutions and know-how, but also developing a model based on its own scientific, technological and intellectual potential. Accordingly, in this article we provide an analysis of the priority areas of studying the digital economy on a scientific basis, as well as the importance of activities related to the development of a digital system in Turkmenistan.

Key words: digitalization, Sustainable Development, technologies, intellectual potential, digital economy.

Rahym Bäşimow,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy

TÜRKMENISTAN – BÜTINDÜNÝÄ SÖWDA GURAMASY: TÜRKMEN YKDYSADY DIPLOMATIÝASYNDA TÄZE ÜSTÜNLIK

Häzirki wagtda Türkmenistan daşary ýurtlar, halkara guramalar bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda gatnaşyklary ösdürýän, dünýäniň ykdysady giňişligine işjeň goşulýan hem-de bu prosesi çaltlandyrýan döwlet hökmünde ykdysady hyzmatdaşlygyň ygtybarly we oňyn häsiýetli täze nusgasyny döretdi. Dünýäde ykrar edilen türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan oýlanyşykly syýasatynyň netijesi bolan bu tejribe häzirki günde dünýä bileleşiginde ýurdumyz bilen hyzmatdaşlyk etmek babatynda uly gyzyklanmanyň döremegine esas bolýar. Munuň şeýledigine 2020-nji ýylyň 22-nji iýulynda Bütindünýä Söwda Guramasynyň Ženewada ýerleşýän ştab-kwartirasynda BSG-niň Baş geňeşiniň geçiren nobatdaky mejlisinde ýurdumyzyň bu guramada synçy derejesini almaga bolan garaýşy görkezilen ýüzlenme hatyna seredilmegi we Türkmenistana Bütindünýä Söwda Guramasynda synçy derejesiniň berilýändigi baradaky çözgüdiň biragyzdan kabul edilmegi hem doly şaýatlyk edýär.

Türkmenistan içerki ösüşe, sebit we dünýä ösüşine tutuş adamzadyň abadan durmuşynyň ýagty geljegi hökmünde garaýar. Şeýle geljegi üpjün etmek ugrunda ýurdumyz milli bähbitlerden ugur alyp, tutuş Ýer ýüzüne dahylly işleri durmuşa geçirmek bilen, özüniň döredijilik ukybyny dünýä jemgyýetçiligine görkezýär. Bu ýerde milli bähbitler hem, beýleki döwletleriň we dünýä bileleşiginiň bähbitleri hem nazara alnyp, olaryň sazlaşykly ulgamy kemala getirilýär. Türkmenistan bu ulgamy kemala getirmekde özara bähbitli söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmeklige, ykdysady hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmeklige – ykdysady diplomatiýany üstünlikli durmuşa geçirmeklige uly üns berýär. Şu nukdaýnazardan, ýurdumyz halk hojalyk toplumynyň işini kämilleşdirmek we döwletimiziň içerki, sebit hem-de dünýä derejesindäki söwda gatnaşyklaryny giňeltmek boýunça toplumlaýyn işleri durmuşa geçirýär. Bu babatda Watanymyzyň alyp barýan daşary syýasatynda ýurdumyzyň Bütindünýä Söwda Guramasy bilen hyzmatdaşlygyny giňeltmeklige möhüm orun degişlidir. Öz gezeginde BSG bilen alnyp barylýan gatnaşyklary işjeňleşdirmek ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň ýokary görkezijilerini gazanmaga we daşary ýurtlar bilen söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyny giňeltmäge täze mümkinçilikleri açar. Bütindünýä Söwda Guramasy dünýä döwletleriniň arasynda söwda gatnaşyklaryny

utgaşdyrmak, degişli halkara kadalary işläp taýýarlamak we olary durmuşa geçirmek boýunça işleri alyp barýan ýeke-täk ählumumy halkara düzüm bolup durýar. Gurama 1995-nji ýylda halkara söwdany ýönekeýleşdirmek we bu ulgamyň çäklerinde oňa agza döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirmek maksady bilen döredilýär. Häzirki wagtda 164 döwlet onuň agzasy hasaplanýar, dünýäniň 25 ýurdy guramada synçy derejesine eýedir. BSG oňa agza döwletleriň arasynda söwda gatnaşyklary amala aşyrylanda gümrük päsgelçiliklerini aradan aýyrmaga, ulgamyň düzgünlerini kämilleşdirmek arkaly harytlaryň we hyzmatlaryň söwdasynyň erkinleşdirilmegine ýardam berýär.

Türkmenistanyň Bütindünýä Söwda Guramasyna goşulmagy bilen baglanyşykly işlere türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň tabşyrygy boýunça 2013-nji ýylda badalga berildi. Şol ýylyň 24-nji ýanwarynda bu ugurda bar bolan meseleleri öwrenmek boýunça degişli Hökümet toparynyň döredilmegi BSG bilen hyzmatdaşlygy ösdürmekde täze tapgyr boldy. Döredilen döwründen başlap, bu Hökümet topary ady agzalan gurama bilen hyzmatdaşlyk etmegiň ugurlaryny, onuň işine gatnaşmagyň talaplaryny we şeýle hyzmatdaşlygyň ýurdumyz üçin bähbitli taraplaryny ylmy taýdan öwrenmek boýunça işleri alyp bardy. Bu babatda anyk wezipeleri kesgitlemek we alnyp barylýan işleri kämilleşdirmek maksady bilen, 2019-njy ýylyň 15-nji iýulynda Milli Liderimiziň gol çeken Kararyna laýyklykda ýokarda agzalan Hökümet toparynyň düzümi täzelendi. Täze düzüm bilen işe täzeçe çemeleşmä başlan Hökümet toparynyň 2019-njy ýylyň 30-njy iýulynda birinji mejlisi geçirildi. Onuň çäklerinde ýurdumyzyň Bütindünýä Söwda Guramasy bilen hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek üçin Türkmenistana bu guramada synçynyň derejesini almaklygyň zerurdygy öňe sürüldi. Hut şol ýylyň 28-nji awgustynda, aradan köp wagt geçmän, ýurdumyzyň BSG-niň düzümine girmegi bilen baglanyşykly meseleleri öwrenýän Hökümet toparynyň ikinji mejlisi geçirildi. Mejlisiň dowamynda Türkmenistanyň Bütindünýä Söwda Guramasynda synçy derejesini almagynyň ykdysady bähbitleri – halk hojalyk toplumynda ýokary ösüşleriň gazanylmagyna itergi berjekdigi we ýurdumyzyň daşary söwdasynyň örüsiniň giňejekdigi baradaky kesgitli netijä gelindi. Toparyň 2020-nji ýylyň dowamynda geçiren beýleki iki mejlisinde bolsa guramada synçy derejäni almak bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Umuman, Hökümet toparynyň ähli geçiren ylmy-barlaglarynyň we mejlisleriniň ahyrky netijesi boýunça Türkmenistanyň Bütindünýä Söwda Guramasyna synçy hökmünde goşulmagy maksadalaýyk bolup durýar. Şeýlelikde, 2020-nji ýylyň 15-nji maýynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň sanly wideoaragatnaşyk arkaly geçirilen nobatdaky mejlisinde türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň Hökümet toparynyň ýurdumyzyň Bütindünýä Söwda Guramasyna synçy hökmünde goşulmagy bilen bagly teklibini makullady we degişli Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, türkmen tarapy BSG-niň

Baş direktorynyň adyna degişli haty hem-de ýurdumyzyň durmuşa geçirýän ykdysady syýasatynyň we häzirki wagtdaky daşary söwda ýagdaýynyň synyny iberdi. Ýeri gelende bellesek, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 25 ýyllyk baýramy uludan bellenilen 2020-nji ýylda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň Türkmenistanyň Bütindünýä Söwda Guramasy bilen hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek babatynda öňe sürýän başlangyçlary halkara derejesinde ykrar edilip, özüniň miwesini berdi. Munuň aýdyň subutnamasy hökmünde 2020-nji ýylyň 22-nji iýulynda Ženewada ýerleşen BSG-niň ştab-kwartirasynda bu guramanyň Baş geňeşiniň nobatdaky geçiren mejlisinde ýurdumyzyň ýüzlenme hatyna garalandygyny we Türkmenistana Bütindünýä Söwda Guramasynda synçy derejesini bermek hakyndaky çözgüdiň biragyzdan kabul edilendigini görkezmek bolar.

Bütindünýä Söwda Guramasynda synçy derejesini almak ykdysady taýdan amatly bolup durýar we ýurdumyz üçin birnäçe artykmaçlyklary döredýär. Biziň pikirimizçe, olar bir tarapdan içerki ösüş – milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösmegi bilen bagly täze mümkinçilikleri alamatlandyrsa, başga bir tarapdan Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň oňyn şertleri bilen baglydyr. Has takygy, guramada synçy bolmak we oňa agza döwletler bilen hyzmatdaşlyk etmek ýurdumyzda bazar gatnaşyklarynyň özgerdilmegine hem-de ýokary tehnologiýa esaslanýan bäsleşige ukyply önümçiligiň ösdürilmegine ýardam berer. Muny milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklaryna maýa goýumlaryň çekilmegi netijesinde täze we kuwwatly senagat kärhanalarynyň gurulmagy hem-de sanly we öndürijilikli, ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalaryň önümçilige ornaşdyrylmagy, şeýle hem gurama agza döwletleriň umumy söwda bazarynda diňe ýokary hilli harytlaryň orun tutup biljekdigi bilen düşündirip bolar. Hususan-da, şeýle özgertmeler döwlet kärhanalary bilen bir hatarda, telekeçilik ulgamynda hem amala aşyrylar. Şunuň bilen baglylykda, telekeçilikde ykdysady işi kämil guramaga bolan täzeçe çemeleşmeler kemala geler. Netijede, hususy ulgamyň ýurdumyzyň makroykdysady görkezijisi bolan jemi içerki önümdäki paýy ýokarlanar, milli çäkde öndürilýän ýokary hilli, bäsleşige ukyply önümleriň görnüşleri we mukdary köpeler, importa bolan baglylyk peseler we ýurdumyzyň eksport mümkinçilikleri artar. Bulardan başga-da Türkmenistanyň BSG-niň işine synçy hökmünde gatnaşmagy ýurdumyzyň halkara söwda we dünýä hojalyk ulgamyna işjeň goşulyşmagyna, şeýle hem Watanymyzyň ykdysady, maýa goýum, söwda we maliýe ugurly halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygynyň geriminiň giňemegine hem-de dürli pudaklara gönükdirilýän daşary ýurt maýa goýumlarynyň mukdarynyň artmagyna, netijede bolsa döwletimiziň dünýä bazaryndaky tutýan ornunyň pugtalandyrylmagyna ýardam berer.

Çylşyrymlylyk, globallaşma we dünýä döwletleriniň özara baglanyşygynyň çuňlaşmagy – bularyň ählisi şu günki güne mahsus halatlar. Diýmek, dünýäniň syýasy we ykdysady giňişligine işjeň goşulmak hem-de milli bähbitleriň, beýleki döwletleriň we ähli halklaryň bähbitleriniň sazlaşygyny gazanmak arkaly tagallalary

birleşdirip, güýçleri ählumumy durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge gönükdirmek döwrüň zerurlygydyr. Munuň üçin halkara giňişliginde köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk etmek hem-de onuň çäklerinde özara arkalaşmak, düşünişmek we ynanyşmak hökmany şert. Bu garaýyşlardan ugur alýan Türkmenistanyň Bütindünýä Söwda Guramasynda synçy derejesini almagy we onuň işine gönüden-göni gatnaşmagy ýurdumyzyň diňe bir içerki ösüşine oňaýly täsir etmän, eýsem türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolan döwletimiziň tutuş dünýä dahylly öňe sürýän halkara başlangyçlaryny netijeli durmuşa geçirmäge we onuň esasynda ählumumy ösüşde durnuklylygy berkitmäge ýardam berer.

Mälim bolşy ýaly, 2022-nji ýylyň 23-nji fewralynda Bütindünýä Söwda Guramasynyň merkezi edarasy ýerleşýän Ženewa şäherinde BSG-niň Baş geňeşiniň nobatdaky mejlisinde Türkmenistanyň bu gurama goşulmak baradaky ýüztutmasyna garaldy. Baş geňeşiň agza döwletleri ara alyp maslahatlaşmadan soň, bu ýüztutmany biragyzdan makulladylar hem-de BSG-niň döredilmegi hakynda Marrakeş ylalaşygynyň XII maddasyna laýyklykda, Garaşsyz Türkmenistana BSG-ä goşulýan ýurt («işjeň synçy») derejesini bermek baradaky çözgüdi kabul etdiler.

Bütindünýä Söwda Guramasyna synçynyň derejesine eýe bolunmagynyň möhüm taraplary ýurtlar üçin öz önümçiligini ösdürmek, eksport möçberlerini artdyrmak, şeýle hem bazar gatnaşyklarynyň özgertmeleriniň durnukly ösüşini üpjün etmek mümkinçiligini döredýändigidir. Munuň özi dünýäniň önümçilik, ylmy-tehniki we medeni ösüş gatnaşyklaryna goşulmagyny, işewürlik gurşawynyň kämilleşdirilmegini we bäsdeşligiň höweslendirilmegini üpjün eder. Synçynyň derejesi BSG-niň geçirýän resmi çärelerine gatnaşmaga mümkinçilik berýär we onuň esasy resminamalaryna, şeýle hem bu guramanyň söwda meseleleri boýunça tehniki goldaw maksatnamasyna elýeterliligi üpjün edýändigi aýratyn bellärliklidir.

Ata Watanymyz Türkmenistan häzirki günde dünýä döwletleri, halkara guramalary bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek ugrunda netijeli daşary syýasaty üstünlikli amala aşyrýar. Häzirki zaman şertlerinde esasy strategik ugurlaryň biri bolan söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmek ýurdumyzyň durmuşa geçirýän ykdysady diplomatiýasynyň özenini düzýär. Munuň özi 100-den gowrak döwlet bilen netijeli söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy alyp barýan baky Bitarap ýurdumyzyň Bütindünýä Söwda Guramasynda synçy derejesine eýe bolmagynda hem äşgär duýulýar.

EDEBIÝAT

1. Türkmenistana Bütindünýä Söwda Guramasynda synçynyň derejesi berildi. // Türkmenistan, 24.07.2020.

2. Türkmenistana Bütindünýä Söwda Guramasynda synçynyň derejesi berildi. // Türkmenistan, 25.02.2022.

ТУРКМЕНИСТАН – ВСЕМИРНАЯ ТОРГОВАЯ ОРГАНИЗАЦИЯ: НОВЫЙ УСПЕХ ТУРКМЕНСКОЙ ЭКОНОМИЧЕСКОЙ ДИПЛОМАТИИ

В статье рассматриваются вопросы диверсификации национальной экономики на основе рыночных отношений и инновационных технологий. Подчеркивается важность активного участия Туркменистана в мировых экономических связях. В 2013 году была создана правительственная группа для изучения вопросов, связанных с возможным членством страны во Всемирной торговой организации, что направлено на надежную интеграцию в мировую экономическую систему и налаживание правовых рыночных отношений.

Ключевые слова: национальная экономика, членство в ВТО, международные экономические связи, рыночные отношения, инновационные технологии.

TURKMENISTAN AND THE WORLD TRADE ORGANIZATION (WTO): A NEW ACHIEVEMENT IN TURKMEN ECONOMIC DIPLOMACY

Significant work is being carried out to transition the national economy to market relations and innovative industrial technologies, as well as to diversify it. In order to integrate reliably into the global economic system and establish market relations on an international level based on legal foundations, a government working group was established in 2013 to study issues related to Turkmenistan's accession to the World Trade Organization (WTO). Turkmenistan's accession to the WTO will contribute to the dynamic development of the economy, strengthening of the country's position in international trade, the successful introduction of domestically produced goods to global markets.

Key words: national economy, market rilations, world Trade Organization (WTO, global economic relations) economic diplomaty.

Mährijemal Mämedowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy

DURNUKLY ÖSÜŞIŇ MAKSATLARYNA ÝETMEKDE TÜRKMENISTANYŇ TEJRIBESI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan döwletinde bazar ykdysadyýetiniň durmuşa gönükdirilen milli nusgasyny kemala getirmek babatda ägirt uly üstünlikler gazanylýar. Şu maksat bilen ýurtda durnukly ösüşi gazanmak boýunça ähli ulgamlarda giň möçberli özgertmeler geçirilýär. Onuň konsepsiýasy ykdysady, durmuş we ekologiýa ýaly esasy üç sany ugry birleşdirmegiň netijesinde peýda boldy.

Ykdysady ugry düzüjiler çig malyň çykarylmagyny we gaýtadan işlenilmegini, gaýtadan işleýän pudaklary, ekologiýa taýdan kabul ederlikli önümleri öndürmegi, galyndylary azaltmagy we gaýtadan işlemegi goşmak bilen tebigy, energetika we maddy-önümçilik serişdeleriniň amatly peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar.

Durmuş ugruny düzüjiler durnukly ösüşiň adamyň bähbidine ugurdaşlygyna, durmuş hem-de medeni ulgamlaryň durnuklylygyny saklamaga gönükdirilendir. Eşretleri adalatly paýlamak we ösen aň-bilim mümkinçiligini kemala getirmek bu çemeleşmäniň möhüm jähti bolup durýar.

Ekologik nukdaýnazardan aýdanyňda, durnukly ösüş tebigy ulgamlaryň biologik we fiziki bitewüligini üpjün etmelidir. Ekoulgamlaryň ýaşaýşa ukyplylygy aýratyn ähmiýete eýedir, ähli bioulgamyň giň möçberli durnuklylygy olara baglydyr [1]. Bu dürli-dürli ugurlaryň özara jebis baglanyşygyny we olaryň durnukly ösüşini gazanmagyň serişdeleri bolup durýan anyk çäreleriň durmuşa geçirilmegi ägirt uly ähmiýetli wezipe, sebäbi bu üç sany binýatlaýyn düzüme toplumlaýyn we deň ýagdaýda garalmalydyr. Bu üç konsepsiýanyň özara hereketiniň gurallary hem möhümdir.

Ýurduň öndüriji güýçleri we şunuň bilen baglylykda önümçilik gatnaşyklary, esasan, şol ýörelgelerden ugur alnyp ösdürilýär. Durnukly ösüş maksatlarynyň ykdysady düzüjisi bar bolan serişdeleri: tebigy, önümçilik, zähmet serişdelerini amatly ugurlarda rejeli ulanyp, maliýe serişdelerinden peýdalanmak arkaly ýokary depginli ykdysady ösüşi üpjün etmekden ybarat bolup durýar. Bu ösüş depgini ilatyň ösüş depgininden ýokary üpjün edilen ýagdaýynda, ýurduň ilatynyň durmuş derejesi ýokarlanýar.

Durmuş nukdaýnazaryndan Durnukly ösüş maksatlary adamyň ösüşini nazara alýar, şeýle-de durmuş we medeni ulgamlaryň durnuklylygyny saklap galmaga, ösdürmäge gönükdirilýär. Şunda, milli baýlyklary adalatly paýlamaga we ýurduň intellektual kuwwatyny döretmäge aýratyn üns berilýär. Umumylykda,

Durnukly ösüş maksatlarynyň 6-sy gönüden-göni ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly ugurlar bolup durýar.

Birinji maksat. Hemme ýerde ähli görnüşdäki garyplygy ýok etmek;

Üçünji maksat. Sagdyn durmuş ýörelgesini üpjün etmek we hemmeler üçin abadançylyga ýardam bermek;

Dördünji maksat. Ýokary hilli bilimi üpjün etmek we hemmeler üçin bütin durmuşyň dowamynda okamak mümkinçiligini höweslendirmek;

Bäşinji maksat. Gender deňligini üpjün etmek we ähli aýal-gyzlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini artdyrmak;

Ýedinji maksat. Hemmeler üçin arzan, ygtybarly, durnukly we häzirki zaman energiýa çeşmelerini ulanmak mümkinçiligini üpjün etmek;

On altynjy maksat. Durnukly ösüşiň bähbidi üçin parahatçylykly we açyk jemgyýeti gurmaga ýardam bermek [2].

Türkmenistanyň durnukly ösüşini gazanmak üçin maksatnamalaýyn çemeleşiş ulanylýar. Başgaça aýdylanda, Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşi gysga, orta we uzakmöhletleýin maksatnamalaryň utgaşdyrylmagynyň esasynda amala aşyrylýar.

Gysgamöhletleýin maksatnamalaýyn resminama hökmünde ýurduň her ýyllyk döwlet býujetini görkezmek bolar. Ol kanun derejesine eýedir, şol bir wagtyň özünde, ýurdy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň esasy ugurlary we geljek ýyla maýa goýum maksatnamasy kabul edilýär.

Ortamöhletleýin maksatnamanyň çäklerinde «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» hereket edýär.

Uzakmöhletleýin maksatnamalar hökmünde «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2022–2052-nji ýyllar üçin milli Maksatnamasy» durmuşa geçirilýär. Maksatnamalar işlenilip taýýarlanylanda, durnukly ösüşi gazanmagyň görkezijilerine aýratyn üns berildi, olara ýurduň ähli makroykdysady görkezijileri degişli edildi.

2023-nji ýylda Türkmenistanyň ykdysadyýetinde işleriň talabalaýyk goýulmagy netijesinde esasy makroykdysady görkeziji bolan jemi içerki önüm 6,3 göterime deň boldy, şol sanda senagatda 4,3; söwdada 12,8; oba hojalygynda 4,4; hyzmatlar ulgamynda 5,1 göterime ýetdi.

Maliýe-bank ulgamynyň işjeňligi häsiýetlendirilende öňi bilen ýurtda ýöredilýän salgyt-býujet, nyrh, maýa goýum, pul-karz we walýuta syýasatyna üns yzygiderli ýokarlanýar. Ýurduň maýa goýum işjeňligi ýylsaýyn artýar. 2023-nji ýylda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň meýilnamasy doly ýerine ýetirilip, 2022-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 7,5 göterim artdy we jemi içerki önümiň 18,3 göterimine deň boldy. Özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň 49,1 göterimi önümçilik, 50,9 göterimi bolsa durmuş we medeni maksatly binalaryň gurluşygyna gönükdirildi. Geçen ýyl 78 sany önümçilik

we medeni-durmuş maksatly desgalaryň işe girizilmegi netijesinde 12,274 sany täze iş orunlary döredildi.

Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça 2023-nji ýylda oba hojalyk we azyk önümleriniň öndürilişiniň ösüş depgini 111,7 göterime, senagat önümçiliginiňki bolsa 106,7 göterime barabar boldy. Şu ýyl jemi içerki önümiň düzüminde hususy pudagyň paýyny 71,4 göterime ýetirmek, zähmet haklaryň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň, talyp haklaryň möçberini 10 göterim ýokarlandyrmak arkaly ilatyň girdejilerini artdyrmak, ýaşaýyş-durmuş derejesini gowulandyrmak göz öňünde tutulýar. 2024-nji ýylda Türkmenistanyň ykdysadyýetine maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna jemi 38,5 milliard manat möçberinde maýa goýum gönükdirmek meýilleşdirildi [3].

Ýurduň durnukly ösüş boýunça syýasaty ösüşiň üç sany möhüm şertini bir bitewülige birleşdirýär we ýokary ösen jemgyýeti döretmegiň kepili bolup durýar. Türkmenistanyň şertlerine uýgunlaşan Durnukly ösüşiň maksatlarynyň ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň maksatnamalaryna ornaşdyrylyşyna garap geçeliň.

Türkmenistan dünýäde bolup geçýän geosyýasy ýagdaýlary hem-de döwletleriň bähbitlerini nazara almak bilen, işjeň daşary syýasatyny geljekde hem dowam etdirer. «Açyk gapylar» syýasaty ýurduň dünýä giňişligindäki abraýyny hem-de ornuny berkitmäge, öňdebaryjy halkara guramalaryň çäginde netijeli hyzmatdaşlygyny giňeltmäge, halkara jemgyýetçilik bilen özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek üçin öňde goýlan maksatlaryň durmuşa geçirilmegine ýardam eder.

Goňşy döwletler bilen taryhyň hem-de medeniýetiň umumylygy, ykdysady aragatnaşyklar bilen şertlendirilen hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi aýratyn ileri tutulýan ugurlaryň biridir. Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygy ýurt maýa goýumlary üçin oňaýlylygyň, hukuk, salgyt, institutlaşan hem-de infrastrukturalaýyn şertleriň döredilmegine gönükdiriler. Türkmenistanyň daşary syýasaty tehnologik hem-de innowasion özgertmeleriň üpjün edilmegine we täze iş orunlarynyň döredilmegine, zähmet önümçiliginiň, salgyt girdejileriniň ösdürilmegine, bazar infrastrukturasynyň gowulandyrylmagyna, döwletiň ösüşiniň hil babatda ýokary derejelere we tizlenmä eýe bolmagyna gönükdiriler.

Türkmenistanyň daşarky söwda dolanyşygynyň mundan beýläk-de kämilleşdirilmegi milli ykdysadyýetiň ösdürilmegine gönüden-göni täsir edýär, sebäbi ýurtda öndürilýän önümiň esli bölegi eksporta iberilip, munuň özi daşarky bäsdeşlige ukyplylygy häsiýetlendirýär. Daşarky söwda dolanyşygynyň hil babatda kämilleşdirilmegi bilen, ondan gelýän pul möçberleri-de artýar.

Daşary ykdysady syýasatyň esasy maksady şulardan ybarat bolup durýar:

– Türkmenistanyň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek;

– ýurduň eksportynyň çig mal ugurlylygyny senagatyň gaýtadan işleýän pudaklarynyň taýýar önümlerini eksport etmäge gönükdirmek arkaly diwersifikasiýalaşdyrmak;

– import edilýän önümleriň düzüminde Türkmenistanyň çäginde öndürilip bilinjek çig malyň hem-de materiallaryň paýyny azaltmak;

– önümleri ýerlemegiň bazarynda milli haryt öndürijileriň orunlaryny mundan beýläk hem berkitmek üçin syýasy, ykdysady hem-de hukuk şertlerini ösdürmegi dowam etdirmek.

Öňde goýlan maksatlaryň üstünlikli amal edilmegi üçin aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirmek göz öňünde tutulýar:

– eksport kuwwatlylygyny ýokarlandyrmak;

– daşarky söwda dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, içerki bazary goramak;

– senagaty döwrebaplaşdyrmak hem-de bäsdeşlige ukyply önümçiligi ösdürmek üçin şertleri döretmek;

– daşary ýurt maýa goýumlaryň goýulmagyny işjeňleşdirmek.

Eksport kuwwatlylygyny artdyrmak üçin aşakda görkezilen çäreleri geçirmek zerur:

– walýutadan girdejileriň peselmeginiň öňüni almak maksady bilen eksport edilýän önümiň hil derejesini hem-de ýurduň dünýä bazarynda däp bolan eksport serişdeleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak;

– kärhanalaryň önümçilik hem-de tehnologik kuwwatyny döwrebaplaşdyrmak;

– ýurduň eksportynyň umumy möçberinde telekeçileriň goşandyny artdyrmak üçin şertleri döretmek;

– ýurtda öndürilýän harytlaryň eksport edilmegi üçin ýurduň çäklerinden daşarda söwda öýlerini döretmek arkaly oňaýly şertleri üpjün etmek;

– bazaryň konýunkturasyny hem-de onuň kemala gelmeginiň esasy ýörelgelerini öwrenmek;

– himiýa, gaz we nebit-himiýa senagatynyň, gurluşyk materiallary senagatynyň, elektroenergetikanyň, agrosenagat toplumynyň önümleriniň hasabyna eksport kuwwatyny ýokarlandyrmak;

– nebiti gaýtadan işleýän pudakda taýýar önümleriň paýyny ýokarlandyrmak we ýurduň eksportynyň düzüminde onuň ornuny giňeltmek;

– hyzmatlar ulgamynyň hasabyna eksportyň düzümini kämilleşdirmek.

Daşarky söwda dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmagyň wezipelerini çözmek üçin şu aşakdaky çäreleriň amala aşyrylmagy derwaýysdyr:

– ulag infrastrukturasyny – Türkmenistany beýleki ýurtlar bilen birleşdirýän awtomobil we demir ýollary, deňiz hem-de howa aragatnaşygyny mundan beýläk hem ösdürmek;

– tehniki taýdan döwrebaplaşdyrmak isleglerinin we importyň ornuny tutýan önümleriň artdyrylmagynyň hasabyna daşarky söwda dolanyşygynyň düzüminiň netijeliligini ýola goýmak;

– salgyt hem-de gümrük kadalaşdyryjylarynyň ulgamlaryny kämilleşdirmek;

– walýuta bazarynyň infrastrukturasyny giňeltmek;

– Türkmenistanda önümçiligi döwrebaplaşdyrmagyň hasabyna sarp edilýän harytlaryň importy bilen zerur serişdeleriň (maýa goýum, tehnologiýa we beýlekiler) arasyndaky kadaly gatnaşygy goldamak;

– ýurduň daşary ykdysady işindäki durmuş-ykdysady bähbitleriniň goragynyň hem-de ekologiýa howpsuzlygynyň üpjün edilen ýagdaýynda daşary söwdany öz erkine goýbermek;

– daşary ykdysady işiň kanunçylyk hem-de kadalaşdyryjy binýadyny kämilleşdirmek.

Senagaty döwrebaplaşdyrmagyň hem-de bäsdeşlige ukyply önümçiligi ösdürmegiň wezipeleriniň çözgüdi aşakdaky çäreleriň geçirilmegini özünde jemleýär:

– senagatyň ileri tutulýan ugurlarynda giňeldilen gaýtadan dikeldilýän önümçiligiň depginini artdyrmak;

– daşarky hem-de içerki bazarlarda senagat önümleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak;

– senagaty diwersifikasiýalaşdyrmak, goşmaça gymmadyň paýy ýokary bolan önümleri öndürýän senagatyň pudaklaryny ýokary depginde ösdürmek;

– senagatyň pudaklaryny döwrebaplaşdyrmagyň depginlerini tizleşdirmek;

– ýokary tehnologiýaly hem-de düýpli ylmy barlaglary talap edýän pudaklary ösdürmek, senagat önümçiliginiň umumy möçberinde olaryň paýyny esli derejede ýokarlandyrmak;

– importyň ornuny tutmagyň depginlerini artdyrmak we önümçiligiň degişli görnüşlerini giňeltmek;

– maddy önümçilik ulgamynda hususy telekeçiligiň ösdürilmegi üçin oňaýly şertleri döretmek.

EDEBIÝAT

1. Ýaşyl ykdysadyýet konsepsiýasy we Türkmenistanyň tejribesi. – «Ýaşlaryň ylmy we tehnikasy» ylmy žurnaly, 2023, №2.

2. Türkmenistanyň Meýletin milli syny.

3. «Maliýe bazarlarynyň ösüşiniň häzirkizaman meýilleri» atly halkara ylmy-amaly maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany. 26.04.2024.

ОПЫТ ТУРКМЕНИСТАНА В ДОСТИЖЕНИИ ЦЕЛЕЙ УСТОЙЧИВОГО РАЗВИТИЯ

Компоненты социального направления сосредоточены на соответствии устойчивого развития благ человека и поддержании стабильности социальной и культурной сфер. Равное распределение благ и формирование развитых образовательных возможностей является важным аспектом данного подхода.

Ключевые слова: устойчивое развитие, рыночная экономика, стабильность, социально-экономическое развитие, внешняя политика.

THE EXPERIENCE OF TURKMENISTAN IN ACHIEVING SUSTAINABLE DEVELOPMENT GOALS

Components of the social directions are aimed at correspondence of Sustainable Development with the benefit of humans and maintaining the stability of social and cultural systems. Equitable distribution of benefits and formation of developed educational opportunities is an important aspect of this approach.

Key words: Sustainable Development, market economy, stability, social-economic development, foreign policy.

Nazar Meredow,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy

YKDYSADY DIPLOMATIÝA – DURNUKLY ÖSÜŞ UGRUNDAKY HYZMATDAŞLYGYŇ NETIJELI GURALY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen milli ykdysadyýetimiz ýokary depginlerde ösýär. Şunda Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasy daşary ýurtlar bilen gatnaşyklarymyzy we ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin möhüm guraldyr. Durnukly ykdysady ösüşi gazanmakda, dünýä döwletleri bilen strategik hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda Türkmenistan dünýäde möhüm orun eýeleýär. Bu makalanyň maksady hem Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasynyň durnukly ösüşi gazanmak ugrundaky mümkinçiliklerini we oňa ýetmegiň netijeli gurallaryny seljermekden ybaratdyr.

Ykdysady diplomatiýa, diňe bir ykdysadyýetiň ösüşi üçin däl, eýsem ýurduň daşary syýasatynyň we ykdysady syýasatynyň sazlaşykly işlemegini üpjün edýär. Halkara ykdysady gatnaşyklaryň ösdürilmegi, täze bazarlaryň tapylmagy we

özara hyzmatdaşlyk ykdysady diplomatiýanyň esasy maksadydyr. Türkmenistan, dünýäniň beýleki ýurtlary ýaly, ykdysady kuwwatyny artdyrmak we halkara arenada öz bähbitlerini goramak üçin ykdysady diplomatiýanyň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanýar. Ýurdumyzyň ägirt uly uglewodorod serişdelerine eýe bolmagy we daşary ykdysady syýasatynyň özara bähbitlilik, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine eýermegi muňa ýardam berýär. Türkmenistan diňe haryt söwda dolanyşygyny ösdürmek bilen çäklenmän, eýsem ykdysady ösüş we ekologiýa taýdan deňagramlylygy saklamaga gönükdirilen döwlet syýasatyny hem alyp barýar.

Durnukly ösüş üç esasy ugurda – ykdysady, sosial we ekologik taýdan döwrebap syýasatlary we çäreleri öz içine alýar. Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasy bu ugurlary nazara almak bilen, birnäçe esasy meseleleri çözmäge gönükdirilen strategik meýilnamalary amala aşyrýar. Ýurdumyzyň ykdysady diplomatiýasynyň esasy ugurlary aşakdakylardyr: energetika we bu serişdeleriň netijeli peýdalanylmagy.

Türkmenistan dünýäde uglewodorod serişdelerine baý ýurtlaryň biri hökmünde energiýany netijeli peýdalanmak üçin daşary ýurtlar bilen bilelikde hyzmatdaşlyk edýär [1]. Munuň özi durnukly ösüşiň ykdysady esaslaryny pugtalandyrmak üçin möhüm wezipedir.

Bazarlaryň arasyndaky integrasiýa: Türkmenistan eksport mümkinçiliklerini giňeltmek, täze bazarlara çykmak üçin iri ykdysady we söwda bileleşiklerine, şol sanda Aziýa, Ýewropa we Orta Gündogar ýurtlary bilen ykdysady gatnaşyklaryny ösdürýär.

Ulag infrastrukturasynyň ösdürilmegi: Türkmenistan logistika ulgamyny ösdürmek, yklymda ulag logistikasy we üstaşyr geçiş mümkinçiliklerini pugtalandyrmak üçin köp ugurlarda hyzmatdaşlyk edýär. Şeýlelik bilen, Türkmenistan bu ugurda öz infrastrukturasyny ösdürmek bilen, durnukly ösüşiň köpugurlylygyny gazanmakda möhüm orun eýeleýär.

Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasynyň esasy ugurlary «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda» öz beýanyny tapýar [4, 5]. Şunuň esasynda, Türkmenistan ykdysady diplomatiýany ösdürmek maksady bilen, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen deňagramly gatnaşyklary gurmak üçin dürli gurallary işläp taýýarlady. Şunuň bilen baglylykda, netijeli iş alyp barmak üçin strategik hyzmatdaşlygyň we geosyýasy aragatnaşyklaryň ähmiýetini belläp bileris. Türkmenistan ykdysady diplomatiýasynda syýasy we ykdysadyýetiň dürli ugurlarynda ylalaşyklar gazanmak üçin geosyýasy gatnaşyklara möhüm ähmiýet berýär.

Türkmenistan dürli halkara forumlaryna, konferensiýalara we gepleşiklere gatnaşyp, halkara ykdysady gatnaşyklarda öz ornuny pugtalandyrýar. Bu çäreler ýurtlaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy artdyrmaga, ösüşiň täze mümkinçiliklerini döretmäge hyzmat edýär.

Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasy täze tehnologiýalaryň alyş-çalşygy üçin zerur şertleri döredýär. Munuň özi ýurdumyzda senagatlaşmagyň ösdürilmegine, ýerli önümçilikleriň öňe gitmegine ýardam edýär. Şu maksatlara ýetmek üçin Türkmenistan hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny berkitmäge we giňeltmäge, täze bazarlara çykmaga, tehnologiýa alyş-çalşygyny gazanmak, ýerli önümçilikleri ösdürmek üçin gurallar işläp taýýarlamaga çalyşýar. Türkmenistan baý tebigy resurslary we strategik ýerleşişi bilen ykdysady diplomatiýanyň täsirli usullaryny ulanyp, ykdysady taýdan ösüşe ymtylýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň ykdysadyýeti ýokary depginler bilen ösýän, dünýäniň ykdysady giňişligine üstünlikli goşulyşýan ýurtlaryň hatarynda eýeleýän ornuny pugta berkitdi. Garaşsyz Watanymyzy mundan beýläk-de ösdürmek, täzeçil başlangyçlary öňe sürýän telekeçiligi höweslendirmek, öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak, bilelikdäki kärhanalary we paýdarlar jemgyýetlerini döretmek, ätiýaçlandyryşy, gazna biržasyny hem-de gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmek arkaly ähli pudaklarda düýpli özgertmeleri amala aşyrmak hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ykdysady strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlary hökmünde kesgitlenildi. Türkmenistan, esasan, energiýa resurslaryny daşary ýurtlara eksport etmek bilen, ykdysady diplomatiýanyň täsirli usullaryny ulanýar. Ýurdumyzda elektrik energiýasy, nebit we gaz senagaty, maşyngurluşyk, metallurgiýa, himiýa senagaty, gurluşyk, elektron, ýeňil hem-de azyk, derman senagaty ýaly möhüm pudaklardan ybarat bolan köpugurly ykdysadyýet emele geldi. Üstünlikli hereket edýän gaz senagaty bolsa biziň üçin möhüm ulgam bolmagynda galýar. Şunda Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan transmilli gaz geçirijisiniň gurluşygy, Türkmenistan – Owganystan – Pakistan elektrik geçiriji hem-de optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlarynyň gurluşygy ileri tutulýan taslamalardyr [7].

Bu sebitleýin taslamalaryň örän uly geljegi bolup, olaryň amala aşyrylmagy bilen, energiýa akymlary üçin täze strategik ugur açylýar, Hindistan we Pakistan ýaly iri, depginli ösýän ýurtlaryň ykdysadyýetini ýangyç bilen üpjün etmek arkaly geljekde Aziýa – Ýuwaş umman sebitindäki, Ýakyn hem-de Orta Gündogardaky beýleki ösýän bazarlara çykmaga mümkinçilik döreýär. Ýurdumyzyň häzirki wagtda tebigy gaz, nebit we elektrik energiýa eksporty boýunça Aziýa ýurtlary, şol sanda Hytaý, Hindistan we Pakistan bilen özara şertnamalary bar. Türkmen gazyny Günorta Aziýa we Eýran ýaly ýurtlara eltmek maksady bilen gurlan gaz geçirijileri we beýleki energetika taslamalary ykdysady diplomatiýanyň möhüm netijeleriniň biridir [6].

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň ykdysadyýetinde gazanylýan üstünlikler we ösüşler ilatyň bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmegiň berk binýady bolup durýar. Milli ykdysadyýetimiziň her ýylda durnukly ösmegi, adam mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilýän maýa goýumlaryň möçberiniň barha artmagy, beýleki makroykdysady görkezijilerde gazanylýan ösüşler raýatlaryň durmuş goraglylygyny berkitmäge, ilatyň maddy-durmuş şertlerini gowulandyrmaga, hususan-da, olaryň girdejilerini yzygiderli artdyrmaga mümkinçilik berýär. Raýatlarynyň bähbitlerini, hajatlarynydyr erk-isleglerini kanagatlandyrmagy has ileri tutýan ýurdumyzda bu ugruň hukuk esaslary gözbaşyny Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 4-nji maddasynda öz beýanyny tapan «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr» diýen jümlelerden alyp gaýdýar **[3].** Onuň taryhy kökleri türkmen milletiniň döwlet gurmak ukyplarynda, ata-babalarymyzyň miras goýan ynsanperwerlik ýörelgelerinde jemlenendir. Bu günki amala aşyrylýan durmuş syýasaty şol ýoluň mynasyp dowam etdirilýändiginiň aýdyň güwäsidir.

2024-nji ýyl Türkmenistan üçin ykdysady diplomatiýanyň möhüm tapgyry boldy. Ýurdumyzyň ykdysady diplomatiýasy ýurt we dünýä derejesinde ykdysady gatnaşyklaryň giňeldilmegi, hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi, ykdysady reformalar we strategik işjeňlikler bilen dowam etdi. Ýylyň dowamynda milli ykdysadyýetiň hususy böleginde iş alyp barýan ýerli maýadarlaryň girdejileri artyp, goşmaça önümçilikleri gurmak we ýola goýmak işleriniň gerimi giňedi. Iri taslamalary amala aşyrmak maksady bilen daşary ýurt banklaryndan çekilen karzlaryň öz wagtynda gaýtarylmagy, şeýle-de önümi paýlaşmak şertinde iş alyp barýan ýangyç-energetika ugurly daşary ýurt kompaniýalaryň öz serişdeleriniň hasabyna maýa goýmak işiniň depgininiň güýçlenmegi umumy ýylyň ahyryna özleşdirilen maýa goýum görkezijisiniň ýokary depginde ösmegine getirdi.

2024-nji ýylda ýurduň halkara derejesinde gazanan esasy üstünlikleri, daşary ýurtlar bilen ykdysady gatnaşyklaryny pugtalandyrmak we dünýä bazarlarynda ykdysady ornuny güýçlendirmek boýunça amala aşyrylan işler bellenilmäge mynasypdyr. Şunda Türkmenistan daşary ýurt maýadarlaryny çekmek, eksport mümkinçiliklerini artdyrmak, ykdysady taýdan bähbitli hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin halkara forumlaryň we gepleşikleriň ençemesine gatnaşdy. Şeýle diplomatiki çäreler ýurduň maýa goýum taýdan özüni islendik ugurlarda ygtybarly hyzmatdaş hökmünde görkezmegine mümkinçilik berdi. Türkmenistan 2024-nji ýylda dünýäniň iri energetika kompaniýalary bilen uzak möhletleýin hyzmatdaşlyk şertnamalaryny täzeledi. Energetika pudagyndaky ösüşler türkmen gazynyň we nebitiniň eksportyny artdyrmaga, şeýle-de täze energetika çeşmeleriniň döremegine mümkinçilik berdi. Ýurdumyz halkara nebit-gaz kompaniýalary bilen tebigy gazyň öndürilmegini we eksport edilmegini artdyrmak boýunça ähli şertleri üpjün etdi.

Türkmenistan Merkezi Aziýada halkara transport üçin möhüm geçelge hökmünde öz ornuny has-da pugtalandyrýar. Şunda Ýewropa ýurtlary bilen

logistika ulgamynda hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerine badalga berildi, olaryň arasynda degişli transport infrastrukturasynyň ösdürilmegi hem-de täze demir ýol we awtomobil ýol ugrunyň açylmagy ýaly taslamalar aýratyn ähmiýete eýe boldy [4].

Döwletimizde iri möçberli, kämil ylym-tehnologiýaly, ýokary sygymly senagat toplumlaryny gurmak işleri hormatly Prezidentimiz tarapyndan öňe sürlen döwrebap ykdysady strategiýa laýyklykda amala aşyrylýar. Milli ykdysady ösüşiň ähli ugurlarynda geljegi nazarlaýan her bir başlangyçda, tutumly işlerde, ägirt uly taslamalary amala aşyrmakda berk jogapkärçilik, işi hökmany tertipnama laýyk ýerine ýetirmek hem hasabatlylyk ýörelgesi pugta ileri tutulýar. Döwlet dolandyryş düzümleriniň işini kämilleşdirmek boýunça bellenen çäreler hut şu maksada gönükdirilendir.

Türkmenistan maliýe ugurlarda halkara hyzmatdaşlygy täzelemäge we dünýä ykdysadyýetine goşant goşmaga ähmiýet berýär. Şunuň bilen baglylykda, halkara ykdysady guramalar bilen gatnaşyklar has-da pugtalanýar, maliýe ulgamy hem-de bank işleri boýunça täze mümkinçilikler döredilýär. Türkmenistanda öndürilen önümleriň we hyzmatlaryň eksportynyň has-da artmagy munuň aýdyň beýanydyr. Türkmen harytlary, şol sanda tekstil önümleri, önümçilik we obasenagat önümleri, iri maýa goýum taslamalary bilen dünýä bazarlarynda giňden ykrar edilýär.

Şeýlelikde, Türkmenistan ykdysady diplomatiýany barha ilerledip, daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň ünsüni özüne çekip, ykdysady gatnaşyklaryň täze tapgyryna girişdi. Bu üstünlikler Türkmenistanyň mundan beýlägem has-da netijeli ykdysady syýasaty alyp barjakdygynyň görkezijisidir. Geljekde hem sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi, energiýa howpsuzlygy we ekologiýa bilen baglanyşykly meseleler Türkmenistanyň ykdysady diplomatiýasyny ösdürmäge oňyn mümkinçilik döreder. Netijede, ykdysady diplomatiýa ýurduň durnukly ykdysady ösüşini üpjün edip, bu babatda halkara gatnaşyklaryň gerimini has-da giňelder.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. – Aşgabat: TDNG, 2010.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna // Türkmenistan. 10.05.2010.

3. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat. 2023.

4. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy. – Aşgabat, 2022.

5. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy. – Aşgabat, 2022.

6. «Turkmenportal» internet saýty – URL: turkmenportal.com/tm/compositions/1542

7. Ykdysady diplomatiýa rowaçlyk ýolunda. – Türkmenmetbugat. // URL: https://www.turkmenmetbugat.gov.tm/tk/magazines/58/articles/73278

ЭКОНОМИЧЕСКАЯ ДИПЛОМАТИЯ – ЭФФЕКТИВНЫЙ ИНСТРУМЕНТ СОТРУДНИЧЕСТВА НА ПУТИ К УСТОЙЧИВОМУ РАЗВИТИЮ

Туркменистан эффективно использует экономическую дипломатию для наращивания своего экономического потенциала и защиты своих интересов на международном уровне. В данной статье рассматривается потенциал экономической дипломатии Туркменистана в содействии устойчивому развитию, а также дается оценка инструментов для достижения этой цели.

Ключевые слова: экономическая дипломатия, сотрудничество, устойчивое развитие, инвестиции, развитие, глобализация, стабильность.

ECONOMIC DIPLOMACY – EFFECTIVE TOOL FOR COOPERATION TOWARD SUSTAINABLE DEVELOPMENT

Turkmenistan's economy is growing rapidly. In this context, Turkmenistan's economic diplomacy serves as a vital tool for fostering international relations and enhancing economic cooperation. Like many other countries, Turkmenistan effectively utilizes economic diplomacy to boost its economic potential and protect its interests internationally. In this article, the potential of Turkmenistan's economic diplomacy in promoting Sustainable Development is examined.

Key words: economic diplomacy, international cooperation, economic relations, Sustainable Development, global partnerships, economic growth, economic potential.

Sülgün Nepesowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy

YKDYSADYÝETIŇ DURNUKLY ÖSÜŞINDE SEBIT ÝURTLARYNYŇ HYZMATDAŞLYGYNYŇ TÄZE MÜMKINÇILIKLERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz günsaýyn ösüşlere beslenýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ganatly sözleri «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip atlandyrylan şu ýylymyzda ösüş we innowasiýalar eýýamynyň söwda-ykdysady, syýasy, medeni-ynsanperwer we sanly ykdysadyýet özgertmeleriniň, türkmen halkymyzyň daşary söwda diplomatiýasynyň

ösdürilmegine, şeýle hem ummasyz güýç-kuwwat bilen galkynmagyna mümkinçilik döretdi. Bu ösüşiň dowamynda söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň ençeme täze görnüşleri döredi, öňden bar bolan gatnaşyklar has täze mazmuna eýe boldy. Bu hem Watanymyzyň dünýä derejesindäki ýokary abraýynyň, ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy we abadançylygy üpjün etmäge, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge goşýan goşandynyň giňden ykrar edilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistan gysga wagtyň içinde ykdysadyýeti ýokary depginler bilen ösýän, dünýäniň ykdysady giňişligine üstünlikli goşulyşýan ýurtlaryň hatarynda eýeleýän ornuny pugta berkitdi. Garaşsyz Watanymyzy mundan beýläk-de ösdürmek, täzeçil başlangyçlary öňe sürýän telekeçiligi höweslendirmek, öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak, bilelikdäki kärhanalary we paýdarlar jemgyýetlerini döretmek, ätiýaçlandyryşy, gazna biržasyny hem-de gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmek arkaly ähli pudaklarda düýpli özgertmeleri amala aşyrmak ýurdumyzyň ykdysady strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlary hökmünde kesgitlenildi. Ykdysadyýetiň çig mala gönükdirilmegini ýeňip geçmek, bazar özgertmelerini ösdürmek, tebigy baýlyklardan netijeli peýdalanmak, adamyň durmuşy, saglygy, howpsuzlygy üçin amatly şertleri döretmek babatda alnyp barylýan şol özgertmeleriň esasy maksady «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgede öz mynasyp beýanyny tapýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe syýasy, ykdysady, durmuş, ekologiýa, hukuk, medeniýet, ylym-bilim, sport hem-de ýaşaýyş durmuşynyň beýleki ulgamlarynda amala aşyrylýan köp jähetli özgertmeleriň üstünligi olaryň türkmen halkynyň ruhy we maddy gymmatlyklaryny dikeltmek bilen häzirki zaman innowasion tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagynyň sazlaşygy esasynda berk durmuşa gönükdirilendigi bilen kesgitlenilýär. Geçen taryhy döwürde senagat we innowasiýa ösüş nusgasyna gönükdirilen strategik ugruň yzygiderli durmuşa geçirilmegi, sözüň doly manysynda, döwletimiziň ykdysady garaşsyzlygyny üpjün etdi.

Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryna sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» baş ugry hem-de ösen ýurtlaryň derejesine çykmagyň, bilimlere, innowasiýalara daýanýan ykdysady ösüşiň durnukly depginini üpjün etmegiň möhüm şerti bolup durýar.

Sanlylaşdyrmak ösüş we bäsdeşlik babatda täze artykmaçlyklary gazanmaga mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynda täze innowasion tehnologiýalar, şol sanda sanly tehnologiýalar ornaşdyrylyp, elektron resminamalar dolanyşygyna geçildi. Elektron senagat ösdürilýär. Öňdebaryjy tehnologiýalar esasynda köpugurly kommunikasiýa

ulgamyny döretmek, Watanymyzyň alys künjeklerinde internet mümkinçiliklerini üpjün etmek bilen bir hatarda, aragatnaşyk hyzmatlarynyň möçberini, hilini we görnüşlerini artdyrmak işleri üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Häzirki zaman maglumat jemgyýetinde önümçilikde harytlara garanyňda, hyzmatlar ulgamy agdyklyk edýär. Şol sebäpli-de, maglumat tehnologiýalary esasy orun eýelemek bilen, adamlara hyzmat edilişiň mehanizmini ýönekeýleşdirmäge mümkinçilik berýär. Internetiň ýüze çykmagy we global toruň bahasynyň barha peselmegi dünýäde hakyky maglumat öwrülişiginiň bolup geçendigini, onuň netijesinde durmuşymyzyň, şol sanda ykdysadyýetiň özgerýändigini görkezýär. Häzirki döwürde durmuşymyza yzygiderli ornaşýan, hemmämiz üçin elýeterli bolan elektron tölegler, internet-söwda, internet-mahabatlandyrma sanlaşdyrylan ykdysadyýetiň oňyn netijeleriniň diňe käbiridir. Şunda maglumat tehnologiýalarynyň we internetiň mümkinçiliklerini giňden ulanmagyň netijesinde sarp edijileriň gymmatly wagtlarynyň we serişdeleriniň tygşytlanmagyna, hyzmatlaryň tiz wagtda ýerine ýetirilmegine, kagyz göterijide ulanylýan maglumatlaryň sanynyň azalmagyna sanlaşdyrylan tehnologiýalaryň döredýän amatlyklary hökmünde baha bermek bolar.

Ählumumy we häzirki zaman meýilleri esasynda emele gelen daşarky täsirleri nazara almak bilen, her bir pudagyň öňünde goýlan wezipelere gaýtadan garamak zerurdyr. Innowasion ösüş ýoluna düşen ýurdumyzda degişli infrastrukturany döretmek, tehniki taýdan üpjün etmek babatda uly işler alnyp barylýar. Şunda şähergurluşyk ulgamynyň ösüşini mysal hökmünde görkezmek bolar. Sanly, maglumat-aragatnaşyk ulgamlaryny we «ýaşyl» tehnologiýalary ulanmagyň giň gerimi milli binagärlik däpleriniň, dizaýnyň häzirki zaman ýörelgeleriniň sazlaşygyny emele getirýän, «akylly» şäher konsepsiýasy esasynda bina edilen Arkadag şäheriniň gurluşygynda-da öz beýanyny tapýar. Şäheriň ähli babatda, şol sanda ekologik taýdan halkara ölçeglere doly laýyk gelýän düzümleri ilatyň rahat we amatly durmuş şertlerini üpjün edýär. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyjy, hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen Köpetdagyň eteginde bina edilen Arkadag şäherinde ornaşdyrylan innowasion tehnologiýalar, sanly çözgütler «akylly» şäher we «akylly» öý ulgamyny döretmäge, bu hyzmatlary uzak aralykdan dolandyrmaga, olaryň kiberhowplara garşy ygtybarlylygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Adaty durmuşda dostlaryň başy jem bolanda, ýürekdeş gürrüňdeşlikleriň başlanyşy ýaly, döwletleriň Liderleri duşuşanda-da, millionlarça ýürekleri ýakynlaşdyrýan, dost-doganlyk, ylalaşyklylyk ýörelgeleriniň binýadyny has-da pugtalandyrýan belent maksatlara ýol açylýar. Garaşsyz Türkmenistan bildirilýän çäksiz ynama eýe bolup, ähli syýasy-diplomatik we ykdysady mümkinçilikleri doly peýdalanmak bilen, özüniň ägirt uly parahatçylyk döredijilik kuwwatyny doly güýjünde amala aşyrýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda Türkmenistan döwletimiz dünýä ýurtlary, şol sanda halkara guramalar bilen işjeň gatnaşyklary ösdürmek ugrunda uly işleri durmuşa geçirýär. Munuň şeýledigini hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň 2024-nji ýylyň 23–24-nji oktýabrynda Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasyna iş saparyny amala aşyryp, «BRICS goşmak»/«autriç» formatyndaky XVI BRICS sammitine hormatly myhman hökmünde gatnaşmagy hem aýdyňlygy bilen tassyklaýar.

BRICS guramasy hakynda belläp geçsek, ol 2006-njy ýylda Peterburg halkara ykdysady forumynyň çäginde esaslandyryldy. Häzirki wagtda bu gurama dünýäniň abraýly düzümleriniň birine öwrüldi. BRICS döwletleriň arasynda ykdysadyýet, ylym, bilim, saglygy goraýyş, medeniýet we sport ugurlarynda hyzmatdaşlygy işjeň ösdürýär. Guramanyň tagallalary bilen infrastruktura we durnuklylyk taslamalaryny maliýeleşdirmek üçin 2015-nji ýylda Täze Ösüş Banky döredildi. BRICS guramasyna 2023-nji ýyla çenli takmynan 20 ýurt goşulmak üçin ýüz tutdy we 2023-nji ýylyň awgust aýynda alty sany täze agza tassyklandy: Müsür Arap Respublikasy, Birleşen Arap Emirlikleri, Saud Arabystany Patyşalygy, Eýran Yslam Respublikasy, Efiopiýa Federatiw Demokratik Respublikasy, Argentina.

Guramanyň çäklerinde hyzmatdaşlygyň möhüm ugry hökmünde sporty aýratyn bellemelidiris. BRICS-iň ilkinji oýunlary 2024-nji ýylyň 12–23-nji iýuny aralygynda Kazanda geçirildi, oňa gurama agza ähli ýurtlardan türgenler gatnaşdy. Maksatnama ýurtlaryň arasyndaky sport gatnaşyklaryny berkitmekde möhüm ädim boldy.

Ýokary derejeli duşuşykda döwlet Baştutanymyz sammitiň gün tertibinde ileri tutulýan ugurlar bilen bagly ýurdumyz tarapyndan öňe sürülýän başlangyçlar, alnyp barylýan işler barada çykyş etdi. Döwlet Baştutanymyz çykyşynyň dowamynda bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasyny ilerletmek babatda öňe sürlen başlangyçlary aýratyn belläp geçdi. Hormatly Prezidentimiz döwletimiziň ählumumy abadançylyk ugrunda durmuşa geçirýän işleri dogrusynda çykyş etdi. Munuň aýdyň şaýady hökmünde ýurdumyzyň BMG bilen alyp barýan işlerini görkezmek bolar. Gahryman Serdarymyzyň, Arkadagly Gahryman Arkadagymyzyň BMG-niň çäklerinde öňe sürýän tekliplerdir başlangyçlary dünýä döwletleri tarapyndan gyzgyn goldanylýar. Munuň özi Türkmenistan döwletimiziň dünýä ýüzündäki belent abraýyny görkezýär. Çykyşynyň dowamynda hormatly Prezidentimiz Watanymyzyň ykdysadyýet, energetika, durnukly ulag ulgamlaryndaky başlangyçlaryna, ekologiýa, medeniýet, ylym, bilim ulgamlaryndaky hyzmatdaşlygyň meselelerine aýratyn üns çekildi.

Ýeri gelende bellesek, Kazan şäherinde geçirilen «BRICS goşmak»/«autriç» formatyndaky XVI BRICS sammitiniň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterriş bilen duşuşyk geçirdi. Geçen duşuşygyň dowamynda özara gatnaşyklary giňeltmegiň mümkinçilikleri maslahatlaşyldy. Nygtalyşy ýaly, Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan üç gezek

ykrar edilen Bitarap döwlet bolmak bilen, Türkmenistan halkara giňişlikde işjeň syýasaty alyp barýar hem-de bu gurama, onuň ýöriteleşdirilen edaralary bilen uzak ýyllaryň dowamynda netijeli gatnaşyklary saklaýar. Döwlet Baştutanymyz dünýä ösüşiniň ählumumy meselelerini çözmegiň möhümdigini belläp, türkmen tarapynyň netijeli dialogy hemmetaraplaýyn giňeltmäge we çuňlaşdyrmaga taýýardygyny ýene bir gezek tassyklady. Şol taryhy sammitde «Türkmenistan – Birleşen Milletler Guramasy» strategik maslahat beriş geňeşiniň nobatdaky mejlisine görülýän taýýarlyk işleri hakynda-da aýdyldy. Şunda Durnukly ösüş maksatlaryny milli derejede durmuşa geçirmekde ulgamlaýyn çemeleşmeleri we oňyn tejribeleri ornaşdyrmak maksady bilen, BMG-niň Türkmenistandaky hemişelik utgaşdyryjysynyň wekilhanasy we ýurdumyzyň degişli ministrlikleri, pudak edaralary bilen bilelikde taýýarlanylan «2024–2026-njy ýyllarda Türkmenistanda Durnukly ösüş maksatlary boýunça hasabatlylygy berkitmek baradaky «Ýol kartasyna» garamak teklip edildi. Bu resminamanyň çäklerinde Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edaralary bilen bilelikde birnäçe çäreleri guramak meýilleşdirilýär. Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamanyň kabul edilendigini nygtady.

Hormatly Prezidentimiz gapma-garşylykly ýagdaýlaryň öňüni almak, olary döredýän sebäpleri aradan aýyrmak üçin Bitaraplygyň, öňüni alyş diplomatiýasynyň gurallarynyň ulanylmagynyň Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm bölegidigini belledi.

Merkezi Aziýa sebiti, uzak geçmişde bolşy ýaly, häzirki döwürde-de tebigy baýlyklaryň ägirt uly gorlary, Gündogardan Günbatara uzaýan möhüm söwda ýollary, Beýik Ýüpek ýolunyň gadymy mirasy bilen tutuş dünýäniň ünsüni özüne çekýär.

Köpasyrlyk taryhy we geografik taýdan ýakynlyk, medeniýetiňdir diniň, özara gyzyklanmalaryň meňzeşligi bu sebitiň halklaryny birek-birek bilen has-da ysnyşdyrýan çelgi bolup, hut şu gymmatlyklaryň döwletara gatnaşyklarda-da ileri tutulmagy Merkezi Aziýada parahatçylygyň we gülläp ösüşiň berkarar edilmegini şertlendirýär. Şoňa görä-de, taryhçylardyr syýasatçynaslar bu sebit bilen bagly gürrüň edenlerinde, oňa «hoşniýetli goňşuçylykda ýaşamagyň sungaty» hökmünde baha berýärler.

Türkmenistanyň halkara strategiýasy häzirki döwrüň geoykdysady gatnaşyklaryna, häzirki zamanyň wajyp meselelerini çözmäge işjeň gatnaşmaga, Durnukly ösüş maksatlaryny ýerine ýetirmäge, ekologiýa, azyk howpsuzlygy babatda çylşyrymly ýagdaýlary aradan aýyrmaga, ýurtlaryň we halklaryň energiýa çeşmelerine, arassa suwa, howa elýeterliliginiň deňhukukly, adalatly we ygtybarly ýollaryny döretmäge esaslanýar. Muňa döwletimiz işjeň, jogapkärçilikli çemeleşýär. Türkmenistanyň ykdysadyýet, energetika, durnukly ulag ulgamlaryndaky başlangyçlaryna siziň ünsüňizi çekmek isleýärin. Gürrüň Ýapyk aýlanyşykly

ykdysadyýete geçmegiň ählumumy Çarçuwaly maksatnamasyny işläp taýýarlamak barada barýar. Ýurdumyzyň beýleki başlangyçlary Durnukly ulag birikmesiniň ählumumy atlasyny hem-de Ählumumy energetika howpsuzlygyny we durnukly ösüş boýunça hyzmatdaşlygyň bileleşigini döretmekden ybarat bolup durýar.

Türkmenistan ekologiýa hyzmatdaşlygy meselelerinde Merkezi Aziýada tebigy landşaftlary, Hazar deňzinde bioköpdürlüligi gorap saklamaga, hyzmatdaşlaryň bähbitlerini nazara almak we halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalary esasynda bu sebitlerde suw, suw-energetika serişdelerini rejeli peýdalanmaga aýratyn ähmiýet berýär.

Şeýle hem ýurdumyz medeniýet, ylym, bilim ulgamlaryndaky hyzmatdaşlyga täze itergi berilmegini möhüm hasaplaýar. Birek-biregi has gowy tanamak, medeniýetleriň, däp-dessurlaryň, milli sungatlaryň özara baýlaşmagy halklary döredijilikli esaslarda birleşdirýän gatnaşyklary ösdürmäge ýardam berýär.

Sebit hyzmatdaşlygy hakda gürrüň edilende, daşary syýasatda ýakyn goňşulary bilen gatnaşyklary ösdürmäge strategik ugur hökmünde garaýan Gazagystanyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň we Özbegistanyň iri halkara we sebit guramalarynyň, ýöriteleşdirilen düzümlerdir maksatnamalaryň çäklerinde-de üstünlikli hyzmatdaşlyk edýändigine ünsi çekmek zerur. Döwletleri geografik, geosyýasy we ykdysady, maliýe hem-de medeni taýdan birleşdirýän düzümler, hususan-da, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Goşulyşmazlyk Hereketi, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Türki dilli döwletleriň hyzmatdaşlyk geňeşi, Araly halas etmegiň halkara gaznasy, Aziýanyň ösüş banky, Yslam ösüş banky, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi, Owganystan boýunça sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlyk maslahaty (RECCA), Merkezi Aziýada sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlyk maksatnamasy (CAREC), BMG-niň Merkezi Aziýanyň ykdysadyýetleri üçin Ýörite maksatnamasy (SPEKA), «Aziýanyň ýüregi – Stambul prosesi»... ýaly hyzmatdaşlyk meýdançalarynda özara gatnaşyklary berkidip, ählumumy syýasy, ykdysady we medeni giňişlige işjeň goşulyşýan Merkezi Aziýa döwletleri dünýä giňişliginde eýeleýän ornuny hem-de ähmiýetini barha pugtalandyrýar [3].

Soňky ýyllarda döwlet Baştutanlarynyň, degişli ministrlikleriň ýolbaşçylarynyň arasynda «Merkezi Aziýa + ...» görnüşde duşuşyklaryň guralyp, taraplaryň syýasy, söwda-ykdysady hem-de medeni-ynsanperwer ulgamlarda sebit we halkara gün tertibiniň ileri tutulýan ugurlaryny, Merkezi Aziýada howpsuzlygy üpjün etmek meselelerini ara alyp maslahatlaşandyklaryny bellemek möhümdir. Strategik häsiýetli döwletara gatnaşyklarda-da, sebit hyzmatdaşlygynda-da syýasy, ykdysady, söwda, maýa goýum, ulag-logistika, howpsuzlyk, ekologiýa, medeni-ynsanperwer ulgamlardaky özara gatnaşyklary ösdürmek Merkezi Aziýa ýurtlarynyň iň ileri tutýan ugurlary bolup durýar. Suwdan rejeli peýdalanmak,

serhetüsti suwlary dolandyrmak, Aral heläkçiliginiň öňüni almak, sebitiň ýakyn goňşusy Owganystandaky ýagdaýlary parahatçylykly ýollar arkaly kadalaşdyrmak bolsa birleşen tagallalary we anyk çözgütleriň işlenip taýýarlanylmagyny talap edýän meselelerdir. Şunda sebit döwletleri Milletler Bileleşigi, Araly halas etmegiň halkara gaznasy hem-de iri maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegi derwaýys zerurlyk hasaplaýarlar [4].

Ady agzalan ugurlarda anyk ädimler ädilip, doganlyk ýurtlardyr halklaryň bähbidine ençeme tutumly işlerdir taslamalar durmuşa geçirildi. Munuň özi geçmişde siwilizasiýalaryň sallançagy bolan Merkezi Aziýanyň XXI asyryň täze taryhy şertlerinde hemmetaraplaýyn gülläp ösýän kuwwatly sebit hökmündäki eýeleýän ornuny has-da berkitmekde, onuň ykdysady we adam mümkinçiliklerini tutuş Ýer ýüzünde abadan ýaşaýşyň berkarar edilmegine gönükdirmekde täze gözýetimlere ýol açar.

Elbetde, soňky onýyllyklaryň dowamynda Türkmenistanyň energiýa serişdelerini eksport edýän döwlet hökmünde dünýäniň energetika bazarynda ornuny berkitmek bilen çäklenmän, eýsem oňa gatnaşmak häsiýetini hem düýpli üýtgedenligi aýdyň hakykat. Bu gün bolsa döwletimiz ählumumy energetika howpsuzlygyny üpjün etmek meselelerini çözmäge toplumlaýyn çemeleşmek pikirini ilerledýär, ol energetika meselelериniň tutuş toplumyny yzygiderli, hünär derejesinde ara alyp maslahatlaşmak üçin özara gatnaşyklaryň syýasy ölçeginiň hem-de guramaçylyk şertlerini döretmek usulynyň işlenip taýýarlanylmagyny göz öňünde tutýar.

Şeýlelikde, daşary syýasat strategiýasynda BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary bilen netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek ugrunda Türkmenistan döwletimiz syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda özara bähbitli gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak üçin maksadalaýyk işleri nazarda tutýar.

EDEBIÝAT

1. Türkmenistanyň Prezidenti «BRICS goşmak»/«autriç» formatyndaky XVI BRICS sammitinde sözlän taryhy çykyşy. // Türkmenistan. –. 25.10.2024.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. T. I–II. – Aşgabat: TDNG, 2010.

3. Türkmenistanyň Döwlet habarlar agentliginiň resmi web saýty. / URL: https://tdh.gov.tm/tk- (Kazan şäheri, 24.10.2024.).

4. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň Araly halas etmegiň Halkara gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň sammitindäki taryhy çykyşy. –TDH, 24.08.2018.

НОВЫЕ ВОЗМОЖНОСТИ ДЛЯ РЕГИОНАЛЬНОГО СОТРУДНИЧЕСТВА В ОБЛАСТИ УСТОЙЧИВОГО ЭКОНОМИЧЕСКОГО РОСТА

Внедрение цифровых технологий во все отрасли национальной экономики является основным направлением Национальной программы социально-экономического развития Туркменистана на 2022–2052 годы и Программы по социально-экономическому развитию страны на 2022–2028 годы. Это одно из необходимых условий выхода государства на уровень развитых стран, обеспечения стабильных темпов экономического развития.

В целях развития эффективного сотрудничества со специализированными учреждениями ООН, Туркменистан предпринимает соответствующие действия по дальнейшему укреплению взаимовыгодных отношений в политико-дипломатической, торгово-экономической, культурно-гуманитарной сферах.

Ключевые слова: экономика, социально-экономическое развитие, цифровые технологии, региональное сотрудничество, национальная экономика, устойчивый экономический рост.

NEW OPPORTUNITIES FOR REGIONAL COOPERATION IN THE FIELD OF SUSTAINABLE ECONOMIC GROWTH

The introduction of digital technologies into all sectors of the national economy is the main direction of the National Program for the Socio-Economic Development of Turkmenistan for 2022–2052 and the Program for the Socio-Economic Development of the Country for 2022–2028. This is one of the necessary conditions for the state to reach the level of developed countries and ensure stable rates of economic development.

Turkmenistan is doing a lot of work to intensify multilateral relations with the countries of the world, including with international organizations. In order to develop effective cooperation with specialized UN agencies, Turkmenistan is taking appropriate actions to further strengthen mutually beneficial relations in the political, diplomatic, trade, economic, cultural and humanitarian spheres.

Key words: economy, socio-economic development, digital technologies, regional cooperation, national economy, Sustainable Economic Growth.

Gyzylgül Gurbanmuhamedowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy

MILLI YKDYSADYÝETIŇ ÖSÜŞ KUWWATY

Milli ykdysadyýet her bir ýurduň jemgyýetçilik we ykdysady gurluşynyň esasyny emele getirýär. Ýurduň ykdysady ösüşi, onuň ykdysady kuwwaty we durnukly ösüşi, jemgyýetiň ösüş derejesini we adamlaryň ýaşaýyş derejesini kesgitleýär. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow: «Biziň maksatlarymyz ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy hem-de durmuş-ykdysady ösüşi üpjün etmekden ybaratdyr» diýip belleýär [1; sah. 27].

Milli ykdysadyýetiň ösüş kuwwaty, diňe içki potensiallary däl, eýsem halkara ykdysady gatnaşyklaryny hem öz içine alýar. Şeýlelikde, nusgawy kesgitlemä görä, milli ykdysadyýet – bu haýsy hem bolsa bir döwletiň içinde amala aşyrylýan ykdysadyýetdir [2; sah. 89].

Milli ykdysadyýetiň ösüş kuwwatynyň esaslary ýurt içindäki ykdysady resurslaryň netijeli we durnukly ulanylyşyna daýanýar. Bu kuwwatyň esasy faktorlary hökmünde ösen infrastrukturany, adam resurslaryny, innowasiýalary we tehnologiýalary, maliýe bazaryny, ählumumy senagatlaşmagy mysal getirmek bolar.

Logistika, aragatnaşyk, energetika we ulag ulgamlarynyň ýokary derejede bolmagy eksport-importyň, iş mümkinçiliklerniň artmagyna we ýerli bazarlaryň ösmegine ýol açýar. Munuň özi, daşary ýurt maýalarynyň çekilmegine, täze iş orunlarynyň döredilmegine we netijede ykdysady ösüşiň durnuklylygyny üpjün etmäge kömek edýär. Şunda Türkmenistanyň ykdysadyýetine maýa goýumlary çekmek boýunça halkara forumlaryň ençemesiniň geçirilendigini we munuň oňyn netije berýändigini aýratyn nygtamak gerek.

Among the Turkmens, the development of shipbuilding was also contributed by fishing, oil, ozokerite and salt trade. It is also possible that this is connected with the movement of Kyyat Han from Gasan-Kuly here around 1820. Kyyat Han significantly increased the oil production and trade in Cheleken [10–290; 292]. Kyyat Han settled in Cheleken and engaged in oil extraction and trade. After popularizing this profession, he soon accumulated a considerable fortune. In 1836, 1,500 of the 3,000 wells belonged to the Kyyat Han family. All this shows that Kyyat Han's commercial activities were quite diverse and covered a large area of the Caspian Sea basin [5–310]. Until the mid-1930s, it had almost free access to the large oil and salt market in Northern İran. The plans and intentions of Kyyat Han opened up profitable horizons for the development of the fishing industry, oil production, ozokerite and salt production both for Russian merchants and among the Turkmens. The merits of Kyyat Han in this regard were also noted by the Governor of the Caucasus G. V. Rosen. «Kıyat Bek,» he wrote, «was the first to open to the Russian merchant Gerasimov the possibility of entering into industrial and commercial relations with the Turkmens living on the eastern coast of the Caspian Sea and even to sign with them a contract for the supply of fish and glue... Thanks to Kyyat, the Turkmens wanted only one thing: to establish the closest commercial and industrial relations with us.» The signing of the «industrial agreement», which stipulated the obligation of the Turkmens to supply unlimited quantities of fish and fish products in exchange for cash and various products and goods for a period of 10 years, undoubtedly marked a new stage in the development of commercial and economic relations between the Turkmens and Russia. This is not just an occasional exchange of goods, but a systematic trade based on a negotiated contract for the future [3–175].

In the 30s and 40s of the 19th century, trade, economic and political ties between the Hazar Turkmens and Russia were growing stronger. These mutual relations, which were expanding and strengthening on the basis of fair and good neighbors, caused concern in the ruling circles of İran and the Hyva Khanate. Although the

Shah of İran, Muhammet, was on good terms with Russia at the time, he did not want Russian influence to grow among the Turkmens on the southeastern coast of the Caspian Sea. On the other hand, Hyva Han was trying every way to subjugate the Etrek Turkmens.

The rulers of İran considered the Hazar Turkmens as their subjects, but the Turkmens never submitted to them and adopted an uncompromisingly hostile attitude towards İran. The commercial entrepreneurial activity of Kyyat Han in the region led to the competition with him of the Persian-born Astrakhan merchant Mir Abutalyp Mir-Bagirov. This initially developed in the form of a secret showdown between two successful merchants. However, it gradually went beyond the struggle of commercial rivals and began to take on the character of hostile actions that somehow affected the interests of the Turkmen population of İran on the southeastern coast of the Caspian Sea [3–170].

Participation in the competitive struggle in the field of trade, which was somehow connected with the economic and political interests of the Shah of İran and Tsarist Russia, ended sadly for Kyyat Han and some members of his family. Kyyat Han and his sons could not even accept that the Tsar and the governors of the Caucasus, who had once welcomed them with open arms and valuable gifts, could imprison and oppress them. When Kyyat Han's eldest son, Yagshy Muhammet, appealed to the Tsar with a petition about the unexpected violence shown to them, they thought that he and his father had been subjected to a misunderstanding [3–193; 195]. Their trust and loyalty to the Tsar's administration were so great that they could not suspect a secret conspiracy between the Tsar and the Shah against them [7–215; 216] and that their cause and interests were being betrayed.

Although sometimes he was criticized for the struggle with external rivals, Mir-Bagirovs, Gerasimovs, Sudjayevs, A. I. Yagulov, for the sake of personal enrichment, within the Turkmen society Kyyat Han put the interests of the people first, in many cases replacing them with his own personal interests [3–195]. All this led to the terrible isolation of Kyyat Han and his sons, their deaths in royal prisons and trenches.

Conclusion

In the 19th century, during the reign of Kyyat Han, the Hazar Turkmens became more active in foreign policy relations. Despite their selfless struggle against foreign invaders, they were forced to recognize foreign power at various periods of their history. The freedom-loving and altruistic Turkmen tribes were mostly devoid of organization, centralized power, and intertribal communication.

The necessary prerequisites for the creation of a national idea and an administrative apparatus existed, but due to geographical fragmentation and the absence of a generally accepted leader, these were not possible. Aware of this, Kyyat Han thought that in this sense, at a time when there was no unity in the

society surrounded from all sides, it would be beneficial for them to get closer to Tsarist Russia. For the sake of objectivity, it should be admitted that in the eyes of local leaders, in the tense atmosphere of regional political conflicts, one of the conditions for the Turkmens to be able to protect themselves was their attempts to accept Russian citizenship, which had been requested many times in St. Petersburg since the beginning of the 19th century. However, recently, there have been changes in the policy of the Tsarist government towards independent Turkmens, who had long sought protection from it and tried to obtain Russian citizenship. In particular, the close contacts established with İran and the publication of declarations stating that the Turkmens in the region were İranian subjects show that Kyyat Han was discredited. The Tsar's making such a sharp turn seems to confirm that his strategic course is now İran. The Turkmens now realized that no state protection would benefit them, as in the case of Kyyat Han. The Turkmens now actively resisted their traditional enemies – the Persians and Hyva, and later their new rivals – the Russians, and showed themselves to be selfless warriors, ready to sacrifice much to preserve their independence, and this also served as an exemplary case in terms of the formation of national character traits and learning to protect their people in the conditions of geopolitical interaction between world and regional powers.

REFERENCES

1. *Agayev H.* (1965) Vzaimootnošeniâ prikaspijskih turkmen s Rossiej v XIX veke. (Do prisoedineniâ k Rossii). Turkmenizdat: – Ashabad.

2. (1879) Amu i Uzboy. Pechatano v Samarskoj Gubernskoj Tip: Samara.

3. *Annanepesov M*. (1981) Ukreplenie russko-turkmenskih vzaimootnosheniy v XVIII–XIX vv. – Ashabad: Ylym.

4. *Bogdanova M.N*. (1883) Zapiski Imperatorskogo Russkogo geografičeskogo obŝestva po obŝej geografii. T. 10 (Puteshestviya G. S. Karelina po Kaspijskomu morû). Tip İmperatorskoj Akademik Nauk: Sankt-Peterburg,

5. *Karryev Aga, Moshkova V. G., Nasonov A. N., Yakubovskiy A*. (1954) Ocherki iz istorii turkmenskogo naroda i Turkmenistana v VIII–XIX vv.: materialy dlâ obsuždeniâ. B. Ashabad.

6. *Kuznecova N. A*. (1983) İran v pervoy polovine XIX veka. Nauka: – Moskva.

7. *Nikonov O. A*. (2009) *Yugo-Vostochny Kaspiy V Politicheskoy Strategii Rossijskoy Imperii V Pervoj*. Prepodavatel XXI vek, № 4. (1) S. 214–222.

8. *Pochekaev R. YU.* Uchastniki rossijskih morskih èkspedicij o meždunarodno-pravovom položenii kočevnikov Vostočnogo Prikaspijâ v XVIII–XIX vv. Novoe prošloe, 2019. № 4 S. 132–145.

9. *Roslyakov A. A.* (1956) Kratkiy ocherk istorii Turkmenistana (do sosiedeniya k Rossii), Turkmengosizdat: – Ashgabat.

10. Russko-turkmenskie otnošeniâ v XVIII-XIX vv. (Do prisoedineniâ Turkmenii k Rossii). Sbornik arhivnyh dokumentov [Vved. M. Annanepesova, s. 6-22]; Ašhabad, Izd-vo Akad. nauk Turkmen. SSR, 1963.

11. *Vasilev S. D.* (2021) Turkmeny v kontekste regional'noj vnešnej politiki v Centralnoy Azii pervoy polovini XIX v. Oriental studies, № 4 (14) S. 658–672.

12. *Yudin M. L*. (1913) *Načalo snošenij s turkmenskim narodom.* Tip. St. Turkestank. Voen. Okruga: Tashkent.

РОЛЬ КЫЯТ-ХАНА В ОТНОШЕНИЯХ МЕЖДУ РОССИЕЙ И ХАЗАРСКИМИ ТУРКМЕНАМИ В НАЧАЛЕ XIX ВЕКА

В данной статье рассматривается политика, проводимая русскими в начале XIX века для укрепления своих позиций в Прикаспийском регионе, а также борьба с иранцами и хыва, традиционными врагами туркмен, проживавших в этом регионе. Рассматривается дипломатическая, торговая и военная деятельность Кыят-хана, занимавшего важное место среди хазарских туркмен, в отношениях с Россией. Хотя доверие и поддержка, полученные им в результате встреч с русскими, подготовили Кыят-хана к борьбе с Ираном, следует отметить, что в последующие годы Россия отказалась от него.

Ключевые слова: Российская империя, туркмены, Прикаспийский регион, торговля, Кыят-хан, Иран, дипломатия.

XIX ASYRYŇ BAŞYNDA RUSSIÝA BILEN HAZAR TÜRKMENLERINIŇ ARASYNDAKY GATNAŞYKLARDA KYÝAT HANYŇ ORNY

Bu makalada Russiýanyň XIX asyryň başynda Hazar sebitindäki ornuny berkitmek üçin alyp baran syýasaty we türkmenleriň şol döwürdäki duşmanlary bolan Eýran we Hywa hanlyklaryna garşy göreşler barada gürrüň berilýär. Şeýle hem Hazar türkmenleri bilen Russiýanyň arasyndaky gatnaşyklarda möhüm orny eýelän Kyýat Hanyň alyp baran diplomatik, söwda we harby syýasatynyň üstünde seljeriş işleri geçrilýär. Ruslar bilen geçiren köpsanly duşuşyklarynyň netijesinde gazanan ynamy we goldawy Kyýat Hany Eýran bilen söweşe taýýarlady, emma soňky döwürlerinde Russiýanyň ondan ýuz öwürendigi görünýär.

Açar sözler: Russiýa imperiýasy, türkmenler, Hazar sebiti, söwda, Kyýat Han, Iran, diplomatiýa.

Jeren Baltaýewa,
Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň mugallymy

TÜRKMEN ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATYNDA PARAHATÇYLYGYŇ ÇEPER BEÝANY

Türkmen şekillendiriş sungatynda parahatçylygyň, dost-doganlygyň, asuda durmuşynyň waspy giňden beýan edilýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat yzygiderli durmuşa geçirilmek bilen, ýurdumyzda halkara derejedäki medeni hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi ugrunda ähli şertler döredilýär. Halkara guramalary, dünýä döwletleri bilen gatnaşyklar nusgalyk derejede alnyp barylýar. Alym Arkadagymyz şeýle belleýär: «Türkmen Bitaraplygy – bu parahatçylygyň ýoludyr, biziň planetamyzyň ähli halklarynyň dostluk we doganlyk ýoludyr» [1; sah.20].

Türkmen suratkeşleriniň dürli ýurtlara eden saparlarynyň dowamynda döreden eserleri dünýä halklarynyň özara medeni gatnaşyklarynyň aýrylmaz baglanyşygyny, günsaýyn pugtalanýan dost-doganlyk gatnaşyklaryny şöhlelendirýär. Şunuň bilen baglylykda, Ýarly Baýramowyň nakgaş eserlerinde Germaniýanyň Maýn derýasynyň kenary, Frankfurt şäheriniň gözelligi, Işanguly Işangulyýewiňkide Hindistanyň, Kipriň, Türkiýäniň, Mongoliýanyň, Hytaýyň binagärlik peýzažlary, Öwezmuhammet Mämmetnurowyň işlerinde Wenesiýanyň, Dubaýyň, Amsterdamyň özboluşly medeniýeti we üýtgeşik howasy dürli taslama çözgütleriň, reňk sazlaşygyň, çeper akymlaryň esasynda şekillendirilýär. Halypalaryň peýzažlarynda minutsaýyn üýtgäp durýan tebigatyň, ýagtylyk we reňk meselesinde täsin özgerişlikler bolup durýandygy, parahatçylyk, ýaşaýşyň dowamlylygy, tebigatyň ilkinji täsir galdyryjy güýji, gaýtalanmajak haýran galdyryjy häsiýeti suratlandyrylýar.

Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň başlygy, görnükli nakgaş Çarymyrat Ýazmyradowyň «Kipr owazy», «Amasýa. Sagat diňi», «Hataý. Köne köçe», «Hataý – mozaik şäher», «Altyn ybadathanasy. Hindistan» atly eserlerinde taslama çözgütleriniň ýitiligi, çyzykly perspektiwanyň düzgünleri, reňk ekspressiýasy ýüze çykýar. Suratkeşiň «Hataý – mozaik şäher» atly eserinde suratlandyrylan dar köçäniň täsin gözelligi ýyly we sowuk reňkli mozaika böleklerinden düzülen ýaly täsir edýär. Gündiziň ýagtylygyny çekmekde suratkeş ýiti, doýgun we gyzgyn reňkleri ulanýar.

Taryhy eserleri bilen belli bolan nakgaş Azat Myradowyň «Registan» atly üçleminde, «Samarkant», «Arabystan», «Beýik binalar görner» ýaly suratlarynda diňe bir Gündogar ýurtlarynyň täsin binagärlik ýadygärlikleri, gözel ýerleri däl-de, eýsem üýtgäp durýan howa gurşawynyň aýratynlygy çeperçilik-duýgy aýdyňlygy bilen sazlaşykda görkezilýär. Ol öz eserlerinde suratyň tebigy bolmagyna we reňkleriň dürli öwüşgini bilen biri-birine sazlaşygyny döretmäge çalşypdyr.

Özbegistanyň gözel peýzažlary modernistik akymlarynda çekýän Mämmet Ýarmämmedowyň, realizmiň täsin serişdelerini peýdalanýan Rahman Umarowyň, ýiti reňk öwüşginleri bilen tapawutlanýan Rustam Abdullaýewiň döredijiliginde beýan edilýär. Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň zehinli talyby Durdymuhammet Pirowowyň «Etýud. Waşington», «Etýud. Santa-Fe. Taos» ýaly peýzažlary ýaş suratkeşiň 2023-nji ýylda ABŞ-da bolan saparyň dowamynda döräpdir. Türkmen suratkeşleriniň daşary ýurtlarynda bolup, dünýäniň medeniýetini we sungatyny wasp etmekde, tebigat bilen baglanyşykly bagtly pursatlaryny özleriniň döredijiliginde siňdirmegini ussatlyk bilen şöhlelendiripdirler.

Türkmenistan dünýäde döreýän ähli meseleleri parahatçylyk, syýasy-diplomatik usullar bilen çözmek ugrunda çykyş edýär. Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» atly kitabynda şeýle belleýär: «Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynda ata-babalarymyzyň adamzadyň şöhratly taryhyna ýazan durmuş hakykaty ýaşaýar» [2; sah. 33]. Ýurdumyzyň ynsanperwer, öňdengörüjilikli syýasaty, ýeten sepgitleri, gurlup, ulanylmaga berlen ajaýyp binalaryň, ýaşaýyş jaýlaryň, seýilgähleriň, suw çüwdürimleriniň dürli görnüşlerini şöhlelendirýän täsirli eserler türkmen şekillendiriş sungatynda öz mynasyp beýanyny tapýar. Aşgabat şäherinde ýerleşýän Konstitusiýa binasynyň esasynyň üstünde dört burçda şaha ýaýyp oturan ýaş nahallara meňzeş altyn öwüşginli sütünlere gondurylan parahatçylyk guşlarynyň – kepderileriň heýkeljikleri ýurdumyzda ýöredilýän parahatlyk söýüjilikli syýasaty şöhlelendirýär [3; sah. 55].

Görnükli türkmen nakgaşy Rejepberdi Muhammedowyň «Watan waspy» atly eserinde skripka saz guralyny çalyp duran ýetginjek oglanyň keşbi birinji meýilnamada şekillendirilipdir. Ýaş sazanda mähriban Watanymyzyň Garaşsyzlygy we hemişelik Bitaraplygy ýaly mukaddeslikleri wasp edýär. Eseriň ýokarky sag burçunda suratlandyrylan gapylygyň bir bölegi Diýarymyzyň üstünliklerini açýan açyk gapylary alamatlandyrýar. Taslamanyň ýagty reňk çözgüdi türkmeniň azatlyk, bagtyýar durmuş hakyndaky asyrlarboýy eden arzuwlaryň hasyl bolandygyny şöhlelendirýär. Şemşat Mämmedowanyň «Bitaraplyk çemeni» atly nakgaş işinde Köpetdagyň eteginde ýerleşen Bitaraplyk binasy suratlandyrylypdyr. Ýaş nakgaş eseriň birinji meýilnamasynda ýerleşdirilen natýurmortynda bereketli topragymyzyň baý hasylyny, türkmen amaly-haşam sungatynyň nepisligini we güldanyň içinde duran dürli reňkli güllerden düzlen çemeniň owadanlygyny synlamaga gelen ak kepderini hakykylyk bilen çekýär.

Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň talyplarynyň we uçurymlarynyň döredijiliginde döwrebap temalar, aýratyn hem, parahatçylygy, dost-doganlygy wasp edýän eserler uly orun tutýar. Hanmyrat Hanowyň «Parahatçylyk» atly peýzažynda paýtagtymyzyň dag eteklerinde parahatçylygyň nyşany hasaplanylýan ak kepderileriniň dynç alýan we asuda asmanda uçup duran pursady görkezilen. Täzegül Joraýewanyň «Jan Watanym Türkmenistan» atly eserinde bolsa

Aşgabadyň günortasynda ýerleşýän, şeýle hem kepderileriň ganatlaryny ýaýyp duran şekilleri bilen bezelen ýer şarynyň suraty bilen gutarýan «Abadançylyk» binasynyň daş-töwereginde dynç alýan raýatlarymyzyň watansöýüjiligini we ruhubelentligini wasp edýär. Şeýle hem Merjen Hojagulyýewanyň «Ak şäherim Aşgabat», Ýazgeldi Jumagulyýewiň «Ak şäherim» ýaly nakgaşlyk eserleriniň taslamalary Aşgabadyň gözel peýzažynyň esasynda düzülipdir.

Ýaş nakgaş Begenç Nobatow «Täze şäher» atly işinde monumental nakgaşlygynyň çeperçilik serişdelerini peýdalanyp, Aşgabat şäheriniň binagärligini bir bütewi taslamada jemleýär. Gyzyl, sary, gök, benewşe reňkleriň sazlaşygynda düzülen eseriň merkezinde çekilen «Abadançylyk» binasy ýurdumyzda alnyp barylýan parahatçylyk söýüjilikli syýasatynyň, parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň bähbidine gönükdirilen başlangyçlaryň nyşanydyr. Ýazgeldi Jumageldiýewiň «Laçyn» atly şäher peýzažynda aýly gijäniň ýerliginde Aşgabat halkara aeroportynda uçuş ýodanyň üstünden galýan uçaryň şekili suratlandyrylyp, hemişelek Bitarap Türkmenistanyň dünýä döwletleriniň arasynda ylalaşdyryjy, sebitde howpsuzlygy, durnukly ösüşi berkidiji, hoşniýetli dostluk gatnaşyklary ösdürýän merkezdigini şöhlelendirýär. Taslamanyň yzky meýilnamasynda ýerleşdirilen ak mermerli binagärlik desgalary dürli reňkleri bilen öwsüp durmagy bilen birinji meýilnamada görkezilen yşyklaryň ýagtylygy bilen sazlaşykly seredilýär.

Nakgaşlyk sungatynyň owadan reňk çözgüdi Agaberdi Rejepowyň «Watana bolan söýgi» atly eserinde peýdalanylýar. Birinji meýilnamasynda suratlandyrylan belli atşynas Pygy Baýramdurdyýew Akhan bedewine atlanyp, tomaşaçylara tarap ýakymly ýylgyryşy bilen seredýär. Olaryň öňünde bolsa parahatçylygyň nyşany hökmünde üç sany akja kepderiler tegelek halka görnüşinde uçup durmagy hem Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň ýokary halkara abraýynyň hem-de ýurdumyzyň öňe sürýän netijeli başlangyçlarynyň ählumumy ykrarnama eýe bolýandygyny alamatlandyrýar. Taslamanyň yzky meýilnamasynda bolsa, Aşgabadyň iň gözel binalaryň keşpleri we asuda asmana galýan dürli reňkli şarlary bagtyýarlyk döwrüniň özgertmelerini we ösüşlerini şöhlelendirýär. Parahatçylyk söýüjilikli, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgeleriniň Türkmenistanyň daşary syýasatynyň özenidigini şöhlelendirýän eserleriň biri Yhlas Allanazarowyň «Bedew baýramy» atly temalaýyn nakgaşlyk işidir. Köp şekilli taslamanyň mazmuny ýurdumyzyň medeni durmuşyndan alnan hakyky wakalara esaslanan. Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynyň girelgesiniň öňünde türkmen bedewiniň syrdamlylygyna we gözelligine synlaýan arap, hindi, hytaý we beýleki halklarynyň wekilleriniň türkmen halky bilen bilelikde Türkmen bedewiniň milli baýramyna bagyşlanan dabaralara işjeň gatnaşýanlygyna göz ýetirmekde diňe bir taslamanyň çözgüdi däl-de, eýsem owadan reňk sazlaşygy hem uly orun tutýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan ulag geçelgelerini döredýär, awtomobil we demir ýol, howa we deňiz gatnawlarynyň ugurlary giňeldýär, ählumumy parahatçylygyň pugtalandyrylmagyna, sebitde durnukly ykdysady ösüşe ýardam edýär. Şunda gämi gatnawlary hem-de Türkmenbaşy şäherindäki Halkara deňiz porty möhüm orun eýeleýär. Ýaş nakgaş Zakirjan Babaýewiň Halkara deňiz portuna bagyşlanan nakgaşlyk eserlerinde tebigatda bolup geçýän hakyky hereketi, ýagtylygyň we howanyň arabaglanyşygy, adam sudurlaryň peýzaž bilen sazlaşygy hakykylyk bilen şekillendiripdir. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň gaýtalanmajak deňiz peýzažyny Agaberdi Rejepowyň «Awazanyň owazy» nakgaşlyk eserinden synlap bolýar. Hazar deňziniň owadanlygyny Öwezmuhammet Mämmetnurowyň «Awaza», Daňatar Çaryýewiň «Hazar», Kamil Weliahmedowyň «Hazar», Abadangözel Çaryýewanyň «Deňiz», Annagylyç Mämmetgulyýewiň «Awaza» ýaly nakgaşlyk işlerinde, Ada Gutlyýewiň «Awazanyň çarlaklary», «Ýaşyl deňiz» şekilli halylarynda deňziň gözelligi, giňişligi, tolkunlaryň aýlawlary we hereketi hakyky ýaly görkezilýär.

Türkmenistanyň heýkeltaraşlygynda abadan, parahat durmuşyny wasp edýän eserleri ähmiýetli orun tutýar. Türkmenistanyň halk suratkeşi Saragt Babaýew we onuň şägirtleri Patdyk Patdykow, Serdar Agaýew, Ahat Mälikow bilen bilelikde ýerine ýetirilen «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» atly heýkel taslamasynda Ýer şarynyň daşyny gurşaýan Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň we BMG-niň baýdagynyň ujuna birikdirilen iki sany kepderileriň şekilleri hem-de batly çapyp barýan bäş sany ahalteke atynyň syrdam keşpleri dag gerişlerini ýatladýan esasynda ýerleşdirilipdir. Ussat halypa keşpleriň inçe öwüşginlerine, hereketleriň hakykylyk bilen teswirlemegine uly üns berip, heýkel eserini işläp taýýarlamakda ýiti duýgurlyk häsiýetlerini siňdirýär. Heýkeliň ýüzünde görkezilen «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» we «Atda wepa-da bar, sapa-da» ýaly setirler taslamanyň düýp mazmunyny açmaga uly ýardam berip, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjiligi syýasatyny aýdyň şöhlelendirýär. Aşgabat şäherini ösdürmegiň 16-njy nobatdaky tapgyrynyň maksatnamasynda türkmen halkynyň buýsanjy, milli gymmatlygymyz wepaly dostlugy alamatlandyrýan türkmen alabaýynyň binasyndaky heýkelini hem ussat heýkeltaraş tarapyndan döredilipdir. Ussadyň döredijiligine ser salanymyzda, onuň 2017-nji ýylda hem Aşgabat şäheriniň Olimpiýa stadionynda «Aşgabat 2017-niň» şekili hökmünde saýlanan, dostlugyň, myhmansöýerligiň, göwnaçyklygyň nyşany bolup durýan Wepalynyň keşbindäki heýkelini döredendigine göz ýetirýäris.

Ýaş heýkeltaraş Ahmet Gurbangeldiýew «Parahatlyk buýsanjy» heýkel taslamasynda oglanjyk sag elinde kepderini oturdyp, oňa uly mähir we buýsanç duýgulary bilen seredýär. Şeýlelik bilen, bu oglanjyk ýaş neslimiziň nyşany hökmünde kabul edilip, kepderi bolsa Türkmenistanyň sebitde we dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy berkitmek boýunça Bitaraplyk ýörelgelerini öňe sürýändigini aňladýar.

Grafika sungatynyň dürli görnüşlerinde ýurdumyzyň bitaraplyk syýasatyny wasp edýän Fatima Hanowanyň «Parahatçylyk» atly plakatynda, Gaýgysyz Durdymyradowyň «Parahatçylyk natýurmorty» atly stanok grafikasynda şöhlelendirilýär. Gyzylgul Hudaýberdiýewanyň «Türkmen sirki» atly grafika eseriniň merkezi böleginde Türkmenisanyň Döwlet sirkiniň arenasynda çykyş edýän «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary şekillendirilýär. Mälim bolşy ýaly, bu topar daşary ýurtlarda geçirilen sirk çykyşlaryna birnäçe gezek gatnaşdy we abraýly halkara baýraklarynyň ýeňijisi boldy. Muňa aýdyň mysallaryň arasynda 2025-nji ýylyň başynda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary Monte-Karloda geçirilen 47-nji halkara sirk sungaty festiwalynda ýeňiş gazanyp, Altyn baýraga we beýleki ýörite baýraklara mynasyp boldy. Bu sungat arkaly halklaryň arasyndaky medeni alyş-çalşyň we jebisligiň ähmiýeti suratlandyrylýar. Ýaş suratkeş dürli grafiki materiallardan peýdalanyp, bedewleriň gözelligini we nepisligini, at çapyşyklaryny, at çapýan ýigitleriň we gyzlaryň ussatlygyny görkezýär.

Türkmen suratkeşleriniň döredijiligi Watanymyzdaky ösüşleri dünýä jemgyýetçiligi bilen bilelikde sazlaşykly gurnalýandygyny, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň sebitara hoşmeýilliligi we parahatçylygy üpjün etmekde möhüm ähmiýete eýe bolýandygyny şöhlelendirilip, Diýarymyzyň asuda, agzybir, bagtyýar durmuşy, dost-doganlyk gatnaşyklary täze eserleriň döremegine itergi berdi.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bitarap Türkmenistan. – Aşgabat: TDNG, 2015.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany. – Aşgabat: TDNG, 2020.
3. Aşgabat – söýginiň we umytlaryň şäheri. – Aşgabat: TDNG.

ХУДОЖЕСТВЕННОЕ ВОСПРОИЗВЕДЕНИЕ МИРА В ТУРКМЕНСКОМ ИЗОБРАЗИТЕЛЬНОМ ИСКУССТВЕ

В статье даётся искусствоведческий анализ произведений, отображающих мир и дружбу в различных видах туркменского изобразительного искусства. Определяются содержание, конструктивно-цветовое решение, художественные приёмы произведений живописи, скульптуры и графики. Отмечается, что творчество туркменских художников отображает мирную и счастливню жизнь в нашей страны, дружеские и братские отношения.

Ключевые слова: изобразительное искусство, мир, культурное сотрудничество, художник, труд, творчество.

ARTISTIC REPRESENTATION OF THE PEACE IN TURKMEN FINE ARTS

The article provides an art analysis of works depicting peace and friendship in various types of Turkmen fine art. The content, design and color scheme, artistic techniques of painting, sculpture and graphics are determined. It is noted that the work of Turkmen artists reflects the peaceful and happy life in our country, friendly and fraternal relations.

Key words: fine arts, peace, cultural cooperation, artist, work, creativity.

Jennet Hommadowa,
S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy

Muhammetmyrat Annamämmedow,
S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy

GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ, ARKADAGLY GAHRYMAN SERDARYMYZYŇ YNSANPERWER PIKIRLERI HALKARA PARAHATÇYLYGYŇ BINÝADYDYR

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň her bir alyp barýan asylly syýasatynyň sakasynda türkmen halkyna, topragyna, Watanyna bolan söýgüden doly pähim-parasatly alnyp barylýan bimöçber aladalar bardyr. Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynda: «Watana söýgi – halka söýgi. Bu ýöne bir dörän jümle däl. Watanyň öý-ojakdygyny, ýaşaýan, okaýan, işleýän ýeriňdäki adamlardygyny durmuşyň özi görkezýär. Halkyň jebisligi, adamlaryň özara ynamy kemala gelip, umumy maksadyň hatyrasyna beýik işler amala aşyrylýar» [3; sah. 8] diýip aýdýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyz Watanymyzyň gülläp ösüşiniň rowaçlanmagyny halkymyzyň birek-birege ynanyp jebisleşmeginde görýän bolsa, dünýäde ösüşiň, asudalygyň dabaralanmagyny döwletleriň birek-birege ynanyp, jebisleşmegine amala aşjakdygy hakyndaky pikirleri öňe sürmek bilen Türkmenistanyň başlangyjy esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde 2025-nji ýyl – «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi türkmen halkyny buýsanja besledi.

Ata-babalarymyz elmydama parahatçylyk, agzybirlik, ýakyn we has alysdaky döwletler bilen hoşniýetli gatnaşyklar, iki tarapa hem peýdaly hyzmatdaşlyk barada arzuw edip gelipdirler. Geçen nesilleriň arzuwlary, pähim-paýhasy hem döwletimiziň ösüş nusgasyny kesgitleýär. Dünýäde uly goldawa eýe bolan parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk hem-de oňyn Bitaraplyk ýurdumyzyň türkmen

halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän daşary syýasatynyň özenini düzýär.

Gahryman Arkadagymyz «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly kitabynda halk paýhasynyň parahat ýaşaýyş bilen baglylykdaky ähmiýeti dogrusynda söz açýar. Şükür bagşy hakyndaky döredilen sungat eseri esasynda halkymyzyň asyrlarboýy ygrarly bolan ýol-ýörelgeleri dogrusynda beýan edýär. Kitapda şeýle ajaýyp jümle bar: «Gural öz-özünden iş bitirmeýär. Şükür bagşy «At-ýaragyň bitirýän işini dutar bitirip bilmezmi-diýip soraýar. Başyna iş düşende şu soraga onuň bütin ömrüniň manysy jem bolýar. Bu soragyň jogabyny bilýäris. Ýöne sazanda bolmasa, dutar neýlesin, üstünde mert ýigit bolmasa, at neýlesin, esger bolmasa, ýarag neýlesin. Şükür öz sazyna asylly pikirleri we ajaýyp duýgulary siňdirip, olary beýleki adamlara ýetirmegi öwrenipdir. Biz hem Bitaraplyk syýasaty arkaly nurana ideýalary hem-de belent maksatlary durmuşa ornaşdyrmagy öwrenýäris» [1; sah. 63].

Gahryman Arkadagymyz «Parahatçylyk sazy, dostlyk, doganlyk sazy» atly kitabynda: «Şükür bagşy parahatçylygyň buşlukçysydyr. Ol parahatçylygy wagyz edýän müdimi keşpdir. Diňe parahat ýurtda gülläp ösüşler ýar bolýar. Diňe parahat ýurtda ykballar şowlap, topragyň baýlyk-bereketi halkyň bagtyýar ýaşaýşyna gönükdirilýär. Biziň döwlet Bitaraplygymyz halkymyzyň dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmagyň mümkinçiliklerinden ugur alýan düýpli taglymatdyr» [1; sah. 220] diýip aýdýar.

Ata-babalarymyz ýaşlaryň ynsanperwer, belent adamkärçilikli ynsanlar bolup ýetişmekleri üçin maşgalada tertip-düzgüniň, edep-ekramyň kadaly ýöredilmegini düzgünleşdiripdirler. Muňa biz halkymyzyň baý edebi mirasyna ser salanymyzda aýdyň göz ýetirýäris. «Gorkut ata» eposynda «Gyz eneden görelde almasa, öwüt almaz. Ogul atadan görelde almasa, saçak ýazmaz» diýen örän gadymy halk nakyly saklanyp galypdyr. Bu nakylyň manysy maşgalada ogul-gyzyň ata-enäni, özünden ululary hormatlap, olar tarapyndan düzgünleşdirilen ýol-ýörelgäni saklamalydygyny giňişleýin düşündirýär. Nakylda ululara sylag-hormat goýmaklygyň, olara eýermekligiň, ululardan görelde almaklygyň maşgala rysgal-döwlet getirýändigi aýdylýar.

Halkymyzyň arasynda döwletlilik düşünjesi örän giň manyny aňladýar. Sylaşyklylyk, agzybirlik, jebislik we ýene-de birnäçe bagtyýarlygy, gurgunlygy aňladýan düşünjeler döwletlilik sözünde jemlenýär. Gahryman Arkadagymyz döwletlilik düşünjesiniň dünýä geregiçe akyl ýetirmek, ir düşünmek manysyna halk nakyllarynyň üsti bilen üns çekýär. Türkmen halk nakyllary mazmuny boýunça juda giň bolup, olarda türkmen halkynyň ýaşaýyş durmuşy, däp-dessurlary bilen bagly dürli temalar gozgalýar. «Ilim-günüm bolmasa, Aýym-Günüm dogmasyn», «Il bilen gelen toý-da, baýram» halk nakyllarynda çuňňur watançylyk beýan edilse,

«Göwün göwünden suw içer, gamyş – bogundan», «Bir gören tanyş, iki gören garyndaş» ýaly gadymy halk nakyllarynyň üsti bilen ata-babalarymyz ynsanperwer ýörelgeleri nesillere miras galdyrypdyrlar.

Türkmen halkynyň arasynda Oguz han zamanyndan bäri häli-häzire çenli dowam edip gelýän dostlukly gatnaşyk, goňşuçylyk dessuryny berjaý etmek, myhman kabul etmek, agzybirlik, maşgalada ata-ene hormaty we ýene-de birnäçe ynsançylyk gatnaşyklary bilen bagly milli ýörelgeleri halk nakyllarynyň üsti bilen nesilden-nesle geçip gelipdir. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz: «Oguz hanyň bagt, döwlet hakyndaky pähim-paýhasy durmuşyň özünde ýaşap ynamymyzda berkäpdir. Türkmen döwletliligi şu günüň bagtyýarlygydyr. Ol gadym oguz iliniň Berkarar döwletiniň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ygrar-ynamydyr» [2; sah.271] diýip aýdýar. Häzirki wagtda ata-babalarymyzyň milli ýörelgelerine esaslanýan döwletimiziň ynsanperwerlik syýasaty barha rowaçlanýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Magtymguly – dünýäniň akyldary» kitabynda: «Ýurdumyzyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamasy arkaly 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmeginiň özeninde hem Magtymguly Pyragynyň ynsanperwer pikir-garaýyşlarynyň bardygyny bellemek isleýärin. Çünki öz şygyrlarynda adamzat gymmatlyklaryny, ähli döwürler üçin derwaýys bolan agzybirlik ýörelgelerini öňe süren Magtymguly Pyragy parahatçylygyň hakyky waspçysydyr. Söz ussadynyň goşgularynyň özenini düzen ynsanperwer ideýalar bu gün Birleşen Milletler Guramasynyň bütin dünýäde parahatçylygy berkarar etmek baradaky esasy maksatlaryna laýyk gelýär» [4; sah.8] diýip, Magtymguly Pyragynyň umumadamzat bähbitli belent ideýalaryna ýokary baha berýär.

Akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň şygyrlary ýokary terbiýeleýjilik ähmiýeti bilen tapawutlanýar. Şahyryň edebi mirasy türkmen halkynyň müňýyllyklaryň dowamynda akyl gazanynda gaýnan ýiti pähim-parasatyny özünde jemlemek bilen umumadamzat ähmiýetlidir. Magtymguly Pyragynyň goşgularynda ähli döwürlerde ýaş nesilleri terbiýelemekde pedagogik gymmaty ýokary bolan dana pikirler aýdylýar.

Döredijiligi «Jemşidiň jamyna» deňelen akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň il-halkyň asudalygy, agzybirlik we jebislik, birek-birege sylaşykly garamak, Watana çäksiz söýgi ýaly ajaýyp ideýalary hemişe ähmiýetini ýitirmän gelýär. Şahyr «Döker bolduk ýaşymyz» goşgusynda:

Hydyr gezen çölde iller ýaýylsyn,
Ýurt binamyz gaýym bolsun, goýulsyn,
Çille mest nerlermiz barça aýylsyn,
Bir suprada eda bolsun aşymyz [6; sah. 18] –

diýip, türkmen halkynyň başyny jem edip biljek döwlet, asuda, erkana Watan islese, «Içen ýalydyr» goşgusynda:

Agzy ala bolan iliň,
Döwleti gaçan ýalydyr [6; sah. 233]

diýmek bilen, agzalalygyň döwletiň başyna geljek uly betbagtçylykdygyny aýdýar. Ýa-da: «Başdan dogrusy» goşgusynda:

Galmagaldan bela geler,
Ýagşy-ýaman bary biler,
Kimse aglar, kimse güler,
Gün çykar çäşden, dogrusy [6; sah. 268] –

diýip, goh-galmagaly, agzalalygy ýazgarýar.

Magtymguly Pyragy goşgularynda hoş sözüň gadyr-gymmadyna uly ähmiýet bermek bilen adamlary hoş sözli bolmaklyga çagyrýar. Adamzadyň birek-birek bilen sylaşykly, dost-doganlyk gatnaşyklaryny saklamagyny ündeýär. Şahyr «Ýoldaş bolan» goşgusynda:

Bir ýaman söz ýürek bular,
Ýagşyny älem arzuwlar,
Ýatdan çykmaz, görmek dilär,
Birewden köňli hoş bolar [6; sah. 252] –

diýip, adamzada hoş gylykly bolmaklygy, ýagşy söz aýtmak bilen adamlaryň gönüni götermekligi maslahat beryär. Bir ýaman sözüň adamlaryň gönüni ýykyp biljek pes häsiýetleriň iň ýaramazydygyny belleýär.

Akyldar şahyr Magtymguly Pyragy il başyna düşen işde mert ýigitleriň orta çykjakdygyny, kynçylykdan gaçmajakdyklaryny «Sil biläni» goşgusynda şeýle belleýär:

Belent daglaryň başynda,
Bulut oýnar sil biläni,
Goç ýigide toýdur-baýram,
Her iş gelse il biläni [6; sah. 256].

Şahyryň döredijiligi ata Watanyna bolan söýgüden doludyr. «Mert bolmaz» goşgusynda:

Eşit adam, dogan ilden,
Gaýry mähriban ýurt bolmaz [6; sah. 276] –

diýen setirlerde Magtymguly Pyragy Watana söýgüsiniň iň belent derejesini ussatlyk bilen wasp edýär. Akyldar şahyryň:

Magtymguly, sözle her ne bileniň,
Özüňe kemlik bil aýtman öleniň,

Taraşlap şaglatgyn köňle geleniň,
Senden soňkulara ýadygär bolar [5; sah. 179] –

diýip aýdyşy ýaly, nesillere miras galan dürdäne setirleri Watanymyzyň ýaşlaryny ata-babalarymyzyň ýol-ýörelgeleri esasynda terbiýelemekde gymmatly çeşmedir.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz: «XVIII asyrda Magtymgulynyň şygyrlary ruhy konstitusiýa hasaplanypdyr. Ol «Gözel ilim, sen diýip sökerem ýollar», «Saba turup, Watan, seni çaglar men», «Pyragy, Watan diýip, gan döker gözüm» diýen pikirleri ýygy-ýygydan gaýtalapdyr. Onuň azatlyk, erkinlik, parahatlyk baradaky pikirleri häzirki wagtda hem döwrüň çylşyrymly wakalaryna ýüzlenme bolup ýaňlanýar» [4; sah.60] diýip aýdýar.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Hakyda göwheri. – A.: TDNG, 2024.
3. *Serdar Berdimuhamedow*. Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – A.: TDNG, 2023.
4. *Serdar Berdimuhamedow*. Magtymguly – dünýäniň akyldary. – A.: TDNG, 2024.
5. Magtymguly. Saýlanan goşgular. – A: Türkmenistan, 1976.
6. Magtymguly. Saýlanan eserler. – A: MGI, 2012.

ГУМАНИСТИЧЕСКИЕ ИДЕИ ГЕРОЯ – АРКАДАГА И АРКАДАГЛЫ ГЕРОЯ СЕРДАРА – ОСНОВА МЕЖДУНАРОДНОГО БЛАГОСОСТОЯНИЯ

Для нашего народа понятие государственности имеет очень широкое значение. В нём сосредоточены понятия гармонии, единства, согласия и ряда других, аккумулирующего в себе понятие успеха и процветания. Герой – Аркадаг обращает внимание на значение понятия государственности для мира через народные пословицы. Сегодня гуманитарная политика государства, основанная на национальных принципах наших предков, становится все более популярной во всём мире.

Ключевые слова: народ, основа, гуманный, интернациональный.

HUMANE THOUGHTS OF OUR HERO – ARKADAG, OUR ARKADAGLY HERO SERDAR BASIS OF INTERNATIONAL WELFARE

The concept of statehood has a very broad meaning among our people. The concepts of harmony, unity and several other happiness and prosperity are concentrated in the word «statehood». Hero – Arkadag emphasizes the meaning of understanding the concept of statehood to the world through folk proverbs. Today, the humanitarian policy of the state, based on the national principles of our ancestors, is becoming more and more popular.

Key words: people, basis, humane, international.

Almanar Ýazberdiýewa,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy

Aýgül Ataýewa,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy

PARAHATÇYLYK WE YNSANPERWER GATNAŞYKLARYŇ MILLI WE UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI ÝÖRELGELERI

XXI asyrda halkara gatnaşyklarynda ynsanperwerlik we medeniýetleriň aragatnaşygy möhüm orun eýeleýär. Dünýä döwletleriniň özara düşünişmegini, medeni köprüleriň gurulmagyny we parahatçylykly gatnaşyklary ösdürmegi maksat edinýän medeni diplomatiýa häzirki zaman halkara diplomatiýasynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup çykyş edýär. Bu ugurda alnyp barylýan işleriň esasynda diňe bir döwletleriň arasynda däl-de, eýsem halklaryň, jemgyýetleriň arasynda hem ynanyşmak we hormat goýmak ýörelgeleri ýatýar. Türkmenistanyň alyp barýan parahatçylyk söýüjilik syýasaty hem medeni diplomatiýanyň häzirki zaman nusgasydyr. Medeni diplomatiýa – döwletleriň daşary syýasatynyň bir bölegi hökmünde beýleki ýurtlaryň halklary bilen medeni gatnaşyklar arkaly öz abraýyny ýokarlandyrmak, öz medeniýetini tanatmak, ynanyşma gurmak we hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin ulanylýan diplomatik gural bolup durýar. Ol diplomatiýanyň güýç ulanmaýan, «ýumşak güýç» («soft power») görnüşidir. Bu barada türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Parahatçylyk sazy, dostluk doganlyk sazy» atly kitabynda: «Häzirki zaman adalgalaryna salgylanyp aýdylanda, gadym döwürlerde hem öňüni alyş çärelerini ulanmak, şol sanda ýumşaklyk bilen harby kuwwatyňy görkezmek parahatçylygy gorap saklamakda gowy netije berýän, durnuklylygy üpjün etmäge ýardam berýän çäre bolup hyzmat edipdir» diýip bellemek bilen, türkmen halkynyň

ugurtapyjy bolup, ýumşaklyk bilen gatnaşygy ýola goýup bilen halkdygyny beýan edýär [1; sah. 35].

Taryhdan görnüşi ýaly, döwletleriň arasynda medeni gatnaşyklaryň taryhy müňýyllyklara uzaýar. Antik Gresiýada we Rim imperiýasynda artistleriň, ýazyjylaryň, alymlaryň syýahatlary arkaly medeni täsirler ýaýrapdyr. XIX asyrda bolsa medeni diplomatiýanyň döwlet syýasatynyň bir bölegi hökmünde ulanylmagyna başlanypdyr.

Türkmenistanyň alyp barýan bitaraplyk syýasaty bilen bilelikde medeni diplomatiýa hem onuň daşary syýasatynyň aýrylmaz bölegidir. Türkmenistanyň dünýä döwletleri bilen medeni gatnaşyklar guramagy, öz milli gymmatlyklaryny dünýä tanatmagy we daşary ýurtlaryň medeni mirasyna hormat bilen çemeleşmegi, medeni diplomatiýanyň ýokary derejede durmuşa geçirilýändiginiň subutnamasydyr. Bu barada Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Mertler Watany beýgeldýär» atly kitabynda: «Oguz hanyň parahatçylyk taglymatlaryny ösdüren beýik türkmen serkerdesi Baýram han Türkmen şeýle diýýär: «Kimdir birini ýeňmekden, onuň bilen ylalaşykda we agzybirlikde ýaşamak has güýçli sungatdyr» [2; sah. 263] diýip bellemek bilen, medeni diplomatiýanyň ähmiýetini sada we düşnükli dilde düşündirýär.

Türkmenistanda geçirilýän halkara çäreler – Halkara Nowruz güni, «Awaza» halkara festiwallary, «Amul – Hazar» rallisi ýaly medeni-sport çäreleri dünýä jemgyýetçiligine türkmen halkynyň myhmansöýerligini, açyklygyny äşgär edýär. Şeýle hem daşary ýurtlarda açylýan türkmen medeniýet merkezleri, halkara kitap sergilerine gatnaşmak we Medeniýet günleriniň geçirilmegi Türkmenistanyň medeni diplomatiýanyň giň gerimleýin strategiýasyny amala aşyrýandygyny görkezýär.

Her bir halkyň ynsanperwer gatnaşyklara bolan çemeleşmesi onuň milli ruhy gymmatlyklary bilen berk baglanyşyklydyr. Türkmen halkynyň taryhynda beýleki halklara açyklyk, myhmansöýerlik, kömek etmek ýaly ynsanperwer ýörelgeler möhüm orun tutýar. Türkmen pähim-paýhasynda «Adamçylykdan uly baýlyk ýok» diýen ýörelge nesilden-nesle geçip gelýär. Bu ýörelgeler diňe bir türkmen jemgyýetiniň içinde däl, eýsem halkara derejesindäki gatnaşyklarda hem öz beýanyny tapýar. Türkmenistanyň beýleki ýurtlara ynsanperwer kömek bermegi, parahatçylyk başlangyçlaryny öňe sürmegi, daşary ýurtlaryň ejir çeken halklaryna goldaw bermegi ýurduň ynsanperwer syýasatynyň aýdyň beýanydyr.

Medeni diplomatiýa arkaly öňe sürülýän ynsanperwer gatnaşyklaryň umumadamzat ähmiýetli ýörelgeleri häzirki döwür üçin möhüm bolup durýar. Ol ýörelgeleriň hatarynda parahatçylykly gatnaşyklaryň esaslandyrylmagy, dini we medeni dürli-dürlüligiň hormatlanmagy, ynsan hukuklarynyň goralmagy we jemgyýetçilik deňligi, bilim, ylym we medeniýet arkaly halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi bar. Bu ýörelgeler diňe bir döwletara gatnaşyklar üçin däl, eýsem global meseleleriň çözgüdine hem ýol açýar.

Klimat üýtgemesi, pandemiýalar, migrasiýa krizisleri ýaly meselelerde medeni diplomatiýa arkaly halkara hyzmatdaşlygy güýçlendirmek mümkin bolýar. Medeni diplomatiýa häzirki zaman dünýäsi üçin zerur bolan hyzmatdaşlyk, düşünişmek we ynanyşmak gurallarynyň biridir. Türkmenistanyň halkara giňişlikdäki işjeňligi onuň medeniýet arkaly dünýä bilen gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berýändigini görkezýär. Ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmek bilen, döwlet diňe bir öz abraýyny ýokarlandyrman, eýsem dünýä parahatçylygynyň we durnukly ösüşiň üpjün edilmegine hem goşant goşýar. Şonuň üçin hem medeni diplomatiýanyň milli we umumadamzat ähmiýetli ýörelgeleri häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň binýadydyr.

2025-nji – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 4 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilen «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň bähbidine halkara işini ösdürmek» atly halkara maslahat işjeňlik bilen baglanyşykly gozgalan ýene-de bir möhüm meseläniň biri boldy [3]. Çünki bu geçen 4 ýylyň dowamynda amal edilen işlerde adam hakdaky aladanyň ýokary derejede goýulandygyny görmek bolýar. Çünki bir hassa kömek etmek ynsanperwerlikden nyşan bolup, bu ugurda ýaşlary ynsanperwer häsiýetde terbiýelemekde türkmen halkynyň Milli Lideri hem-de Türkmenistanyň Prezidenti görelde mekdebi bolup, ýaşlarda şeýle häsiýetleriň kemala gelmegi ugrunda ajaýyp işleri döwlet derejesinde amal edýärler. Şol bir wagtyň özünde hem, bu beýik işler ynsanperwer, lebzihalal, ygrarly bolmaklygy ündeýär. Haýyr-sahawat gaznasynyň hasabyna howandarlyga mätäç çagalaryň saglyklary dikeldileninden soň, olaryň durmuşa, ýaşaýşa bolan garaýyşlary, eneleriň begenç göz ýaşlary we alkyşlary birek-birege hormat goýmagyň, ynanmagyň parahatçylygy we asudalygy üpjün etmekde esasy gural bolup hyzmat edýändigi ýüze çykarýar. Çünki öz çagasynyň saglyk ýagdaýynyň gowulaşýandygyny duýýan ene özüni hossarly ýaly duýsa, çaga özüniň iň bir gerekli ynsandygyna, onuň durmuşy hiç kimi biparh goýmaýandygyna göz ýetirip, ýaşaýşa bolan höwesini artdyrýar hem-de her bir işe döredijilikli çemeleşip, ukyp-başarnyklaryna görä zähmet ýoluna baş goşýarlar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly kitabynda Şükür bagşynyň keşbini mysal getirmek bilen, parahatçylygy, agzybirligi ündeýän şahsyýet hökmünde çykyş edip, ony «Bu – parlamentiň wekiliniň, gepleşikleri geçirijiniň, diplomatyň keşbi» [1; sah. 31] diýip nygtaýar. Çünki Şükür bagşy öz doganyny halas etmekde medeni diplomatiýanyň guralyny ulanypdyr. Bu bolsa bir tarapdan türkmen sungatynyň derejesini ýokary galdyrsa, beýleki tarapdan sungatyň üsti arkaly adamlaryň dostlaşyp bilýändigini, saz muşdaklarynyň hem özara dostlaşyp bilýändigini görkezýär. Şeýle hem bu kitapdaky «Sungatlar söhbetleşýärkä, toplaryň sesi çykmaýar!» [1; sah. 269] diýen setirler

antiki döwrüniň jümlesine täze öwüşgin berip, sungat – dostlugyň, agzybirligiň, ylalaşygyň köprüsi bolup, halklary agzybirlige çagyryjy güýç bolup çykyş edýär.

Umuman alnanda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow döwlet we halkara derejesinde geçirilýän her bir maslahatlara, forumlara ýaşlaryň gatnaşmaklaryny ündäp, olaryň gözýetimleriniň has giňemegi üçin hem giň mümkinçilikleri döredip berýärler. Halkara forumlardyr maslahatlar ýaşlaryň özara hormat goýmak we gatnaşyjy taraplaryň ählisiniň bähbitlerini nazara almak ýörelgelerine esaslanýan konstruktiw sebitara hyzmatdaşlygy ösdürmekde Türkmenistanyň eýeleýän wajyp ornuna has hem göz ýetirmäge mümkinçilik alýarlar we bu halkara maslahatyndan gelip çykýan wezipeleri gatnaşyjy döwletleriň ählisiniň birkemsiz ýerine ýetirmäge borçlanýandygyna göz ýetirmeklerine itergi berýär.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Mertler Watany beýgeldýär. – A.: TDNG, 2017

3. tdh.gov.tm

НАЦИОНАЛЬНЫЕ И УНИВЕРСАЛЬНЫЕ ПРИНЦИПЫ МИРОТВОРЧЕСТВА И ГУМАНИТАРНЫХ ОТНОШЕНИЙ

В XXI веке гуманизм и связь культур играют важную роль в международных отношениях. Культурная дипломатия, направленная на поддержку взаимопониманию между народами мира, наведение культурных мостов и содействие мирным отношениям является одним из важных направлений современной международной дипломатии.

Ключевые слова: мир, человечество, добрососедские отношения, культурная дипломатия, доверие, «мягкая сила».

NATIONAL AND UNIVERSAL SIGNIFICANCE OF PEACEKEEPING AND HUMANITARIAN RELATIONS

In the 21st century, humanitarianism and the interaction of cultures play an important role in international relations. Cultural diplomacy, which aims to promote mutual understanding between the countries of the world, build cultural bridges and develop peaceful relations, is one of the important directions of modern international diplomacy.

Key words: peace, humanitarianism, good-neighborly relations, cultural diplomacy, trust, «soft power».

Bazargeldi Sapargeldiýew,
Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ŞYGYRLARYNDA DOSTLUK HAKYNDAKY PIKIRLERIŇ ŞÖHLELENIŞI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy durmuşykdysady taýdan ösdürmekde täze başlangyçlary durmuşa geçirýän hormatly Prezidentimiziň: «Magtymguly – dostlugyň wagyzçysy. Gadymy türkmen topragynda ylym, medeniýet, sungat bilen meşgullanan ençeme beýik şahsyýetler kemala gelipdir. Olaryň arasynda döredijilik mirasy diňe bir Gündogaryň nusgawy şygryýetini däl, eýsem dünýä edebiýatyny hem baýlaşdyran türkmen halkynyň beýik ogly Magtymguly Pyragy aýratyn orun eýeleýär. Beýik ynsanperwer şahyryň eserleri parahatçylyk we ylalaşyklylyk, ýagşylyk, adalatlylyk ýaly düşünjeleri wasp edip, umumadamzat gymmatlyklary bilen utgaşýar. Bellenilişi ýaly, dana Pyragynyň eserleriniň binýadynda: «Dünýäni ýagşylyk, dostluk, hoşniýetli hyzmatdaşlyk, mähirlilik, adamkärçilik halas edýär» diýen pikir durýar» [2; sah. 70–71.] diýip bellemegi, dünýä döwletleriniň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklaryny, parahatçylygy berkitmek arkaly halkymyzyň parahat, asuda, döwrebap durmuşda ýaşamagy, işlemegi, okamagy, ýaşlaryň zehinlerini açyp görkezmegi üçin uly mümkinçilikleriň döredilýändigini bellemek bolar.

Dünýä döwletlerinde söz ussatlygy bilen ençeme halkyň aňyna giren akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiligi birnäçe ýyllardan bäri öwrenilmegini dowam edip gelýär. Şahyryň goşgularyny gaýta-gaýta okadygyňça, dost-doganlyk we parahatçylyk gatnaşyklary berkitmekdäki täze-täze pikirler, ylmy açyşlar döreýär. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy mynasybetli Köpetdagyň eteginde şahyryň äpet keşbi we seýilgäh toplumy bina edildi. Bu seýilgäh toplumynda dünýä döwletleriniň görnükli söz ussatlarynyň hem ençemesini görmek bolýar. Bu barada Gahryman Arkadygymyz «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly goşgusynda hem şeýle belleýär:

Hormat goýýas päk ruhunyň baýramyna-toýuna,
Tagzym edýäs zer ýalkymly pikirine-küýüne.
Köpetdagyň eteginde galdy bu gün örboýuna,
Onuň Alyjenaby Magtymguly Pyragy.

Akyldar şahyrymyz özüniň döredijiliginde söze hormat goýýan ynsanlara sarpasynyň uludygyny:

Sözüm nesihatdyr, bir gulak salyň,
Bendesi men söze hyrydar guluň [3; sah. 302] –

ýerini bilnip aýdylan sözüň ynsanyň kalbyna aralaşýandygyny,

Köňül bir beden şahydyr,
Her söz köňül hoşundadyr [4; sah. 99] –

şeýle hem goşgularynyň hünärine, kärine, milletine, döwletine bagly bolmadyk her bir ynsana täsir edýändigini:

Magtymguly, söz binýadyň
Agzynda ýakynyň, ýadyň,
Hünär ýok, söz bilen adyň,
Halk içinde belli görner [3; sah. 244] –

goşgy setirlerini, bentlerini okanyňda-da, sözüň ynsana ýiti täsiriniň bardygyny görmek bolýar. Akyldar şahyrymyz öz goşgularynda parahatçylyk, agzybirlik, dost-doganlyk gatnaşyklary ideýalaryny öňe süren şahsyýetdir. Muny şahyryň:

Magtymguly söýmez, jedeli, jeňi [3; sah. 344] –

goşgy setirleri-de aýdyň görkezýär. Magtymgulynyň goşgularynda dost-doganlyk gatnaşyklary, dost gazanmak, dostly bolmak ýaly garaýyşlara hem uly orun berilýär. Ynsana ýakyn adamlaryň biri-de dostdur. Dostluk gatnaşyklary täze gatnaşyklaryň döremegine, uly üstünliklere eýe bolmagyna, birek-birege bolan sylagyň, hormatyň artmagyna, taryhy we medeni gatnaşyklaryň berkemegine has ýiti täsirini ýetirýär. Akyldar şahyrymyzyň goşgularynda gabat gelinýän dostluk baradaky pikirlere laýyklykda aşakdakylary belläp geçmek bolar.

1) *Dost gazanmak.* Ynsan ömründe onuň durmuşyna ýiti täsir edýän dost gatnaşygy adamyň dostluk gatnaşygyny gazanmakdan başlanýar. Ata-babalarymyzyň aýdyşy ýaly, aňsat gazanylan dost uzaga gitmeýär. Dost gazanmaklyk birnäçe ýyllary, dürli kynçylykly we begençli döwürleri, hüý-häsiýetiň gabat gelmegini, birek-birege bolan sylag-hormaty talap edýär. Bu barada Magtymguly atamyz:

Başdan gerek ýar ýigide,
Dost tapylmaz dar ýigide [3; sah. 148]
Magtymguly, jan myhmandyr, göwre – läş,
Ýagşa dost köp, ýaman bolsaň, ýok gardaş [3; sah. 407]

Magtymguly, dogry söze ten bergil,
Sogap mundan ötmez, tapsaň, nan bergil,
Köňlüň tapan dost ýolunda jan bergil,
Işiň nedir seni diýmez ýar bile. [3; sah. 315] –

diýmek bilen, diňe özüni bilýän, hiç bir zadyny beýleki bir adama ynanmaýan ynsanyň dost gazanyp bilmejekdigini, şeýle häsiýetli ýigidiň durmuşda köp kynçylyklary görjekdigini, ýagşy häsiýetli, uly-kiçi bilen gatnaşygy dogry alyp

bilýän ynsanyň dost gazanmagynyň mümkinçiliginiň bardygyny, köňlüňe aralaşan ýürekdeş dostuňa hyzmatyňy gaýgyrmaly däldigi ýaly öwüt-ündewleri nygtaýar.

2) *Dostlugy saklamak.* Ynsanyň dostluk gatnaşyklary uzak ýyllara dowam etdigiçe, ol has berkeýär. Diýmek, dost gazanmak bilen birlikde, dostlugy saklamak hem has wajypdyr. Dostluk gatnaşyklaryny saklamakda biri-biriňe bolan sylag-hormatyň, dostuňa gowy arzuwlar etmegiň, gaýgy-gamyny, toýuny-baýramyny deň çekişmek ýaly hasiýetleriň mahsus bolmagy zerur bolup durýar. Söz ussadymyz Magtymgulynyň:

Dostlar-a, dostum meniň jandan şirin söýgülidir,
Jan kibi pynhan jahanda äleme belgilidir. [3; sah. 14]
Magtymguly, dostdan syryň gizleme,
Biwepadyr nämähremi gözleme [3; sah. 410]

Ýüzün sowup, gep alyşmaz çyn ärler,
Bir söý bilen ýagşy dosty çep bolsa. [3; sah. 443]
Haýryňy duşman görer, dostuň çeker jebri-jepaň,
Ýar-a, dildarlyk bolarmy sürmeýin zowky-sapaň [3; sah. 186]

Her kimiň öz synasynda,
Akly görner beýnisinde,

Iki dostuň arasynda,
Ýaman-ýowuz iş bolmasyn [3; sah. 198]

Bendäge eýleme kasdy,
Agyrtmagyl ýary-dosty [3; sah. 248] –

goşgy setirlerinden, bentlerinden görnüşi ýaly, ýürekdeş dosty öz janyňdan hem artyk söýülmelidigini ündeýär. Dostluk gatnaşyklaryny saklamakda dostuňdan kiçijik zatlary hem gizlemezlik, göwne degiji sözleri aýtmazlyk ýaly häsiýetleriň dostluk gatnaşyklaryň ýaramazlaşmagyna getirýändigini, kyn günüňde çyn dostuň çekýän jebir-jepaňy deň çekişýän ynsandygyny Magtymguly atamyz özüniň goşgy setirlerinde aýdyňlyk bilen görkezýär.

3) *Dostlugy berkitmek.* Häzirki wagtda berkarar döwletimizde ylym-bilim we sport bilen bagly birnäçe işler durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan talyp ýaşlarymyz döwlet we halkara derejesinde geçirilýän ders bäsleşiklerine we sport ýaryşlaryna işjeň gatnaşýarlar. Bu ders bäsleşikleri we sport ýaryşlary ýurdumyzda hem halkara derejesinde geçirilip, dünýä döwletlerinden gatnaşyjylar çagyrylýar. Olarda gazanylýan üstünliklerimiz ata Watanymyzyň dünýä derejesinde tanalmagy bilen birlikde, dünýä döwletleri bilen dostluk gatnaşyklaryň has-da berkemegine getirýär. Ders bäsleşigine we sport ýaryşyna gatnaşýan dünýä döwletleriniň talyp ýaşlary we türgenleri bilen türkmen ýaşlarynyň arasynda täze dostluk gatnaşyklarynyň döremegine, ylym-bilim we sport bilen bagly pikir alyşmalary arkaly dostluk gatnaşyklaryň saklanmagyna,

berkemegine alyp barýar. Söz ussatlygy bilen köňüllerde ýer alan Magtymgulynyň dostluk gatnaşyklaryny berkitmek bilen bagly:

Kömek etseň, ýatdan gitmez,
Ýagşy dost dostun unutmaz [3; sah. 269]

Hak dosty kemelmez, köne jahandyr,
Leýken jahan içre dosty pynhandyr,

Dost bolana bu iki iş nyşandyr:
Ýürek yşkdan dola, dide nem bile. [3; sah. 324]

– diýen ýaly goşgularynyň gymmaty has-da uludyr.

Magtymgulynyň goşgulary häzirki wagtda dünýä döwletleriniň ençemesinde içgin öwrenilmek bilen, görnükli şahsyýetimiziň parahatçylyk, agzybirlik, watansöýüjilik, ylym-bilim, edep-terbiýe, sagdyn bolmak, dost-doganlyk gatnaşyklary gazanmak ýaly ideýalarynyň öňe gitmeginde has-da täsirini ýetirdi. Gahryman Arkadagymyzyň: «Şahyryň ynsan mertebesi, watansöýüjilik, parahatçylyk, hoşniýetlilik ýaly gymmatly pikirleri täze türkmen jemgyýeti, şu günki we geljekki nesillerimiz üçin ruhy ýörelgedir» [1; sah. 26] diýip, Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň geljekki nesilleri terbiýelemekde, halkymyzyň goňşuçylyk, dost-doganlyk, parahatçylyk gatnaşyklarynyň, taryhy we medeni köklerin berkemeginde halkymyz üçin gymmatly hazynadygyny nygtaýar.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ynsan kalbynyň öçmejek nury. – Aşgabat: TDNG, 2014.
2. *Serdar Berdimuhamedow*. Magtymguly – dünýäniň akyldary. – Aşgabat: TDNG, 2024.
3. Magtymguly. Eserler ýygyndysy. – Aşgabat: MGI, 2012.
4. Magtymguly – Aşgabat: Magaryf, 1959.

ОТРАЖЕНИЕ МЫСЛЕЙ О ДРУЖБЕ В ПОЭЗИИ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ

Глубоко содержательные стихи нашего мудрого поэта Махтумкули Фраги о мире, благожелательности, доброте, согласии, дружбе и братстве, единстве играют значительную роль в реализации политики мира и доверия нашей страны с другими странами. Мудрые стихи нашего поэта о дружеских отношениях имеют большое значение в укреплении мирных отнешений между странами во всем мире.

Ключевые слова: Махтумкули Фраги, друг, мир, единство, дружеские отнешения.

REFLECTION OF IDEAS ABOUT FRIENDSHIP IN MAGTYMGULY PYRAGY'S POEMS

The deeply meaningful poems of our wise poet Magtymguly Pyragy about peace, benevolence, kindness, harmony, friendship and brotherhood, unity play a significant role in the policy of peace and trust of our country with other countries. The wise poems of our poet about friendly relations are of great importans in strengthening peaceful relations between our countries.

Key words: Magtymguly Pyragy, peace, friend, unity, friendly relations.

Azat Gylyjow,
Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň uly mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty

TÜRKMEN-GAZAK EDEBI GATNAŞYKLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly we öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde ýurdumyzda türkmen halkynyň baý taryhyny, ata Watanymyzyň we halkymyzyň öňünde ägirt uly hyzmatlary bitiren taryhy şahsyýetlerimizi öwrenmäge giň ýol açyldy. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: «Eýsem, Gündogaryň beýik akyldary, türkmeniň beýik şahyry we filosofy Magtymguly Pyragynyň eserleri ähli döwürler üçin bahasyna ýetip bolmajak ruhy gymmatlykdyr. Magtymgulynyň öz şygyrlarynda ýüzlenmedik temasy ýok diýen ýaly. Onuň watançylyk, ynsanperwerlik, il-halka wepalylyk, halallyk, belent adamkärçilik düşünjelerine ýugrulan eserleri ideýa-mazmun taýdan güýçli bolmak bilen, ýokary terbiýeleýjilik ähmiýete eýedir» [1; sah. 191] diýen parasatly sözleri türkmen edebiýatyny bezäp gelen şygyrlar hakynda ylmy agtaryşlary alyp barmaga ýardam edýär.

Häzirki wagtda beýik şahyryň doglan gününiň şanly senesi bilen bagly döwlet we halkara derejesinde parahatsöýüjiligimizi, ynsanperwerligimizi dabaralandyrýan köpugurly, baý mazmunly medeni çäreler yzygiderli geçirilýär, möhüm syýasy wakalar bilen täze taryhy döwrümiziň şöhratly üstünlikleri, gazanýan mynasyp ösüşlerimiz rowaçlandyrylýar. Meýilnama laýyklykda, Magtymguly Pyragy hakyndaky halky kyssalar bilen bagly türkmen, iňlis we rus dillerinde taýýarlanan «Akyl hazynasy» atly kitap, «Magtymguly Pyragynyň dürdäne pikirleri» atly kitapça, «Magtymguly Pyragy – dünýä danasy» atly makalalar ýygyndysy, «Magtymgula tagzym» atly döwürdeş şahyrlaryň Magtymguly Pyragy hakyndaky goşgular ýygyndysy we «Pyragyň waspyny äleme buşlar, Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» hem-de «Kalplara siňen Pyragy» atly goşgular ýygyndylary neşir edildi.

Şonuň ýaly-da, beýik akyldaryň şygyrlaryny daşary ýurt dillerine terjime etmek bilen bagly alnyp barylýan işleriň çäginde meýilnama esasynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň alymlarynyň taýýarlamagynda nemes dilinde «Magtymguly» atly kitap, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň hem-de Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň alymlary bilen bilelikde taýýarlanylan hindi dilinde «Magtymguly» atly kitap, azerbaýjan dilinde «Magtymguly. Saýlanan eserler», özbek dilinde «Magtymguly. Saýlanan eserler» ýaly kitaplar çap edildi. Şunuň bilen baglylykda, akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň şanly 300 ýyllygy mynasybetli taýýarlanylan «Görnükli alymlar we syýasatçylar Magtymguly Pyragy hakynda» atly sowgatlyk kitaby, çagalar we ýetginjekler üçin «Ady bar-da özi ýok», «Ak jeren», «Haýyrly hazyna» atly kitapçalary, «Magtymguly Pyragy» atly reňkli suratlar bilen bezelen goşgular ýygyndysynyň sowgatlyk nusgasy, «Magtymgulynyň eserlerinde ýer-ýurt atlarynyň poetikasy», «Magtymguly türki halklaryň edebiýatynda» diýen monografiýalar we «Magtymguly – ylham çeşmesi» atly makalalar ýygyndysy neşire taýýarlanyldy. Häzirki wagtda «Magtymgulynyň şygyrlarynyň düşündirişli sözlügini» düzmek boýunça birnäçe işler türkmen alymlary tarapyndan yzygiderli alnyp barylýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly we öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde ýurdumyzyň dünýäniň ýurtlary, halklary bilen dostlukly medeni gatnaşyklary täze mazmunlara eýe bolýar. Şol sanda edebiýat älemindäki dostana gatnaşyklara hem uly ähmiýet berilýär. Muňa goňşy döwletleriň ýazyjy-şahyrlarynyň ýurdumyzda geçirilýän halkara ylmy-medeni çäreleriň gadyrly myhmanlary bolmagy, türkmen ýazyjy-şahyrlarynyň daşary ýurtlarda geçýän Türkmenistanyň günlerine işjeň gatnaşmagy mysal bolup biler. Şeýle ýygjam baryş-gelişler, elbetde, özara döredijilik tejribesini alyşmaga, netijede bolsa, täze-täze ajaýyp eserleriň döremegine ýardam edýär.

Gahryman Arkadagymyz: «Çünki biz «Açyk gapylar» syýasatyny alyp barýarys. Goňşularymyz Azerbaýjan, Gazagystan, Russiýa, Özbegistan, Täjigistan, Gyrgyzystan, Owganystan, Pakistan, Eýran, mahlasy, ähli döwletler bilen dostlukda ýaşaýarys. Biziň atalarymyz «Goňşy goňşynyň görki hem köňül nagşy» ýa «Goňşyny goňşudan sora, ýamany – ýagşydan» ýaly ajaýyp nakyllary döredip, ýaş nesilleriň aňyna goňşy gadyryna ähmiýet bermegi öwredipdir» [3; sah. 36–37] diýip, türkmen halkynyň asyrlar aşyp gelen goňşuçylyk, ynsanperwerlik, dost-doganlyk, watanperwerlik, myhmansöýerlik ýaly örän gymmatly ruhy ýörelgeleri dabaralandyrýar.

2024-nji ýylyň oktýabrynda guralan forumda Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew çykyş etdi. Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň bu sapary

Magtymgulynyň doglan gününiň bellenilýän dabaralaryna gabat geldi. Ol şahyra bagyşlanan mejlisde söz sözledi: «Bilşiňiz ýaly, şu ýyl Astanada türkmen halkynyň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň ýadygärligi açyldy. Bu ýadygärlik türki halklaryň ählisi üçin umumy bolan bu ajaýyp şahsyýetiň doglan gününiň 300 ýyllygyna gabatlanylyp oturdyldy. Gazagystanda Magtymguly Pyragynyň şygryýetine aýratyn mähirlilik hem-de buýsanç duýgusy bilen garalýar. Abaýyň we Magtymgulynyň eserleri türki medeniýetiň gymmatlygydyr» [5; sah. 4] diýip, Gazagystanyň Baştutany aýtdy hem-de biziň umumy borjumyzyň bu gymmatlygy aýawly saklamakdan, geljek nesillere ýetirmekden ybaratdygyny nygtady.

Magtymguludan şahyrana pikir ýöretmegi, edebiýaty, çeper sözi halk we onuň durmuşy bilen baglamagyň syrlaryny öwrenen beýleki bir gazak şahyry Abaý Kunanbaýewdir. Onuň jemgyýete, halka, erkek adama we zenan maşgala, dini durumlara garaýşynda, hatda ömür beýanlarynda hem Magtymgulynyň şahsyýetine we döredijiligine baglanyşykly alamatlar azlyk etmeýär. Hut şol sebäpli-de, gazak edebiýatçylarynyň Magtymguly barada ýazan makalalarynda ony Magtymguly bilen ugurdaş degşirip öwrenýändikleri tebigydyr.

Abaýyň goşgulary 1970-nji ýylda türkmen dilinde neşir edildi. XX asyryň zehinli edebiýatçysy N. Esenmyradowyň şol kitaba ýazan sözbaşysynda: «Abaýyň biziň günlerimize gelip ýeten eserleriniň arasynda biziň beýik Magtymgulymyzyň pikirleri bilen deň gopýan setirleri bar» [6; sah. 11] diýlip bellenilýär. Edebiýatçy N. Esenmyradow sözüniň deliline şahyryň düşündiriş talap etmeýän: «Oýun-gülki toýuň-meýlisiň nagşy, // Çyn güler, çyn gürlär ýigdiň naýbaşy. // Ýalan gülkä meňzär ýerliksiz söhbet, // Her söhbet ýerinde edilse ýagşy». [6; sah. 22] diýen bendini mysal getiripdir. Abaý: «Är-ýigitler geplär ýerini bilip» [6; sah. 23] diýen setir arkaly bu pikirini has-da berkidipdir.

Magtymgulynyň şygyrlarynda söz-häsiýeti hertaraply açyp görkezmegiň hyzmatynda goýulýar. Şahyryň «Bu işi» şygrynda «Ýürekde ýok sözi dile getirme» [8; sah. 422], «Mätäç eýleme» goşgusynda: «Ajy sözler dilden çykan bir okdur» [8; sah. 137], Bu dahana» şygrynda: «Hak söze ten beren ýokdur» [8; sah. 178], «Gadryn näbilsin» goşgusynda: «Zatynda söz pähmin bilmez adama, // Müň many söýleseň, gadryn näbilsin» [8; sah. 478], «Elde bary bolmas» şygrynda: «Dile gelen sözler köňül nagşydyr» [8; sah. 436], «Köňlüm» goşgusynda: «Söz bilen için egser, gabz olup, dolan köňlüm» [8; sah. 304] görnüşi ýaly, mysal alnan setirlerde söz dogruçyllyk, halallyk, mylaýymlyk, söz manysyny aňlap bilmek ýa-da aňlap bilmezlik, manyly sözlemek, söz arkaly köňlüňi aýan etmek, gabz bolan halkyň söz bilen derdini egismek ýaly adam häsiýetlerini aňladyp gelýär.

Abaýyň döredijiliginde-de söze hut şeýle çemeleşilýär. «Söz gadryny bilmeýän bir nadana // Düşündirjek bolup örteme jany» [6, 37 s.], Magtymgulynyň «Diş gitmek» şygrynda: «Gury gelip, boş gitmek» [8, 252 s.], halkyň ýadynda galar ýaly peýdaly iş etmek ideýasy bilen utgaşykly pikirleri hem Abaýyň döredijiligine

özboluşly öwüşgin berýär. Magtymgulynyň «Güman görüner» şygrynda: «Bihuda, bipeýda ömrüň ötürme» [8, 439 s.] diýse, Abaý: «Ozalda jahana geldigiň däldir, // Gelibem hiç kime degmese peýdaň» [6, 28 s.] diýýär.

Magtymgulynyň «Ýeter sen» şygrynda: «Ýalançyda ýegdir galsa ýagşy at, // Bu dünýäge gelmiş bolsaň, öter sen» [7, 512 s.] diýse, Abaý: «Eger bu dünýäde galdyrsaň adyň, // Ol özüňe diken uly binýadyň» [6, 59 s.] diýýär. Magtymgulynyň «Binýat ilen» şygrynda: «Adamdan dünýäde galsa bir nyşan, // Öçmez ady onuň şol binýat ilen» [8, 13 s.] diýip ýazan bolsa, Abaý ýagşy at galdyrmak üçin adamyň häsiýetiniň umuman ýagşy tarapa ösgün bolmagyny onuň hünärli, işli, myhmansöýer, rehimdar bolmagyny derwaýys hasaplaýar: «Ýagşy ýigit hünär üçin çalyşar, // Ýagşy gylyk oň ömrüne zer goşar», «Mätäje kömek et, kömek diýdirmän» [6, 22 s.]. Şahyrlaryň ikisi-de adamyň daşynyň bezegine däl-de, içki dünýäsiniň, hüý-häsiýet gözelliginiň baýlygyna üns berilmelidigini tekrarlaýarlar.

Magtymguluda gowy hem erbet gylyklar biri-biriniň garşysynda goýlup, olar şahsyýetiň jemgyýet bilen arasyndaky mynasybetini, olara halk köpçüliginiň umumy garaýşyny aňladyp gelýär. Bu meselede akyldaryň maksady, durumy kesgin häsiýete eýe. Şahyryň «Tapmas sen» şygrynda: «Ýigit bolsaň, gezgil ýagşy at bilen», «Ömrüňi ötürgil jemagat bilen» [7, 482 s.], ýagny özüni hakyky mert ýigit saýýan adam at-abraýly, mertebeli bolmak üçin tutuş ömrüni halkyň, jemgyýetiň hyzmatynda geçirmeli. Ýöne welin Magtymgulynyň özüne hem, okyjylaryna-da berýän öwüt-nesihaty, göwün islegi, şahsy talaby ýol alybermeýär. Şeýle bolansoň, ol, köplenç, ruhy çökgünlige düşýär.

Şahyryň gözüniň öňünde bolup-geçip duran ahwalatlar – yslam kadalarynyň ýoýulmagy, namardyň durmuş rowanalygy, halk gamy bilen ýaşamaly kethudalaryň ulumsylygy, adalatsyzlyk, ogrulyk ýaly ýaramaz işleriň köpelmegi, barlylardan haýyr-sahawatyň galmandygy Magtymgulyny tükeniksiz ahmyrlaryň üstünden eltýär. Şeýle-de bolsa ol jemgyýetçilik hadysalary şahyrana elekden geçirýär, ýagşyny-ýamany çeper keşplerde janlandyrýar.

Şahyryň «Ahyrzamana» şygrynda: «Baýlarda galmady haýry-sahawat» [7, 78 s.], «Otur-turuşyn görüň» şygrynda: «Ýagşynyň köňlünde kine az bolar, // Ýamanyň her günde uruşyn görüň!» [7, 458 s.], «Salar guşun aňlamaz» şygrynda: «Akyl ýigit söz başlamaz «men» bile» [7, 485 s.], «Uça bilmen neýläýin» şygrynda: «Pikir derýasyna aklym gämisin // Batyrmyşam, geçe bilmen, neýläýin?!» [7, 481 s.], «Düýşüne degmez» şygrynda: «Akmaklykda özün bezäp niçeler // Kellesine saran peşine degmez» [7, 401 s.], «Läle getirmiş» şygrynda: «Men-menlik edeniň tanapy çüýrük» [7, 468 s.], «Keçdir, ýaranlar» şygrynda: «Gapyl bolmaň, dünýä gelen öterler // Munda hoşwagt bolmaň, bardyr beterler» [8, 80 s.], «Daň atmazdan burun» şygrynda: «Bendäge etme hyýanat» [5, 294 s.], «Bu işi» şygrynda: «Magtymguly: «Tur goluňy köze goý // Eger döze bilseň kylgyn bu işi!» [7, 422 s.], «Yhsan haýsy, bilinmez» şygrynda: «Derdim köpdür, diýarymdan, döwrümden» [7, 514 s.].

Biz şeýle pikirleri Abaýyň mirasyndan hem isledigimizçe tapyp bilýäris. Şahyryň: «Mal dostunyň maldyr bilen-biteni», «Oň üçin nadandyr adamlaň bary», «Imanam, messebem, eşretem maldyr // Ol dünýäde diňe malyň humary» [6, 65 s.], «Gara nebis üçin baýlyk dilemäň // Şöhrat üçin dury suwy bulamaň» [6, 71 s.], «At münüp özüni bezäp ýörenden», «Dost tutunma, gaçgyn gören ýeriňde» [6, 83 s.], «Ody özüňe bas, ötmese ile // Özgäň garşysyna gurmagyn hile» [6, 25 s.], «Munda döwran sürüp imansyz ötseň, // Magşarda görjegiň otly gowgadyr» [6, 59 s.], «Daşymda görýänim akmak, binamys, // Ulumsy bar-ähli zady bilýämiş. // Ahmyrym köp bu dünýäniň gerdinden // Nadanlaň sözünden doýdum men halys» [6, 54 s.], «Meniň ýalňyz göwräm direge maýyl // Gezip ýörün döwür bilen oňuşman» [6, 84 s.].

Hut şu ýagdaýlar olaryň halypa-şägirtlik derejesini kepillendirýär. Abaý Magtymguly Pyragynyň gadyr goýýan geçmiş söz ussatlaryna özüniň-de sygynýandygyny şeýle beýan edýär: «Fizuli, Şämsi, Säýhali, // Nowai, Sagdi, Fardausi. // Hoja-Hafiz-bu hämmäsi // Mädät ber ýa şagiri färýad» [6, 9 s.].

Abaý goşgusynda ol beýiklere: «meniň size sygynmagyma medet beriň» diýýär. Şunuň bilen birlikde ol arap-pars dillerini we edebiýatyny gowy özleşdiripdir. Ol Magtymgulynyň okan Rubguzynyň, Reşit-eddiniň kitaplaryny, Babyryň «Babyrnamasyny», Abulgazy Bahadur hanyň «Şejere-i terakimesini» (türkmenleriň şejeresini) okapdyr. Halypa bilen şägirdiň ugurlanýan edebi çeşmeleriniň şol bir çeşmelerdigi, biziň pikirimizçe, olaryň edebi-ahlak we umumadamzat durmuşy bilen baglanyşykly ideýa prinsipleriniň biri-birine örän golaý bolmagyny şertlendiren hakykatlaryň biridir.

Abaýyň maşgala ykbalynda-da Magtymgulynyňka meňzeşlik bar. Magtymgulynyň iki ogly şindi ýaş wagtlarynda näsaglap ýogalýar. Abaýyň hem iki ogly bolupdyr. Abdyrahman atly uly ogly inçekeselden aýňalyp bilmeýär. Ikinji ogly Magawýa hem şol keselden jan tabşyrýar. Bu ajy, çekip-çydardan çökder kysmat Abaýyň öz saglygyna-da täsir edýär. Ol ikinji oglunyň kyrkynyň bellenilýän güni (1904-nji ýylda) aradan çykýar. Abaý din-yslam meselesinde hem Magtymguly bilen pikirdeş. Ýöne ol muňa kän bir gerim bermeýär. Munuň sebäbini şahyrlaryň ýaşap geçen döwründäki kynçylyklar bilen düşündirmek mümkin. Şoňa görä, medreselere derek dünýewi mekdepler köpelipdi. Onuň eserlerinde dini ulamalara, pygamberlere garanda öz döwrüniň adam atlary agdyklyk edýär: Köjekbaý, Kökbaý, Nazar, Kulembaý, Baýmagambet, Abdyrahman. Abaý Magtymgulynyň dine ýanap aýdýan öwüt-ündewlerini dünýewilik bilen utgaşdyryp, çeper şöhlelendirýär.

Gazagystanda Magtymgulyny ýaşlykdan söýüp, onuň eserlerini okap, ondan täsirlenen hem-de öz döwrüniň uly şahyry Galy Ormanowyň terjimesiniň neşiridir. Ol 1947-nji ýylda gazak dilinde okyjylara ýetirilipdir. Şahyryň 75 goşgusyny öz içine alýan 10 müň nusgalyk bu kitaba Gazagystanyň halk ýazyjysy, iki tomdan ybarat «Abaý» romanynyň awtory, akademik Muhtar Auýezow redaktorlyk edipdir. Kitaba türkmenistanly edebiýatçy, dosent Baýmuhammet Garryýew sözbaşy

ýazypdyr. Onda Magtymgulynyň goşgularynyň özbaşdak ýygyndy şekilinde ilkinji gezek çap edilýändigi, ondaky terjimeleriň asyl nusgalaryna görä amala aşyrylandygy aýdylýar. Edebiýatyň gazak okyjylaryny şahyryň döwri, maşgala ýagdaýy, terjimehaly bilen ymykly tanyşdyrýar. Gazak nusgawy şahyry Abaýyň öz döredijilik durmuşynda Magtymgula ýürekdeşdigi bellenilýär.

Şondan 12 ýyldan soň (1959-njy ýylda) Pyragynyň 260 ýyllygyna gabatlanyp, Galy Ormanowyň we türkmen topragyna birki sapar gelip gören şahyr Gafu Gaýyrbekowyň terjimelerinde Magtymgulynyň «Saýlanan goşgulary» Almaatada gaýtadan neşir edildi. Gazak şahyry Düýsenbek Kanatbaýewiň terjimesinde Magtymgulynyň şygyr kitaplary Gazagystanyň dürli neşirýatlary tarapyndan 1983-nji, 1990-njy ýyllarda çap edildi. 2000-nji ýylda Almatynyň «Bilim» neşirýaty onuň terjimesinde Magtymgulynyň «Saýlanmasyny», «Taňdamaly» ady bilen gazak okyjylarynyň dykgatyna ýetirdi. Sözbaşyda şahyr barada hem maglumatlar berilýär. D. Kanatbaýew häzirki Balkan welaýatynda doguldy, çagalygy şol ýerde geçdi, 10 ýyllyk mekdebi hem şol welaýatda tamamlady.

Sözbaşyda Magtymgulynyň goşgularyny terjime etmezden ozal onuň türkmen şahyrlary R. Seýidowyň, A. Mämmedowyň, A. Aşyrowyň, K. Nurbadowyň goşgularyny gazak diline öwrüp, tejribe toplandygy bellenilýär. Onuň Magtymgulynyň terjimelerine örän yhlasly ýapyşandygy aýdylýar hem-de onuň bu işi parz hasaplaýandygy – oňa häli-şindi dolanyp durmaly döredijilik işi hökmünde garaýandygy nygtalyp görkezilýär. Ady belli gazak ýazyjysy, akademik Muhtar Auýezowyň: «Ol Magtymguly gazak halkyna-da ozaldan tanyş. Ilki bilen aýdylmaly zat, Magtymguly gazak-türkmen sähralaryny aralap ösýän ýumşak şemal ýaly ortak» diýen sözlerinden D. Kanatbaýewiň ylhamlanýandygy tekrarlanýar.

D. Kanatbaýewiň terjimesinde Magtymguly Pyragy «Taňdamaly öleňderi», «Saýlanan goşgulary» 2014-nji ýylda gazak dilinde TYA-nyň «Ylym» neşirýaty tarapyndan çap edilip ýaýradyldy. Şeýle ýygyndy öňde agzalan gazak neşirlerinden saýlanyp alnan goşgular esasynda taýýarlanylypdyr. Bu kitapda Gahryman Arkadagymyzyň «Magtymguly – ynsanyň ruhy lukmany», «Magtymguly – adam žanynyň ruhany ýemşisi» atly girişi hem A.Aşyrowyň «Magtymguly Pyragy» atly sözsoňusy bar. Kitap türkmenistanly professor Gurban Amannyýazow tarapyndan redaktirlenipdir.

Taryhyň dowamynda – öz döwründe Magtymguly Pyragynyň her bir şygry diňe milli edebiýatymyz üçin däl-de, eýsem beýik türkmen şahyrynyň filosofik garaýyşlarynyň ýiti täsiri bilen kämilleşen umumy Gündogar edebiýaty üçin hem uly edebi hadysa bolan bolsa, häzirki täze taryhy zamanamyzda ähli nesillerden we milletlerden bolan adamlar üçin beýik akyldar Magtymguly Pyragy türkmen milli medeniýetini dünýä äşgär eden şahsyýete, Gündogar edebiýatynyň tutuş eýýamyna, umumadamzat gymmatlyklarynyň waspçysyna hem ruhy şamçyragyna öwrüldi. Beýik şahyryň ýüreginiň emri bilen dörän pähim-paýhas ummany bütindünýä

halklarynyň ruhy durmuşyny, syýasy-jemgyýetçilik gatnaşyklaryny täze pelsepe bilen baýlaşdyrdy.

Gahryman Arkadagymyzyň syýasaty we beýik başlangyçlary Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda mynasyp dowam etdirilip, Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy bolup durýan döwletleriň ählisi tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi bolan Türkmenistan döwletimiziň halkara giňişligindäki abraýy has-da pugtalanýar. Bu ugurda Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we Durmuş geňeşi, Ösüş maksatnamasy, Çagalar gaznasy, Ilat gaznasy, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy ýaly ýöriteleşdirilen düzümleri bilen birlikde, Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) bilen hem hyzmatdaşlyk işjeň alnyp barylýar. Şunda Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumynyň ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilmegi, şeýle hem 2024–2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenip geçiljek şanly seneleriň sanawyna Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň halkara çäreleriniň girizilmegi türkmeniň nusgawy şahyryna goýulýan belent sarpanyň umumymilli ykraryna öwrüldi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň taryhyny we medeniýetini, halkymyzyň ajaýyp şahsyýetleriniň, ilkinji nobatda hem, Magtymguly Pyragynyň, Abaý Kunanbaýewiň durmuşyny we döredijiligini öwrenmek, Türkmenistanyň we Gazagystanyň ýokary okuw mekdeplerinde okadylýan dersleriň, ylmy-barlag institutlarynda we beýleki ylmy merkezlerinde geçirilýän ylmy barlaglaryň obýektine öwrüldi. Soňky ýyllarda halklaryň arasynda edebi-medeni gatnaşyklar dostlugy pugtalandyrmakda, milli däpleri dowam etdirmekde özboluşly ýörelgä öwrüldi. Gazak akyldarynyň rowaýatlar esasynda ýazylan «Isgender», «Azym hakynda hekaýa», «Masgut» poemalary, ençeme goşgulary, «Nesihat sözleri» kitaby türkmen okyjylarynyň söýgüli eserlerine öwrüldi. Öz şygyrlarynda adamzat gymmatlyklaryny, ähli döwürler üçin derwaýys bolan agzybirlik ýörelgelerini öňe süren Magtymguly Pyragy we Abaý Kunanbaýew parahatçylygyň hakyky waspçylarydygy anyklanyldy. Olaryň dostluk, abadançylyk, bagtyýar geljek baradaky ideýalary biziň döwletimiz tarapyndan alnyp barylýan içeri we daşary syýasatyň özenini düzdi. Magtymguly Pyragynyň we Abaý Kunanbaýewiň döredijiliginiň öwrenilmegi Türkmenistanyň hem-de Gazagystanyň halkara giňişligindäki abraýyny has-da pugtalandyrdy.

EDEBIÝAT

1. *Serdar Berdimuhamedow*. Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: TDNG, 2023.

2. *Serdar Berdimuhamedow*. Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet. – Aşgabat: TDNG, 2024.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. I kitap. – Aşgabat: TDNG, 2017.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. II kitap. – Aşgabat: TDNG, 2018.
5. Kasym-Žomart Tokaýewiň çykyşy. «Türkmenistan» gazeti. № 261-262 (31197), 2024-nji ýylyň 11-nji oktýabry, 4 sah.
6. *Kunanbaýew A*. Goşgular. – Aşgabat: Türkmenistan. 1970.
7. Magtymguly. Eserler ýygyndysy. I jilt. – Aşgabat: Ylym. 2013.
8. Magtymguly. Eserler ýygyndysy. II jilt. – Aşgabat: Ylym. 2013.

ТУРКМЕНО – КАЗАХСКИЕ ЛИТЕРАТУРНЫЕ СВЯЗИ

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства изучение жизни и творчества блистательных личностей нашего народа, в первую очередь Махтумкули Фраги и Абая Кунанбаева является объектом, изучаемых в высших учебных заведениях Туркменистана и Казахстана дисциплин, в научно-исследовательских институтах, также проводимых в других научных центрах исследований. Укрепление литературно-культурных дружеских отношений между народами за последние годы стали своеобразным принципом в продолжении развития национальных традиций.

Ключевые слова: образ, народ, личность, герой, характер, век, литературный, поэт, дружба.

TURKMEN – KAZAKH LITERARY RELATIONS

During the Epoch of the Revival of the New Era of Powerful State, the study of the study of the history and culture of Turkmenistan, the life and creativity of outstanding people, especially Magtymguly Pyragy, Abay Kunanbayev, became the object of scientific research conducted in the higher educational institutions of Turkmenistan and Kazakhstan, as well as in research institutes and other scientific centers. In recent years, literary and cultural relations between nations have became a unique principle in strengthening friendship and continuing national traditions.

Key words: Image, people, personality, hero, character, century, literary, poet, friendship.

Nowruz Myratdurdyýew,
Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň mugallymy.

PARAHATÇYLYGYŇ ILÇILERI HASAPLANYLÝAN AHALTEKE BEDEWLERI MEDENI DIPLOMATIÝANYŇ AÝRYLMAZ BÖLEGIDIR

Türkmenistan 1993-nji ýyldan bäri ÝUNESKO-nyň doly hukukly agzasydyr. BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça bu düzümi bilen netijeli hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginde döredilen ÝUNESKO-nyň işleri boýunça Milli toparyň işi hem hut şu maksada gönükdirilendir. Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň berýän aýratyn ünsi, halkymyzyň milli mirasyny gorap saklamak hem-de wagyz etmek işleriniň netijesinde ýurdumyzyň medeniýetiniň maddy binýadyny ösdürmekde uly netijeler gazanyldy [1].

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyçlaryny üstünlikli dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň atçylyk pudagyny ösdürmekde we milli atşynaslygyň däplerini dünýä ýaýmak, şol sanda ahalteke bedewleriniň tohum arassalygyny gorap saklamak boýunça yzygiderli işler durmuşa geçirilýär. Eziz Diýarymyzda parahatçylygyň ilçileri hasaplanylýan ahalteke bedewleri medeni diplomatiýanyň ynsanperwer gatnaşyklarynyň milli we umumadamzat ähmiýetli dünýä sanawyna girizildi. Ahalteke atçylygy bilen bagly däp-dessurlar, şeýle hem türkmen bedewleriniň bezegini alamatlandyrýan çylşyrymly çeperçilik önümleri biziň nesilden-nesle geçip gelýän milli aýratynlyklarymyz bilen aýrylmaz baglanyşygy emele getirýär. Ýurdumyzda ahalteke bedewleriniň tohum arassalygynyň gorap saklanmagyna döwlet derejesinde uly ähmiýet berilýär [2].

Türkmen bedewi dünýäde hiç wagt ýitip gitmejek maddy we ruhy gymmatlykdyr. Türkmen atlaryna dünýäde boýy, güýji, ýyndamlygy, çydamlylygy we özboluşly owadanlygy boýunça deň-taý gelýän atlaryň tohumlary ýokdur. Ahalteke atlary, türkmen halkynyň milli guwanjy bolup, iň gadymy tohumlaryň biri hasaplanýar. Bu tohumyň gelip çykyşy örän gadymy döwre degişlidir we onuň ösüş taryhy türkmen halkynyň taryhy bilen jebis baglydyr.

Türkmen halkynyň müňýyllyklaryň dowamynda kämillik derejesine ýetiren ençeme milli gymmatlygy bu günki gün ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawynda öz ornuny tapdy. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde «Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri» atly milli hödürnamamyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy – ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň

sanawyna goşulmagy ahalteke bedewlerimiziň bütin dünýäde ykrar edilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň binýadynda döredilen «Ahalteke atlary – parahatçylygyň ilçileri» atly ÝUNESKO kluby bolsa ata-babalarymyzdan dowam edip gelýän ahalteke atçylygyny ösdürmek, milli seýisçilik sungatynyň inçe syrlaryny ýaşlaryň arasynda wagyz etmek, behişdi bedewleri ýetişdirmek ýörelgelerini has-da kämilleşdirmek ugrunda işleri alyp barýar. ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizmek üçin «Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri» atly milli hödürnamasyna Botswana Respublikasynyň Kasane şäherinde ÝUNESKO-nyň maddy däl medeni mirasy boýunça hökümetara komitetiniň 18-nji mejlisinde seredildi. 2023-nji ýylyň 5-nji dekabrynda Birleşen Milletler guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça ýöriteleşdirilen edarasynyň maddy däl medeni mirasy goramak boýunça Hökümetara komitetiniň mejlisinde Türkmenistan tarapyndan teklip edilen «Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri» hödürnamasyny ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna girizmek çözgüdi kabul edildi.

Dal boýunly, ýüwrüklikde ýetdirmeýän, gözellikde älemi jadylap özüne bendi edip gelýän bedewlerimiz barada gadymy rim, grek, hytaý, arap çeşmelerinde, türkmen topragynyň üstünden ýoly düşen daşary ýurt taryhçylarynyň, syýahatçylarynyň işlerinde diýseň täsin we baý maglumatlar bar. Geň galdyrýan hem-de buýsandyrýan ýeri-de, bu maglumatlaryň ählisinde ahalteke bedewiniň naýbaşy bedew hökmünde häsiýetlendirilmegidir. Muňa mysal edip, Gadymy rim taryhçylary ahalteke bedewleri barada: «Owadan, gelşikli, çapyksuwar bilen sazlaşykly hereket edýän, kellesini buýsançly belent tutýan, ýallary howada altynsow öwüsýän bu bedewler kuwwatly şalara mynasyp» diýip belläpdirler. Munuň özi bolsa ahalteke bedewleriniň türkmen halkynyň milli mirasydygynyň aýdyň subutnamasydyr. Ýurdumyzyň milli medeni mirasy aýawly saklamaga we öwrenmäge, türkmen halkynyň dünýä medeniýetiniň kemala gelmegine goşandyny wagyz etmäge aýratyn üns berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz hem-de döwlet Baştutanymyz Arkadagly Gahryman Serdarymyz Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy bilen däp bolan gatnaşyklary yzygiderli ösdürmegiň ähmiýetini hemişe nygtaýar.

Bu işleri has netijeli alyp barmak türkmen halkynyň milli buýsanjy bolan ahalteke atlaryň tohum arassalygyny gorap saklamak we baş sanyny köpeltmek, bu ugurda ýokary derejeli hünärmenleri toplumlaýyn hem-de ylmy esasda taýýarlaýan bilim ojagy bolan Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň hem öňünde uly wezipeler durýar. Gahryman Arkadagymyzyň: «Halkymyzyň maddy däl medeni mirasynyň gymmatlyklaryny halkara derejede ykrar etdirmek üçin alnyp barylýan işler dowam etdirilmelidir. BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet

meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) bilen hyzmatdaşlyk ösdürilmelidir» diýen tabşyryklaryndan ugur alyp, Türkmenistanyň Bilim ministrligi we Türkmenistanyň ÝUNESKO-nyň işleri baradaky Milli toparynyň sekretariatynyň ylalaşmagy esasynda Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda «Ahalteke atlary – parahatçylygyň ilçileri» atly ÝUNESKO kluby döredildi.

Parasatly pederlerimiz: «At agynan ýerde toý bolar» diýip, behişdi bedewlerimiziň barlygyny toýa ýanaýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen döredilen «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary dünýäniň abraýly döwletleriniň sirk sungaty festiwallaryna gatnaşyp, alty gezek ýeňiş gazanyp, baş baýraklara mynasyp bolup, ýaşyl tugumyzy belentde parladyp gelýär. Gahryman Arkadagymyzyň: «Biz özümize we öz güýjümize berk ynanýarys, bu ynam öz köklerini türkmen topragynyň berekedinden we sahylygyndan, dünýäni aňk ediji hadysany adam bilen atyň jana-jan dostlugyny döretmegiň hötdesinden gelen pederlerimiziň pähim-parasadyndan alyp gaýdýar» diýip bellemegi türkmen bedewiniň ähli döwürlerde halkymyzyň durmuşynda eýelän möhüm ornuny açyp görkezýär. Şonuň netijesinde hem bedew mertebesi belent tutulýar [3].

Dünýä gözelligini özünde jemleýän ajaýyp ahalteke atlarymyz bütin dünýäde ýurdumyza, halkymyza meşhurlyk getirýär. 2007-nji ýylda Milli Liderimiz Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna Gahryman Arkadagymyz iň gowy bedewleri – ahalteke tohumynyň saýlama atlaryny bagyş etdi. Ýurdumyzyň sirk sungaty hem türkmen bedewleriniň üsti bilen dünýä meşhur boldy. 2013-nji ýylyň 11-13-nji oktýabry aralygynda Russiýa Federasiýasynyň Moskwa şäherinde geçirilen «IDOL» bütindünýä sirk festiwalynda «Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynyň «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar hem-de Türkmenistanyň döwlet sirkiniň «Türkmen jigitler» topary «IDOL» Bütindünýä sirk sungatynyň festiwalynyň «Altyn IDOL» baş baýragyna, «IDOL» Bütindünýä sirk sungatynyň festiwalynyň laureatynyň diplomyna mynasyp boldy. Şeýle hem 2014-nji ýylyň oktýabr aýynyň 16-21-i aralygynda Italiýa Respublikasynyň Latina şäherinde geçirilen halkara sirk festiwalynda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary «Latina – 2014» halkara sirk festiwalynyň baş baýragyna – altyn kuboga, şeýle hem Di Albaçete halkara sirk festiwalynyň kubogyna mynasyp bolandyklaryny uly buýsanç bilen aýtmak bolar. Mundan başga-da 2015-nji ýylda Hytaý Halk Respublikasynda geçirilen sirk sungatynyň II halkara festiwalynda Gran-pri altyn kubogyna, 2016-njy ýylda Gyrgyz Respublikasynyň Çolpan ata şäherinde geçirilen Çarwadarlaryň II halkara oýunlarynda Medeniýet ministrliginiň ýörite sylag şahadatnamasyna, 2018-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň Sankt-Peterburg şäherinde geçirilen «Fontankadaky» sirk sungatynyň I halkara festiwalynda «Altyn Gaetano» diýen baş baýraga mynasyp bolmagy bilen, köptaraplaýyn medeni

diplomatik hyzmatdaşlygyň ajaýyp ädimleri hökmünde taryha ýazyldy. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň ilkinji aýynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Monako Knýazlygynda saparda bolan günlerinde «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary Monte-Karloda geçirilen halkara sirk sungaty festiwalynda üstünlikli çykyş edip, Baş baýraga we beýleki ýörite baýraklara mynasyp boldy. Munuň özi ýurdumyzda sirk sungatyny ösdürmek ugrunda durmuşa geçirilýän işleriň ajaýyp netijesidir.

Sirk sungatynda Monte-Karlo baýragy kino sungatyndaky «Oskar» baýragy bilen barabar hasaplanýar. Alp daglarynyň iň bir owadan künjekleriniň birinde, ýerli halkyň öz dilinde aýdyşlary ýaly, «gaýalyklaryň üstünde» mesgen tutan döwletde behişdi bedewlere erk edýän ýaş türkmen türgenleri ýene bir gezek dünýäni haýran galdyrdy. Gahryman Arkadagymyzyň Monako Knýazlygyna mübärek gadamy düşen günleri türkmen türgenleriniň gazanan uly üstünligi bilen utgaşyp, milli buýsanjymyzy has-da artdyrdy.

Türkmenistanda meşhur behişdi bedewleriň milli atçylyk sungatyny gorap saklamak, öwrenmek we ösdürmek, onuň gözbaşynyň müňýyllyklaryň jümmüşine uzap gidýän baý däplerini dowam etdirmek, atçylyk sportuny höweslendirmek, gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bu pudakda netijeli gatnaşyklary giňeltmek boýunça alnyp barylýan giň gerimli işlerde 2010-njy ýylda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen, ştab-kwartirasy Aşgabatda ýerleşýän Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasyna uly orun degişlidir. Şu ýyl onuň döredilenine 15 ýyl dolýar.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda bu gurama dünýäniň ähli künjeklerinden hünärmenleri, alym-atşynaslary hem-de ganatly bedewlere sarpa goýýan beýleki adamlary birleşdirýär. Onuň yzygiderli geçirilýän mejlisleri hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmaga, mazmunyny täze bilelikdäki taslamalar hem-de işewürlik gatnaşyklary bilen baýlaşdyrmaga, özara tejribe alyşmaga mümkinçilik berýär.

Aýdyň maksatlar birleşip, umumadamzat bähbitli ynsanperwer ýörelgeler ileri tutulanda, hyzmatdaşlygyň we birek-birege ynanyşmagyň binýady has-da berkeýär. Berkarar döwletimiziň öňe sürýän ählumumy abadançylyga gönükdirilen dialog hem-de ynanyşmak babatdaky ýörelgesi häzirki wagtda dünýä döwletlerini ýakynlaşdyrýar we halklary barha jebisleşdirýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde, ady taryhçylaryň ylmy işleriniň çuňňur manyly çeşmelerine, rowaýatlarda gahrymanlaryň edermenligine, dessanlarda ýyndamlygyň we gözelligiň waspynyň deňeşdirmesine öwrülen ahalteke bedewlerimiziň şöhraty ajaýyp ýeňişler bilen äleme dolýar [4].

Milli Liderimiziň «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew», «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitaplary biziň ýol-

ýörelgämiz, ähli üstünliklerimiziň badalgasydyr. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, behişdi bedewlerimiz ençeme asyrlaryň dowamynda halkymyzyň ýakyn syrdaşy bolmak bilen, ýurdumyzyň ösüşleriniň beýanyna öwrüldi. Ata-babalarymyzyň «At – myrat», «Atym bar – ganatym bar» ýaly parasatly sözleri halkymyzyň bedewlere goýýan hormatyndan nyşandyr. Hakykatdan-da, bedew atlarymyz – halkymyzyň köňül ganaty. Onuň üsti Süleýman pygamberiň tagtyna deňelýär. Türkmen bedewlerine mundan beýik baha bermek mümkin däl. Ine, biziň ahalteke bedewlerimiz şeýle beýik baha hemişe mynasypdyr. Häzirki döwürde bu pudak hakyky rowaçlyga eýe bolýar. Milli Liderimiziň tagallasy netijesinde ýurtda arassa ganly ahalteke atlarynyň baş sanyny artdyrmak, atçylyk sportunyň görnüşlerini we at çapyşyklarynyň milli däplerini wagyz etmek babatda özüniň göwrümi we ähmiýeti boýunça deňi-taýy bolmadyk çäreler durmuşa geçirilýär. Her ýylda tutuş ýurdumyz boýunça Türkmen bedewiniň milli baýramy giňden bellenilýär. Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda halkara ülňülerine doly laýyk gelýän, döwrebap atçylyk sport toplumlary guruldy hem-de bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyň gerimi ýylsaýyn artýar.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany. – Aşgabat: TDNG, 2020.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat: TDNG, 2009.

3. *Baýramdurdyýew P*. // Behişdi ahalteke bedewleri, 2023.

4. «Türkmen bedewi we dünýäniň seýisçilik sungaty» atly XVII Halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany. – Aşgabat: 2025.

АХАЛТЕКИНСКИЕ СКАКУНЫ, ЯВЛЯЮЩИЕСЯ ПОСЛАННИКАМИ МИРА – НЕОТЪЕМЛЕМАЯ ЧАСТЬ КУЛЬТУРНОЙ ДИПЛОМАТИИ

Ахалтекинские скакуны – национальная гордость туркменского народа. Включение «Искусства ахалтекинского коневодства и традиции украшения коней» в Репрезентативный список нематериального культурного наследия человечества ЮНЕСКО является еще одним подтверждением всемирной славы великолепных ахалтекинских скакунов, олицетворяющих истинную красоту.

Ключевые слова: Мир, культура, дипломатика, скакун, искусство.

AKHALTEKE HORSES CONSIDERED AS ENVOYS OF PEACE – AN INTEGRAL PART OF CULTURAL DIPLOMACY

The Ahalteke horses, which are the national pride of the Turkmen people and considered one of the oldest breeds. Initially, they were known as Turkmen horses. The inclusion of «The Ahalteke Horse Breeding Art and the Traditions of horse decoration» in UNESCO's Representative List of the Intangible Cultural Heritage of Humanity is yet another confirmation of the worldwide fame of the magnificent Ahalteke horses, which embody of the true beauty.

Key words: Peace, culture, diplomacy, horse, art.

Bahar Hojagulyýewa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy, taryh ylymlarynyň kandidaty

TÜRKMENISTAN – RUSSIÝA FEDERASIÝASY: YLYM-BILIM ULGAMYNDAKY YNSANPERWER HYZMATDAŞLYGYŇ ÖSDÜRILMEGI

Taryhyň iň täze döwründe dünýäde parahatçylygy, asudalygy saklamak, halklaryň arasynda hoşniýetli, dost-doganlyk gatnaşyklary ösdürmek ýaly ýörelgeler uly ähmiýete eýedir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň, Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda Türkmenistan döwletimiz dünýä ýurtlary bilen deňhukukly, özara bähbitli, hoşniýetli gatnaşyklary netijeli ösdürýär [1; sah. 535–536].

Parahatçylyk söýüjilik we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine esaslanan daşary syýasaty ýöredýän Türkmenistan diňe milli däl-de, eýsem umumadamzat bähbitlerini goramaga hem çalyşýar. Hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň iri halkara forumlaryň, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň belent münberinden öňe sürýän täze hem-de möhüm başlangyçlarydyr teklipleri munuň aýdyň subutnamasydyr. Şol başlangyçlaryň hemmesi dünýä bileleşiginiň giň goldawyna eýe bolýar. Çünki olar Merkezi Aziýa sebitiniň we dünýäniň uzakmöhletleýin bähbitlerini gurşap alýar. Ýüze çykýan meseleleri çözmekde diňe syýasy-diplomatik serişdeleri ulanmak, energetika we suw howpsuzlygyny üpjün etmek, daşky gurşawy goramak, halkara söwda-ykdysady giňişliginde ösen ulag-aragatnaşyk düzümini döretmek meseleleri boýunça öňe sürülýän teklipler tutuş Ýer ýüzüniň bagtyýar geljeginiň bähbidine

giň halkara gatnaşyklaryny ýola goýmakda täze çemeleşmeleri gözläp tapmagyň esasy ugurlaryny şöhlelendirýär.

Mälim bolşy ýaly, döwlet Baştutanymyzyň başlangyjy bilen «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» işlenip düzüldi we kabul edildi. Bu Konsepsiýa türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz tarapyndan binýady goýlan daşary syýasat strategiýasynyň logiki dowamyna öwrüldi. Resminamada häzirki zaman dünýä syýasatynyň ösüşiniň esasy meýilleri hem-de ýurdumyzyň ondan gelip çykýan dünýä we sebit derejesindäki ileri tutýan ugurlary beýan edilýär. Bitarap döwletimiziň daşary syýasatynyň strategik maksady üýtgewsiz bolmagynda galýar. Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk derejesi dünýäniň ähli döwletleri bilen dostlukly, özara bähbitli we hakyky ýagdaýlardan ugur alyp, gatnaşyklary ýola goýmaga şert döredýär. Sebitde hem-de bütin dünýäde oňyn, parahatçylygy dörediji orny eýelemäge, bu wezipeler ýerine ýetirilende Birleşen Milletler Guramasynyň tagallalaryna ýardam etmäge ýurdumyza mümkinçilik berýär [1; sah. 534].

Şunuň bilen baglylykda, häzirki wagtda Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasynda ýola goýlan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk işjeň ösdürilýär. Gahryman Arkadagymyz öz çykyşlarynyň birinde: «Russiýa Federasiýasy biziň ýurdumyzyň strategik hyzmatdaşy bolup durýar. Russiýa bilen ikitaraplaýyn görnüşde, şeýle hem halkara guramalarynyň çäklerinde alyp barýan gatnaşyklarymyz özüniň oňat netije berýändigini we iki döwletiň düýpli bähbitlerine laýyk gelýändigini görkezdi. Biz Russiýa Federasiýasy bilen geljekde hem dostlukly gatnaşyklarymyzy dürli ugurlar boýunça giň gerim bilen ösdüreris» diýip nygtap geçýär [1; sah. 530–531]. Şu nukdaýnazardan garanyňda, ylym-bilim ulgamyndaky türkmen-rus gatnaşyklary ikitaraplaýyn medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar.

Asyrlaryň dowamynda türkmenleriň rus halky bilen ylym-bilim ulgamyndaky gatnaşyklarynda baý tejribe toplandy. Garaşsyzlyk döwründe ikitaraplaýyn özara peýdaly ylmy hyzmatdaşlygynyň ösüşi hil taýdan täze derejä çykaryldy. Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasynda ençeme ylalaşyklar (1992-nji ýylyň 8-nji iýuny, 1995-nji ýylyň 18-nji maýy, 2000-nji ýylyň 19-njy maýy, 2017-nji ýylyň 2-nji oktýabry, 2022-nji ýylyň 10-njy iýuny we başgalar) baglaşylýar. Resminamalara laýyklykda ynsanperwer, tebigy we tehniki ylymlary ösdürmek, ylmy hünärmenleri taýýarlamak, bilim edaralarynyň işini kämilleşdirmek boýunça bilelikdäki hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň we Russiýanyň Ylymlar akademiýalarynyň ylmy-barlag institutlarynyň birnäçesi degişli ugurlar boýunça netijeli hyzmatdaşlygy alyp barýarlar. 2008-nji ýyldan bäri TYA-nyň Seýsmologiýa we atmosferanyň fizikasy instituty bilen RYA-nyň O.Ý.Şmidt adyndaky Ýeriň fizikasy institutynyň

arasynda ikitaraplaýyn ylmy-tehniki gatnaşyk etmek arkaly geodinamikanyň we seýsmologiýanyň meselelerini çözmekde oňyn netijeler gazanylýar [14]. 2013-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda «TYA-nyň Seýsmologiýa instituty bilen RYA-nyň O.Ý.Şmidt adyndaky Ýeriň fizikasy institutynyň arasynda ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk etmek hakynda Şertnama» gol çekildi [6]. Munuň özi seýsmologiýa we geofizika ugurlary boýunça bilelikdäki ylmy-barlag işlerini geçirmek, şeýle hem geologiki, seýsmologiki we geofiziki maglumatlaryň bitewi sebitleýin ulgamyny emele getirmek üçin hukuk-şertnamalaýyn binýadynyň döredilmegine getirýär.

Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň Gün energiýasy institutynyň alymlary Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň A. F. Ioffe adyndaky Fizika-tehnika institutynyň işgärleri bilen birnäçe ýyldan bäri nanotehnologiýa ugry boýunça metal-dielektrik-ýarymgeçiriji kompozit nanostrukturalarda bilelikdäki ylmy-barlag işleri geçirýärler [13]. Bu babatda ýüze çykarylan täze kwant netijeleri halkara ylmy maslahatlaryň ýygyndylarynda, Aşgabatda, Sankt-Peterburgda, Nowosibirskide çap edilýär we alymlaryň dykgatyna ýetirilýär.

Türkmenistanyň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty Russiýanyň ugurdaş ylmy edaralary bilen ekologiýa meseleleri çözmekde geçirilýän ylmy işlerde anyk netijeleri gazanýar. Döwletara ylmy hyzmatdaşlygy ösdürmekde Türkmenistanyň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty tarapyndan neşir edilýän «Çölleri özleşdirmegiň meseleleri» («Проблемы освоения пустынь») diýen halkara ylmy-amaly žurnalynyň orny uludyr. Onda Russiýanyň dürli ylmy-barlag institutlaryndan iberilýän makalalar yzygiderli çap edilýär.

Türkmen halkynyň baý mazmunly medeni mirasyny öwrenmek babatda türkmen-rus hyzmatdaşlygy işjeň häsiýete eýe bolýar. Bu babatda Gündogar halklarynyň medeni durmuşynda uly yz galdyran, beýik akyldar, pelsepeçi Magtymguly Pyragynyň döredijiligi köp ýyllaryň dowamynda dünýä alymlarynyň üns merkezinde bolmagynda galýar. Russiýa Federasiýasynyň ençeme ylmy edaralarynda, şol sanda Sankt-Peterburg şäherindäki Gündogary öwreniş döwlet institutynyň arhiwinde, Russiýanyň milli kitaphanasynda (Saltykow-Şedrin adyndaky döwlet kitaphanasy) Magtymgulynyň birnäçe golýazmalary saklanylýar we alymlar tarapyndan seljerilýär. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynda şahyryň goşgularynyň rus diline terjime edilmegi onuň döredijiligini wagyz etmekde uly goşantdyr [7].

Halkymyzyň medeni mirasynyň aýrylmaz bölegi bolan gadymy taryhy ýadygärlikleri öwrenmekde, dünýä aýan etmekde türkmen we rus alymlarynyň bilelikdäki ylmy-barlag işlerini aýratyn görkezmek bolar. Seredilýän döwürde Türkmenistanyň Taryhy we medeni ýadygärlikleri goramak, öwrenmek hem-de rejelemek baradaky milli müdirligi Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň Maddy medeniýetiň taryhy boýunça instituty bilen dürli taslamalary durmuşa geçirýär.

Türkmen-rus arheologik topary döredilip, ençeme gazuw-agtaryş işleri netijeli amala aşyrylýar. 2014-nji ýylda ýurdumyzyň Ahal welaýatyndaky «Abywerd» taryhy-medeni goraghananyň çäginde ýerleşýän Ýylgynlydepe ýadygärliginde b.e. öňki V-IV müňýyllyklara degişli türkmen halkynyň gadymy neberelerinin maddy medeniýetiniň toplumy – toýundan ownuk heýkelleri işläp taýýarlamak boýunça ýöriteleşdirilen ussahananyň ýüze çykarylmagy dünýä möçberindäki açyşa öwrüldi [8].

Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň Etnologiýa we antropologiýa institutynyň professory W. I. Sarianidiniň ýolbaşçylygyndaky «Margiana» atly türkmen-rus arheologik ekspedisiýasy Mary welaýatynyň çäklerinde uzak wagtyň dowamynda ylmy barlaglary geçirdi. Marguşyň gadymy taryhy Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň hormatly akademigi W. I. Sarianidiniň «Marguş. Murgap derýasynyň köne hanasynyň aýagyndaky gadymy gündogar şalygy», «Marguş. Beýik medeniýetiň syrlar dünýäsi we onuň hakyky keşbi» atly we beýleki kitaplarynda öz beýanyny tapdy [2; 3]. Häzirki wagtda «Margiana» atly türkmen-rus arheologik ekspedisiýasy taryh ylymlarynyň doktory, Magtymguly adyndaky Halkara baýragynyň eýesi N.Dubowanyň ýolbaşçylygynda öz işini dowam edýär.

Bilelikdäki ylmy-barlag işleri üstünlikli amala aşyrmakda 2017-nji ýylyň 2-nji oktýabrynda Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putiniň Türkmenistana bolan resmi saparynyň barşynda ikitaraplaýyn Ylalaşyklara gol çekilmegi üns bermeklige mynasypdyr. Şunda Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi bilen Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň Maddy medeniýetiň taryhy institutynyň (Sankt-Peterburg ş.) arasynda hyzmatdaşlygy dowam etdirmek hakynda, Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi bilen Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň N. N. Mikluho-Maklaý adyndaky Etnologiýa we antropologiýa institutyň arasynda hyzmatdaşlygy dowam etdirmek hakynda, şeýle hem Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy bilen Russiýanyň binagärlik we gurluşyk akademiýasynyň arasynda ylmy hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyklar baglaşylýar [9].

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýokary bilim ulgamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Türkmenistanyň hem-de Russiýa Federasiýasynyň merkezi ýokary okuw mekdepleriniň arasynda göni gatnaşyklaryň işjeň ýola goýulmagy özara tejribe alyşmaga ýardam edýär. 2017-nji ýylyň 2-nji oktýabrynda, 2019-nji ýylyň 23-nji iýunynda iki döwletiň ÝOM-larynyň, şol sanda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen Moskwanyň M. W. Lomonosow adyndaky döwlet uniwersitetiniň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty bilen Russiýa Federasiýasynyň Daşary işler ministrliginiň Moskwa döwlet halkara gatnaşyklary institutynyň, Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersiteti bilen I. M. Gubkin adyndaky Russiýanyň nebit we gaz döwlet uniwersitetiniň, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty bilen Russiýanyň D. I. Mendeleýew adyndaky himiýa-tehnologiýa uniwersitetiniň, Türkmenistanyň Döwlet energetika instituty bilen

Kazan döwlet energetika uniwersitetiniň, Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika instituty bilen «Innopolis uniwersiteti» awtonom täjirçilik däl ýokary bilim guramasynyň, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş instituty bilen Kazan (Priwolžskiý) federal uniwersitetiniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda birnäçe Ylalaşyklara gol çekildi [9]. Ylalaşyklaryň çäklerinde ençeme bilelikdäki çäreler guralýar. Dostlukly ýurtlaryň professor-mugallymlarynyň we talyplarynyň gatnaşmagynda halkara ylmy maslahatlaryň, bäsleşikleriň geçirilmegi munuň aýdyň mysallary bolup durýar.

Ikitaraplaýyn ynsanperwer hyzmatdaşlygyň ugurlarynyň biri türkmen talyplaryň Russiýa Federasiýasynyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim almagy bilen bagly bolýar. Döwlet we hökümet derejesindäki saparlaryň barşynda bu meseläniň hemişe üns merkezinde bolmagy onuň wajyplygyny görkezýär. Türkmenistanyň we Russiýanyň döwlet ýolbaşçylarynyň duşuşyklarynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň esasy ugurlary, şol sanda onuň ýangyç-energetika toplumy, oba hojalygy, gurluşyk, ulag we aragatnaşyk pudaklary üçin hünär taýdan ýokary derejeli ýaş işgärleriň taýýarlanmagy boýunça köp işleriň durmuşa geçirilýändigi, bu babatda russiýaly hyzmatdaşlar tarapyndan ýardam berilýändigi barada nygtalýar. Häzirki wagtda Russiýanyň ýüzlerçe ýokary okuw mekdeplerinde 40 müňe golaý türkmen oglan-gyzlary bilim alýarlar [11]. Bu babatda Moskwa, Sankt-Peterburg, Tatarystan Respublikasy, Astrahan oblasty ýaly Russiýa Federasiýasynyň iri şäherleri we sebitleri bilen hyzmatdaşlyk ösdürilýär.

Orta bilim ulgamynda bilelikdäki türkmen-rus taslamalary netijeli durmuşa geçirilýär. Şeýle taslamalaryň biri A.S.Puşkin adyndaky umumy bilim berýän türkmen-rus orta mekdebidir. Mekdebi döretmek baradaky ilkinji resminama 2000-nji ýyl bilen senelenýär. Şol ýylyň 19-njy maýynda kabul edilen bilelikdäki Jarnamada medeni gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegine uly üns berlip, ylym-bilim ulgamyna degişli taslamalaryň birnäçesi göz öňünde tutulýar. Jarnamada umumy bilim berýän türkmen-rus mekdebi barada hem nygtalýar [4; sah.1]. Agzalan bilim ojagy 2002-nji ýylda Aşgabat şäherinde açylýar. Häzirki zaman bilim almak üçin ähli şertler bilen üpjün edilen bu mekdep Hökümetara Ylalaşygyň esasynda döredildi we iki ýurduň Bilim ministrlikleri tarapyndan düzülen maksatnamalaryny üstünlikli durmuşa geçirýär. Okuwçylar bilim almak bilen çäklenmän, iki dostlukly halklaryň medeniýetlerini hem öwrenýärler. Çagalarda türkmen we rus halklarynyň köpasyrlyk, baý mazmunly medeni mirasynyň özleşdirilmegine, gorap saklanylmagyna we ösdürilmegine gyzyklanma döretmek mugallymlaryň esasy wezipeleriniň biridir [5; sah. 26]. Okuwçylar iki medeniýetiň dünýäsinde bilim alýarlar, türkmen we rus halklarynyň öňden gelýän dostluk, ikitaraplaýyn hoşniýetli däplerini dowam etdirýärler. Häzirki wagtda türkmen-rus mekdebini ýüzlerçe okuwçylar tamamladylar. Uçurymlaryň 95%-i Türkmenistanyň we Russiýa Federasiýasynyň ÝOM-larynda okuwyny dowam etdirýärler [5; sah. 27].

Döwletara ynsanperwer hyzmatdaşlygynyň giňelmeginde Russiýa Federasiýasynyň Astrahan oblastynyň Priwolžsk raýonynyň Funtowo obasynda gurlan mekdebiniň ähmiýeti uludyr. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda bina edilen mekdep 2018-nji ýylyň 18-nji maýynda dabaraly ýagdaýda açyldy. 190 okuwça niýetlenen iki gatly okuw toplumy beýik türkmen nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň adyny göterýär. Bu bilim ojagy iň döwrebap enjamlar bilen enjamlaşdyrylan giň, oňaýly, ýagty otaglardan ybaratdyr. Mekdepde kompýuter otagy, fizika, himiýa, biologiýa we taryh, barlaghana otaglary, terbiýeçi-psihologyň we logopediň otaglary, kitaphana, sport zaly bar [10].

Funtowo obasynda türkmen çagalary üçin gurlan mekdep iki ýurduň arasyndaky netijeli ösdürilýän dostlukly gatnaşyklarynyň nyşanyna öwrüldi. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan Astrahan oblasty bilen ysnyşykly hyzmatdaşlygy alyp barýar. Bu gatnaşyk asyrlaryň synagyndan geçip, häzirki döwürde has-da berkidilýär. Maglumatlara görä, türkmen halkynyň nusgawy şahyry Magtymguly Pyragy Astrahan ülkesinde birnäçe gezek syýahat edipdir. Russiýanyň bu sebitinde ildeşlerimiziň asyrlaryň dowamynda milli däp-dessurlaryny saklap ýaşamagynyň özi uly gyzyklanma döredip, dürli ugurlary boýunça aragatnaşyklary giňeltmek üçin düýpli esas bolýar [12; sah. 12–13].

Şeýlelik bilen, Türkmenistan we Russiýa hoşniýetli goňşuçylyk däplerine ygrarlydyklaryny görkezmek bilen, milli bähbitleri, iki dostlukly ýurduň hem-de halkyň durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny nazara alyp, özara bähbitli hyzmatdaşlygy pugtalandyrýarlar. Ikitaraplaýyn ynsanperwer hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolan ylym-bilim ulgamyndaky gatnaşyklarynyň netijeli ösdürilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr. Häzirki wagtda bu hyzmatdaşlyk akademiki alyş-çalyşlar, iki ýurduň alymlarynyň Türkmenistanda we Russiýa Federasiýasynda geçirilýän halkara ylmy maslahatlara gatnaşmagy, möhüm ähmiýetli ylmy gazanylanlar, işläp taýýarlamalar baradaky täzelikleri alyşmak boýunça çäreleriň ýöredilmegi, ýokary okuw mekdepleriniň arasynda göni gatnaşyklaryň işjeň ýola goýulmagy, dostlukly ýurtda türkmen talyplarynyň bilim almagy, bilelikdäki bilim taslamalaryň durmuşa geçirilmegi ýaly dürli ugurlar boýunça amala aşyrylýar. Döwletara hyzmatdaşlygyň bu ugurlarynyň üstünlikli alnyp barylmagy asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alyp gaýdýan hoşniýetli türkmen-rus gatnaşyklaryny mundan beýläk pugtalandyrmak üçin möhüm esas bolup durýar.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. – 8 T. – Aşgabat: TDNG, 2015.

2. *Sarianidi W.* Marguş. Murgap derýasynyň köne hanasynyň aýagyndaky gadymy gündogar şalygy. – Aşgabat: TDNG, 2002.

3. *Sarianidi W*. Marguş. Beýik medeniýetiň syrlar dünýäsi we onuň hakyky keşbi. – Aşgabat: TDNG, 2009.
4. TYAYE we GPA. – g.40, ýaz. 04/1, iş 60.
5. Diýar. – 2013. № 7.
6. Türkmenistan. – 2013-nji ýylyň 18-nji sentýabry.
7. Türkmenistan. – 2014-nji ýylyň 1-nji fewraly.
8. Türkmenistan. – 2014-nji ýylyň 13-nji noýabry.
9. Türkmenistan. – 2017-nji ýylyň 2-nji oktýabry.
10. Türkmenistan. – 2018 -nji ýylyň 19-njy maýy.
11. Türkmenistan. – 2024 -nji ýylyň 24-nji maýy.
12. Материалы по истории Узбекской, Таджикской и Туркменской ССР. – Л.: Изд-во Академии наук СССР, 1933.
12. *Мелебаев Д., Мелебаева Г.Д., Рудь В.Ю., Рудь Ю.В*. Фоточувствительность барьеров Шотки Ni-n-GaAs // Физика и техника полупроводников. – Т.43. – Вып. 1-12. – Спб.: Наука, 2009.
13. *Петрова Н.В., Аннаоразова Т.А*. и др. Землетрясения Северной Евразии. – Обнинск: ГС РАН, 2012.

ТУРКМЕНИСТАН – РОССИЙСКАЯ ФЕДЕРАЦИЯ: РАЗВИТИЕ ГУМАНИТАРНОГО СОТРУДНИЧЕСТВА В СФЕРЕ НАУКИ И ОБРАЗОВАНИЯ

Важной составляющей многопланового взаимодействия Туркменистана с Российской Федерацией является сотрудничество в сфере науки и образования. Основными аспектами двустороннего партнерства являются взаимодействия научно-исследовательских институтов Академий наук двух стран, обмен опытом в области новейших научных разработок, участие туркменских и российских ученых в международных конференциях, реализация совместных научных и образовательных проектов, установление и развитие сотрудничества между вузами, обучение туркменской молодежи в вузах России и другие. Успешное развитие гуманитарного взаимодействия является прочной основой для дальнейшего укрепления дружественных туркмено-российских отношений.

Ключевые слова: Туркменистан, Российская Федерация, миролюбие, сотрудничество, наука, образование, ученые, школы.

TURKMENISTAN – RUSSIAN FEDERATION: DEVELOPMENT OF HUMANITARIAN COOPERATION IN THE FIELD OF SCIENCE AND EDUCATION

An important component of the multifaceted interaction between Turkmenistan and the Russian Federation is cooperation in the field of science and education. The main aspects of the bilateral partnership are the interaction of research institutes of the Academies of Sciences of the two countries, the exchange of experience in the field of the latest scientific developments, the participation of Turkmen and Russian scientists in international conferences, the implementation of joint scientific and educational projects, the establishment and development of cooperation between universities, the training of Turkmen youth in universities in Russia and others. The successful development of humanitarian cooperation is a solid basis for further strengthening.

Key words: Turkmenistan, Russian Federation, peacefulness, cooperation, science, education, scientists, schools.

Jemile Pürjäýewa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy

TÜRKMENISTANYŇ PARAHATSÖÝÜJILIKLI DAŞARY SYÝASATYNY WAGYZ ETMEKDE GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ INTERWÝULARYNYŇ ÄHMIÝETI

Belli bir jemgyýetçilik pikirini oýarmak üçin köpçülikleýin habar beriş serişdelerine şol meseläni habar bermek bilen birlikde anyk düşündirmek, garaýyşlary beýan etmek, umuman, meselä köptaraplaýyn çemeleşmeklik zerur bolup durýar. Şu babatda alanymyzda, Türkmenistanyň parahatsöýüjilikli halkara gatnaşyklary we daşary-syýasy başlangyçlary halkara köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hem üns merkezinde bolmagy bilen, dünýä jemgyýetçiliginde uly gyzyklanma döredýär. Aslynda, halkara metbugatyň Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatyna we diplomatiýasyna üns bermegi türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Baş Assambleýasynyň hem-de beýleki iri guramalaryň münberlerinde beýan edýän halkara başlangyçlarynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldawa eýe bolýandygy we Türkmenistanyň barha artýan halkara abraýy bilen berk baglanyşyklydyr.

Ýurdumyzda soňky döwürlerde daşary ýurtly hyzmatdaşlar – iri habarlar agentlikleri, abraýly neşirler, meşhur teleýaýlymlar bilen bilelikde özygtyýarly türkmen döwletiniň alyp barýan içeri we daşary syýasatyny giňden wagyz etmek

hem-de ýurdumyzy halkara habarlar giňişligine goşmak, metbugat we elektron köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde, hususan-da, internet serişdelerinde täzelikleri, habarlary ýaýratmak, syn we seljerme materiallaryny çap etmeklik boýunça toplumlaýyn işler alnyp barylýar.

Halkara media ulgamy bilen ýakyndan işleşmegiň, olaryň hakyky maglumat çeşmelerine daýanmak bilen, täzelikleri we seljeriş işlerini dünýä jemgyýetçiligine ýetirmeklerini gazanmagyň netijeli usullaryny we ugurlaryny tapmak babatynda anyk ädimler ädildi. Şunuň bilen baglylykda, degişli döwlet edaralarynyň düzümini we işini kämilleşdirmek, abraýly halkara guramalary bilen ýakyn gatnaşyklary mazmun we hil taýdan has-da baýlaşdyrmak, milli žurnalistleriň daşary ýurtly kärdeşleri bilen hyzmatdaşlygyny ösdürmek, halkara derejesindäki çäreler bilen tanyşdyryş işleriniň görnüşlerini ornaşdyrmak ýaly ugurlar derwaýys häsiýete eýe bolýar. Möhüm meselelere bagyşlanan brifingleri we metbugat konferensiýalaryny, mediaforumlary guramak, interwýu we sorag-jogap söhbetdeşliklerini geçirmek hem bu ugurda netijeliligi emele getirýär.

Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyzyň hut özi hem halkara media ulgamynyň wekilleri bilen duşuşmagy we olaryň sowallaryna jogap bermegi, ýokary derejeli duşuşyklaryň netijeleri boýunça metbugat üçin beýannamalar bilen çykyş etmegi uly ähmiýete eýe. Munuň özi, Türkmenistanyň açyk häsiýete eýe bolan diplomatiýasynyň asyl nusgasy bolup durýar. Hususan-da, şeýle söhbetdeşlikleriň mysaly hökmünde Gahryman Aradagymyzyň ilkinji gezek Prezidentlige saýlanmagy mynasybetli Hytaý Halk Respublikasynyň «Sinhua» habarlar agentligine (15.02.2007 ý.) [1; s. 37], Russiýa Federasiýasynyň «Türkmenistan» halkara žurnalyna (16.02.2007 ý.) [1; s. 46], (26.02.2012 ý.) [4; s. 167], Hytaý Halk Respublikasynyň iri habar beriş serişdeleriniň habarçylaryna (09.12.2009 ý.) [2. s. 421] beren interwýularyny ýatlamak bolar. Şeýle-de taryhy söhbetdeşlikler barada soňky ýyllarda edilen işleri seljerenimizde, Hytaý Halk Respublikasynyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň žurnalistleri bolan «Ženmin Žibao» gazetinden Çen Çžisin, «Sinhua» habarlar agentliginden Lu Szinli, «Guanmin Žibao» gazetinden Çžan Çunýu, «Hytaýyň halkara radiosy» radioýaýlymyndan Wan Delu (16.11.2011 ý.) [3; s. 410], türk žurnalistleri – Türkiýäniň Telewideniýe we Radio Guramasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň başlygy Halil Kylyç, habarçysy Ysmaýyl Ufakdemir, Türkiýäniň «Jihan» Habarlar Gullugynyň Aşgabatdaky wekili Jemil Ýyldyz, «Türkiýe Zamanyň» wekili, «Zaman Türkmenistan» gazetiniň esaslandyryjysy Sadettin Başer (19.02.2012 ý.) [4; s. 178], Ýaponiýanyň «NHK» teleradio kompaniýasynyň habarçysy Eri Okada, «Ýomiury Shimbun» gazetiniň habarçysy Ýu Tamura, «Asahi Shimbun» gazetiniň habarçysy Kadzuhiro Sekin, «Sankei Shimbun» gazetiniň habarçysy Maasaki Sasaki, «Tokio Shimbun» gazetiniň Moskwa bölüminiň ýolbaşçysy Selji Hara, «Mainichi Shimbun» gazetiniň habarçysy Hitosi Oma (29.08.2013 ý.) [5; s. 380], Bütinrussiýa döwlet teleradiogepleşikler

kompaniýasynyň Merkezi Aziýa sebit bölüminiň ýolbaşçysy Robert Fransew (29.04.2018 ý.) [6; s. 299], Bitarap Türkmenistanyň Garaşsyzlylygynyň 30 ýyllygy mynasybetli «Mir» döwletara teleradiokompaniýasynyň žurnalisti (01.06.2021 ý.) [7; s. 291], TASS agentliginiň baş direktorynyň birinji orunbasary Mihail Gusman (04.10.2021 ý.) [7; s. 456], Türkiýäniň döwlet teleradiokompaniýasynyň «TRT World» teleýaýlymynyň baş redaktory Ýusuf Erim (09.11.2021 ý.) [7; s. 500], «Euronews» teleýaýlymynyň habarçysy Loro Bakwelli (07.03.2025 ý.) [22; s. 2] bilen bolan söhbetdeşliklerini görkezmek bolar.

Bu söhbetdeşlikleriň dowamynda berlen sowallarda Türkmenistan bilen anyk, dostlukly döwletleriň, sebit we halkara guramalaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we geljekki mümkinçilikleri, iň ýakyn goňşularymyz bolan sebit döwletleri bilen gatnaşyklarda ileri tutulýan ugurlar, Merkezi Aziýa sebitiniň dünýä syýasatynda eýeleýän orny, ýurdumyzyň Garaşsyzlyk ýyllarynda ähli ulgamlar babatdaky ýeten iň wajyp sepgitler hem-de bu ugurda öňde goýlan maksatlar, Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň ykdysady mümkinçilikleri, bütindünýä ählumumy ykdysady çökgünligi ýeňip geçmekde Türkmenistanyň öňde goýan anyk işleri, geçirilýän sammitleriň ähmiýeti, halkara hyzmatdaşlar bilen bilelikde amala aşyrylan iri taslamalar, söwda-ykdysady ulgamda, ulag we logistika, ýangyç-energetika, suw we oba hojalyk pudagynda, senagat toplumynda we beýleki ugurlarda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň mümkinçilikleri, daşky gurşawy goramakda nesilleriň arasyndaky baglanyşygyň milli döwletliligi kemala getirmekdäki ähmiýeti, maddy we ruhy gymmatlyklarymyzyň medeni hyzmatdaşlygy ösdürmekdäki aýratynlygy ýaly meseleleriň gozgalmagy bilen bir hatarda, Gahryman Arkadagymyzyň maşgala gymmatlyklaryna garaýşy, özüniň şahsy gyzyklanmalary, hünär saýlamakda ýaş nesillere maslahatlary hem söhbetdeşlikleriň özenini düzýär.

Söhbetdeşliklerde türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzyň daşary syýasatyny we parahatsöýüjilikli, hoşniýetli, oňyn Bitaraplyk ýörelgelerini dünýä jemgyýetçiligine hakyky esasda we yzygiderli tertipde ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda öňe sürýändigi sowallara berilýän jogaplarda aýdyň duýulýar. Onuň parahatçylyk, adalatlylyk, ynsanperwerlik, dost-doganlyk we ähli halklara hormat goýmak baradaky düýpli pikirleri beýleki döwletler bilen özara gatnaşyklarda möhüm ähmiýete eýe. Şu nukdaýnazardan, Watan gymmatlygy, watançylyk duýgusy ýaly düşünjeler eriş-argaç bolup geçýän, baý mazmunly taryhy çykyşlar türkmen döwletiniň daşary syýasatynyň esasyny kesgitleýär diýip aýtmaga esas berýär.

Bu söhbetdeşliklerde türkmen halkynyň Milli Lideriniň «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly ählumumy başlangyjynyň düýp mazmuny we ähmiýeti özboluşly şöhlelenýär. Söhbetdeşlikler tutuşlygyna hoşniýetlilige hem-de ynsanperwerlige ýugrulan hyzmatdaşlygyň syýasat, ykdysadyýet, medeniýet, ynsanperwerlik ugurlarynda döwletimiziň gazanýan üstünlikleri, tejribesi we milli

ýörelgeleri giňişleýin beýan edilýär. Hususan-da, Gahryman Arkadagymyzyň daşary ýurtly žurnalistler bilen geçiren sowal-jogaplarynda özbaşdak Türkmenistanyň döwlet hökmünde döreýşinden başlap, geçen taryhy döwürde ýurdumyzyň ýeten sepgitleridir gazanan üstünliklerine hertaraplaýyn jikme-jik seljerme berilýär. Görnükli syýasatçy hökmünde Milli Liderimiziň «Häkimiýet» düşünjesi, döwleti dolandyrmak sungatynyň aýratynlyklary inçelik bilen açylyp görkezilýär.

Ylaýta-da, Türkmenistana özbaşdak, aýdyň hem-de özboluşly daşary syýasat ugruny alyp barmaga mümkinçilik berýän hemişelik Bitaraplyk derejesi, onuň Merkezi Aziýada hem-de goňşy sebitlerde bolup geçýän ýagdaýlaryň barşyna we ugruna ýetirýän täsiri baradaky sowallara Gahryman Arkadagymyz: «Türkmen Bitaraplygy, elbetde, sebitde örän möhüm durnuklaşdyryjy ähmiýete eýedir. Bu pikiri Birleşen Milletler Guramasy we BMG-niň agza ýurtlary hem goldaýarlar.

Meniň pikirimçe, 2007-nji ýylda edara binasy Aşgabatda ýerleşýän BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy halkara bileleşik tarapyndan şeýle baha berilmeginiň hakyky subutnamalarynyň biridir. Bu ädim Türkmenistana bolan ynamy alamatlandyryp, Merkezi Aziýada durnuklylygy hem-de howpsuzlygy saklamakda we pugtalandyrmakda ýurdumyzyň eýeleýän oňyn ornunyň ykrar edilýändiginiň güwänamasy boldy. Şol bir wagtda, munuň özi, öňüni alyş diplomatiýasynyň gapma-garşylyklary duýdurmagyň, olary parahatçylyk, syýasy-diplomatik ugra gönükdirmegiň netijeli guraly hökmünde tassyknamasy boldy. Şunda Türkmenistanyň Bitaraplygy sebitdäki ýagdaýlaryň oňyn häsiýete eýe bolmagynyň tebigy, döwrüň talap edýän şerti, BMG-niň hem-de Ýer ýüzüniň bu böleginde pugta parahatçylyga we durnuklylyga, ösüş maksatlaryna ýetmegiň tarapdarlary bolup duran ähli sagdyn güýçleri goldap, çykyş edýär diýip bolar. Getirilen mysallar Türkmenistanyň Bitaraplygynyň häzirki wagtda diňe bir sebit däl, eýsem halkara syýasatyň BMG-niň parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy saklamagyň hem-de pugtalandyrmagyň uzak möhletli gün tertibiniň şerti bolandygyna şaýatlyk edýär [7; s. 300]. Geçen döwürde ýurdumyzyň alyp barýan Bitaraplyk daşary syýasaty öz netijeliligini, dünýä jemgyýetçiliginiň uzak möhletleýin bähbitlerine laýyk gelýändigini aýdyň görkezdi. Hemişelik Bitaraplygyna esaslanyp, Türkmenistan giň halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen, ähli ýurtlaryň we halklaryň düýpli bähbitlerine laýyk gelýän möhüm başlangyçlar bilen çykyş edip, olary iş ýüzünde durmuşa geçirmekde hem çäreleri amala aşyrýar [7; sah. 500]. Biziň tekliplerimizi goldap, BMG-de biragyzdan ses berilýändigi, Türkmenistanyň Bitaraplygynyň we onuň parahatçylyk döredijilik ugrunyň ähmiýetine barha aýdyň düşünilmegi hem-de goldanylmagy ählumumy parahatçylyga we howpsuzlyga ýardam bermek, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek, dünýä işlerinde BMG-niň esasy ornuny berkitmek, döwletara gatnaşyklarda deňhukuklylyk we birek-birege hormat goýmak ýörelgelerine ygrarlylyk boýunça daşary syýasy strategiýamyzyň dogrudygyna bizde berk ynam döredýär [6; s. 456].

Iň esasy zat: biz, hakykatdan-da, tutuş dünýä açykdyrys. Ine, biz Azerbaýjan, Gazagystan, Russiýa, Özbegistan, Täjigistan, Gyrgyzystan, Owganystan, Pakistan bilen goňşulardyrys. Dagyň aňyrsy bolsa Eýran – hemmämiz dostlukda ýaşaýarys. Biz açykdyrys! Biz «Açyk gapylar» syýasatyny alyp barýarys [4. sah. 304]» diýip ynamly jogap bermegi, halkara habar beriş serişdeleriniň üsti bilen adamzadyň bähbitlerine parahatçylygy, hoşniýetli goňşuçylygy, hyzmatdaşlygy, ösüşi üpjün etmekde hem-de mundan beýläk-de pugtalandyrmakda Türkmenistanyň aýratyn ornuny dünýä äşgär etmäge mümkinçilik berýär. Şeýle-de 2022-nji ýylyň 4-nji oktýabrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Hytaýyň döwlet köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň haýyşy boýunça Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň metbugat atteşesi Wan Szýunyň sowallaryna jogap bermegi Hytaýyň belli teleýaýlymlarynyň, köp millionly okyjylary bolan metbugat serişdeleriniň wekilleriniň Türkmenistana bolan ägirt uly gyzyklanmalarynyň, tutuş dünýä ähmiýetli başlangyçlary öňe sürýän türkmen döwletiniň halkara giňişlikdäki abraýynyň barha belende galýandygynyň ýene bir aýdyň beýany boldy.

Söhbetdeşlikde türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň taryhy, geljegi, onuň ösüşine berýän bahasy, bilelikde durmuşa geçirilen we geljekde amala aşyrylmagy maksat edinilýän iri taslamalar, iki halkyň, şol sanda olaryň syýasy liderleriniň birmeňzeş garaýyşlary, dünýäde parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň bähbidine öňe sürýän başlangyçlary hem-de olaryň ähmiýeti, Hytaýyň häzirki ýeten derejesinde bu ýurduň Kommunistik partiýasynyň we Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň orny baradaky pikirlerini paýlaşdy.

Bu söhetdeşlikden görnüşi ýaly, häzirki wagtda Hytaýyň «Bir guşak, bir ýol» başlangyjy bilen Türkmenistanyň «Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmek» strategiýasyny utgaşdyrmak boýunça işler alnyp barylýar. Häzirki zaman şertlerinde özara bähbitleriň bolmagy Türkmenistana we Hytaýa bu strategiýalary durmuşa geçirmegiň çäginde hyzmatdaşlygy üstünlikli ösdürmäge mümkinçilik berýär. Bularyň ikisi hem Ýuwaş ummandan Atlantik ummanyna çenli ägirt uly giňişlige döwrebap ýörelgelerde birleşdirip, Ýewraziýanyň ykdysady ösüşine güýçli itergi bermäge gönükdirilendir. Olar birek-birege bagly bolan önümçilik we tehnologik ulgamlary, senagat guşaklyklaryny döredip, köpsanly durmuş meselelerini çözmegi halklaryň ýaşaýyş derejesiniň, hal-ýagdaýynyň hilini ýokarlandyrmagy üpjün eder [8].

Mälim bolşy ýaly, dünýäni ýagşylyk, dostluk, hoşniýetli hyzmatdaşlyk, mähirlilik, adamkärçilik halas edýär. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň «Döwlet adam üçindir!» diýen şygary hem-de Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň «Adam hemme zatdan ýokarydyr», «Halkyň bähbidine dolandyrmak» atly konsepsiýalarynyň biri-birine gabat gelmegi, Gahryman Arkadagymyzyň «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly ählumumy başlangyjy, Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň «Ählumumy ösüş başlangyjy» hem-de «Ählumumy howpsuzlyk başlangyjy» ýaly

birmeňzeş başlangyçlary syýasy liderleriň dünýäni parahatçylyga, durnukly ösüşe çagyrmaga, özara düşünişmäge, döwletara gatnaşyklarda deňhukuklylyk, adalatlylyk, birek-birege hormat goýmak ýörelgelerini pugtalandyrmaga ýardam berýär.

Şunuň bilen baglylykda, şeýle söhbetdeşlikleriň guralmagy ýurdumyzyň habar beriş serişdeleriniň öňünde dünýäde üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk derejesiniň, ýurdumyzyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2021-nji hem-de 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly», 2023-nji ýylyň «Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly» diýlip atlandyrylmagynyň, şeýle-de 30-dan gowrak Kararnamanyň kabul edilmeginiň we «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýen şygaryň many-mazmunyny düşündirmekde aýratyn ähmiýete eýedir. Syýasy nukdaýnazardan seredeniňde, döwletleriň we halklaryň arasynda parahatçylygyň, dostlugyň dabaralanmagyna hem-de halkara hyzmatdaşlygyň täze ugurlarynyň açylmagyna ýardam edýär.

Şeýle-de içerki we halkara durmuşyň möhüm soraglary boýunça pikiriňi aýtmaga, ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklar bilen bagly garaýşyňy giňden beýan etmäge oňat mümkinçilik berýändigi [9], özara hyzmatdaşlygynyň esasy mazmunyna we häsiýetine, onuň ileri tutulýan ugurlaryna, mümkinçiliklerine has gowy düşünmäge şert döredýändigi [10] barada bolsa türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň özi hem kanagatlanma bilen belleýär.

Umuman, söhbetdeşlikleriň mazmunyndaky ýurdumyzyň öňe sürýän başlangyçlarynyň, durmuşa geçirýän belent maksatly tutumlarynyň sebit we dünýä derejesinde abadançylygy, parahatçylygy hem-de durnukly ösüşi gazanmakda uly ähmiýete eýedigi hakyndaky gymmatly pikirler, maglumatlar biziň halkymyz, döwletimiz bilen gyzyklanýan her bir adamyň dünýägaraýşyny giňeltmekde, syýasy düşünjesini artdyrmakda uly gollanma, ynamdar hem ygtybarly çeşmedir.

Ýeri gelende bellesek, söhbetdeşlikler žurnalistika hünärinde okaýan we işleýän ýaşlar üçin özboluşly umumy sapakdyr. Bu söhbetdeşlikler olara žurnalistiň döredijilik işinde interwýu almagyň we interwýu bermegiň inçelikleri, hünär syrlary barada düşünje bermekde gymmatly gollanmadyr.

Şeýlelikde, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň durmuşymyzyň aýrylmaz maglumat çeşmesidigini nazarda tutup netijä gelsek, munuň özi, eýýäm Türkmenistanyň Prezidentiniň baştutanlygynda ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmelere dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan gyzyklanma bildirilýändigini äşgär edýär, beýan edilen pikirler bolsa, halkara giňişliginiň döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan syýasatyny doly goldaýandygyny aýdyň görkezýär.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. – Aşgabat: TDNG, 2008.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. III tom. – Aşgabat:TDNG, 2010.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. V tom. – Aşgabat: TDNG, 2012.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VI tom. – Aşgabat: TDNG, 2013.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VII tom. – Aşgabat: TDNG, 2014.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. XII tom. – Aşgabat: TDNG, 2019.

7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. XV tom. – Aşgabat: TDNG, 2023.

8. Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygynyň türkmen-hytaý gatnaşyklaryny ösdürmek baradaky söhbetdeşligi. – «Türkmenistan» gazeti. 04.10.2022.

9. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň türk teleýaýlymyna beren interwýusy. – «Türkmenistan» gazeti. 11.03.2024.

10. Türkmenistan – Hytaý: bilelikde ilerlemegiň hem-de gülläp ösüşiň ýoly bilen. 03.10.2022. https://www.mfa.gov.tm/tk/articles/705

11. Gahryman Arkadagymyzyň «Euronews» teleýaýlymyna interwýusy. – «Türkmenistan» gazeti. 08.03.2025.

ЗНАЧЕНИЕ ИНТЕРВЬЮ НАШЕГО ГЕРОЯ-АРКАДАГА В ПРОПАГАНДЕ МИРНОЙ ВНЕШНЕЙ ПОЛИТИКИ ТУРКМЕНИСТАНА

Миролюбивые международные отношения и внешнеполитические инициативы Туркменистана вызывают большой интерес мирового сообщества, пристальное внимание международных средств массовой информации. Фактически внимание международных СМИ к внешней политике и дипломатии нейтрального Туркменистана обусловлено широкой поддержкой мирового сообщества международных инициатив, высказанных нашим Национальным лидером Героем-Аркадагом и нашим уважаемым Президентом на Генеральной Ассамблее ООН и других крупных организациях. В этой связи важную роль играют встречи нашего Героя-Аркадага с представителями международных СМИ. Это оригинальная модель открытой дипломатии Туркменистана.

Ключевые слова: СМИ, диалог, мир, человечество, сотрудничество, инициативы.

THE SIGNIFICANCE OF THE INTERVIEW OF OUR HERO – ARKADAG IN PROMOTING TURKMENISTAN'S PEACEFUL FOREIGN POLICY

Turkmenistan's peaceful international relations and foreign policy initiatives attract significant interest from the global community and close attention from international media outlets. The interest of international media in the foreign policy and diplomacy of Neutral Turkmenistan is largely driven by the broad support of the global community for the international initiatives proposed by our National Leader, Hero – Arkadag, and our Esteemed President at the United Nations General Assembly and other major organizations, as well as by Turkmenistan's growing international prestige. In this context, our Hero – Arkadag's meetings with representatives of international media play a crucial role. This represents an original model of Turkmenistan's open diplomacy.

Key words: media, dialogue, peace, humanity, cooperation, initiatives.

Aýna Baýmuradowa,
Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh we arheologiýa institutynyň doktoranty, taryh ylymlarynyň kandidaty

MERKEZI AZIÝANYŇ TÜRKI HALKLARYNYŇ MILLI MIRASYNDA KEÇE TAÝÝARLAMAK SUNGATY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Hormatly Prezidentimiziň medeni diplomatiýany ösdürmek, halklary ruhy taýdan ýakynlaşdyrmak döwletimiziň parahatsöýüjilige, ynanyşmaga we hyzmatdaşlyga esaslanýan daşary syýasatynyň esasy ýörelgesidir. Şu nukdaýnazardan ýurdumyz türki döwletler bilen hem ýakyndan hyzmatdaşlyk etmäge aýratyn üns berýär. Gahryman Arkadagymyz «Hakyda göwheri» atly kitabynda türki halklaryň adamzat taryhynda we medeniýetinde uly orun eýeleýändigine ünsi çekip şeýle belleýär: «Türki dünýä köki zeminiň çuňluklarynda berkarar bolan, şahalary dünýä giňişligine gol ýaýradan goja daragta meňzeýär. Halkymyzyň arasynda «Daragt kökünden suw içer» diýen pähim bar. Müňýyllyklary öz içine alýan bir bitewi taryh, ruhy-medeni ýakynlyklar, umumy gymmatlyklar bu daragtyň köklerine dirilik suwy – aby-haýat bolup ýetýär» [1; sah. 10].

Türki halklarynyň milli däp-dessurlary, aýdym-saz sungaty, halk döredijiligi, amaly-haşam sungaty, el işleri özboluşly bolsa-da, olarda umumylyklaryň, meňzeşlikleriň agdyklyk edýändigine ylmy seljermeler şaýatlyk edýär. Dünýäniň türki halklarynyň ählisinde gadymyýetden şu güne çenli dowam edip gelýän keçe

taýýarlamak sungaty hem türki dilli halklaryň etnografik özboluşlylygyny öňe çykarýan gadymy senet hasaplanýar. Aýratyn hem, Merkezi Aziýada türkmen halky bilen goňşulykda ýaşaýan gazak, gyrgyz, özbek halklarynyň keçe taýýarlamak sungatyny içgin öwrenmek sebitde ýaşaýan türki halklarynyň taryhy we medeni ýakynlygyny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Çünki Merkezi Aziýada türkmen halky bilen bir taryhy köklerden gaýdýan özbek, gazak, gyrgyz halklary türki medeniýetinde we etnografiýasynda uly orun eýeleýärler we olar hem türkmen halky deýin keçe taýýarlamak sungatynyň ince tärlerini nesilden nesle geçirip, häzirki döwre çenli ýetirmegi başarypdyrlar.

Sebitde keçe, kiiz, tuskiiz, tekemet, şyrdak ýaly atlar bilen atlandyrylýan bu basma önümiň görnüşleriniň türkmen, gazak, özbek, gyrgyz halkynda örän köp bolmagy, bu senediň halk hojalygynda uly orun eýeländigine şaýatlyk edýär.

Şu sözleriň içinde *keçe, kiiz* gadymy bolup, Mahmyt Kaşgarlynyň «Diwany lugat-it türk» sözlüginde keçäniň oguz-türkmen sözüdigi bellenilýär [10; sah. 532]. Halkymyzyň arasynda özbek, gazak, gyrgyz halklaryndaky ýaly keçä kiz, kigiz hem diýilýär [3; sah. 20]. Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynda hem bu söze duşmak bolýar: «Ýele ýargak, aýaza – kiz; Adam bardyr şal, kiz ýanyna degmez» [11; sah. 78]. Bu söz Mahmyt Kaşgarlynyň sözlüginde kiziz [10; sah. 186], «Et-tuhfetuz-zekiýýe fil-lugatyt-turkiýýe» («Türkmen diline nepis sowgat» XIV asyr) atly kitapda kiýiz, kiz, küýüz [5; sah. 491 – 511] görnüşinde berilýär. «Ol kizizni esriledi, ýagny ol keçäni gaplaň derisi ýaly reňk bilen nagyşlap bezedi» diýmek bilen Kaşgarly gülli keçäniň taýýarlanýandygy hakynda maglumat berýär [10; sah. 163]. XI asyr türki dilinde «kiwiz» ýa-da «küwüz» sözi düşege berlen at bolsa-da ol, esasan, keçäni aňladypdyr. Şeýle hem Kaşgarlynyň «kiziz» (ýa-da «kidhiz») sözüniň türkmenleriň öýlerini örtýän keçesini aňladýandygyny bellemegi we bu söz bilen «kiwiz» we «küwüz» sözleriniň meňzeş bolmagy türki halklaryň öýlerinde sütükli halylardan keçeleriň has köp bolandygyna şaýatlyk edýär [30; sah.134]. Türki halklaryň käbirinde keçä «oýma» diýilmegi üns berilmäge mynasypdyr [10; sah. 315].

Etnograf S. M. Dudin özüniň «Orta Aziýanyň haly önümleri» diýen kitabynda ilki keçe basmagyň, soň palas dokamagyň, has soňrak bolsa halyçylygyň ýüze çykandygyny, hojalykda ulanyş ýaýrawy boýunça keçäniň birinji, palasyň ikinji, halynyň üçünji orunda durandygyny ýazýar [18; sah. 78]. Türki halklarynda keçe taýýarlamak sungaty öz gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdýar. Altaýdaky Pazyryk depesinden tapylan halynyň ýanynda keçe böleklerniň hem bar bolmagy keçäniň hem edil halylar ýaly asyrlara uzaýan müňlerçe ýyllyk ýaşy bar diýmäge esas berýär. S.I.Rudenkonyň bellemegine görä, bäşinji Pazyryk gorganyndan 4,5x6,5 metr ululykdaky keçäniň tapylmagy olaryň (skifleriň) ýaşaýyş jaýlarynyň ölçegleri barada pikir ýöretmäge mümkinçilik berýär. Şol ýerde öýüň düşekleri, esasan, keçeden durupdyr. Gadymy Gündogarda ýeriň döreýşiniň ýüňi basmaklyga meňzedilmegi, Anaksimandryň bolsa ýyldyzly asmany keçe başgaba deňemegi bu senediň wajyplygyny tassyklaýar [13; sah. 67–76].

Arheologlar Noinulin depesinde gazuw-agtaryş işlerini geçirenlerinde, ol ýerden miladydan öňki I we miladynyň I asyrlaryna degişli hasap edilýän tapyndylaryň uly toplumyny ýüze çykardylar. Bu Hun döwletine degişli tapyndylaryň içinde keşdelenip nagyşlanmak usulynda taýýarlanan keçäniň tapylmagy, bu döwürde keçe taýýarlamak senediniň sungat derejesine ýetendigini tassyklaýar [29; sah. 81]. Taryhçylaryň bellemegine görä, türki halklaryň ata-babalary hasaplanýan hunlaryň keçe basmakda ussat halk bolandygy bellidir. Şeýle hem alymlar şol keçäni hunlaryň nagyşlarda çitilen taryhnamasy hasaplamak mümkindigini nygtaýarlar. Sebäbi hun keçesinde 24 sany göl sekizden üç hatara bölünipdir. Hun döwletiniň beýik hökümdary Mete hanyň döwründe Hun döwleti 24 taýpa birleşiginden emele gelip, keçede hunlaryň etniki bölünişi öz beýanyny tapypdyr [3; sah. 94–95].

Taryhçy alymlar X asyrda ata-babalarymyzyň öz öýlerini, sandyklaryny keçe bilen örtendiklerini, düşekleriniň hem keçedendigini, şeýle hem ýagyşdan, sowukdan goranmak üçin ondan ýapynjalary, başlyklary we beýleki eşikleri taýýarlaýandyklaryny belleýärler [23; sah. 53]. XI asyr arap geografy Ibn Wadih al-Yakuby: «Oguzlar, türkiler keçe taýýarlamakda iň ussat halk, sebäbi, olaryň eşigi hem şondan» diýip ýazypdyr [23; sah. 52].

Saklarda, massagetlerde, parfiýalylarda ýumşak keçeden edilen başgaplary bolupdyr. Munuň şeýledigini gadymy Merwden tapylan heýkeljiklerdäki, Amyderýa hazynasyndaky altyndan edilen ýuka bölejikleriň ýüzündäki, kümüş gaplardaky we kuşan teňňelerindäki suratlar doly tassyklaýar. Ýumşak keçeden edilen başgaplar miladydan öňki I asyrda Orta Aziýada giňden ýaýrapdyr.

Kelläni goramak üçin ilkinji başgaplar keçeden, deriden, ýüňden taýýarlanypdyr. Demir tuwulgalar Orta Aziýanyň düýp ýaşaýjylary bolan saklaryň gündelik geýýän depesi çür keçe telpeklerinden öz başlangyjyny alan bolmaly diýlip hasaplanylýar [16, 333 s.]. Köne Nusaýdan tapylan heýkeliň kellesinde keçe başgaby bolup, ol iki gatdan ybarat bolupdyr. M. Ý. Masson we G. Pugaçenkowa parfiýa teňňeleriniň arka tarapynda Ärsagyň suratynyň bardygyny we onuň milli harby-çarwa eşiginde şekillendirilip, kellesiniň konus görnüşli keçe başgaplydygyny belleýärler [22; sah. 166]. Demir tuwulganyň içinden hem keçe ýa-da syrama börük geýlipdir. Tahýa urgynyň zarbasyny biraz gaýtarypdyr. Uzyn keçe başgaplar soňky döwürlerde diňe türki halklarda: hunlarda, gadymy türklerde, oguzlarda duşýar.

Şeýle başgaplar häzir hem gazaklarda we gyrgyzlarda bolup, gazaklar beýle başgaby *«kalpak»*, gyzgyzlar bolsa *«ak kalpak»* diýip atlandyrýarlar. Türkmen halkynyň arasynda hem soňky döwürlere çenli özboluşly keçe başgaplar saklanyp galypdyr. P. M. Lessaryň maglumat bermegine görä, Pendi oazisindäki zenanlaryň başgaplary beýik keçe börüginden we onuň ortasyndan daşyna aýlanan matadan ybarat bolupdyr [21; sah. 28]. Amyderýanyň orta akymynda zenanlar silindr görnüşli beýik keçeden tikilen *hasaba* geýipdirler, onuň daşyna inli ýaglyk orapdyrlar. Bilişimiz ýaly, silkme telpekleriň iç tarapynyň düýbi ak keçeden edilýär. Şeýle telpekler gyşyna ýyly, tomsuna salkyn bolýar [4; sah. 27–31].

Türki halklarynyň egin-eşikleriniň we ädiginiň keçeden taýýarlanandygy hakynda taryhy çeşmelerde gyzykly maglumatlar bolup, XVIII–XIX asyrlarda hem şeýle egin-eşikler we aýakgaplar saklanyp galypdyr. Bu barada Gulibef de Blokwil: «Ädik geýmezden öňinçä, türkmenler aýaklaryna jalbaryň üstünden dyzyna çenli tüýjümek dolak dolanýarlar. Soňra, ýumşajyk, ýöne juda galyň keçe ädik geýýärler» diýip maglumat berýär [7; sah. 49]. Ýukajyk basylan keçeden aýakgaplar üçin niýetlenen petekler taýýarlanypdyr. Şeýle petek sowuk geçirmezlik bilen birlikde, ynsan saglygyna peýdaly täsir edipdir.

Türki halklarynyň ählisinde meşhur bolan, türkmen dilinde *oýluk* diýlip atlandyrylýan keçe ýapynjasy diňe bir eşik hökmünde däl, eýsem ýorgan-düşek, tupanda gatybatalga hökmünde ulanylypdyr. Çopanlar meýdanda goýnuň ýanynda galanda oýluk iň wajyp önüm hasaplanypdyr. Ol goýnuň ýumşak ýüňünden, ýuka edilip basylýar. Onuň ölçegi adaty keçeden uly bolýar. Bu önüm üçin keçegamşa boýy 1,5 metr, uzynlygy 2,5 metr gowy saýylan ýüň goýulýar. Çopan oýluklary gara, ak, goňras, çal ýüňlerden taýýarlanylýar. Adatça, oýlugy guzyň gara ýüňünden gaty basman taýýarlapdyrlar. Guzynyň birinji gyrkymyndan (ýagny ýazda doglan guzujyklary güýzde birinji gezek gyrkýarlar) taýýarlanan oýluklar has gymmatly hasap edilipdir. Çünki guzynyň ýüňi has peýdaly bolup, diňe bir sowukdan goraman, eýsem dürli keselleri hem bejeripdir.

Oýluk üçin niýetlenen keçe taýýar bolandan soň, onuň iki gyrasy eplenilip tikilýär. Ýakanyň ýeri kesilip, onuň daşyna alaja ýüp aýlanylýar. Oýluk keçesiniň tozmazlygy üçin, onuň iç ýüzünden bilinden ýokarsyna, daş ýüzünden bolsa tutuşlygyna mata çekilýär [4; sah. 28–30]. K.Öwezberdiýew oýlugyň beýleki donlara meňzeşdigini, ýöne onuň ýakasynyň, jübüsiniň we ýeňiniň ýokdugyny belleýär [26; sah. 131]. Oýluk diňe bir ýapynja, düşek hökmünde ulanylman, eýsem onuň kömegi bilen çopanlar jöwzaly yssyda we sowukda özüne kepbe ýa-da bassyrma-da ýasanypdyrlar.

Oýluga «kebenek» hem diýlipdir [12; sah. 58]. Şu at bilen bu önüm Orta Aziýanyň köp halklarynda bellidir. Ýarym çarwa özbeklerde we dürmenlerde «kibenak» ýuka keçeden tikilip, häzire çenli çopanlar tarapyndan peýdalanylýar. Bu eşik gazaklarda-da şeýle atlandyrylýar. Gyrgyzlarda bolsa oýluga «kimentaý» diýlipdir [3; sah. 81–82].

Türki halklarynyň esasy ýaşaýyş jaýy daşy keçe bilen örtülen ak öý bolupdyr. Çeşmelerde berilýän maglumatlara görä, gök türkmenleriň hanyna durmuşa çykarylan hytaýly şa gyzy öwrenişmedik ýerine düşüp, öz ýanýoldaşy hakynda: «Ol daşyna keçe tutulan tegelek öýde ýaşaýar» diýip hiňlenipdir [4; sah. 28–29]. Gök türkmenler ak öýi *«kök küýme»*, ýagny «*gök öý»* diýip atlandyrypdyrlar. Hytaý şahyry Bo Szýuýyň gök türkmenleriň keçeler bilen örtülen gök öýüniň artykmaçlyklary, hanlaryň, şalaryň köşgünden hem gowudygyny beýan edýän goşgusy saklanyp galypdyr. L. Gumilýowyň bellemegine görä, sähra halky üçin ak

öý iň amatly ýaşaýyş jaýy bolupdyr. Çünki onuň içinde gyşyna ýyly we ýazyna salkyndy. Sähra halky nirä göç etse, öýüni arkasyna göterip gidip bilýärdi [17; sah. 80–81].

Türki halklarynda ogul öýermek we öý tutmak bir manyny aňladypdyr. «Öýlendirmek» sözüniň düýp manysy öýli-ojakly etmek diýen düşünjäni aňladýar. Şonuň üçin toýdan öň ýaş juwanlar üçin hökman ak öý dikilipdir. Ak keçeler bilen örtülen bu öýi ene-ata öz perzendine ýagşy arzuw-dilegler bilen gurnapdyr. «Ak zat alnyňa ýagşy» diýen pederlerimiz bu öýüň ýaşlara bagt getirjekdigine ynanypdyr.

Öý dikmek birnäçe milli ýörelgeler esasynda ýerine ýetirilipdir. Şolaryň biri hem «Gorkut ata» şadessanynda-da beýan edilip, onda: «Oguz zamanynda bir ýigit öýlense, ok atardy, oky nirä düşse, şol ýerde gerdek dikerdiler» ýa-da «Baý Bugra begiň oglanjygy Birek Begjan begiň gyzyny aldy. Ak öýüne girip toýuna başlady» diýlip, öý dikmek üçin ýaý atyp, ýer saýlanylýandygy bellenýär. Şeýle maglumatlar türkmenlerde ýaşlara täze öý gurup berip, ony «Altyn başly ak öý» diýip atlandyrmak dessurynyň örän gadymdan bäri meşhur bolandygyna şaýatlyk edýär [3; sah.106].

N. W. Brýullowa-Şaskolskaýanyň maglumat bermegine görä, ak öýüň bolmagy şol maşgalanyň döwletli, barly hojalykdygyny alamatlandyrypdyr. Gazak, gyrgyz, özbeklerde-de ogul öýlendirilende ak öý alnypdyr. Toý öýüni dikmek maşgala baýramçylygy hasaplanypdyr.

Nemes alymy W.Kenik: «bir ak öýi örtmek üçin 120–160 kg ýüň gerek» diýip, belläpdir. Ak öý baradaky has doly maglumatlar Gündogar alymlarynyň işlerinde gabat gelýär. 922-nji ýylda türkmen sährasynyň içinden geçip giden Ibn Fadlan şeýle diýipdir: «Ynha, olar çarwalar, olaryň öýleri keçeden...» [23; sah.50].

Ýaş çatynjalar üçin niýetlenen öý ak keçeler bilen basyrylypdyr. Öýüň daşy dürli ululykdaky ýedi sany keçe bölegi bilen örtülipdir. Öýüň tüýnügine dörtburçly «tüýnük» diýlip atlandyrylýan keçe tutulypdyr. Ony örtýän keçeler üç bölekden: durluk, üzük, serpikden ybaratdyr. Türkmen öýüniň tärimi daş tarapyndan dört sany dörtburç ak ýa-da kül reňkli keçeler bilen örtülipdir. Keçeleriň ýokarky gyrasynda ýörite ýüpler bolup, olar bilen keçeler birleşdirilipdir. Bu keçelere durluk diýlipdir. Togsan ýa-da ýüz başly öýleriň durlugy bäş bolupdyr. Onuň bäşinjisine «ýetim durluk» diýlip, at berlipdir. Ol beýleki durluklardan kiçi bolup, öýüň arka tarapyndan tutulypdyr. Öýüň ortaky bölegini ýörite basylan iki sany ak keçe bilen örtüpdirler. Olara üzük diýlipdir. Üzüge berkidilen ýüpler aşaklygyna uzap, garşysyndaky keçäniň ýokarsyndan geçip, öýüň depesine birikdirilipdir. Üzügiň aşaky böleginde hem köpsanly ýüpler bolup, olar durlukdan geçip, öýüň ganatlarynyň aşagyna berkidilipdir. Şeýlelikde, olar durlugy gözeneklere has ykjamlaşdyrypdyr. Öýüň ýokarsy tegelek keçe – serpik bilen örtülipdir. Bu keçäniň dört tarapynda ýüp bolup, olaryň üçüsi öýüň aşaky bölegine daňylyp, dördünjisine «serpik bag» diýlip, ol gapynyň gapdalynda sallanyp durupdyr. Bu ýüp serpigi galdyrmakda we düşürmekde ulanylypdyr. Gyşda gapa germeç tutupdyrlar. Onuň üstüne keçe

atylypdyr. Tomusda yssy geçirmeýän galyň keçeler bilen örtülen ak öýe taý geljek ýaşaýyş jaýy bolmandyr. Şeýle hem, gapdal keçeler galdyrylyp, jaýyň içine arassa howanyň girmegi üpjün edilipdir [3; sah. 69–70].

Gazaklar ak öýi *«kiiz uý», «ak uý»* diýip atlandyrýarlar [19; sah. 14–16]. Olaryň ak öýüni örtýän keçeleri üç görnüşli bolup, olar *tuyrlyk, üzik, tündik (tüňdik)* diýlip atlandyrylypdyr. Üzügiň daş tarapy goýma haçlar görnüşindäki «goçgar muýiz» nagşy bilen bezelipdir. Gazaklarda ak öýüň gapysy owadan nagyşlar bilen haşamlanypdyr. Onuň tutusy bolsa keçeden taýýarlanyp oňa «kiiz esik» diýlipdir. Onuň iç ýüzüne nagyşlanyp örülen boýra berkidilipdir [24; sah. 35–37–38]. Gyrgyz halkynda bolsa ak öý «boz uý» ýa-da «ak uý» diýlip atlandyrylypdyr.

Merkezi Aziýanyň türki halklarynda keçe önümleriniň onlarça görnüşleri bolup, olaryň içinde dessur ähmiýetlileri has owadanlygy we nepisligi bilen tapawutlanypdyr. Gülli keçeleri diňe basma usulynda däl, eýsem mozaika, applikasiýa (gurama), keşdelemek usullarynda nagyşlapdyrlar. Bu usullaryň ählisini türki halklar nesilden-nesile geçirip, biziň günlerimize ýetiripdirler. Keçe taýýarlamak sungaty bu halklaryň ählisinde agzybirlikde jem bolmak, toý-baýram etmek, zähmet terbiýesi ýaly düşünjeler bilen utgaşýar. Çünki keçe taýýarlamak diňe bir sungat däl, ol ynsanlary ýakynlaşdyrýan, agzybirlige çagyrýan gadymy we müdimi miras.

Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly: «Millilige, ynsanperwerlige, ýagşylyga ýugrulan maddy-ruhy gymmatlyklarymyzy öwrenmek, dünýä ýaýmak, olara halkara ylmy jemgyýetçiliginiň ünsüni çekmek biziň esasy maksatlarymyzyň biridir» [2; sah. 84].

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Hakyda göwheri. – A.: TDNG, 2024.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, II tom. – A.: TDNG, 2009.
3. *Baýmuradowa A. Hojanazarowa O*. Türkmen keçesi. Turkmen felt mat. Туркменская кошма. – A.: TDNG, 2024.
4. *Baýmuradowa A*. Türkmenleriň keçe önümleri. // Türkmenistanda ylym we tehnika. – 2013, №5, s.27 – 31.
5. Gadymy türkmen diliniň sözlügi. I jilt. – A.: Ylym, 2013.
6. *Gündogdyýew Ö*. Türkmenlerde gorag serişdeleri. – Miras, 2006, №3.
7. *Genri de Gulibef de Blokwil*. Türkmenleriňkide ýesirlikde. – A.: Altyn guşak, 1992.
8. *Gurbanowa M*. Niçeleri haýran eden keçe bu. – Diýar, 1997, №8.
9. *Jykyýew A*. Türkmen gara öýi we onuň bezelişi. – Miras, 2003, №1.
10. Mahmyt Kaşgarlynyň sözlügi. Türkçeden terjime eden M. Saryhanow. – A., 2003.
11. *Meredow A., Ahally S*. Türkmen klassyky edebiýatynyň sözlügi. – A.: Türkmenistan, 1988.
12. *Myradowa S.* Halyçylyk we el işleriniň sözlügi. – A.: Ylym, 1967.

13. *Акишев А.* Искусство и мифология саков. – Алма-Ата: Наука, 1984.
14. *Антипина К.И.* Особенности материальной культуры и прикладного искусства южных киргизов. – Фрунзе: изд. АН Киргизской ССР, 1962.
15. *Васильева Г.П.* Узорные войлоки туркменских мастериц. // Народные мастера, традиции, школы. Вып.1, под.ред. М.А.Некрасовой. – Москва: Изобразительное искусство, 1985.
16. *Гундогдыев О.* Рыцари Азии. – А.: ТГИС, 2011.
17. *Гумилев Л.* Древние тюрки. – М.: АСТ, 2008.
18. *Дудин С.М.* Ковровые изделия Средней Азии. 1926.
19. *Джанибеков У. Культура казахского ремесла. – Алма-Ата: Онер, 1982.*
20. *Кармышева Б.Х.* Изготовление войлока у узбеков. *// Приаралье в древности и средневековье.* – М.: «Восточная литература» РАН, 1998, с. 289-296.
21. *Лессар П.М.* Юго-западная Туркмения (земли сарыков и салоров). – Спб., Типография А.С. Суворина, 1885.
22. *Массон М.Е, Пугаченкова Г.А.* Парфянские ритоны Нисы. // ЮТАКЭ, под ред. академика В.В. Струве, том IV. – Ашхабад: Изд. АН ТССР, 1959.
23. *Мошкова В.Г., Насонов А.Н., Якубовский А.Е.* Очерки по истории Туркмении VIII – XIX вв. – А., 1945.
24. *Муканов М.С.* Казахская юрта. – Алма-Ата: Кайнар, 1981.
25. *Муканов М.С.* Казахские домашние художественные ремесла. – Алма-Ата: Казахстан, 1979.
26. *Овезбердыев К.* Материалы по этнографии туркмен-сарыков Пендинского оазиса. // АН ТССР, Т ИИАиЭ. Т. 6. – А., 1962.
27. *Ремпель Л.И.* Терракота Мерва и глиняные статуи Нисы. // ЮТАКЭ, под ред. профессора М.Е.Массона, том 1. – А.: Изд.ТФ АН СССР, 1949.
28. *Руденко С.И.* Древнейшие в мире художественные ткани. – М., 1968.
29. *Руденко С.И.* Культура хуннов и Ноинулинские курганы. – М., Ленинград: Изд. АН СССР, 1962.
30. Reşat Genç. Kaşgarlı Mahmud'a göre XI yüzyılda türklerde dokuma we yaygi işleri. // Türk soylu halklarin hali, kilim we cicim sanati uluslar arasi bilgi şöleni bildirileri. – Ankara, 1998, s. 131-136.

ИСКУССТВО КОШМОВАЛЯНИЯ В НАЦИОНАЛЬНОМ НАСЛЕДИИ ТЮРКСКИХ НАРОДОВ ЦЕНТРАЛЬНОЙ АЗИИ

Кошмоваляние – древнее ремесло тюркских народов. В Центральной Азии тюркские народы, такие как туркмены, казахи, киргизы, узбеки испокон веков использовали войлочные изделия в своей повседневной жизни. Войлок широко использовался для покрытия юрты, дверей белых юрт, в качестве подстилки. Тюрки изготавливали войлочные бурки, накидки, большие сумки – хорджуны для хранения предметов домашнего обихода, мешки для хранения сыпучих продуктов, а также головные уборы, попоны, потники для лошадей, также мягкую кошму подкладывали под седла.

В этнографии изучение декоративно-прикладного искусства дает возможность глубоко исследовать быт, духовные ценности, менталитет, культуру, этнические и культурные связи народов.

Ключевые слова: кошмоваляние, кошма, национальное наследие, культура, этнография.

FELTMAKING ART IN THE NATIONAL HERITAGE OF THE TURKIC PEOPLES OF CENTRAL ASIA

Feltmaking is an ancient craft among the Turkic peoples. In the Central Asia, Turkic peoples such as Turkmens, Kazakhs, Kyrgyz used felt products in their everyday life. The historical sources confirm that since the ancient times the felt mat products played an important role in housekeeping of the Turkic tribes. A felt mat was widely used for covering houses and the doors of the white yurta, as a guest mattress and horse covering to protect them from cold, a soft felt mat was also put under the horse saddle and a blanket on the back of the horses, it was also used for covering chests, horjuns – large bags for keeping household items and as bags for the things with the sharp ends and fragile ones.

In ethnography, the study of decorative arts provides an opportunity to deeply explore the way of life, spiritual values, mentality, culture, ethnic and cultural ties between peoples. Feltmaking is the craft where the Turkic tribes expressed their national characteristics and worldview.

Key words: feltmaking art, felt mat, national heritage, culture, ethnography.

Dilber HEKIMOWA,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy

MERKEZI AZIÝA DÖWLETLERINIŇ ARASYNDA HALKARA HYZMATDAŞLYGYŇ ÖSDÜRILMEGI

Merkezi Aziýa – çawy dünýä ýaň salan siwilizasiýalaryň ojagy. Taryhdan mälim bolşy ýaly, dünýäniň iň gadymy şäher döwletleriniň biri bolan Altyndepe şäher döwleti hem Merkezi Aziýanyň çäginde, has takygy, Kesearkaç sebitinde, Kaka etrabyndaky Mäne obasynyň çäginde ýerleşýär [1; sah. 86]. Şundan ugur alyp, Gündogar bilen Günbatary müňlerçe ýyl baglanyşdyran Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda Merkezi Aziýanyň Samarkant, Buhara, Amul, Horezm, Merw ýaly onlarça iri şäheri ýerleşip, olarda söwda, medeniýet, bilim, ylym gülläp ösüpdir. Biziň eýýamymyzyň I–II asyrlarynda bu ýoluň ugrunda kuwwatly Parfiýa döwleti

ýerleşipdir. Söwda ýolunyň bu döwletiň üstünden geçmegi Rim bilen Hytaýyň aralygynda Parfiýanyň kerwen ýollarynyň üstünden agalyk etmegine oňaýly şert döredipdir.

Merkezi Aziýanyň ägirt uly mümkinçilikleri bar. Bu mümkinçilik taryhda Beýik Ýüpek ýolunyň üsti bilen açylypdyr. Türkmenistan Demirgazyk bilen Günortanyň Günbatar bilen Gündogaryň, Aziýa bilen Ýewropanyň Altyn derwezasine öwrüldi [2; sah. 410]. Şu jähetden alanymyzda, gadymyýetde ösen syýasy, ykdysady we ruhy medeniýeti häzirki wagtda has-da kämilleşdirmäge, onuň üsti bilen Merkezi Aziýany örän güýçli we çalt depginler bilen ösýän, şonuň ýaly-da geljegi uly ykdysady sebitlere goşmaga bizde ähli mümkinçiliklerdir artykmaçlyklar bar. Çünki bu sebit Aziýanyň ýüreginde ýerleşip, tutuş Ýewraziýa giňişliginde ägirt uly mümkinçiliklere eýe bolan hyzmatdaşlyk çatrygydyr.

Geografiýa ylmyndan bilşimiz ýaly, Ýewraziýanyň fiziki-geografik bölünişiginde Merkezi Aziýa subkontinenti 5 sany fiziki-geografik ýurda bölünýär: Turan pesligi, Gazak ownuk depeligi, Týan-Şan daglary, Tarim (Kaşgar) çöketligi, Günorta Mongoliýanyň we Demirgazyk Hytaýyň platolary hem-de tekiz daglyklary. Maglumat hökmünde belläp geçsek, Demirgazykdan Günorta 4,2 müň kilometr, Günbatardan Gündogara çenli 5,6 müň kilometr giňişlige uzap gidýän Merkezi Aziýanyň ilaty häzirki wagtda 75 milliondan geçýär. Demirgazykda Altaý, Saýan daglaryndan başlap, günortada Gimalaý daglaryna çenli aralykda ýerleşen şeýle ägirt uly giňişligiň tebigy şertleriniň özboluşlylygy XIX asyryň ortalarynda nemes geografy Aleksandr fon Gumboldtyň ünsüni çekipdir [4; sah. 34]. Şeýdibem, ol alym tarapyndan ummanlardan uzakdaky beýik daglar bilen gurşalan hem-de çöl landşaftlarynyň agdyklyk etmegi bilen häsiýetlendirilýän giňişlik geografiýa ylmyna «Merkezi Aziýa» diýen düşünje görnüşinde girizilipdir. Bu sebitden eriş-argaç bolup geçen Beýik Ýüpek ýoly şaýatdyr: Merkezi Aziýa Ýewropanyň we Aziýanyň adamlaryny, harytlaryny, pikirlerini gabatlaşdyrýan çatryk bolupdy, olary birleşdiripdi, şeýdip, gülläp ösüpdi.

Soňky ýyllarda Merkezi Aziýa gyzyklanmalaryň barha artýandygy äşgär hakykat. Muny biz sebit döwletleri bilen has ýakyn gatnaşyklary ýola goýmaga, bar bolan ägirt uly mümkinçiliklerden bilelikde peýdalanmaga, Aziýanyň ýüreginden Zeminiň çar künjegine ulag, energetika köprülerini çekmäge aýratyn ähmiýet berýän ýurtlaryň hatarynyň yzygiderli köpelýändiginiň mysalynda aýdyň görýäris. Asyrlaryň dowamynda goňşuçylykda ýaşaýan bäş ýurduň Liderleri sebitiň ykbalyna dahylly meseleleri «Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygy» atlandyrylýan meýdançanyň çäginde çözmäge ymtylýan bolsalar, aýry-aýry döwletlerdir guramalar «Merkezi Aziýa + ...» formatynda strategik dialogy berkitmäge çalyşýarlar.

Garaşsyz ösüş ýoluny saýlap alan Merkezi Aziýa döwletleri geçen taryhy döwürde ösüşiň durnukly görkezijilerini gazanyp, giň gerimli durmuş-ykdysady

maksatnamalary amala aşyrýarlar. Halklarymyzyň jebisligi, agzybirligi netijesinde çäk bitewüligi üpjün edilip, özbaşdaklygyň, Garaşsyzlygyň binýatlaýyn esaslary pugtalandyryldy. Bu günki gün Merkezi Aziýa «bäşligi» halkara gatnaşyklarda-da eýeleýän ornuny berkidip, öz sözi, öz ýüzi bilen dünýä çykýar, ýakyn-u-alysdaky ýurtlar bilen netijeli hyzmatdaşlygy barha ilerledýär. Daşary syýasatynda ýakyn goňşulary bilen gatnaşyklary ösdürmäge strategik ugur hökmünde garaýan Gazagystanyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň, Özbegistanyň iri halkara we sebit guramalarynyň, ýöriteleşdirilen düzümlerdir maksatnamalaryň çäklerinde-de üstünlikli hyzmatdaşlyk edýändigini bellemek zerur. Olar Birleşen Milletler Guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Goşulyşmazlyk Hereketi, Türki Döwletleriň Guramasy, Araly halas etmegiň halkara gaznasy, Aziýanyň ösüş banky, Yslam ösüş banky, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi, Merkezi Aziýada sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlyk maksatnamasy (CAREC), BMG-niň Merkezi Aziýanyň ykdysadyýetleri üçin Ýörite maksatnamasy (SPECA), «Aziýanyň ýüregi – Stambul prosesi» ýaly hyzmatdaşlyk meýdançalarynda-da özara gatnaşyklary berkidip, ählumumy syýasy, ykdysady, medeni giňişlige işjeň goşulyşýarlar.

Soňky ýyllarda Merkezi Aziýa «bäşligi» esasy hyzmatdaşlary – Hytaý Halk Respublikasy, Hindistan Respublikasy, Russiýa Federasiýasy, Germaniýa Federatiw Respublikasy, Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Koreýa Respublikasy, Ýaponiýa bilen «Merkezi Aziýa + ...» formatynda hyzmatdaşlyk etmegiň özboluşly guralyny kemala getirdi. Şeýle duşuşyklar Ýewropa Bileleşigi, Aýlagdaky arap döwletleriniň hyzmatdaşlyk geňeşi bilen hem alnyp barlyp, olar özara gatnaşyklaryň aýry-aýry, has möhüm meseleleri boýunça içgin pikir alyşmaga mümkinçilik berýär. Diňe soňky iki ýylda Astanada, Sianda, Jiddada, Çolpon-Atada, Nýu-Ýorkda, Berlinde ýokary derejeli altytaraplaýyn gepleşikleriň geçirilendigini nygtamak gerek. «Merkezi Aziýa + ...» dialogyna bildirilýän bu gyzyklanmalar sebitiň dünýä syýasatyndaky agramynyň barha artýandygyna şaýatlyk edýär.

Görnüşi ýaly, Merkezi Aziýa sebiti dünýäniň aýrylmaz bir bölegidir. Dünýä wakalarynyň sebite täsir edişi ýaly, bu sebitde bolup geçýän wakalar hem bütin dünýä täsirini ýetirýär. Biziň döwletimiz ykdysady geografik taýdan Merkezi Aziýada amatly ýerleşen döwletleriň biri [3; sah. 77]. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow: «Ýurtlarymyzyň arasynda söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmek we özara haryt dolanyşygynyň möçberini artdyrmak örän möhüm wezipe bolup durýar. Bu babatda örän anyklyk we täsirli çäreler zerur» diýip belleýär.

Ekologiýa we howanyň üýtgemegi bilen bagly mesele hem Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň çägindäki işiniň üns merkezinde durýar.

Merkezi Aziýada daşky gurşaw meselelerine strategik taýdan çemeleşmekde möhüm ädim hökmünde ýurdumyz ýöriteleşdirilen düzümi – BMG-niň Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini döretmek babatdaky işini dowam etdirýär. Bu ugurda eýýäm belli bir ädimler ädildi. 2023-nji ýylyň noýabrynda sebit maksatnamalaryny işläp taýýarlamak üçin Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasynyň (ÝUNEP) arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilendigini bellemek möhümdir. Şol sebit maksatnamalary howa tehnologiýalaryny Türkmenistana we Merkezi Aziýanyň döwletlerine geçirmäge gönükdirilendir.

Türkmenistan bu ulgamda ählumumy tagallalary utgaşdyrmak boýunça halkara başlangyçlara we ylalaşyklara işjeň gatnaşmak bilen, Pariž ylalaşygyny goldap, ony 2016-njy ýylyň oktýabrynda tassyklady. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda degişli milli maksatnamalaryň birnäçesi kabul edildi. Howa gün tertibi boýunça maksatlara ýetmek üçin degişli kanunçylyk-hukuk binýady yzygiderli kämilleşdirilýär. 2019-njy ýylda Howanyň üýtgemegi boýunça Milli strategiýanyň täze, rejelenen görnüşi tassyklanyldy. Resminama inklýuziw häsiýete eýedir hem-de ykdysadyýetiň we durmuş ulgamynyň ähli esasy pudaklarynyň täze talaplara uýgunlaşmagy boýunça çäreleriň giň sanawyny özüne birleşdirýär. Ýangyç-energetika toplumyna aýratyn üns berilýär. Şunda zyňyndylary azaltmak boýunça uly işler ýerine ýetirilýär. Ekologiýa, tebigaty goramak babatdaky talaplaryň ýerine ýetirilmegi ýurdumyzda iri düzümleýin we şähergurluşyk taslamalaryny durmuşa geçirmegiň esasy şerti bolup durýar. Bu babatda Köpetdagyň etegindäki ajaýyp künjekde gurlan Arkadag şäherini mysal getirmek bolar.

Ýeri gelende bellesek, metan atmosferada ähmiýeti boýunça üçünji parnik gazydyr. Ol kömürturşy gazyndan soň howanyň ählumumy maýlamagynyň ikinji çeşmesi bolup durýar. Metanyň atmosferada jemlenmeginiň artmagy howanyň gyzgynlyk derejesiniň ýokarlanmagyna we parnik täsiriniň güýçlenmegine getirýär. Hormatly Prezidentimiz «COP28» maslahatynda eden çykyşynda BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasynyň maslahatlaryny nazara almak bilen hem-de BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň işjeň goldamagynda howa boýunça Pariž ylalaşygy esasynda Türkmenistanyň milli derejede kesgitlenen goşandyny (NDC) taýýarlandygyny we ony 2022-nji ýylyň maýynda tassyklandygyny belledi. Bu strategik resminamada 2030-njy ýylda parnik gazlarynyň zyňyndylaryny, 2010-njy ýylyň derejesine görä, 20 göterim azaltmak göz öňünde tutulýar.

BMG bilen köpugurly hyzmatdaşlykda Türkmenistan Araly halas etmek meselesine hem aýratyn üns berýär. 2023-nji ýylyň maýynda ýurdumyzyň başlangyjy bilen BMG-niň Aziýa – Ýuwaş umman sebiti üçin Ykdysady we Durmuş komissiýasy «Birleşen Milletler Guramasynyň Aral deňziniň sebiti üçin Ýörite

maksatnamasynyň döredilmeginiň şertlerine garamak» atly Kararnamany kabul etdi. Ony ýerine ýetirmek maksady bilen, Milletler Bileleşiginiň degişli edaralary bilen BMG-niň Ýörite maksatnamasyny (UNSPAS) döretmek üçin taslama resminamalaryny taýýarlamak boýunça geňeşmeler dowam etdiriler. Şunuň bilen bir hatarda, Hazar deňziniň gaýtalanmajak tebigy baýlyklaryny gorap saklamak özara gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýar. Bu meselede halkara tagallalara anyk mazmun bermek üçin Türkmenistan 2025-nji ýylda ikinji Hazar daşky gurşaw forumyny guramagy teklip edýär.

Biziň ýurdumyz Hazarda netijeli döwletara we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge, ugurdaş şertnama-hukuk binýadyny pugtalandyrmaga saldamly goşant goşýar. Türkmenistanyň Hazar deňziniň meseleleri boýunça pudagara toparynyň mejlisleri yzygiderli geçirilýär. Sebitde hyzmatdaşlygy ösdürmek, dürli ugurlar boýunça amala aşyrylýan işleri seljermek, deňiz ylmy barlaglaryny geçirmek, Hazar bilen baglanyşykly halkara hukuk we milli resminamalary işläp taýýarlamak, ýurdumyzda degişli halkara ylalaşyklaryň ýerine ýetirilişine syn bermek hem-de degişli usulyýet maglumatlaryny taýýarlamak maksady bilen, Hazar deňzi instituty döredildi. Türkmenistan tarapyndan «Hazar ekologik başlangyjy» hem öňe sürüldi. Ol Hazar deňziniň gurşawyny we biologik serişdelerini gorap saklamak, emele gelen ekologik meseleleri çözmek bilen bagly wezipeleriň giň toplumy boýunça ýokary derejede hyzmatdaşlyk etmek üçin halkara meýdança bolup hyzmat eder. Hormatly Prezidentimiz degişli teklibi Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda beýan etmek bilen, bu başlangyjyň BMG, onuň agentlikleri, edaralary we institutlary bilen ysnyşykly hyzmatdaşlykda amala aşyrylmalydygyny belledi.

Ynsanperwer ulgamda däp bolan gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek hem ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň hatarynda durýar. Hususanda, Türkmenistan BMG-niň edaralary bolan BMG-niň Parahatçylygy gurmak boýunça komissiýasynyň, «BMG – Zenanlar» düzüminiň we beýleki halkara, sebit guramalarynyň gatnaşmagynda «Zenanlar, parahatçylyk we howpsuzlyk» atly ählumumy gün tertibini durmuşa geçirmek boýunça zenanlar dialogynyň yzygiderli esasdaky geňeşmeleriniň mehanizmini döretmek meselesine seretmegi möhüm hasaplaýar. Şeýle mehanizmiň işi Türkmenistanyň başlangyjy esasynda döredilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogynyň maksatlaryna laýyk gelýär. Ol geçen ýyllaryň dowamynda zenanlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek, olaryň jemgyýetiň syýasy, durmuş-ykdysady, medeni-ynsanperwer durmuşyna gatnaşmak derejesini ýokarlandyrmak işinde dünýäniň iň gowy tejribesini alyşmak üçin netijeli binýada öwrüldi. Şunuň bilen bir hatarda, bu format ähli ugurlar boýunça oňyn sebit hyzmatdaşlygyny ilerletmäge, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge ýardam edýär.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň barşynda «Ýaşlar, parahatçylyk we howpsuzlyk» halkara gün tertibini durmuşa geçirmek maksady bilen, Merkezi Aziýanyň ýaşlar dialogynyň işini goldamagy dowam etdirmegi maksat edinýär. Bu formatyň ýurdumyzyň başlangyjy boýunça 2023-nji ýylyň 2-nji oktýabrynda Arkadag şäherinde geçirilen «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly halkara ýaşlar forumynyň çäklerinde döredilendigini ýatlatmalydyrys. Munuň özi gol çekilen degişli Jarnamada berkidildi. Onuň maksady sebitiň bäş ýurdunyň ýaşlar guramalarynyň arasyndaky göni gatnaşyklaryň ösdürilmegini höweslendirmekden we goldaw bermekden ybaratdyr.

Merkezi Aziýa sebitinde ägirt uly öndüriji güýçler (adam kapitaly we önümçilik kuwwatlyklary), sarp ediş bazary, ylym-bilim, täze tehnologiýalar, halkara ulag-logistika infrastrukturalary, gazylyp alynýan baýlyklaryň uly gorlary, energiýa çeşmeleri we ýene-de köp zatlar, ýagny adamyň doly bahaly durmuşda ýaşamagy we zähmet çekmegi üçin gerek bolan ähli şertler hem-de mümkinçilikler jemlenendir. Iň esasy-da, bu sebitiň zähmete ukyply we höwesli, bilimli-sowatly, gujurly ýaşlary tapgyr-tapgyr ýetişip gelýär. Ol ýaşlar bolsa dünýäniň çar künjünde okaýarlar hem işleýärler.

Häzir sebitiň içinde, şeýle hem beýleki döwletler we halkara ykdysady guramalar bilen özara gatnaşyklarda hyzmatdaşlygyň täze döwrebap görnüşleri we nusgalary zerur bolup durýar. Olar dünýä ykdysadyýetiniň üýtgäp durýan ýagdaýlaryna, täze ykdysady merkezleriň döredilmegine, innowasiýalaryň, sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna kybap gelmelidir. Bularyň hemmesi özara bähbitli hyzmatdaşlygyň häsiýetini gaýtadan kesgitlemegi, täze, geljegi uly bolan ugurlara çykylmagyny talap edýär.

Şu nukdaýnazardan, Türkmenistan parahatçylyksöýüjilikli, döredijilikli daşary syýasy strategiýany yzygiderli durmuşa geçirmek bilen, Merkezi Aziýa sebitinde özara bähbitli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda, sebit ähmiýetli wajyp meseleleriň sazlaşykly çözgütlerini işläp taýýarlamakda möhüm orun eýeleýär. Möhüm wezipeleri çözmekde köptaraplaýyn hyzmatdaşlyga hemişe ygrarly bolmak, iň ýakyn goňşular bilen ysnyşykly we köpugurly hyzmatdaşlygy ösdürmek Türkmenistanyň daşary syýasatynda ileri tutulýan ugurdyr.

Häzirki wagtda Merkezi Aziýada ykdysady we durmuş taýdan depginli ösüşi gazanmak, sebitiň döwletleri we goňşy ýurtlar bilen köptaraply ysnyşykly gatnaşyklary ösdürmek «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň» esasy wezipeleriniň biridir. Degişli ugurda sebitiň döwletleri bilen hyzmatdaşlykda özara düşünişmek we ynanyşmak düşünjelerine uly orun berilýär. Şeýle hyzmatdaşlyk Merkezi Aziýada parahatçylygy hem-de howpsuzlygy gorap saklamagyň we pugtalandyrmagyň esasy şerti bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, 2024-nji ýylyň 2-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynda

Türkmenistanyň başlangyjy bilen «Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakyndaky Şertnama» atly Kararnamanyň, 2024-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 25-nji plenar mejlisinde «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» atly Kararnamanyň ikinji gezek biragyzdan kabul edilmegi daşary syýasy ýeňiş hökmünde ata Watanymyzyň halkara abraýyny has-da belende göterýär. Sebit parahatçylygynyň aýdyň güwäsine öwrülen bu resminamalar hem halkara derejede, hem sebit derejesinde hyzmatdaşlygy ösdürmekde möhüm çemeleşmedir. Bu, bir tarapdan, ýurdumyzyň we sebitiň döwletleriniň dünýä hojalyk gatnaşyklaryna işjeň goşulyşmagyna, maýa goýumlaryň giňden çekilmegine, beýleki tarapdan bolsa, sebitde abadançylygyň berkarar edilmegine mümkinçilik berýär.

EDEBIÝAT

1. *Serdar Berdimuhamedow*. Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet. – Aşgabat: TDNG, 2024.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. II kitap. – Aşgabat: TDNG, 2018.

3. *Hudaýýarow M*. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň esaslary. – Aşgabat: TDNG, 2011.

4. *Вамбери А*. Путешествие по Средней Азии. – Санкт-Петербург, 1865.

РАЗВИТИЕ МЕЖДУНАРОДНОГО СОТРУДНИЧЕСТВА МЕЖДУ ГОСУДАРСТВАМИ ЦЕНТРАЛЬНОЙ АЗИИ

В современную эпоху стратегическое значение Центральной Азии, обладающей огромным экономическим, энергетическим и транспортным потенциалом, неуклонно возрастает в глобальной системе геополитических и геоэкономических отношений. Последовательное расширение сотрудничества в ключевых стратегических направлениях, соответствующих Целям устойчивого развития, полностью отвечает политическим приоритетам всех пяти государств региона. Благодаря усилиям, политической воле, дальновидности и ответственности лидеров центральноазиатских стран создаются благоприятные условия для всестороннего регионального взаимодействия. Договорно-правовая база многосторонних межгосударственных отношений постоянно укрепляется и пополняется новыми соглашениями.

Ключевые слова: Центральная Азия, экономика, энергетика, транспорт, сотрудничество, геополитика.

DEVELOPMENT OF INTERNATIONAL COOPERATION BETWEEN CENTRAL ASIAN STATES

Today, Central Asia, which has enormous economic, energy and transport potential, is steadily increasing its role in the global system of geopolitical and geo-economic relations. The rapid expansion of cooperation in strategically important areas aimed at achieving the Sustainable Development Goals is fully consistent with the political course of all five countries. Thanks to the efforts, political will, foresight, and responsibility of the leaders of the Central Asian countries, highly favorable conditions for comprehensive regional cooperation are being established. The legal framework for multilateral interstate relations is consistently supplemented and strengthened with new documents.

Key words: Central Asia, economic, energy, transport, cooperation, geopolitical.

Merjen Gurbannazarowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy

TÜRKMENISTAN – ÝUNISEF: HYZMATDAŞLYGYŇ HUKUK ESASLARY

Jemgyýetiň we döwletiň demokratik ýörelgeleriniň we hukuk esaslarynyň berkidilmegi, her bir adamyň raýat, syýasy, ykdysady, durmuş we medeni hukuklaryny we azatlyklaryny berjaý etmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýurtda demokratiýany we kanunçylygy pugtalandyrmaga, ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen özgertmeler giňden ýaýbaňlanýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyndaky «adamy goramagyň, goldamagyň we oňa hyzmat etmegiň döwlet häkimiýet edaralarynyň baş wezipesidigi» baradaky hem-de «Türkmenistan her bir adamyň durmuş taýdan goraglylygyny kepillendirýän döwletdir» diýen kadalar bolsa ýurdumyzda halkara hukugynyň ýörelgelerine we kadalaryna laýyklykda her bir adamyň goragynyň döwlet tarapyndan üpjün edilýändiginiň subutnamasy bolup durýar [1].

Halkara bileleşiginiň işjeň agzasy hökmünde Türkmenistan häzirki döwrüň wajyp meselelerine degişli möhüm halkara başlangyçlaryň birnäçesini, ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň tarapdary hökmünde, halkara guramalaryň çäklerinde häzirki we geljekki nesiller üçin uly ähmiýetli bolan wezipeleri yzygiderli öňe sürýär. Biziň medeniýetimizde çagalary maşgala gymmatlyklary hem-de milli ýörelgeler esasynda terbiýelemek ene-atalaryň we jemgyýetiň esasy wezipesi bolup durýar. Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi

ýaly, biziň halkymyz berk bedenli, asylly, bilimli, zehinli ýaş nesli terbiýelemegiň bahasyna ýetip bolmajak kadalaryny we maşgala gymmatlyklaryny döretdi. Ösüp gelýän nesillerimize eziz Watanymyzyň gülläp ösmegine geljekde uly goşant goşmak wezipesi garaşýar. Häzirki wagtda ýurdumyzda çagalaryň mynasyp durmuşy üçin ähli şertler döredildi.

Halkara resminama hökmünde ýurtlaryň heniz taryhda görülmedik köplügi bilen ratifisirlenen Çagalaryň hukuklary hakyndaky Konwensiýada ynsana degişli ähli hukuklardan çagalaryň hukuklary doly haklydygy ykrar edilýär. Şonuň ýaly-da, Konwensiýada çagalaryň adaty akyl taýdan kabul edip bilişleri bilen bagly dünýäde bolup geçýän üýtgeşmeler öz beýanyny tapýar. Bu halkara Konwensiýa gol çeken ýurtlaryň ählisini durmuş we ykdysady hukuklara dahylly ylalaşylan borçnamalary ýerine ýetirmäge borçly edýär. Ol çaga hökmünde ýaşamaga, ösmäge we durmuşynyň lezzetini görmäge hukugynyň bolşy ýaly, çaganyň binýatlaýyn hukuklaryna, diri galmak we saglygyny goramaga hukugyna, öz mümkinçiligini ösdürmek hukugyna, zyýanly täsirlerden, hyýanat edilmelerden we ulanylmalardan goramak, şeýle hem maşgala, medeni we sosial durmuşa doly hukukly gatnaşmak hukugyna esaslanýar [2].

Garaşsyz döwletimiz umumy ykrar edilen halkara kadalary ornaşdyrmak bilen baglylykda, birnäçe esas goýujy halkara hukuk namalaryna, şol sanda çaganyň hukuklary hakynda BMG-niň Konwensiýasyna goşuldy. Çaganyň hukuklary hakynda Konwensiýa – munuň özi hökmany ülňüleriň we borçnamalaryň halkara derejede ylalaşylan toplumydyr, onda hemmelere deň derejede degişli bolan çagalaryň esasy hukuklary beýan edilýär. Bu halkara resminama diňe bir ykdysady, durmuş hem-de medeni hukuklar däl-de, raýat we syýasy hukuklar has doly beýan edilen ilkinji resminama bolup durýar. Biziň ýurdumyz Çaganyň hukuklary hakynda Konwensiýanyň we onuň iki fakultatiw teswirnamasyna gatnaşyjy bolmak bilen, öz üstüne alan borçnamalaryny ýerine ýetirmek boýunça yzygiderli hem-de utgaşykly işleri alyp barýar, şeýle hem bu ulgamda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda türkmen döwleti halkara gatnaşyklary ulgamynyň işjeň gatnaşyjysy bolmak bilen, halkara hukuk resminamalarynyň binýadyny yzygiderli kämilleşdirýär. Bu ugurda, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy hem-de onuň düzüm birlikleri, beýleki abraýly halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk ýola goýuldy.

Çaganyň hukuklaryny üpjün etmek, dünýä jemgyýetçiliginiň gyzyklanýan häzirki döwrüniň global meselelerinin biridir. Bu bolsa ýaş nesliň jemgyýetiň ýaşaýyş ukyplylygyny kepillendirmekde we geljekdäki ösüşini çaklamakda aýgytly orny bilen düşündirilýär. Çaganyň hukuklaryny halkara derejede goramak, doly hukukly we sazlaşykly ösen şahsyýeti emele getirmek, olaryň jebisleşmegine ýardam bermekde, çaganyň hukuklaryny ösdürmekde hem-de üpjün etmekde döwletiň we hökümete degişli däl halkara guramalarynyň özara utgaşdyrylan hereketleriniň ähmiýeti uludyr [3].

2024-nji ýylyň 28-nji awgustynda Türkmenistanyň wekiliýeti Birleşen Milletler Guramasynyň Ženewadaky edarasynyň ýanyndaky Hemişelik wekiliniň ýolbaşçylygynda Çaganyň hukuklary boýunça Komitetiň 97-nji sessiýasynda berlen hasabatynda çaganyň hukuklary babatynda gazanylan möhüm üstünlikleri, şol sanda täze kanunlaryň kabul edilmegini we hereket edýän hukuk namalaryna üýtgetmeleriň girizilmegini nygtady. Esasy kanunçylyk üýtgetmeleriniň hatarynda «Bilim hakynda», Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşi, «Durmuş hyzmatlary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi hem-de Jenaýat kodeksine we beýleki möhüm kanunlara girizilen üýtgetmeler görkezildi. 2015–2024-nji ýyllar aralygynda Türkmenistan ILO-nyň (Halkara zähmet guramasynyň) 144-nji Konwensiýasy, Marrakeş Ylalaşygy, Bilimde diskriminasiýa garşy Konwensiýa ýaly birnäçe halkara şertnamalara goşuldy. Häzirki wagtda ýurtda 2022–2052-nji ýyllar üçin Milli durmuş-ykdysady ösüş maksatnamasy hem-de 2022–2028-nji ýyllar üçin Prezident maksatnamasy işjeň durmuşa geçirilýär, bu resminamalarda, şol sanda çaganyň hukuklaryna degişli halkara resminamalaryň düzgünleri hem öz beýanyny tapýar. Saglygy goraýyş pudagynda Türkmenistan «Saglyk» Döwlet maksatnamasyny, şol sanda iýmitlenişi gowulandyrmak, çagalaryň irki ösüşi we keselleriň öňüni almak boýunça başlangyçlary işjeň durmuşa geçirýär.

Birleşen Milletler Guramasy Çaganyň hukuklary baradaky Konwensiýasyny doly ýerine ýetirmekligi we gözegçiligi amala aşyrmak maksady bilen, 1991-nji ýylyň başynda Konwensiýa gatnaşyjy döwletleriň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilen ýygnakda Çaganyň hukuklary baradaky komitetiniň gözegçilik edarasyna ilkinji saýlawlar geçirildi. Bu komitet Çaganyň hukuklary baradaky Konwensiýa laýyklykda döredilip, ol esasan hem birnäçe wezipeleri ýagny, Konwensiýa gatnaşýan döwletleriň hasabatlaryny almak we garamak, çaganyň hukuklary babatyndaky meseleler boýunça hökümetlere maslahat bermek hem-de hökümede degişli däl guramalar bilen çaganyň hukuklary bilen baglanyşykly ýüze çykýan meseleler babatynda hyzmatdaşlyk saklamaklygy öz içine alýar [4].

1946-njy ýylda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan döredilen Çagalar gaznasy (ÝUNISEF) häzirki wagtda çagalara kömek etmek üçin esasy edaralaryň biri bolup durýar. Birleşen Milletler Guramasy Çaganyň hukuklary baradaky komitetiň üsti bilen ynsanperwerlik ýagdaýlaryny düzgünleşdirmek hem-de adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykanda gyssagly kömek bermek boýunça guramanyň utgaşdyryjysy hökmünde öz işini alyp barýar. Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasy hem bu komitetiň agzasy bolmak bilen, bu işleri sazlaşykly alyp barmakda öz işjeňligini görkezýär [5]. Çaganyň hukuklary baradaky Konwensiýa we Çaganyň hukuklary baradaky komiteti çagalaryň hukuklarynyň netijeli goragyny üpjün etmegiň serişdesi hökmünde halkara hyzmatdaşlyga we kömege aýratyn ähmiýet berýär.

Hormatly Prezidentimiz Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edaralary hem-de beýleki halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk saklap, adam hukuklaryny goramaga we ynsanperwer ösüşi etmäge gönükdirilen taslamalary amala aşyrýar. Bu taslamalary amala aşyrmakda Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edaralarynyň biri bolan Çagalar gaznasy bilen alnyp barylýan hyzmatdaşlyk esasy orun eýeleýär. Türkmenistan we ÝUNISEF bilelikdäki taslamalaryň köpsanlysyny durmuşa geçirýär. Şol taslamalar ýurduň iň ýaşajyk raýatlarynyň bagtyýar durmuşy üçin zerur şertleri döretmegiň hatyrasyna taraplaryň netijeli hyzmatdaşlygynyň ýolunda hakyky ädimlere öwrüldi. Halkara hukugynyň hem-de Çaganyň hukuklary baradaky Konwensiýanyň kadalaryna laýyklykda kabul edilen «Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny çagalaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň kepilliklerini belleýär. Bu kanun adam hukuklary babatda hormatly Prezidentimiziň syýasatynyň esasy ýörelgelerini durmuşa geçirmäge gönükdirilip, çaganyň özbaşdak şahsyýet hökmünde hukuk derejesini kesgitleýär, şeýle hem çaganyň beden hem-de ruhy taýdan ösüşini üpjün etmegi, onuň ynsanlyk aňynyň milli we umumadamzat gymmatlyklary esasynda kemala gelmegini göz öňünde tutýar [6].

Durnukly ösüş maksatlary 2030-njy ýyla çenli adamzat we Ýer şary üçin has oňaýly şertleri döretmegi maksat edinýän resminamadyr. Birleşen Milletler Guramasyna agza ýurtlaryň ählisiniň bir agyzdan goldamagy bilen, 2015-nji ýylda kabul edilen bu maksatnama dünýäniň ähli sebitlerinde abadançylygy gorap saklamaga we umumadamzat bähbitli ösüşleri gazanmaga gönükdirilendir. Bu maksatnamada dünýä ýüzünde ykdysady ösüşi gazanmak, saglygy goraýşy ýokarlandyrmak we sosial deňligi gazanmak, şol sanda daşky gurşawy gorap saklamak we howanyň üýtgemeginiň öňüni almak boýunça işleriň geçirilmelidigi nygtalýar.

Ýurdumyzda BMG-niň Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmaklykda hususan-da, ösüşiň sosial ugruna uly üns berilýär. Bu ugur bolsa halkyň sosial ýagdaýyny we ýaşaýyş şertlerini ýokarlandyrmak, sagdyn durmuş ýörelgelerini hemmetaraplaýyn wagyz etmek, türkmen zenanlarynyň hukuklaryny we mümkinçiliklerini kepillendirmek arkaly gender deňligini gazanmak, ýokary hilli bilim ulgamyny döretmek ýaly durmuş ähmiýetli möhüm meseleleri çözmekden ybaratdyr.

Türkmenistanda ähli iri taslamalary Durnukly ösüş maksatlaryna uýgunlaşdyrmak boýunça tapgyrlaýyn işler amala aşyrylýar. Olar döwletimiziň uzak ýyllaryň dowamynda sazlaşykly we durnukly ösüşiniň üpjün edilmegine gönükdirilendir. Şunlukda, bilim ulgamyna uly üns bermek bilen baglylykda, Türkmenistanda umumy orta bilimiň on iki ýyllyk ulgamy hereket edýär. Çagalaryň fiziki sagdynlyk, okatmak we durmuş üpjünçiligi babatdaky ösüşinde ýokary görkezijilere ýetildi. Ýurtda okatmak çärelerini guramakda häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýän täze mekdepler, ýörite we ýokary okuw mekdepleri gurulýar. Bu maksatnamalaýyn işleri ýokary derejede ýerine ýetirmekde bolsa

ýurdumyz halkara guramalar bilen, hususan-da, BMG-niň Çagalar gaznasy bilen işjeň hyzmatdaşlyk saklaýar.

Jemläp aýdanyňda, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge gönükdirilen yzygiderli çäreler hormatly Prezidentimiziň alyp barýan syýasatynda möhüm orun eýeleýär. Anyk ugry nazarlaýan bu syýasat döwletiň ägirt uly ykdysady mümkinçiliklerine daýanýar we bir umumy maksat arkaly baglanyşýan köpsanly dürli ugurlary öz içine alýar. Munuň özi halkymyzyň we her bir raýatymyzyň bagtly durmuşyny üpjün etmekden ybaratdyr.

EDEBIÝAT

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. 4-nji, 5-nji maddalar. – Aşgabat: TDNG, 2023.
2. Çaganyň hukuklary hakynda Konwensiýa. – 1989.
3. *Павлова Л.В.* Международная защита прав ребенка // Права ребенка – законодательство и практика: Материалы республиканской научно-практической конференции. – Мн., 1991. С. 4.
4. Комитет по правам ребенка Электронный ресурс. studme.org
5. ЮНИСЕФ официальный сайт.
6. «Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 03.05.2014.

ТУРКМЕНИСТАН – ЮНИСЕФ: ПРАВОВАЯ ОСНОВА СОТРУДНИЧЕСТА

Работа посвящена взаимодействию Туркменистана с ЮНИСЕФ по вопросам защиты прав ребенка на международном уровне. Изучены история возникновения международно-правовой базы в области защиты прав ребенка. Рассмотрены формирование системы и международно-правовые источники, регулирующие защиту прав ребенка, дана характеристика международных органов в сфере защиты прав детей, их функций и полномочий, Конвенции ООН «О правах ребенка» как основного документа в формировании прав ребенка на международном уровне, дана оценка ответственности государства в защите прав детей, рассмотрена роль ЮНИСЕФ в решении проблем детей на международном уровне.

Ключевые слова: защита, право, ребенок, источник, документ, государство, гарантия.

TURKMENISTAN – UNICEF: LEGAL BASIS FOR COOPERATION

The work is devoted to the UN activities to protect the rights of the child at the international level. The history of the emergence of the international legal framework in the field of protecting the rights of the child is studied in. It formation of the system and international legal sources regulating the protection of the rights of the child, the characteristics of international bodies in the field of protection of the rights of children, their functions and powers are introduced. The UN Convention «On the Rights of the Child» is the main document in the formation of the rights of the child at the international level.

Key words: protection, right, child, source, document, state, guarantee.

Ogulmaýsa Amanmuhammedowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy

MILLI MEDENIÝETIMIZ – DOST-DOGANLYK KÖPRÜSI

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýurdumyzda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler giň gerimi hem-de täzeçilligi bilen tapawutlanýar. Bu özgertmeler döwlet hem jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryny gurşap alýar. Ýurdumyzyň her bir raýaty ata Watanymyza belent söýgüsi bilen ýaşaýar we yhlasly zähmet çekýär. Abadançylygyň, bagtyýarlygyň, gülläp ösüşiň hatyrasyna döwlet adama, adam bolsa döwlete gulluk edýär. Munuň özi «Döwlet adam üçindir!» diýen taglymatymyzyň esasynda alyp barýan işlerimiziň rowaçlanýandygyny görkezýär.

Häzirki wagtda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy», Oba milli maksatnamasy, «Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasy», Halk Maslahatynyň işiniň esasy ugurlary boýunça Türkmenistanyň Mejlisi, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary hem-de jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikde şu ýyl ýerine ýetirilmeli işleriň we geçirilmeli çäreleriň Meýilnamasy hem-de kabul edilen beýleki maksatnamalar üstünlikli amala aşyrylýar.

Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň uly tagallalary bilen ýurdumyzda milli mirasymyza aýratyn ähmiýet berilýär. Bu bolsa halkymyzyň

asyrlaryň dowamynda kemala getiren ruhy-ahlak ýörelgeleriniň nusgalyk dowam etdirilýändiginiň ýene-de bir aýdyň mysalydyr. Hut ýaşuly nesliň akyl-paýhasyna we öwüt-ündewlerine eýerýän ýaşlar ýurdumyzyň durnukly ösüşi, beýik geljegi bilen bagly bolan her bir işe uly jogapkärçilik bilen çemeleşýärler.

Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabynda şeýle belleýär: «Ata-babalarymyzyň «Ilim-günüm bolmasa, Aýym-Günüm dogmasyn!» diýen nakylynda tükeniksiz many bar. Häzirki döwürde bu nakylyň ähmiýeti has-da ýiti duýulýar. Çünki ata-babalarymyzyň türkmençilik ýörelgelerine, durmuşynyň ýazylmadyk kadalaryna ygrarly il-halkymyzyň ýaşaýyş medeniýeti halklaryň bitewi ykbalyny döredýän adamkärçilik kadalarynyň binýadynda ösdi we özgerdi. Men durmuşyň manysy barada söz açanymda, ony adamzadyň öz geljegine galdyrjak gymmatlyklary bilen bilelikde göz öňüne getirýärin. Ata-babalarymyzyň bize miras goýan gymmatly edep-terbiýe, durmuş mekdebiniň ähli ynsana mahsus gelýän ýörelgeleriniň manysy örän çuňdur. Oňa näçe içgin aralaşdygyňça, bu ýörelgeleriň adamzadyň geljegi babatda alnanda hem gymmatynyň artýandygyny duýmak bolýar». [1]

Beýik akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň garaşsyz döwlet baradaky arzuwlary bu gün hasyl boldy. Bize pederlerimiziň belent hem-de asylly arzuwlary hakykata öwrülen parahat, asuda, berkarar ýurtda ýaşamak we döretmek bagty miýesser etdi. Häzirki wagtda Türkmenistan ösüşiň ýoly bilen öňe barýar. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen paýtagtymyzda bina edilen «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumynyň açylmagy möhüm wakalaryň biri boldy. Medeni-seýilgäh toplumynyň merkezinde türkmen we dünýä edebiýatynyň meşhur nusgawy şahyrynyň ýadygärliginiň oturdylmagy hemmämizde uly buýsanç döredýär.

Tebigy belentlikde gurlan ýadygärligiň beýikligi 60 metre, beýik akyldaryň «Türkmeniň» goşgusyndan hem-de Gahryman Arkadagymyzyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly şygryndan setirler ýazylan binýadyň beýikligi bolsa 25 metre deňdir. Dürli ýurtlara we yklymlara wekilçilik edýän meşhur nusgawy şahyrlaryň, dünýä belli akyldarlaryň heýkellerini bir ýere jemleýän seýilgäh toplumyň binagärliginiň aýratyn täsin bölegini emele getirýär. Olaryň hormatyna oturdylan ýadygärlikler dost-doganlygy, halklaryň hoşniýetli goňşuçylygyny alamatlandyrýar. Bu ýörelgeleri Magtymguly Pyragy hem öz eserlerinde ündäpdir.

2024-nji ýylda «Magtymguly» atly goşgular ýygyndysynyň üç dilde çap edilmegi Gündogaryň beýik akyldaryna goýulýan belent sarpanyň aýdyň nyşanydyr. Şeýle-de Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medalyny döretmek hem-de söz ussadynyň medeni mirasyny gorap saklamak we geljek nesillere ýetirmek maksady bilen, «Magtymguly Pyragynyň medeni mirasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny kabul etmek baradaky başlangyçlar beýik işlere badalga boldy.

Magtymguly Pyragynyň baý döredijiligini dünýä ýaýmak boýunça ýerine ýetirilen işleriň çäklerinde, akyldaryň golýazmalar toplumynyň ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilmegi, şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygynyň ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçilýän şanly seneleriň sanawyna goşulmagy watandaşlarymyzyň kalbynda çäksiz buýsanç duýgusyny döredýär.

Ynsanlaryň, halklaryň we döwletleriň arasyndaky gatnaşyklar söz arkaly binýat bolýar. Pähim-paýhasa ýugrulan söz – kalbyň açary. Ol birek-biregi, halklary, döwletleri ysnyşdyrýar we dostlaşdyrýar. Bütin adamzady ynsanperwerlige çagyrýar, hiç bir adamy biparh goýmaýar, bakylyga dahylly bolýar. Türkmen halkynyň beýik ogly Magtymguly Pyragynyň döredijiligi muňa aýdyň mysal bolup, akyldar şahyryň Gün şöhlesi ýaly ýalkymly döredijiligi dünýäniň häzirki nesillerine birlik, agzybirlik, jebislik ýoluny salgy berýär. Şoňa görä-de, bu günki gün beýik akyldaryň şygyrlaryny bütin adamzat sarpalaýar.

2024-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda paýtagtymyzda ýokary derejede geçirilen «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara forum muny ýene bir ýola tassyklady. Foruma dünýä döwletleriniň ençemesiniň Baştutanlary we ýokary derejeli wekilleri gatnaşyp, çuňňur mazmunly çykyş etdiler. Gahryman Arkadagymyzyň «Hemişe we hemme ýerde şol bir Magtymguludyr» diýip belleýşi ýaly, beýik akyldaryň şygyrlarynyň külli adamzat üçin gymmatly hazynadygyna üns çekdiler.

Gahryman Arkadagymyzyň şöhratly taryhymyz, medeniýetimiz, ruhy gymmatlyklarymyz hakynda söz açýan eserleriniň dünýäniň ençeme diline terjime edilip, halklaryň arasyndaky dostluk köprüsine öwrüldi. Gadymy Änew şäheriniň «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilen ýylynda hormatly Prezidentimiziň «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly ajaýyp kitabynyň çap edilmegi bolsa türkmen halkynyň Milli Lideriniň döredijilik ýolunyň mynasyp dowam etdirilýändigini görkezýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu eserinde türkmen halkynyň dünýä nusgalyk asylly ýörelgeleri bilen bir hatarda, milli mirasymyz, şöhratly pederlerimiziň geçmişde bitiren uly işleri, aýratyn hem, müňýyllyklaryň dowamynda keremli topragymyzda kemala gelen gadymy Änew medeniýeti barada beýan edilýär. Bu kitap halkymyzyň asylly däpleriniň dowamatlylygyny alamatlandyryp, dünýä gymmatlyklaryna uly goşant goşan paýhasly pederlerimiziň şöhratynyň mundan beýläk-de belende göterilmegi ugrunda edilýän tagallalaryň aýdyň miwesidir.

Hormatly Prezidentimiz kitabynyň girişinde şeýle belleýär: «Dünýäniň taryhynda halkymyzyň mynasyp orny bar. Şonuň üçin türkmen halky örän gadymy taryhyň we baý medeni mirasyň eýesidir. Biz bu mirasa guwanýarys we oňa aýawly garamaga hemde geljekki nesiller üçin gorap saklamaga uly üns berýäris.

Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) arasynda ýokary derejede hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Biziň ýurdumyz ÝUNESKO we onuň degişli komitetleri, ylmy-barlag institutlary bilen medeni-ynsanperwer, ylym-bilim ulgamlary boýunça hyzmatdaşlyk edip, baý tejribe toplady» [3]. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu sözleriniň özi hem halkymyzyň dünýä medeniýetine goşan uly goşandygynyň güwäsidir.

Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy», «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet», «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly kitaplary ýaş nesli watançylyk ruhunda terbiýelemäge hyzmat edip, olary täze üstünlikleri gazanmaga ruhlandyrýar.

Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli paýtagtymyzda geçirilen «Gorkut ata» atly halkara kinofestiwaly halklaryň arasyndaky dost-doganlygyň mundan beýläk-de pugtalandyrylmagyna, medeni hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine möhüm goşant boldy. TÜRKSOÝ-na agza ýurtlaryň hyzmatdaşlygynyň çäklerinde guralan kinofestiwal Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Russiýa Federasiýasynyň Başgyrdystan, Tywa, Çuwaş Respublikalarynyň, Moldowanyň, Türkiýäniň, Özbegistanyň hem-de ýurdumyzyň kinematografiýa işgärlerini bir ýere jemledi.

Eminler toparynyň garamagyna dürli ýurtlaryň kino ussatlary tarapyndan döredilen çeper we dokumental filmler hödürlenildi. «Iň gowy dokumental film» ugry boýunça 1-nji orna Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi tarapyndan ýurdumyzda we daşary ýurtlarda surata düşürilen «Äleme belgilidir» filmininň döredijilik topary mynasyp boldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň hem-de Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň goldaw-hemaýaty netijesinde iki ýurduň kinematograf-larynyň bilelikde surata düşüren «Magtymguly Pyragy» atly filmininň döredijilik topary «Iň gowy çeper film» baýragy bilen sylaglanyldy. Beýik söz ussadynyň döredijiligi barada gürrüň berýän film şahyryň ýubileý senesine ajaýyp sowgat boldy. Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň «Kompozitor» atly filmininň döredijilik toparyna eminleriň ýörite baýragy gowşuryldy. Bu filmiň Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň hemaýatkärliginde, Gahryman Arkadagymyzyň ýakyndan goldaw bermeginde surata düşürilendigini bellemek gerek.

Türki medeniýetiň halkara guramasyna (TÜRKSOÝ) agza döwletleriň medeniýet ministrleriniň hemişelik geňeşiniň 41-nji mejlisi gadymy Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli geçirilen esasy çäreleriň biri boldy. Mejlise gatnaşyjylar Türkmenistanda geçirilen çärelere, şol sanda TÜRKSOÝ-na agza ýurtlaryň II teatr

festiwalyna, «Gorkut ata» halkara kinofestiwalyna, mazmunlaýyn maslahatlara, bäsleşiklere, sergilere, döredijilik duşuşyklaryna, konsertlere ýokary baha berdiler. Geňeşiň agzalary türki dilli halklaryň ruhy gymmatlyklaryny, taryhy-medeni mirasyny halkara derejede öwrenmekde, wagyz etmekde hem-de gorap saklamakda bilelikdäki tagallalary ara alyp maslahatlaşdylar, çözgütleri kabul etdiler. Onda 2025-nji ýyl üçin TÜRKSOÝ-nyň işiniň maksatnamasy tassyklanyldy we mejlisiň netijeleri boýunça Jemleýji Jarnama gol çekildi.

Umumadamzat şahyry hökmünde ykrar edilen Magtymguly Pyragynyň belent heýkeli 2024-nji ýylda Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda Gazagystan Respublikasynyň Astana şäherinde dabaraly ýagdaýda açyldy. Munuň özi halklarydyr milletleri doganlaşdyrýar, dostlaşdyrýar. Heýkeltaraşyň toýunsöw reňkde ýerine ýetiren umumy beýikligi 8,5 metre golaý heýkeliniň býusty goňur mermer daşlaryndan bolup, onuň ýüzünde «MAGTYMGULY PYRAGY 1724–1807» diýen ýazgy bar.

2024-nji ýylyň sentýabrynda dana şahyryň ýadygärligi Täjigistan Respublikasynyň Hatlon welaýatynyň Dusti etrabynyň Ergeş Sultanow daýhan birleşiginde gurlup, ulanmaga berlen 540 orunlyk Magtymguly adyndaky umumybilim berýän orta mekdebiň öňünde oturdyldy. Zerewşan keşbe eýe bolan heýkel bilime teşne okuwçylara ak pata berýän mysaly mekdebiň girelgesine bakyp dur. Munuň özi Magtymguly atamyzyň adamzady ylma-bilime, sowatlylyga ruhlandyrýan şygryýetiniň wysalydyr.

Şeýlelikde, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzda durmuşa geçirýän uly işleriniň netijesinde milli mirasymyz, halkymyzyň medeniýeti dünýä ýüzüne ýaň salýar. Bu günki günde türkmen halkynyň medeniýeti, sungaty, milli mirasy dünýä halklarynyň arasynda özboluşly dostluk, doganlyk köprüsi bolup hyzmat edýär. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen medeni diplomatiýamyzyň barha rowaçlanýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ömrümiň manysynyň dowamaty. – TDNG, Aşgabat: 2023.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany. – Aşgabat: TDNG, 2020.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Hakyda göwheri. – Aşgabat: TDNG, 2024.

4. *Serdar Berdimuhamedow*. Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet. – Aşgabat: TDNG, 2024.

5. *Serdar Berdimuhamedow*. Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: TDNG, 2023.

НАША НАЦИОНАЛЬНАЯ КУЛЬТУРА – МОСТ ДРУЖБЫ И БРАТСТВА

Коренные реформы, проводимые в нашей стране под руководством многоуважаемого Президента Сердара Бердымухамедова, охватывают все сферы государственной и общественной жизни. В настоящее время национальное наследие и культура нашего народа прославляются во всем мире. Таким образом, культура, искусство и национальное наследие туркменского народа служат уникальным мостом дружбы и братства между народами мира. Это яркое свидетельство того, что наша культурная дипломатия идет по успешному пути своего развития благодаря усилиям Национального Лидера туркменского народа и многоуважаемого Президента.

Ключевые слова: культура, традиции, национальное наследие, достояние, искусство, культурная дипломатия, ТЮРКСОЙ, Анауская культура.

OUR NATIONAL CULTURE IS A BRIDGE OF FRIENDSHIP AND BROTHERHOOD

The fundamental reforms being carried out in our country under the leadership of the Esteemed President Serdar Berdimuhamedov encompass all spheres of state and public life. At present, our national heritage and the culture of our people are being celebrated worldwide. Thus, the culture, art, and national heritage of the Turkmen people serve as a unique bridge of friendship and brotherhood between the peoples of the world. This is vivid evidence that our cultural diplomacy is on a successful path of development thanks to the efforts of the National Leader of the Turkmen people, Hero – Arkadag and the esteemed President Arkadagly Hero – Serdar.

Key words: culture, traditions, national heritage, wealth, art, cultural diplomacy, TURKSOY, Anau culture.

Oguloraz Eýeberdiýewa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy

TÜRKMENISTANYŇ MEDENI DIPLOMATIÝASYNYŇ ÝÖRELGELERINI WAGYZ ETMEKDE MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ŞANLY SENESINIŇ ÄHMIÝETI

Medeni diplomatiýa döwletiň daşary syýasatynda dostlugyň pugtalandyrylmagyna, halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine hyzmat etmek bilen, bütindünýä medeni siwilizasiýasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Ol adamzadyň ruhy durmuşyndaky oňyn özgertmeleri açyp görkezmek bilen, dünýäde dost-doganlygy wagyz edýär. Türkmenistanyň amala aşyrýan döwlet syýasatynyň möhüm bölegi hökmünde ylma, bilime we medeni diplomatiýa uly ähmiýet berilýär. Ylym-bilim hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem ösdürmek, milli medeni gymmatlyklary wagyz etmek medeni-ynsanperwer diplomatiýanyň tejribesinde möhüm gurallar hasaplanylýar. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň nygtaýşy ýaly, medeniýet ulgamynyň ösüşleri jemgyýetiň bitewüligini, milletiň ruhy galkynyşyny üpjün edýär. Şoňa görä-de, berkarar döwletimizde milli medeniýetimizi, sungatymyzy, edebiýatymyzy ösdürmek, medeniýet we sungat işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak ugrunda ähli zerur şertler döredilýär [1; sah. 18].

Türkmen halkynyň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan baý medeni mirasyny, gadymy gymmatlyklaryny, milli sungatyny giňden wagyz etmekde, dünýä halklaryny medeniýetde we sungatda gazanylan üstünlikler bilen tanyşdyrmakda, halkara derejeli festiwallara, möhüm orun degişlidir. Ýer ýüzünde ählumumy parahatçylygy pugtalandyrmakda, halklaryň arasynda agzybirligi hem-de dost-doganlygy kemala getirmekde bu çäreleriň ähmiýeti örän uludyr. Bu bolsa Türkmenistanyň medeniýet diplomatiýasynyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde ykrar edildi. Ata Watanymyzda ýokary guramaçylykly geçirilýän çäreler Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan ugur almak bilen, medeni diplomatiýany parahatçylyk söýüji syýasatynda esasy ýörelgesine öwürýändigine güwä geçýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly kitabynda hem bellenilişi ýaly: «Daşary ýurtlarda milli medeni mirasymyzy wagyz etmek Türkmenistanyň daşary syýasatda ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar. Bu işlere halkara giňişliginde edýän hereketlerimiziň strategiýasynyň möhüm we aýrylmaz bölegi hökmünde garalýar» [2; sah. 37].

Gündogaryň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk baýramy mynasybetli Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan dörän «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly şygyr setirleriniň 2024-nji ýylyň şygary hökmünde yglan edilmegi bilen ýurdumyzda we daşary döwletlerde köpsanly medeni çäreler geçirildi. Şolaryň biri hem 18-nji fewralda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda geçirilen «Magtymguly Pyragynyň parahatçylyk taglymaty we Bitarap Türkmenistanyň diplomatiýasy» atly halkara maslahatdyr. Onda çykyş edenler Magtymgulynyň garaýyşlarynyň beýleki halklara hormat goýmak, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine, watansöýüjilige esaslanýandygyny belledilerler. Hut şu ýörelgeler Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň mazmunyny emele getirip, ýurdumyzyň diplomatiýasynyň parasatlylygynyň, dowamatlylygynyň üpjün edilmegini şertlendirýär. Häzirki wagtda Magtymgulynyň döredijiliginiň halkara derejede dost-doganlygy pugtalandyrmaga hyzmat edýändigini nygtamak zerur. Çünki ýurdumyzyň daşary syýasaty beýik şahyryň pikirleriniň, türkmenleriň we dünýä halklarynyň Ýer ýüzündäki orny baradaky garaýyşlarynyň dowamatydyr [3; sah. 32].

Maý aýynda paýtagtymyzda geçirilen Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan medeniýet ministrleri derejesindäki halkara maslahata dünýäniň 17 döwletinden, şeýle hem abraýly halkara guramalaryndan wekiller gatnaşdylar. Onda ýokary derejeli wekilleriň nygtaýşy ýaly, Gündogaryň akyldarynyň döredijilik mirasy bahasyna ýetip bolmajak milli baýlyk bolmak bilen, dünýä edebiýatynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy beýik türkmen nusgawy şahyrynyň döredijiliginiň halkara ähmiýetiniň ynandyryjy subutnamasy hökmünde 2024–2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçilýän şanly seneleriň sanawyna goşuldy. Şeýle hem goşgulary hemişe dost-doganlyga, agzybirlige, parahatçylykly ýaşamaga, ynsanperwerlige çagyrýan söz ussady Magtymguly Pyragynyň ýubileýi mynasybetli Türki medeniýetiň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) 2024-nji ýyly «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýip yglan etdi.

Şu ýyl açylan «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumynda türkmen nusgawy edebiýatynyň görnükli wekiliniň boýy 60 metr bolan, uzaklardan seleňläp görünýän ýadygärligi bilen bir hatarda, dünýäniň dürli ýurtlarynyň meşhur ýazyjylarynyň hem-de şahyrlarynyň heýkelleriniň 24-siniň oturdylmagy medeni diplomatiýanyň gurallaryny netijeli ulanmak arkaly dostlukly we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary ösdürmäge ýurdumyzyň tagallalary durmuşa geçirýändiginiň nobatdaky güwäsi boldy. Türkmeniň beýik şahyr oglunyň şu ýyl Astana we Moskwa şäherlerinde heýkelleriniň açylandygyny hem bellemek möhümdir.

11-nji oktýabrda paýtagtymyzda 11 döwletiň prezidentleriniň, ýokary derejeli ýolbaşçylarynyň we diplomatlarynyň gatnaşmagynda geçirilen «Döwürleriň we

siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara forum medeni-ynsanperwer gatnaşyklar arkaly dünýäde parahatçylygy we durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça halkara gün tertibindäki möhüm meseleleri maslahatlaşmak üçin amatly meýdançany döretdi. Gatnaşyjylar beýik akyldar Magtymguly Pyragynyň döredijiligini wagyz etmek ulgamynda medeni dialogyň döwletleriň arasynda köpugurly hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine uly goşant goşýandygy, halklaryň arasynda dostlugyň we özara düşünişmegiň pugtalandyrylmagyna, olaryň medeniýetleriniň özara baýlaşmagyna ýardam berýändigi baradaky pikiri beýan etdiler [4; sah. 2].

2024-nji ýylda ýurdumyzyň ylym-bilim, medeniýet edaralary, döwlet edara-kärhanalary Gündogaryň beýik akyldar şahyrynyň ýubileý senesi mynasybetli dürli çäreleri işjeň guradylar. Abraýly halkara guramalarynyň çäklerinde şahyryň edebi mirasyny wagyz etmek boýunça işlere hem uly ähmiýet berildi. Şunda Türki medeniýetiň halkara guramasy bilen hyzmatdaşlykda ýurdumyzda we daşary döwletlerde geçirilen çäreler aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýurdumyzyň daşary döwletlerdäki diplomatik wekilhanalary şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli şu ýylyň dowamynda halkara derejede möhüm çäreleri, şol sanda ylmy maslahatlary, döredijilik hepdeliklerini, duşuşyklary, film görkezilişlerini, edebi agşamlary we bäsleşikleri guradylar [5]. BMG-niň Nýu-Ýorkdaky we ÝUNESKO-nyň Pariždäki ştab-kwartiralarynda, köpsanly abraýly halkara, sebit düzümleriniň çäklerinde dünýä derejeli beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň hormatyna dabaraly çäreler guraldy. Golýazmalar toplumy Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilen türkmen şahyrynyň daşary döwletleriň kitaphanalarynda, ylmy merkezlerinde bar bolan golýazmalaryny öwrenmek, medeni-ynsanperwerlik gatnaşyklary işjeňleşdirmek maksady bilen ýurdumyzyň alymlaryndan, medeniýet we sungat işgärlerinden ybarat wekiliýetleriň döredijilik saparlary guraldy.

Mundan başga-da Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna beslenen ýylda Türkmenistanyň Täjigistan Respublikasynda, Wengriýada Medeniýet günleri, şeýle hem ýurdumyzda Ýewropa Bileleşiginiň, Özbegistan Respublikasynyň, Ermenistan Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň, Gazagystanyň Medeniýet günleri geçirildi. Giň gerimli medeni-köpçülik çärelerine baý bolan Medeniýet günleri medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze many-mazmuna eýe bolýandygyny aýdyň görkezdi. Şeýle hem goňşy we alysadaky ýurtlaryň diplomatik wekilhanalary bilen bilelikdäki medeni çäreleriň geçirilmegine hem möhüm ähmiýet berildi.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» şygary astynda geçen ýylda beýik türkmen şahyrynyň goşgular ýygyndysy daşary ýurt dilleriniň

birnäçesine terjime edilip çap edildi. Şolaryň tanyşdyrylyş dabaralarynyň aglabasynyň Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda geçirilendigini bellemek möhümdir. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy», türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Ömrümiň manysynyň dowamaty» we atly kitaplarynyň ýapon, «Enä tagzym – mukaddeslige tagzym» atly kitabynyň bolsa pars diline terjime edilmegi häzirki zaman türkmen edebi döredijiligi bilen daşary ýurt okyjylaryny tanyşdyrmakda möhüm waka boldy. Munuň özi Türkmenistanyň alyp barýan medeni diplomatiýasyna jogap edip, daşary döwletleriň hem özara medeni gatnaşyklary ösdürmäge uly gyzyklanma bildirýändikleriniň aýdyň görkezijisidir.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine eýe bolmagynyň 29 ýyllygynyň öňüsyrasynda Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasyny öwrenmekde, dünýäde wagyz etmekde, döredijilikde we zähmetde tapawutlanan ýurdumyzyň raýatlaryna, şeýle hem medeni gatnaşyklary ösdürmekde uly goşant goşan daşary döwletleriň raýatlaryna «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medaly, «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýadygärlik nyşanlar bilen sylaglamak dabaralarynyň geçirilmegi şu ýylyň möhüm wakalarynyň biri boldy.

Şeýlelikde, türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyryna bagyşlanyp 2024-nji ýylda geçirilen we beýleki çäreleriň maksady beýik söz ussadynyň şan-şöhratyny belende götermekden, dünýä jemgyýetçiligini Magtymguly Pyragynyň döredijiligi bilen has giňden tanyşdyrmakdan, onuň zehininiň çuňlugyny düşündirmekden, ynsanperwer hyzmatdaşlygy, halklaryň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary, özara düşünişmegi pugtalandyrmakdan ybaratdyr. Munuň özi dünýäde parahatçylyk medeniýetini we ynanyşmagy dabaralandyrmagyň möhüm şertidir.

EDEBIÝAT

1. *Serdar Berdimuhamedow*. Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – A: TDNG, 2023.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A: TDNG, 2016.
3. «Magtymguly Pyragynyň parahatçylyk taglymaty we Bitarap Türkmenistanyň diplomatiýasy» atly halkara maslahatyň nutuklarynyň ýygyndysy, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty. – A.: TDNG, 2024.
4. «Türkmenistan» gazeti, 2024-nji ýylyň 12-nji oktýabry.
5. Türkmenistanyň Döwlet habarlar agentliginiň resmi web-saýty.

ЗНАЧЕНИЕ ЗНАМЕНАТЕЛЬНОЙ ДАТЫ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ В ПРОДВИЖЕНИИ ПРИНЦИПОВ КУЛЬТУРНОЙ ДИПЛОМАТИИ ТУРКМЕНИСТАНА

Культурная дипломатия служит укреплению дружбы во внешней политике государств, развитию международного сотрудничества и является неотъемлемой частью культурной цивилизации всего мира. В основе этого процесса лежат гуманистические ценности, провозглашающие братство и взаимоуважение. В качестве неотъемлемой части государственной политики Туркменистана большое значение придается науке, образованию и культурной дипломатии.

Ключевые слова: культурная дипломатия, международное сотрудничество, гуманистические ценности.

THE IMPORTANCE OF MAGTYMGULY PYRAGY'S ANNIVERSARY IN PROMOTING THE PRINCIPLES OF TURKMENISTAN'S CULTURAL DIPLOMACY

Cultural diplomacy, by strengthening friendship and promoting international cooperation, serves as an integral part of global cultural civilization. By highlighting positive changes in the spiritual life of humanity, it promotes peace and harmony among nations. A crucial aspect of Turkmenistan's state policy is the emphasis on science, education, and cultural diplomacy.

Key words: Cultural diplomacy**,** international cooperation, humanistic values.

Ogulgerek Abdykadyrowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallym-öwrenijisi

MEDENI DIPLOMATIÝANYŇ HALKARA GATNAŞYKLARYNDAKY ORNY WE ÄHMIÝETI

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk hem-de özara bähbitli gatnaşyklary yzygiderli ösdürýär. Parahatçylyga we birek-birege ynanyşmaga esaslanýan halkara hyzmatdaşlykda özara medeni-ynsanperwer gatnaşyklar aýratyn orny eýeleýär.

Dünýäniň gadymy halklarynyň biri hasaplanylýan türkmenler Merkezi Aziýada we Orta Gündogarda, şol sanda tutuş dünýäde döredilen umumadamzat gymmatlyklaryna uly goşant goşmagy başaran milletdir [1; sah. 44]. Şu jähetden,

Türkmenistanda pederlerimizden miras galan däp-dessurlaryň we ynsanperwerlik ýörelgeleriniň, türkmen halkynyň döredijilik kuwwatynyň, milli medeniýetiň ösdürilmegine örän uly ähmiýet berilýär we medeni diplomatiýa döwlet syýasatynyň möhüm bölegi hökmünde garalýar. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň: «Medeni miras – maddy we ruhy gymmatlyklar ynsana şatlyk, ata-babalara hormat, ýaşaýşa söýgi, dowamata hyjuw döredýän gözellik älemidir. Bu älem tümlügi – gündizlige, çöli – lälezarlyga, duşmançylygy – dostluga öwürýän, ýürekleri buýsançdan doldurýan, beýnileri paýhas bilen durlaýan güýçdür» diýen sözleri her halkyň geljekki ykbalynyň geçen şöhratly taryhy ýoluna, medeni gymmatlyklaryna daýanýandygyna şaýatlyk edýär [2].

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidenti: «Berkarar döwletimiz hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna ygrarly bolup, sebitde we dünýäde parahatçylygy, dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga gönükdirilen giň gerimli işleri üstünlikli amala aşyrýar. Bu ugurda yzygiderli alnyp barylýan medeni diplomatiýanyň çäklerinde dünýä döwletleri, aýratyn-da, türki dünýäniň ýurtlary bilen medeni-ynsanperwer gatnaşyklarymyza aýratyn ähmiýet berýäris» diýip belleýär [3].

Türkmenistanyň medeniýet ulgamyndaky döwlet syýasaty türkmen jemgyýetiniň ruhy kuwwatyny berkitmäge, aň-bilim derejesini artdyrmaga, medeni-ahlak gymmatlyklaryny we ruhy bitewüligini aýawly saklamaga gönükdirilendir. Medeniýet ulgamynyň gazanan üstünlikleri sungatyň dürli görnüşlerini gaýtadan dikeltmäge we ösdürmäge, şeýle-de giň halkara medeni gatnaşyklary has-da işjeňleşdirmäge ýardam edýär. Häzirki wagtda Türkmenistanda milli mirasy, senetçilik we ussaçylyk däpleri, amaly-haşam sungatyny ösdürmäge aýratyn ähmiýet bermek bilen, bu ugurda halkara derejede amala aşyrylýan tagallalara döwlet tarapyndan ähli şertler döredilýär. Türkmenistanda medeniýet ulgamyny ösdürmek ugrunda giň gerimli işler alnyp barylýar. Bu ugurda gazanylan üstünlikleri has-da kämilleşdirmek maksady bilen, halkara derejesindäki festiwallar, sergiler, maslahatlar we beýleki medeni çäreler yzygiderli geçirilýär.

Türki medeniýetiň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) bilen hyzmatdaşlyk okgunly ösdürilýär. Mälim bolşy ýaly, Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli geçirilen dabaralar we forumlar, şeýle hem kabul edilen çözgütler degişli Jemleýji resminamada beýanyny tapan TÜRKSOÝ-na agza döwletleriň ÝUNESKO-nyň işleri barada milli toparlarynyň 10-njy mejlisi muňa aýdyň mysaldyr.

Daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen işjeň gatnaşyklary saklaýan ýurdumyz anyk başlangyçlary öňe sürüp, köptaraplaýyn görnüşdäki dürli forumlaryň işine yzygiderli gatnaşýar.

Döredijilik mirasy bahasyna ýetip bolmajak milli buýsanja, dünýäniň medeni mirasynyň aýrylmaz bölegine öwrülen beýik türkmen şahyrynyň doglan gününiň

300 ýyllygynyň giňden baýram edilmegi «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» şygary astynda geçen 2024-nji ýylyň aýratyn möhüm wakasydyr. Şanly sene mynasybetli paýtagtymyzda türkmen topragyna daşary ýurtlardan köpsanly myhmanlary ýygnan dabara geçirildi. Aşgabadyň günorta böleginde, Köpetdagyň ajaýyp dag eteginde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Magtymguly Pyragynyň ýadygärligi hem-de «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumy dabaraly açyldy. Bu dabara dünýä derejesinde uly ähmiýete eýe boldy.

Mälim bolşy ýaly, Türki medeniýetiň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) 2024-nji ýyly «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýip yglan etdi. Söz ussadynyň golýazmalar toplumy Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizildi. Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçilýän şanly seneleriň sanawyna goşuldy. Bularyň ählisi beýik akyldar şahyryň döredijiliginiň umumadamzat ähmiýetlidigine şaýatlyk edýär. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda gurlan täze toplumyň düzümine dürli ýurtlaryň wekilleri bolan meşhur ýazyjy-şahyrlaryň we akyldarlaryň heýkelleri oturdylan seýilgäh hem giryär. Munuň özi halklaryň dost-doganlygynyň, hoşniýetli goňşuçylygynyň nyşanydyr.

Türkmenistan halkara giňişlikde medeni diplomatiýanyň güýçli gural hökmünde ulanylmagyny ileri tutýar. Bu ugurda alnyp barylýan çäreleriň hatarynda daşary ýurtlardaky medeni merkezleriň açylmagy, döwletleriň arasynda medeni gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirilen resmi we jemgyýetçilik başlangyçlaryň giňeldilmegi, medeniýet we sungat işgärleriniň gatnaşmagynda guralýan çykyşlar we sergiler möhüm orun eýeleýär.

Şeýle hem Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynyň we diplomatik missiýalarynyň kömegi bilen geçirilýän medeni çäreler ýurduň taryhyny, däp-dessurlaryny, halk döredijiligini dünýä tanatmaga mümkinçilik berýär. Bu bolsa milli gymmatlyklaryň halkara derejesinde wagyz edilmegine, daşary ýurtly jemgyýetçilikde Türkmenistana bolan gyzyklanmanyň artmagyna getirer.

Medeni diplomatiýanyň iň möhüm aýratynlyklarynyň biri onuň syýasy däl, ynsanperwer häsiýetde bolmagydyr. Şeýle bolansoň, bu ugur dürli halklaryň arasynda ynanyşmak atmosferasyny döretmäge, durmuş gatnaşyklaryny gowulandyrmaga we halkara gatnaşyklarynda durnuklylygy üpjün etmäge şert döredýär.

ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi hem Türkmenistanyň medeni diplomatiýasynyň halkara derejesindäki ösüşiniň subutnamasydyr. ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» sanawyna Magtymguly Pyragynyň golýazmalarynyň girizilmegi diňe bir türkmen medeni mirasynyň dünýä derejesinde ykrar edilmegi däl, eýsem bu mirasyň umumadamzat gymmatlygy hökmünde tanalýandygyny görkezýär.

Medeni diplomatiýanyň ösmeginde žurnalistika hem möhüm orun tutýar. Medeni çäreleriň, halkara hyzmatdaşlygyň giň okyjylar köpçüligine ýetirilmegi, jemgyýetde medeni diplomatiýanyň ähmiýeti baradaky düşünjäni artdyrýar. Türkmen metbugaty bu babatda öz aktiwligini görkezýär – halkara medeni çäreleriň giňden beýan edilmegi, daşary ýurt metbugatynda çykyşlaryň çap edilmegi we maglumatlaryň wagyz edilmegi ýurdumyza bolan hormaty güýçlendirýär.

Häzirki döwürde türkmen žurnalistleriniň öňünde uly wezipeler durýar. Ýurduň bilim syýasatyndaky üstünlikleri halkyň durmuş däp-dessur medeniýetinde, milli edebiýatyň hem sungatyň asyl nusgasyny dikeltmekde gazanylanlary beýan etmekdäki meseleler örboýuna galdy. Çünki milli medeniýeti wagyz etmekde milli metbugata uly rol degişlidir [4; sah. 8].

Şeýlelikde, medeni diplomatiýa – Türkmenistanyň daşary syýasatynyň netijeli guraly bolup, halkara giňişlikde parahatçylyk, ynanyşmak, dostluk gatnaşyklarynyň ösdürilmegine hyzmat edýär. Ýurduň medeni diplomatiýasy, milli mirasyň goralmagy we dünýä tanadylmagy bilen bir hatarda, häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň ynsanperwer ýörelgelerine esaslanýan ösüş ugurlarynyň sazlaşykly dowam etdirilmegine hem öz mynasyp goşandyny goşýar.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Medeniýet halkyň kalbydyr. – A.: TDNG, 2014.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmen medeniýeti. – A.: TDNG. 2015.
3. Türkmenistanyň Prezidentiniň Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli geçiriljek çärelere badalga bermek dabarasyna gatnaşyjylara Gutlagy. // Türkmenistan. 25.03.2024.
4. *Goçmyradow H., Goçmyradow D*. Milli metbugat we milli medeniýet. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: TDNG, 2010.

РОЛЬ И ЗНАЧЕНИЕ КУЛЬТУРНОЙ ДИПЛОМАТИИ В МЕЖДУНАРОДНЫХ ОТНОШЕНИЯХ

В статье рассматриваются роль и значение культурной дипломатии в международных отношениях, особенно в контексте инициатив Туркменистана. Будучи постоянно нейтральным государством, Туркменистан активно способствует мирному и взаимовыгодному сотрудничеству посредством культурного обмена и гуманитарного диалога. Особое внимание уделяется использованию культурного наследия, искусства и национальных традиций в укреплении международного имиджа страны и развитии межкультурного понимания. Центральное место занимает празднование 300-летия великого поэта Махтумкули Фраги и признание его наследия такими международными

организациями как ЮНЕСКО и ТЮРКСОЙ. Эти усилия подтверждают значимость культурной дипломатии в построении мира и международной активности Туркменистана.

Ключевые слова: культурная дипломатия, Махтумкули Фраги, международное сотрудничество, ЮНЕСКО, ТЮРКСОЙ, нейтралитет, культурное наследие, межкультурный диалог.

THE ROLE AND IMPORTANCE OF CULTURAL DIPLOMACY IN INTERNATIONAL RELATIONS

This paper examines the role and significance of cultural diplomacy in international relations, with a particular focus on Turkmenistan's initiatives. As a permanently neutral state, Turkmenistan actively fosters peaceful and mutually beneficial cooperation through cultural exchange and humanitarian dialogue. The study highlights the strategic use of cultural heritage, art, and national traditions in strengthening Turkmenistan's image abroad and promoting intercultural understanding. Special attention is given to the 300th anniversary of the great poet Magtymguly Pyragy and related events recognized by international organizations such as UNESCO and TURKSOY. These efforts demonstrate how cultural diplomacy contributes to global peacebuilding and Turkmenistan's active participation in international platforms.

Key words: Cultural Diplomacy, Magtymguly Pyragy, International Cooperation, UNESCO, TURKSOY, Neutrality, Cultural Heritage, Intercultural Dialogue.

Mähriban Gandymowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASATYNYŇ YNSANPERWER JÄHETLERI

Türkmenistan döwlet Garaşsyzlygyna eýe bolan gününden bäri netijeli we oňyn, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, deňhukuklylyk hem-de özara hormat goýmak ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat strategiýasyny yzygiderli we maksada okgunly amala aşyrýar. Türkmen döwletiniň häzirki zamanyň möhüm meselelerini çözmäge işjeň, tagallalary jebisleşdirmek bilen gatnaşmagy, gyzyklanma bildirýän ähli taraplar bilen oňyn halkara dialogyň giňeldilmegine hemmetaraplaýyn ýardam bermegi türkmen halkynyň Milli Lideri,

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan başy başlanan hem-de häzirki wagtda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň strategik taýdan möhüm ugrudyr. Şu nukdaýnazardan, biz hem degişli makalada Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ynsanperwer jähetlerini anyk wakalar, seljerilen işleriň netijeleri, deliller arkaly beýan etmegi möhüm wezipe hökmünde kesgitledik. Işiň zerurlygy ählumumy syýasy-diplomatik, ykdysady, medeni we beýleki möhüm meseleleriň çözülmegine işjeň gatnaşýan Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ynsanperwer jähetlerini öwrenmekden ybaratdyr. Sebäbi barha ösýän Türkmenistan döwletinde halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmäge hem-de hemmetaraplaýyn ösdürmäge berilýän üns has-da güýçlendirilýär. Işiň täzeçilligi bolsa halkara gatnaşyklaryň çylşyrymlaşýan XXI asyrynda bu babatda täzeçe çemeleşmeleri talap edýändigini görkezýär.

Döwletara gatnaşyklary parahatçylykly ýol bilen berkitmek halkymyzyň oguz zamanyndan bäri ygrarly ýörelgesidir [2; sah. 302]. Döwletiň milli maksatlarynyň we wezipeleriniň Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasat strategiýasynyň ýörelgeleri bilen ýakyn, sazlaşykly özara baglanyşyklydygyny nygtamak gerek. Şunuň ýaly aýrylmaz baglanyşyk Türkmenistanyň toplumlaýyn we ygtybarly durnukly ösüş ulgamyny kemala getirýär, onuň Garaşsyzlygynyň, özygtyýarlylygynyň pugtalandyrylmagyna ýardam berýär, şeýle hem hemişelik Bitaraplyk halkara hukuk derejesiniň binýatlaýyn ýörelgeleri bilen utgaşýar. Türkmenistanyň daşary syýasy we daşary ykdysady ýörelgeleri, ileri tutýan ugurlary, dürli meseleleriň çözgüdine deňagramly hem-de oýlanyşykly çemeleşilmegi dünýä ösüşiniň meýillerine sazlaşykly gabat gelýär. Döwlet syýasatynyň yzygiderliligi, ýurduň içeri we daşary syýasat strategiýasynyň wezipeleriniň umumylygy, özara baglanyşyklylygy, halkara durmuşyň ähli möhüm ugurlarynyň milli bähbitleriň ähmiýeti bilen deňeçerligi dünýäniň syýasy-diplomatik giňişliginde netijeli işiň alnyp barylmagyna gönükdirilen daşary syýasy ugruň netijeliligini kesgitleýän möhüm görkezijilerdir.

Hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi Türkmenistana halkara giňişlikde okgunly ösmäge mümkinçilik berdi, içerki abadançylygy üpjün etdi hem-de oňyn gatnaşyklary mundan beýläk-de giňeltmek üçin ähli zerur şertleri döretdi. Şunda häzirki zamanyň ählumumy ösüş meýillerini bitewi, üznüksiz kabul etmek ukyby Garaşsyz türkmen döwletiniň dünýä giňişliginde amala aşyrýan daşary syýasatynyň we üstünlikli diplomatik işiniň möhüm şertleriniň biridir. Döwlet Baştutanynyň yzygiderli tagallalary netijesinde Türkmenistanyň dünýä syýasatynda, ykdysadyýetinde eýeleýän mynasyp orny häzirki wagtda has aýdyň duýulýar. Bu bolsa ählumumy hyzmatdaşlyk babatda täze wezipeleri, ösüşiň gerimini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar

Berdimuhamedowyň nygtaýşy ýaly, Türkmenistan geljekde hem dünýäniň ähli döwletleri bilen hoşniýetli goňşuçylyk, hormat goýmak, deňhukuklylyk we özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan Bitaraplyk syýasatyny üýtgewsiz dowam eder. Bitaraplyk hukuk derejesinden gelip çykýan, dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmak, hoşniýetli erk-islege daýanýan dost-doganlyk gatnaşyklaryny giňeltmek, Ýer ýüzünde durnukly ösüşi üpjün etmek ýaly esasy ýörelgeler Garaşsyz türkmen döwletiniň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bolmagynda galar.

Ýokarda bellenilişi ýaly, döwletara birleşikler, halkara guramalar hem-de forumlar bilen toplumlaýyn we netijeli gatnaşyklary yzygiderli ösdürmek Türkmenistanyň daşary syýasat ugurlarynyň möhüm wezipesi hökmünde dowam etdiriler. Şeýle gatnaşyklar dostluk, açyklyk, köpugurlylyk ýörelgelerine esaslanýar, halkara dialoga gatnaşyjylaryň ählisiniň bähbitleriniň berjaý edilmegi göz öňünde tutulýar. Dünýäniň tutuş adamzady tolgundyrýan möhüm wezipeleri ara alyp maslahatlaşylanda hem-de olary çözmegiň gurallary işlenip taýýarlanylanda, Türkmenistanyň eýeleýän netijeli we işjeň orny dünýä bileleşiginiň doly hukukly agzasy hökmünde belent abraýyny saklamaga hem-de berkitmäge mümkinçilik berýär, ynanyşmak we düşünişmek ýagdaýynyň pugtalandyrylmagyna, deňhukuklylyk, özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgeleriniň üpjün edilmegine ýardam berýär. Şunda Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň aýratyn halkara derejesi, geografik taýdan amatly ýerleşmeginiň artykmaçlyklary, örän baý serişdeler kuwwaty, parahatçylyk döredijilik syýasatynda toplan oňyn tejribesi we döwletara gatnaşyklarda ýüze çykýan meseleleri gapma-garşylyksyz çözmek ýoluna ygrarlylygy parahatçylygyň we howpsuzlygyň bähbidine öňe sürýän öz teklipdir başlangyçlaryny mundan beýläk-de netijeli ilerletmäge mümkinçilik berýän şertlerdir. Şunuň ýaly strategik häsiýetli usullar «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň» maksatlarynda, wezipelerinde hem göz öňünde tutulandyr [3].

Soňky ýyllarda Türkmenistan döwleti döwrüň möhüm meseleleri boýunça birnäçe başlangyçlary we teklipleri öňe sürdi, olar, ozaly bilen, ileri tutulýan parahatçylyk, howpsuzlyk, durnukly ösüş boýunça hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilmegine gönükdirilendir. Şunda dünýäde ýüze çykýan islendik jedelli meseleleriň diplomatik ýollar we usullar arkaly kadalaşdyrylmagynyň üýtgewsiz ýörelge bolandygy, şeýle bolmagynda-da galýandygy Türkmenistanyň ähli daşary syýasy başlangyçlarynyň möhüm ugrudyr. Türkmenistanyň syýasy gapma-garşylyklaryň parahatçylykly gepleşikler arkaly çözülmegine ýardam bermek boýunça oňyn tejribesi heniz Garaşsyzlyk ýyllarynyň başynda ýola goýlupdy. Mälim bolşy ýaly, geçen asyryň 90-njy ýyllarynda Aşgabatda BMG-niň howandarlygynda Täjigistanyň içerki dartgynlylygyny çözmek boýunça duşuşyklaryň tutuş tapgyry geçirildi. Şol gepleşikler geljekde bu dostlukly ýurtda parahatçylygyň we ylalaşygyň

berkarar edilmeginde uly ähmiýete eýe boldy. Türkmenistan Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap goňşy Owganystanda syýasy, durmuş-ykdysady ýagdaýy diplomatik ýol bilen kadalaşdyrmak boýunça halkara tagallalarda oňyn we yzygiderli garaýşyny beýan edip gelýär. Owganystandaky ýagdaýyň durnuklylaşdyrylmagy diňe bir sebitde däl-de, tutuş dünýäde-de durnukly ösüşiň möhüm şertleriniň biridir. Şu we beýleki şertler hem-de wakalar Türkmenistanyň Garaşsyzlyk taryhynyň aýdyň sahypalary bolmak bilen, soňra olar Milletler Bileleşiginiň 2007-nji ýylyň dekabrynda Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezini açmak baradaky çözgüdini kabul etmek üçin örän wajyp delil bolup hyzmat etdi.

Türkmenistanyň öňe sürýän ählumumy gün tertibiniň möhüm meseleleriniň çözgüdine gönükdirilen oňyn başlangyçlary parahatçylyk we ylalaşyklylyk diplomatiýasynyň ilerledilmegine uly goşant bolup, munuň özi ýurduň daşary syýasatynyň ynsanperwer jähetlerini aýdyň ýüze çykarýar. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan bu ugurda BMG-niň birnäçe Kararnamalaryny kabul etmek başlangyjy bilen çykyş etdi. Şolaryň hatarynda «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti», «BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny», şeýle hem iki gezek kabul edilen energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek we durnukly ösüşi hem-de halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň orny hakynda we beýleki Kararnamalary görkezmek bolar. Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etdi. 2024-nji ýylda ýylda Baş Assambleýanyň 78-nji sessiýasynyň çäklerinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Bu başlangyç BMG-niň Baş sekretarynyň «Dünýäniň täze gün tertibi» bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr we «Dialog – parahatçylygyň kepili» filosofiýasyny ilerletmek boýunça Türkmenistanyň başlangyjy bilen sazlaşýar. Şundan ugur alnyp, 2024-nji ýylyň 27-nji dekabrynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňişleýin mejlisinde Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow 2025-nji ýylyň şygaryny «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etdi hem-de şanly sene bilen baglanyşykly meýilleşdirilen ähli çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy. Mundan başga-da 2024-nji ýylda ýurduň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy», «Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakyndaky Şertnama», «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamalar biragyzdan kabul edildi. Şeýle-de Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň wise-başlyklygyna saýlanandygy bellenilmäge mynasypdyr. Onuň çäklerinde ýurdumyzyň täze halkara başlangyçlary beýan edildi. 2025-nji ýylyň 21-nji martynda

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji umumy mejlisinde «Parahatçylygy gurmak we parahatçylygy goramak» gün tertibiniň 61-nji bendi bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Bu bolsa Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesiniň döwletiň daşary syýasatynyň esasy we ýurduň deňagramly parahatçylyk taglymatyny halkara giňişliginde durmuşa geçirmegiň binýady bolýandygyny aňladýar. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakyndaky ilkinji Kararnamanyň kabul edilen döwründen bäri Türkmenistan özüniň bitaraplyk ugruna halkara jemgyýetçiligi tarapyndan bildirilýän hemmetaraplaýyn goldawa daýanmak bilen, sebit we ählumumy derejelerinde öňüni alyş diplomatiýasyny durmuşa geçirmegiň esasy guraly hökmünde Bitaraplygyň netijelidigini yzygiderli görkezip gelýär. Biz döwletiň möhüm ynsanperwer daşary syýasy başlangyçlarynyň we tekliplerinin sanawyny has-da uzaldyp bileris.

Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň durmuşa geçirilmeginde goňşy döwletler, şol sanda Owganystan bilen däp bolan hyzmatdaşlygyň ilerledilmegine möhüm ähmiýet berilýär. Owganystanyň durmuş-ykdysady taýdan dikeldilmegine uly goşant goşmak bilen, Türkmenistan iri gurluşyk taslamalarynyň başyny başlaýar. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň hem-de Owganystanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji Molla Mohammad Hasan Ahundyň gatnaşmagynda 2024-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Serhetabat – Turgundy demir ýol geçelgesiniň türkmen-owgan serhedindäki uzynlygy 177 metrlik demir ýol köprüsiniň açylyş dabarasy, Mary welaýatynda «Şatlyk-1» gaz gysyjy desgasynyň düýbüni tutmak, Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan transmilli gaz geçirijisiniň taslamasynyň Serhetabat – Hyrat gaz geçirijisiniň, Serhetabat – Hyrat optiki-süýümli aragatnaşyk geçirijisiniň, «Turgundy» demir ýol bekediniň «gury portunda» ammarlar toplumynyň, Turgundy – Hyrat demir ýolunyň birinji tapgyrynyň Turgundy – Sanabar böleginiň gurluşyk işlerine badalga bermek, şeýle hem Türkmenistan – Owganystan – Pakistan elektrik geçirijisiniň birinji tapgyryny durmuşa geçirmegiň çäklerinde Owganystanyň Hyrat welaýatynda ýerleşýän «Nur-el-Jahad» elektrik bekedini işe girizmek dabaralary geçirildi [4]. Bu taslamalaryň durmuşa geçirilmegi türkmen diplomatiýasynyň ynsanperwer häsiýetlerini aýdyň ýüze çykarmak bilen, tutuş sebitiň durnukly ösüşine, onuň häzirki zaman dünýä hojalyk gatnaşyklary ulgamyna üstünlikli goşulyşmagyna täze itergi bermäge gönükdirilendir.

Türkmenistan hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna ygrarly bolup, sebitde we dünýäde parahatçylygy, dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga gönükdirilen giň gerimli işleri üstünlikli amala aşyrýar. Bu ugurda yzygiderli alnyp barylýan medeni diplomatiýanyň çäklerinde dünýä döwletleri, aýratyn-da, türki

dünýäniň ýurtlary bilen medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryna aýratyn ähmiýet berilýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan bilen TÜRKSOÝ-yň arasynda halkara medeni hyzmatdaşlyk hem barha ösdürilýär. Muňa bu gurama tarapyndan 2015-nji ýylda Mary şäheriniň «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegini mysal görkezmek bolar. TÜRKSOÝ tarapyndan 2024-nji ýyl «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» hem-de Änew şäheri «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edildi. 2009-njy ýylyň maý aýynda ynsanperwer hyzmatdaşlygyny dünýä ýaýmakda Türkmenistanyň we Awstriýanyň sazandalaryny bir maksada gönükdirýän «Galkynyş» türkmen-awstriýa simfoniki orkestri döredildi.

Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) arasynda ýokary derejede hyzmatdaşlyk ýola goýuldy [1; sah.15]. Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň geçen döwründe Türkmenistan ÝUNESKO-nyň halkara konwensiýalarynyň 12-sine goşuldy, şonuň netijesinde Gadymy Merw, Nusaý, Köneürgenç ýaly irki we orta asyr ýadygärlikler toplumlary möhüm taryhy ähmiýetli milli gymmatlyklar hökmünde ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi. Bu döwürde «Görogly» dessançylyk sungaty, «Küştdepdi» aýdym we tans dessury, «Türkmen halyçylyk sungaty», 2021–2023-nji ýyllaryň dowamynda hem «Dutar ýasamak, dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungaty», «Türkmeniň keşdeçilik sungaty» hem-de «Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri» Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna goşuldy.

Ýokarda beýan edilenlerden hem görnüşi ýaly, Türkmenistan ynsanperwerlik ugry boýunça öz döredijilik mümkinçiligini doly güýjünde, giň gerimde peýdalanýar. Bu babatda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň oňyn tejribe toplandygyny bellemek gerek. Gazna dünýäniň beýleki ýurtlarynda-da hemaýata mätäç çagalara ýardam-goldaw berýär. Ol Palestinada, Türkiýede, Russiýada, Owganystanda, Ukrainada, Täjigistanda ýardama mätäç çagalara geýim, azyk we derman serişdelerinden, lukmançylyk enjamlaryndan ybarat bolan ynsanperwerlik ýüklerini ugratdy. Bu sahawatly çäreler daşary ýurtly ýaş raýatlarda Türkmenistan barada ýakymly duýgulary ösdürýär. Muny olaryň hoşallyk hökmünde haýyr-sahawat gaznasyna ýollaýan hatlaryndan, suratlaryndan, goşgularyndan aňmak kyn däl. 2023-nji ýylda haýyr-sahawat gaznasyna BMG-niň Çagalar gaznasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy tarapyndan hem hoşallyk haty berildi. 2025-nji ýylyň 29-njy martynda geçirilen «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň hatyrasyna halkara işiniň ösüşi» atly halkara maslahat hem çagalara goldaw-kömek bermek işine Türkmenistanyň ygrarlydygynyň aýdyň nyşanydyr.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ynsanperwer jähetleri ählumumy ösüşiň möhüm meselelerine täsirli çemeleşmeleri ulanmak üçin mizemez

binýady emele getirýär. Hut şeýle çemeleşmeler ýurduň halkara gatnaşyklar ulgamynda mynasyp orun eýelemäge mümkinçilik berdi. Umumydünýä işleri babatda Türkmenistanyň daşary syýasat garaýyşlarynyň oýlanyşyklydygy hem-de deňeçerligiň berjaý edilmegine esaslanýandygy ählumumy parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş ýörelgelerini durmuşa geçirmäge, ähli döwletleriňdir halklaryň abadançylygynyň bähbidine özara ynanyşmak we düşünişmek, deňhukuklylyk ýagdaýynyň pugtalandyrylmagyna ýardam edýär.

EDEBIÝAT

1. *Serdar Berdimuhamedow.* Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet. – A.: TDNG, 2024.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Hakyda göwheri. – A.: TDNG, 2024.

3. Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 – 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy. – A.: TDNG, 2022.

4. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ýyl ýazgysy. // «Türkmenistan» gazeti. 16.01.2025.

ГУМАНИТАРНЫЕ АСПЕКТЫ ВНЕШНЕЙ ПОЛИТИКИ ТУРКМЕНИСТАНА

Активное участие Туркменского государства в решении актуальных вопросов современности, содействие укреплению сотрудничества и всесторонняя поддержка расширения конструктивного международного диалога со всеми заинтересованными сторонами являются стратегически важным направлением внешней политики и дипломатии Туркменистана. С этой точки зрения в данной статье мы определили важной задачей освещение гуманитарных аспектов внешней политики Туркменистана через конкретные события, результаты проведённых исследований и факты. Актуальность работы заключается в изучении гуманитарных аспектов внешней политики Туркменистана, принимающего активное участие в решении глобальных политико-дипломатических, экономических, культурных и других важных вопросов. Это связано с тем, что в нашей стремительно развивающейся стране усиливается внимание к расширению и всестороннему развитию международного сотрудничества. Новизна работы заключается в том, что в условиях усложняющихся международных отношений XXI века требуется новый подход к этому вопросу.

Ключевые слова: Туркменистан, нейтралитет, политика, мир, безопасность, сотрудничество, гуманность.

HUMANITARIAN ASPECTS OF FOREIGN POLICY OF TURKMENISTAN

Active, purposeful participation of the Turkmen state in solving urgent issues of the time, promoting the strengthening of cooperation, its comprehensive support for the expansion of constructive international dialogue with all interested parties are strategically important areas of foreign policy and diplomacy of Turkmenistan. From this point of view, we have identified in the relevant article an important task of describing the humanitarian aspects of foreign policy of Turkmenistan through specific events, the results of the research and facts.

The relevance of the work lies in the study of the humanitarian aspects of the foreign policy of Turkmenistan, which takes an active part in solving global political, diplomatic, economic, cultural and other important issues. This is due to the fact that in our rapidly developing country, attention is increasing to the expansion and comprehensive development of international cooperation. The novelty of the work lies in the fact that in the context of increasingly complex international relations of the 21st century, a new approach to this issue is required.

Keywords: Turkmenistan, neutrality, politics, peace, security, cooperation, humanity.

Baba Saryýew,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty

«ÄHLI MEKAN-ZAMANLARYŇ ÇYN-HAKYKY RAÝATY»

Adamzat taryhynyň asyrlaryň alyslyklaryna uzap gidýän heňňamlaryna nazar aýlap göreniňde, umumadamzat medeni we ruhy gymmatlyklaryna uly goşant goşan beýik şahsyýetleriň ençemesiniň bolandygyna göz ýetirmek bolýar. Olaryň dünýä medeniýeti baýlaşdyran ajaýyp döredijiligi diňe bir döwre, bir halka däl, eýsem ähli halka, ähli döwre degişlidir. Şol beýik şahslaryň biri hem dünýä edebiýatynyň şamçyragy Magtymguly Pyragydyr. Onuň dürdäne şygyrlary halkyň kalbynda baky orun almak bilen, olar ýyllar geçip, asyrlar aşsa-da, gymmadyny-da, ähmiýetini-de ýitirmän, göýä göwher kimin barha nurlanýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň örän jaýdar belleýşi ýaly: «Magtymguly Pyragy sözüň güýji, gudraty bilen şygryýet äleminde ady arşa galan beýik akyldar şahyrdyr. Magtymgulynyň şygryýet älemi – türkmen edebiýatynyň buldurap akýan, çuňňur mana we çeper söze teşne kalplary gandyrýan çeşmesi».[1; sah. 104].

Magtymgulynyň döredijiligi örän köptaraplydyr. Onuň eserleri tema taýdan dürli-dürli bolup, olardan sosial-syýasy, ykdysady, öwüt-nesihat, söýgi, dünýä meselesi, dini äheňler, dürli rowaýatlar bilen baglanyşykly döredilen şygyrlar şahyryň döredijiliginiň esasyny tutýar. Dana Magtymgulynyň döredijiliginiň iň esasy agramly bölegi adam we onuň ykbaly hakdaky meseledir.

Dana şahyr ynsanlary söýmekligi, hormatlamaklygy, olaryň namysyny, mertebesini goramaklygy özüne hemişelik hemra edinipdir, päk ýürekden hyzmat edipdir. Ol adamyň ykbalyna parhsyz garaýanlary, olara ýüregi agyrmaýanlary ynsan hasaplamandyr, olary ajy sözler bilen tankytlapdyr, haýwanlara, mörmöjeklere deňäpdir:

Ýagşylykda ile özün tanadan –
Alkyş alyp derejesi zor bolar.
Ýaman bolup, ýagşylygy unudan –
Öz yzzatyn gidir, itden har bolar [2; sah. 560].

Ynsanperwerligiň belent nusgasyny görkezen parasatly alym, şahyr Magtymguly hemişe adam aladasy bilen ýaşaýar. Öz döwrüniň beglerine, hanlaryna ynsanyň kimligine garamazdan, sarpasyny tutmaga ýardam, goldaw etmäge çagyrýar:

Asla adamzada ajy söz urma,
Pakyra-misgine delalat ýagşy.
Ýetimi göreňde güler ýüz bergil,
Goldan gelse, oňa tagam-duz bergil,

Gamgyny göreňde, ýagşy söz bergil,
Entäni goldara hemaýat ýagşy [2; sah. 397].

Dana Magtymgulynyň ýaşan döwründe türkmenleriň merkezleşen döwleti bolmandyr. Bu döwürde keseki ýurt basybalyjylary tarapyndan türkmenleriň obalaryna, şäherlerine yzygiderli talaňçylykly ýörişler, çozuşlar bolup durupdyr. Bu ýagdaýy şahyr öz goşgularynda janyýangynlyk bilen suratlandyrypdyr:

Bazarym sowuldy, harydym galdy,
Dükanym eýesiz galdy, neýläýin.
Binasyn dargatdy, garakçy doldy,
Barçasyn düýrleýip aldy, neýläýin.

Ýurtlar weýran boldy, zyndan ýurt boldy,
Şum pelek leşgerin saldy, neýläýin.

Dagdan aşyp gyzylbaşyň ordasy,
Gözel ilim weýran kyldy, neýläýin.
Her gün açdy gul-gyragyň bazaryn,
Namysym bazara saldy, neýläýin [2; sah. 529].

Parasatly şahyr türkmen halkynyň erkin, azat, özbaşdak döwletde parahat, eşretli, bagtly ýaşamagy üçin örän uly tagalla edipdir. Ol halkyň agyr ýagdaýa düşmegine sebäp bolan agzalalygy ýazgarypdyr, halky agzybirlige çagyrypdyr:

Bir-biriňi çapmak ermes ärlikden,
Bu iş şeýtanydyr, belki, körlükden,
Agzalalyk aýrar ili dirlikden,
Munda döwlet dönüp, duşmana gelgeý [3; sah. 174].

Türkmen taýpalarynyň birleşip, bir bitewi merkezleşen döwlet gurmaklary baradaky çagyryş mazmunly ideýalary onuň «Türkmeniň», «Bäşimiz», «Türkmen binasy» goşgularynda has aýdyň öz beýanyny tapypdyr.

Beýik Magtymgulynyň eserlerinde beýan edilen köp garaşylan ajaýyp eýýam, özbaşdak, garaşsyz döwlet 1991-nji ýylyň güýzünde berkarar boldy. Akyldar şahyr bu günki gün diňe bir türkmeniň däl, eýsem dünýä halklarynyň ençemesiniň söýgüli şahyryna öwrüldi. Aslynda, hakdan içen şahyrlar haýsydyr bir millete degişli bolman, olar umumadamzat şahyrlary hökmünde tanalýarlar. Çünki olaryň paýhasly eserleri islendik halkyň ýüregine-de heýjana salýar. Şonuň üçin-de beýik söz ussadynyň sarpasy daşary ýurtlarda-da belent tutulýar. Mälim bolşy ýaly, Türki medeniýetiniň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) 2024-nji ýyly «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýip yglan etmegi-de biziň sözlerimiziň güwäsidir.

Häzirki wagtda dana Magtymgulynyň ömrüni we döredijiligini düýpli öwrenmek, dünýä ýaýmak boýunça giňden ýaýbaňlandyrylan işler alnyp barylýar. 2023-nji ýylda Türkmenistanyň teklip etmeginde Magtymguly Pyragynyň golýazmalar ýygyndysy ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizildi. Munuň özi beýik şahyryň dünýä möçberinde abraý-mertebesiniň ykrar edilmegidir.

Magtymguly Pyragynyň ömrüniň we edebi mirasynyň şeýle düýpli, çuňňur öwrenilmeginiň esasynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalarynyň ýatýandygyny aýratyn nygtap geçmelidiris.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» diýlip atlandyrylan 2024-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy halkara derejesinde ýokary guramaçylykly alnyp barylýar. Ýurdumyzda we daşary ýurtlaryň birnäçesinde Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk toýy mynasybetli medeni çäreleriň ençemesi geçirildi. Bizi begendiren esasy zatlaryň biri-de akyldar şahyryň goşgularynyň birnäçe dillere terjime edilmegidir. Mundan beýläk-de bu iş dowam etdiriler. Şeýlelikde, beýik söz ussadynyň eserlerine teşne gaýry ýurtly okyjylar indi olary öz ene dillerinde okamaga mümkinçilik alarlar.

Edil medeniýet deýin özleriniň çuňňur pähim-paýhasly, ylmy-filosofik eserlerini dünýä peşgeş beren beýik akyldarlar hem halklary biri-birine ýakynlaşdyrýarlar. Başgaça aýdanymyzda, olaryň eserlerini halklaryň arasyndaky ruhy-medeni köpri hökmünde häsiýetlendirmek mümkin. Çuňňur paýhasa ýugrulan eserler teşne okyjylaryň ýüreklerine barýan ýoly özleri gurýar. Dünýä edebiýatynyň şamçyragy Magtymguly Pyragynyň goşgulary-da hut şolaryň hataryndadyr.

Dana Magtymguly her sözi goşgy setirlerine salanynda juda seresap çemeleşipdir. Onuň özünden-de, özgelerden-de bu babatda talaby örän ýokary bolupdyr. Onuň garaýşyça söz gysga, düşnükli we manyly bolmaly. Muny ussat şahyryň goşgulary tassyklaýar.

Ýa lal otur, ýa dür saçgyl...[2; sah. 280].
Her sözüm bir dürdür kämil bolana...[2; sah. 476].

Magtymguly, sözüm gysga, şerhi köp,
Bilmeze hiç, bilenlere nyrhy köp...[2; sah. 389].

Taraşlap şaglatgyl köňle geleniň,
Senden soňkulara ýadygär bolar [2; sah. 561].

Beýik Magtymgulynyň «taraşlap şagladan» sözleri kyn günde ýaşaýan halkyň ruhuny galkyndyrypdyr. Onuň «dür saçýan» setirleri dilden-dile geçipdir. Ussat şahyryň, beýik dananyň:

Magtymguly, söz binýadyň, agzynda ýakynyň-ýadyň... [3; sah. 184].

Ismim düşdi ilden-ile,
Nagyş ederler dilden-dile [2; sah. 324] –

diýip aýdyşy ýaly, Magtymgulynyň ady heniz özi ýaşap ýörkä bütin Orta Aziýa halklarynyň arasynda, Eýranda, Owganystanda meşhur bolupdyr.

Edebiýaty öwreniji alymlar Magtymgulynyň syýahatçy, jahankeşde adam bolandygyny biragyzdan tassyklaýarlar. Onuň goşgularyndan çen tutup aýtsaň, ol bütin Orta Aziýa ýurtlaryny, Kawkazy, Eýrany, Owganystany, Hindistany, Yragy, Siriýany görüpdir. Ol bu ýurtlara kerwenlere goşulyp aýlanypdyr. Goşgularynda atlaryny agzaýan ussatlarynyň, halypalarynyň aramgählerine baryp, zyýarat edipdir. Onuň alymlar, şahyrlar, sazandalar bilen duşuşandygyny ikirjiňlenmän aýdyp bolar. Elbetde, şeýle duşuşyklarda goşgy hem okalandyr, aýdym-saz hem bolandyr. Muny şahyryň şeýle syýahatlaryň birinde ýazan «Ýaýlahlary bar» şygryndan hem görmek bolýar:

Sapar edip barsak, Nowşah mülküne,
Köňül istäni dek ýaýlahlary bar.
Magtymguly, sazdyr söhbetdir işiň,

Ajaldan, gaýrydan bolmaz teşbüşiň,
Baýlaryň, pakyryň, ähli derwüşiň,
Ýurdy bolar ýaly parsahlary bar [2; sah. 468].

Alymlaryň ygtybarly edebiýatlara salgylanyp, berýän maglumatlaryna görä, şahyryň eserleri goňşy doganlyk halkaryň arasynda ir döwürden XVIII–XIX asyrlarda meşhur bolupdyr. Bu bolsa halklaryň arasyndaky medeni we edebi gatnaşyklaryň hemişe-de bolandygyna şaýatlyk edýär.

2024-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda paýtagtymyzda «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara forum geçirilip, oňa dünýä döwletleriniň ençemesiniň Baştutanlary we ýokary derejeli wekilleri gatnaşyp, çuňňur mazmunly çykyşlary etdiler. Gahryman Arkadagymyzyň: «Ähli mekan-zamanlaryň çyn-hakyky raýaty» diýip belleýşi ýaly, beýik akyldaryň şygyrlarynyň umumadamzat üçin gymmatly hazynadygyna ünsi çekdiler. Bu bolsa Gündogar edebiýatynyň meşhur söz ussadynyň, beýik halypanyň doglan gününiň 300 ýyllygy bellenilýän şanly ýylda uly abraýyň, hormatyň, çyn ýürekden ykrar etmekligiň nyşanydyr. Bu babatda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow öz çykyşynda şeýle diýdi: «Magtymgulynyň baý mazmunly beýik mirasy türkmen döwletiniň daşary syýasatynyň esasyny kesgitledi. Onuň parahatçylyk, adalatlylyk, ynsanperwerlik, dost-doganlyk we ähli halklara hormat goýmak baradaky düýpli pikirleri beýleki döwletler bilen özara gatnaşykda möhüm ähmiýete eýe bolýar. Türkmenleriň milli häsiýetiniň kemala gelmeginde uly hyzmaty bitiren akyldar şahyr köp ýurtlara aýlanyp görüp, dünýä akyl ýetiripdir. Bu bolsa onuň aň-düşünjesinde öçmejek yz galdyrypdyr. Dünýägaraýşynyň kämil bolmagyna, halklaryň arasynda medeniýetleriň, bilimleriň özara baýlaşmagyna getiripdir» [4].

«Asla adamzada ajy söz urma» diýip ýazan ynsanperwer şahyry öz şahyrlary hasaplaýan, ony ýürekden söýýän halklar az däl. Öňde belläp geçişimiz ýaly, 2024-nji ýylyň ýylyň 11-nji oktýabrynda gözel paýtagtymyz Aşgabat şäherinde geçirilen «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň arabaglanyşygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara foruma dünýä döwletleriniň ençemesiniň Baştutanlary we ýokary derejeli wekilleri gatnaşdylar. Olaryň öz çykyşlarynda beýik Magtymguly Pyragy barada aýdan ganatly sözleri türkmen halkynyň buýsançly başyny göge diretdi. Şol çykyşlardan käbir parçalara ýüzlenmegi makul bildik. Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti şeýle diýdi: «Şahyryň şygryýetinde ynsanperwer garaýyşlar dabaralandyrylýar, onuň goşgulary biziň hemmämize parahatçylygyň, ynanyşmagyň, özara hormatyň müdimi gymmatlyklar bolup durýandygyny ýene bir gezek ýatladýar. Magtymgulynyň eserleri diňe bir geçmişde bolan wakalaryň düýp mazmunyna göz ýetirmäge däl-de, adamzadyň häzirki döwürdäki meselelerine düşünmäge mümkinçilik berýär. Akyldar türkmen milletiniň hem-de döwletliliginiň kemala gelmegine uly goşant goşdy» [5].

Dana Magtymgulynyň eserleriniň dünýä ýüzüne ýaýramagynda we ýaýbaňlandyrylmagynda rus alymlarynyň, terjimeçi şahyrlarynyň hem hyzmaty uludyr. Şolaryň biri-de rus alymy Ýewgeniý Eduardowiç Bertelsdir. Ol beýik

Magtymgulyny gyrasyna kakanyňda dünýäde bolan we boljak zatlary görkezip duran Jemşidiň jamyna meňzedýär. Bu Magtymgula berlen örän beýik, mynasyp we adalatly bahadyr. Bu sözler Magtymgulynyň geniý, weli ynsan bolandygyna subutnamadyr. Türkmen edebiýatynyň gadymy ýadygärliklerinň birnäçesiniň üstüniň açylmagy hem Ý. E. Bertelsiň ady bilen baglanyşyklydyr. Ine, şeýle alymlaryň, terjimeçileriň bardygy üçin rus halky Magtymgulynyň döredijiligi bilen giňden tanşyp bilipdir. Aşgabat şäherinde geçirilen forumda Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin hem many-mazmunly jümleler bilen çykyş etdi: «Magtymguly türkmen dilinň gözelligini doly açyp görkezen ilkinji nusgawy şahyrlaryň biridir. Onuň özboluşly şygryýet ýoly bolupdyr. Ol pikirlerini gysgaça we örän jaýdar beýan edipdir. Onuň köp setirleri atalar sözüne, nakyllara, parasatly jümlelere öwrülip gidipdir. Magtymgulynyň kitaplary mukaddeslige deňelip, aýawly saklanypdyr. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda türkmen esgerleriniň dogan-garyndaşlary olara iberýän hatlarynda Magtymgulynyň goşgy setirlerini ýazyp, esgerleri watansöýüjilige, gahrymançylyga ruhlandyrypdyrlar. Muňa mysal hökmünde şahyryň: «Türkmenler baglasa bir ýere bili, // Gurudar Gulzumy, derýaýy Nili» diýen setirlerini görkezmek bolar» [5].

Şeýle adalatly sözleri aýtdyryp bilýän beýik Magtymguly diňe özüni beýgeltmän, eýsem bütin türkmen halkynyň at-abraýyny arşa galdyrýar.

XX asyryň meşhur ýazyjysy, doganlyk gyrgyz halkynyň söýgüli ogly Çingiz Aýtmatow Magtymgulynyň 250 ýyllyk ýubileý ýylynda eden çykyşynda beýik Magtymgula «biziň Magtumgulymyz» diýip ýüzlenýär: «Men biziň Magtymgulymyz diýýän. Sebäbi şol döwürde, ýagny Magtymgulynyň döwründe ykbal çekip, edebiýatyň genisi hut türkmen topragynda döräpdir, Orta Aziýada meşhur bolupdyr. Türkmen edebiýatynyň genisiniň şuglasy bize-de, goňşulykdaky doganlyk halklara-da nuruny çaýýar. Şu pähimden ugur alanyňda, Türküstanda XVIII asyr Magtymgulynyň poeziýasynyň asyrydyr» [6; sah.105]. Meşhur ýazyjynyň adalatly belleýşi ýaly, indi 300 ýyldan bäri, Magtymgulynyň päk ynsaba ýugrulan şygryýeti bütin adamzadyň geljegine bagt nuruny çaýýar, müdimilik söýgi bilen kalplaryny alawlandyrýar. Magtymgulynyň dür dänesi ýaly setirleri ynsanlaryň ruhy höregidir.

Çingiz Aýtmatowyň «biziň Magtymgulymyz» diýip aýdyşy ýaly, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow forumda eden çykyşyna «biziň türkmen doganlarymyz» diýen sözleri bilen başlaýar: «Biziň türkmen doganlarymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň, adamkärçiliginiň, ahlak päkliginiň nyşany bolup durýandygyna buýsanmaga haklydyr. Onuň eserleri jebisleşdiriji güýç bolup çykyş edýär. Beýik türkmen şahyry öz goşgularynda ahlak päkligine, watansöýüjilige, ynsanperwerlige, gaýduwsyzlyga çagyrypdyr. Akyldaryň bu wesýetleri biziň günlerimizde hem derwaýys bolmagynda galýar. Onuň eserleri

nesilleri birleşdirýän parasatly pikirlerden doludyr. Magtymguly Pyragynyň döredijiligi döwürleriň we siwilizasiýalaryň arabaglanyşygyny alamatlandyrýar» [5].

Bu ýürekden çykan sözler hakykatyň aýdyň beýanydyr. Dana şahyryň parasatly setirleri «nesilleri birleşdirýän» uly güýçdür. Nesilleri birleşdirýän uly güýç dowamata gitmeklikdir. Ine, şol mynasybetli hem «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atlandyrylan ýylyň dowamynda Magtymgulynyň 300 ýyllyk toýy toýlanýan günlerde, şol dabaralaryň çäginde geçirilen uly foruma goňşy we doganlyk halklaryň wekilleri we Döwlet Baştutanlary gelip, öz ýürek sözlerini aýtdylar, toýy toýa ulaşdyrdylar. Olar Magtymgulynyň döredijiliginiň umumadamzat gymmatlyk hazynasyna degişlidigini nygtadylar.

«Halklarymyzyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagynda alymlara, şahyrlara uly orun degişlidir» diýip, Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Masud Pezeşkian öz sözüne başlaýar: «Pars edebiýatynyň Firdöwsi, Rudaky, Saady, Omar Haýýam ýaly meşhur wekilleriniň Gündogaryň medeniýetini dünýä ýaýmakda hyzmatlary uludyr. Beýik akyldar şahyr Magtymguly Pyragy hem türkmen medeniýetini we dilini belende göteren şahsyýetleriň biridir. Ol öz manyly ömrüniň dowamynda umumadamzat gymmatlyklarynyň ösüşinde möhüm yz galdyrdy. Onuň döredijiligi bolsa dünýä edebiýatyny täze many-mazmun bilen baýlaşdyrdy» [5].

Magtymgulynyň päk ynsaba ýugrulan şygryýeti halklaryň arasyndaky dostlugy pugtalandyrmakda örän uly ähmiýete eýedir. Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň muşdagy bolan goňşy özbek halkynyň beýik şahyra hormat-sarpasy örän ýokarydyr. Magtymgulynyň ady Buharada, Hywada bilim-ylym alan döwründen bäri örän meşhurdyr. Onuň şygyrlary özbek halkyna diýseň düşnüklidir. Onuň goşgulary Özbegistanda ençeme gezek neşir edildi. Özbek kompozitorlary onuň onlarça goşgularyna saz ýazdylar. Özbek halkynyň toý-baýramlary Magtymgulusyz geçmeýär, hemişe onuň sözlerine aýdymlar ýaňlanýar. Elbetde, öz ýurdumyzyň daşynda toýdur-dabaralarda beýik Magtymgulynyň goşgularynyň okalmagyna, aýdymlaryň aýdylmagyna begenjimiziň çägi ýok.

Foruma gatnaşan ýokary derejeli myhmanlaryň biri Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew beýik Magtymgulynyň hormatyna öz ýürek sözlerini aýtdy: «Gadymy türkmen topragynda ylym, medeniýet, sungat bilen meşgullanan ençeme beýik şahsyýetler kemala geldi. Şolaryň hatarynda Azadyny, Andalyby, Şeýdaýyny, Gaýybyny, Mollanepesi we beýlekileri görkezmek bolar. Şol beýik şahsyýetleriň arasynda döredijilik mirasy diňe bir Gündogaryň nusgawy şygryýetine däl, eýsem dünýä edebiýatyny hem baýlaşdyran türkmen halkynyň beýik ogly Magtymguly Pyragy aýratyn orun eýeleýär. Beýik ynsanperwer şahyryň ölmez-ýitmez eserleri parahatçylyk we ylalaşyklylyk, ýagşylyk, adalatlylyk ýaly düşünjeleri wasp edip, umumadamzat gymmatlyklary bilen utgaşýar» [5]. Bu jümleleri diňläniňden soň, döwlet ýolbaşçysynyň türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyrlarynyň döredijiliginden gowy baş çykarýandygyny bilýärsiň. Ol beýik

Magtymgulynyň edebi mirasynyň diňe bir türkmen edebiýatyna däl, eýsem dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna uly goşant goşandygyny adalatly belleýär.

Makalanyň başynda beýik Magtymgulynyň döredijiliginiň diňe bir döwre, bir halka däl, eýsem ähli halka, ähli döwre degişlidigi barada aýdypdyk. Munuň şeýledigini makalanyň many-mazmunynda berlen, görkezilen faktlar, deliller, mysallar doly tassyklaýar diýip aýdyp bolar.

Bu goja dünýäniň hemişelik temalaryna ýüzlenen dana şahyryň pikirleri, garaýyşlary, gelen netijeleri bakylyk bolup galypdyr. Dana şahyr gozgan meselelerini şahyrana çeperçiligiň iňňän gözel lybaslaryna, dür çaýylan şekillerine siňdirmegi, berçinlemegi, taraşlamagy örän ussatlyk bilen başarypdyr. Bu bolsa onuň şygyr sungatynyň tärlerinden, inçe tilsimlerinden ussatlyk bilen baş çykarandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Beýik Magtymguly Pyragynyň öz aýdyşy ýaly, «lal oturman», «dür saçan» setirleri asyrlardan-asyrlara, alyslardan-alyslara uzar-gider oturar.

EDEBIÝAT

1. Türkmen edebiýaty. – A.: TDNG, 2010.
2. Magtymguly Pyragy. Saýlanan eserler. – A.: TDNG, 2014.
3. Magtymguly Pyragy. Saýlanan eserler. – A.: TDNG, 2008.
4. «Türkmenistan» gazeti. 12.10.2024.
5. «Nesil» gazeti. 15.10.2024.
6. Magtymguly. Eserler ýygyndysy. – A.: Ylym, 1989.

«ИСТИННЫЙ ГРАЖДАНИН ВСЕХ ЗЕМЕЛЬ И ЭПОХ»

Статья посвящена великому туркменскому поэту и мыслителю XVIII века Махтумкули Фраги, чьё литературное наследие оказало огромное влияние не только на туркменскую литературу, но и на мировую духовную культуру. Автор, опираясь на исторические, культурные и современные политические контексты, подчёркивает универсальный гуманистический характер поэзии Махтумкули, её философскую глубину, патриотизм и призыв к единству народа. В статье раскрывается значение мыслителя как символа национального самосознания, а также приводятся мнения глав государств и международных деятелей, подтверждающие его статус как поэта общечеловеческого масштаба. Особое внимание уделяется международному признанию его творчества, в частности, включению его рукописного наследия в программу ЮНЕСКО «Память мира» и провозглашению 2024 года Годом Махтумкули Фраги в тюркском мире. Также подчёркивается роль Президента страны и Национального Лидера Туркменистана в популяризации и изучении творчества поэта на международной арене.

Ключевые слова: Махтумкули Фраги, туркменская литература, гуманизм, национальная идентичность, культурное наследие, ЮНЕСКО, ТЮРКСОЙ, международное признание.

A TRUE CITIZEN OF ALL LANDS AND EPOCHS

This article explores the literary and philosophical legacy of Magtymguly Pyragy, the eminent 18th century Turkmen poet and thinker. It emphasizes his universal humanistic message, spiritual depth, and commitment to national unity, which have transcended time and cultural boundaries. The author presents Pyragy not only as a national symbol of Turkmen identity but also as a poet of global significance. The article examines how his works continue to inspire values such as peace, justice, and solidarity among peoples. It highlights international recognition of his contributions, including the inscription of his manuscript collection in UNESCO's «Memory of the World» Register and the designation of 2024 as the «Year of Magtymguly Pyragy» by the International Organization of Turkic Culture (TÜRKSOY). The paper also notes the vital role played by the President and National Leader of Turkmenistan in promoting and preserving Pyragy's legacy both nationally and internationally.

Key words: Magtymguly Pyragy, turkmen literature, humanism, national identity, cultural heritage, UNESCO, TURKSOY, international recognition.

IV BAP
HALKARA GATNAŞYKLARY BOÝUNÇA HÜNÄRMENLERI TAÝÝARLAMAGYŇ DÜNÝÄ TEJRIBESI: YLYM-BILIM WE OKUW-USULY IŞLER

Tobias A. Stüdemann,
Director Eastern European Liaison Office of Freie Universität Berlin

ROLE AND CHALLENGES OF INTERNATIONAL JOINT EDUCATIONAL PROGRAMS FROM A GERMAN PERSPECTIVE

1. Historical Importance of International Exchange

Freie Universität Berlin was founded in 1948 because of the will of Berlin students and professors to preserve academic freedom which was challenged by the Soviet power in the homonymous sector of Berlin. The support within the American sector and by leading US Universities led to a first student exchange with Northern America and since then is a fundamental part of its global profile [1].

With the foundation of the Institute for East European Studies in 1951 the scientific perspective broadened towards Eastern Europe [2] and culminated in the first cooperation agreement including a student exchange with Leningrad State University, named after A. A. Zhdanov in 1968, today known as Saint Petersburg State University. It started with an agreement about long-term student exchanges with a focus on Russian studies and language and was the first of its kind with a Western German university [3].

Whereas at the beginning, long-term structured exchange programs where the disciplines were fixed in advance and agreed upon, over time these exchanges turned into individual student and researcher's exchanges. In the recent decades these programs became open to all disciplines and included a wide variety of forms– from summer schools, semester or year-long stays and short- and long-term research stays as well as conference participation. Although these diverse forms of exchange continue, especially after Covid-19 we see a shift towards very short-term exchanges as well as increasing online cooperation. These new formats allow more students to gain intercultural and international experience, at least in a basic form. While it is possible to adapt the programs from a university perspective despite limited funding opportunities for short-term exchange stays, it remains unclear to what extent an intensive intercultural experience is possible within a few days or weeks.

2. XXI Century Development and Liaison Office Network

The German Excellence Initiative, within which Freie Universität was one of the most successful German institutions in developing its research profile, included not only graduate schools for the training of future scientists and research clusters, but also the implementation of a strategic development strategy called the «International Network University», which included, among other things, the establishment of an international liaison office network. With the support of the liaison office network, existing research collaborations are to be further developed and new research opportunities initiated. In addition, the offices promoted the development of young talent with an international outlook. This strategic development can be seen as a continuation of US President John F. Kennedy's call in his 1963 speech at Freie Universität that the University «must be interested in turning out citizens of the world and men who are willing to commit their energies to the advancement of a free society».

Today, the liaison office network, with offices in São Paulo, New Delhi, Cairo, and Tbilisi, is present in four major regions where members of Freie Universität pursue not only regional studies but also other research interests and are interested in developing new collaborations, despite the greater cultural differences compared to other regions. The liaison office network is a service unit responsible for supporting all members of Freie Universität–from the Executive Board to professors and junior researchers to staff and students–on an administrative and technical level. Furthermore, it is a cornerstone for promoting the respective region within the University, as international cooperation places a strong emphasis on student mobility abroad and serves as a contact point for those wishing to study, pursue a doctorate, or conduct research at Freie Universität. In the winter semester of 2024/2025, four students from Turkmenistan will be studying at Freie Universität and are part of the international student community from over 150 countries currently studying in Berlin.

The Tbilisi office focuses on the post-Soviet region, which includes Eastern Europe, the Southern Caucasus and Central Asia and provides regional expertise from a university perspective. It therefore adds valuable information to the overall picture provided by funding organizations like the German Academic Exchange Service (DAAD), the German Research Foundation (DFG) and to the information of different Federal German ministries.

3. Contemporary Instruments of International Cooperation

The instruments of international cooperation include proven and simple formats like student exchange programs, international staff conferences – mostly within the Erasmus programs–and scientific conferences.

The challenge of these formats is not only to increase the total number of students, staff, and researchers going abroad, but also to make the most of the number of students going abroad for the implementation of internationalization

programs in their home countries. For various reasons, not all students are able to go abroad. However, they should be challenged and broadened by the cultural differences at their home institutions or by using online formats such as collaborative international online learning (Coil).

Due to limited resources, time pressure, and environmental awareness, avoiding travel without a clearly defined destination also leads to fewer informal networking opportunities and limits personal contacts between researchers as well as the development of new projects. Although Freie Universität is able to attract internationally well-connected new colleagues, the development and implementation of a University-wide internationalization strategy remains a challenge, as centrally developed ideas clash with decentralized structures and individual interests are not always easy to accommodate. Nevertheless, Independent researchers can sometimes be motivated to pursue collaborative efforts through targeted financial support, such as seed money financing. Such measures have been used to stimulate new projects with so-called strategic partners and to strengthen existing connections with a wide range of international contacts.

Another measure to build institutional bridges and connect research groups was a joint postdoctoral program within bilateral partnerships. Young researchers were invited to conduct a personal research project in two research groups and spend a year at each of the two partner Universities. Despite the COVID-19 pandemic and the sudden emergence of career opportunities, the program was able to create closer ties between the partners and could continue to serve as a connecting measure in the future.

A general approach to overcoming sustainability challenges in partnerships is to concentrate resources on fewer partners. So-called primary or strategic partners with an existing number of projects across different departments and at different levels of cooperation could serve as the nucleus for long-term relationships. Additional resources in this direction could lead to more activity and reduce the risk of a partnership ending due to expiring funding or the project leader moving to another organization or retiring. However, for a university with a global approach and diverse research interests, concentrating on only a few partners is challenging and, moreover, not in the interest of many university members. Therefore, support beyond strategic partners is offered. In practice, the two approaches are not mutually exclusive.

Depending on the size of a potential partner, building strong local and regional networks is another tool for international cooperation. The Berlin University Alliance–a joint project of Freie Universität Berlin, Humboldt-Universität zu Berlin, Technische Universität Berlin and Charité – Universitätsmedizin Berlin (the joint medical school of Freie Universität and Humboldt-Universität) – shows that Berlin as a region can be very attractive to partners such as the University of Melbourne, the University of Oxford and the National University of Singapore. Although they compete in many areas, regional cooperation strengthens each individual institution.

In Eastern Europe and Central Asia, this approach is rarely used, as institutional isolation is the most common practice there and limits international visibility and success.

4. Joint Educational Programs

Joint educational programs between international partners take many forms and are organized at the local, regional, and international levels. Specially designed funding lines such as the Erasmus Mundus Design Measures (EMDM) and the Erasmus Mundus Joint Master (EMJM) make these, the most difficult to implement, options for international cooperation some of the most sought-after projects. These forms of cooperation include structured stays abroad with pre-agreed recognition of academic achievements and a single degree from the home University, double or multiple degrees with mandatory stays abroad, or even a joint degree with a single diploma signed by all partners. The more different national regulations that need to be coordinated, the more challenging the organization of these programs becomes.

Despite efforts to raise awareness of this type of collaboration at numerous conferences, typical issues that arise are often not sufficiently discussed, including the search for a suitable partner abroad. The distinction between research and teaching universities, as well as the pursuit of different teaching approaches, does not always lead to a good match and partnership. Public and private universities have different policies regarding whether they offer educational services for a fee or enroll national and international students free of charge. This raises the question of how to find a compromise and increase the attractiveness of joint programs. Some technical issues, such as application deadlines and the grading of academic achievements in different academic years and internal regulations, can generally be resolved, as can the issue of the oral defense of a master's thesis and the recalculation of grades between different systems. One of the biggest challenges remains the financial effort required by participants for travel between partners, and despite German and European funding opportunities for some students, the development of sustainable programs requires further efforts. Without the financial support of other countries that provide funding for their students, joint study programs become one-way streets.

Although numerous information and training courses on designing joint educational programs are available in various contexts, curriculum design does not appear to pose a problem in practice. Trust between the participating professors is a crucial component of any international collaboration, including joint educational programs.

REFERENCES

1. Freie Universität Berlin. fu-berlin.de 30.04.2025.

2. oei.fu-berlin.de 30.04.2025.

3. 50 Years of Cooperation. Freie Universität Berlin. Санкт-Петербургский государственный университет. 1968-2018. 2018. стр. 10.

РОЛЬ И ПРОБЛЕМЫ МЕЖДУНАРОДНЫХ СОВМЕСТНЫХ ОБРАЗОВАТЕЛЬНЫХ ПРОГРАММ С НЕМЕЦКОЙ ТОЧКИ ЗРЕНИЯ

Интернационализация университетов – это долгосрочный проект, который со временем изменился с точки зрения продолжительности пребывания за рубежом, важности для различных учреждений и форматов. Успешные проекты основаны на доверии и взаимной выгоде, но проблемы долгосрочного сотрудничества остаются.

Ключевые слова: интернационализация; немецкая перспектива; совместные образовательные программы.

NEMES NUKDAÝNAZARYNDAN BILELIKDÄKI HALKARA BILIM MAKSATNAMALARYNYŇ ORNY WE MESELELERI

Uniwersitetleriň halkaralaşmagy uzak möhletli taslama bolup, wagtyň geçmegi bilen daşary ýurtda bolmagyň dowamlylygy, dürli okuw jaýlary üçin ähmiýeti we formatlary boýunça üýtgedi. Üstünlikli taslamalar ynam we özara bähbitlere esaslanýar, ýöne uzakmöhletleýin hyzmatdaşlygyň kynçylyklary saklanýar.

Açar sözler: halkaralaşmak, nemes perspektiwasy, bilelikdäki bilim maksatnamalary.

Герман Остапенко,
Научный сотрудник Института международных исследований МГИМО МИД России.

ЗНАЧИМОСТЬ ПРЕПОДАВАНИЯ ГЕОГРАФИКО-МАТЕМАТИЧЕСКИХ МЕТОДОВ ПРИ ПОДГОТОВКЕ МЕЖДУНАРОДНИКА-АНАЛИТИКА

Одно из требований к современному специалисту в области международных отношений – умение оперировать широким спектром аналитических инструментов. В первую очередь, это касается исследователей и аналитиков, однако, азы работы с различными методологиями и методами нужно закладывать уже на «студенческой скамье».

Наука не стоит на месте и продвинутые исследователи получают всё больше методологических альтернатив (международные исследования вбирают в себя методы уже применяемые в социальных науках). Ведущие

мировые журналы, адаптируясь к новым условиям, предпочитают публиковать исследования количественного или, по крайней мере, смешанного дизайна.

В этой связи одним из актуальных времени и перспективных наборов инструментов в этом спектре являются географико-математические методы (количественные методы пространственного статистического анализа). Их широкая применимость (в области политической, экономической географии, в социальных, компьютерных и технических науках) обусловлена относительно недавно достигнутой (в 2000-х годах) достаточной развитостью вычислительных мощностей, позволяющих делать необходимые многочисленные (пере-) расчёты на персональных компьютерах. Главным интерфейсом между пользователем и данными в этих подходах традиционно выступают специализированные ГИС (геоинформационные системы), продвинутые статистические пакеты (RStudio, Stata), языки программирования (Python).

Пространственный анализ позволяет закрыть лакуну, возникающую при применении стандартных эконометрических решений, не учитывающих расположение и соположение государств или их отдельных регионов относительно друг друга. Это позволяет в количественным дизайне исследовать, например, трансграничные феномены мировой политики: миграцию и эффективность её регулирования, ключевые факторы глобализации и ряд других. Кроме того, методика применения данных подходов предусматривает фиксацию с учётом расположения «отклоняющихся» статистически регионов, требующих отдельного рассмотрения (кейс-стади).

Одним из ключевых преимуществ этой группы методов для международника-аналитика – возможности для нестандартного определения «соседства» государств. Так, можно мыслить о современных геополитических / экономических «соседях», не являющимися географическими соседями (США и Израиль / Монголия и ФРГ), проверять гипотезы о связанности экономик метрополий и их бывших колоний (бывшая Португальская империя) и других задач. В частности, данная методология, открывающая новые возможности сравнения интеграционных объединений, была применена исследовательским коллективом МГИМО при работе над «Атласом человеческого развития» [1].

Другим значимым преимуществом выступает активно проводящаяся ведущими специалистами в этой области адаптация пространственной методологии к самым современным методам исследований, например пространственному каузальному анализу [3], интеграция с машинным обучением [4] и анализом больших данных.

Из ключевых для международной аналитики областей знания наиболее «выигравшей» дисциплиной от включения географико-математических методов в процесс обучения или в программы повышения квалификации следует считать политическую географию. Основательные знания этой дисциплины

являются обязательным атрибутом международника-аналитика в любой стране, а знание и обоснованное использование географико-математических методов (пространственного анализа) для задач международной аналитики демонстрирует принадлежность к узкому кругу высококлассных специалистов.

Разработанные в МГИМО материалы стали одними из немногих на тот момент источников знаний о данной методологии в России [2]. Опыт научных исследований и преподавания курсов «Основы пространственного анализа» в МГИМО показывает, что эти методы позволяют найти новое содержание или видение ситуации даже в достаточно хорошо исследованных (другими методами) темах. А с увеличением числа открытых репозиториев (часто создаваемых при ведущих мировых университетах или при исследовательских центрах) и баз пространственных данных, эта методология становится всё более открытой для учебной аналитики.

Многие зарубежные авторы выкладывают в открытый доступ собственные массивы учебных материалов по пространственному анализу, что делает эту область знания достаточно дружелюбной к начинающим исследователям с хорошими знаниями статистики.

Подготовка аналитических и научных материалов с привязкой к географико-математическим методам в рамках обучения позволяет отточить навыки как связанные с основным направлением обучения (соответствующим рассматриваемому кейсу теориями и концепциями международных отношений), так и совершенствует представления о продвинутых областях статистики и работе со специализированными ГИС.

Тенденция к цифровизации в области как международных отношений, так и в международной аналитике актуализирует необходимость навыков работы с (по крайней мере, отдельными) ГИС. Начинает складываться необходимость решения сложных задач с применением ГИС – это новая реальность для процесса классического обучения международника-аналитика. К настоящему моменту в МГИМО накоплен достаточный опыт применения ГИС GeoDa, которым делятся со студентами и коллегами научные сотрудники Института международных исследований МГИМО, одним из российских центров её применения. ГИС GeoDa создана Чикагским университетом в США – флагманской мировой научной школой во главе с пространственным эконометристом Люком Анселином, популяризирующей и активно продвигающей пространственную методологию в ранее не затронутые ею дисциплины, как она в своё время и пришла в международные исследования [5].

Таким образом, географико-математические методы дают возможность расширить научный инструментарий студента и аналитика, позволяют им либо проявить «креативность» в постановке исследовательского вопроса, либо

продемонстрировать оригинальный способ аргументации (доказательства) своей позиции. Эти методы опираются на современные достижения в области математики (пространственная эконометрика и статистика) и компьютерных наук (ГИС), поэтому постоянно совершенствуются и дополняются новыми вычислительными алгоритмами.

Постоянное усложнение методологии и поиск способов повышения качества (точности) аналитики – один из стимулов для профессионального роста международника. Отчасти эту задачу аналитик может решить, учитывая пространственные факторы, довлеющие над национальными и международными процессами, в рамках специфики его работы.

ЛИТЕРАТУРА

1. Атлас человеческого развития: Многомерное шкалирование, кластеризация, пространственный анализ данных / под. ред. И.Ю.Окунева. – М.: Аспект Пресс, 2024. 594 с.

2. *Окунев И.Ю.* Основы пространственного анализа. – М.: Аспект Пресс, 2020. 255 с.

3. *Kolak M., Anselin L.* Spatial Perspective on the Econometrics of Program Evaluation // International Regional Science Review. 2020. Vol. 43, No. 1/2. P. 128-153.

4. *Kopczewska K.* Spatial Machine Learning: New Opportunities for Regional Science // The Annals of Regional Science. 2022. Vol. 68, No. 3. P. 713-755.

5. *O'Loughlin J., Anselin L.* Bringing Geography Back to Study of International Relations: Spatial Dependence and Regional Context in Africa, 1966-1978 // International Interactions. 1991. Vol. 17, No. 1. P. 29-61.

THE IMPORTANCE OF TEACHING GEOGRAPICAL AND MATHEMATICAL METHODS FOR INTERNATIONAL RELATIONS ANALYST

Methods of processing spatial data are on the rise. They became one of the important tools of an international analyst. This knowledge forms a new technological structure in the international relations, and the study of these methods, coupled with the usage of GIS, is a new trend in the preparation of students.

Key words: Spatial Methodology, Spatial Analysis, GIS, «Neighborhood», Repositories (of Spatial Data).

HALKARAÇY SELJERIJILERI TAÝÝARLAMAKDA GEOGRAFIÝA WE MATEMATIKA USULLARY ÖWRETMEGIŇ ÄHMIÝETI

Giňişlik maglumatlary gaýtadan işlemegiň usullary yzygiderli kämilleşdirilýär we olar halkara seljerijileriň möhüm gurallarynyň birine öwrülýär. Bu bilim hünärde täze tehnologik gurluşy emele getirýär we bu usullary öwrenmek, GMU-ny (Geomaglumat ulgamlary) ulanmak bilen halkara gatnaşyklary boýunça talyplaryny taýýarlamakda täze ugurdyr.

Açar sözler: giňişlik usulyýeti, giňişlik derňewi, GMU, «goňşuçylyk», ammarlar (giňişlik maglumatlary).

Николай Якушев,
Научный сотрудник лаборатории инновационной экономики Центра финансовых технологий Федерального государственного бюджетного учреждения науки «Вологодский научный центр Российской академии наук»

ВОЗМОЖНОСТИ СОТРУДНИЧЕСТВА РОССИИ И ТУРКМЕНИСТАНА В СФЕРЕ ЦИФРОВЫХ ТЕХНОЛОГИЙ

В современных условиях одним из важных рычагов стабилизации российской экономики и дальнейшего ее развития может стать экспортный потенциал территории. В целом развитие экспорта определяется внешнеэкономическим курсом страны, ориентированным на реализацию стратегических целей и задач государства в отношениях с другими государствами и их интегрированными международными организациями. Одним из таких примеров является внешнеторговое сотрудничество России и Туркменистана в различных секторах. Одним из таких секторов, который обладает экспортным потенциалом для сотрудничества России и Туркменистана, являются цифровые технологии.

Аналитика отраслей экономики в Туркменистане для определения ИТ-потребностей.

Согласно данным Asian Development Outlook, ожидается, что ВВП Туркменистана вырастет на 6,5% в 2024 году и на 6,0% в 2025 году. Для сравнения в странах Кавказа и Центральной Азии прогнозные значения по росту ВВП фиксируются в интервале от 1,2% (Азербайджан) до 6,5% (Таджикистан). Рост ВВП на душу населения в Туркменистане ожидается на уровне 5,2% в 2024 году и 4,8% в 2025 году. Уровень инфляции в Туркменистане прогнозируется на уровне 8,0% в 2024 и 2025 годах.

По итогам 2023 года наблюдается рост в следующих отраслях экономики Туркменистана:

– торговля – 12,8%;

– транспортно-коммуникационный сектор – 8,4%;

– сфера услуг – 5,1%;

– сельское хозяйство – 4,4%;

– промышленность – 4,3%;

– строительство – 2%.

Приоритет дальнейшей работы в направлении цифровых технологий следует сфокусировать на следующих отраслях экономики Туркменистана:

– ромышленность;

– здравоохранение;

– строительство.

Целесообразность выбора этих трёх приоритетных отраслей экономики Туркменистана обусловлена следующим:

– в начале 2022 года в Туркменистане принята новая долгосрочная Национальная Программа социально-экономического развития Туркменистана на 2022–2052 годы, а также среднесрочная – на 2022–2028 годы. В данных документах важное место уделяется индустриально-инновационное развитию, переход к цифровой экономике, создание высокотехнологичных, наукоемких производств;

– внедрение цифровых систем и цифровая трансформация общества осуществляется в соответствии с «Концепцией развития цифровой экономики Туркменистана на 2019–2025 годы», и «Государственной программой развития цифровой экономики Туркменистана на 2021–2025 годы», где определены основные меры, направленные на повышение эффективности всех отраслей экономики страны за счет широкого использования информационных технологий;

– модернизация промышленного сектора Туркменистана неразрывно связана с внедрением инноваций в производственные процессы;

– в структуре расходов Государственного бюджета Туркменистана основная доля (порядка 75%) приходится на расходы по финансированию социальной сферы, в том числе на образование и здравоохранение, а также на социальное обеспечение граждан;

– важнейшим приоритетом устойчивого развития Туркменистана выступает внедрение и использование цифровых технологий во всех сферах общества (в т.ч. в здравоохранении);

– министерство здравоохранения и медицинской промышленности Туркменистана одной из ключевых сфер деятельности в области здравоохранения выделяет цифровизацию;

– одним из инновационных направлений градостроительной политики Туркменистана является внедрение технологий «умных городов», главными характеристиками которых являются ориентация на человека, высокое качество уровня жизни и управления за счёт внедрения передовых цифровых и инженерных решений. Одним из примеров является строительство в 2023 году в Туркменистане «умного» города Аркадаг.

Приоритетные отрасли экономики по ИТ-потребностям. Промышленность.

В промышленном секторе создаются новые предприятия, оснащённые передовыми автоматизированными технологиями и оборудованием. В этом контексте внедрение цифровых технологий, проведение 3D и 2D исследований на нефтегазовых месторождениях открывают новые перспективы для сотрудничества в сфере цифровых технологий. Здесь речь идет о специализации на разработке программных комплексов для работы с геологическими и геофизическими данными. Также развитие современных производств в напрямую связанно с обеспечением информационной безопасность.

Здравоохранение.

Укрепление потенциала в области цифровизации информационной системы здравоохранения в Туркменистане является одним из ключевых приоритетных направлений национальной системы здравоохранения. Для этого необходимо управление данными на основе использования сквозной цифровой технологии «большие данные» в целях обеспечения быстрого и обоснованного принятия решений.

Строительство.

«Умный город» и «умный дом» являются одним из приоритетов Концепции развития цифровой экономики в Концепции развития цифровой экономики Туркменистана на 2019–2025 годы» и «Государственной программы развития цифровой экономики Туркменистана на 2021–2025 годы». В основе данных решений лежит интеграция нескольких информационных и коммуникационных технологий (ИКТ) и Интернета вещей.

Также стоит отметить, что в 2022 году Россия и Туркменистан подписали соглашение о сотрудничестве в области связи и цифровизации. Отраслевое сотрудничество включает проработку направлений по вопросам цифровизации государственного управления, внедрения и развития инновационных технологий, регулирования и использования радиочастотного спектра. Затем в 2023 году на площадке АНО «Цифровая экономика» состоялась рабочая встреча представителей ведущих российских цифровых компаний с ЗАО «Tehno Merkez». В ходе встречи эксперты поделились опытом и обсудили возможности стратегического партнерства по нескольким направлениям:

– в области информационной безопасности;

– системы «умного» города;
– создание национального дата-центра;
– подготовка кадров в области ИТ и информационной безопасности;
– нормативное регулирование в сфере новых технологий.

Во встрече приняли участие ООО «НТех лаб», Холдинг Т1, ООО «Код Безопасности», АО «Ситроникс», Kaspersky и др.

POSSIBILITIES OF COOPERATION BETWEEN RUSSIA AND TURKMENISTAN IN THE SPHERE OF DIGITAL TECHNOLOGIES

In modern conditions, one of the important levers for stabilizing the Russian economy and its further development can be the export potential of the territory. In general, the development of exports is determined by the country's foreign economic course, aimed at implementing the strategic goals and objectives of the state.

Keywords*:* export potential, international cooperation, digital technologies.

RUSSIÝA BILEN TÜRKMENISTANYŇ SANLY TEHNOLOGIÝALAR PUDAGY BOÝUNÇA HYZMATDAŞLYK MÜMKINÇILIKLERI

Häzirki zaman şertlerinde Russiýanyň ykdysadyýetini durnuklaşdyrmak we mundan beýläk-de ösdürmek üçin möhüm ähmiýete eýe bolan sebitleriň eksport potensialy bolup biler. Umuman aýdanyňda, eksportyň ösüşi ýurduň strategik maksatlaryny we wezipelerini durmuşa geçirmäge gönükdirilen daşary ýurt ykdysady ugry bilen kesgitlenilýär.

Açar sözler: eksport mümkinçiligi, halkara hyzmatdaşlygy, sanly tehnologiýalar.

Gaplaň Esenamanow,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň
Halkara ykdysady gatnaşyklary kafedrasynyň uly mugallymy,
fizika-matematika ylymlarynyň kandidaty

SANLY KITAPLARY DÖRETMEGIŇ PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIKLERI WE USULLARY

Jemgyýetiň ýaşaýşynyň dürli ugurlaryna, şol sanda bilime hem sanly tehnologiýalaryň giňden aralaşmagy globallaşýan dünýäniň soňky döwürlerde ösüş talaplarynyň iň esasylarynyň biri bolup durýar.

«Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyna» [1] we «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» [2] laýyklykda sanly bilim gurşawyna geçmek türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan ylym-bilim jemgyýetçiliginiň öňünde goýlan esasy meseleleriň biridir.

Dürli çeşmelere laýyklykda, sanly bilim gurşawynyň düzümininiň üç sany esasy düzüm bölegi bar [3]:

– *tehniki resurslar:* kompýuterler, kompýuter torlary, interaktiw gurluşlar we ş.m.

– *dolandyryş resurslary*: ýöriteleşen bilim alan işgärler düzümi, elektron poçta ulgamlary, sosial torlar, elektron ofisler we ş.m.

– *bilim resurslary*: ýöriteleşen programma üpjünçilikleri, maglumat-bilim resurslary (portallar, web saýtlar, web sahypalar), kompýuterlere esaslanan bilim beriji programma üpjünçilikleri, sanly kitaplar, kompýuter maglumat kitaplary, kompýuter testlerini düzüji we geçiriji programma üpjünçilikleri, elektron kitaphanalar, distansion bilim ulgamlary, webinarlar, telekonferensiýalar we ş.m.

Türkmenistanda bilim ulgamyny sanly bilim gurşawyna öwürmek boýunça uly işler geçirildi. Ýurdumyzyň ähli ýokary okuw mekdeplerinde we beýleki bilim edaralarynda kompýuter tehnikasy we beýleki tehniki serişdeler bilen üpjün ediliş işleri geçirildi, ýerli we ýurt boýunça kompýuter torlary gurnaldy, bilim beriş edaralarynyň web saýtlary we web sahypalary döredildi, ýurdumyzyň bilim ulgamyny dünýä ülňülerine laýyklykda kämilleşdirmek boýunça işler dowam edilýär.

Sanly kitaplar bilim resurslarynyň uly bölegi bolup durýarlar. Sanly kitaplar dürli atlar bilen belli, olara *elektron kitap (electronic textbook), e-kitap (e-book), e-okuw kitaby (e-textbook), e-tekst (e-text)* hem diýýärler. Sanly kitaplar (şu ýerden beýläk, elektron kitaplar) tehnologiýa esaslanýan bilimiň esasy serişdeleriniň biridir. Olar ýüzbe-ýüz klaslarda, onlaýn klaslarda we ş.m. ýerlerde ulanylyp bilnerler.

Wikipediýa laýyklykda [4], «elektron kitap – *kitabyň elektron görnüşde saklanýan we ekranda sanly formatda görkezilýän wersiýasydyr».*

Elektron kitaplar köpsanly artykmaçlyklara eýedirler, olardan bu resurslaryň arzanlygyny, elýeterlidigini, düzedişleri girizmegiň ýeňil we çaltdygyny, dürli tehniki serişdelerde olar bilen işlemegiň ýeňilleşdirilýändigini we ş.m. ýalylary görkezip bolar. Muňa garamazdan, entek elektron kitaplaryna geçiş haýal amala aşyrylýar. Bu ýerde entek hem köp ulanyjylarda çap edilen tekst bilen işlemäge ýykgyn etmegiň köplügini, elektron kitaplar bilen işlemek üçin tehniki gurşawyň ösmedikdigini, intellektual eýeçiligiň soraglarynyň doly çözülmändigini, awtorlarda elektron kitaplary döretmek üçin başarnyklaryň ýetmezçilik edýändigi we ş.m. ýaly sebäpleri görkezip bolar.

Elektron kitaplar özünde dürli usullary, meselem, interaktiwligi, multimediýa mazmuny, giperýüztutmalar bilen işlemegi, bu serişdelere elektron testlerini we beýleki bahalandyryş gurallaryny girizmek mümkinçiligi we ş.m. jemlemek bilen, ulanyjylara bilim almaga has häzirki zaman mümkinçiliklerini döredýärler.

Elektron okuw kitaplaryny döretmegiň programma üpjünçiliklerini şu toparlara bölýärler [5]: *programmirlemek dilleri; multimediýa serişdeleri; gipertekst we gipermediýa serişdeleri; elektron okuw kitaplaryny döretmegiň ýörite programma üpjünçilikleri.* Programmirleme dilleriniň serişdeleri bilen elektron okuw kitaplaryny döretmek usuly çylşyrymlydyr hem-de işläp düzmek üçin köp zähmeti talap edýär. Multimediýa serişdeleri teksti, statiki şekilleri, animasiýany, sesi we ş.m. serişdeleri kombinirlenen görnüşde ulanmaga mümkinçilik berýärler, ýöne elektron kitabyň göwrümi ýeterlik uludyr. Gipertekst we gipermediýa serişdeleri has ýaýran usullaryň biridir, onda gipertekst dilleriniň (*HTML, PHP* we ş.m.) we serişdeleriniň üsti bilen dürli düzümli elektron kitaplar döredilip bilner. Häzirki zamanda elektron okuw kitaplaryny döretmek üçin köpsanly ýörite programma üpjünçilikleri bar.

Elektron kitaplaryň formatlaryndan *pdf, epub, azw, mobi, odf, iba, djvu, fb2* we ş.m. ýalylary görkezip bolar. Soňky döwürlerde ösen kompýuter tehnologiýalaryny ulanmak bilen, elektron kitaby has häzirki zaman görnüşe, ýagny interaktiw işi üpjün edýän, ýüztutmalar girizilen, multimediýa serişdeleri goýlan, dürli elektron gurluşlarda okalyp bilinýän, kitap boýunça amatly nawigasiýa üpjün edilen, dürli wizual (meselem, 3D) effektler üpjün edilen, fiziki kitaby okandaky ýaly duýgulary berýän we ş.m. häsiýetleri bolan görnüşe getirmek giň ýaýraýyşa eýe boldy. Bu görnüşdäki elektron kitap *sanly flipbook* diýlip atlandyrylýar. *Flipbook* sözi gös-göni terjime edilende «*agdarylýan kitap*» diýmegi aňladýar.

Sanly flipbook dörediji programma üpjünçiliklerini iki topara bölüp bolar:

1. *Sanly flipbook kitabyny sahypama-sahypa döredýän programmalar.* Bu usulda sahypama-sahypa işlemek gaty köp wagty talap edýär, bu usul göwrümi kiçi, mahabat maksatlary, kiçeňräk býulletenler, flaýerler we ş.m. ýalylar üçin amatlydyr.

2. Beýleki formatlardan geçirmek bilen flipbook kitabyny dörediji programmalar. Bu usulda *doc, docx*, *pdf* we ş.m. görnüşli faýllar, animasiýany, multiplikasiýany

we ş.m. bermek bilen, ýörite programmalarda flipbook kitabyna öwrülýärler. Bu usul uly göwrümli materiallar üçin amatlydyr.

Elektron okuw kitaplaryny döretmegiň bize elýeterli bolan 120 töweregi programma üpjünçiliklerinin doly derňewi esasynda, programmirlemek başarnyklary ýeterlik däl ýa düýbünden ýok bolan, dizaýn programmalarynda işlemegi başarmaýanlar üçin elektron kitaplaryny döretmegiň aşakdaky **usuly (shemasy)** awtor tarapyndan saýlanyp alyndy we ulanyjylara teklip edilýär.

I. Elektron kitaplaryny başlangyç ädimde köpçülikleýin ulanylýan tekst redaktorlarynyň, meselem, Microsoft Word programmasynyň üsti bilen döretmek.

II. Soňra alnan faýly pdf formata öwürmek we ýörite programmalaryň üsti bilen flipbook formata geçirmek.

Bu usulyň artykmaçlyklary *Microsoft Word* redaktorynyň köpçülikleýin ulanyşda bolmagyndan, resminamany döretmek üçin wagtyň deňeşdirip alanyňda az sarp edilýändiginden, *pdf* formatdan flipbook formata öwürmek üçin programma üpjünçiliklerinin elýeterlidiginden ybaratdyr.

Bu usuly beýan edeliň.

1-nji ädim. *Kitabyň tekstini Microsoft Word programmasynda ýazmaly.*

2-nji ädim. *Microsoft Word programmasynyň käbir mümkinçiliklerini ulanmak bilen döredilýän elektron kitaby has-da baýlaşdyrmaly.*

a) kitabyň düzüm böleklerine laýyk sözbaşy stillerini emele getirmek.

Islendik tekstiň özüne mahsus bolan düzüm gurluşy bardyr. Meselem, materialda iň uly düzüm bölek *bölüm*, soňra bölümlerde *baplar*, baplarda *paragraflar,* soňra *punktlar, kiçi punktlar* we ş.m. bolup biler. Ol düzüm böleklere *Microsoft Word* programmasynyň menýusyndan «Стили» («Styles») içliginden stilleri degişli etmeli.

Ýagny tekstde iň uly düzüm bölegiň *sözbaşysyny (diňe sözbaşysyny)* «syçan» bilen «garalap», soňra oňa Заголовок 1 (Heading 1) stilini, ondan soňraky kiçi düzüm bölegiň *sözbaşysyna* Заголовок 2 (Heading 2) stilini we ş.m. degişli etmeli.

b) kitabyň mazmunyny awtomatiki emele getirmek.

Kitabymyzda mazmun goýuljak sahypa barýarys we menýudan «Ссылки», «Оглавление» («References», «Table of contents») (çep tarapda) yzygiderligini saýlaýarys. Bu punktda saýlaw kän, olaryň içinden özümize laýygyny almaly. Şonda ýokardaky sözbaşylarymyza laýyklykda tekstiň mazmuny awtomatiki emele getirilýär.

Tejribesiz ulanyjylar mazmuny, adatça, el bilen ýazmak arkaly emele getirýärler, bu ýagdaýda Word redaktorynyň köp artykmaçlyklaryndan peýdalanyp bolmaýar.

Mazmuny bu usulda goýmagyň artykmaçlyklary aşakdakylardan ybarat:

– mazmun dünýäniň çap ediji neşirlerinde kabul edilen görnüşde emele getirilýär, ýagny degişli süýşmeler, nokatlar we ş.m. awtomatiki goýulýar;

– kitapda degişli elemente awtomatiki geçip bolýar (mazmundaky islendik elementiň üstüne kursory eltip, *[Ctrl]* düwmä we «syçanyň» düwmesine basanyňyzda, tekstde, ýagny kitapda degişli elemente awtomatiki geçilýär);

– eger-de kitaba düzedişleri girizseňiz, ýagny bölümler, baplar, paragraflar we ş.m. boýunça materiallar ýa-da sözbaşylar üýtgedilende, sahypalar süýşende we ş.m. ýagdaýlarda mazmuny awtomatiki täzeläp bolar (mazmunyň içine kursory eltmeli, şonda «Обновить таблицу» («Update Table») ýazgysyny saýlamaly.

ç) *kitap boýunça nawigasiýany emele getirmek.*

Word programmasynyň menýusynda «Вид», «Область навигации» («View», «Navigation Pane») yzygiderliginden resminamamyzda çep tarapda nawigasiýa panelini alyp bileris (*başda ýokardaky a) punkt amala aşyrylmalydyr*). Ol panelden islendik bölüme, baba, paragrafa, punkta we ş.m. awtomatiki geçmek mümkindir.

d) daşlyk sahypany, suratlary, ýüztutmalary, grafikleri we ş.m. goýmak.

Word programmasynda menýudan «Вставка», «Титульная страница» («Insert», «Cover page») yzygiderlikden titul sahypany kitabymyza goýup bileris. Suratlary, ýüztutmalary, grafikleri goýmak we ş.m. mümkinçilikleri ulanyp, kitabymyzy has baýlaşdyrmaly [5], [11].

Bu hereketlerden soňra biz Microsoft Word programmasynda doc ýa-da docx formatdaky elektron kitap emele getirildi diýip hasaplap bileris.

Microsoft Word formatyndaky faýllaryň käbir enjamlarda ýa-da başga operasion ulgamlarda okalmaýandygyny ýa-da bu faýllaryň formatirlenmeginiň ýoýulýandygyny göz öňünde tutup, elektron kitaplary döretmegiň indiki, has kämil ädimlerine geçýäris.

3-nji ädim. *Microsoft Word faýlyndan pdf faýlyny emele getirmek.*

Word redaktorynda menýudan «Сохранить как» ýa-da «Файл», «Экспорт», «Создать PDF/XPS» yzygiderliginden *pdf* formatly faýly alýarys.

Täze pdf formatly faýlyň artykmaçlyklary aşakdakylardan ybarat:

1. Word faýlyndaky ähli şrift, reňkler we ş.m. *pdf* formatda saklanylýar.
2. Bu *pdf* format dürli platformalarda we redaktorlarda okalýar.
3. Bu *pdf* formaty ulanyp, faýly has gyzykly, interaktiw formata geçirip bolýar.
4. Interaktiw formata öwrüji programmalar, köplenç, *pdf* format bilen işleşýärler.

Köp ýöriteleşen programmalar dürli formatly faýllary, şol sanda *pdf* faýllary elektron kitaplara (interaktiw, flipbook we ş.m.) öwürmäge ukyply. Aşakda flipbooklary döretmek üçin awtor tarapyndan maslahat berilýän programmalaryň sanawy berilýär. Ol programmalara 10 ballyk ulgam boýunça awtor tarapyndan subýektiw bahalandyrmalar hem berildi (has amatly programmalara 10 ball berildi). Programmalara baha berlende programma üpjünçiliginiň interfeýsiniň ýönekeý we düşnükli bolmagy, ony öwrenmegiň we ulanmagyň aňsatlygy; bu programmalaryň kompýuterleri ulanmak boýunça has ösen, aýratyn hem programmirlemek başarnyklaryny talap etmeýänligi; bu programma üpjünçiliklerini tölegsiz ulanmak mümkinçiligi; programmalaryň ulanyjynyň kompýuterine ýüklemek, dikeltmek we onda ulanyp bilinmek mümkinçiligi we ş.m. ýaly faktorlar göz öňünde tutuldy.

4-nji ädim. *Alnan pdf faýly aşakda maslahat berilýän programma üpjünçiliklerinin biriniň kömegi bilen flipbook formata öwürmek.*

1. Flipbuilder (https://cms.flipbuilder.com/) (10 ball);
2. Kvisoft Flip Book Maker Pro (http://www.kvisoft.com/) (10 ball);
3. eFlipLite, eFlipStandard, eFlipProfessional (http://www.pageflippdf.com/) (10 ball);
4. MyFlipBook (https://www.myflipbook.net/) (9 ball);
5. Fliphtml5 (https://www.fliphtml5.com) (9 ball);
6. PUBHTML5 (https://pubhtml5.com/desktop-version.php https://pubhtml5.com/getting-started.php) (9 ball);
7. Flippdf (http://www.flippdf.com/) (9 ball);
8. Visual Paradigm (https://online.visual-paradigm.com/features/publish-as-flipbooks/) (9 ball);
9. iSpring Flip (https://www.ispring.ru/ispring-flip) (9 ball);
10. Flipsnack (https://www.flipsnack.com/) (8 ball);
11. Next FlipBook Maker (https://download.cnet.com/Next-FlipBook-Maker/3000-6675_4-76476931.html) (7 ball);
12. Paperturn (https://www.paperturn.com) (5 ball);
13. Designrr (https://www.designrr.io) (5 ball);
14. Flippingbook (https://flippingbook.com/) (5 ball);
15. Heyzine (https://heyzine.com) (5 ball).

Bu programmalaryň islendigi bilen işlemek aňsatdyr, esasy hereket bu ýerde degişli programma *pdf* faýly ýüklemek, gerekli serişdeleri saýlamak we çykyş faýlyny almakdyr. Ol programmalarda işlemegiň beýany awtoryň indiki makalalarynda berler.

Elektron kitaplary döretmegiň programmirlemek we dizaýn başarnyklaryny talap edýän programma üpjünçiliklerinden şu programmalary maslahat berip bolar (programmalaryň web saýtlary gysgalyk üçin getirilmedi, awtoryň ol programmalary ulanmak boýunça tejribesiniň esasynda subýektiw bahalandyrmalar hem berilýär): *Adobe InDesign (8 bal), SunRav BookOffice (8 bal), TurboSite (8 bal), Book Creator (7 bal), MyeBookMaker (7 bal), Calibre (5 bal), FlipBook (5 bal), Sigil (5 bal), Flash MX (5 bal), 3D Studio MAX (5 bal), AutoPlay Media Studio (5 bal).*

Bu programmalary ulanmak bilen, elektron kitaplaryny döretmek ýeterlik köp wagty, zähmeti, programmirlemek we dizaýn başarnyklaryny talap edýär. Awtor tarapyndan ol programmalaryň birnäçesinde döredilen elektron kitaplary bar.

Elektron kitaplary döretmegi «Öwrenmegi Dolandyryş Ulgamlary» *(«Learning Management Systems»)* we «Mazmuny Dolandyryş Ulgamlary» («Content Management Systems») ulgamlaryndan bolan *EdApp, isEasy, Code Academy, Udemy, Skillshare, Coursera* we ş.m. ulgamlaryň serişdeleriniň üsti bilen hem amala aşyryp bolar. Emma ol ulgamlary ulanmak üçin ýokary tölegi talap edýärler.

Makaladaky materiallar, esasan, awtoryň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Fulbraýt maksatnamasynyň çäklerinde 2022-2023-nji ýyllarda Arizona Döwlet Uniwersitetinde (Tempe şäheri) iş saparynda bolan wagtynda toplandy.

EDEBIÝAT

1. Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy. – Aşgabat, 2017.
2. Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy. – Aşgabat, 2018.
3. *Сафуанов Р.М.* Цифровизация системы образования /Р.М. Сафуанов, М.Ю.Лехмус, Е.А.Колганов //Вестник Уфимского государственного нефтяного технического университета. Наука, образование, экономика. Сер.: Экономика. – 2019. – № 2 (28). – С. 116–121.
4. https://ru.wikipedia.org/wiki/Электронная%20книга
5. *Бужинская Н.В., Макаров И.Б.* Обзор программных средств создания электронных учебников //Международный журнал экспериментального образования.2016, №4-1, sah.29-32.
6. Pixabay. https://pixabay.com.
7. Unsplash. https://unsplash.com/.
8. Pexels. https://www.pexels.com/.
9. Shutterstock. https://www.shutterstock.com/.
10. Istockphoto. https://www.istockphoto.com/.
11. Gettyimages. https://www.gettyimages.com/.
12. Freepik. https://www.freepik.com/.

ПРОГРАММНОЕ ОБЕСПЕЧЕНИЕ И МЕТОДЫ СОЗДАНИЯ ЦИФРОВЫХ КНИГ

Рассматриваются цифровые книги, предлагается схема создания электронных и флипбук книг для пользователей не имеющих опыта программирования и/или опыта работы в специализированных программах, для остальных пользователей рекомендованы специализированные программы по созданию электронных книг. Приводятся примеры создания электронных книг.

Ключевые слова: цифровая образовательная среда, образовательные ресурсы, электронные (цифровые) книги, способы создания электронных книг, форматы электронных книг, флипбук, схема создания флипбук книг, программное обеспечение создания электронных и/или флипбук книг.

SOFTWARE AND METHODS FOR CREATING DIGITAL BOOKS

Digital books are considered, a scheme for creating electronic and flipbook books is proposed for users who do not have programming experience and/or work experience in specialized programs, specialized programs for creating electronic books are recommended for other users. Examples of creating e-books are given.

Key words: digital educational environment, educational resources, electronic (digital) books, methods of creating e-books, e-book formats, flipbook, scheme for creating flipbooks, software for creating electronic and/or flipbook books.

Сердар Назаров,
Ректор Государственного энергетического института Туркменистана, кандидат технических наук

Мухамметберды Рахимов,
Профессор Государственного энергетического института Туркменистана, доктор физико-математических наук

МАТЕМАТИЧЕСКОЕ МОДЕЛИРОВАНИЕ В МЕЖДУНАРОДНЫХ ОТНОШЕНИЯХ

Международные отношения включают в себя совокупность отношений между странами, в том числе, политические, экономические, военные, научные, культурные, региональные, правовые, а также отношения, основанные на статусе постоянного нейтралитета государств (Туркменистан, Швейцария,…). Исследование международных отношений математическими методами позволяет объяснить и прогнозировать, также определить количественные отношения параметров исследуемого объекта. Математическое моделирование политических процессов является наиболее сложной задачей по сравнению с моделированиями механических явлений или экономических ситуаций. Несмотря на сложности процесса, если группировать информацию исследуемого процесса по количественному признаку, то удается получить математические описания некоторых частей международных отношений. В международных отношениях существенное место занимают региональные проблемы, которые должны решаться совместными усилиями государств рассматриваемого региона. Например, для региона Центральной Азии и Прикаспийских государств региональными проблемами являются прежде всего изменение климата и в связи с этим возникающие опасности опустынивания части региона, проблема спасения Аральского моря,

проблема мирного использования недр Каспийского моря, проблема рационального использования природных ресурсов, проблема окружающей среды в регионе, проблема рационального использования водных ресурсов, проблема использования государствами энергоресурсов региона на основе взаимовыгодных условий и др. Попытка решений, указанных выше проблем, и необходимость получения достоверной информации о количественных отношениях параметров приводит к задаче математического моделирования международных отношений, в частности, региональных проблем. В этой статье приведем некоторые математические модели, анализируя и трансформируя их на плоскость изучаемых объектов региональных проблем с точки зрения оптимального управления.

Задача 1 (моделирование Международных отношений). Составить формулы логической кривой $X(t)$, получающиеся в результате исследований по международной тематике в предположении, что прирост исследований по теории международных отношений, использующих математические методы, пропорционален их наличной доле, а также степени удаленности от насыщения A, а в начальный момент времени исходит из точки X_0.

Задача 2 (задача о военном сотрудничестве). В мирных международных отношениях двух государств в наличии военной оборонной доктрины одной из сторон и взаимовыгодного военного сотрудничества составить математическую модель изменения совокупного размера вооружений без учета экономического фактора, определить соотношения согласованных коэффициентов пропорциональности размера вооружений.

Задача 3 (задача об атмосферном загрязнении). Региональная задача международных отношений**.** Предложить один из вариантов постановки задач математического моделирования атмосферного загрязнения и оптимального моделирования в следующих обозначениях. Если: в плоскости $(x_1,\ x_2)$ в достаточно большом регионе (например, Аральское море, промышленное предприятие, т.д.) есть источник атмосферного загрязнения. Если $h\left(0 \le h \le h_m\right)$ – вертикальная координата, $z\left(t,x,h\right)=z(t,x_1,x_2,h)$ – плотность атмосферного загрянения в пространстве, $u\left(t,x\right)=u\left(t,x_1,x_2\right)-$ функция при h=0 поток загрянения, $\vartheta\left(t,x,h\right)=\vartheta\left(t,x_1,x_2,h\right)$ – поле скоростей, то написать математическую модель динамики атмосферного загрязения и одну из постановок задач оптимального моделирования уменьшения атмосферного загрязнения.

Решение задачи 1. В момент времени t уравнение искомой логической кривой будет [1]: $\dfrac{dX}{dt}=kX\left(A-X\right)$, k – коэффициент пропорциональности; начальное условие $X\left(t_0\right)=X_0$. Интегрируя и используя начальное условие,

получим: $X(t)=\dfrac{A}{1+\dfrac{A-X_0}{X_0}e^{-kA(t-t_0)}}$. Это есть формулу логической кривой в теории международных отношений.

Решение задачи 2.

Изменение (AuB) совокупного размера вооружений сторон, участвующих в военном равноправном сотрудничестве, пропорционально наличным вооружениям другой стороны. Тогда с учетом прироста вооружений в момент времени t математическую модель изменения $A(t)\,u\,B(t)$ можно описать системой дифференциальных уравнений $\dfrac{dA}{dt}+lA=kB,\quad \dfrac{dB}{dt}+nB=m,$ где k,l,m,n – коэффициенты пропорциональности. Частное решение этой системы представим в виде $A=ae^{\alpha t}, B=be^{\alpha t}$, где aub положительные действительные числа. Тогда подставив частное решение в (1), после сокращения на $e^{\alpha t}$, для определения числа aub получим линейную однородную систему двух уравнений: $a\alpha+la=kb,\quad b.\alpha+nb=ma.$ Первое уравнение умножим на b, второе на a, после вычитая из первого второе, получим $(l-n)\ ab = kb^2 - ma^2$. Обе части уравнения разделим на ab и получим следующее квадратное уравнение $k\mu^2+(n-l)\mu-m=0, \mu=\dfrac{b}{a}.$

Имеем $D=(n-l)^2+4km\geq 0.$ Тогда $\mu_{1,2}=\dfrac{-(n-l)\pm\sqrt{D}}{2k}, \mu_{1,2}>0.$

Заметим, что оба корня положительны. Следовательно, совокупное изменение вооружения сторон: $\dfrac{B}{A}=\dfrac{b}{a}=\dfrac{a\mu}{a}=\mu$; $B=\mu A$. Отсюда, если $0<\mu<1$, то сторона, имеющая совокупность изменения B вооружений, должна получить помощь; если $\mu>1$, то обратно, сторона, имеющая совокупность изменения A вооружений должна получить помощь с другой стороны.

Решение задачи 3. Как извесно, в литературе динамическая модель атмосферного загрязнения описывается уравнением диффузии [2]:

$$\frac{\partial z}{\partial t}+div(\vartheta z)=div(\mathcal{H}grad\ z)+\chi z, \tag{1}$$

граничные условия:

$$\frac{\partial z}{\partial h}=k_1u+k_2z,\quad h=0, \tag{2}$$

$$\frac{\partial z}{\partial h}=0,\quad h=h_m, \tag{3}$$

$$z\big|_{\gamma}=0, x=(x_1,x_2)\in\gamma; \tag{4}$$

начальное условие:

$$z\left(t_0,x,h\right)=z_0\left(x,h\right). \qquad (5)$$

Здесь $\mathcal{H}=diag\left(\mathcal{H}_1,\mathcal{H}_2,\mathcal{H}_n\right)-$ диогональная матрица, $\mathcal{H}_i\left(i=1,2\right),\mathcal{H}_h-$ коэффициенты горизонтальной и вертикальной диффузии, соответственно, причем $\mathcal{H}_h$ величина от координат (x_1, x_2) не зависит; член χz учитывает суммарное влияние осаждения загрязнений под действием силы тяжести и распада загрязнений на неактивные компоненты, т.е. $\chi=-\chi^0+\chi^1$, где $\chi^0\geq 0-$ коэффициент распада, $\chi^1>0-$ коэффициент, учитывающий влияние силы тяготения, $u\left(t,x_1,x_2\right)\equiv u\left(t,x\right)-$ финитная по x функция (т.е. обращающаяся в нуль вне ограниченного множества-носителя) с носителем, расположенным строго внутри области S и достаточно далеко от ограничивающего ее контура γ; $k_i\left(i=1,2\right)-$ коэффициенты граничных условий.

Оптимальное моделирование. Пусть $\psi\left(x,h\right)$ – плотность возможно уменьшенного загрязнения атмосферы. Тогда можно ставить задачу о нахождении так $u^0=u\left(t,x\right)$ из множества финитных функций и ей соответствующее решение $z^{>}=z\left(t,x,h\right)$ задачи (1)-(5), чтобы: 1) в конечный момент времени $t=T$ (конечный момент времени управления может быть фиксированным или свободным) $z\left(t,x,h\right)=z(t,x_1,x_2,h)$ – плотность атмосферного загрязнения в пространстве интегрально-квадратично приблизился к $\psi\left(x,h\right)-$ плотности уменьшенного загрязнения атмосферы, 2) влияние $u\left(t,x\right)$ было интегрально-квадратично наименьшим, т.е.

$$I\left(S\right)=\alpha\iint\int_{D_1}^{\square}\left[z\left(T,x,h\right)-\psi\left(x,h\right)\right]^2dxdh+\beta\iint\int_{D_2}^{\square}u^2\left(t,x\right)dxdt, \qquad (6)$$

$$D_1=SX\left[0,h_m\right],D_2=\left[0,T\right]XS,\alpha>0,\beta>0,$$

интеграл принимал наименьшее возможное значение. Здесь S – значение финитной площади–множества-носителя функций $u(t,x)$. Решение задачи (1)-(6) можно найти методом динамического программирования.

По постановке задачи необходимо решать и следующую задачу:

$$I\left(S\right)\rightarrow min\ 0\leq S\leq S_m.$$

Заметим, что задача оптимального синтеза управления для уравнения диффузии (1) с переменными коэффициентами поле скоростей $\vartheta\left(t,x,h\right)$ и квадратическим критерий качества (6) является задачей граничного управления $u(t,x)$ – в поле загрязнения в плоскости (x_1, x_2) в достаточно большом регионе. При этом отметим, что решение поставленной задачи (1–6) существует единственно. Оптимальная синтезирующая функция получается

в виде линейного функционала от функции состояния $z(t,x,h)=z(t,x_1,x_2,h)$ – плотности атмосферного загрянения в пространстве. Однако, отметим, что линейная зависимость от функции состояния $z(t,x,h)$ синтезирующего функционала $u(t,x)\equiv u(t,z)$ выражается с помощью решения нелинейного операторного уравнения Риккати, свойства решения которого хорошо изучены в литературе в различных аспектах [3]. Таким образом, предложенная математическая модель управления с атмосферными загрязнениями представляет достаточно эффективный способом расчета и анализа в исследовании проблемы защиты окружающей среды.

ЛИТЕРАТУРА

1. *Михеев И.М.* Применение математических методов при исследовании систем международных отношений с использованием функциональных пространств, докторская диссертация. – МИД России, дипломатическая Академия, – Москва, 1997.

2. Модели управления природными ресурсами. Под редакцией В. И. Гурмана. – Москва, Наука, 1981.

3. *Rakhimov M.* Optimal modeling of heat transfer and oscillation processes. Methods of dynamic programming and spectral decomposition. Scientific monograph. – LAMBERT Academic Publishing, ISBN: 978-620-3-30910-2.

MATHEMATICAL MODELING IN INTERNATIONAL RELATIONS

The problems of mathematical modeling of interregional environmental problems and international relations, as well as weapons of parties participating in equal military cooperation are considered. A mathematical model of optimal control of the atmospheric pollution object is proposed.

Key words: international relations, mathematical modeling, atmospheric pollution, regional problems.

HALKARA GATNAŞYKLARYNDA MATEMATIKI MODELIRLEME

Sebitara ekologik meseleleriň we halkara gatnaşyklaryň, şeýle hem deňhukukly harby hyzmatdaşlyga gatnaşýan taraplaryň ýaraglanyşynyň matematiki modellendirleme meselelerine seredilýär. Atmosferanyň hapalanma obýektini optimal dolandyrma matematiki modeli teklip edilýär.

Açar sözler: halkara gatnaşyklar, matematiki modelleme, atmosferanyň hapalanmagy, sebit meseleleri.

Maýa Atajanowa,
Türkmenistanyň Daşary işler minsitrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy

GARAŞSYZ TÜRKMENISTANYŇ HEMIŞELIK BITARAPLYK ÝÖRELGELERINI PUGTALANDYRMAKDA DÜNÝÄ DILLERINIŇ ÄHMIÝETI

Garaşsyz Türkmenistan dünýäde hemişelik Bitaraplyk syýasatyny ýöredýän ýurtlaryň biri bolup, halkara arenasynda aýratyn orna eýedir. 1995-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan tassyklanan hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi onuň halkara derejesinde ykrar edilýändigini görkezýär. Bu statusy goldamak maksady bilen, Türkmenistan beýleki döwletler, halkara guramalar we halklar bilen özara bähbitli gepleşikleri yzygiderli alyp barýar. Türkmenistanda Birleşen Milletler Guramasy hem-de onuň ýöriteleşdirilen düzümleri bolan Ösüş maksatnamasy, ÝUNESKO, Ilat gaznasy, Çagalar gaznasy, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary Komissarynyň maksatnamasy, Neşelere we jenaýatçylyga garşy göreşmek baradaky müdirligi, Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi bilen hyzmatdaşlyk ýola goýuldy we bu häzirki wagtda has işjeň häsiýete eýe boldy [2].

Türkmenistan özüniň Bitaraplyk statusyny diňe bir halkara arenasynda däl, eýsem içerki meselelerde-de goldaýar. Bu bolsa ähli babatda durnuklylygy gazanmagyň we halkara gatnaşyklarynda öz garaýşyny öňe sürmegiň guraly hökmünde ileri tutulýar. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy halkyň örän gadymyýetden gaýdýan ynsanperwer ýörelgeleri goňşy we alysdaky halklaryň milli däp-dessurlaryna, diline, dinine hormat goýmak, esasan hem, parahatçylykly ýaşaýyşda hoşmeýilli hyzmatdaşlygyň üznüksiz dowam etdirilmegi bilen häsiýetlenendir [2].

Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan Türkmenistanyň daşary syýasaty diller arkaly halkara jemgyýetçiligine öz maksadyny we ornuny düşündirýär. Munuň netijesinde, Türkmenistan dünýäde parahatçylygy we ösüşi goldaýan ýurt hökmünde abraýly orna eýe bolýar. Şu jähetden, ýurtda dünýä dilleriniň öwrenilmegine aýratyn üns berilýär we bu ugurdan düýpli işler amala aşyrylýar. Türkmenistanda dünýä dilleriniň öwrenilmegi we onuň üçin zerur şertleriň döredilmegi, ösüp gelýän ýaş nesliň aňly-düşünjeli terbieýelenmeginde, iş başarjaň, kämil hünärmenler bolup ýetişmeginde, şeýle hem Türkmenistanyň bitaraplyk ýörelgelerini berkitmekde möhüm serişde hökmünde uly ähmiýete eýedir.

Türkmen halkynyň taryhy tejribesi onuň goňşy we dünýä ýurtlary bilen gatnaşyklary dürli dillerde aragatnaşygyň möhüm orun eýeleýändigini görkezýär.

Häzirki döwletiň çäginde ýaşaýan halklar biri-biri bilen pars we arap dilleri arkaly aragatnaşyk saklamaly bolupdyr. Şol döwürlerde pars dili edebiýatda we dolandyryş işlerinde ulanylsa, arap dili din we bilim ulgamynda möhüm orny eýeleýäpdir. XI asyrda Mahmyt Kaşgarlynyň «Diwany lugat at türk» sözlügi, Mahmyt Zamahşarynyň «Mukaddymatyl-edep» («Dil bilimine giriş») arapça-parsça-türkmençe-mongolça sözlügi şol döwürlerde-de daşary ýurt dillerini kämil bilmegiň döwrüň talaby hökmünde garalan meseleleriň biridigini subut edýär. Zamahşary bu sözlügini 1127–1144-nji ýyllarda ýazypdyr. Bu eser türkmenlere we parslara arap dilini öwretmek üçin ýazylan sözlükdir.

Belli bolşy ýaly, Mawerenahrda orta asyrlarda arap dili ylmyň we edebiýatyň dili hökmünde hyzmat edipdir. Arap dili arap halyfatynyň dürli ýurtlary bilen medeni gatnaşyklary saklamakda we ösdürmekde uly orny eýeläpdir. Mawerennahryň alymlary arap dilini öwretmekde we ýaýratmakda uly goşant goşupdyrlar. Mongol çozuşyndan öň bu ýerlerde türki dilindäki çeper edebiýat bilen bilelikde arap medeniýeti, ylmy we çeper edebiýat kämilleşipdir. Arap diline degişli sözlükler, grammatik eserler, şygyr diwanlary ýazylypdyr. Şeýle-de orta asyr arap awtorlarynyň ylmy, şahyrana we kyssa eserlerine filologiki synlar ýazylypdyr. Bu bolsa şol wagtlarda dil öwrenmegiň tärlerini ýeňilleşdirmäge ýardam edipdir [4].

Orta asyr türkmen edebiýatynyň görnükli wekilleri Magtymguly Pyragy, Nurmuhammet Andalyp, Abdylla Şabende arap dili arkaly yslam edebiýatyny we pelsepesini öwrenip, pars dili bilen poeziýany baýlaşdyryp, goňşy halklar bilen gepleşikde türk we beýleki dilleri ulanypdyrlar. XIX asyra çenli türkmen halky beýleki halklar bilen arap-pars, çagataý dillerinde aragatnaşyk saklan bolsa, soňra rus diliniň öwrenilmegine ýykgyn edildi.

XX asyryň başlarynda sowet häkimiýeti Türkmenistanda bilim ulgamyny tertipleşdirdi. Dil syýasatynyň möhüm bölegi hökmünde rus dili okuw meýilnamasyna girizildi. Rus dili ylmy we çeper edebiýatyň giň çeşmelerine elýeterliligi üpjün edipdi. Şeýle-de sowet döwründe iňlis, nemes, fransuz ýaly günbatar dilleri öwrenilmegine hem üns güýçlendi. Bu diller ýokary okuw mekdeplerinde we ýörite mekdeplerde öwredilýärdi. Ol döwürde daşary ýurt dillerini öwrenmek, esasan, ylym we hünär maksatlaryny ýerine ýetirmek üçin zerurdy.

1991-nji ýylda ýurt Garaşsyzlygyny gazanmagy bilen Türkmenistanda dil syýasaty gaýtadan gözden geçirildi. Döwlet dili hökmünde türkmen dili güýje girip, milli medeniýete we däp-dessurlara üns berildi. Globalizasiýa we halkara gatnaşyklaryň ösmegi bilen ýurtda daşary ýurt dilleriniň ,aýratyn hem, iňlis diliniň öwrenilmegine uly üns berlip başlandy.

Türkmen diliniň halkara jemgyýetçiligindäki orny. Türkmen dili ýurduň döwlet dili bolmak bilen bir hatarda, onuň dünýä jemgyýetçiligine özboluşly ornuny görkezýär. Türkmenistanyň Hökümeti milli dili ösdürmek we goramak bilen bir hatarda, onuň dünýä derejesinde ulanylyşyny giňeltmek üçin dürli çäreleri amala

aşyrýar. Meselem, Türkmenistanda halkara derejesinde geçirilýän çäreler türkmen dilinde alnyp barylýar. Ýurtda halkara derejesinde geçirilýän forumlar, ylmy-amaly maslahatlar we sergiler türkmen dilinde geçirilýär we bu çäreler daşary ýurt dillerine terjime edilýär. Şeýlelikde, türkmen diliniň halkara jemgyýetçiligindäki abraýy ýokarlanýar, şol bir wagtyň özünde Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyk etmek isleýän daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň hem türkmen diline bolan gyzyklanmasy artýar.

Türkmen diliniň beýleki diller bilen sazlaşykly ösmegi ýurduň medeniýetara gatnaşyklarda bitaraplyk ýörelgesine ygrarlydygyny görkezýär. Dil meselesinde diwersifikasiýa we inklýuziýa ýörelgeleri ýurduň durnukly ösüş strategiýasynyň aýrylmaz bölegidir. Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky medeniýet günleri hem türkmen halkynyň mirasyny wagyz etmekde möhüm orun eýeleýär. Bu çärelerde türkmen diliniň terjime arkaly dünýä jemgyýetçiligine ýetirilmegi, ýurduň halkara abraýyny ýokarlandyrmaga hyzmat edýär.

Dünýä dilleri diplomatiýanyň esasy guraly hökmünde esasy birlikdir. Diller diplomatiýanyň esasyny düzýär. Diller arkaly ýurtlar arasyndaky düşünişmek, hyzmatdaşlygy we gatnaşyklary ösdürmek üçin şert döredilýär. Türkmenistan dünýäniň dürli ýurtlary bilen gatnaşyklaryny giňeldip, şol gatnaşyklarda dürli dilleri ulanmagyň mümkinçiliklerini artdyrýar.

Türkmenistanda alnyp barylýan halkara gatnaşyklaryň uly bölegi rus we iňlis dillerinde amala aşyrylýar. Bu diller dünýäniň syýasy, ykdysady we ylmy jemgyýetçiliginde esasy aragatnaşyk gurallary hökmünde Türkmenistanyň daşary syýasatynda aýratyn ähmiýete eýedir. Mysal üçin, rus dili Türkmenistanyň sowet häkimiýeti ýyllaryndan soňky döwürde beýleki ýurtlar bilen ykdysady we medeni gatnaşyklarda peýdalanylýar, iňlis dili bolsa halkara guramalaryň çägindäki gepleşiklerde ulanylýar.

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk ýörelgelerine laýyklykda halkara gatnaşyklarynyň has netijeli bolmagy üçin beýleki dilleri hem öwrenmek we ulanmak zerur. Şu nukdaýnazardan, hytaý, fransuz, arap we beýleki diller Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynyň täze ugurlaryny açýar. Hytaý dili ýurtlaryň arasynda söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmekde möhüm orun tutýar, fransuz dili bolsa medeniýet we bilim ugurlarynda işjeň ulanylýar.

Ykdysady diplomatiýa we dil meseleleri. Häzirki wagtda ýurduň Hytaý döwleti bilen alyp barýan hyzmatdaşlygynda hytaý dili möhüm orun eýeleýär. «Türkmenistan – Hytaý» gaz geçirijisiniň gurluşygy, söwda we maýa goýum taslamalary iki ýurduň arasynda aragatnaşygyň has hem pugtalanmagyna sebäp boldy. Şeýle hyzmatdaşlyk diňe bir ykdysady taýdan däl, eýsem medeni taýdan-da ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň täze tapgyryny açýar.

Bilim ulgamynda dünýä dilleriniň orny. Ýurduň bilim ulgamynda dünýä dilleriniň orny ösüp gelýän ýaş nesliň halkara derejesinde bilim we iş

mümkinçiliklerini hödürlemekde möhüm ähmiýete eýedir. Türkmenistanda daşary ýurt dillerini öwretmek boýunça döwlet derejesinde maksatnamalar kabul edilýär.

Iňlis dili boýunça ýöriteleşdirilen mekdepler, rus dilinde sapak berilýän orta mekdepler, şeýle hem nemes, hytaý, fransuz we beýleki dilleri öwretmek üçin ýöriteleşdirilen orta mekdepler we döredilen gysga möhletli okuw merkezleri ýaşlaryň dil öwrenmek mümkinçiliklerini artdyrmaga kömek edýär. Munuň netijesinde, türkmen ýaşlary daşary ýurtlarda ýokary bilim alyp, ýurduň içindäki we daşyndaky iş mümkinçiliklerinden peýdalanyp bilýärler.

Türkmenistanda halkara bilim maksatnamalaryna gatnaşmak üçin dürli halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk saklanylýar. Mysal üçin, ÝHHG we BMG-niň taslamalarynyň çäginde dil öwretmek boýunça seminarlaryň we okuwlaryň geçirilmegi giňden ýaýbaňlanýar. Şeýlelikde, halkara derejesinde ýokary derejeli hünärmenler taýýarlanylýar, bu bolsa ýurduň halkara abraýyny ýokarlandyrmaga kömek edýär.

Medeni diplomatiýanyň täze ugurlary. Dünýä dilleri Türkmenistanyň medeni diplomatiýasynyň täze ugurlaryny açýar. Türkmenistanyň dürli ýurtlar bilen medeni alyşmalar we bilelikdäki çäreler geçirmek boýunça tejribesi bar. Şol çäreler dürli dilleriň ulanylmagy arkaly geçirilýär we munuň özi gatnaşyjylaryň arasynda özara düşünişmegi üpjün edýär.

Türkmenistan dünýä ýurtlary bilen medeni gatnaşyklaryny ösdürmek maksady bilen, dürli halkara çäreleri guraýar. Meselem, Türkmenistanda her ýyl geçirilýän Medeniýet hepdeligi, halkara kino festiwallary we sergiler dürli ýurtlardan myhmanlary kabul edýär. Şol çärelerde dünýä dilleriniň üsti bilen türkmen medeniýetiniň baýlygy we özboluşlylygy görkezilýär.

Bitaraplyk ýörelgelerini pugtalandyrmakda köpdillilik strategiýasy. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk ýörelgelerini pugtalandyrmak üçin dilleriň köpdürlüligini saklamak we ösdürmek strategiýasy dowam edýär. Türkmenistanyň dürli ýurtlar bilen gatnaşyklarynyň giňelmegi, onuň dünýä syýasatyndaky ornunyň we abraýynyň ýokarlanmagyna itergi berýär.

Dünýä dillerine eýe bolmak diňe bir aragatnaşyk üçin däl, eýsem ýurtlaryň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin möhüm guraldyr. Türkmen halky diller arkaly öz bitaraplyk syýasatyny öňe sürmek bilen, halkara derejesinde parahatçylygy, durnuklylygy we özara düşünişmegi üpjün etmäge çalyşýar.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýä dillerine eýe bolmak arkaly halkara gatnaşyklarynyň ähli ugurlarynda üstünlik gazanýar. Rus, iňlis, hytaý, fransuz we beýleki diller halkara arenasynda bitaraplyk ýörelgelerini ösdürmekde möhüm orny eýeleýär. Bu diller diňe bir aragatnaşyk we gepleşik üçin däl, eýsem medeniýetara gatnaşyklaryň, bilimiň, ylmyň we işewürligiň ösmegi üçin hem zerurdyr. Häzirki wagtda Türkmenistanyň dürli diller boýunça alyp barýan işleri ýurduň bitaraplyk syýasatynyň aýrylmaz bölegini eýeleýär. Munuň özi diňe bir

syýasy we ykdysady taýdan däl, eýsem medeni we sosial taýdan hem uly ähmiýete eýedir. Şeýle köpdilli syýasat ýurduň dünýä jemgyýetçiligi bilen sazlaşykly hyzmatdaşlygynyň esasyny düzýär.

Dil strategiýasy ýurduň dünýä giňişligindäki ornuny has-da ýokarlandyrmaga we türkmen halkynyň dünýäniň medeni mirasyna goşan goşandyny görkezmäge mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, Türkmenistan durnukly ösüşiň we parahatçylykly gatnaşyklaryň nusgasy bolmagyny dowam etdirýär.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Abadançylygyň röwşen gadamlary. – A.: TDNG, 2022. – 422 s.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ömrümiň manysy. – A.:TDNG, 2022. – 406 s.

3. *Bekjäýew T.* Diller dünýäsi. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: TDNG, 2010. – 124 sah.

4. «Mahmyt Zamahşary we Gündogaryň ylmy-edebi galkynyşy» atly halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň beýany. – A., 2007. – 410 s.

5. saylav.gov.tm

6. medeniyet.gov.tm

ЗНАЧЕНИЕ МИРОВЫХ ЯЗЫКОВ В УКРЕПЛЕНИИ ПРИНЦИПОВ ПОСТОЯННОГО НЕЙТРАЛИТЕТА НЕЗАВИСИМОГО ТУРКМЕНИСТАНА

Независимое государство Туркменистан входит в число стран мира, проводящих политику постоянного нейтралитета, и занимает особое место на международной арене. Статус постоянного нейтралитета, одобренный Генеральной Ассамблеей ООН в 1995 году, демонстрирует его международное признание. В настоящее время сотрудничество страны с зарубежными странами и рядом международных организаций становится более активным. Изучение мировых языков имеет большое значение в развитии этих отношений в нашем независимом государстве.

Значение и функции мировых языков в укреплении принципов нейтралитета страны описано в вышеуказанной работе. В исследовании также представлен анализ исторических корней изучения мировых языков. Данная работа будет полезна специалистам по иностранным языкам, политикам, историкам и лингвистам.

Ключевые слова: поддерживать, сотрудничество, мировые языки, исторические корни, профессионалы, политики, историки, демонстрировать, активный, языковая стратегия.

THE IMPORTANCE OF WORLD LANGUAGES IN STRENGTHENING THE PRINCIPLES OF PERMANENT NEUTRALITY OF INDEPENDENT TURKMENISTAN

The Independent state of Turkmenistan is one of the countries in the world that maintains a policy of Permanent Neutrality, and occupies a special place in the international arena. The status of Permanent Neutrality approved by the United Nations General Assembly in 1995 demonstrates its international recognition. Today, the cooperation of the country with foreign countries and several international organizations is more active. The study of world languages is of great importance in developing these relations in our Independent state.

The importance and function of the world languages in strengthening the principles of Neutrality of the country is described in the present work. The study also provides an analysis of the historical roots of the study of world languages. This work is useful for foreign language professionals, politicians, historians and linguists.

Key words: maintain, cooperation, world languages, historical roots, professionals, politicians, historians, demonstrate, active, language strategy.

Wepa Çaryýew,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy

DAŞARY ÝURT DILLERINI OKATMAK ULGAMYNDA HALKARA MAKSATNAMALARYŇ ÄHMIÝETI

Gahryman Arkadagymyzyň parasatly baştutanlygynda 2017-nji ýylyň 22-nji dekabrynda tassyklanylan «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy» beýik ýörelgeleriniň esasynda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu Konsepsiýanyň düzgünlerini talabalaýyk ýerine ýetirmeklik üçin zerur bolan ähli şertler we mümkinçilikler ýurdumyzyň ähli bilim pudaklarynda döredilendir. Şeýle hem häzirki döwürde dünýä jemgyýetçiligi bilen aýakdaş gitmek üçin daşary ýurt dillerini öwrenmek möhüm ähmiýete eýedir. Daşary ýurt dillerininiň öwredilişinde innowasion usullaryň giň gerime eýe bolmagy bu konsepsiýanyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigine şaýatlyk edýär.

Häzirki döwürde daşary ýurt dillerini öwretmegiň ussullarynyň kämilleşdirilmegi oňa bolan isleglerin artmagyna baglydyr. Dil öwretmegiň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen dünýäniň dürli künjeklerinde birnäçe bilim

maksatnamalary durmuşa geçirilýär. Daşary ýurt dillerini okatmakda häzirki zaman bilim talaplaryna laýyk gelýän täze çemeleşmeleri ornaşdyrmakda ÝUNESKO guramasynyň UNITWIN maksatnamasy, şeýle hem Erasmus+, TESOL we CELTA ýaly halkara maksatnamalaryň ähmiýeti uludyr.

ÝUNESKO-nyň 1992-nji ýylda döredilen UNITWIN maksatnamasy dünýäniň dürli künjeklerindäki uniwersitetleriň we bilim edaralarynyň hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilendir. Bu maksatnama, esasan, diller we medeniýetler boýunça bilim bermegiň hilini ýokarlandyrmaga hyzmat edýär [1].

UNITWIN maksatnamasy ÝUNESKO-nyň başky maksatnamalarynyň biri bolup, halkara derejesinde bilim we ylmy hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen döredilen bir programma. UNITWIN maksatnamasy, ylym, bilim we medeniýet boýunça halkara hyzmatdaşlygy ýola goýmak, ýurtlaryň bilim ulgamyny güýçlendirmek we synaglar arkaly ilat üçin innowasiýa çözgütler tapmak üçin möhüm platforma bolup durýar.

Türkmenistanda UNITWIN maksatnamasynyň esasy ugurlary:

Bilim ulgamyny kämilleşdirmek: Türkmenistanda ýokary bilim institutlary bilen halkara derejesinde hyzmatdaşlyk edilýär. UNITWIN maksatnamasy, bu hyzmatdaşlygy has-da giňeltmek we talyplara halkara tejribesini ýetirmek üçin esasy platforma bolup durýar.

Ylmy ösüşler: UNITWIN maksatnamasy ylmy işgärleriň we ussatlaryň global ylym ulgamyna goşant goşmagy üçin şertler döredýär. Bu maksatnamanyň çäklerinde Türkmenistanyň ylmy işgärleri dünýäniň öňdebaryjy alymlary bilen işleşip, täze ylmy gözlegleri ösdürip bilerler.

Medeniýet we sanly tehnologiýalar: Bu maksatnama türkmen halkynyň medeni mirasyny we taryhyny dünýä derejesinde tanatmak üçin mümkinçilikler döredýär. Sanly tehnologiýalaryň ösüşi, medeni mirasy goramak we jemgyýetde bilimleriniň giňeldilmegi üçin bu maksatnama möhüm orun eýeleýär.

Maksatnamanyň esasy maksady ýokary bilim, ylym we medeniýet ulgamyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmekdir. Bu Türkmenistan üçin täze mümkinçilikler döredip, ýurduň dünýäde ylym we bilim babatynda abraýyny ýokarlandyrmak üçin möhüm ädimdir.

Erasmus+ maksatnamasy mugallymlaryň we talyplaryň daşary ýurtlarda bilim almagy we tejribe toplamagy üçin esasy çeşme bolup durýar. Bu maksatnama bilim işgärleriniň täze usullary bilen öwrenmeklerine, şeýle hem sanly platformalaryň ulanylyşyny giňeltmäge ýardam berýär (European Union, 2023) [2].

Erasmus+ maksatnamasy ÝB (EU) tarapyndan maliýeleşdirilen we bilim, täze pikirler, medeniýet we halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen köpugurly maksatnamadyr. Bu maksatnama ýaşlar, talyplar, hünärmenler we beýleki bilim işgärleri üçin halkara hyzmatdaşlyk we alyş-çalyş imkanylaryny döredýär. Erasmus+ maksatnamasynyň çäklerinde, talyplar we hünärmenler daşary

ýurtlarda bilim almak, iş tejribesini gazanmak ýa-da ýokary okuw jaýlary bilen hyzmatdaşlyk etmek üçin mümkinçilikler alýarlar.

Erasmus+ maksatnamasynyň Türkmenistanda ýerine ýetirilişi:

Erasmus+ maksatnamasy Türkmenistanda ýokary okuw jaýlary we bilim guramalary bilen hyzmatdaşlygy giňeltmäge kömek edýär. Bu maksatnamanyň çäklerinde, türkmen talyplaryna Ýewropa ýurtlarynda bilim almak, tejribe toplamak, dil öwrenmek ýaly mümkinçilikler berilýär.

Ykdysadyýet we iş bazary: Erasmus+ maksatnamasy, hünärmenleriň iş meýdanlarynda ykdysadyýet, iş taýýarlygy we iş bazarynda howpsuzlyk ýaly ugurlarda tälim almaga mümkinçilik döredýär. Bu ýaşlaryň we hünärmenleriň öňdebaryjy tehnologiýalar we ýetenişler barada tälim almagy üçin ähmiýetlidir.

Talyplaryň we ýaşlaryň halkara tejribesi: Erasmus+ maksatnamasy talyplara daşary ýurtlarda tejribe gazanmak, bilim almak we dürli medeniýetler bilen tanyşmak üçin mümkinçilikler berýär. Bu programma ýaşlaryň has giňişleýin pikirlenmelerini, hünär ukyplaryny we dili öwrenmekde üstünlik gazanmaklaryny üpjün edýär.

Ýewropa bilen gatnaşyklary güýçlendirmek: Erasmus+ maksatnamasy, Türkmenistanyň Ýewropa Birligi bilen gatnaşyklaryny we hyzmatdaşlygyny has-da pugtalandyrmak üçin möhüm ýol bolup durýar. Ýewropa ýurtlary bilen bilim we alyş-çalyş ugurlarynda işleşmek, Türkmenistanyň halkyna halkara derejesinde öňdebaryjy bilimleri we tejribeleri ýetirmäge kömek eder.

Erasmus+ maksatnamasy türkmen talyplarynyň, ýaşlarynyň we hünärmenleriniň halkara derejesinde hyzmatdaşlyk etmek, bilim almak we tejribe gazanmak üçin möhüm mümkinçilikleri hödürleýär. Bu, ýurduň bilim ulgamynyň globalleşmesine we ýaşlaryň halkara derejesinde bäsdeşlige ukyply bolmagyna ýardam edýär.

TESOL (Teachers of English to Speakers of Other Languages) we CELTA (Certificate in English Language Teaching to Adults) ýaly maksatnamalar daşary ýurt dilini öwretmekde ýokary hünär derejesini üpjün edýär. Bu maksatnamalar halkara ülňülerine laýyklykda mugallymlara innowasion tehnologiýalaryny ulanyp dil biliminiň hilini kämilleşdirmäge ýardam berýär [3, 4].

TESOL maksatnamasynyň Türkmenistan üçin ähmiýeti:

Iňlis dilini öwretmekde hünär derejesini ýokarlandyrmak: TESOL maksatnamasy Türkmenistandaky iňlis dili mugallymlaryna hünärlerini ösdürmek üçin peýdaly mümkinçilikler döredýär. TESOL okuwlary mugallymlara iňlis dilini effektiv öwretmegiň usullaryny, pedagogik tehnologiýalary we talyplar bilen nähili işleşmek barada giňişleýin bilim berýär.

Global tälim we alyş-çalyş mümkinçilikleri: TESOL, türkmen mugallymlaryna we talyplaryna daşary ýurtlardan hünärmenler bilen hyzmatdaşlyk etmek, ýerli we halkara tejribesini paýlaşmak üçin mümkinçilikler döredýär. Şeýlelik bilen, bu maksatnama hünärmenleriň bilimi we tejribesini giňeldip, halkara bilim ulgamyna goşant goşmaga mümkinçilik döredýär.

Iňlis dili bilen tälim almak: TESOL maksatnamasy iňlis dilini öwretmek isleýänler üçin esasy başlangyç programmalary we tälimleri hödürleýär. Bu, türkmenistandaky talyplara, okuwçylara we beýleki dil öwrenmek isleýänlere ýokary hilli iňlis dili bilimlerini bermek üçin möhüm ähmiýete eýe.

Türkmenistanda TESOL: Türkmenistanda TESOL kurslary we okuwlary, degişli ýokary okuw jaýlary we dili öwretmek boýunça ýöriteleşen merkezler tarapyndan gurlup bilner. Bu kurslar mugallymlaryň iňlis dili öwretmek ukyplaryny artdyrmaga, täze metodlary we pedagogyň usullaryny öwretmäge mümkinçilik berýär.

Internasionally tanalan şahadatnama: TESOL-uň halkara derejesinde tanalýan şahadatnamasy, mugallymlara we dili öwretmek isleýänlere dünýäniň dürli künjeklerinde işlemek üçin peýdaly mümkinçilikler döredýär. Bu, türkmen mugallymlarynyň halkara derejesinde iş tapmaga we iňlis dili ugrunda öz hünärlerini ösdürmäge ýol açýar.

Umuman, TESOL maksatnamasy Türkmenistanda iňlis dili mugallymlarynyň hünär derejesini ýokarlandyrmak, ýaşlaryň we talyplaryň iňlis dili bilen dünýä derejesinde bäsdeşlige ukyply bolmagyny üpjün etmek üçin möhüm mümkinçilikleri üpjün edýär.

CELTA maksatnamasynyň (Certificate in English Language Teaching to Adults) Türkmenistan üçin ähmiýeti şuňa meňzeş, birnäçe möhüm ugurdan gelip çykyş alýar. CELTA, dünýäde iň tanalýan we uly abraýa eýe bolan iňlis dili mugallymlarynyň başlangyç sertifikaty bolup, Türkmenistan üçin diňe bir dil bilimini kämilleşdirmekde däl, eýsem bilim ulgamy we iş mümkinçilikleri üçin hem uly ähmiýete eýedir.

Türkmenistanda iňlis dili ýokary okuw mekdepleri we halkara iş mümkinçilikleri üçin möhüm bir dil hasaplanýar. CELTA maksatnamasy, iňlis dilini ýetginjeklere we uly ýaşlylara öwretmek üçin iň täze we ençeme ýyllaryň dowamynda synanyşygy geçiren pedagogik usullary we metodologiýalary öz içine alýar.

Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek we dünýä derejesine ýetirmek üçin dürli çäreler görülýär. Türkmenistan üçin CELTA maksatnamasy, bu döwrebap bilim maksatlaryna ýardam edýär, sebäbi bu sertifikat dünýäniň her künjeginde geçerli we köpsanly dil kurslary, mekdepler, halkara kompaniýalar tarapyndan ulanylýar.

Türkmenistanda iňlis dili, diňe bir bilim we iş dili däl, eýsem bütin jemgyýetiň arasynda ulanylýan bir dil hökmünde mundan beýläk-de gelişmäge dowam eder. CELTA bu ösüşe gatnaşan mugallymlara, global kommunikasiýalary gowulandyrmakda we günbatarda işlemek üçin gerekli bolan iňlis dilini öwretmekde zerur bilimleri berer.

Diplomatiýa we halkara hyzmatdaşlyklar: iňlis dili bilen öwrenilen pedagogika, Türkmenistanda diplomatik wezipe we halkara gatnaşyklary üçin zerur bolan hünärmenleri taýýarlamaga kömek eder.

CELTA maksatnamasy mugallymlara diňe bir dil öwretmek usullaryny däl, eýsem hünärmenleriň has ýokary derejeli bilim almagy üçin zerur bolan sosial we pedagogik ukyplary berer. Bu Türkmenistanda çagalar we ýaşlar üçin dil biliminiň derejesini ýokarlandyrar.

EDEBIÝAT

1. UNESCO (1992). UNITWIN/UNESCO Chairs Programme. Retrieved from https://www.unesco.org.

2. European Union (2023). Erasmus+ Programme Guide. Retrieved from https://erasmus-plus.ec.europa.eu.

3. TESOL International Association (2023). TESOL Professional Development Programs. Retrieved from https://www.tesol.org.

4. British Council (2023). CELTA (Certificate in English Language Teaching to Adults). Retrieved from https://www.britishcouncil.org.

ВАЖНОСТЬ МЕЖДУНАРОДНЫХ ПРОГРАММ В СИСТЕМЕ ОБУЧЕНИЯ ИНОСТРАННЫМ ЯЗЫКАМ

Изучение иностранных языков в настоящее время востребовано во многих уголках мира. Необходимы новые меры для развития культуры и экономики между народами. Для этой цели создаются международные программы, такие как UNITWIN, Erasmus+, TESOL и CELTA. Эти программы обеспечивают высокое качество преподавания и современные возможности, соответствующие требованиям времени.

Ключевые слова: изучение иностранных языков, международные программы, UNITWIN, Erasmus+, TESOL, CELTA.

THE IMPORTANCE OF INTERNATIONAL PROGRAMS IN FOREIGN LANGUAGE TEACHING

The study of foreign languages is increasingly in demand around the world today. New measures are necessary to enhance cultural and economic development between nations. International programs such as UNITWIN, Erasmus+, TESOL, and CELTA are established to provide high-quality teaching and modern opportunities that meet contemporary requirements.

Key words: studying of foreign languages, international programs, UNITWIN, Erasmus+, TESOL, CELTA.

Dünýägözel Babahanowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy

HALKARA GATNAŞYKLARYNDA ÝOKARY HILLI BILIM: DAŞARY ÝURT DILLERINI ÖWRETMEKDE AMALY TAÝÝARLYGYŇ ÄHMIÝETI

Häzirki zaman dünýäsi köpugurly halkara hyzmatdaşlygy, syýasy-diplomatik gepleşikleriň çylşyrymlylygyny hem-de döwletleriň özara täsirleriniň giň gerim almagyny başdan geçirýär. Şeýle şertlerde halkara gatnaşyklary ulgamynda hünärmenleriň taýýarlyk derejesi, olaryň bilimli, giň dünýägaraýyşly, ýokary ahlakly hem-de köpugurly başarnyklara eýe bolmagy döwrüň öňe sürýän möhüm talaplarynyň biridir. Şu nukdaýnazardan, ýokary hilli bilim diňe bir nazary bilimleriň berilmegi bilen çäklenmän, eýsem şol bilimleriň amaly tejribe arkaly pugtalandyrylmagyna hem uly ähmiýet berýär.

Halkara gatnaşyklaryndaky ýokary hilli bilim ulgamy döwletleriň daşary syýasatyny durmuşa geçirmäge ukyply, halkara hukugynyň esaslaryny çuňňur özleşdiren, daşary ýurt dillerine kämil derejede eýe bolan, şeýle hem medeniýetara gatnaşyklary alyp barmakda çeýeligi görkezýän hünärmenleri ýetişdirmekde esasy serişdedir. Munuň bilen bir hatarda, halkara guramalar bilen hyzmatdaşlykda üstünlikli çykyş etmek, gepleşikleriň ýörelgelerini öwrenmek we diplomatik etiketlere laýyk hereket etmek ýaly başarnyklar hem bu ugurda taýýarlanýan hünärmenleriň esasy aýratynlyklary hökmünde çykyş edýär.

Türkmenistanda bu ugurda alnyp barylýan işler döwlet derejesinde yzygiderli ösdürilýär. Türkmenistanyň hormatly Prezidenti tarapyndan durmuşa geçirilýän ynsanperwer ugurly syýasaty netijesinde bilim ulgamynda giň gerimli özgertmeler amala aşyrylýar. Ýurduň ýokary okuw jaýlarynda, aýratyn-da, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty ýaly ýöriteleşdirilen bilim ojaklarynda halkara gatnaşyklary boýunça ýokary derejeli, döwrebap düşünjeli we watansöýüji hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen, giňişleýin okuw maksatnamalary durmuşa geçirilýär. Bu ugurda alnyp barylýan işleriň esasy aýratynlyklarynyň biri hem daşary ýurt dillerine ýörite üns berilmegidir. Talyplar iňlis, rus, fransuz, hytaý, ýapon, arap ýaly dünýä dillerini çuňňur özleşdirmek bilen bir hatarda, şol dillerde halkara hukuk, syýasy ylalaşyklar we ykdysady gatnaşyklar ýaly ugurlarda hem giň bilim alýarlar. Şeýle dil taýýarlygy, olara halkara giňişlikde öz pikirini aýyň beýan etmäge, gepleşiklerde örän işjeň we täsirli çykyş etmäge mümkinçilik döredýär. Şeýle hem okuw döwründe talyplar üçin diplomatik okuw sapaklary, halkara maslahatlara gatnaşmak, daşary ýurtly hünärmenleriň gatnaşmagynda guralýan okuw sapaklary, medeniýetara forumlar ýaly amaly ugurly

çäreler yzygiderli guralýar. Bu çäreler talyplaryň nazary bilimlerini amaly tejribe bilen utgaşdyrmagyna, geljekde diplomatik gullukda netijeli işlemegine möhüm esas döredýär.

Halkara gatnaşyklary ulgamynda ýokary hilli bilimiň orny aýratyn uly bolup, ol diňe bir ýaş nesliň geljegini däl, eýsem döwletleriň arasynda durnukly, parahatçylykly hem-de özara bähbitli gatnaşyklary üpjün etmegiň möhüm guralydyr. Türkmenistanda bu ugurda alnyp barylýan döwlet syýasaty hem halkara derejesinde bäsdeşlige ukyply, giň dünýägaraýyşly we halkara gatnaşyklarda örän möhüm orny eýelejek hünärmenleriň täze neslini ýetişdirmäge gönükdirilendir.

XXI asyrda bilim ulgamynyň ösdürilmegi jemgyýetiň intellektual mümkinçilikleriniň ösdürilmeginiň esasy şerti hökmünde aýratyn orun eýeleýär. Ýokary hilli bilim ulgamynyň ornaşdyrylmagy diňe bir ösüşiň binýadyny düzmek bilen çäklenmän, eýsem döwletiň halkara giňişlikdäki abraýynyň hem esasy ölçegleriniň biri bolup çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda bilimiň hilini ýokarlandyrmak, döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmek hem-de dünýäniň öňdebaryjy tejribelerine laýyk getirmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedow tarapyndan bilim ulgamynyň kämilleşdirilmegi boýunça öňe sürülýän strategiýalar bu ugurda möhüm özgertmeleriň durmuşa geçirilmegine ýol açýar. Sanly bilim ulgamynyň ornaşdyrylmagy, ýokary okuw jaýlarynda döwrebap tehnologiýalaryň giňden ulanylmagy, halkara ylmy-bilim merkezleri bilen hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy bu özgertmeleriň aýdyň mysalydyr. Şeýle hem okuw maksatnamalary halkara ülňülerine laýyklykda täzelenýär, täze okuw gollanmalary taýýarlanylýar, mugallymlaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça okuw-seminarlar geçirilýär.

Bilimiň hiliniň ýokarlandyrylmagynda aýratyn möhüm orun eýeleýän ugurlaryň biri hem daşary ýurt dillerini öwretmekdir. Munuň özi, diňe bir dil öwrenmek däl, eýsem dünýäni dürli nukdaýnazardan synlap bilmek, beýleki halklaryň medeniýetine hormat goýmak we dünýä bilen baglanyşykly pikir alyşmak üçin giň mümkinçilikleri döredýär. Türkmenistanda daşary ýurt dillerini öwretmek işi bilim ulgamynyň ähli basgançaklarynda giňden ornaşdyrylýar. Ýokary okuw jaýlarynda ýöriteleşdirilen dil bölümleri, ýörite lingafon otaglary, interaktiw we sanly serişdeler bilen üpjün edilen synp otaglary döredilýär.

Daşary ýurt dillerini öwretmekde amaly ugurly usullaryň orny aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Ýurduň ýokary okuw jaýlarynda we orta bilim edaralarynda okuwçylaryň dil başarnyklaryny ösdürmek üçin dürli çemeleşmeler ulanylýar. Dialog we gepleşik esasynda öwrenmek, teatrlaşdyrylan çykyşlar we rolly oýunlar, audiowizual serişdeler arkaly öwretmek, sanly platformalaryň ulanylmagy we amaly tejribe alyşmak munuň görnüşleridir. Amaly taýýarlygyň bu usullary öwrenijiniň dilde pikirlenmek ukybyny artdyrýar, erkin pikirlenmek we

özüni päsgelçiliksiz beýan etmek başarnyklaryny ösdürýär, sesleniş düzgünlerini we leksik baýlygy kämilleşdirýär.

Häzirki wagtda daşary ýurt dillerini öwretmekde elektron gollanmalardan, ýöriteleşdirilen okuw platformalaryndan, dil programmalaryndan we mobil goşundylardan giňden peýdalanylýar. Bu bolsa okuwçylaryň islendik wagtda we islendik ýerde özbaşdak öwrenmegine mümkinçilik berýär. Ýokary okuw jaýlarynda daşary ýurtly mugallymlaryň gatnaşmagynda geçirilýän sapaklar, halkara dil olimpiadalaryna gatnaşmak bolsa talyplaryň dil boýunça amaly tejribesini pugtalandyrýar.

Häzirki döwrüň bilim syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem talyplaryň we mugallymlaryň halkara derejeli tejribe alyşmalara gatnaşmagyny giňeltmekdir. Bilimiň hilini ýokarlandyrmagyň netijeli ýollarynyň biri hökmünde daşary ýurtlara guralýan okuw-usuly saparlar aýratyn ähmiýete eýedir. Sebäbi bu ugurda alnyp barylýan işleriň baş maksady ýaşlaryň nazary bilimlerini amaly tejribe bilen utgaşdyrmak, olarda halkara tejribäni özleşdirmek ukybyny ösdürmek hem-de daşary ýurt bilim ulgamynyň häzirki zaman talaplary bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik döretmekdir.

Okuw-usuly saparlar – bu diňe bir syýahat ýa-da gözleg däl, eýsem bu ýaş alymlaryň, talyplaryň we mugallymlaryň dünýäniň dürli ýurtlarynda alnyp barylýan öňdebaryjy tejribeleri öz gözleri bilen görmek, şol tejribeleri öz ýurdunyň bilim ulgamynda peýdalanmak ukybyny gazanmaklary üçin döredilen mümkinçilikdir. Şeýle saparlaryň dowamynda gatnaşýanlar diňe bir sapaklara gatnaşmak bilen çäklenmän, eýsem dürli okuw usullaryny, dil öwrediş metodikalaryny, okuw gurşawyny hem-de bilim ulgamyndaky tehnologiýalaryň orny ýaly meseleleri çuňňur öwrenýärler. Bu bolsa olaryň dünýäniň bilim giňişligindäki täzelikleri özleşdirmek arkaly döwrebap çemeleşmeleri ösdürmegine mümkinçilik berýär.

Türkmenistanda daşary ýurtlara okuw we usuly saparlaryň guramaçylyk taýdan giň gerime eýe bolmagy döwlet syýasatynyň bu ugra gönükdirilen maksatnamalaryndan ugur alýar. Ýurduň ýokary okuw jaýlary tarapyndan daşary ýurtlaryň abraýly uniwersitetleri, bilim merkezleri hem-de halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk ýola goýlup, yzygiderli tejribe toplamak maksady bilen, dürli mümkinçilikler döredilýär. Bu ugurda aýratyn bellärlikli maksatnamalaryň hataryna aşakdakylary girizmek bolar:

«Türkmenistanda ýaşlar barada döwlet syýasatynyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyndan» ugur alyp, Türkmenistanyň Halkara gatnaşyklary instituty, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty ýaly ýokary okuw jaýlary daşary ýurtlaryň öňdebaryjy ýokary okuw mekdepleri bilen yzygiderli ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürýärler. Bu hyzmatdaşlygyň çäginde

okuw saparlary, bilelikdäki okuw kurslary, mugallymlaryň tejribe alyşmalary, ylmy-amaly maslahatlara gatnaşmak ýaly işler amala aşyrylýar. Türkmen ýaşlary daşary ýurtlara dil olimpiadalaryna, talyp konferensiýalaryna, ýaş diplomatlaryň forumlaryna gatnaşmak arkaly daşary ýurtly ýaşlar bilen pikir alyşýarlar, täze tejribe edinýärler.

Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleri dil öwretmekde amaly taýýarlyk bermegiň we bilim derejesini ýokarlandyrmagyň halkara mümkinçiliklerini giňden ulanyp gelýär. Häzirki wagtda talyplar we mugallymlar üçin birnäçe halkara alyş-çalyş programmalary döredildi. Munuň aýdyň mysaly hökmünde aşakdaky maksatnamalary görkezmek bolar:

Global UGRAD programmasy (ABŞ) – Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinin talyplaryna okuw ýylynyň ýarymýyllygyny ABŞ-nyň ýokary okuw mekdeplerinde bilimini artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Fulbright TEA (Teaching Excellence and Achievement, ABŞ) maksatnamasy – mekdep mugallymlarynyň ABŞ-da 6 hepdelik hünär kämilleşdiriş okuw sapaklaryna gatnaşmagyna mümkinçilik döredýär.

MEXT maksatnamasy (Ýaponiýa) – Ýaponiýanyň Bilim, Medeniýet, Ylym we Sport ministrligi tarapyndan berilýän grantlar talyplara bir ýyllyk intensiw ýapon dili taýýarlyk sapaklaryny geçmäge mümkinçilik berýär.

Nottingham Trent uniwersiteti (Beýik Britaniýa) – Türkmenistanyň Bilim ministrligi we Nottingham Trent uniwersitetiniň arasynda şertnamalar baglaşyldy. Bu hyzmatdaşlyk iňlis dili mugallymlary üçin usulyýet sapaklaryny, sanly bilim gurallaryny girizmegi we talyp-mugallym alyş-çalyş mümkinçiliklerini giňeltmegi maksat edinýär.

Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleri we ýokary okuw guramalary daşary ýurt hyzmatdaşlygynda netijeli işler alyp barýar. Meselem, wekiller üçin baglaşylan diplomatik ylalaşyklara laýyklykda, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň we Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Rumyniýanyň ýokary okuw jaýlary bilen hyzmatdaşlyga degişli resminamalary bar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 20-nji fewralyndaky buýrugy esasynda, türkmen uniwersitetleriniň mugallymlary we hünärmenleri Koreýa, Hytaý, Ýaponiýa, Rumyniýa we Awstriýa ugradyldy. Şeýle-de 2022-nji ýyldaky Türkmenistanyň Türkmenistandan daşary ýurtlarda bilim almak baradaky hökümet permanyna laýyklykda, ýaşlaryň daşary ýurt okuw programmalaryna gatnaşmagy döwlet tarapyndan goldanylýar. Bu ylalaşyklaryň netijesinde, Aşgabat we beýleki şäherleriň birnäçe ýokary okuw mekdepleri türkmen we daşary ýurt mugallymlarynyň tejribe alyşmagyna we halkara ylmy hyzmatdaşlygyny berkitmäge gönükdirilen taslamalary işjeň amala aşyryp gelýär. Bu taslamalaryň hemmesi

türkmen talyplarynyň daşary ýurt bilimi we medeniýeti bilen tanyşmagyna, dil başarnyklaryny iş ýüzünde çuňlaşdyrmagyna ýardam edýär. Mysal üçin, 2018–2019 ýyllarda müňlerçe türkmen ýaşlary Russiýa, Belarus, Hytaý, Malaýziýa, Rumyniýa, Türkiýä, Horwatiýa we başga ýurtlaryň abraýly ýokary okuw mekdeplerine kabul edildi. Şular ýaly halkara derejesindäki ylalaşyklaryň we taslamalaryň üstünlikli amala aşyrylmagy bilen türkmen ýaşlaryna ýokary hilli, dünýä ülňülerine kybapdaş bilim bermek ugrunda möhüm ädimler ädilýär.

Bilim diňe bir kitapdan öwrenilen nazary bilim bilen çäklenmän, eýsem şol bilimiň durmuşa ornaşdyrylmagyna mümkinçilik berýän amaly tejribe bilen hem berk baglanyşyklydyr. Şonuň üçin-de häzirki zaman bilim ulgamynda amaly taýýarlyk, hünärmen taýýarlamagyň iň möhüm sütünleriniň biri hökmünde aýratyn ähmiýete eýedir. Bu taýýarlyk nazary bilimleriň çuňlaşdyrylmagy bilen bir hatarda, ylmy taýdan ösen jemgyýetiň täze şertlerinde işlemek ukybynyň kemala gelmegine hem ýol açýar.

Amaly taýýarlyk – bu döredilen şertleriň çäginde okuwçynyň ýa-da talybyň, galyberse-de, hünärmenleriň bilimini tejribe arkaly berkitmegi, öwrenilen bilimleri durmuşy ýagdaýlarda ulanmak başarnygyny kämilleşdirmek. Bu iş diňe bir hünär taýdan däl, eýsem şahsyýet hökmünde hem ösüşe wajyp görkezijisi bolup hyzmat edýär. Hususan-da, amaly sapaklaryň, tejribe saparlarynyň, daşary ýurtlara guralýan okuw-usuly saparlaryň netijesinde ýaşlar ösen ýurtlaryň bilim, medeniýet hem-de tehnologiýa tejribesinden habarly bolýar. Bu bolsa olaryň öz ugry boýunça pikirlenmek, çözgüt tapmak we täze başlangyçlaryň düýbüni tutmak başarnyklaryny ösdürýär.

Amaly taýýarlygyň ähmiýeti – ony çekilýän zähmetiň miwesi hökmünde hem seljerip bolýar. Zähmet bilen gazanylýan her bir tejribe, her bir sapar, her bir bilim alyşma ýaşlaryň şahsy we hünär ösüşine hyzmat edýär. Şu nukdaýnazardan, amaly bilim nazaryýetiň dowamy bolmak bilen, oňa janly mazmun berýär, bilimli nesli diňe öwreniji hökmünde däl-de, dörediji, çözgüt tapyjy, başlangyç edýän şahsyýet hökmünde kemala getirýär.

Zähmet bilen gazanylan bilim, tejribe bilen baýlaşdyrylan hünär, ylym bilen utgaşdyrylan döredijilik – bularyň ählisi ýurduň ösüşine, halkara abraýynyň has-da ýokarlanmagyna hyzmat edýän ruhy we intellektual baýlykdyr.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – abadançylygyň we rowaçlygyň ýurdy. – A.: TDNG, 2015.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyk – bagtymyz. – A.: TDNG, 2021.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Abadançylygyň röwşen gadamlary. – A.: TDNG, 2021.

4. Daşary ýurt dillerini öwretmegiň innowasion usullary baradaky halkara maslahat. – TDH, 2023.

5. Daşary ýurt dillerini öwrenýäris. – Türkmenistan: Altyn asyr elektron gazeti, 29.01.2022.
6. Halkara hukukçy hem-de synçy diplomatiýa boýunça ýokary okuw mekdebi. – Türkmenistan: Altyn asyr elektron gazeti, 2023.
7. Türkmenistan Nottingem Trent uniwersiteti bilen hyzmatdaşlygy ösdürýär. – turkmenportal.com, 19.02.2025.
8. Ýokary okuw jaýlaryna kabul ediş tertibi – pedagogika we dil bilimi ugurlary. – turkmenportal.com, 2024.
9. fulbright.org
10. Turkmen citizens invited to MEXT scholarship. – TDH, 02.05.2025.
11. *Begliýeýew M.* Hünär ugrundan iňlis dili. – News Central Asia žurnaly 02.02.2022.

КАЧЕСТВЕННОЕ ОБРАЗОВАНИЕ В МЕЖДУНАРОДНЫХ ОТНОШЕНИЯХ: РОЛЬ ПРАКТИЧЕСКОЙ ПОДГОТОВКИ В ПРЕПОДАВАНИИ ИНОСТРАННЫХ ЯЗЫКОВ

Статья посвящается вопросам обеспечения качественного образования в сфере международных отношений с акцентом на изучение иностранных языков и развитие практических навыков. Анализируется текущая ситуация в Туркменистане, включая государственные программы, направленные на интеграцию в мировое образовательное пространство и подготовку дипломатов нового поколения. Особое внимание уделяется цифровизации учебного процесса, а также созданию условий для академической мобильности студентов и преподавателей. Подчёркивается важность владения несколькими иностранными языками как ключевого ресурса профессионального роста, значимость международных стажировок и участия в моделировании дипломатических переговоров.

Ключевые слова: образование, международные отношения, иностранный язык, практическая подготовка, программа.

QUALITY EDUCATION IN INTERNATIONAL RELATIONS: THE ROLE OF PRACTICAL TRAINING IN FOREIGN LANGUAGE TEACHING

The article addresses issues related to ensuring quality education in the field of international relations, with an emphasis on foreign language study and the development of practical skills. It also analyzes the current situation in Turkmenistan, including state programs aimed at integrating the country into the global educational environment and preparing a new generation of diplomats. Special attention is given to the digitalization of the educational process and to creating conditions

for the academic mobility of students and faculty. Particular attention is paid to proficiency in multiple foreign languages as a key asset for professional growth, as well as on the importance of international internships and participation in simulated diplomatic negotiations.

Key words: education, international relations, foreign language, practical training, program.

Ogulbeg Gazakowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy

HALKARAÇY HÜNÄRMENLERE FRANSUZ DILINI ÖWRETMEGIŇ ÄHMIÝETI

«Ylym netijeli ösüşleriň esasy çeşmesidir, täze açyşlara ruhlandyrýan güýçdür. Eziz Watanymyzda ylmy we bilimi ösdürmek, ykdysadyýetimiziň pudaklaryna ylmyň täze gazananlaryny ornaşdyrmak, ýurdumyzyň ylmy kuwwatyny artdyrmak biziň baş maksatlarymyzyň biri bolup durýar». Şunda aýdyň maksatlary we meýilnamalary özlerine ýörelge edinen ýaş alymlaryň ylmyň ileri tutulýan ugurlary boýunça gazanýan döredijilik üstünlikleri, ylmy açyşlary döwletimiziň mundan beýläk-de gülläp ösmegi üçin täze mümkinçilikleri açýar [1].

«Biz ýaşlaryň hünärleri kämil ele almagyna, şonuň bilen birlikde, daşary ýurt dillerini çuňňur öwrenmegine uly talap bildirýäris. Sebäbi ýaşlaryň dünýä dillerini bilmegi geljekde olaryň ýokary hünärli adamlar bolup ýetişmekleri üçinem, halkara giňişlikde Türkmenistana mynasyp wekilçilik edip bilmekleri üçinem zerurdyr»[2].

Fransuz dilini öwrenmegiň 5 sany esasy sebäbi: Fransiýa – dünýäde iň esasy syýahatçylyk mekan. Fransuz ýokary bilimi «Şanhaý – 2024» halkara reýtinginde dünýäde 3-nji orny eýeleýär. Fransuz dili iňlis dili bilen bir hatarda, 5 yklymda geplenilýän ýeke-täk dil. Fransuz dili, iňlis dilinden soň dünýäde ikinji orunda durýar. Fransuz dili BMG-niň, NATO-nyň, Ýewropa Bileleşiginiň, Halkara Olimpiýa komitetiniň, Halkara Gyzyl Hajyň we beýlekileriň şol bir wagtyň özünde resmi we iş dilidir.

Fransuz dili (fr. la langue française) – hindi-ýewropa dil maşgalasynyň roman toparynyň gal-roman toparçasynyň dili, fransuzlaryň milli dili. Fransuz dili sintetiki elementli analitik dildir.

Halkara gatnaşyklarynyň, sanly tehnologiýalaryň, maglumat alyş-çalşygynyň ösýän döwründe daşary ýurt dillerini, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň alty resmi diliniň, iki işewür diliniň biri, birnäçe halkara guramalarynyň resmi dili bolan fransuz dilini öwrenmek üçin Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda oňyn şertler we mümkinçilikler döredilendir.

Fransiýa Respublikasynyň Prezidenti Fransua Mitteranyň 1994-nji ýylyň 27–29-njy aprelinde Türkmenistana amala aşyran resmi saparyndan soň, 1994–1995-nji okuw ýylyndan başlap Türkmenistanyň birnäçe ýokary okuw mekdebinde, has takygy, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda, 2008–2009-njy okuw ýylyndan başlap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda we ondan gowrak Türkmenistanyň umumy orta bilim berýän mekdeplerinde fransuz dili dersi okadylýar.

Prezident Fransua Mitteranyň sapary ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň binýady bolmak bilen, türkmen jemgyýetiniň fransuz medeniýeti we dili bilen has ýakyndan tanyşmagyna, bilelikde arheologik gözlegleri geçirmäge, şeýle hem köp ugurlarda Türkmenistanyň ösüşine Fransiýanyň goldaw bermegine itergi boldy [4].

Fransuz dili birnäçe halkara guramalarynyň: Birleşen Milletler Guramasynyň, ÝUNESKO-nyň (BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy), Ýewropa Bileleşiginiň, Halkara Olimpiýa Komitetiniň (resmi dilleri iňlis we fransuz dilleridir, düşünişmezlik bolan ýagdaýynda fransuz dili artykmaçlykdan peýdalanýar, Halkara Olimpiýa Komiteti baron Pýer de Kuberteniň başlangyjy bilen 1894-nji ýylyň 23-nji iýunynda Parižde Olimpiýa oýunlaryny dikeltmek we guramak maksady bilen esaslandyryldy), Halkara standartlaşdyryş guramasynyň (ISO), Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň (alty resmi diliniň biri), Bütindünýä Söwda Guramasynyň, NATO-nyň (Demirgazyk Atlantika Ylalaşyk Guramasy), FIFA-nyň (1904-nji ýylda Parižde esaslandyrylan, 1976-njy ýyldan bäri ştab-kwartirasy Şweýsariýanyň Sýurih şäherinde ýerleşýän Futbol Assosiasiýalarynyň Halkara Federasiýasy), Bütindünýä Dopinge garşy agentliginiň (WADA), Afrika Birleşiginiň, Halkara Kazyýetiniň, Suw boýunça halkara sekretariatyň, Halkara syýasy ylymlar assosiasiýasynyň (IPSA), Ölçegleriň we agramlaryň halkara gullugynyň (býurosynyň), Ýewropanyň Ýaýlym Bileleşiginiň, Bütindünýä poçta birleşiginiň, Interpolyň (Halkara jenaýat polisiýa guramasy) we başgalaryň resmi ýa-da administrativ dilidir.

Ýer ýüzünde 321 milliondan gowrak adam fransuz dilinde gepleýär, dil 42 döwletde ulanylýar, bu bolsa BMG-niň düzümine girýän döwletleriň üçden bir bölegi diýmekdir. Bu döwletleriň we olaryň ýaşaýjylarynyň bitewiligini aňlatmak üçin fransuz geografy Onezim Reklü 1880-nji ýylda «frankofoniýa» (fr. francophonie) sözüni girizmegi teklip edýär we 1968-nji ýyldan bäri bu söz sözlüklerde öz ornuny tapdy [5; sah. 46].

Dil esasy aragatnaşyk serişdesi hökmünde diplomatiýada we halkara gatnaşyklarynda esasy rol oýnaýar. Onuň manysy ýönekeý sözlerden has ýokarydyr; pikirleriň ýaýramagy, özara düşünişmegi güýçlendirmek we ýurtlaryň arasyndaky gyzyklanmalary deňleşdirmek üçin geçiriji bolup hyzmat edýär.

Halkara gatnaşyklarynyň möhüm rol oýnaýan häzirki zaman dünýäsinde daşary ýurt dillerini bilmek diplomatyň hünär taýýarlygynyň aýrylmaz bölegidir.

Diplomatiýanyň taryhynda we tejribesinde fransuz diline köp dilleriň arasynda aýratyn orun degişli. Bu makala hem diplomatik ugurda okaýan hünärmenler üçin fransuz diliniň ähmiýetiniň derňewine bagyşlanýar.

Asyrlarboýy fransuz dili halkara gatnaşyklarynda «lingua franca» bolup hyzmat edip gelýär. Taryhy taýdan köp möhüm diplomatik resminamalar we şertnamalar fransuz dilinde taýýarlanyldy. Geosyýasy ýagdaýyň üýtgemegine garamazdan, fransuz dili diplomatik toparlarda öz täsirini saklaýar. Fransuz dili fransuz dilinde gürlenilýän ýurtlaryň baý medeniýetine we däplerine «gapy açýar».

Diliň aýratynlyklaryna düşünmek diplomatlara medeni tapawutlara has gowy düşünmäge we düşünişmezliklerden gaça durmaga mümkinçilik berýär. Fransuz dilini bilmek daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen has çuňňur we ygtybarly gatnaşyklary ýola goýmaga ýardam edýär. ÝUNESKO we Ýewropa Birleşigi ýaly guramalarda fransuz dili aragatnaşykda we karar bermekde möhüm rol oýnaýar.

Ýewropa Bileleşiginiň düzüminde işlenende fransuz dilini bilmek artykmaçlykdyr. Fransuz dilinde gönüden-göni gepleşik geçirmek ukyby diplomatik gatnaşyklaryň netijeliligini ýokarlandyrýar. Fransuz dilini bilmek giň maglumatlar goruna we seljeriş materiallaryna gönüden-göni ygtyýarlygy üpjün edýär. Fransuz metbugatyny we ýöriteleşdirilen edebiýaty okamak diplomatlara häzirki halkara wakalary bilen tanyşmaga mümkinçilik berýär.

Haýsy halkyň dili bolsa-da, ondaky ulanylýan sözler, ýagny şol diliň sözlük düzümi sap öz sözlerinden ybarat bolman, eýsem onda ep-esli mukdarda başga dillerden geçen alynma sözler hem duş gelýär. Şeýle sözler türkmen edebi diliniň leksik düzümini hem belli bir bölegini emele getirýär. Ol sözleriň türkmen diline geçmegi türkmen halkynyň ýaşaýşyndaky, durmuşyndaky ösüşiň, özgerişiň dürli döwürlerindäki bolup geçen taryhy wakalaryň, beýleki halklar bilen bolýan syýasy, ykdysady, medeni gatnaşyklar, şol gatnaşyklaryň halkyň diline eden täsiri bilen berk baglanyşyklydyr.

Türkmen dilinde başga dillerden geçen we türkmen diliniň edebi normalaryna laýyk özleşdirilen hem-de diliň sözlük düzüminde ýörgünli ulanylyşa eýe bolan leksik birliklere *alynma sözler* diýilýär [6; sah.14].

Mälim bolşy ýaly, türkmen dili ses ulgamy taýdan hem, grammatik gurluşy boýunça-da özboluşly aýratynlyklara eýedir we özüne mahsus bolan edebi normalary bar. Beýleki dillerden geçen alynma sözler türkmen dilinde şol edebi normalara laýyk getirilip, hemmetaraplaýyn özleşdirilýär. Türkmen dilinde olaryň özleşdirilişiniň, esasan, şu görnüşleri bolup geçýär: *grafiki özleşdiriliş*; *fonetik özleşdiriliş*; *morfologik özleşdiriliş*; *semantik özleşdiriliş* [6; sah.15–17].

Dünýäde ýalňyz öz sözlerinden ybarat sap diliň ýokdugyny dil bilimi subut edýär. Halklar arasyndaky jemgyýetçilik, syýasy, medeni, ykdysady, ylmy we beýleki gatnaşyklar olaryň dillerine-de öz täsirini ýetirýär. Şol gatnaşyklar netijesinde bir dilden beýlekisine sözler geçipdir, häzir hem geçmegini dowam edýär. Bu sözler, köplenç, terjimäniň üsti bilen geçýärler.

1066-njy ýylda iňlis halkynyň taryhynda möhüm wakalaryň biri bolup geçýär: Fransiýanyň demirgazygyndaky uly özbaşdak **Normandiýa regionynyň gersogy Wilgelm** mirasdüşersiz iňlis şasy Eduardyň (takmynan, 1003–1066-njy ýyllar) ýogalmagyndan soň başlanan köşkdäki başagaýlykdan peýdalanyp, oňat ýaraglanan goşun bilen La-Manş bogazyndan bäri aşýar. 1066-njy ýylyň 14-nji oktýabrynda Angliýanyň günorta-gündogarynda Gastingsiň eteginde bolan söweşde iňlis goşunynyň hemmesi diýen ýaly kül-peýkun edilýär. Bu söweşde şa Garold Godwinson (takmynan, 1022–1066-njy ýyllar) öldürilýär, Wilgelm bolsa «basybalyjy» lakamyny alyp (***eng***. ***William the Conqueror***) Londona gelýär we ol **Angliýanyň şasy** diýlip yglan edilýär (1066–1087-nji ýyllar). Netijede, üç asyrlap fransuz dili Angliýa çuňňur ornaşýar, iňlis diliniň sözlük düzüminiň 45–50%-i fransuz dilinden geçen sözler tutýar. Şol alynma sözleri aňladýan manylaryna görä şeýle toparlara bölmek bolar: 1. köşk we häkimiýet; 2. kazyýet; 3. harby gulluk we harbylaryň durmuşy; 4. din we kilise; 5. kesp-kär; 6. sungat; 7. söwda; 8. şagalaň, şatlyk; 9. egin-eşik we moda; 10. aşpezlik.

Fransuz dili, hakykatdan hem, halkara gatnaşyklarynda hünärmenleriň ulanýan sözlüginde ep-esli yz galdyrdy. Ine, şeýle alynma sözleriň, esasy diplomatik adalgalaryň giňden ulanylýan mysallary: attaşe (*attaché*), duaýen (*doyen*), parlament (*parlement*), assambleýa (*assemblée*), agreman (*agrément*), kommýunike (*communiqué*), kortež (*cortège*), nota (*note*), portfel (*portefeuille*), protokol (*protocole*), etiket (*étiquette*), pressa (*presse*), režim (*régime*), passport (*passeport*).

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly kitabynda Şükür bagşyny şeýle häsiýetlendirýär: «Bu – **parlamentiň** wekiliniň, gepleşikleri geçirijiniň, **diplomatyň** keşbi. Bu ýerde gürrüň meseleleri güýç ulanyp çözmegiň garşysyna ýaraga daýanyp däl-de, eýsem parahatçylykly serişdeleri ulanyp, ýeňiş gazanmak we maksada ýetmek barada barýar» [3; sah.31].

Şu günki gün **etikete** (jemgyýetçilik ýerlerinde özüňi alyp barmagyň tärleri, egin-eşigiň stili, ýüzlenmäniň we gutlaglaryň görnüşleri we ş.m. hökmünde) adamlara bolan gatnaşygyň daşky ýüze çykmalaryna degişli bolan özüňi alyp barmagyň düzgünleriniň jemi hökmünde düşünilýär. Etiketiň berjaý edilmegi raýatyň umumy medeniýetiniň görkezijisi bolup durýar [7; sah. 209].

Döwletleriň diplomatik protokolynyň we etiketiniň emele gelmegine ýurtlaryň we halklaryň milli däp-dessurlary, adatlary täsir edipdir [7; sah. 216].

Bu sanaw, elbetde, doly däl, ýöne ol fransuz diliniň halkara syýasy we diplomatik söz düzümine nähili täsir edendigi barada düşünje berýär. Bu sözleriň köpüsi rus diline, iňlis diline berk ornaşdy we hünärmenler tarapyndan fransuz asly bilen gönüden-göni baglanyşygy bolmazdan ulanylýar.

1550-nji ýyldan XIX asyra çenli Fransiýanyň Ýewropanyň öňdebaryjy döwleti bolmagy bilen, fransuz dili gülläp ösdi we bütin dünýäde fransuzça gürlenilýärdi. Şu sebäbe görä, fransuz dili XVII asyrda diplomatiýanyň we halkara gatnaşyklarynyň dili boldy. Halkara diplomatiýasynda fransuz dili iki esasy sebäbe görä giňden ulanylýardy: birinjiden, Fransiýa uly syýasy güýçdi. Dil Lýudowik XIV-iň hökümdarlygy bilen XVIII asyrdan başlap tutuş Ýewropada ulanylýardy. Has soňra, Napoleon diliň has hem ýaýramagyna «kömek etdi». Birinji jahan urşundan soň, ABŞ-nyň dünýä arenasyna çykmagy bilen halkara şertnamalarynda fransuz diliniň ulanylyşy kem-kemden azalyp başlaýar, çünki Wersal şertnamasy hem iňlis dilinde, hem fransuz dilinde ýazylypdy.

Ikinji esasy sebäp bolsa, fransuz dili aýdyňlygyň we takyklygyň dilidir: ol sözlemleriň agzalaryny baglaşdyrmak we gatnaşyklaryny aýdyňlaşdyrmak üçin köp kesgitleýjini, aýyrgyçlary, hallary, baglaýjylary we şuňa meňzeşleri ulanýar.

Fransuz dili iňlis dilinden soňra dünýäde iň köp öwrenilýän daşary ýurt dilidir. Diplomatik jemgyýetde hem ikinji orny eýeleýär; işewür aragatnaşyk ulgamlarynda üçünji ýerde, ulanyjylaryň sany boýunça internetiň dili hökmünde dördünji orundadyr. Halkara guramalarynyň resmi iş dilidir.

Fransuz dili uzak wagtdan bäri diplomatiýa bilen manydaş bolup, halkara gatnaşyklarynda esasy dilleriň biri hökmünde öz ornuny tapdy. Onuň taryhy ähmiýeti, takyklygy we medeni täsiri ony dünýä diplomatiýasynyň esasyna öwürdi.

EDEBIÝAT

1. *Serdar Berdimuhamedow*. Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – A.: TDNG, 2023.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ömrümiň manysy. – A.: TDNG, 2022.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016.

4. https://tm.ambafrance.org/.

5. *Сатановская О.С.* Франция. Страна и язык. La France à travers sa langue. Книга для чтения по лингвострановедению на французском языке. – М.: Международные отношения, 2006.

6. *Baýjanow B.* Türkmen dili. Leksika (Amaly kurs). – A.: TDNG, 2018.

7. *Rahmanow A.* Diplomatik gullugyň esaslary (Taryh – kadalar – nazaryýet – tejribe). Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2012.

ЗНАЧЕНИЕ ПРЕПОДАВАНИЯ ФРАНЦУЗСКОГО ЯЗЫКА СПЕЦИАЛИСТАМ-МЕЖДУНАРОДНИКАМ

В статье рассматриваются вопросы теории профессиональной языковой подготовки студентов-международников. Анализируется история, роль и значение французского языка как языка дипломатии и международных отношений, преподавания французского языка в туркменских вузах, а также в средних общеобразовательных школах. Рассматриваются примеры французских заимствований в туркменском, русском и английском языках.

Ключевые слова: французский язык, язык дипломатии и международных отношений, рабочий и официальный язык международных организаций, заимствования, франкофония, ведущая европейская держава, профессиональная языковая подготовка студентов-международников.

THE IMPORTANCE OF TEACHING FRENCH TO INTERNATIONAL RELATIONS PROFESSIONALS

The article addresses the theory of professional language training of students majoring in international relations. It analyzes the history, role and significance of French as the language of diplomacy and international relations, teaching French in Turkmen universities, as well as in secondary schools. Examples of French borrowings in Turkmen, Russian and English are considered.

Key words: French, language of diplomacy and international relations, working and official language of international organizations, borrowings, Francophonie, leading European power, professional language training of international students.

Çemen Baýryýewa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy

IŇLIS DILINI OKATMAKDA DÜNÝÄ TEJRIBESINIŇ ÖŇDEBARYJY USSULLARYNY ULANMAK

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk hem-de özara bähbitli gatnaşyklary yzygiderli ösdürýär. Parahatçylyga we birek-birege ynanyşmaga esaslanýan halkara hyzmatdaşlykda özara medeni-ynsanperwer gatnaşyklar aýratyn orny eýeleýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri ýurduň ösüşdir özgerişleri bilen dünýä ýüzünde öz milli syýasaty we diplomatiýasy, parahatçylygyň,

howpsuzlygyň hem-de durnukly ösüşiň çägindäki hyzmatdaşlygy, şeýle-de Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan edilmegi ýörelgeleri bilen şöhratlanan döwrüdir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyçlary netijesinde hem-de Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň parasatly baştutanlygynda bilim ulgamyny döwrebap ösdürmäge uly üns berilýär, ýaşlaryň ylmy döredijilik bilen meşgullanmagy üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan giň gerimli bilim özgertmelerini üstünlikli durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly dürli ugurlarda döwletara hyzmatdaşlyk işjeň ösdürilýär.

Türkmenistan döwletiniň içeri we daşary syýasatynda durmuşa geçirilýän düýpli özgertmeler ene dilini we daşary ýurt dillerini suwara bilýän ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamagy talap edýär. Bu ugurda öňde durýan wezipeleri çözmekde türkmen we daşary ýurt dilleriniň deňeşdirme hem-de degşirme derňewi derwaýys häsiýete eýe bolýar. Nazary ähmiýetinden başga-da bu ylmy barlaglaryň netijeleri, esasan, dilleri okatmagyň amalyýetini we usulyýetini kämilleşdirmegi hem maksat edinýär.

Belli boşy ýaly, jemgyýetiň ösüşinde ylym-bilim esasy orny eýeleýär. Adamzat durmuşynda gazanylan ähli üstünlikler we ýeňişler, ýetilen belent sepgitler hem ylym-bilimiň miweleridir. Hut şonuň üçin Türkmenistanyň hormatly Prezidentiň baştutanlygynda ýurtda ylym-bilimiň ileri tutulýan ýörelgeleri üstünlikli ösdürilýär. Bu babatda dünýä ylmynda gazanylan iň täze tehnikalar, tehnologiýalar bilim ulgamyna ýokary depginde ornaşdyryldy. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen dürli ugurlary öz içine alýan kämil hünärmenler taýýarlanýar, okatmagyň multimedia-interaktiw usullary ýola goýulýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda ileri tutulýan ugurlaryň biri bolan bilim ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek, okatmagyň häzirki döwre laýyk täze usullaryny işläp düzmek, halkara tejribesini ornaşdyrmak boýunça uly işler alnyp barylýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Bagtyýar geljegimiziň girewi bolan ruhubelent, ylymly-bilimli ýaşlary terbiýelemek biziň baş maksadymyzdyr» [1] diýen sözleri bu ugurda jemgyýetimiziň ýetmeli maksadyny anyk görkezýär.

Mälim bolşy ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaş nesiller hakynda alada döwletiň ileri tutulýan wezipesidir. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk» atly kitabyndaky: «Häzirki döwürde ýurdumyzda ylmy hemmetaraplaýyn ösdürmek, ylmyň gazananlaryny ykdysadyýetimiziň pudaklarynda netijeli ulanmak, jemgyýetiň aň-düşünjesini has-da ýokarlandyrmak Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutýan ugurlarynyň biridir» [1] diýen çuň manyly sözlerde ýaş

nesliň häzirki döwürde döwletiň bilim ulgamynyň häzirki ösüş tapgyrynda öňde durýan bu möhüm wezipeler dünýäniň öňdebaryjy gazananlarynyň esasynda milli bilim ulgamynyň mundan beýläkde ösdürilmegini, okatmagyň innowasion çeşmeleri bilen utgaşyklykda maglumat kommunikasiýa tehnologiýalarynyň bilimiň ähli pudaklarda giňden ornaşdyrylmagyny we netijeli işler durmuşa geçirilmelidigini bellenilip geçilýär.

Ýaş nesle dilleri öwretmek işini kämilleşdirmek häzirki zaman dünýäsinde islendik ýurduň bilim ulgamynda amala aşyrylýan düýpli özgertmeleriň esasy ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenilýär. Türkmenistanda amala aşyrylýan bilim özgertmeleri ylmy pudagy hem döwrebap ösdürmek bilen berk baglanyşykda hut şu ýörelgeden ugur alýar.

Türkmenistanyň barha giň gerime eýe bolýan halkara gatnaşyklary, ýurduň içeri syýasatynda bolup geçýän düýpli özgertmeler ene dilini we daşary ýurt dillerini suwara bilýän ýokary derejeli, çuňňur bilimli hünärmenleri, hususan-da, başarjaň dilçi-terjimeçileri taýýarlamagy talap edýär.

Garaşsyz Türkmenistanyň häzirki zaman taryhynda bu ugurda edilen işler özüniň aýdyň miwesini hem berýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda orta we ýokary bilim edaralarynda dilleri okatmak hemmetaraplaýyn döwrebaplaşdyrylýar. Dünýäniň dilleri okatmak usulyýetinde gazanylan iň gowy netijeler döwletiň bilim edaralarynyň işine giňden ornaşdyrylýar. Şunuň bilen birlikde türkmen we daşary ýurt dilleriniň deňeşdirme hem-de degşirme derňewi dilleri okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň ylmy binýady hökmünde derwaýys häsiýete eýe bolýar. Häzirki wagtda ene dilimiziň beýleki diller bilen deňeşdirme we degşirme derňewi boýunça dürli möhüm meseleler ylmy-barlag işleriň obýektine öwrüldi. Nazary ähmiýetinden başga-da bu ylmy barlaglaryň netijeleri, esasan, dilleri okatmagyň amalyýetini kämilleşdirmegi hem maksat edinýär.

Hazirk zaman jemgyýetinde netijeli aragatnaşygy üpjün etmegiň zerur serişdeleri bolan üç dili – türkmen, iňlis we rus dillerini ösüp gelýän ýaşlarymyza döwrebap derejede öwretmek Türkmenistan döwletinde amala aşyrylýan bilim özgertmeleriniň esasy ugurlarynyň biridir. Onuň berk usuly we ylmy binýadyny kemala getirmek maksady bilen soňky ýyllarda iňlis dilini okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmäge, türkmen we iňlis dilleriniň degşirme derňewi boýunça düýpli ylmy işleri amala aşyrmaga aýratyn üns berilýär.

Dil adamlaryň arasynda möhüm aragatnaşyk serişdesi bolup hyzmat edýär. Bu adamlaryň beýleki adamlar bilen pikirleri, garaýyşlary we duýgulary paýlaşmagyň, düşünişmegiň ýoludyr. Dünýäde müňlerçe dil bar. Her bir ýurduň milliligi, däp-dessurlary onuň dil aýratynlygynda aýdyň şöhlelenýär. Dil aragatnaşygyň möhüm serişdesi bolmak bilen, dünýä dillerini öwrenmek uly ähmiýete eýe bolup durýar. Munuň özi dürli halklaryň dillerini öwrenmek bilen, halkara gatnaşyklary has-da pugtalandyrmaga, ähli ugurlarda özara hyzmatdaşlygy berkitmäge mümkinçilik döredýär.

Bilşimiz ýaly, häzirki wagtda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan halkara giňişliginde mynasyp orny eýeläp, dünýä ýurtlary bilen deňhukukly, halklaryň arasynda parahatçylyk söýüjilik, dostlukly gatnaşyklary ösdürmäge we özara bähbitli hyzmatdaşlygy berkitmekde netijeli işleri alyp barýar. Şu nukdaýnazardan, daşary ýurt dillerini kämil bilýän ýaşlary taýýarlamak zerur bolup durýar.

Häzirki wagtda dünýä dillerini öwrenmäge aýratyn üns berilýär. Graşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda bu ugurdaky hünärmenlere daşary ýurt dillerini öwrenmäge we öwretmäge giň şertler döredilýär. Iňlis dili dünýäde giňden ýaýran dilleriň biri. Ylymda we tehnikada oňyn tejribeleriň öň hatarynda bolmak, iň täze tehnologiýalary ele almaga ukyply halkara derejeli hünärmenleri hem-de iň möhüm hünär maglumatlaryndan habarly bolmak üçin daşary ýurt dillerini bilýän hünärmenleri taýýarlamak häzirki wagta durmuşa geçirilýän dil syýasatynyň we «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasynyň» esasy maksatlarydyr. Iňlis dilini okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek derwaýys meseleleriň biri bolup durýar.

Dünýäde okatmagyň döwrebap usullary dürli-dürlüdir we olar iň wajyp komponentleriniň biri bolup durýar. Dünýäde iňlis dili global aragatnaşygyň dili hökmünde giňden öwrenilýär. Dili netijeli öwretmek üçin dünýä tejribesiniň öňdebaryjy okatmak usullaryny peýdalanylýar. Dil öwretmekde usulyýet, dürli pedagogik we psihologik ýörelgelere esaslanýan usullar we tehnikalary öz içine alýar.

Daşary ýurt dilini öwrenmek, diňe söz we grammatika öwrenmek bilen çäklenmeýär. Bu çylşyrymly proses bolup, onuň dowamynda dil düşünjesi, medeniýeti we dil bilen bagalnyşykly sosiýal endikler hem öwrenilýär. Birnäçe çeşmelere ser salsak, dil öwrenmegiň esasy ýörelgeleri bolan *Kommunikatiw esasly öwrenmek (Communicative approach)* bu ýörelge bolsa dil aragatnaşyk üçin guraldyr. Kommunikatiwligiň wajyp bölegi lingwistik ygtybarlyklardyr we bu ýörelge daşary ýurt dilinde sözleýuş we pikirleniş işine taýýarlygyň guraly hökmünde çykyş edýär. *Işjeň gatnaşmak (Active participation)* bu talyplar, öwrenijiler özleri işjeň gatnaşyp, tejribe arkaly öwrenýärler. *Immersiýa (Immersion*) bu ýörelgede dil öwrenýän gurşawda (köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, gepleşikler, kitap we ş.m) ýagny dil gurşawyna aralaşmak we olaryň aralarynd aköpürük bolmak. *Gaýtalama we yzgiderlilik (Repetition and consistency)* bu ýörelgede dil öwrenmek sabyr we yzgiderlik talap edýär. *Höwes we maksat (Motivation and purpose*) bu ýörelgede öwrenmegiň üstünlikli we netijeli bolmagy üçin talyplarda we öwrenijilerde dile bolan höwes we maksat bolmaly. Bu ýörelgeler dünýäde giňden ulanylýar. Dil öwretmegiň häzirki zaman usullary ýokardaky ýörelgelere daýanypdyr we bu ýörelgeleriň esasyndada döredilen usularyň birnäçesi häzirki wagtda dünýäniň dürli künjeklerinde giňden we netijeli ulanylýar. Olar *kommunikatiw usuly, grammatika-terjime usuly, tebigy çeşme, taslama esasynda okatmak* ýaly beýleki usullar dil öwrenijiniň dil başarnygynmy güýçlendirmek we olary netijeli ulanmak üçin

özboluşdyr. *Kommunikatiw usul (Communicative Langauge Teaching)* bu usulda esasy üns dili aragatnaşyk üçin ulanmak jemlenýär. Talyplar we öwrenijiler dili diňe teoriýa däl, eýsem amaly taýdan her günki durmuşda ulanyp öwrenýärler. Bu usul esasanam talyplar / öwrenijiler bilen işjeň gatnaşyklary we gepleşikleri hem-de ýazuw ösdürmäge gönükdirilendir. Bu usulyň aýratynlyklary talyplar / öwrenijiler öz aragatnaşyk ukyplaryny ösdürýärler.

Grammatik-terjime usuly (Grammar-Translation Method) dil öwrenmekde grammatika düzgünlere we sözlüklere köp üns berilýär. Talyplar /öwrenijiler grammatika ýörelgelerini öwrenip, şondan soň sözleriň terjimesi arkaly bu düzgünleri özleşdirýärler. Söz baýlygyny giňeltmek üçin sözlçkler bilen işleýärler we ene dilinden iňlis diline we tersine terjime işlerini alyp barýarlar. *Tebigy çeşme (the natural approach)* bu usul 1980-nji ýyllarda Stephen Krashen we Tracy Terrel tarapyndan işlenip düzülen. Bu usul dili ene dili ýaly tebigy bagdaýda öwrenmegi maksat edinýär. Bu usulyň maksady dili basyşsyz we düşünikli ýagdaýda öwrenmek, talyplaryň/öwrenijileriň diňlemegi we düşünmegi arkaly dil ukybyny kem-kemden ösdürmekdir. Bu usulyň aýratynlygy ilki bilen diňlemek we düşünmek ukyby ösdürilýär, soňra geplemek prosesi amal edilýär. Düzgünleri öwrenmekden öň, dil düşünilýän kontekste hödürlenýär. *Taslama usuly (Project Based Learning – PBL)* bu usuly talyplary / öwrenjileri bilelikde işlemegiň, gözleg etmegiň we döredijilikli pikirlenmegiň üsti bilen dil öwrenmäge höweslendirýär. Bu usulda talyplar/ öwrenijiler bir mowzuk boýunça taslama taýýarlaýarlar. Meselem, prezentasiýa taýýarlamak, wideo düşürmek we ş.m.

Iňlis dilini öwretmekde we öwrenmekde dürli pedagogik usullar giňden ulanylýar. Iňlis dilini okatmakda dünýäde giňden ulanylýan *kommunikatiw usul (Communicative Langauge Teaching CLT) we kognitiw usul (Cognitive Approach)* bolup, bu usullar häzirki zaman dil öwrenmekde iň netijeli we ylmy taýdan esaslandyrylan usullardyr. *Kommunikatiw usul (CLT*) talyplaryň kommunikatiw ukyplaryny ösdürmäge gönükdirilen häzirki zaman dil öwretmek usulydyr. Bu usul, talyplaryň / öwrenijileriň hakyky durmuş ýagdaýlarynda dil ulanmak ukyplaryny ösdürmäge gönükdirilendir. Bu usulyň esasy ýörelgeleri ýagny talyplaryň we öwrenijileriniň hakyky ýagdaýlarda dil ulanmak ukyplaryny ösdürmek. *Kognitiw usul (Cognitive Approach)* dil örenmek prosesinde akyl (pikirlenme), ýatda saklama we beýniniň maglumat işlemek ukyby bilen çemeleşýär. Bu çemelşmede dil diňe bir gaýtalamak arkaly amaly aşman, many düşünjesi, logiki we düşünip öwrenmek arkaly öwredilýär, ýagny maksady düşünmek we akyl bilen baglanyşdyrmak. Häzirki zaman dil öwretmekde bu iki usul utgaşdyrylyp ulanylýar.

Bulardan başga-da iňlis dilini öwretmekde dünýäniň öňdebaryjy tejribelerinde görä, talyplaryň dil öwrenmekde işjeň gatnaşmagyny we özbaşdaklygyny gazanýan usullaryň biri bolan *Scaffolding we Case Study* iňlis dili sapaklarynda üsünlikli peýdalanylýar. Iňlis dilini öwrenmekde we öwretmekde *Scaffolding we Case Study*

usullar bilen işlemeklik talyplaryň logiki pikirlenmesiniň we analitik ukyplaryny ösdirmäge gönükdirilendir. Umumy bilim berýän edaralarda sapak guralanda talyplaryň sapaga işjeň gatnaşmagyny üpjün etmek mugallymyň sapagy täsirli alyp barmagynyň möhüm şertidir. Şeýlelikde, *Scaffolding we Case Study* usullar iňlis dilini öwretmekde giňden ulanylýan netijeli usullaryň biridir.

Skaffoling näme? Skaffolding (Scaffolding) bu usul dil öwrenjilere kömek edip, olaryň özbaşdak ukyplaryny kämilleşdirmek üçin ulanylýar. *Skaffolding (Scaffolding)* mugallymlara birnäçe esasy başarnyklary birleşdirýän we öwrenijileriň endiklerini kämilleşdirmekde kömek edýän we öwrenmeklige gönükdirilen ýumuşlary işläp düzmek üçin döredilen kartoçkalaryň bir bölegidir. Bu sapaklara başlamazdan ozal, «Scaffold» kartoçkalary mugallymlar üçin gural bolup hyzmat edýär, sapaklary meýilleşdirmek, okatmagyň strategiýalaryny düzmek, okuw çärelerini göz öňünde tutmak we baha beriş usullaryny ösdürmek ýaly gurallara hyzmat edýär.

Iňlis dilini okatmakda Scaffolding usulynyň täsiri: Scaffolding usuly, talyplara täze sözleri öwrenmekde, grammatik gurluşlary ulanmakda, şeýle-de ýazuw we okamak ukyplaryny ýokarlandyrmakda mugallymyň görkezmesi we goldawyndan peýdalanyp öwrenmäge mümkinçilik berýär. Mugallym meseleleri tapgyrlaýyn bermek, ysallar we soraglar arkaly düşündirmek bilen bu prosesi dolandyrýar. *Skaffold (Scaffolding)* maksady, dil öwrenijilerine başlangyçda kömek edip, olary özbaşdak pikirlenip, özbaşdaklyk ukybyny ösdürmekdir. Şeýlelik bilen, talyplar / öwrenijiler kem-kemden dilde üstünlik gazanmak üçin zerur bolan basgançaklary geçip bilerler.

Iňlis dilini okatmakda Case Study usuly. Bu usul talyplara / öwrenijilere hakyky durmuşdaky ýagdaýlary ýa-da pikir taýdan çylşyrymly meseleleri çözmek arkaly öwrenmäge mümkinçilik berýän çemeleşmedir. Bu usul meşhur pedagog John Deweyiň «Learning by doing» (Işläp öwrenmek) filosofiýasy bilen sazlaşýar. Dil öwredilende bu usuly ulanmak arkaly talyplar, öwrenijiler diňe teoriýa bilen çäklenmän, pikirlenmek, analiz we çözgüt hödürlemek arkaly dili has çuňňur öwrenýärler. Şeýle çemeleşme talyplaryň dil ukybyny hem-de logiki pikirlenmesini ösdürmäge uly täsir edýär.

Iňlis dili sapakda talyplar aýry-aýry temalarda, ara alyp maslahatlaşmak üçin goýlan meseleleriň ýagdaýyny öwrenýärler, sebäplerini we netijelerini seljerýärler, sorag-jogap berýärler, çözgüt teklip edýärler we orta goýlan meseleleriň üsti bilen döredijilikli pikirlenmäni ösdürýärler.

Skaffolding (Scaffolding) we Case study usullary häzirki zaman iňli dili okadylyşynda täsirli we netijeli çemeleşme hökmünde ulanylýar. ***Skaffolding (Scaffolding)*** usuly arkaly talyplara dil endiklerini kem-kemden ösdürmek üçin mugallym tarapyndan goldaw berilýär we bu goldaw derejesi wagtyň geçmegi bilen kemelip, talybyň özbaşdaklygyny güýçlendirýär. ***Case study*** usuly bolsa

talyplary hakyky ýagdaýlary seljermek arkaly pikirlenmäge, analiz etmäge we dili amaly taýdan ulanmagy öwrenmäge mümkinçilik berýär. Bu usullaryň ikisi hem talyplaryň, öwrenjileriň düşünjesini, döredijiligini we iňlis diline ynamlygyny ösdürmekde uly ähmiýete eýedir.

Netijede, iňlis dilini okatmakda ulanylýan usullar dürli-dürli bolup, olaryň her biri belli bir maksada hyzmat edýär. ***Grammatik-terjime we kognitiw usullar*** esasan teoriýa we dil gurluşlaryny düşünmäge gönükdirilendir. ***Kommunikatiw, tebigy we ÇLIL usullary*** bolsa dili hakyky aragatnaşykda ulanmak ukybyny ösdürýär. ***Taslama we Case Study usullary*** döredijilikli pikirlenmä, gözleg we toparlaýyn işde dili ulanmak mümkinçilik berýär. ***Skaffolding (Scaffolding) usuly*** bolsa, talyplara ädim-ädim goldaw berip, olaryň özbaşdaklygyny we dile ynamlygyny ösdürýär. Şonuň üçin bu usullary maksadalaýyk utgaşdyryp ulanmak, dil öwretmegiň netijeliligini ýokarlandyrýar.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – Aşgabat: TDNG, 2014.

2. *Serdar Berdimuhamedow*. Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: TDNG, 2023.

3. *Pirliýew G.* Türkmen halk pedagogikasy. – Aşgabat: Magaryf, 1981.

4. *Brown H.D*. Teaching by Principles: An Interactive Approaches to Language Pedagogy. – New York, USA, 2007.

7. *Dewey J*. Experience and Education. – New York, Collier Books, 1963.

8. *Diane Larsen-Freeman and Marti Anderson.* Techniques and Principles in Language Teaching. – Oxford and New York, Oxford University Press, 2011.

6. *Harmer J.* The Practice of English Language Teaching. – Harlow, UK, 2015.

5. *Richards, J.C., Rodgers, T.S.* Approaches and Methods in Language Teaching. – (3rd ed.). – Cambridge University Press. 2014.

9. Scrivener. J. Learning Teaching. – Oxford, Macmillan Education, 2011.

10. *Vygodsky, L S.* Mind in Society. The development of higher Psychological Processes. – Cambridge, MA, Harvard University Press, 1978.

ИСПОЛЬЗОВАНИЕ ПЕРЕДОВЫХ МИРОВЫХ МЕТОДОВ В ПРЕПОДАВАНИИ АНГЛИЙСКОГО ЯЗЫКА

В статье рассматривается применение передовых и признанных в мировой практике методов преподавания английского языка. Аннализируются как традиционные подходы (грамматико-переводной, когнитивный), так и современные методы (коммуникативный, естественный, CLIL, проектный, scaffolding, кейс-стади). Подчеркиваются их преимущества и вклад в развитие языковых навыков, критического мышления и самостоятельности студентов.

Отмечается важность комплексного использования различных методов для эффективного и всестороннего обучения английскому языку.

Ключевые слова: передовые методы, мировой опыт, преподавание английского языка, традиционные подходы, грамматико-переводной метод, современные подходы, коммуникативный подход, CLIL (предметно-языковое интегрированное обучение), языковые навыки, интеграция методов.

USING ADVANCED METHODS OF WORLD EXPERINECE IN TEACHING ENGLISH

This article discusses the application of advanced and internationally recognized methods in English language teaching. It reviews both traditional (grammar-translation, cognitive) and modern approaches (communicative, natural, CLIL, project-based, scaffolding, case study), highlighting their advantages and how they contribute to developing students' language skills, critical thinking, and autonomy. The importance of integrating various methods to ensure effective and comprehensive language learning is emphasized .

Key words: advanced methods, world experience, English language teaching, traditional approaches, grammar-translation method, modern approaches, communicative approach, CLIL (content and language integrated learning), language skills, integration of methods.

Aýna Sätgeldiýewa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy

IŇLIS DILINI ÖWRETMEKDE EMELI AŇYŇ ÄHMIÝETI

Ylym-bilim ulgamynda amala aşyrylýan özgertmeler, ösüşler hormatly Prezidentimiziň alyp barýan il bähbitli syýasatynyň iň derwaýyslarynyň biridir. Bilim ulgamynda öňe sürülýän meseleleriň biri-de, ýaşlarymyzyň dil öwrenmek meselesidir. Adam bilimli bolmak üçin dünýäniň ylymda, bilimde gazanan üstünliklerinden doly peýdalanyp bilmek, dünýä ülňülerine laýyk gelýän derejedäki hünärmen bolmak üçin dünýä dillerinden baş çykarmaly.

Dil bilimini öwrenmegiň özboluşly aýratynlygy bar. Dil pikirleniş bilen hem, halkyň dünýägaraýşy bilen hem, milli medeniýet bilen hem berk baglanyşyklydyr. Şonuň üçin ene diliňi we dünýä dillerini öwrenmegiň ähmiýeti uludyr. Munuň özi ylym-bilimliligi, ösen medeniýeti aňladýar. Her bir halkyň ene dili onuň milli medeniýetiniň, dünýägaraýşynyň esasy özeni bolup durýar. Şonuň üçin hem

pähimdar pederlerimiziň miras goýan gadymy dilimiziň şirinligini, baýlygyny geljek nesillere mynasyp öwretmek her birimiziň mukaddes borjumyzdyr.

«Bir dil bilen bir adam, iki dil bilen iki adam» diýlişi ýaly, her bir adam haýsy ýaşda bolsun, parhy ýok, dil öwrenmäge ukyplydyr. Emma täze bir dil öwrenmek biraz wagt we sabyr talap edýär. Bu işde dürli usullardan peýdalanmak bolar. Mysal üçin, gündelik durmuşymyzda hal-ahwal soraşylýan sözleri ulanmagyň özi hem öwrenmek isleýän diliňiziň aňsat ýatda galmagyna itergi berýär. Mümkin däl ýaly bolup görünmegi ahmal, ýöne lingwistleriň pikiriçe, birnäçe hepdäniň dowamynda bir dilde gepleşip biljek derejä birnäçe aýdan soň bolsa bu dili özbaşdak kämilleşdirip biljek derejä ýetip bolýar. Ýaşlaryň ylym-bilimini ösdürmekde dil biliminiň, esasan hem, dünýä dilleriniň uly orny bardyr. Dil aragatnaşyk serişdesi bolmak bilen bir hatarda, ylym-bilimiň hem açarydyr. Daşary ýurt dillerini bilýän ýaşlar dünýäniň ylmy maglumatlary, ylmy kitaplary bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik alýar. Dili öwrenmegiň esasy maksady, diňe bir suwara sözleýşi özleşdirmek bilen çäklenmän, eýsem sözleriň ýazylyşyny, halkyň, ýurduň taryhyny, medeniýetini hem-de ýaşaýyş-durmuşyny bilmegi talap edýär. Dili öwretmek, ozaly bilen, ýaş nesliň dünýägaraýşyny giňeltmegi, başarnyklaryny we endiklerini ösdürmegi, şol bir wagtyň özünde sowatly şahsyýet bolup ýetişmegini göz öňünde tutýar.

Daşary ýurt dilini kämil bilmek adamyň ruhuny baýlaşdyrýar, dünýägaraýşyny we gözýetimini giňeldýär, beýleki ýurtlaryň taryhy, medeniýeti we edebiýaty bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik döredýär. Şeýle hem öz işinde internet torunyň kuwwatynyň çeşmelerini peýdalanmaga, maglumat we kommunikasion tehnologiýalary ulanmaga, dünýä tejribesini öwrenmäge giň ýol açýar.

Häzirki zaman bilim ulgamynda iňlis dilini öwretmegiň usullary yzygiderli ösdürilýär we döwrebaplaşdyrylýar. Dünýäde global integrasiýanyň güýçlenmegi bilen, iňlis dili halkara aragatnaşyk dili hökmünde möhüm orna eýe boldy. Şonuň üçin hem halkaraçy hünärmenleriň iňlis dilini okatmakda täze we täsirli usullary ornaşdyrmagy döwrüň zerurlygydyr. XXI asyr – maglumat asyry diýlip atlandyrylýar. Häzirki wagtda dünýä giňişliginde bilim ulgamyna bolan talaplar yzygiderli üýtgeýär, döwrebaplaşýar. Şeýle özgertmeleriň hatarynda daşary ýurt dillerini, aýratyn-da, iňlis dilini okatmak boýunça hem düýpli reformalar amala aşyrylýar. Iňlis dili häzirki wagtda halkara gatnaşyklarynyň, ylmyň, işewürligiň, tehnologiýanyň we jemgyýetçilik aragatnaşygynyň esasy dili hökmünde çykyş edýär. Şu sebäpli hem ony okatmagyň täzeçil, netijelilik derejesi ýokary bolan usullaryny işläp taýýarlamak we durmuşa ornaşdyrmak halkaraçy hünärmenleriň öňünde durýan möhüm wezipelerdendir.

Soňky ýyllarda bilim ulgamynda emeli aň tehnologiýasynyň giňden ulanylmagy bilen, ýokary okuw mekdeplerindäki dil öwrediş usullarynda düýpli özgertmeler bolup geçýär. Talyplaryň iňlis dilini öwrenmekde ýüzbe-ýüz bolýan kynçylyklaryny

ýeňilleşdirmek üçin täze tehnologiýalaryň ulanylmagy zerurlyga öwrüldi. Emeli aň (AI) bu ugurda iň täsirli gural hökmünde çykyş edýär. Bu makalada ýokary okuw mekdeplerinde talyplar üçin iňlis dilini öwretmekde emeli aňyň peýdalary, amaly ulanylyşy we çäklendirmeleri ylmy taýdan seljerilýär.

Emeli aň – bu kompýuterleriň adam ýaly pikirlenmek, öwrenmek we çözgüt tapmak ukybyny özünde jemleýän tehnologiýasy bolup, ol dürli maglumatlar esasynda awtomatlaşdyrylan kararlar kabul edýär [1; sah. 98–99].

Ilki bilen, häzirki wagtda iňlis dilini öwretmegiň täzeçil usullarynyň biri kommunikatiw (aragatnaşyk) usul bolup durýar. Bu usulda talyplaryň dili diňe grammatik düzgünler bilen däl-de, gündelik durmuşda aragatnaşyk gurmak üçin ulanmagy maksat edinilýär. Mugallymlar talyplaryň aktiw gatnaşmagyny üpjün etmek üçin dürli interaktiw çäreleri – gepleşikler, rolda oýnamak, toparlaýyn işleşmek ýaly çäreleri ulanýarlar. Şeýle hem sanly tehnologiýalaryň giňden peýdalanylmagy iňlis dilini öwretmegiň täze ýoludyr. Onlaýn platformalar, mobil goşundylar, wideo sapaklar we ses ýazgylary arkaly talyplaryň dil taýýarlygyny güýçlendirmek mümkindir. Bu usullar okuw prosesini has gyzykly, elýeterli we şahsylaşdyrylan görnüşe getirýär.

Mundan başga-da CLIL (Content and Language Integrated Learning) usuly, ýagny mazmun we dil bilelikde öwredilýän usul hem giňden ulanylýar. Bu usulda talyplar iňlis dilinde başga bir okuw mazmunyny – taryh, biologiýa ýa-da matematika ýaly sapaklary öwrenýärler. Şeýlelikde, dil öwrenmek bilen birlikde düşünje taýdan ösüş hem gazanylýar.

Proýekt esasynda okatmak hem iňlis dilini öwretmekde netijeli hasaplanylýar. Bu usulda talyplar bir mowzuk boýunça taslama taýýarlamak arkaly dilleri aktiw ulanýarlar, garaýyşlaryny beýan edýärler we pikir alyşýarlar. Bu hem olaryň dil endiklerini hem-de döredijilik ukyplaryny ösdürýär.

AI häzirki wagtda dürli okuw platformalaryna ornaşdyrylyp, talyplaryň dil öwreniş tejribesini şahsylaşdyrmaga we netijeliligi ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Talyplar üçin iňlis dilini öwretmekde emeli aňyň ulanylyşy

1. Şahsylaşdyrylan okuw mazmuny.

Emeli aň bilen işleýän okuw platformalary her bir talybyň bilim derejesine görä sapaklary awtomatiki düzýär. Mysal üçin, Duolingo programmasy talyplaryň öňki netijenamalaryna görä täze söz hazynasyny we grammatikany hödürleýär [2; sah. 209–233]. Bu şahsylaşdyrylan çemeleşme talyplaryň özüne laýyk temalarda çalt öwrenmegine kömek edýär.

2. Ses tanama we aýdylyşy kämilleşdirmek.

AI esasly ses tanama ulgamlary (ELSA Speak, Google Speech-to-Text) talyplaryň iňlis dilindäki aýdylyşyny ýazga alýar we olara ses görnüşinde ýa-da ýazuwlaýyn degişli maslahatlary berýär. Bu mümkinçilik, aýratyn-da, iňlis dilinde geplemegi ösdürmek isleýän talyplar üçin peýdalydyr.

3. Ýazuw ýalňyşlaryny awtomatiki düzmek.

Talyplar üçin ýazuw başarnyklary örän möhüm bolup durýar. Grammarly, Quillbot we Hemingway ýaly AI ulgamlary arkaly talyplar öz esse, makala ýa-da laboratoriýa işleri boýunça grammatik we usulyýet taýdan ýalňyşlaryny görüp bilýärler. Şeýle gurallar diňe bir ýalňyşy düzetmän, sebäbini hem düşündirýär [3; sah 44–45].

4. AI dialog ulgamlary we chatbotlar.

Chatbotlar arkaly iňlis dilinde dowamly gepleşik alyp barmak mümkin. Bu aýratynlyk talyplara gündelik söhbetdeşlikde peýdaly söz düzümlerini we frazalary öwrenmäge ýardam edýär. Şeýle mümkinçilik ChatGPT ýaly AI modelleriniň kömegi bilen durmuşa geçirilýär.

5. Emeli aňyň talyplar üçin üstünlikleri.

Çalt öwreniş we netijelilik: Emeli aň bilen talyplar öz ritmine görä öwrenip bilerler.

Interaktiwlik: Sapaklar tekst, ses we şekil görnüşinde hödürlenýär, bu bolsa dürli öwreniş usullaryna laýyk bolýar.

Talyplaryň özbaşdak öwrenmegine ýardam: AI esasly programmalaryň kömegi bilen talyp mugallyma garaşmazdan dil başarnyklaryny ösdürip biler.

6. Çäklendirmeler.

Mugallym bilen göni aragatnaşygyň çäkliligi: Emeli aň maglumat berýär, ýöne pedagogik ukyplary çäklidir.

Dil we medeniýet düşünjesiniň çäkli berilmegi: AI ulgamlar diňe dil taýdan öwredýär, emma medeni taýdan maglumat az bolýar.

Tehniki üpjünçiligiň zerurlygy: ulgamlar üçin internet we döwrebap enjamlar gerek bolýar [4; sah.165–174].

Talyplar üçin iňlis dilini öwrenmekde emeli aň tehnologiýalary örän peýdalydyr. Olar öwreniş prosesini şahsylaşdyrýar, dowamly tälim berýär we özbaşdak öwrenmäge mümkinçilik döredýär. Şeýle-de bolsa, emeli aň diňe bir guraldyr we ony netijeli peýdalanmak üçin bilim ulgamyndaky adam faktory örän möhümdir. Geljekde emeli aň bilen klassiki öwrediş usullarynyň sazlaşykly utgaşmagy ýokary okuw mekdeplerinde dil öwrenmegiň hilini has-da ýokarlandyrar.

EDEBIÝAT

1. *Russell, S., & Norvig, P.* (2020). Artificial Intelligence: A Modern Approach (4th ed.). Pearson Education., 98-99.

2. *Loewen, S., Isbell, D., & Sporn, Z.* (2020). The effectiveness of app-based language instruction for developing receptive linguistic knowledge and oral communicative ability. Foreign Language Annals, 53(2), 209–233.

3. *Zhai, X.* (2022). A review of AI-powered grammar correction tools in EFL writing. Journal of Educational Technology, 15(1), 44–55.

4. *Cios, K.J., & Zapala, J.* (2021). Ethical and privacy issues of AI in education. AI and Ethics, 2(3), 165–174.

ЗНАЧЕНИЕ ИСКУССТВЕННОГО ИНТЕЛЛЕКТА В ОБУЧЕНИИ АНГЛИЙСКОМУ ЯЗЫКУ

В данной статье рассматривается роль технологий искусственного интеллекта (ИИ) в обучении студентов английскому языку. Отмечаются преимущества персонализированного обучения с использованием таких платформ как Duolingo, ELSA Speak, Grammarly и ChatGPT, которые способствуют развитию словарного запаса, произношения, письменной и разговорной речи. Также подчеркиваются возможности ИИ для активного и самостоятельного обучения, а также развития креативности. Статья указывает на некоторые ограничения, включая ограниченное взаимодействие с преподавателем, недостаток культурного контекста и технические требования. Предлагается интеграция ИИ с традиционными методами преподавания для повышения качества языкового образования в вузах.

Ключевые слова: искусственный интеллект, обучение английскому языку, персонализированное обучение, ИИ-инструменты, чат-боты, языковые навыки, высшее образование

THE IMPORTANCE OF ARTIFICIAL INTELLIGENCE IN TEACHING ENGLISH

This article explores the role of artificial intelligence (AI) technologies in teaching English to students. It highlights the advantages of personalized learning through AI-powered platforms such as Duolingo, ELSA Speak, Grammarly, and ChatGPT, which enhance vocabulary, pronunciation, writing, and conversational skills. The article outlines how AI facilitates active learning, independent study, and creative thinking while identifying limitations such as the lack of human interaction, cultural understanding, and technical requirements. The integration of AI with traditional teaching methods is suggested as a pathway to improving language education quality in higher institutions.

Key words: Artificial Intelligence, English Language Learning, Personalized Education, AI Tools, Chatbots, Language Skills, Higher Education

Selbi Nazarowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy

HALKARA BILIM ULGAMYNDA DAŞARY ÝURT DILLERINI ÖWRETMEKDE INNOWASION ÖZGERTMELER

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tagallalary bilen berkarar Watanymyzyň halkara derejesindäki abraýy barha pugtalanýar. Munuň şeýledigine Garaşsyz Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk syýasy ýörelgelerine yzygiderli eýermek arkaly öňe sürýän başlangyçlarynyň giň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan uly goldawa mynasyp bolmagy, şol sanda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen Kararnama esasynda 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi hem şaýatlyk edýär. Belent ynsanperwer mazmuny özünde jemleýän ählumumy häsiýetli bu resminama dünýäniň ýurtlaryny we halklaryny parahatçylyga hem-de özara ynama esaslanýan gatnaşyklary ösdürmäge çagyryş bolup orta çykýar.

Türkmenistanda Ýer ýüzüniň abraýly iri guramasy bolan BMG-niň dürli maksatnamalarynyň, şol sanda Durnukly ösüş maksatlaryna degişli resminamada bellenilen wezipeleriň ýurdumyzda berjaý edilmegini gazanmak ugrunda nusga alarlyk işler amala aşyrylýar. Durnukly ösüş maksatlary baradaky strategiýa kabul edileli bäri Türkmenistan durmuş ugurly syýasatynda uly netijeleri gazanmagy, şol sanda bilim bermekde oňyn görkezijileri gazanmagyny dowam edýär we halkara bilim giňişliginde öz mynasyp ornuna eýe bolýar.

Hususan-da, bilim ulgamynda innowasion özgertmeler bilimiň täze mazmunyny emele getirmek, ony ösdürmek, täzeçe guramak işleri güýçli depgin bilen ösýär. Halkara bilim giňişliginde okatmagyň köp dürli innowasion usullaryny we görnüşlerini, gyzykly usullaryň mysallaryny, meşhur pedagoglaryň usuly ýörelgelerini, okuw usullaryny hem-de sapagyň netijeli guralmagynyň bähbidine gönükdirilýän teklipleri tapmak bolýar.

Ýokary bilimdäki innowasiýalar täze mazmuny, usullary, okuw tehnologiýalaryny öz içine alýan hadysadyr. Ine, okatmagyň täze usullarynyň biri-de tehnologik, pedagogik hem-de mazmun taýdan baý bolan bilim bermek bolup durýar. Bu usul pedagogyň okatmak işinde ulanýan tehnologiýasynyň peýdaly bolmagy we düşündirýän dersiniň täsirli bolmagy üçin gerek bolan bilimler toplumynyň işläp düzülen materialydyr.

Bu tehnologik, pedagogik hem-de mazmun taýdan baý bolan bilim ugurlaryny öz içine alýar. Bu ugurlaryň hersiniň okatmak işinde zerurlygy barada aýdylanda şulary bellemek gerek: mazmun taýdan baý bolan bilim ugruna eýermek diýmek

– bu mugallymda okadýan dersi boýunça ýeterlik derejede biliminiň bolmagydyr, ýagny onuň özi, berjek bolýan okuw materialyny doly özleşdirmelidir.

Pedagogika görä, mugallym tarapyndan talyplaryň okadylýan ders boýunça talaplaryny we isleglerini kanagatlandyrýan ýumuşlaryň we tabşyryklaryň berilmegi möhüm talapdyr. Bu hadysa, haçan-da mugallym talyplary okatmak usuly boýunça baý tejribäni özünde jemläp ýagdaýynda bolup geçýär. Tehnologik (gerekli tehnologiýalardan peýdalanmak) ugur – mugallymyň öwredýän dersiniň täsirli we peýdaly bolmagy üçin täze innowasion tehnologiýalary ulanyp bilmeginden ybaratdyr. Jemläp aýdanymyzda, bu usul pedagogyň okadýan dersiniň täsirli, peýdaly we netijeli bolmagy üçin guraldyr.

Ýaşlara şeýle döwrebap usullara esaslanýan ýörelgeler boýunça bilim-terbiýe bermek olaryň häzirki zamanyň tehnologik taýdan ösen talaplaryna laýyklykda kämilleşmegine-de ýardam berer. Munuň özi türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arakadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýaşlary okatmakda döwrebap çemeleşmelere daýanýan usulyýetleri ulanmak arkaly zamanabap ösüşler bilen sazlaşykly öňe gitmelidigi baradaky taglymatlaryna laýyk gelýär. Bu bolsa Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe öňde goýlan belent maksatlara ýetmäge itergi beriji güýç bolup hyzmat eder. Şoňa görä-de, biziň ýaşlarymyz okap, täze bilimleri ele almalydyr, has täze endikleri öwrenmelidir. Bilimleri we tehnologiýalary durmuşda başarjaň we netijeli ulanmagy başarmalydyr. Munuň üçin ähli mümkinçilikler üpjün edildi.

Şeýle mümkinçiliklerden peýdalanyp, biziň ýaşlarymyz giň gerimli halkara ylmy-barlag taslamalaryna işjeň gatnaşmalydyr. Munuň özi ýaş alymlarymyzyň tagallalarynyň strategik innowasion ugurlar boýunça daşary ýurt ylmy-barlag birleşikleri bilen goşulyşmagyna mümkinçilik berer. Biziň täze syýasy we ykdysady ugrumyz ýaşlara oňat bilim bermäge, has mynasyp geljegi üpjün etmäge gönükdirilendir. Çünki ýaşlar biziň geljege bolan ähli umyt-arzuwlarymyzyň amala aşmagydyr. Türkmenistanlylaryň täze nesli täze ösüş ugrunyň hereketlendiriji güýjüne öwrülmelidir. Olar öz nesliniň jogapkärli we gujur-gaýratly, örän sowatly hem-de sagdyn wekilleri bolar. Biziň ýaşlarymyz öz ata-babalarynyň däplerini dowam edip, häzirki bazar ykdysady şertlerinde işlemäge taýýar bolar. Bütin dünýäde uly abraýy bolan parahat we gülläp ösýän ýurdunyň hakyky watançylaryna öwrülmelidirler [1; sah.64].

Biz diňe bir geljegimizi däl, eýsem şu günümizi hem ýaşlar bilen baglanyşdyrýarys. Her bir döwletiň beýikligi onuň ýetişdirip, öňe çykaryp bilen nesilleri bilen kesgitlenilýär. Şu günki günde döwrebap ylymly, bilimli, giň dünýägaraýyşly, watansöýüji ýaşlarymyz ähli ugurda jogapkärçiligi duýup zähmet çekýärler. Olar milli mirasymyza çuňňur sarpa goýmak bilen, köpugurly we çalt özgerýän häzirki zamananyň ýokary talaplaryna mynasyp hötde gelip bilýändikleri bilen tapawutlanýarlar. Bu bolsa biziň ýurdumyzyň gazanan uly üstünligidir.

Şu işlerde, esasan, bilim, ylym ulgamynyň wekilleriniň uly hyzmaty bardyr. Şoňa görä-de, olaryň hünäri boýunça leksikany öwrenmekleriniň ähmiýeti ýokarydyr. Şu ýerde hünäri boýunça leksikanyň üstünde durlup geçilip, oňa düşündiriş berilse, ýerlikli bolar.

Hünäri boýunça leksika ýa-da başgaça aýdanymyzda, professional leksika – aýratyn ugurly işleri we anyk alnan haýsydyr bir pudaga degişli ýagdaýlary häsiýetlendirýän sözlerdir, söz düzümleridir we düşünjelerdir. Şeýle sözleri ýurduň ilatynyň giň köpçüligi ulanman, onuň diňe anyk ugurly hünär bilimini alan az bölegi ulanýar. Professional leksikanyň sözleri ol ýa-da beýleki önümçilik işlerini we hadysalaryny beýan etmek ýa-da düşündirmek üçin peýdalanylýar.

Professional leksikany diňe kesgitli bir hünäriň çäklerinde ulanmagyň ýerliklidigi sebäpli, ony umumymilli diýip atlandyrmak dogry däldir. Sebäbi onuň sözlerine giň halk köpçüligi düşünip bilmeýär. Professional leksika edebi dil däldir, ýöne onuň öz düzümi we häsiýetleri bardyr [2; sah. 75].

Şunuň bilen baglylykda, professsional leksika arkaly beýan edilýän pikir-matlaplaryň biziň jemgyýetimizde bu ugurda her bir adamdan jogapkärçiligi we döredijilikli çemeleşmäni talap edýändigini bellemek möhümdir [3; sah. 106].

Pikirlenmek ýokary tehnologiýalara we häzirki zaman bilimlerine esaslanýar. Professional leksikany iňlis dilinde öwretmek, adatça, konstitusion gurluşyň, şahsy durmuşyň eldegrilmesizligi, jogapkärçilik we adalat ýaly ýörelgeler üçin esasy pikirleri öz içine alýar. Okuwçylar bu pikirleri öwrenýärler we olaryň nähili möhüm bolup biljekdigini görýärler.

Talyplar milletimiziň binýatlaýyn gymmatlyklaryny gorap saklamak üçin yhlas edilmelidigini we özge gymmatlyklar bilen gyzyklanmagyň arasyndaky uly tapawuda düşünmelidigini öwrenýärler. Talyplar şol ýagdaýlara baha bermek üçin dürli çemeleşmeleri we pikirleri öwrenýärler. Professional leksika olara ygtyýarlyk, şahsy durmuşyň eldegrilmesizligi, jogapkärçilik we adalat meseleleri barada aýdyň pikirlenmäge kömek edýär. Mynasyp leksika olara öz eýerýän ýörelgelerini ösdürmäge we esaslandyrmaga ýardam berýär [4; sah.95].

Talyplaryň geljekki hünäriniň eýeleri bolmaklary, çekýän zähmetinde üstünlik gazanmagy, jemgyýetde mynasyp orun tapmaklary, şeýle hem döwrebap bilim almaklary üçin daşary ýurt dilleriniň ýokary hilli okadylmagy zerurdyr. Olaryň alýan bilimleri we başarnyklary geljekki hünärlerinde islendik ýagdaýda olara kömek edýär. Leksikanyň öz netijesini bermegini öwrenmek we öz pikirlerini goramak bilen, olar erkin jemgyýetde has täsirli we işjeň raýat bolup bilerler.

Biz iňlis dili bilen berlen hünär leksikasynyň peýdaly we gyzykly boljakdygyna umyt edýäris. Talyplar bilimlerini ösdürmäge we başarnyklary artdyrmaga mümkinçilik alar. Olar erkin jemgyýetiň raýaty hökmünde durmuşda işjeň orun eýeläp biljek bilimleri we başarnyklary bilen öz hünärlerinde ýüze çykyp biljek meselelere baha bermelidirler, eýerýän ýörelgelerini goramalydyrlar.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – Aşgabat: TDNG, 2018. – sah. 55.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – Aşgabat: TDNG, 2014. – sah.64.

3. *Koehler M.J., Mişra P., Kereluik K., Şin T.S., Graham K.R*. The Technological Pedagogical Content Knowledge Framework. – 2014. sah.101.

4. Bilim ulgamyny kämilleşdirmekde täze tehnologiýalaryň orny we okatmagyň häzirki zaman usullary. – Aşgabat: TDNG, 2008.

ИННОВАЦИОННЫЕ ПРЕОБРАЗОВАНИЯ В СИСТЕМЕ ОБРАЗОВАНИЯ ПРИ ОБУЧЕНИИ ИНОСТРАННЫМ ЯЗЫКАМ

В последние годы широко стали распространятся различные методики преподавания языков. В данной статье рассматриваются современные способы обучения английскому языку на примере использования инновационных методов, универсальность основы которых позволяет широко внедрять современные технологии в учебный процесс. Мы связываем дальнейщее развитие страны именно с образованной, владеющей иностранными языками молодежью. Большое значение в получении глубоких знаний имеет владение студентами на высоком уровне профессиональной лексикой.

Ключевые слова: методики, технологический, иностранные языки.

INNOVATIVE EVOLUTION IN INTERNATIONAL EDUCATION SYSTEM ON TEACHING FOREIGN LANGUAGES

In recent years, various language teaching methods have become widespread. This article examines modern methods of teaching Foreign languages using innovative methods the universality of the basis of which allows the widespread introduction of modern technologies into the educational process. We connect further development of our country with well-educated young people who have a good command of foreign languages. The students' acquisition of professional lexis is of great importance for deep knowledge.

Key words: teaching methods, technologies, Foreign languages.

Annagül Hekimowa,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy

HALKARA GATNAŞYKLARY WE DIPLOMATIÝA ÜÇIN IŇLIS DILINI OKATMAGYŇ ÝOLLARY

Häzirki zaman diplomatiýasy aragatnaşyga daýanýar. Global arenada aragatnaşyk boýunça, diplomatiýa syýasatynda dil esasy mesele bolup durýar. Iňlis dili bolsa halkara gatnaşyklarda esasy dil hökmünde çykyş edýär. Häzirki zaman dünýäsinde diplomatiýa köp derejede aragatnaşyga bagly, bu ýerde iňlis dili «lingua franka» hökmünde esasy rol oýnaýar. Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa ugry boýunça taýýarlanylýan talyplar diňe bir umumy iňlis dilini özleşdirmeli däl, eýsem diplomatik gepleşikleri, dil endiklerini, medeni düşünjäni we hakyky dünýä tejribesine degişli endikleri ösdürmek üçin global diplomatiýa şertlerine taýýarlamalydygyna düşündirmeli. Iňlis dilini diplomatiýada özleşdirmek strategik çemeleşmäni talap edýär. Şertnamalar boýunça gepleşikler geçirmek, Birleşen Milletler Guramasynda çykyş etmek ýa-da resmi habarnamalar ýazmakda iňlis diliniň çuňlaşdyrylan görnüşine esaslanylýar.

Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa üçin iňlis dilini öwretmegiň zerurlygy geljekki diplomatlary, halkara hünärmenleri we syýasy analitikleri taýýarlamakda has möhümdir. Bu möhüm ugurlar öz gezeginde birnäçe toparlara bölünýär:

1. Iňlis dili diplomatik gurallar hökmünde. Iňlis dili halkara guramalarda, ikitaraplaýyn duşuşyklarda we köptaraplaýyn gepleşiklerde ulanylýan esasy dildir. Bu dili öwretmek, syýasy çykyşlary terjime etmek, resminamalary taýýarlamak we diplomatik gepleşiklere gatnaşmak ýaly başarnyklary ösdürmegi öz içine alýar.

2. Okuw meýilnamasyny düzmezden ozal, talyplaryň geljekdäki aragatnaşyk wezipe talaplaryny kesgitlemek üçin zerurlyk seljermesi geçirilmeli. Netijede, okuw meýilnamasyna şu aşakdakylar girizilmelidir: diplomatik hat alyşmalar (notalar, memorandumlar, resmi hatlar). Köpçüligiň öňünde çykyş etmek we çykyş taýýarlamak, jedeller we gepleşik simulýasiýasy, syýasy we hukuk resminamalary bilen işleşmek usulyýetleri.

3. Medeniýetara aragatnaşygyň ähmiýeti. Diplomatiýa dürli medeniýetiň wekilleri bilen gatnaşyklary öz içine alýar. Talyplarda dürli medeniýetara düşünjäni ösdürmeli. Bu bolsa edep bilen gürrüň etmegi, gönüden-göni «ýok» aňlatmalary ulanmazlygy we diplomatiki ýagdaýlarda ulanylýan hereketlere üns bermekligi mundan daşary, şol halkyň taryhyny, däp-dessuryny, tagamlaryny öwrenmegi talap edýär. Mysal üçin, Birleşen Milletler Guramasynyň wekili ynsanperwerlik işleri geçirilende ýerli däp-dessurlara düşünmeli [5; 45].

Diplomatik we gepleşik başarnyklaryna, analitik we tankydy pikirlenmek endiklerine eýe bolmak ýagdaýy hünärmenlere global wakalary, syýasatlary we töwekgelçilikleri seljermäge giň mümkinçilikleri döredýär. Hünärmenler, köplenç, diskussiýalary, şertnamalary we konfliktleri çözmek, täze söwda syýasatynyň täsirine baha berýän syýasy analitikler bilen duşuşyklar guramak, iki ýurduň arasynda söwda şertnamalaryny baglaşmak, iki tarapyň arasynda gepleşikleri guramak ýaly meseleler bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar. Bu ýagdaý bolsa gözleg we maglumat dolandyryşy ukybyna eýe bolmagy talap edýär. Global meselelere düşünmek köp mukdarda maglumatlary ýygnamagy we düşündirmegi talap edýär. Köpçüligiň öňünde çykyş etmek we olary ynandyrmak hünärmenleriň syýasy düşünjeden habarly bolup, çykyş edýän döwletiniň bähbitlerini goramaga borçlandyrýar [6; s 81–83].

Halkara hyzmatdaşlygy guramak üstünlikli diplomatiýanyň açarydyr. Dil bilmeklik şol diliň eýesi bolmak, ýagny şol halkyň duýgusyna, medeniýetine, taryhyna aralaşmak, şol halka düşünmek diýmegi aňladýar. Bu bolsa geljekki diplomata ýene bir meseläni, ýagny uýgunlaşma meselesini çözmäge ýardam edýär [7; s.1–3].

Pragmatiki başarnyk diplomatiýada, köplenç, «aýtmazdan aňlatmak» ukubyny öz içine alýar. Bular ýaly ýagdaýlarda talyplarda gödek bolmazlyk üçin iňlis dilindäki sözleriň mylakatly we türkmen halkyna mahsus bolan sypaýy gepleşigi döretmek üçin antonimlary ýa-da sinonimleri ulanmagyň ýerliklidigini öwretsek geljegi gurjak diplomatlara çeýeligi öwretdigimiz bolardy. Pragmatiki adam bolmak nämäni aňladýar?

Pragmatisti kesgitleýän alamatlar: pragmatizm şahsyýet aýratynlygy hökmünde adamyň hadysalara we ýagdaýlara amaly peýdasy nukdaýnazaryndan baha bermek ukybydyr. Pragmatiki adam duýgularyny emosiýa bilen däl-de, akyl bilen dolandyrýar. Mysal üçin, pragmatiki garşydaş, duýgularyna garamazdan tejribedäki bähbitlere tarap meseläni çözmäge çalyşýar. Mundan başga-da leksiki duýgurlyk babatda talyplara aşa duýgur ýa-da gapma-garşylykly göni sözlerden gaça durmak bilen ýokary derejeli leksiýalary, syýasy manylary we efemiki (Euphemistic language) sinonimler, transkripsiýa, antonimleri, aňlatmalary yzygiderli öwretmeli. Diplomatlar üçin leksiki duýgurlyk, halkara gatnaşyklaryna we medeni duýgurlyklaryna bolup biljek täsirini göz öňünde tutup, diplomatik aragatnaşykda ulanylýan anyk sözlere we sözlemlere üns bermegi birmeňzeş terjimesine garamazdan ulanylýan ýerleriniň tapawutly ulanylýan sözlerini tejribede amal etmegi endige öwürmekligi ýola goýmaly. Dili konstruktiw ulanmakdan, kemsidiji ýa-da agressiw sözlerden gaça durmaklygy, düşünişmezlikleriň öňüni almak üçin aragatnaşykda aýdyňlygy we takyklygy üpjün etmek üçin diplomatiýada dil diňe bir aragatnaşyk serişdesi bolman, eýsem täsir ediş guralydyr, bu bolsa halkara diplomatiýasynyň, dil öwredişiniň berjaý edilmeginiň möhümdigini açyk görkezýär. [2; s. 56]. Diplomatik aragatnaşyklary ýola goýmakda lingwistik

zerurlyklar diňe iňlis grammatik takyklygy däl, eýsem başarnyklary, bellik sözleri, mahsus söz düzümleri ulanmak aýratynlyklaryny talap edýär [5; s. 45–61].

Sosiolingwistika dil bilen jemgyýetiň arasyndaky gatnaşyklaryny öwrenýän dil biliminiň bir şahasydyr. Diliň jemgyýetçilik gurluşyna, sosial faktorlaryň öz gezeginde diliň ulanylyşyna edýän täsirini öwrenýär. Sosiolingwistika bilen gyzyklanýan esasy ugurlar: dil saýlamaga we ulanmaga täsir edýän sosial we medeni faktorlardyr. Dil tapawudynyň sosial ähmiýeti (şiweler, jargon, stil). Sosial gurama we aragatnaşyk guraly hökmünde dil jemgyýetiň we medeniýetiň aýratynlyklarynyň kemala gelmeginde tutýan orny uludyr. Dil we jemgyýetçilik toparlary (meselem, ýaş toparlary, etnik toparlar, synplar) [3; s 1–3].

Diliň üýtgemegi: sosial faktorlar sebäpli ýüze çykýan dildäki tapawutlardyr.

Sosiolingwistika daşary ýurt dilleri öwredilende sosial we medeni faktorlary nädip göz öňünde tutmalydygyna düşünmäge kömek edýär. Iki dilli programmalary ösdürmekde, sosiolingwistler dürli dillerde gürleýän adamlar üçin programmalary taýýarlamaga gatnaşyjylardyr. Sosiolingwistika bilimi dildäki gapma-garşylyklara düşünmek we dil syýasatyny ösdürmek üçin möhümdir we jemgyýet boýunça gözleglerde dil bilen jemgyýetiň nähili baglanyşýandygyna has gowy düşünmäge kömek edýär. Talyplary sosiolingwistik habarlylyk şertini döredip bermeklik bu sebit, hünär we şiwäniň tapawudyna, jyns tapawudyna sosial faktorlara degişlilikde dil öwrenmege, formallyga, öwrümli aýdylanlara, dürli medeni sazlamalara düşünmäge ýardam berýär [2; s. 61].

Geljekki diplomatlara leksiki duýgurlyk barada bilim bermeklik döwrebap jemgyýeti kemala getirmekde uly orun eýeleýär. Leksiki duýgurlyk has giňden ýaýran söz düzümleriniň we sözleriň ussatlygy syýasy we diplomatik meseleleri sazlamaga kömek edýär. [4; s. 6–9]. Iňlis dilinde her gün täze sözler we manylar goşulýar, sebäbi dil ýaşaýar we yzygiderli üýtgeýär. Global dil monitory gözleg institutynyň habaryna görä, iňlis diline her gün ortaça 14 töweregi täze söz goşulýar. Galyberse-de, söhbetdeşiňize düşünmek üçin hatda grammatika hem ýeterlik söz baýlygy ýaly möhüm däl. Aragatnaşyk üçin hem edil şonuň ýaly. Mysal üçin, işlik zamanynda, ýalňyşlyk goýberseňiz söhbetdeşiňiz bilen düşünişersiňiz, ýöne belli bir söz aýdyp bilmeseňiz, bu aragatnaşygy ep-esli çylşyrymlaşdyrarsyňyz. Iňlis sözlerini çalt we täsirli öwrenmek üçin fleş kartalary, gepleşik usulyny, ýörite onlaýn sapaklary we programmalary talyplary ulanmaklyga çagyrmaly. Ýene bir esasy meseleleriň biri halkara gatnaşyklarda diplomatiýa üçin iňlis dilini öwrenýän talyplary bahalandyrmak diňe we barlag ýazmaça synaglar bilen çäklenmän şeýle hem täsirli çykyş etmek, gepleşiklere gatnaşmak, resmi hat we hasabat ýazmak ýaly işjeňlikler bilen olaryň başarnyklary ölçemelidir [1; s. 79].

Halkara gatnaşyklar we diplomatiýa üçin iňlis dilini öwretmek köpugurly, aragatnaşykly we medeni taýdan duýgur çemeleşmäni talap edýär. Mugallymlar dil taýdan takyklygy we funksiýaly diliň ulanylyşyny deň-derejede öwretmeli. Dogry

strategiýalar bilen talyplar iňlis dilinde ynamly diplomatiki aragatnaşyk gurup bilerler ýaly çemeleşmelere mümkinçilikleri döretmeli. Häzirki zaman leksikografiýasy çalt ösýär. Sanly we emeli aň tehnologiýalarynyň ösüşi bilen, sözlükleriň täze şertlere uýgunlaşmagy zerur bolup durýar. Leksikografiýanyň üstünlikli bolmagy üçin köpugurly hyzmatdaşlyk we yzygiderli ylmy gözlegler möhümdir. Dili öwretmekde amaly aragatnaşyk, tankydy pikirlenme we medeni düşünje ýaly elementleriň jemlenmegi talyplary diplomatik işiň hakyky kynçylyklaryna taýýarlamaga kömek edýär. Bu ugurda dil okuwynyň geljegi çeýeligi, interaktiwligi we bilim bilen baglanyşyklydyr. Diplomatiýa we halkara gatnaşyklar bilen meşgullanýan hünärmenler üçin iňlis dili diňe dil başarnygy däl-de, eýsem gepleşik geçirmek, konflikleri çözmek we hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin strategik guraldyr. Bu ugurlar üçin dil öwretmek, umumy dil sapaklaryndan tapawutly ýörelgeleri talap edýär.

EDEBIÝAT

1. *Byram M.* (1997). Teaching and Assessing Intercultural Communicative Competence. Multilingual Matters.

2. *Brown P., & Levinson, S. C.* (1987). Politeness: Some Universals in Language Usage. Cambridge University Press.

3. *Coyle D., Hood P., & Marsh D.* (2010). CLIL: Content and Language Integrated Learning. Cambridge University Press.

4. *Kasper G., & Rose K. R.* (2001). Pragmatics in Language Teaching. Cambridge University Press.

5. *Swales J.* (1990). Genre Analysis: English in Academic and Research Settings. Cambridge University Press.

6. *Nye J. S.* (2011). The Future of Power. PublicAffairs (for the concept of soft power).

7. *Melissen J.* (2005). The New Public Diplomacy: Soft Power in International Relations. Palgrave Macmillan.

СПОСОБЫ ПРЕПОДАВАНИЯ АНГЛИЙСКОГО ЯЗЫКА ДЛЯ МЕЖДУНАРОДНЫХ ОТНОШЕНИЙ И ДИПЛОМАТИИ

В данной статье рассматривается методика преподавания английского языка в специальных целях, в частности, для подготовки специалистов в области международных отношений и дипломатии. Подчеркиваются лингвистические, коммуникативные и межкультурные компетенции, необходимые дипломатам и специалистам – международникам. В исследовании делается акцент на интеграцию обучения на основе заданий, аутентичных материалов и симуляций для повышения практических навыков общения. Также обсуждается роль английского языка как глобального лингвофранка и значение культурной осведомленности в дипломатическом дискурсе.

Ключевые слова: английский в специальных целях (ESP), дипломатия, международные отношения, межкультурная коммуникация, обучение на основе заданий.

THE WAY OF TEACHING ENGLISH FOR INTERNATIONAL RELATIONS AND DIPLOMACY

This article explores the methodology of teaching English for specific purposes, particularly in the fields of International Relations (IR) and Diplomacy. It highlights the linguistic, communicative, and intercultural competencies required by diplomats and international professionals. The study emphasizes the integration of task-based learning, authentic materials, and simulations to enhance practical communication. The article also discusses the role of English as a global lingua franca and the importance of cultural awareness in diplomatic discourse.

Key words: English for Specific Purposes (ESP), diplomacy, international relations, intercultural communication, task-based learning.

Hemragylyç Nurmämmedow,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallym-öwrenijisi

GELJEKKI HALKARAÇY HÜNÄRMENLERE RUS DILINI ÖWRETMEGIŇ DERWAÝYS UGURLARY

Tiz üýtgeýän global dünýäde rus diliniň medeniýetara aragatnaşyk serişdesi hökmünde ähmiýeti barha artýar. Häzirki wagtda halkara gatnaşyklary maglumat alyşmagyň çaltlygy we medeni tapawutlara çuňňur düşünmek esasynda guralanda, rus dilini bilmek diňe bir akademiki talap däl-de, eýsem diplomatiýa, halkara işewürlik we medeniýet ugurlary boýunça hünärmenler üçin strategik serişde bolup durýar. Şonuň üçin hem, geljekki halkaraçy hünärmenleri taýýarlamak kontekstinde rus dilini öwretmegiň usullaryny kämilleşdirmek köp bilim edaralarynyň gün tertibinde durýar.

Häzirki zaman meseler maglumat tehnologiýalarynyň ösmeginden başlap, adaty bilim paradigmalarynyň üýtgemegine çenli dil öwretmegiň çemeleşmelerini täzeden gözden geçirmegi talap edýär. Hususan-da, sanly gurallaryň, multimediýa tehnologiýalarynyň we dersara usullaryň birleşdirilmegi okuw prosesiniň aýrylmaz bölegine öwrülýär. Temanyň derwaýyslygyny diňe dil başarnyklaryny ýokarlandyrmak zerurlygy däl-de, eýsem halkara hyzmatdaşlygynyň binýady bolan medeni sowatlylygy kemala getirmek zerurlygy hem kesgitleýär.

Makala rus dilini öwretmegiň häzirki zaman ugurlarynyň derňewini, esasy meseleleri kesgitlemek we halkara gatnaşyklar pudagynda geljekki hünärmenler üçin innowasion usullary okuw prosesine netijeli birleşdirmek boýunça amaly maslahatlary işläp taýýarlamagy maksat edinýär.

Häzirki wagtda bilim ulgamy adaty usullar bilen innowasion çemeleşmeleriň çatrygynda durýar. Globallaşma şertlerinde rus dilini öwretmek şu aşakdaky birnäçe meseleler bilen ýüzbe-ýüz bolýar:

Talyplaryň bilime bolan talaplarynyň üýtgemegi. Häzirki döwürde talyplar diňe bir nazary bilim bilen kanagatlanman, eýsem dili hakyky hünär şertlerinde ulanmagy öwrenmegi makul bilýärler. Munuň özi grammatik düzgünleri ýatda saklamakdan aragatnaşyk, gepleşik endiklerini ösdürmäge geçýän bilim maksatnamalaryny täzeden gözden geçirmegi talap edýär.

Sanly tehnologiýalaryň işjeň ulanylmagy. Onlaýn platformalaryň, interaktiw programmalaryň we multimediýa serişdeleriniň peýda bolmagy okuw proseslerini düýpgöter üýtgedýär. Mugallymlar sapaklary has dinamiki we interaktiw edip, talyplaryň ünsüni jemlemek we dil gurşawyna çuňňur aralaşdyrmak üçin täze tehnologiýalary ornaşdyrmaly bolýarlar.

Medeni kontekstiň köpdürlüligi. Medeniýetara aragatnaşyklaryň güýçlenmegi nukdaýnazaryndan rus dili öwredilende dil eýeleriniň ýurtlaryndaky we halkara bilim giňişligindäki aýratyn medeni aýratynlyklary göz öňünde tutmalydyr. Diňe grammatik we leksiki bilimleri bermek bilen çäklenmän, eýsem diliň esasynda ýatan medeni aýratynlyklar, däp-dessurlar we gymmatlyklar barada düşünje döretmek zerurdyr.

Bu meseleleriň her biri mugallymlardan diňe bir häzirki zaman usulyýetlere we ugurlara düşünmek bilen çäklenmän, geljekki halkaraçy hünärmenler tarapyndan daşary ýurt dillerini üstünlikli öwrenmegiň açaryna öwrülýän bilim prosesini guramak üçin döredijilikli çemeleşmegi hem talap edýär.

Rus dilini öwretmäge häzirki zaman tehnologiýalaryň birleşdirilmegi bilimiň hilini ýokarlandyrmak üçin giň gerimli mümkinçilikleri döredýär. Innowasion usullaryň arasynda şu ugurlary tapawutlandyrmak bolar:

Sanly platformalaryň we mobil programmalaryň ulanylmagy. Uzak aralykdaky bilim platformalary talyplaryň materiallary özbaşdak öwrenip biljek, amaly ýumuşlary ýerine ýetirip we şobada jogap alyp biljek interaktiw kurslary döretmek mümkinçiligini berýär. Mobil programmalar täze sözleri öwrenmäge, wideo-leksiýalary görmäge mümkinçiligini berýär, bu bolsa, öz gezeginde, auditoriýadan daşynda materialy özleşdirmek prosesini ep-esli ýeňilleşdirýär.

Multimedia serişdeleri we wizual tehnologiýalar. Häzirki zaman usullary wideolaryň, infografikalaryň, prezentasiýalaryň we interaktiw testleriň ulanylmagy arkaly talyplaryň görüş ýadyny doly derejede herekete getirýär. Şeýle gurallaryň ulanylmagy sapaklary diňe bir dürli görnüşli etmäge kömek etmän, eýsem materialy has gowy ýatda saklamaga ýardam edýär.

Bilim prosesiniň oýunlaşdyrylmagy. Oýun elementleriniň girizilmegi, mysal üçin, dil kwestleri, rol oýunlary ýa-da bal we sylag ulgamlary talyplaryň höwesini düýpli ýokarlandyrýar. Oýun diňe bir lezzet çeşmesi bolman, öwrenilen temalary hakyky aragatnaşyk ýagdaýlarynda berkidip, rus dilinde amaly aragatnaşyk endiklerini işläp düzmek üçin hem netijeli usul bolup durýar.

Blending (garyşyk okuw usuly). Ýüzbe-ýüz (ojuw otaglarda geçän) sapaklary uzak aralykda tehnologiýalar bilen utgaşdyrmak her bir talybyň aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, bilim prosesini optimizerlemäge mümkinçilik berýär. Şeýle çemeleşme bilim alyş prosesine çeýelik berýär we geljekki halkaraçy hünärmenleriniň anyk zerurlyklaryna jogap berýän şahsylaşdyrylan maksatnamalary döretmäge mümkinçilik berýär.

Şu usullary ornaşdyrmak talyplaryň diňe bir dil däl-de, eýsem hünär başarjaňlygyny hem kemala getirmäge ýardam edýär, bu bolsa halkara gurşawynda işlemäge ymtylýan hünärmenler üçin aýratyn möhümdir.

Dili öwretmek diňe grammatik düzgünleri we leksika bazasyny bermek bilen çäklenmeýär. Dil we onuň eýeleri barada doly düşünjäni döretmekde möhüm orny eýeleýän medeni-taryhy kontekste aýratyn üns berilýär.

Medeni mirasy birleşdirmek. Taryhy, edebiýaty, sungaty we däp-dessurlary öwrenmek talyplara rus medeniýetiniň aýratynlyklaryna has çuňňur düşünmäge mümkinçilik berýär. Bu diňe bir olaryň dünýägaraýşyny giňeltmän, öwreniş prosesini hem has gyzykly we köpugurly edýär. Klassyky edebiýatdan mysallar, meşhur eserleriň taryhy we olaryň dünýä medeniýetine ýetirýän täsiri okuw maksatnamalarynyň möhüm düzüm birlikleri bolup durýar.

Medeniýetara aragatnaşyk. Medeniýetara aragatnaşyk endiklerini kemala getirmek mugallymlardan milli aňyýeti beýleki halklaryň medeni aýratynlyklary bilen deňeşdirip görkezmegi talap edýär. Bu geljekki hünärmenlere päsgelçilikleri ýeňip geçmäge we köpmilletli gurşawlarda netijeli hyzmatdaşlyk etmäge kömek edýär. Halkara duşuşyklarynda hakyky ýagdaýlary modelleşdirýän amaly sapaklary talyplara medeni tapawutlar kontekstinde aragatnaşyk başarnyklaryny kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Terjime we düşündiriş meseleleri. Häzirki zaman bilim prosesinde diňe dil aspektlere däl-de, eýsem tekstleri terjime etmek we düşündirmek meselelerine hem üns bermek zerurdyr. Bu talyplara diňe bir dili özleşdirmeklige däl-de, «setirleriň arasyny okamaga», medeni şertlendirilen nýuanslary we aňlatmalaryň aýratynlyklaryna düşünmäge ýardam edýär, bu diplomatiýa we halkara gepleşikler ýaly ugurlarda aýratyn möhümdir. Şeýlelik bilen, medeni-taryhy aspekt halkara gurşawynda üstünlikli işlemek üçin zerur bolan hemmetaraplaýyn dil başarnyklaryny kemala getirmek üçin möhüm binýat bolup çykyş edýär.

Geljekki halkaraçy hünärmenlere rus dilini netijeli öwretmek bilim prosesiniň amaly ulanylyşy bolmasa mümkin däldir. Alnan bilimleri hakyky iş tejribesinde ulanmak başarnygy taýýarlygyň hiliniň görkezijisi bolup durýar.

Taslama işleri we amaly sapaklar. Okuw taslamalaryny, rol oýunlaryny we gepleşikleriň modelleşdirilmegini guramak talyplara hakyky ýagdaýlara golaýlaşdyrylan şertlerde aragatnaşyk başarnyklaryny işläp düzmäge mümkinçilik berýär. Şeýle çäreler hünär ynamyny pugtalandyrmaga, köpçüligiň öňünde çykyş etmek başarnyklaryny ösdürmäge we öz nukdaýnazaryňy ynamly goramak başarjaňlygyny ösdürmäge ýardam edýär.

Halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk. Hünär tejribesini geçmekleri, alyş-çalyş maksatnamalaryň we daşary ýurt hyzmatdaşlary bilen bilelikdäki taslamalaryň ornaşdyrylmagy talyplaryň işiň halkara standartlary we medeni aýratynlyklary bilen tanyşmagy üçin amatly şertleri döredýär. Bu diňe bir dil tejribesini çuňlaşdyrmaga mümkinçilik bermän, eýsem halkara gatnaşyklary pudagynda hünärmenleri taýýarlamagyň möhüm elementi bolan hünär aragatnaşyk torlaryny giňeltmäge hem ýardam edýär.

Dersara çemeleşmeleriň birleşdirilmegi. Häzirki zaman bilim ulgamy dürli ugurlardan alnan bilimleri birleşdirmegi talap edýär. Şeýle kontekstde rus dilini öwretmek talyplaryň dil başarjaňlygyny amaly endikler bilen baýlaşdyryp, hünär tabşyryklaryny seljermek we çözmek üçin toplumlaýyn çemeleşmäni işläp düzmäge mümkinçilik berýän halkara hukugyň, ykdysadyýetiň, syýasy bilimiň we medeniýeti öwrenişiň esaslaryny öwrenmekligi öz içine alýar.

Progrese baha bermek we gözegçilik. Möhüm düzüm birligi hökmünde häzirki zaman test ulgamlaryny we bilim almagyň netijelerine gözegçiligi ornaşdyrmak bolup durýar. Yzygiderli okuwa ýetişigiň seljermesi, talyplardan alnan gaýry baglanyşyk (обратная связь) we amaly ýumuşlary okuw prosesine öz wagtynda düzetme girizmäge mümkinçilik berýär, ony zähmet bazarynyň talaplaryna we halkara işiniň hakykatyna doly uýgunlaşdyrýar. Şeýlelik bilen, bilim prosesiniň amaly tarapy teoretiki bilimleri gymmatly hünär guralyna öwürýär, bu bolsa uçurymlara global bäsdeşlik şertlerinde netijeli hereket etmäge mümkinçilik berýär.

Jemläp aýdylanda, geljekki halkaraçy hünärmenler üçin rus dilini öwretmekdäki häzirki zaman ugurlary diňe bir täze tehnologik mümkinçilikler bilen kesgitlenmän, eýsem amaly, medeniýetara we dersara taýýarlyga üns bermekligiň üýtgemegi bilen hem kesgitlenýändigini bellemek bolar. Sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, multimediýa serişdeleriniň işjeň ulanylmagy we taslamalara gönükdirilen bilim maksatnamalarynyň işlenip düzülmegi hünär boýunça dil başarjaňlygyny kemala getirmäge ýardam edýär.

Esasy netije dünýä bilim ulgamynyň çalt üýtgeýän hakykatlaryny göz öňünde tutup, okuw usullarynyň hemişe täzelenip durmagy zerurdyr. Şu makalada işlenip düzülen maslahatlar teoretiki bilimleriň we amaly endikleriň sazlaşykly utgaşmagy üçin gönükdirilendir, bu bolsa halkara aragatnaşyk şertlerinde netijeli hereket edip bilýän ýokary derejeli hünärmenleri kemala getirmegiň girewi bolup durýar.

Indiki gözlegleriň geljegi belli sanly gurallaryň bilim prosesine girizilmegini çuňňur seljermek, şeýle hem medeniýetara aragatnaşygyň halkara gatnaşyklar pudagynda hünär başarnyklaryny kemala getirmäge ýetirýän täsirini öwrenmek bilen baglanyşykly bolup biler.

EDEBIÝAT

1. *Serdar Berdimuhamedow*. Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – A.: TDNG, 2023.

2. *Serdar Berdimuhamedow*. Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet. – A.: TDNG, 2024.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ömrümiň manysy. – A.: TDNG, 2022.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Abadançylygyň röwşen gadamlary. – A.: TDNG, 2022.

5. *Васьбиева Д.Г.* Переключение языкового кода преподавателем в речевой коммуникации на занятии по иностранному языку. Филологические науки. Вопросы теории и практики Philology. Theory & Practice. – 2022, Том 15, Выпуск 5, с. 1687 – 1692.

6. *Гончар М.С.* Лингвокультурологическая интерференция в области речевого этикета: к вопросу определения понятия. Филологические науки. Вопросы теории и практики. – 2017, №4(70): в 2-х ч. Ч.1.

7. *Ергазина А.А., Успанова Д.Ж.* Лингвокультурологическая интерференция как коммуникативная помеха в процессе межкультурной коммуникации. Актуальные проблемы филологии: материалы II Междунар. науч. конф. – Краснодар: Новация, 2016, С.136-138.

8. *Жиганова А. В*. Роль переключения языкового кода в рекламе. Нижегородский государственный университет. Вестник Нижегородского государственного лингвистического университета им. Н. А. Добролюбова. – № 13, с. 33–41.

9. *Казакова М.А., Евтюгина А.А.* Аутентичные текстовые материалы в обучении иностранному языку. Вестник Бурятского государственного университета. Образование. Личность. Общество. – 2016, №4, с.50 – 59.

СОВРЕМЕННЫЕ ТЕНДЕНЦИИ В ПРЕПОДАВАНИИ РУССКОГО ЯЗЫКА БУДУЩИМ СПЕЦИАЛИСТАМ – МЕЖДУНАРОДНИКАМ

В статье рассматриваются современные тенденции в преподавании русского языка будущим специалистам по международным отношениям. В условиях ускоренной глобализации и активного внедрения цифровых технологий традиционные методы обучения требуют переосмысления. Анализируются инновационные подходы, такие как использование интерактивных онлайн-платформ, мультимедийных ресурсов, элементов гумификации и смешанного обучения.

Ключевые слова: русский язык, современные методы обучения, международные отношения, языковая адаптация, практическая подготовка, мотивация студентов, цифровые технологии.

MODERN TRENDS IN TEACHING RUSSIAN LANGUAGE TO FUTURE INTERNATIONAL SPECIALISTS

Contemporary trends in teaching the Russian language for future international specialists are addressed in this paper. In light of rapid globalization and the pervasive influence of digital technologies, traditional methods of language training are being reevaluated. The study highlights innovative approaches such as the use of interactive online platforms, multimedia resources, gamification techniques, and blended learning.

Key words: the Russian language, modern teaching methods, international relations, language adaptation, practical training, student motivation, digital technologies.

Şöhrat Diwangulyýew,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty

HALKARAÇY HÜNÄRMENLERINIŇ TAÝÝARLYGYNDA RUS DILINIŇ ÄHMIÝETI

Türkmenistanda milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek, giň gözýetimli, innowasion tehnologiýalary dolandyrmaga ukyply ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek boýunça uly tagallalar edilýär. Okatmagyň öňdebaryjy usullaryny peýdalanmak, bilimiň hilini ýokarlandyrmak boýunça işler dowam etdirilýär. Ýaşlarda raýatlyk, watançylyk, ruhy-ahlak duýgularyny terbiýelemek we hukuk medeniýetini ýokarlandyrmak ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda durýar. Häzirki wagtda dil diňe bir aragatnaşyk serişdesi bolman, eýsem halklaryň arasynda medeni we hünär hyzmatdaşlygy guramak üçin möhüm bir guraldyr, jemgyýete goşulmagyň, özara baglanyşygyň we täze mümkinçilikleriň köprüsidir. Şunuň bilen baglylykda, şu makala Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda halkara hünärmenlerini taýýarlamakda rus diliniň ähmiýetiniň seljerilmegine bagyşlanýar.

Ozalky Sowet Soýuzynyň ýerinde täze Garaşsyz Döwletleriň döremegine 30 ýyldan gowrak wagtyň geçendigine garamazdan, rus diliniň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň ýurtlarynda, Merkezi Aziýada we beýleki sebitlerde berk orny eýelemegini dowam edýändigi mese-mälimdir. Onuň statusy sebitdäki köp ýurtlaryň resmi we bilim derejesinde tassyklanyldy. Şol bir wagtyň özünde, onuň ähmiýeti geosyýasy faktorlaryň has daşyna çykýandyr.

Birinjiden, rus dili diplomatiýa dilidir. Ol Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy (ŞHG), Ýewraziýa Ykdysady Bileleşigi (ÝYB) we beýleki integrasiýa gurluşlaryny öz içine alýan halkara gepleşiklerde giňden ulanylýar. Hazarýaka döwletleriň Baştutanlarynyň sammitleri, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň – Gazagystanyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň, Özbegistanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklary – bu çäreleriň ahlisi rus dilini döwletara aragatnaşyk dili hökmünde işjeň ulanmak bilen geçirilýär.

Ikinjiden, halkara hukugynyň dilidir. Rus hukuk ulgamy sebitdäki ýurtlaryň hukuk ýörelgelerine-de ýakyndyr. Birnäçä hukuk resminamalary, şertnamalar we halkara ylalaşyklar işlenip düzülýär we rus diline terjime edilýär.

Üçünjiden, rus dili – ylym we bilim dili. Sebitdäki ylmy neşirleriň köpüsi rus dilinde neşir edilýär. Merkezi Aziýa ýurtlaryndan gelen talyplar Russiýanyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim almaga dowam edýärler, galyberse-de, köpsanly milli uniwersitetler we institutlar öz okuw maksatnamalaryna rus dilini öwretmegi goşýarlar.

Dördünjiden, rus dili – işewürlik we ykdysadyýet dili. Russiýa Merkezi Aziýa, Hazarýaka sebiti we beýleki köpsanly ýurtlar üçin iň uly ykdysady hyzmatdaşlaryň biri bolmagynda galýar. Işewürlik we telekeçelik gepleşikleri üstünlikli alyp barmak, şertnamalary taýýarlamak we hyzmatdaşlar bilen özara gatnaşyklary amala aşyrmak üçin rus dilini bilmek esasy faktor bolup durýar.

Bäşinjiden, rus dili – milletara aragatnaşygyň dili. Merkezi Aziýanyň köpmilletli ýurtlarynda rus dili dürli etnik toparlaryň arasyndaky baglanyşyk roluny dowam etdirýär. Şeýlelikde, rus dili syýasy we durmuş-ykdysady meseleleri çözmäge mümkinçilik berýän halkara gatnaşyklarynyň möhüm guraly hökmünde ähmiýetini saklaýar.

Şu ýerde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda rus dilini öwretmegiň aýratynlyklary barada aýdyp geçmekçi. Çünki institutda halkaraçy hünärmenleri taýýarlamakda rus dili möhüm orny eýeleýär. Institutyň dört fakultetiniň ählisinde rus dili, hünäri boýunça rus dili we taýýarlygyň ugry boýunça rus dili dersleri okadylýar.

Halkara gatnaşyklary fakultetinde daşary syýasat ulgamy üçin diplomatlary we hünärmenleri taýýarlamakda; halkara hukugy fakultetinde halkara we milli hukugyň esaslary, hukuk adalgalary öwretmekde; halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetinde telekeçilik, ykdysadyýet we maliýe gatnaşyklary, işewürlik resminamalaryň taýýarlanylyşyny, şertnama hukugyny öwretmekde; halkara žurnalistikasy fakultetinde geljekki habarçylary, derňew geçirijileri, milli we halkara köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hünärmenlerini taýýarlamakda ulanylýar.

Ähli fakultetleriň talyplary rus dilini öwrenmegi esasy ülkäni öwreniş we medeni mowzuklardan başlaýarlar. Okuwyň birinji ýylynda biz olary rus taryhynyň,

syýasatynyň, geografiýasynyň, ylmynyň we medeniýetiniň esasy ugurlary we taraplary bilen tanyşdyryp başlaýarys.

Birinji ýyl talyplara rus dilinde öwredilýän mowzuklaryň arasynda Russiýa – öwrenilýän diliň ýurdy (taryhy, geografiýasy, etnik düzümi); Russiýanyň döwlet gurluşy (häkimiýet gurluşy, prezidentiň, parlamentiň, kazyýet ulgamynyň orunlary); Russiýanyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri (esasy köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, olaryň jemgyýete täsiri); Öwrenilýän diliň ýurdunyň şäherleri (Moskwa, Sankt-Peterburg, sebitleýin merkezler); Rus edebiýatynyň nusgawy ýazyjylary we şahyrlary (Puşkin, Tolstoý, Dostoýewskiý, Çehow); Russiýada bilim (bilim ulgamynyň gurluşy, öňdebaryjy uniwersitetler); Öwrenilýän diliň ýurdunyň baýramçylyklary (resmi we halk däpleri); Öwrenilýän diliň ýurdunyň sungaty (teatr, kino, aýdym-saz) bar.

Ikinji ýyl talyplara bolsa rus dili sapaklarynda geljekki hünäri bilen baglanyşykly has ýöriteleşdirilen mowzuklar öwredilýär. Mysal üçin, rus dilinde geljekki hukukçylara Ýewropa hukugynyň ilkinji ýygyndylarynyň biri bolan «Salik kanuny» (VI asyr), Adam hukuklarynyň kepilleri barada Jarnama (Habeas Corpus Amendment Act) (1679-njy ýyl), Adamyň we raýatyň hukuklarynyň Jarnamasy (1789-njy ýyl) ýaly möhüm taryhy hukuk resminamalary hakynda öwredilýär.

Ykdysatçy talyplar bolsa rus dili derslerinde ykdysady adalgalar bilen tanyşýarlar, ykdysady görkezijileri seljermegi we işewürlik hatlary alyşmagy öwrenýärler.

Geljekki žurnalistler rus we halkara köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işleýşiniň aýratynlyklaryny özleşdirýärler, söhbetdeşlik geçirmek (interwýu almak) we seljerme makalalary ýazmagyň ýörelgelerini öwrenýärler.

Şeýlelikde, rus dili diňe bir aragatnaşyk dili däl-de, hünär taýýarlygynyň esasy gurallaryndan biri hökmünde öwredilýär, ol hem talyplara hünärleriniň adalgalaryny özleşdirmäge we iş ýüzünde ulanmaga mümkinçilik berýär.

Talyplary netijeli okatmak üçin olaryň rus dilini öz hünär işlerinde üstünlikli ulanmaga gönükdirilen häzirki zaman usullary ulanylýar. Bu usullar aşakdakylary öz içine alýar:

1. Interaktiw tehnologiýalar. Okatmakda häzirki zaman interaktiw we multimediýa tagtalary we tehnologiýalary, interaktiw we sanly platformalar işjeň ulanylýar. Bu talyplara dil älemine gurşalmaga, hakyky tekstleri seljermäge, wideo görmäge we sanly sözlükler bilen işlemäge mümkinçilik berýär.

2. Anyk mysalda okatmak usuly (case study). Talyplar berlen hakyky ýagdaýlary seljerýärler we bu ýagdaýlary çözmek üçin mümkin bolan ýollary teklip edýärler. Bu usul, esasanam, hukuk we ykdysadyýet hünärlerinde okaýan talyplar üçin peýdalydyr. Geljekki hukukçylar hakyky halkara şertnamalary, kazyýet kararlary bilen işleýärler we çylşyrymly kanuny mysallary seljerýärler. Ykdysatçylar iş ýagdaýlaryny seljerýärler, şertnamalara baha berýärler we rus dilinde iş gepleşiklerini geçirmegi öwrenýärler.

3. Rol oýnalýan oýunlar we simulirlemeler. Bu usul geljekki diplomatlary, žurnalistleri we hukukçylary taýýarlamakda giňden ulanylýar. Talyplar hamala hakyky ýaly gepleşik pursatlaryny oýnaýarlar, diplomatik notalary düzmegi, konferensiýalarda çykyş etmegi we çekişmeli gepleşikleri geçirmegi öwrenýärler.

4. Hakyky materiallar bilen işlemek. Asyl çeşmeleriň ulanylmagy, ýagny halkara gatnaşyklary talyplary üçin hakyky diplomatik notalary we halkara şertnamalary ulanmak, geljekki hukukçylar üçin hakyky kazyýet kararlary we kadalaşdyryjy hukuk resminamalaryny ulanmak, ykdysatçy talyplar üçin hakyky ykdysady hasabatlaryny we işewür hat alyşmalary ulanmak, halkara žurnalistikasy fakultetiniň talyplary üçin bolsa hakykatdan ýazylan maglumat makalalaryny, reportažlary, seljeriş analitikasyny ulanmak öwrenmegiň möhüm bölegi bolup durýar.

5. Wideo materiallaryny we sanly platformalary ulanmak. Dil öwredilende rus dilindäki okuw we ylym-bilim wideoroliklere we dokumental filmlere wajyp orun degişlidir. Mundan başga-da talyplar Russiýanyň we GDA-nyň MGIMO, Moskwanyň M. W. Lomonosow adyndaky döwlet uniwersiteti, Sankt-Peterburg döwlet uniwersiteti, Russiýa Federasiýasynyň Daşary işler ministrliginiň Diplomatik akademiýasy we Azerbaýjan diplomatiýa akademiýasy ýaly öňdebaryjy uniwersitetleriniň materiallaryny öwrenýärler.

Geljekki halkaraçy hünärmenlere rus dilini öwretmek diňe bir grammatik we leksiki kadalary özleşdirmek bilen çäklenmän, halkara gurşawynda netijeli işlemäge mümkinçilik berjek aýratyn başarnyklary hem talap edýär. Globallaşma we halkara gatnaşyklarynyň çalt depginde ösmegi nukdaýnazaryndan rus dilinde gürleýän hünärmenlere zerurlyk has möhüm bolup durýar.

Häzirki zaman pedagogikasy diňe bir bilim bermek däl, eýsem talyplarda möhüm ukyp we başarnyklary kemala getirmek üçin baş çykaryjylyk çemeleşmäni işjeň ulanýar. Bu metodologiýanyň çäginde halkara gatnaşyklary we diplomatiýa, halkara hukugy, halkara ykdysady gatnaşyklary, halkara žurnalistikasy ugurlaryndaky talyplara medeniýetler arasyndaky gatnaşyklary, hünär-kommunikatiw aragatnaşyklary bilmek we köpçüligiň öňünde çykyş etmek we delillendirip bilmek ukyplaryny özüňde jemlemegi öwredip bilmeklik aýratyn ähmiýete eýedir. Şeýle başarnyklary üstünlikli ösdürmek üçin talyplara rus diliniň hünär aragatnaşygyndaky ornuna has gowy düşünmäge we durmuşda bolup biljek meseleler arkaly özleşdirmäge mümkinçilik berýän bilim we işewür ýagdaýlary birleşdirmek tejribesi ulanylýar.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň dünýä dilleri kafedrasynyň düzüminde «Lingvo World» atly ylmy gurnagy hereket edýär, onuň maksady talyplaryň döredijilik ukyp-başarnyklaryny ýüze çykarmak, dil endiklerini ösdürmek, talyplaryň diliň leksiki we grammatik gurluşyna ussatlygyny artdyrmak, daşary ýurt dillerini öwrenmäge bolan höweslerini artdyrmak bolup durýar.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda rus dilini öwretmek diňe bir dil endiklerini ösdürmäge däl-de, eýsem halkara işlerinde zerur bolan hünär başarnyklaryny ösdürmäge gönükdirilendir. Elbetde, rus dili diplomatiýanyň, ykdysadyýetiň we ylmyň örän möhüm guraly bolup, häzirki wagtda hem bolmagyny dowam etdirýär, global meseleleri çözmekde dürli ýurtlaryň hünärmenlerine umumy dil tapmaga kömek edýär.

EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Hakyda göwheri. – A.: TDNG, 2024.
2. *Serdar Berdimuhamedow*. Magtymguly – dünýäniň akyldary. – A.: TDNG, 2024.
3. *Артемов В. Г.* Современные технологии в обучении русскому языку как иностранному. – М.: Флинта, 2022.
4. *Бабушкина Н. А., Соколова Е. Н.* Интерактивные методы в преподавании русского языка для иностранных студентов. Вопросы методики преподавания русского языка. – 2021, №3, с. 45 – 58.
5. *Вербицкая Л. А.* Русский язык в международной профессиональной среде: методические аспекты. – СПб.: Издательство СПбГУ, 2023.

ЗНАЧЕНИЕ РУССКОГО ЯЗЫКА В ПОДГОТОВКЕ СПЕЦИАЛИСТОВ-МЕЖДУНАРОДНИКОВ

Обучение русскому языку специалистов-международников требует не только освоения грамматических и лексических норм, но и приобретения специфических компетенций, которые позволят эффективно функционировать в международной среде. В условиях глобализации и динамичного развития международных отношений потребность в специалистах, владеющих русским языком на высоком уровне, становится особенно актуальной.

В статье рассматриваются современные методы преподавания русского языка по направлению подготовки для студентов, обучающихся по специальностям в области международных отношений и дипломатии, международного права, международных экономических отношений, международной журналистики с целью подготовки компетентных специалистов, обладающих необходимыми языковыми и коммуникативными навыками. Особое внимание уделяется практическому применению языка в профессиональной деятельности, что требует использования особых подходов в преподавании русского языка.

Ключевые слова: русский язык, международные отношения, образование, значение, специальность, специалист, метод.

THE IMPORTANCE OF THE RUSSIAN LANGUAGE IN TRAINING INTERNATIONAL SPECIALISTS

Teaching Russian to international specialists requires not only mastering grammar and vocabulary, but also acquiring specific competencies that will allow them to function effectively in the international environment. In the context of globalization and the dynamic development of international relations, the need for specialists with a high level of Russian language proficiency is becoming especially urgent.

The article examines modern methods of teaching Russian in the direction of training for students studying in the field of international relations and diplomacy, international law, international economic relations, international journalism, with the aim of training competent specialists with the necessary language and communication skills. Particular attention is paid to the practical use of language in professional activities, which requires the use of special approaches in teaching Russian.

Key words: Russian language, international relations, education, importance, specialty, specialist, method.

Merjen Saparowa,
Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallym-öwrenijisi

BILIM ULGAMYNY KÄMILLEŞDIRMEKDE TÄZE TEHNOLOGIÝALARYŇ ORNY

Ylym-bilim ulgamyny ösdürmek, häzirki innowasiýalar we ösüş eýýamynda döwletiň öňünde durýan meseleleriň oňyn çözülmegini üpjün etmek, giň dünýägaraýyşly, ýokary bilimli ýaşlary taýýarlamak işini kämilleşdirmek Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň alyp barýan döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Türkmenistanda döwlet tarapyndan ylmyň ösdürilmegine gönükdirilen goldaw yzygiderli ýagdaýda kämilleşdirilýär, çuňňur amaly-ylmy barlaglary geçirmek, şeýle hem öňdebaryjy ylmy gözlegler boýunça amala aşyrylýan işleriň gerimini giňeltmek üçin zerur şertler döredilýär. Has täze maglumat-kommunikasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, ylym edaralarynyň we ýokary okuw mekdepleriniň maddy-tehniki binýadyny pugtalandyrmak boýunça toplumlaýyn işler amala aşyrylýar.

Türkmenistanda häzirki döwürde ylmy-tehniki ösüşiň gazananlaryna, täze tehnologiýalara we innowasiýalara daýanmak arkaly, ýurtdaky ylmy mundan beýläk-de ösdürmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Öňdebaryjy

halkara tejribä we milli ýörelgelere esaslanýan ylmy işler kämilleşdirilýär. Ylmy barlaglaryň ylmy-nazary we amaly usullary kämilleşdirilýär, halkara hyzmatdaşlyk işjeňleşdirilýär.

Türkmenistan ylym-bilim bilen bagly işlere dünýä standartlaryny ornaşdyrmak arkaly Birleşen Milletler Guramasy bilen özara hyzmatdaşlygy pugtalandyrýar. Türkmenistan BMG-niň Ösüşiň maksatlary üçin ylym we tehnika boýunça toparyna iki gezek – 2014–2016-njy we 2017–2020-nji ýyllar üçin hem-de Ösüşiň maksatlary üçin ylym we tehnika boýunça toparyna 2021–2024-nji ýyllar üçin saýlandy. Häzirki wagtda Türkmenistan 2021–2025-nji ýyllar üçin Durmuşdaky ösüş boýunça toparyň agzasy bolup durýar.

Türkmenistanda milli bilim ulgamynyň bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmak, ony dünýä giňişligine çykarmak üçin yzygiderli we maksatnamalaýyn çäreler durmuşa geçirilýär. BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy bilen bilelikde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Medeni miras: geçmişden geljege», Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda «Durnukly ösüş üçin ekologiýa bilimi» atly ÝUNESKO kafedralaryny döretmek hakynda Ylalaşyklara gol çekilmegi munuň aýdyň beýanydyr. Bu kafedralar adaty kafedralar däl-de, eýsem giň möçberli halkara okuw-barlag merkezleri bolup, olarda bilim bermek işi mazmuny we görnüşi boýunça ýokary okuw mekdepleriniň adaty işinden tapawutlanýar. Şunda degişli bölümler ýokary bilim, ylmy ösdürmäge degişli meseleleriň tutuş toplumy boýunça tejribe, bilim we maglumat alyşmakda uly orny eýeleýär.

Şu nukdaýnazardan, innowasion tehnologiýalary döretmäge ukyply ýokary derejeli ýaş hünärmenleri taýýarlamak, ýaşlaryň intellektual aýratynlyklaryny, zehinini, başarnyklaryny, aň-bilim, ylym, medeniýet we beýleki ukyplaryny ýurduň ykdysadyýetini ösdürmek üçin doly we dogry ulanmak, olary halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga ugrukdyrylan iş bilen üpjün etmek döwlet syýasatynyň wajyp ugurlarynyň biridir. Häzirki zaman dünýäsinde bilim ösüşiň esasyny düzýär we bäsdeşligiň çeşmesi bolup çykyş edýär. Täze bilimleri döretmäge, olary guramaçylykly dolandyrmakda, täze tehnologiýalary we önümleri döretmekde ulanmaga ukyply ýurtlar, sebitler, edara-kärhanalar öňdäki orunlary eýeleýärler [2; sah. 12]. Hyzmatdaşlygyň çäklerinde ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň we ýokary okuw mekdepleriniň bilelikde gatnaşmagynda ýurdumyzyň bilim ojaklarynda «Parahatçylygyň dilleri», «Parahatçylygyň medeniýeti» we «Durnukly ösüş üçin ekologiýa bilimi» atly ÝUNESKO klublarynyň açylandygyny bellemek gerek.

Türkmenistanda ýaşlary hemmetaraplaýyn goldamak, olaryň mümkinçiliklerini ösdürmek, bu ulgamda kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça yzygiderli çäreler durmuşa geçirilýär. Bu babatda 2021–2025-nji ýyllar üçin degişli Döwlet maksatnamasy tassyklanyldy. Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar

Berdimuhamedow «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynda: «Biz ýaşlara eziz Watanymyzyň geljegini gurujylar hökmünde garaýarys. Belent maksatlara ýetmekde ýurdumyzyň ýaş nesillerine aýratyn bil baglaýarys» diýip belleýär [1].

Türkmenistanda bilim ulgamyna sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak işi tapgyrlaýyn amala aşyrylýar. Häzirki wagtda ýokary we orta hünär bilim edaralarynyň okuw işiniň hiliniň ölçeglerini we görkezijilerini toplaýan hem-de awtomatiki ýagdaýda seljerýän ulgam, ýurduň ýokary okuw mekdeplerinde 7 ugur boýunça bahalandyrma işini geçirýän ýörite sanly ulgam işe girizildi. Ýokary we orta hünär bilim edaralarynda elektron bilim portallary işe girizilip, olarda elektron okuw-usuly maglumatlar, sapaklaryň wideoýazgylary, tekstleri we synaglary geçirmek üçin ulgamlary, gatnaşyk žurnallaryny, hasap synaglarynyň žurnallary ornaşdyryldy. Umumybilim edaralarynda «E-mekdep» ulgamy işlenip düzüldi we synagdan geçirildi. Bu ulgam arkaly ata-eneler dürli dersler boýunça çagalarynyň ýetişigi bilen tanşyp bilýärler.

2023-nji ýylyň 9-njy noýabrynda Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) Bilim ulgamynda maglumat tehnologiýalary boýunça institutynyň arasynda 2024–2025-nji ýyllarda hyzmatdaşlyk etmek boýunça «Ýol kartasyna» gol çekildi. Bu resminamada häzirki zaman bilim ulgamynda ulanylýan öňdebaryjy maglumat tehnologiýalary ulgamynda bilelikde hyzmatdaşlyk etmegiň esasy ugurlary bellenilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ykdysadyýetiň ähli pudaklar üçin zerur bolan hünärmenleri taýýarlamak, milli bilim ulgamyny has-da kämilleşdirmek maksady bilen, ýurduň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde, täze, döwrebap hünär ugurlaryny kesgitlemek baradaky görkezmesine laýýyklykda, 2024–2025-nji okuw ýylynda ýokary okuw mekdepleriniň 7-sine täze hünärleriň 12-si girizildi. Ýurduň ýokary okuw mekdeplerinde her ýylda birnäçe hünärler boýunça taýýarlyk ugurlarynyň girizilip, ozal bar bolanlarynyň üstüniň ýetirilmegi bilen, talyplyga kabul edilýän dalaşgärleriň sany hem artyp, ýaşlaryň ylym dünýäsine aralaşmagyna uly mümkinçilik döreýär. Sanly ykdysadyýet sanly maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň peýdalanylmagyna esaslanýan ykdysady gatnaşyklaryň ulgamy bolmak bilen, ol wagtyň we harajatlaryň tygşytlanylmagy bilen bir hatarda, girdejileriň täze çeşmelerini ýüze çykarmaga şert däredýär. «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» ýurduň halk hojalygynyň pudaklarynyň hem-de durmuş ulgamynyň maglumat tehnologiýalaryny giňden peýdalanmagyň hasabyna işiniň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilendir. Häzirki wagtda bu Konsepsiýany durmuşa geçirmek boýunça ähli möhüm ugurlar boýunça işler giňden ýaýbaňlandyryldy.

Ykdysadyýetiň möhüm pudagy bolan senagatda sanly ulgamy ornaşdyrmak möhüm ähmiýete eýedir. Senagat pudagynda intellektual maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy bu pudagyň ösüşi üçin giň mümkinçilikleri açýar. Senagat pudagyna degişli önümçilikleriň ähli tapgyrlarynda innowasiýa çözgütleriniň ornaşdyrylmagynyň netijesinde gözegçiligiň güýçlendirilmegi, ýitgileriň, önümleriň özüne düşýän gymmadynyň peseldilmedi, zähmet öndürijiliginiň ýokarlandyrylmagy, önümçiligiň netijeliliginiň howpsuzlygynyň artdyrylmagy pudagyň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlandyrylmagyny üpjün edýär. Ýurduň ähli sebitlerinde orta we ýokary okuw mekdepleriniň, çagalar baglarynyň häzirki zaman binalary gurlup ulanmaga berilýär. Bu binalar döwrebap kompýuterler, okuw-tehniki serişdeler, interaktiw-multimediýa tehnologiýalary bilen doly üpjün edildi. Her ýyl birinji synp okuwçylarynyň ählisine kompýuter sowgat berilýär. Munuň özi ýurtda körpe nesliň mynasyp terbiýelenmegi we sazlaşykly ösmegi ugrunda edilýän aladanyň ýene bir aýdyň mysalydyr. Ýaşlaryň öňdebaryjy tehnologiýalary işjeň özleşdirýändikleri, sanly ulgamyň mümkinçiliklerine oňat düşünýändikleri öwgä mynasypdyr. Şonuň bilen birlikde, ýaş alymlar nano-himiýa, kompýuter, häzirki zaman lukmançylyk we derman serişdelerini öndürýän tehnologiýalary, täze materiýallary öwrenmek, energetika, biotehnologiýa, molekulýar biologiýa, oba hojalygy, ekologiýa, genetika, maglumat we aragatnaşyk ulgamlary, innowasion ykdysadyýet, ynsanperwer ylymlary ýaly ileri tutulýan ugurlarda ylmy barlaglary ýerine ýetirýärler [2; sah. 12].

Bilim ulgamyndaky döwrebap özgertmeleriň oňyn netijeleri berýändigini arkaýyn aýdyp bileris. Munuň şeýledigini dünýäniň dürli künjeklerinde geçirilýän ylym-bilim bäsleşiklerine ýaşlaryň işjeň gatnaşýandyklary we baýrakly orunlara mynasyp bolýandyklary aýdyň görkezýär. Okuwçylaryň hem-de talyp ýaşlaryň dünýäniň ýurtlarynda geçirilýän ders we taslama bäsleşiklerine gatnaşyp, ýokary netijeleri gazanmaklaryny ýurduň bilim ulgamynda gazanylýan üstünlikleriň halkara jemgyýetçiliginde ykrar edilmegi hökmünde kabul edip bolar.

Şeýlelikde, milli bilim ulgamyny hemmetarplaýyn ösdürmekde, maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmekde, bilimi dolandyrmagy, okuw-usulyýet işlerini alyp barmagy has-da güýçlendirmekde döwlet tarapyndan uly aladalaryň edilýändigi aýdyň görünýär. Täze tehnologiýalary ulanmak bilen Türkmenistanyň bilim ulgamyny kämilleşdirmegiň döwlet syýasatynyň iň möhüm ugurlaryndan biridigini bellemek gerek. Maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, uzak aralykdan öwrenmegiň ösüşi, okuw prosesiniň mazmunyny we görnüşlerini täzelemek hemmetaraplaýyn ösen, ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlamak üçin giň mümkinçilikleri açýar. Bu oňyn üýtgeşmeler Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň we türkmen halkynyň Milli Lideri tarapyndan bilim pudagynyň ösüşine bimöçber alada we üns berilmegi netijesinde mümkin boldy.

EDEBIÝAT

1. *Serdar Berdimuhamedow*. Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – A.: TDNG, 2023.
2. «Bilim» žurnaly. – 2024, №5.

РОЛЬ НОВЫХ ТЕХНОЛОГИЙ И СОВЕРШЕНСТВОВАНИЙ В СИСТЕМЕ ОБРАЗОВАНИЯ

В данной статье анализируется роль новых технологий и их совершенствований в системе образования в Туркменистане. В нашей стране проводится ряд эффективных мероприятий по приведению системы образования в соответствие с международным уровнем. Все новые учебные заведения оснащаются современной компьютерной техникой и инновационными технологиями, в том числе мультимедийными устройствами.

Ключевые слова: коммуникационные технологии, молодое поколение, наука, международное сотрудничество, система образования, цифровая система.

THE ROLE OF NEW TECHNOLOGIES AND THE IMPROVEMENT OF EDUCATION SYSTEM

This work analyzes the role of new technologies in the improvement of the education system in the country. In our country, a number of effective measures are being carried out to align the education system with international standards. All new educational institutions are equipped with modern computers and innovative technologies, including multimedia devices, which have been widely used in education in recent years.

Keywords: Communication technologies, young generation, science, international relations, education system, digital system.

Döwran Abdyrasulow,
Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň uly mugallymy

Begenç Goçow,
Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň uly mugallymy

OKATMAGYŇ SINERGETIKI MODELINIŇ MÜMKINÇILIGI

Türkmenistanyň Bilim hakyndaky kanunynyň rejelenen görnüşine laýyklykda, okatmak diýlip, bilimleriň, başarnyklaryň, endikleriň we ygtyýarlylygyň belli bir maksat bilen ele alynmagyna aýdylýar. Okatmagy kesgitleýän görkezijileriň bitewi bir ulgamy bolup, aýratynlykda aşakdaky fiziki alamatlary özünde jemleýär:

– bilim – harby talyplaryň maglumatlary kabul edişi, düşünişi, ýatdan bilşi boýunça bahalandyrmak;

– endik – talyplaryň başdaky etmeli işine düşünişi, işi amalyýetde ýerine ýetirişi we edilýän işi dogry hem-de ussat ýerine ýetirişi boýunça bahalandyrmak;

– başarnyk – talyplaryň ozaldan bar bolan endikleri kämilleşdirişi, täze dörän ýagdaýlarda ozalky endikleri ulanyşy we başarnygy hem-de bilim bilen utgaşdyryp, durmuşa ornaşdyryşy boýunça bahalandyrmak;

– ygtyýarlyk – talyplar bilimiň, başarnygyň we endigiň jemi bolmak bilen, degişli ugurda özbaşdak netije çykarmagy boýunça bahalandyrylýar.

Harby talyplara radioelektronika dersleri boýunça bilim bermek – bu pedagogikanyň bir ylmy ugry bolup, harby we hojalyk ugurlary boýunça radioelektronikanyň inçe syrlaryny, olaryň işiniň aýratynlyklaryny, daşky täsirleriň netijesinde ýa-da adatdan daşary ýagdaýda ýüze çykan näsazlyklary öz wagtynda tapmak we aradan aýyrmaklyga gönükdirilýär.

Radioelektronika hünär derslerinden okadylanda, harby talyplaryň toparlary ýokarda görkezilen ulgamlary özünde jemlenende (bilimi, endigi, başarnygy we ygtyýarlygy) olarda psihologik-pedagogik täsirleriň netijesinde alan bilimleri boýunça pikirlenme başarnygy kemala gelmekligi zerur hasaplanýar. Bu başarnyklar indikiler bilen häsiýetlendirilýär:

– radioelektronika boýunça toplumlaryň esasy işini kesgitläp bilmek başarnygy;

– radioelektronika boýunça toplumlaryň düzümini, gurluşyny esasy aýratynlygyny kesgitläp bilmek başarnygy;

– redioelektronika boýunça toplumlaryň, bölümleriniň we düzüjileriniň umumy işini kesgitläp bilmek derejesi;

– redioelektronika boýunça toplumlaryň jemi kanunalaýyklygyny we ösüş tendensiýasyny kesgitläp bilmek başarnygy.

Harby inžener hünärmenleri okatmakda tapgyrlaýyn pikirlenmegi kemala getirmek üçin harby talyplar fizikada, elektronikada, elektrotehnikada analiz, sintez, deňeşdirme, umumylaşdyrma ýaly operasiýalary häsiýetlendirip bilmekligi hökmanydyr. Tapgyrlaýyn pikirlenmegiň kemala gelmegi bolsa harby talyplarda yzygiderli täze ygtyýarlyklary döredýär. Ygtyýarlygyň kemala gelmegi bolsa sapagyň maksadyna ýetmeklikde esasy görkezijileriň biri hasaplanýar.

Sapak ýolbaşçysy radioelektronika dersleri toplumyndaky islendik dersi, şol sanda elektro-radio zynjyrlaryň nazaryýetiniň esaslary dersini okatmak boýunça usullary saýlanda harby talyplaryň taýýarlyk derejesini, okuw maksatnamasynyň düzümindäki maglumatlaryň aýratynlyklaryny göz öňünde tutmalydyr. Bu görkezijiler esasynda saýlanan usul harby talypda ylmy düşünjäni, çaklamany, kanunalaýyklygy ýüze çykarmaklygy ýaly başarnyklar hem-de abstrakt pikirlenmegi, dogry seljermegi we kabul etmegi ýaly endikler kemala getirilýär. Gazanylan endikleriň dogrulygy bolsa tejribede ýüze çykýar. Bilim bermegiň netijeli usulyny saýlamak üçin onuň görkezijilerini kesgitlemek zerur bolup durýar. Bu görkezijileriň talaplary şu aşakdakylarda jemlenilýär:

– saýlanan usul okuw sapagynyň öňünden goýulan esasy maksadyna ýetmekligine gönükdirilen bolmaly;

– dersiň aýratynlygyny nazara almak bilen mazmunyna laýyk bolmaly;

– saýlanyp alynan okuw işiniň görnüşine esaslanmaly;

– harby talyplaryň hakyky mümkinçiliklerine görä elýeterli bolmaly;

– saýlanyp alynan okatmagyň usuly sapak ýolbaşçysy okatmak mümkinçiligini gezekden-gezege artdyrýan tertipde bolmaly;

– okatmagyň didaktiki esaslaryna gabat gelmegi.

Ýokarda agzalan görkezijileriň esasyna saýlanyp alnan okatmagyň usuly diňe ýokary harby okuw mekdepde däl-de, eýsem harby orta okuw mekdeplerinde netijeli ulanylyp bilner. Bilim berýän mugallym saýlap alan okatmagyň usulyny doly özleşdirmek bilen onuň esasy aýratynlygyny bilmelidir. Geçirilen pedagogik barlag işiniň netijelerinden görnüşi ýaly, elektrotehnika derslerinden mugallymlaryň esasy düzümi (geçirilen barlag işinde mugallymlaryň üçden bir bölegi) okuw sapagynyň görnüşine görä okatmagyň degişli usulyny saýlamakda kynçylyk çekýändigi ýüze çykaryldy. Bu kynçylyklaryň esasy bölegini ölçeg geçirmeklik bilen baglydyr. Radioelektronikada barlag ölçegleri geçirmek esasy barlag işiniň barlag usuly hasaplanýar. Bu dersler toplumynda beýleki umumy tehniki dersleri ýaly gurluşlaryň eskizleri, suratlary we okuw maketleri ulanylýar. Eskizler, suratlar we okuw maketler dürli görnüşli shemalary, gurluşlary, enjamlary we maşynlary öwrenmekde ýeňillikleri döredýär. Bilim berýän mugallym elektrik gurluşlaryny öwretmek bilen harby talyplaryň nazaryýetde öwrenen fiziki kanunlary bilen özara baglanyşygyny düşünmek derejesini kesgitlemelidir. Bu ýerde okuw wagtynyň temasynyň mazmunynyň zerur böleklerini özleşdirmek boýunça wagt paýlanmasyny hem kesgitlemelidir.

Bilim bermekligiň *CDIO*, *STEM, NBIKS* usullary Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde üstünlikli ornaşdyrylýar we durmuşa geçirilýär. Bu usullaryň ählisinde hem talybyň özbaşdak netije çykarmak we pikirlenme işjeňligine uly ähmiýet berilýändigini aýtmak bolýar. Ýokarda görkezilen maksatlara ýetmek hem-de harby talyplaryň pikirleniş derejesini kämilleşdirmek üçin Blumyň taksonomiýasyna salgylanylsa has-da maksadalaýyk bolar.

Surat: Blumyň taksonomiýasy.

Surat: Blumyň taksonomiýasy

Bilim ulgamynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň durmuşa geçirýän döwlet syýasatynda ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar, ol bilim ulgamynyň toplumlaýyn ösdürmekligini we dünýä bilim standartlaryna laýyklykda, hil taýdan täze derejä çykarmagy göz öňünde tutýar [1, sah. 64]. Harby talyplaryň hünärine laýyklykda radioelektronika boýunça tapgyrlaýyn pikirlenmegi kemala getirmek we okatmagyň kämil usulyny ulanmak hökmünde Blumyň taksonomiýasynyň uly ähmiýeti bar. Amerikan alymy B.Blum 1956-njy ýylda bilim bermekligiň ozalky tejribelerini özünde jemleýän bitewi bir toplumy esaslandyrýar. Taksonomiýa grek sözi «*taxis*» – ýerleşdirme we «*nomos*» – kanun diýen manyny aňladýar. Bilimde taksonomiýa 6 derejeli gurluşdan düzülip, onda bilim almak, düşünmek, bilimleri ulanmak, seljermek, sintez we bahalandyrmak ýaly görkezijiler bar.

Bu görkezijileri dialektiki (nazary) pikirlenmegiň barlag işiniň geçiriliş usullarynda hem görmek bolýar. Blumyň taksonomiýasynyň dialektiki pikirlenmeden esasy aýratyn tarapy «pikir» bilen bagly işleriň yzygiderlikde az sanly toplumlar bilen kemala getirmeklik görnüşinde alnyp barylýar hem-de her bir basgançagyň yzygiderligini üznüksiz geçmek esasy şertleriň biri bolup durýar. Şol

bir wagtda dialektiki pikirlenmegiň dowamlylygynda geçiş derejeleri yzygiderligi üýtgäp bilýär. Harby talyplary degişli usul boýunça bilim bermek bilen olara taksonomiýanyň her derejesinden geçmek üçin kesgitli şertleri bellenýär. Bilim almak derejesinde harby talyplara berilýän maglumatlar anyk kesgitlemelerden ylmyň bitewi bir nazaryýetini jemläp bilýär. Onda esasy radioelektronika degişli ýörite maglumatlary (sanlar, kesgitlemeler, bildirilýän talaplar, ululyklar we ş.m.) hem-de abstrakt bilimleri (ulgamlaryň düzümi, degişli uguryň esaslary, bitewi toplumlar we ş.m.) görkezilýär. Taksonomiýanyň birinji derejesinde harby talyplar diňe berilýän maglumatlary kabul etmek bilen çäklenmän, eýsem degişli uguň aýratynlygyna laýyklykda umumy düşünjeleri we harby talyplarda bilesigelijilik gyzyklanmalary döredilýär. Taksonomiýanyň ikinji derejesi düşünmekde alan bilimlerini doly derejede özleşdirmeklik bilen häsiýetlendirilýär. Özleşdirmek üçin bolsa reproduktiw usuldan, ýagny ýatdan öwrenmeklikden peýdalanylýar. Ýat tutmak bu hem pikirlenme işiniň bir görnüşi bolup, ol esasy üç tapgyr: başdaky galdyrylýan täsir, yzygiderli ýatlama we ýatlanylan maglumatlary berkitme boýunça amala aşyrylýar.

XX asyryň 50–60-njy ýyllarynda amerikan psihology B. F. Skinner okatmagyň programmirleme usulyny teklip edýär. Degişli usulyň esasy artykmaçlygy:

– hünär boýunça başlangyç hereketleri öwretmek bilen harby talyplarda endigiň we başarnygyň gysga wagtyň içinde döredilmegi;

– edilýän hereketleriň esasy algoritmini harby talyplara öwretmegiň hasabyna tejribede ähli işleri ýokary awtomatlaşdyrylan derejä ýetirilmegi;

– amalyýetde ýerine ýetirilýän işlerini toplumlaýyn we aýratynlykda gözegçilikde saklanylmagy we ýerine ýetiriş hiline gözegçilik edilmegi;

– optimallaşdyrmak maksady bilen, okatmagyň usulyny galjaň (operatiw) üýtgetmek mümkinçiliginiň bolmagy.

Esasy ýetmezçiligi indikiler bilen häsiýetlendirilýär:

– özleşdirmek yzygiderliginiň berk saklanylmagy netijesinde nazary bilimleriň belli bir çäklenmeleriň bolmagy;

– harby talyplarda stereotip pikirleriniň we motoriki hereketiniň artmagy bilen döredijilik potensialynyň peselmegi.

Harby talyplaryň okuw we özbaşdak taýýarlygy wagtlarynda bilimiň täze hillerine çemeleşmeler birnäçe gatnaşyklarda okatmaklyga modully tehnologiýalary we çemeleşmeleri açyldy. Olaryň biri-de sinergetiki modelidir. Sinergetika (grek «synergetikos» sözünden türkmen diline terjime edilende, «bilelikde, ylalaşylan hereket» diýen manyny aňladýar) ylmyň bir ugry bolup, okuw işinde dürli tebigy häsiýetli ylymlaryň (fizika, himiki, matematiki we ş.m.) deň derejede gatnaşykda bolmadyk çylşyrymly okuw dersleriň esasy kanunalaýyklyklary boýunça öwrenmekligi özünde jemleýär. Onuň mazmuny diňe harby talyplaryň

okuw sapaklarynda özleşdirilen bilimleri göz öňünde tutulman, eýsem özbaşdak taýýarlygynda öwrenilýän täze bilimleri hem jemleýär. Modeliň esasy artykmaçlyklarynyň biri okuw derslerinin öwreniji tarapyndan pikir işjeňligini ösdürmek bilen bilim ýolunyň düzüjisi bolup beýleki usullary ulanmaklyga alternatiwany döredýär. Model öwrenijilere dersiň haýsy temalarynyň arasynda kanunalaýyklyk esasynda biri-biri bilen gabat gelýändiklerini «görkezmek» mümkinçiligini berýär we okuw dersiniň düzümini erkin we pikirleniş işjeňligini ösdürmek tertibinde özleşdirmäge ýardam berýär. Modul öwrenijä konseptual bilimleri we tejribe endikleriniň gabat getirmek bilen bir ugurdan beýleki bir ugra geçmeklige, bir derejeden beýleki bir derejä geçmeklige mümkinçilik berýär. Bularyň ählisi okatmagyň maýyşgak indiwiduallaşdyrylan ulgamyny döretmeklige mümkinçilik berýär. Blumyň taksonomiýasy we okatmagyň programmirleme usullaryndan peýdalanyp, inžener hünäri boýunça bilim alýan (radioelektronika derslerinden) harby talyplaryň pikirlenme işjeňligini ýokarlandyrmak boýunça uly ähmiýeti bar. Degişli modelde dersiň esasy düzüminden ýolbaşçysynyň we harby talyplaryň ýerine ýetirmeli bloklary görkezilýär. Degişli modeliniň *guramaçylyk iş* okuw sapaklarynyň çäklerinde harby talyplaryň toparlarda hünär pikirlenmesini kemala getirmekde mugallymyň esasy işi görkezilýär. Mugallym dersiň ilkinji sapagynda harby talyplara degişli dersiň umumy sagat sanyny, dersiň düzüni, maksadyny we wezipesini aýtmak bilen bir hatarda degişli hünäriň eýesi bolmak işinde dersiň ähmiýetini görkezýär. Dersi öwrenmek bilen durmuşda we hojalykda haýsy işleri ýerine ýetirip bolýandygyny düşündirmek bilen olarda motiwasiýany döretmek has-da ähmiýetlidir. Harby talyplara degişli dersiň taryhyny, şu gününi we geljegini hökmany düşündirilmelidir. Ders boýunça alnyp barylýan ylmy işleriň intensiwligini hem-de seljermegini öwretmeli.

Netijede, harby talyplaryň pikirlenme işjeňligini ýokarlandyrmak boýunça sinergetiki modeli. Sapagyň ähli döwründe sapak ýolbaşçy harby talyplaryň özbaşdak pikirleniş işjeňligini göz öňünde tutmalydyr. Olaryň esasynda bolsa harby talyplaryň pikirleniş derejesini kesgitlemeli. Guramaçylyk işi ders boýunça okuw maksatnamada, meýilnamada we okuw sapaklaryň (umumy okuwlaryň, amaly sapaklaryň, söhbet sapaklaryň, tejribe (laborator) sapaklaryň we ş.m.) ýazuw-meýilnamalarynda mugallymlar tarapyndan göz öňünde tutulmalydyr. *Okuw işi* özbaşdak taýýarlyga berilýän wagtyň dowamynda harby talyp pikirlenmesini ösdürmek bilen bir wagtda bilim bermekligiň aýratynlygy görkezilýär. Ýagny özbaşdak taýýarlygynda özleşdirilýän maglumatlary, ilkinji nobatda, zerur maglumatlary we ikinji derejeli özleşdirmegi talap edýän maglumatlary öwretmegiň ähmiýeti görkezilýär. Bu bolsa harby talyplaryň gysga wagtda netijeli bilim almaklygy üpjün edýär.

EDEBİÝATLAR

1. *Serdar Berdimuhamedow*. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň şanly menzilleri. – A.: TDNG, 2024.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşleriň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VII tom. – A.: Türkmenistanyň Prezidentiniň arhiwi, 2014.

ВОЗМОЖНОСТИ СИНЕРГЕТИЧЕСКОЙ МОДЕЛИ ОБУЧЕНИЯ

Синергетика – это направление науки, которое интегрирует изучение сложных учебных дисциплин, относящихся к различным областям естественных наук (физика, химия, математика и др.), на основе общих закономерностей, при этом дисциплины не находятся в равной степени взаимосвязи. Содержание обучения охватывает не только знания, усвоенные курсантами на учебных занятиях, но и новые знания, полученные в процессе самостоятельной подготовки. В научной статье рассматривается синергетическая модель повышения мыслительной активности курсантов, обучающихся инженерным специальностям (на примере дисциплины «Радиоэлектроника»), с применением таксономии Блума и методов программированного обучения, а также обосновывается преимущество данной модели с научной точки зрения.

Ключевые слова: профессиональное мышление, инженерная специальность, курсанты, дисциплины по радиоэлектронике, теория электрорадиоцепей, синергетическая модель, самостоятельная подготовка, абстрактно-логическое мышление, обучение.

POSSIBILITIES OF A SYNERGETIC TRAINING MODEL

Synergetics is a direction of science that integrates the study of complex academic disciplines related to various areas of natural sciences (physics, chemistry, mathematics, etc.) based on common patterns, while the disciplines are not equally interconnected. The content of training covers not only the knowledge acquired by cadets in classes, but also new knowledge obtained in the process of independent training. The scientific article examines a synergetic model for increasing the mental activity of cadets studying engineering specialties (using the discipline «Radio Electronics» as an example), using Bloom's taxonomy and programmed learning methods, and also substantiates the advantages of this model from a scientific point of view.

Key words: Professional thinking, engineer's specialty, military students, radioelectronics courses, theory of electroradio circuits, synergetic model, independent training, abstract-logical thinking, teaching.

Çarygeldi Gurbanow,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesine dalaşgäri

DÜNÝÄ BAZARYNYŇ GLOBALLAŞMASY ÜÇIN HÄSIÝETLI BOLAN MEÝILLERIŇ MARKETOLOG HÜNÄRMENLERINIŇ TAÝÝARLANYLMAGYNDA HASABA ALYNMAGYNYŇ WAJYPLYGY

Dünýä ykdysadyýetiniň ösüş meýilleri bütindünýä bazarynda üstünlik gazanmagyň baş şertleriniň biriniň hut hünärmenleriň öz işine ussatlyk derejesine baglydygyny görkezýär. Bazar ýagdaýlaryny üznüksiz esasda öwrenmek, ýüze çykýan bazar habarlaryna, üýtgäp durýan bazar talaplaryna çeýe uýgunlaşmak boýunça netijeli çözgütleri dessine kabul etmek hem amala aşyrmak başarnygy häzirki ösüş şertlerinde marketing, maliýe we karz, söwda, menejment, bank, maýa goýum we beýleki ykdysady ugurlar boýunça ýaşlara ýörite hünär bilimini döwrebap derejede bermegiň düýpli talaplarynyň birine öwrülýär.

Bütindünýä derejesinde özara goşulyşmak meýli dünýä ykdysadyýetiniň ösüşiniň diňe bir hil taýdan täze tapgyry bolmak bilen çäklenmän, ol tebigy, ýagny obýektiw häsiýete eýe bolup,özüniň şu aýratynlygy bilen halkara jemgyýetçiliginiň özara gatnaşyklarynyň beýleki möhüm ugurlarynyň ösüş ýollaryna öz aýgytly täsirini ýetirýär. Häzirki zaman ykdysady çeşmeleriniň käbirinde globallaşmanyň dünýä hojalygynyň ösmeginiň gutulgysyz, öňüni alyp bolmajak hadysa hökmünde häsiýetlendirilýändigine garamazdan, onuň köp babatda syýasy, energetika, geosyýasy we beýleki ýagdaýlar hem meýiller bilen pugta baglydygy mese-mälim duýulýar.

Globallaşma hadysasynyň düýp sebäplerini we onuň ýüze çykaryp biljek netijelerini ilkinji bolup teswirlän amerikan alymy T. Lewitt hasaplanylýar. Ol özüniň bu hadysa bilen baglanyşykly ylmy garaýyşlaryny 1983-nji ýylda «Bazarlaryň globallaşmasy» at bilen neşir edilen kitabynda giňişleýin beýan edýär. Ondan soňky döwürde «global häsiýetli» diýen adalga kesgitleme bermäge synanyşyk eden alymlaryň köp bolandygyna garamazdan (russiýaly ykdysatçy W. S. Pankow hem şolaryň biridir), T. Lewittiň 1983-nji ýylda hödürlän kesgitlemesini häzirki wagtda hem alymlaryň köpüsi has şowly hem ýerine düşen hasaplaýarlar. T.Lewitt, hususanda, globallaşma hadysasyny «tutuş dünýäde öňdeligi ynamly saklaýan transmilli korporasiýalar tarapyndan taýýarlanylýan aýry-aýry önümleriň bazar giňişliginde özara birleşdirilmegi, sazlaşykly utgaşdyrylmagy» hökmünde kesgitleýär [2].

Ykdysady globallaşma barada aýdylanda, bu adalga özüniň asyl manysynda hojalyk durmuşynyň halkaralaşmagyny aňladýar. Bu hadysa, öz nobatynda, milli hojalyklaryň arasyndaky ykdysady-hojalyk arabaglylyklaryň artmagy netijesinde,

ykdysady işiň geriminiň milli hojalyklaryň, milli ykdysadyýetleriň hem milli serhetleriň çäginden çykyp, halkara gerime eýe bolmagyny şertlendirýär. Şeýlelikde, milli hojalyklaryň arasyndaky gatnaşyklar barha durnuklaşýar, köpugurly häsiýete eýe bolýar. Bilermenler globallaşma hadysalary bilen baglylykda bu gatnaşyklary birinji derejeli (binýatlaýyn) we ikinji derejeli (birinji derejelilerden gelip çykýan) toparlara bölýärler. Olaryň pikirine görä:

